B. ESENOW

# GADYMY GÜNDOGARYŇ TARYHY

AŞGABAT - 2010

**Berdi Esenow . Gadymy Gündogaryň taryhy.** Ýokary okuw medepleriniň talyplary üçin okuw kitaby. Aşgabat, 2010.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlendi

**Ylmy redaktory** **J.Annaorazow, t. y. k.**
**Surat bezegi** **Ö. Abdyllaýew, B. Esenow**

**©Berdi Esenow**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

Türkmenistanyň, türkmen halkynyň taryhy dünýä taryhynyň aýrylmaz bölegidir. Gadymy siwilizasiýalaryň döremeginde, sebitara medeni-ylmy gatnaşyklaryň emele gelmeginde özüniň gadymy ekerançylyk ojaklary, medeni-ylmy merkezleri bilen şöhratlanan Türkmenistanyň orny örän uludyr.

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow**

## GIRIŞ

**Gadymy dünýä taryhy ählumumy taryhynyň bir bölegidir.** Adamzat özüniň taryhy ösüşinde uzak ýoly geçipdir. Onuň ýoly adamynyň döremeginden başlap tä şu günlere çenli dowam edýär. Şol döwri öwrenýän ylma taryh ylmy diýlip atlandyrylýar. Taryh ylmy millionlarça ýyl ozal ýaşan we häzire çenli ýaşaýan halklaryň ýaşaýyş durmuşlaryny öwrenýär. Taryh ylmy onmüňlerçe ýyllaryň dowamynda adamlaryň urug jemgyýetinde ýaşap, zähmet bölünşiginiň ähli basgançaklaryny geçişini, ýagny ilkidurmuş iýmit çöpleýjilikden awçylyga, maldarçylyga, ekerançylyga we hünärmentçilige ösüp geçişini, soňra bu jemgyýetde artykmaç önümleriň öndürilmegi bilen deňsizligiň ýüze cykyşyny ylmy taýdan öwrenýär. Taryh ylmy şeýle-de adamzadyň döreden beýik jemgyýetlerini-döwletlerini, döwlet dolandyryş guramalaryny, olaryň ykdysdy ulgamda gazanan üstünliklerini, medeniýetde-ylymda, sungatda, binagärçilikde gazanan üstünliklerini maddy we ýazuw çeşmeleriniň üsti bilen öwrenýär. Taryh ylmy dünýä halklarynyň dini ynançlarynyň ýüze çykyşyny we beýik dinleriň döreýişini, olaryň taryhda tutýan ornyny kesgitleýär. Umuman, taryh ylmy adamzadyň döreden ähli baýlyklaryny: syýasatda, ykdysadyýetde, medeniýetde gazanan üstünliklerini öwrenýär we olaryň taryhda tutýan ornuny kesgitleýär.

Dünýä halklarynyň iň gadymy wagtlardan başlap, tä biziň günlerimize çenli bolan taryhyna ählumumy ýa-da bütindünýä taryhy diýilýär. Gadymy dünýä taryhy bolsa bütindünýä

taryhynyň bir bölegidir. Gadymy dűnýä taryhy őz gezeginde Gadymy Gűndogaryň we Gadymy Gűnbataryň taryhyna bőlűnýär

Gadymy gűndogaryň taryhy b. e. öňki 4 müňýyllyklaryň içinden başlap tä b. e. III asyrynyň ortalaryna çenli, ýagny ilkinji döwletleriň döreýişlerinden başlap, Gündogarda Parfiýa türkmen döwletiniň ýykylyp, Sasanylar döwletiniň döreýişine çenli döwri öz içine alýar. Günbatarda bolsa bu döwür Günbatar Rim imperiýasynyň ýykylmagy bilen tamamlanýar, ýagny 476-njy ýyla çenli döwri öz içine alýar.

Taryhy ýazgylarda adamzadyň geçmişinde göýberilen ýalňyşlyklary we gazanan üstünlikleri beýan edilýär. Olary öwrenmeklik adamzadyň geljegi üçin zerurdyr, sebäbi geçmişi öwrenmeklik bilen biz häzirki zaman hadysalaryna düşünmäge, geljege göz ýetirmäge uly mümkinçilik tapýarys.

**Gadymy gündogar we ählumumy taryh. Gadymy Gündogaryň seneleniş döwürleri we çäkleri.** Gadymy dünýä taryhynyň aýrylmaz bir bölegi Gadymy Gündogoryň taryhydyr, ol şeýle-de antiki jemgyýetiň (gadymy Gresiýanyň we gadymy Rimiň ) taryhyny ýa-da nusgawy diýilýän döwüri hem öz içine alýar. Gadymy Gündogaryň, Gresiýanyň we Rimiň taryhy gadymy dünýä taryhynyň düzümine ýöne bir goşulmagy aňlatmaýar. Sebäbi gadymy gündogar halklarynyň, gadymy grekleriň we rimlileriň sosial-ykdysady gurluşlarynda, syýasy institutlarynda, dini we medeni ulgamlarynda umumylyklaryň we meňzeşlikleriň bolmagy, olary bir umumy derse-gadymy dünýä taryhy dersine goşmaga mümkinçilik berýär. Şonuň üçin, Gadymy dünýä taryhy dersini biz özbaşdak üç sany taryha - Gadymy Gündogaryň, Gadymy Gresiýanyň we Gadymy Rimiň taryhyna bölýäris.

Gadymy Gündogar, Gresiýa we Rim jemgyýetlerini nämeler birleşdirýärkä? Ilki bilen olary birleşdirýän zat, ol hem olaryň hemmesi ýüzmýňlerşe ýyllaryň dowamynda adamlaryň tebigatyň öňünde goragsyz galyp, ýaşaýyş ugrunda göreşip,

ýönekeý ilkidurmuş gurluşyny başdan geçirip, urug gatnaşyklarynda ýaşamaklary, şeýle-de heniz bir aňly-düşünjeli pikirlenme derejesine ýetmedik ýagdaýy bilen häsiýetlendirilýär. Dürli tebigi şertlerde ýaşan gadymy gündogar halklary, gadymy grekler we rimliler durmuşyň juda agyr ýagdaýynda ýaşaýyşy dowam etdirmegi özleriçe çözüp, ýaşaýan sebitiniň tebigatyna uýgunlaşyp öz gadymy siwilizasiýalaryny döredipdirler.

Siwilizasiýanyň döremegi ilkidurmuş jemgyýetiniň örän uzak döwrüniň tamamlanyp, adamzat jemgyýetiniň ösüşinde täze bir basgançaga aýak basandygyny we adamzat durmuşynyň hemme taraplaýyn ösüş ýoluna düşendigini görkezýär.

Dünýä taryhynda dörän siwilizasiýalaryň basgançaklarynyň esasan alty sany alamatyny görkezse bolar:

1) Girdejisiz ilkigurmu hojalygyndan tapawutlylykda lemgyýetde guramaçylykly ykdysadyýetiň we öndüriji hojalygyň döredilmegi, artykmaç öňümleriň öndürilmegine we önümiň tutuşlygyna jemgyýetiň ygtyýaryna düşmegi;

2) Jemgyýetde hususy eýeçilik institutynyň döremgi, ýere bolan eýeçiligi goşmak bilen, baýlygyň aýratyn adamlaryň ellerinde jemlenmegi, jemgyýetde baý we garyp gatlaklaryň ýüze çykmagy;

3) Ilkidurmuş jemgyýetçilik gatnaşyklaryndan tapawutlylykda, jemgyýetiň içki sosial gatnaşyklaryny we çaknyşyklaryny tertibe salýan aýratyn döwlet institutlarynyň we hukuklarynyň ýüze çykmagy;

4) Hojalyk, dolandyryş, harby, medeni we dini ulgamlarda welaýat ýa-da sebit boýunça merkezler hökmünde şäherleriň ýüze çykmagy. Şäherleriň jemgyýetiň ösüşini ilerledýän güýçli guramaçysyna öwrülmegi;

5) Binagärçilikde Müsür piramidalarynyň we ybadathanalarynyň, Derýaaralygynyň zikkuratlarynyň, patyşa

köşkleriniň gurulmagy siwilizasiýalaryň ösmegine täze uly mümkinçilikleriň döremegine getirmegi;

6) Geçmişiň dürli ulgamlary boýunça belgiler we alamatlar bilen bellenen maglumatlary nesillere geçirmäge mümkinçilik beren hatyň-ýazuwyň ýüze çykmagy, adamlaryň täze mentalitetiniň emele gelmegine, siwilizasiýanyň mundan beýläk has güýçli ösmegine alyp barmagy siwilizasiýalaryň esasy ösüş basgançaklary hasaplanylýar.

Umuman, Gadymy Gündogar ýurtlarynda ýüze çykan ilkinji siwilizasiýalaryň bütin dünýä taryhy ähmiýeti, barlanan we subut edilen örän uly kynçylykly ýollary geçip, biziň günlerimize çenli öz ösüşini dowam etdirip gelmeginden ybaratdyr.

Gadymy Gündogar ýurtlaryň, ýagny Müsüriň, Alynky we Kiçi Aziýa  halklarynyň taryhy Nil, Tigr we Ýewfrat derýalarynyň jülgelerinde b. e. öň IV müňýyllygyň ikinji ýarymyndan başlap, ilkinji synpy jemgyýetiň-deňsizligiň we döwletleriň ýüze çykmagyndan, tä b. e. öň IV asyryň 30-20-nji ýyllaryna çenli döwri öwrenýär. Has dogrysy, Aleksandr Makedonskiniň ýolbaşçylygynda grek-makedon goşunlary tarapyndan bütin Ýakyn Güdogary, Eýran ýerlerini, Orta Aziýanyň bir bölegini we Hindistanyň gemirgazyk-günbatar bölegini basyp almagy bilen tamamlanýar. Onuň sebäbi, Aleksandryň basybalyşlaryndan soň, bu ýerlerde ellinleşen döwletler döreýär.

Alynky, Orta we Merkezi Aziýada dőrän ellinçilik we olardan soňky dőrän kőp sanly dőwletleriň, Hindistan we Hytaý dőwletleriň gadymy taryhy barada aýdylanda, bu ýurtlaryň gadymy taryhy b. e. III-V asyrlaryna çenli dowam edýär, sebäbi bu döwürde gadymy jemgyýet feodal jemgyýeti bilen çalyşýar. Dőwletleriň feodal gatnaşyklaryna geçilmegi bilen bolsa Gűndogaryň gadymy taryhy hem tamamlanýar. Şeýlelik bilen, Gadymy Gündogaryň taryhy 3-3,5 müň ýyllary öz içine alýar.

Gadymy Gündogar diýilip atlandyrylan uly geografiki zolok günbatarda häzirki Tunisiň ýerinde ýerleşen Karfagenden başlap häzirki Hytaýa, Ýaponiýa we Indoneziýa çenli, günorta-da bolsa häzirki Efiopiýadan başlap, demirgazykda Kawkaz daglaryna we Aral deňziniň günorta sebitlerine çenli uzalyp gidýär. Gadymyýetde bu ýerlerde köp sanly döwletler: Gadymy Müsür patyşalygy, Wawilon döwleti, Hettleriň uly döwleti, ägirt uly Assiriýa imperiýasy, Mitanni we Urartu döwletleri, Finikiýanyň, Siriýanyň we Palestinanyň ýerlerinde dörän köp sanly ownuk döwletler we döwlet birleşmeleri, Kiçi Aziýa-da Frigiýa we Lidiýa patyşalyklary, Günorta Eýranda Elam, Eýran dag belentliklerinde dörän gadymy Midiýa, dünýä derejesindäki Ahemeni we Parfiýa imperiýalary emele gelipdir.

Gadymy Gündogaryň Orta we Merkezi Aziýa ýerlerinde dörän Grek-Baktriýa, Kuşan döwletleri, Hindistanyň ýerinde dörän Maurileriň, Hytaýyň ýerinde dörän gadymy Şan-in we Çžou, Sin we Han imperiýalary, şeýle-de Günorta-Gündogar Aziýanyň ýerlerinde ençeme döwletler dörapdir.

Gadymy Gündogar ýurtlarynyň siwilizasiýalarynyň bütindünýä taryhy ähmiýeti, geçmişde ägirt uly ýurtlaryň we halklaryň medeniýetiniň ösmegine ýetiren täsirinden, häzirki dünýä siwilizasiýasynyň döremegine uly goşant goşanlygyndan ybarat durýanlygydyr.

Örän uzak möhleti öz içine alýan adamzat jemgyýeti öz ösüşiniň dowamynda biri-birini kanunalaýyk çalyşýan birnäçe uly döwürleri geçipdir. Sosial-ykdysady hem-de jemgyýetçilik gurluşynyň häsiýetine laýyklykda ol döwürler köplenç “Iň gadymy taryh”, “Gadymy dünýä taryhy” “Orta asyr taryhy” we Täze taryh” diýilip atlandyrylýar ýa-da ilkidurmuş jemgyýetçilik, gul eýeçilik, feodalizm hem-de kapitalizm jemgyýetleri diýilip hem atlandyrylýar. Ilkidurmuş jemgyýeti uniwersitetlerde “Iň gadymy taryh” ady bilen öwrenilýär. Ol möhleti boýunça iň uzak dowam eden eýýamdyr. Ol ilkinji adamlaryň peýda bolmagyndan tä urug jemgyýetleriň ýüze

çykyp, hususy eýeçiligiň, deňsizligiň emele gelmegi netijesinde döwletleriň emele gelen zamanyna çenli dowam edipdir. Zähmet gurallarynyň juda ýönekeýligi, bilelikde zähmet çekmek we bilelikde sarp etmek, sosial toparlaryň, synplaryň we döwletiň bolmazlygy bu döwrüň häsiýetli aýratynlygydyr. Adamlaryň toparlaýyn ýaşaýyşynyň ýeke-täk guramasy bolsa urug gurluşy bolupdyr. Bu döwürde deňsizligiň ýüze çykyp, gatlaklaryň emele gelmegi bilen, urug gurluşynyň dargap ilkidurmuş jemgyýeti döwri hem tamamlanýar. Döwletleriň döremegi bilen adamzat jemgyýetiniň taryhynda täze, örän möhüm döwür başlanýar. Bu döwri gul eýeçilik döwri diýilip hem atlandyrylýar. Ol bütindünýä taryhy ösüş ýolunyň möhüm bölegidir. Çünki bu döwürde adamzat hojalyk durmuşynyň, sosial gatnaşyklaryň, döwlet guramalarynyň, dini garaýyşlaryň hem-de medeniýetiň örän kämil nusgalaryny döretdi. Ol nusgalar bolsa adamzat jemgyýetiniň şundan beýläk ösüşine badalga bolup hyzmat etdi.

**Gündogar ýurtlarynyň tebigy ýagdaýy we ykdysadyýetiniň aýratynlyklary.** Gadymy Gündogar ýurtlarynyň dürli sebitleriniň özboluşly aýratynlyklary bolsa-da, olaryň hemmesine tomusy yssy, gyşy maýyl aram-subtropik tebigat häsiýetlidir. Ýaşaýyş üçin örän amatly mes topragy bolan derýa jülgeleri, ummasyz giň meýdany tutýan, çägeli hem-de çagylly çöller we dag gerişleridir tekiz daglyklar bilen örtülendir. Gadymy Gündogaryň halklarynyň taryhy ykbalynda uly we aram uzynlykdaky derýalaryň ähmiýeti juda uly bolupdyr. Olar: Nil (6700 km), Ýewfrat (2700 km ýakyn), Tigr (1900 km ýakyn), Hind (3180 km ýakyn), Ganga (2700 km ýakyn), Huanhe (4850 km ýakyn), Jeýhun (2620 km) ýaly beýik derýalardyr. Şonuň ýaly tebigy ýagdaýy ýaşaýyşa mümkinçilik beren Tejen (1150 km), Murgap (978 km), Etrek (669 km) ýaly kiçi derýalar hem uly ähmiýete eýe bolupdyrlar. Gözbaşynda garlaryň ereýän we ýagyş ýagýan möwsüminde bu derýalaryň suwy ýokary göterilipdir we suw joşguny adamlara

uly howp salypdyr. Şoňa görä-de adamlar derýa kenarlaryny bentlerdir gaçylar bilen berkitmeli bolupdyrlar. Derýalarda suwyň peselýän döwründe bolsa, ekinleri suwarmak üçin kanallary hem ýaplary gazmaly bolupdyrlar. Şeýlelikde, derýa jülgelerindäki amatly ýerlerde kadaly durmuşy ýola goýmak üçin, adamlar öran agyr zähmeti talap edýän suw gurluşyk işlerini ýerine ýetirmeli bolupdyrlar. Emma bu işler bir tarapdan adamlaryň guramaçylykly birleşmegine ýardam etse, ikinji tarapdan olaryň zähmet tejribesiniň artmagyna, zähmet gurallarynyň kämilleşmegiene itergi beripdir. Netijede jemgyýetiň öndüriji güýçleri ösüpdir. Ekerançylyk barha köp hasyl beripdir. Eldekileşdirilen mallaryň sany we görnüşleri köpelipdir. Derýalarda balyklar köp bolup ilatyň azygynyň köp bolmagyna hemaýat edipdir. Ýewfrat we Tigr derýalarynyň jülgelerini gabaýan dag eteklerinde, Nil derýasynyň jülgelerinde ýabany ösýän köp sanly ösümlikleriň kem-kemden adamlar tarapyndan öwrenilmegi arpanyň, bugdaýyň, süläniň, şalynyň we beýleki däneli ekinleriň ösdürilip ýetişdirilmeginiň başyny başlapdyr. Haýwanat dünýäsiniň baý bolmagy bolsa ýabany haýwanlaryň eldekileşdirilmegine getiripdir.

Derýa jülgelerinde ýetmezçilik edýän zerur çig mallary: agaç we gurluşyk daşlaryny golaýdaky daglyk ýerlerden getirmeli bolupdyr. Şonuň üçin ir wagtdan başlap, ýagny b. e. öň IV müňýyllykda Nil, Tigr, we Ýewfrat derýalarynyň jülgelerinde ýaşaýan ilat dagly taýpalar bilen aragatnaşygy ýola goýmaly bolupdyrlar. Olar Nubiýanyň, Sinaý ýarymadasynyň çölliklerinde ýaşaýan, Ermeni we Tawr daglarynyň ilaty bilen alyş-çalyş etmegi ýola goýupdyrlar. Irki döwürde bu gatnaşyklar käte parahatçylyk ýoly bilen amala aşyrylsa, köplenç talaňçylykly uruş häsiýetine eýe bolupdyr. Uruşlar ýeňlenleriň emlägini talamak ýa-da olaryň ýerlerini basybalyjylaryň döwletine birleşdirmek, ilatyny tabyn etmek bilen tamamlanypdyr.

**Durmuşy gatlaklaryň ýüze çykmagy, onuň sebäpleri.** Gul eýeçilik gatnaşyklary jemgyýetiň ösüp belli bir derejä ýeten halatynda, ýagny öndüriji güýçleriň ösüp her bir adamynyň diňe zerur däl-de artykmaç oňüm öndürip bilýän halatynda mümkin bolupdyr. Başgaça aýdylanda gulyň öndürýän önümi özüni eklemekden artýan halatynda ony saklamak peýdaly bolupdyr. Şonuň üçin uruş wagtynda ýesir düşen adamlary öldürmän, olary ähli hukuklaryndan kesip işlemäge mejbur edipdirler we gula öwrüpdirler. Gullaryň esasy wezipesi öz hojaýynlary üçin işlemek bolupdyr. Gulçylyk urug gurluşynyň üýtgemegine getiripdir. Jemgyýet baý we garyp adamlara, atly-abraýly we ýönekeý adamlara bölünipdir.

Gullar bilen bir hatarda elgarama adamlaryň topary hem peýda bolýar. Jemagat ilatynyň bir bölegi dürli sebäplere görä öz ýer paýyny elden gideripdir. Hasylsyzlygyň, tebigy heläkçilikleriň ýa-da hojalyklaryň has gowşaklygy sebäpli olaryň durmuşy has peselip, gullaryň derejesine çenli baryp ýetipdir. Bu gatlak eklenmek üçun köşk ýa-da buthana hojalygynda günlükçilik etmäge mejbur bolan adamlardan ybarat düzülipdir. Olar erkin bolsalar-da doly hukukly raýatlar hasap edilmändir.

Gadymy Gündogar ýurtlarynda esasan üç sany gatlak emele gelýär: 1. Ýokary gatlak-beglerden, döwlet emeldarlaryndan, ruhanylardan, goşun serkerdelerinden, iri mülkdarlardan we iri söwdagärlerden düzülipdir. 2. Orta gatlak-erkin we tabyn edilen daýhanlardan, hünärmentlerden, ownuk söwdagärlerden, ownuk döwlet we buthana gullukçylaryndan düzülipdir. Bu gatlaga ownuk öndürijiler diýilýär. 3. Aşaky gatlak-gullardan we olara ýakyn günlükçi işgärlerden düzülipdir. Her bir gatlak dürli raýatlardan düzülip hukuk derejesi, ýaşaýsy we öz baýlygy bilen tapawutlanypdyrlar. Mysal üçin, gullaryň içinde mal-haryt derejesinde hasaplanylýan keseki ýurtly adamlardan ybarat gullar, bergidar bolup gulçylyga düşenler şeýle-de

atasyna-masgala başyna bagly, gul derejesinde hasaplanylýan maşgala agzalary bolupdyr.

Üç sany biri-birinden tapawutlanýan durmuşy gatlaklaryň bolmagy, gadymy Gündogar ýurtlarynda jemgyýetiň sosial düzüminiň özara gatnaşygyny kesgitläpdir. Sosial göreşler barada aýdylanda gullaryň, bergidar gullaryň, ilatyň has tozan gatlagynyň, erkin ownyk öndürijileriň, esasan hem ekerançy ilatyň ýönekeý garyp agzalarynyň gatnaşan gozgalaňlary barada taryhy maglumatlar saklanyp galypdyr. Hatda agalyk ediji ýokary gatlagyň dürli toparlarynyň arasynda, ýagny serkerdeler bilen ruhanylaryň, ruhanylar bilen patyşanyň, patyşalar bilen döwlet emeldarlarynyň arasynda hem ýiti gapma-garşylyklar, hat-da çaknyşyklar hem bolup durupdyr.

**Gadymy Gündogar jemagaty.** Gadymy gündogar jemgyýeti ilkidurmuş jemgyýetinden has ýokary derejede ösen hem bolsa, ol Gadymy Grek we Gadymy Rim jemgyýetiniň ösüşi bilen deňeşdirlende juda pes derejede bolupdyr. Gadymy Gündorda ýokary gatlak wekilleriniň häsiýetli aýratynlygy, olaryň döwlet gullygy bilen ýakyndan baglanyşykly bolmagydyr. Döwlet emeldary hökman baý, baý adam bolsa emeldar eýesi bolupdyr.

Gadymy Gündogar ýurtlarynyň jemgyýetçilik gurluşynyň möhüm häsiýetleriniň biri-de esasy sosial birlik bolan dürli görnüşdäki jemagatlaryň-obşinalaryň agdyklyk etmegidir. Bu ýerde her bir döwlet şäherleri hem hasap etseň müňlerçe jemagatlardan (obşinalardan) düzülipdir. Olaryň her birisi öz-özüni dolandyrýan, ýapyk (kesekileri kabul etmeýän) gurama hökmünde ýaşapdyr. Gadymy Gündogar jemagatlary başlangyjjyny urug jemgyýetinden alyp gaýdýan hem bolsa mazmuny, häsiýeti hem içki gurluşy boýunça tapawutly guramadyr.

Ilkidurmuş jemgyýeti ganybir garyndaşlardan düzülipdir. Indi onuň garyndaşlyk häsiýeti ýitýär. Ol dürli uruglardan bolup, bir obada mesgen tutan obadaşlaryň guramasyna

öwrülýär. Şeýle oba jemagaty adamlaryň özara gatnaşyklaryny dürli borçlar we hukuklar bilen baglanyşdyrypdyr we bűtewi gurama öwrülipdir. Oba jemagatynyň özi birnäçe uly maşgalalardan we maşgala jemagatlaryndan düzülipdir. Olaryň arasynda emläk we beýleki tapawutlar dowam edipdir. Emma oňa garamazdan jemagat ýaşaýyşyň we önümçiligiň bileleşikli görnüşini saklapdyr hem-de hususy eýeçiligiň ösüşine bökdenç döredipdir. Gadymy Gündogar ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň we döwlet gurluşynyň aýratynlyklary, ylaýta-da köpçüligiň bileleşikli zähmetini talap edýän emeli suwaryş desgalaryny gurmak zerurlygy jemagat guramasynyň uzak saklanmagyna sebäp bolupdyr.

**Şäherleriň ýüze çykmagy.** Öndüriji güýçleriň ösmegi, daglyk sebitler bilen aragatnaşygyň ýola goýulmagy uly derýa jülgelerinde iri oturymly ýerleriň peýda bolmagyna alyp barypdyr. Käbir oturymly ýerlerde ilat has köp jemlenip başlapdyr. B. e. öň III müňýyllykda ýaşaýyş jaýlary bilen bir hatarda, has iri jemgyýetçilik ymaratlary-da bina edilipdir. Ol ymaratlaryň daşyna duşmandan goranmak üçin berk gorag diwarlary gurlupdyr. Şeýlelikde bilen şäherler peýda bolup başlapdyr.

Şäherler şol döwür üçin düýbinden täze alamatdyr. Şäherler hökümdaryň we onuň dolandyryş edaralarynyň, diniň merkezine öwrülýär. Şäherler şeýle-de hünärmentçiligiň hem söwdanyň merkezleri bolupdyr, bu bolsa şäher ilatynyň köpelmegine alyp barypdyr. Hünärmentçilik kärhanalary ilaty gerekli önümler bilen üpjün edipdir. Gadymy Gündogarda öndüriji hojalygyň ýola goýulmagy we şäherleriň ýüze çykmagy, adamzat jemgyýetiniň ösüşinde örän ähmiýetli öňe gidişlik bolupdyr. Öndüriji ykdysadyýetiň döredilmegi, suw ulgamynyň döredilip ekerançylygyň we maldarçylygyň şeýle-de metal işlemegiň öwrenilmegi (mis, bürünç) olardan hojalyk üçin gerekli esbaplaryň we zähmet gurallarynyň, ýaraglaryň ýasalmagy adamzat jemgyýetiniň ösüşinde hakyky rewolýusiýa

bolupdyr. Munuň özi ýönekeý ilkidurmuş gatnaşyklarynyň dargamagyna we özleriniň baýlyklary we gelip çykyşlary boýunça tapawutlanýan durmuşy toparlaryň döremegine, şol sanda täze durmuşy institutyň-gulçulygyň ýüze çykmagyna alyp barypdyr.

**Gadymy gündogar despotiýasy.** Köp sanly oba jemagatynyň güýjüni utgaşdyrmak we ugrukdyrmak zerurlygy döwlet häkimiýetiniň güýçlenmegine getiripdir. Kähalatlarda oňa “gündogar despotiýasy” hem diýilýär. Gadymy Gündogar döwletleriniň häsiýetli aýratynlygy onuň ýurtda kadaly durmuşy ýola goýmak üçin, ilkinji nobatda emeli suwaryş desgalarynyň ulgamyny gurmak we abat saklamak wezipesini amala aşyranlygydyr.

Gadymy gündogar hökümdary we onuň edara ediş guramasy emeli suwaryş ekerançylyk işlerini (şeýle-de hünärmentçiligi we söwdany) guraýyjy bolup çykyş edýänligi sebäpli, ähli suwarylýan ýerler döwletiňki hasaplanypdyr, diýmek patyşanyňky hasap edilipdir. Emma, hakykat ýüzünde Gadymy Gündogarda döwlet biziň häzirki düşünjämize görä ýerlere doly eýeçilik etmän, eýsem oňa diňe gözegçilik edip salgyt ýygnapdyr. Patyşa ýerleriň diňe bir bölegine eýeçilik edipdir. Ekerançylyk üçin peýdaly ýerleriň aglaba bölegi köp sanly jemagatyň ygtyýarynda galypdyr. Döwlet ýerlerinden köşk emeldarlaryna, beglere, urşujylara bölünip paý berlipdir. Bu bölünip berilen döwlet ýerindäki paýdarlar we jemagat ýerindäki ilat ýerden peýdalanýandygy üçin döwlete ýer salgydyny töläpdirler, döwlet borçlaryny ýerine ýetripdirler. Döwlete berilmeli salgytlar tölenip, döwlet borçlary ýerine ýetrilenden soň onuň eýeleri ýeri özleriçe ulanyp bilipdirler, hatda ýeri satyp hem bilipdirler.

Gündogar hökümdaryň elinde ummasyz köp möçberde, patyşa mülkiniň oba hojalyk we hünärmentçilik öňümlerinden gelýän girdejiler we halkdan ýygnalýan salgytlar, beýleki maddy gymmatlyklar jemlenipdir. Patyşanyň özi iň uly

mülkdar bolupdyr. Köşge degişli mülkler döwletiň dürli künjeklerinde ýerleşipdir.

Gadymy gündogar despotiýasy monarhiýanyň bir görnüşi bolup, ol kem-kemden urug demokratiýasynyň päsgelçiliklerini ýeňip geçip, uzak döwrüň dowamynda emele gelipdir. Gadymy Gündogar hökümdaryna döwletde, jemgyýetde aýratyn orun berlipdir. Gadymy gündogar döwletleriniň ösen döwründe, patysa häkimiýetiň ähli ulgamlaryny: kanun çykaryjy, ýerine ýetriji we ýokary kazyýeti elinde jemleýän ýeke-täk hökümdar, keramatly şahsyýet hasap edilipdir. Patyşa adaty adamlardan tapawutlanýan, oňa hökümdarlyk hudaýlar tarapyndan berilen, kähalatlarda bolsa ol hudaýyň ogly ýa-da hut hudaýlaryň biri hökmünde garalypdyr. Bu Gadymy Gündogar döwletleriniň, hökümdarlarynyň möhüm aýratynlygydyr. Emma bu aýratynlyk döwletleriň hemmesine deň derejede mahsus däldir. Mysal üçin, Gadymy Müsürde hökümdar çäksiz häkimlikden peýdalanan bolsa, hettlerde patyşanyň häkimligi belli bir derejede geňeş tarapyndan çäklendirilýän görnüşde, ýagny patyşalygyň oligarhiýa respublikasy görnüşinde bolupdyr. Gadymy Gündogar dőwletlerinde dolandyryşyň monarhiýa däl görnüşi, oligarhiýa respublikasy gurluşdaky döwletler Hindistanyň ýerinde emele gelen döwletlerde, Finikiýanyň käbir şäherlerinde ýüze çykypdyr.

**Ilatyň etniki toparlary we olaryň ýaşan ýerleri.** Gadymy Gündogarda ýaşan halklar etniki taýdan dürli jynslara, ýagny ýewropeýid, awstraliýo-negroid we mongoloid pisintlerine degişli bolupdyr. Aýry-Aýry sebitlerde iri, durnukly dil maşgalalary kemala gelipdir. Olar hem öz içinde ownuk şahalara bölnüpdir. Alynky Aziýada we demirgazyk gündogar Afrikada semit-hamit dil maşgalasyna giren halklar ýaşapdyrlar. Hamit dil maşgalasynda müsürliler, berberler, kuşitler gürlän bolsalar, semit dil maşgalasynda-akkadlar, amoreýler, arameýler, ýewreýler, assiriýalylar, hananeýler, araplar we beýleki ownuk tireler gürläpdirler. Semit dilinde

gürleýän taýplar Derýaaralygynda, Ortaýer deňziniň gündogar kenarlarynda, Siriýa-Derýaaralygynyň çöllüklerinde we Arabystan ýarymadasynda ýaşapdyrlar.

Gadymy Müşüriň Nil derýasyndan günbatarda ýaşaýan köp sanly ilat berber-liwiýa dilinde gürläpdirler, Niliň ýokary akymynda bolsa kuşit dilinde gürleýän taýpalar ýaşapdyrlar.

Hindi-ýewrpa dil maşgalasyna girýän taýpalar we halkyýetler anodoly ýa-da hett-liwiýa we hindi-eýran şahalaryna bölnüpdirler. Bu şahalaryň ilkinjisinde hett taýpalary, lidiýalylar, karyýlar we Kiçi Aziýanyň beýleki ownuk taýpalary gürläpdirler. Hindi-eýran dil şahasynda bolsa midiýalylar we parslar, parfiýalylar we baktriýalylar, skifler we saklar, Hindistanyň ariýler taýpalary gürläpdirler.

Gadymy Merkezi Aziýanyň, Eýranyň, Hindistanyň Demirgazyk we Demirgazyk gündogar böleginiň ilaty hindi-ýewropa dil maşgalasynyň drawid dil toparynda gürläpdirler. Gadymy Hytaý taýpalary, ýagny uzak gündogaryň halklary esasan sino-tibet ýa-da tibet-hytaý dil maşgalasynyň dürli şahalarynda gürläpdirler. Emma Gadymy Gündogaryň käbir halklarynyň dili beýlekilerden düýbinden tapawutlanýan dil topary bolupdyr. Mysal üçin, Derýaaralygynyň günorta sebitlerinde ýaşan şumerleriň we olardan gündogarda Zagros daglarynda ýaşaýan kassitleriň dili, sözleýiş dil maşgalalarynyň hiç birine goşulman aýratyn dil toparyny emele getiripdirler.

Gadymy Gündogaryň köp sanly taýpalary we halkyýetleri üçin harby-syýasy, söwda we medeni gatnaşyklary, etniki arabaglanyşyklar, taýpalaryň we halkyýetleriň özara goşulyşmagy netijesinde ilat garyşyp, täze has çylşyrymly etniki toparlaryň döremegine getiripdir. Şonuň üçin, aýratyn taýpa toparlarynyň, ýa-da olaryň etniki gelip çykyşlaryny, ol hamala Derýaaralygynyň ilaty, Gadymy Müsür halky ýa-da ariýler taýpasy bolsun tapawydy ýok, olary taryhda has ähmiýetli iş bitirenler diýip aýratyn belläp durmaklygyň, olary mahabatlandyryp saýlanan halklar diýip öňe sürmegiň

zerurlygy ýok. Sebäbi Gadymy Gündogar siwilizasiýalarynyň ýüze çykmagynda we ösmeginde ähli taýpalar, halkyýetler we etniki toparlar gatnaşypdyrlar.

Gadymy Gündogar jemgyyeti öz taryhy ösüşiniň uzak döwrüniň dowamynda endigan öşüşi gazanyp bilmändir. Gadymy Gündogar ýurtlaryň käbirleri sosial-ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösüşi has öňe gidip, gadymy siwilizasiýalary döredipdirler. Olaryň içinde Gadymy Müşüri, Derýaaralygyny, Wawilony, Finikiýany, hettleri, Gadymy Türkmenistany, Hindistany we Hytaýy belläp bolar. Bu ýurtlaryň ýokary derejä ýeten medeni we sosial-ykdysady ýagdaýy, has yza galan goňşy halklara, olaryň ýerinde öndüriji güýçleriň, durmuşy gatnaşyklaryň, dolandyryş ulgamlarynyň we medeniýetleriniň ösmegine itergi beripdir.

B. e. öň IV-III müňýyllyklarda Gadymy Gündogaryň köp sebitleri (Müsür, Derýaaralygy, Hindistan) basga ýurtlar bilen hiç hili gatnaşyklary bolman ösüpdirler. Emma b. e. öň II müňýyllygyň ortalaryna çenli olar Ýakyn Gündogaryň dürli welaýatlary bilen ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklary ýola goýupdyrlar. B. e. öň I müňýyllykda dünýäniň köp ýurtlary bilen hemme taraplaýyn gatnaşyklaryň açylmagy, olarda medeniýetiň baýlaşmagyna getiripdir. Şeýlelik bilen, Gadymy Gündogarda dünýäniň bütewiligi gazanylyp, bu sebitiň yzygiderli ösmegine şeýle-de bütin adamzadyň ösmegine uly itergi beripdir. Şonuň üçin, onuň taryhda tutýan orny hem ýokary derejeligi bilen ähmiýetlidir.

## Gadymy Gündogaryň taryhynyň öwrenilşi

**Gadymy Gündogaryň taryhy çeşmeleri we taryhnamasy.** Gadymy Gündogaryň taryhy dürli şeşmeleriň üsti bilen öwrenilýär. Adamlaryň müňlerçe, on müňlerçe ýyl mundan ozal nähili ýaşandyklaryny, geçmişdäki bolan taryhy wakalary alymlar nähili ýol bilen öwrendilerkä? Elbetde

adamlaryň geçmişi baradaky wakalara biz taryhy çeşmeleriň üsti bilen göz ýetirýäris. Adamzat taryhy köp müňýyllyklary öz içine alýar. Adamlar geçmişiň wakalaryny dürli çeşmeleriň üsti bilen bize galdyrypdyrlar. Olary alymlar adatyça ýedi görnüşe bölýärler. Olar ýazuw ýadygärlikleri, maddy medeniýetiň ýadygärlikleri, etnografiýa, lingiwistika, antrapologiýa maglumatlary, halk döredijiligi, adamlar tarapyndan ýeriň tebigy ýagdaýynyň özgerdilmegi ýaly ýadygärlikler bolup biler. Olar maddy ýadygärliklerden, ýazuw çeşmelerinden we taryhy eserlerden ybarat durýarlar. Şolaryň kömegi bilen hem biz kőp műňýyllyk geşmişi öwrenýäris.

Maddy ýadygärlikler esasan hem zähmet gurallaryndan, gap-gaçlardan, hojalyk esbaplaryndan, gurulan binalardan, guburhana ýadygärliklerinden, olarda çekilen suratlardan, şekillerden we şuňa meňzeşlerden ybaratdyrlar. Taryh ylmynda bu tapyndylara maddy çeşmeler diýilýär. Arheologlar bu çeşmeleri gazuw barlag işleriň netijesinde gözläp tapýarlar. Şol çeşmeleriň üsti bilen hem ata-babalarymyzyň ýaşan eýýämi, olaryň ýaşaýş durmuş derejesi öwrenilýar.

Emma taryhy çeşmeleriň bölek-büçekligi hem-de olary derňemegiň çylşyrymly bolmagy Gadymy Gündogaryň taryhyny öwrenmegi kynlaşdyrýar. Ylaýta-da ol ýurtlaryň sosial-ykdysady gatnaşyklaryny öwrenilende köp kynçylyklar ýüze çykýar. Emma oňa garamazdan arheolog alymlarlaryň yzygiderli gözlegleri netijesinde, gadymy tapyndylaryň üsti açylyp halklaryň, döwletleriň köp müňýyllyk taryhy täze maglumatlar bilen doldurylýar.

Häzirki wagtda antrapolog alymlar gadymy adamlaryň süňklerini öwrenip, olaryň nähili adam bolandyklaryny anyklap bilýärler. Olar gadymy adamlaryň galdyran dürli gurallaryny tapyp, öwrenip olaryň nämeleri edip bilendiklerini, nämeler bilen meşgullanandyklaryny anyklap bilýärler. Gadymy dünýä taryhynyň esasy çeşmesi bolsa arheologiýa ylmynyň berýän maglumatlary esasynda beýan edilýär.

Emma gadymy adamlaryň ýaşan ýerlerini, galdyran yzlaryny tapaýmak aňsat däl. Sebäbi müňlerçe ýyllaryň dowamynda, adamlaryň ýaşan jaýlaryny, galdyran zatlaryny galyň gum, agaç basyp, kä ýerlerde bolsa olaryň üstünde obalar, şaherler gurlupdyr. Alymlar gadymy adamlaryň galdyran „yzlarynyň” bar bolan ýerlerini tapyp, ol ýerlerde gazuw-agtaryş işlerini geçirýärler we gadymy döwrüň taryhyny taryhy tapyndylaryň esasynda beýan edýärler.

Edil şonuň ýaly etnografiýa ylmy hem halklaryň durmuşyny, ýaşaýyşyny, däp-dessuryny, hojalyk esbaplaryny öwrenýän ylma aýdylýar. Bu ylmyň üsti bilen dürli döwürlerde ýaşap geçen haklaryň taryhy beýan edilýär.

**Gadymy Gündogaryň ýazuw çeşmeleri.** Gadymy döwrüň adamlaryndan biziň döwrümize çenli köp sanly ýazuw ýadygärlikleri hem saklanyp galypdyr. Olar esasan rowaýatlardan, miflerden ybarat durýarlar. Bu rowaýatlar adamlaryň özleriniň söýgüli gahrymanlary baradaky gürrüňlerini öz içine alyp, nesilden-nesle geçirlip biziň günlerimize gelip ýetipdir. Şol rowaýatlaryň, mifleriň esasynda biz gadymy adamlaryň dünýä garaýyşlaryny kesgitläp bilýäris. Gadymy adamlaryň geçmişi baradaky maglumatlar köp halklarda ýazuwa geçirilipdir, şol ýazuw çeşmeleriň üsti bilen hem biz geçmişi öwrenýäris.

Ýazuw belgileri käbir halklarda örän ir ýüze çykypdyr. Hatyň-ýazuwyň ýüze çykmagy bilen gadymy adamlar, döwletler barada ýazuw çeşmeleri saklanyp galypdyr. Ilkinji ýazuw çeşmeleri b. e. öňki 5 müňýyllyklara degişlidir. Bu ýazuw çeşmelerinde adamzadyň durmuşynda bolup geçen wakalar beýan edilýär. Ol wagtlar kagyz bolmansoň agaç gabyklaryna, haýwanlaryň eýlenen derilerine, pyşbaga gapaklaryna, daşlaryň ýüzüne ýazylypdyr. Emma tapylan iň gadymy ýazgylaryň käbirileriniň haýsy halkyň dilinde, nähili ýazuw belgilerinde ýazylandygy häzire çenli hem üsti açylman gelinýär.

Muna garamazdan Gadymy Gundogaryň köp müňýyllyk taryhy alymlar tarapyndan işlenipdir we öz ösüşinde birnäce döwri geçipdir. Şol döwürleriň her haýsysynyň özboluşly aýratynlygy bardyr.

Gadymy Gündogar ýurtlarynyň taryhyny öwrenmegiň ilkinji ädimleri XIX asyryň 20-nji ýyllaryndan baslap, esasan hem Şampolionyň gadymy müsür ieroglifikasyny okamagyň usulyny açmagy, soňra gadymy wawilon klinopis ýazgylaryny okamagyň usulynyň açylmagy, toplanan ýazuw maglumatlarynyň köpüsiniň many-mazmunyny kesgitlemäge alymlara mümkinçilik berdi. Ylmy taýdan geçirlen gazuw-barlag işleriniň netijesinde köp sanly şäherleriň, obalaryň we ybadathanalaryň üstüniň açylmagy bilen uly möçberde ýazuw maglumatlary tapylýar. Şeýle ýadygärlikler Nil derýasynyň jülgesinden we Derýaaralygyndan tapylyp olar ylmy taýdan öwrenildi we öwrenilýär. Şeýlelik bilen, gadmy dünýä taryhyny ylmy taýdan öwrenilmeginiň birinji döwri hakyky maglumatlaryň toplanýan döwri bolup, olar ýewropalylaryň gözüniň öňünde gadymy gündogaryň ilkinji (gadymymüsür, gadymywawilon (assiriýa) we gadymyhindi) siwilizasiýalary aýan bolup başlaýar. Bu döwrüň alymlary ozal düşnüksiz hasaplanýan ýazgylaryň üstüni açyp, olaryň haýsy halka degişlidigini, haýsy dilde ýazylandygyny anyklamagy başarýarlar. Bu ýazgylar gadymy döwrüň kuwwatly döwletleri, olaryň ösen medeni derejeleri, ylmy açyşlary we ençeme beýleki wakalar barada gürrüň berýärler.

Gadymy Gündogaryň taryhyny öwrenmekde gadymy grek we rim taryhçylarynyň eserleriniň hem ähmiýeti ulydyr. Grek we latyn dilindäki ýazuw ýadygärlikleri alymlar tarapyndan bir eýýam öwrenildi. Olar antyk taryhçylarynyň, geograflarynyň eserleridir. Olaryň içinde b. e. öň V asyr grek taryhçysy Gerodotyň işleri esasy orny eýeleýär. Gerodot bize bahasyna ýetip bolmajak taryhy maglumatlary ýazyp galdyrypdyr. Ol öz bolan ýurtlarynyň halklarynyň durmuşyny, olaryň gylyk-

häsiýetlerini ýazypdyr. Onuň işleri Eýranyň, Orta Aziýanyň, Müsüriň we beýleki käbir ýurtlaryň we halklaryň taryhyna degişlidir. Gerodotyň işi gadymy gündogaryň ahyrky döwri üçin taryhy çeşme bolup hyzmat edýär.

Gadymy Gündogaryň taryhyndan bölek-büçek bolsa-da Strabonyň, Diodoryň, Plutarhyň işlerini taryhy çeşme hökmünde peýdalanyp bolar. Gadymy döwürde adamlar el bilen ýazylan kitaplaryň gadyr-gymmatyny bilipdirler, olary aýawly saklapdyrlar. Şonuň ücin, iň gadymy kitaplaryň bir bölegi häzirki döwre çenli saklanyp galypdyr. Şolaryň içinde gadymy rowaýatlar, çeper eserler, ylmy işler berlipdir we biziň günlerimize gelip ýetipdir. Alymlaryň tapan, jemlän bimöçber ýazuw ýadygärlikleri taryh ylmy üçin ýazuw çeşmeleri bolup hyzmat edýärler.

Dünýäniň barmasy kyn bolan ýerlerinde: tokaýlarda, batgalyklarda, daglarda, deňiz adalarynda häzirki günlerde öz ösüşi boýunça bizden has yza galan halkyýetler ýaşaýarlar. Olaryň haty-ýazuwy bolmandyr. Olar ýaşaýyş derejesi boýunça henizem, müňlerçe ýyllar mundan ozal ýaşan halklaryň durmuş derejelerinde ýaşaýarlar. Olary öwrenmek üçin alymlaryň geçirýän ylmy ekspedisiýalary gadymy adamlaryň däplerini, ýaşaýyşyny öwrenýärler we olaryň berýän gürrüňlerini, rowaýatlaryny ýazyp alýarlar. Bu toplanan maglumatlar, ilki bilen yza galan halkyýetleriň durmuşyny öwrenmek üçin gerek bolsa, ikinjiden adamzadyň geçmiş taryhyna has çuňňur göz ýetirmek üçin  alymlara iň zerur çeşmeler bolup hyzmat edýär.

**Gadymy Gündogaryň taryhnamasy.** Gadymy Gündogaryň taryhy ösüsiniň ilkinji döwri XIX asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap tä Birinji jahan urşuna çenli döwri öz içine alýar. Bu döwür gadymy gündogar taryhnamasynyň emele gelen döwri hasaplanýar. Sebäbi, bu döwürde Britaniýa, Fransiýa we Germaniýa ýaly döwletlerde kolonial imperiýalaryň emele geliş döwri bolup, olaryň hökümetleri koloniýalary dolandyryjy emeldarlaryň ýurdy dolandyrmagy,

halky ellerinde saklamaklary üçin ýerli halklaryň adatyny, däp-dessurlaryny, olaryň geçmiş taryhyny we döreden siwilizasiýalaryny öwrenmegiň zerurlygyny öňe sürdiler. Şonuň üçin, Angliýanyň, Fransiýanyň, Germaniýanyň, soňra bolsa ABŞ-nyň hökümetleri Gündogar ýurtlaryň taryhyny ylmy taýdan öwrenmek üçin, ol ýurtlarda gazuw barlag işleri geçirmäge ep-esli maliýa we beýleki gerekli kömekleri berýärler. Netijede, bu ýurtlaryň alymlary Gadymy Gündogar ýurtlarynyň geçmişini düýpli öwrenmeklige girişmäge műmkinçilik alýarlar.

Gadymy Gündogar ýurtlarynyň taryhyny öwrenmekligiň ilkinji döwründe görnükli alymlaryň giden bir topary öňe çykýar: G. Maspero, Ed. Meýer, B.A. Turaew, de Morgan, Dž. Marşall, R. Raulson, N. Nikolskiý, W. Smit, A. Maspero, F. Pitri we beýlekiler. Bu alymlaryň Gadymy Gündogaryň tarhyny öwrenmekde bitiren hyzmatlary aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

Ýewropa uniwersitetlerinde Gadymy Gündogaryň taryhyny öwrenmeklik, bu ugurda hünärmenleri taýýarlamaklyk aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Bu döwürde ähli bar bolan maglumatlar, taryhy beýanlar okalyp çykylýar, olara düşündiriş berilýär, köp tomluklaryň neşir edilip başlanmagy bolsa taryhy çeşmeleri öwrenmekligiň iň amatly usuly hasaplanylýar.

Gadymy Gündogaryň bu döwürdäki taryhnamasynyň aýratynlyklarynyň ikinji biri, ol hem arheologiki barlaglaryň giň möçberde geçirilmegidir. Bu döwürde tapylan tapyndylaryň işleniş usulynyň, goralyp saklanylyşynyň kämilleşmegi bilen birlikde, alymlar diňe bir düýpli bina gurluşyklaryna, ýokary derejedäki sungat eserlerine ýa-da ýazuw ýadygärliklerine ähmiýet bermän, eýsem ýönekeýje tapyndylara hem uly ähmiýet bermekleridir. Netijede, gadymy gündogar ýurtlaryndan tapylan ýadygärlikleriň köp sanly tapyndylary Kairde, Berlinde, Londonda, Sankt-Petrburgda we beýleki

şäherlerde jemlenip, olar alymlar tarapyndan düýpli öwrenilýär.

Netijede köp sanly taryhy çeşmeleriň esasynda düýpli işler, ilki bilen hem dini-medeni we syýasy eserler ýazylýar. Şeýle taryhy eserlerden: G. Masperonyň “Nusgawy Gündogaryň halklarynyň taryhy” (1895-1899, t.I-III), Ed. Meýeriň “Gadymyýetiň taryhy” (1884-1910, t. I-V), B.A.Turaewiň “Gadymy Gündogaryň taryhy” (1912-1913, t. I-II). Şeýle-de umumylaşdyrylan Gadymy Gündogaryň aýry-aýry sebitleriniň taryhy boýunça: F. Pitriniň “Müsüriň gadymyýetden bäri taryhy”( 1894- 1905, t.I-III), D. Brestediň “Müsüriň taryhy” (1905, t.I-II) we “Gadymy Müsüriň ýadygärlikleri”(1906-1907, t. I-V), G. Winkleriň “Wawilonyň medeniýeti we onuň adamzat medeniýetiniň ösüşine täsiri” (1903), L. Kingiň “Wawilonyň taryhy” we “Şumeriň we Akkadyň taryhy” (1916), B. Smitiň “Hindistanyň irki taryhy” (1904), T. Ris Dewidsiniň “Budda Hindistany”(1903) ýaly işleri agzap bolar. Bu işlerde Gadymy Gündogar döwletleriniň taryhy ýazylyp, olaryň esasynda takyk maglumatlar we taryhy garaýyşlar goýulýar.

Gadymy Gündogar döwletleriniň taryhnamasynyň ösüşiniň üçünji döwri XX asyryň Birinji jahan urşundan başlap 30-njy ýyllar aralygyny öz içine alýar. Bu döwürde dünýä taryh ylmynda we jemgyýetçilik pikirlerinde düýpli üýtgeşikler bolup geçýär. Bu döwürde azda-kände öňden, bir meňzeşiräk ösüp gelýän taryh ylmynda ilkinji bölnüşik ýüze çykýar, ýagny gadymy ýurtlaryň taryhy dürli jähtden beýan edilip başlanýar.

Birinjiden, taryh ylmy öňden gelýän nukdaý nazardan öz ösüşini dowam etdirýär; Ikinjiden, SSSR-de taryhy marksistik nukdaý nazardan beýan etmekligiň ýüze çykmagy bilen (bu akym germaniýanyň, italiýanyň alymlarynyň goldawyny tapýar), taryh ylmynda bu akymlaryň arasynda gapma-garşylyklar ýüze çykyp, taryh ylmy çuňňur syýasatlaşdyrylyp başlanýar. Şeýlelikde taryh ylmynda diňe bir hakykatyň üşti açylman, eýsem olaryň işlerinde biri-birine gapma-garşy gelýän

ideologiki garaýyşly duşmany döretmeklige çenli barlyp ýetilýär.

Ikinjiden, ägirt uly möçberde alymlar tarapyndan geçirilýan gazuw-barlag işleri täze siwilizasiýalaryň açylmagyna getirýär. Mysal üçin, Gadymy Hett döwletiniň, Urartuyň, Müsüriň gadymy döwrüniň taryhy ( b. e. ön IV-III müňýyllyklar) we Derýaaralygynyň (L. Williniň barlaglary), Hindistanda merkezi Mohenžo-Daro we Harappa ýaly iň gadymy siwilizasiýalaryň üstüniň açylmagydyr. Bu taryhy açyşlar gadymy döwriň taryhyna degişli çeşmeleriň üstüniň dolmagyna we baýlaşmagyna alyp bardy.

Űçűnjiden, bu dőwűrde űsti açylan siwilizasiýalar Gadymy Gündogar öz ösüşinde, birnäçe özbaşdak: müşür, wawilon, iudeý, eýran, hindistan, marguş ýaly gadymy siwilizasiýalary döredip bilen sebit diýilip ykrar edilmegine getirdi.

Ikinji jahan ursunyň başlanmagy bilen Gadymy Gündogaryň taryhyny öwrenmeklik kesilýär. Urşuň gutarmagy bilen dünýä möçberinde jemgyýetçilik ylmynda, şol sanda taryh ylmynda hem uly üýtgeşikler bolup geçýär. Fasyzmyň we onuň ideologiýasynyň ýok edilmegi bilen, adamzat taryhynda iň uly adam gyrgynçylyklary netijesinde, jemgyýetçilik aňynda parahatçylyk we gumanizm aňyýetiniň, adam hukuklaryna hormat göýmaklyk düsünjäniň ornaşmagyna getirdi. Şeýlelik bilen, Gadymy Gündogaryň taryhyny öwrenmegiň dördünji döwri başlanýar. Bu döwürde düňýäniň koloniýal ulgamynyň ýykylmagy bilen, Aziýada, Afrikada, Latin Amerikasynda garaşsyz, özbaşdak döwletlerliň emele gelmegine getirýär. Netijede bolsa, şol ýurtlarda milli garaýyşlaryň ýüze çykmagyna we milli medeniýetiň ösmegine, däp-dessurlaryň dikeldilmegine mümkinçilikler açylýar. Bu bolsa gündogar ýurtlaryň halklarynyň öz geçmişine bolan islegleriniň ösmegine, ylmy barlaglaryň güýclenmegine we täze uly açyşlaryň bolmagyna we köp sanly taryhy çeşmeleriň çap

bolup çykmagyna we täze taryhy işleriň ýazylmagyna alyp barýar.

Bu döwrüň aýratynlyklarynyň biri-de diňe bir marksistik taryhy eserlerde däl, eýsem dünýä ylmynyň taryhy ösüşinde syýasat, medeniýet we din bilen birlikde jemgyýetiň sosial-ykdysady gatnaşyklarynyň taryhyny öwrenmekligiň zerlygyna uly ähmiýet berlip başlanmagydyr. Bu döwrüň aýratynlyklarynyň ýene-de biri, ol hem Kiçi Aziýada we Demirgazyk Derýaaralygynda, Hytaýda we Hindi-Hytaýda uly arheologiki açyşlaryň bolmagy bilen iň gadymy döwriň taryhyny öwrenmeklige üns berilmegidir. Netijede bu ýurtlaryň taryhy ösüşiniň uzak döwrüniň öwrenilmegine, onuň ösüş ýollarynyň beýan edilmegine getirýär.

XX asyryň 60-njy ýyllarynda ylmy pikirleriň mundan beýläk çuňlaşmagy bolup geçýär we gadymyýeti öwrenmeklige has içgin çemeleşip başlanýar. Gadymy Gündogar jemgyýetiniň we medeniýetiniň Ýewropa bilen deňeşdirilende özboluşly aýratynlyklarynyň barlygynyň üsti açylýar. Bu ýagdaýlar gündogar ýurtlarynyň siwilizasiýalarynyň köp taraplary baradaky ýewropa ylmynda emele gelen düşünjeleriň nädogrylygy (mysal üçin, “gulçylyk”, “feodalizm”, “kapitalizm”, “respublika”, “rayatlyk”) baradaky düşünjeleriň gündogar ýurtlaryň jemgyýetçilik gurluşlaryna hiç hili tankydy belliksiz ornaşdyrylmagy meselelerine täzeden çemeleşilmegine getirdi. Netijede Aziýa önümçilik gatnaşyklary meselesi barada 60-njy ýyllarda Ýewropa ylmy merkezlerinde çuňňur jedelleriň ýüze çykmagyna alayp barýar. Bu jedeller uly bir üýtgeşiklige getirmedik hem bolsa, ählumumy taryh ylmynyň Gadymy Gündogar taryhnamasyna täsir edmän galmady. Bu ylmy jedel taryh ylmynyň dördünji döwri boýunça ylmyň ösüşi barada umumy netije çykarylmagyna alyp bardy. Bu döwür Gadymy Gündogar ýurtlarynyň taryh ylmynyň ösüşiniň häzirki bäşinji döwrüne ýol açmagy bilen tamamlanýar, hem-de gadymy Gündogar

jemgyýetiniň we gadymy gündogar siwilizasiýasynyň antiki siwilizasiýadan düýpli tapawut edýändigi baradaky garaýyşy tassyklady.

Şeýle-de bu ylmy jedeller marksistik taryh ylymynda täze garaýyşlaryň ýüze çykmagyna getirdi. Onda esasan hem jemgyýetçilik-ykdysady formasiýa taglymatynyň köp meselelerine, ilki bilen hem guleýeçilik formasiýasy meselesine täzeden seredilmegine getirdi. Häzirki döwürde Gadymy Gündogar siwilizasiýasynyň we synpy jemgyýetiň ösüşiniň köp görnüşlidigi baradaky ylmy garaýyş has köp ýaýrap başlady. Netijede marksistik taglymat esasyndaky garaýyşyň öňden gelýän adaty ýazylyşy bilen has ýakynlaşmagyna getirdi. Bu ýakynlaşyk gadymy gündogar halklarynyň siwilizasiýalaryna täzeçe düşünilmegine, häzirki zaman taryh ylmynyň baýlaşmagyna we ösmegine oňat ýardam berip başlady.

**Gadymy Gündogaryň tayhynyň hronologiki meselesi.** Biziň häzirki zamanymyzdan tapawutlylykda Gundogar ýurtlarynyň hiç birinde (aýratyn hem Gadymy Gündogoryň ägirt uly sebiti boýunça) bir başlangyç nokady alyp gaýdar ýaly senenama: gün, aý, ýyl ýöredilmändir. Taryh ylmynda her bir wakanyň haçan we nähili bolandygyny, haýsy wakanyň ir ýa-da giç bolandygyny anyklamak bolsa taryh ylmynyň iň zerur meseleleriň biridir. Gadymy dünýä taryhynyň wakalary bolsa asyrlary, müň ýyllyklary öz içine alýar.

Gadymy döwürde wagt ölçeginiň ýöredilmeginiň zerurlygy köp müňýyl mundan ozal ýüze çykypdyr. Iň gadymy adamlar wagty takyk hasaplap bilmändirler. Olaryň senenamasy bolmandyr. Emma olar bir gije gündüziň dowamyndaky wagty, bäş, on güni hasap edip bilipdirler. Ýöne uly möçberdäki wagty kesgitlemek, takyklamak olara başartmandyr. Emma köp müň ýyl mundan ozal adamlar aýyň mydama üýtgäp duruşyna üns beripdirler. Onuň oraga meňzeş, ýarym tegelek ýa-da doly tegelek bolýandygyna göz ýetripdirler.

Gadymy adamlar aýyň öz görnüşini üýtgedip ýene-de öňki ýagdaýyna gelişini, onuň näçe wagtda geçýänliginiň hasabyny almagy öwrenipdirler. Seýlelik bilen aý hasaby barada düşünje çykarylypdyr, bir aýyň dowamlylygy bolsa takmynan 29,5 gije gündüze deň gelipdir. Adamlar wagty diňe bir gije-gündüziň (sutkanyň) hasabyndan ölçemän, eýsem aý hasabyndan ölçäpdirler.

Gadymy Gündogaryň ýurtlarynda dünýäniň döreýişi ýa-da Injilde-Bibliýada Isa pygamberiň dogulan ýyly, antiki başlangyjy bolan Olimpiada oýunlary, Rimiň düýbiniň tutulyşy, musulmanlaryň hijiri hasaby ýaly hasap ýöredilmändir. Gadymy Gündogaryň käbir ýurtlarynyň taryhynda soňraky eýýamlarda ol girizilipdir. Umuman, ilki başlangyç senäni, bolan wakalaryň wagtyny bellemeklik jemgyýeti gaty bir gyzyklandyryp hem durmandyr. Şonuň üçin, Gadymy Gündogaryň resmi ýazgylarynda, maglumatlarynda ýa-ha senesi goýulmandyr ýa-da seneler haýsam bolsa bir waka bilen baglanyşdyrylyp bellenipdir. Mysal üçin, Derýaaralygynda: haýsam bolsa bir ymaratyň salynmagy, ýa-da patyşanyň tagta çykmagy haýsam bolsa bir patysanyň tagta çykan ýylynyň plançynjy ýylynda boldy diýilip bellenilipdir. Emma şol diýilýän patyşanyň dolandyran ýyllary, onuň patyşalyk eden senenamasy heniz anyklanmadyk ýagdaýynda, soňky patyşanyň haýsy ýyllarda patyşalyk edenliginiň senesini kesgitlemek alymlar üçin kyn meseleleriň biri bolupdyr. Şeýlelik bilen, gadymy gündogar taryhynyň köp wakalarynyň anyk senesini kesgitlemeklik juda çylşyrymly hem kyn bolupdyr (esasan hem b. e. öň III-II müňýyllyklaryň senesini anyklamak). Şonuň üçin hem häzire çenli alymlaryň arasynda güýçli jedeller dowam edip gelýär.

Gadymy Gündogaryň käbir ýurtlarynda patyşa nesilşalyklarynyň yzygiderli sanawy düzülip gelnipdir (mysal üçin, Müsür, Derýaaralygy) ýa-da has belli emeldarlaryň sanawlary (Assiriýada her ýyl çalyşyp duran “limmu”) boýunça

taryhy wakalar senelenilipdir. Emma köp asyrlaryň patyşa sanawlary tapylaýanda-da, şol sanawlaryň birine anyk senäni goýmak aňsat bolmandyr. Anyk seneler alymlar tarapyndan diňe astranomiýa gözegçiligi netijesinde çeşmelerde berilen ýagdaýda ýa-da aýyň, güniň tutulmagy ýaly bellikler bolan wagtynda kesgitlenip biler. Emma patyşalaryň sanawy we ýyl ýazgylary biziň günlerimize wagtyň geçmegi bilen zeper ýetirilen görnüşlerde, ýa-da maglumatlaryň bir bölegi ýitirilen ýagdaýda gelip ýetipdir. Şonuň üçin dowam edýän jedellere, kynçylyklara garamazdan häzirki günlere çenli Gadymy Gündogar ýurtlarynda bolup geçen wakalary, esasan hem b. e. öň II müňýyllygyň ahyrlary b. e. öň I müňýyllygyň birinji ýarymyny senelemek, alymlar tarapynyndan belli bir derejede dogry anyklanylypdyr. Edil şonuň ýaly Günorta Aziýa we Uzak Gündogar ýurtlarynyň b. e. öň IV-III asyrlarynyň taryhy wakalary esasan anyklanyp tamamlanypdyr.

**Ýyl hasabynyň çykarylyşy. Köne we täze senenamalar.** Iň gadymy adamlar bir ýylyň dowamlylygyny bilmändirler. Mysal üçin, Afrikanyň iň gadymy awçylary we çöpleýjileri ýagynly möwrütler geçenden soň, gurakçylygyň gelýändigini belläpdirler, ondan köp günler geçenden soň ýene-de ýagynly günleriň gelýändigine göz ýetripdirler. Adamlar ýyl möwsümleriniň dowamlylygyny bilmäge çalyşypdyrlar, ýagny ýyrtyjy mallar köpelýärmi, ir-imiş köpelýarmi, ýa-da gurak bolup şol zatlar azalýarmy, garaz köp wagtyň geçmegi bilen olar ýyl hasabyny çykarmaga golaýlaşypdyrlar.

Ilkidurmuş ekerançylygynyň ýüze çykmagy bilen, adamlar tebigatyň pasyllaryndaky üýtgeýişler bilen has hem gyzyklanyp başlapdyrlar. Olarda bir ýaz pasylyndan ikinji ýaza çenli ýa-da hasyl ýygymyndan indiki hasyl ýygymyna çenli, çen bilen bir meňzeşiräk hasapdaky günleriň geçýändigine düşünipdirler.

Adamzat taryhynda ilkinji bolup ýylyň dowamlylygyny (365 gije-gündüz) Gadymy Müsüriň ýaşaýjylary kesgitläpdirler. Bu ýerde adamlar 5-müň ýyl mundan ozal

ekerançylyk bilen meşgul bolup gelipdirler. Her ýyl belli bir wagtda ýazyň çykýandygyny, onuň yzyndan tomusuň gelýändigini bilipdirler. Olar hasyl ýygnalandan soň geljekgi tomusa çenli näçe wagtyň geçýändigini takyk hasaplapdyrlar. Bu aralykda bolup geçen wagty bir ýyl hasaplapdyrlar.

Ýazuwyň ýüze çykmagy bilen adamlar dürli wakalaryň haýsy ýyllarda bolup geçendigini ýazypdyrlar. Olar uly wakalary belläp, ýyl hasabyny şolardan alyp gaýdypdyrlar. Gadymy müsürliler bir gije gündüzi 24 sagat hasaplapdyrlar, ýagny günüň dogup ýaşmagy aralygyny 12 sagat hasaplapdyrlar, edil şonuň ýaly gijäni hem 12 sagat hasaplapdyrlar. Olar bir ýylda 365 günüň bolýandygyny kesgitläp bilipdirler. Pasyllaryň çalyşmagy esasynda ýyl aýlara bölnüpdir.

Gadymy Müsürde her patyşa tagta çykanda şol günden ýyl hasaby ýöredilip başlanypdyr. Patyşa ölüp ikinji patyşa gelenden soň, ýene-de birinji ýyl diýilip hasplanypdyr. Käbir halklarda ýyl hasaby ýurtda bolup geçen haýsam bolsa bir uly waka bilen baglanyşdyrypdyrlar, ýa-da paýtagt şäherleriň düýbüniň tutulmagy bilen ýöredilip başlanypdyr. Mysal üçin, Gadymy Gresiýada ýyl hasabyny ilkinji Olimpiýa oýunlarynyň ýüze çykan wagtyndan alyp gaýdypdyrlar (b. e. öň 776 ýyl), Gadymy rimliler bolsa ýyl hasabyny Rim şäheriniň düýbüniň tutulan gününden (b.e. öň.753ý.) alyp gaýdypdyrlar. Şonuň üçin gadymy döwürde ýyl hasaby halklaryň arasynda dürli-dürli bolupdyr.

Häzirki zaman ýyl hasabyny alymlar mundan iki müň ýyl ozal Isa Pygamberiň dinýä inmegi bilen ýöredýärler. Dünýäniň köp halklary, esasan hem Ýewropa halklary Ysa pygamberi 30 ýaşandan soň hudaý tarapyn iberilen adam hökmünde ykrar edipdirler. Onuň pygamberligini, mukaddes injil kitabyny ykrar edenlere hristianlar diýip at beripdirler. Soňra hristian dinini Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň halklary, Gündogaryň käbir halklary kabul edýärler. Hristianlar Isa Pygamberiň

dogylan gününi uly baýramçylyk hökmünde belleýärler. Hristiançylygyň Rim imperatory Konstantiniň döwründe döwlet dini diýilip kabul edilmegi bilen köne ýyl hasaby ýatyrylýar we Isa Pygamberiň dogulan gününden täze ýyl hasaby girizilýär. Şondan bäri dünýäniň köp halklary bu ýyl hasabyny ykrar edipdirler. Şol günden bärki döwre biziň eýýammyz (gysgaça b. e. diýilip ýazylýar) diýilip atlandyrylýar, şondan öňki geçen döwre bolsa biziň eýýammyzdan öňki (gysgaça b.e.öň diýilip ýazylýar) döwür diýilip atlandyrylýar.

Häzirki zaman musulman ýurtlarynyň köpüsi hijyri ýyl hasaby bilen ýöreýarler. Bu ýyl hasabyny ýöredýän musulmanlar, yslam dinini esaslandyran Muhammet pygamberiň Mekkeden Medinä giden gününden ýöredip gelýärler. Hijiri ýyl hasaby boýunça bir ýylyň dowamlylygy 355 günden ybarat durýar, sebäbi musulman senenamasynda günüň öz okunyň daşyndan aýlanmagynyň hasaby bilen ýörelmän, eýsem aýyň dogup ýaşmagy bilen ýyl hasaby ýöredilip gelinýär.

# GADYMY MÜSÜRIŇ TARYHY



# Gadymy Müsüriň taryhyna giriş

**Gadymy Müsüriň tebigaty we ilaty.** Gadymy Müsür Afrikanyň demirgazyk-gündogar çetinde ýerleşýär. Onuň çäkleri demirgazykda Ortaýer deňziniň, gündogarda Gyzyl deňziniň kenarlary bilen, günbatarda bolsa Liwiýa çöllüginden geçýär. Gadymy döwürde Müsüriň günorta serhedi Nil derýasynyň 1-nji bosagasy hasap edilipdir. Soňra bolsa onuň günortadaky serhedi Nil derýasynyň 4-nji bosagasyna çenli giňäpdir. Häzirki zamanada Sues kanalynyň gazylmagy bilen Müsür Alynky Aziýa suw üsti bilen birleşipdir.

Gadymy Müsür biziň planetamyzda iň gadymy siwilizasiýanyň dörän yurdydyr. Niliň jülgesinde bize mälim bolan ekerançylaryň we maldarlaryň iň gadymy neolit döwrüne degişli oturymly obalary b. e. öňki VI-V müňýyllyklaryň çatrygyna degişlidir.

Nil derýasy Müsüriň ýeke-täk suw çeşmesidir. Niliň uzynlygy 6700 km. bolup, ol öz gözbaşyny mylaýym-tropik Afrikadan alyp gaýdýar we Ortaýer deňzine guýýar. Onuň käýerleriniň ini 1 km bolandan 20 kilometr aralygya, ortaça 5-10 kilometre çenli giňäpdir. Nil derýasy Müsüriň içinden dar jülge bilen akýar. Niliň jülgesine Ýokarky Müsür diýilipdir, Niliň deňze guýýan ýerine gadymy grekler Delta diýipdirler. Deltada derýanyň bitewi akymy birnäçe şahalara bölünýär, onuň Delta bölegine bolsa Aşaky Müsür diýipdirler. Niliň jülgesi diňe deňizden 300 km. çemesi günortadan başlap birneme giňelýär. Müsüriň hojalygy üçin Nil derýasynyň ägirt uly ähmyeti bolupdyr. Gadymy grek taryhçysy Gerodot "Müsür Niliň sowgadydyr" – diýip Nil derýasynyň müsürliler üçin nähili ähmiýetiniň bardygyny belläpdir.

Niliň we onuň deltasynyň topragy Niliň getirýän gyrmançalary bilen emele gelipdir. Nil gurak Müsüriň ýeke-täk çyg berýän çeşmesi bolup hyzmat edýär. Bu güýçly hem uzyn

derýa Müsüriň ähli welaýatlaryny özara, şonuň ýaly Ortaýer deňziniň kenarlary bilen bagalanyşdyrýar.

Häzir bu ýurtda araplar ýaşaýar. Olar öz ýurduny Müsür diýip atlandyrypdyrlar. Emma gadymy grek çeşmelerinde Ýegipet diýilip atlandyrylypdyr. Ýewropalylar hem bu ýurdy häzire çenli Ýegipet diýip atlandyrýarlar. Ýegipet adynyň gelip çykyşy doly anyklanylanok. Bu at gadymy Müsüriň paýtagty Memfis (müsürçe Het-ka-Ptah ýa-da Hikunta bolup, ol Ptah hudaýynyň ruhy galasy diýmekligi aňladypdyr) şäheriniň grekler tarapyndan üýtgedilmeginden gelip çykypdyr. Emma müsürliler öz ýurtlaryna Kem (kemet) "gara" diýipdirler. Bu gara toprakly ýurt diýmegi aňladýar. Sebäbi Nil jülgesiniň kenarlary gyzyl reňk berýän çägelik ýer bolupdyr, galyberse-de olar liwiýa we arap çöllüklerinden tapawutlandyrmak üçin öz ýurtlaryny şeýle atlandyrypdyrlar. Çünki gadymy müsürliler diňe Nil derýasynyň jülgesinde ýaşapdyrlar.

Her ýyl tropiki Afrikada (derýanyň gözbaşynda) ýagyş möwsümi başlananda 19-njy iýulda (şol gün bu ýurtda Täze ýyl hem başlanypdyr) ýurtda derýa joşup jülgedäki tekiz ýerleri läbik suw basypdyr we tä sentýabr aýynyň ortalaryna çenli dowam edipdir. Beýikliklerde ýerleşen köp sanly oturymly obalar we şäherçeler bolsa adalara öwrülip, olar diňe gämiler bilen aragatnaşyk saklapdyrlar.

Sentýabyr aýynyň ortalaryna suw gowşap yzyna çekilenden soň, çöküp galan gyrmança ýeriň ýumşak hem juda hasylly bolmagyna ýardam edipdir. Adamlara suw joşgunyndan soň ekerançylyk bilen meşgullanmak, ýeri işläp bejermek aňsat bolupdyr. Hat-da agaç azallar bilen ýeri agdarmak kän bir zähmeti talap etmändir. Däne ekilenden soň ony depeletmek üçin ownuk mallary (goýunlary we geçileri) göýberipdirler. Ekilen ekin aprel-maý aýlarynda bişipdir. Hasyl ýygnalandan soň täze suw joşgunyna çenli ýerler dynç alypdyr. Gadymy Müsürliler bugdaý, arpa, kenep gök hem bakja ekinlerini

ekipdirler. Üzüm, zeýtun, hurma agaçlaryny ösdürip ýetişdiripdirler.

Emma bu tebigy bolýan suw joşguny has peýdaly bolar ýaly, meýdanlara zerur gerekli suwy göýberer ýaly adamlar ir wagtdan onuň aladasyny edipdirler. Adamlara suwy belentlikdäki düz ýerlere çykarmak, ýokary galdyrmaklyk gerek bolupdyr. Gurakçylyk ýyllarynda suwyň ýetmeýän ýerleri üçin ýörüte suw howdanlaryny gurmaklyk aýratyn hem zerur bolupdyr. Sonuň üçin Nil derýäsynyň jülgesinde giden bir suw ulgamy-kanallar, gapdal ýaplar, suw bentleri gurlupdyr we ekin meýdanlary suwarylypdyr. Şular ýaly ekerançylyk ulgamyna suwarymly ekerançylyk diýilipdir.

Aşaky Müsüriň ekerançylyk bilen meşgul bolan iň gadymy ýadygärlikleriniň biri-de Faýum kölüniň kenarlaryndaky oturymly obalar bolupdyr. Olar b. e. öňki V müňýyllyklarda ýüze çykypdyr. Bu ýerleriň ilaty iri şahly mallary we doňuzlary köpeldipdirler. Olarda däne saklamak üçin laýdan ýörite gaplary ýasapdyrlar. Bu ýerdäki taýpalar ownuk şahly mallary hem köpeldipdirler. Emma olaryň esasy kärleri awçylyk we balykçylyk bolupdyr. Ýokarky Müsürde hem şu döwürde maldarçylyk we ekerançylyk bilen meşgulanýan taýpalar ýaşapdyrlar. Müsürde uly tokaý zolaklary bolmandyr. Emma derýada balyklar, suw guşlary örän köp bolupdyr. Derýa boýundaky jeňňelliklerde we çöllüklerde dürli ýabany haýwanlar ýaşapdyr. Müsür bilen goňşy welaýatlarda, Efiopiýada, Liwiýada, Saharanyň çöllüklerinde ýabany öküzler, goýun, geçi köp bolup, olar kem-kemden eldekileşdirilipdir we Müşürde üstünlikli köpeldilipdir.

Müsürde gurluşyk üçin ýaramly daşlar, esasan hem granit, gež-alebastr, hek daşy (izwest), şifer daşlary köp bolupdyr. Iň uly daş alynýan ýerler Memfisiň ýakynynda we arap çöllüklerinde Fiwyden gündogarda ýerleşipdir. Müsürde gazylyp alynýan baýlyklardan altyn köp bolupdyr, ondan daşgary hem soňra Orta patyşalyk döwründe Müsüre

birleşdirilen Demirgazyk Nubiýadan we Arabystan çöllüklerinden altyn köp getirlipdir. Sinaý ýarymadasynda bolsa mis ýataklary köp bolupdyr. Emma Müsürde bürünç almak üçin zerur garyntgy bolan galaýy ojaklary bolmandyr, alyş-çalyşda esasy ulanylýan kümüşiň ojaklary hem bolmandyr. Demiriň ýok bolmagy hem, Müsüriň tekniki taýdan we hünärmençilik öňümçiliginiň ösüşini togtadypdyr.

B. e. öňki IV müňýyllygyň birinji ýarymynda, ýagny nesilşalyklar döremezden öňki döwürde ilkinji daşy berkidilen oturymly obalar peýda bolupdyr. Iri obalaryň döremegi suwarymly ekerançylygyň ösmegine, giňemegine alyp barypdyr. Şeýle-de bu döwürde metal-misden ýasalan önümler ep-esli artypdyr. Metaldan iňňeler, iňňebajyklar, balyk tutulýan çeňňekler ýasalypdyr. Ilkinji altyndan ýasalan bezeg şaý-sepleri hem ýüze çykyp başlapdyr. Guburhanalardan tapylan hojalyk gurallaryň bir meňzeşiräk bolmagy, Müsürde jemgyýetiň sosial düzüminde heniz gatlaklaryň döremänliginden habar berýär. Bu ýerde synpy jemgyýet b.e.öň IV müňýyllygyň 2-nji ýarymynda kemala gelip başlapdyr.

**Gadymy Müsüriň ilaty.** Gadymy Müsüriň ilaty bir dilde gürleýän bitewi bir halkdan ybarat bolupdyr. Olaryň dili semit-hamit dil maşgalasynyň hamit şahasyna degişlidir. Daş sypaty boýunça müsürliler orta boýly, syrdam, garaýagyzyrak adamlar bolupdyrlar. Aziýaly semitlerden tapawutlykda müsürli erkek adamlar saç-sakalyny ösdürmändirller.

Esasy etniki topar bolan müsürlilere olaryň günorta goňşylary kuşitler (efiopialylar) we günbatar goňşulary liwiýalylar az owlak garyşypdyr. Kuşitler etniki taýdan müsürliler bilen garyndaş halklar bolsalar-da, olar ir döwürde negirler bilen hem garyşypdyrlar. Liwiýalylar gözleri gök, tenleri akýagyz bolupdyr. Emma bu halklaryň ikisi-de müsürlileriň dilini kabul edipdirler we olara doly gatyşyp gidipdirler.

Gadymy Müsürlileriň egin-eşigi ýönekeý bolupdyr. Erkek adamlar adaty günler öňlikli bolupdyrlar, toý baýramda bilinden dyzyna çenli ýetýän gysga geýim we dar ýeňsiz köýnek geýipdirler. Aýal-gyzlar dar tikilen, topugyna ýetýän uzyn köýnek geýipdirler. Olaryň esasy iýmiti külçe görnüşli çörek, ýarma, balyk, gök önümler bolupdyr, eti seýrek iýipdirler, Iň söýgüli içgileri bolsa arpadan ýasalan piwo bolupdyr.

Müsüriň iň gadymy otrumly ilaty Nil derýasynyň jülgelerinde b. e. öň VI müňýyllykda ýüze çykypdyr. Olar Sahara, Liwiýa çöllüklerinden we häzirki Efiopiýa welaýatlaryndan gelen taýpalar bolupdyrlar. Etniki toparlaryň garyşmagy netijesinde bolsa müsür halky emele gelipdir. Müsüriň iň gadymy ýaşaýjylaryny aňladýan birnäçe tapylan heýkeljikler, Negady mazarlygyndan tapylan kelle çanaklar, gadymy müsür diliniň käbir afrika dilleri bilen meňzeşligi, şeýle-de Demirgazyk Afrikanyň berber dilindäki meňzeşlikler, Nil derýasynyň jülgesinde dürli etniki toparlaryň goşulyşyp garyşandygyny subut edýärler. Müsüriň Ortaýer deňziniň Gündogarynda (Palestina, Finikiýa, Siriýa ) ýaşaýan halklar bilen syýasy we medeni gatnaşyklaryň bolmagy, Müsür dilinde gadymy semit dillerinden kabul edilen sözler hem az bolmandyr. Şeýlelikde gadymy müsür halky öz dili, haty we özboluşly medeniýeti bilen doly kemala gelen halk bolupdyr.

**Gadymy Müsüriň taryhy boýunça esasy çeşmeler.** Gadymy Müsüriň taryhy boýunça dürli çeşmeler saklanypdyr. Olaryň iň ähmiýetlisi ýazuw ýadygärlikleridir. Olar hem öz içinde taryhy eserler, resmi ýazgylar we hukuk boýunça ýazgylar, nesihatnamalar, çeper eserler we dini eserler ýaly toparlara bölünýärler. Gadymy taryhy eserler has gymmatlydyr. Müsürden tapylan taryhy häsiýetli eserleriň iň gadymkysy „Palermo daşy“ ady bilen bellidir. Ol öz manysy boýunça ýyl ýazgylaryna meňzeşdir. Onda iň gadymy döwürden başlap V nesilşalyga çenli Müsür faraonlarynyň sanawy, olaryň geçiren

harby ýörişleri, Nil derýasynyň suwunyň joşmagy ýaly maglumatlar berlipdir.

Ähmiýetli eseriň biri-de „Tutmos III annallarydyr”. Ol Karnakdaky (Fiwy şäheri) Amon-Ra hudaýynyň buthanasynyň diwarlarynyň ýüzüne ýazylypdyr. Onda XVIII nesilşalygynyň faraony Tutmos III döwründäki möhüm wakalar we onuň harby ýörişleri beýan edilýär. Köşk ýazary annallarda Tutmos III taryhyny beýan etmek bilen, Müsüri dünýäniň merkezi, hudaýlaryň nazary düşen, penakärlik edýän ýurdy hökmünde häsiýetlendiripdir

Gadymy Müsürde döredilen iň oňat eserleriň biri-de b.e.öň IV-III asyrlaryń sepgitlerinde ýaşan, ruhany Manefonyň işidir. Grek taryhnamasynyň ýazylyş usulyny oňat bilen soň, ol öz işini grek dilinde ýazypdyr. Mahefon ruhany bolansoň ýerli arhiw maglumatlaryndan peýdalanyp we iň Gadymy Müsüriň taryhyny ýazypdyr. Manefonyň “Taryhynyň” uly bolmadyk bölekleri saklanyp galypdyr, emma şol maglumatlaram onuň işiniň ähmiýetiniň ýokarydygyny görkezýär. Eser iň gadymy döwürden ýazaryň öz ýaşan döwrüne çenli, Müsüriň taryhyny öz içine alypdyr. Onda Müsüriň içerki hem daşarky syýasaty özara baglanyşykly beýan edilipdir. Manefon Müsürde hökümdarlyk eden ýüzlerçe faraonlary garyndaşlyk gatnaşygy ýa-da içerki hem daşarky syýasatynyň meňzeşligi boýunça 30 nesilşalyga birleşdirip, olaram öz gezeginde 10 sany nesilşalyklara bölüpdir. Şeýlelik bilen, Manefon ilkinji gezek Müsüriň taryhyny döwürleşdiripdir. Bu döwürleşdiriş Gadymy Müsüriň taryhyny häzirki zaman döwürleşdiriş üçin, ýagny Gadymy, Orta, Täze we Giçki döwürlere bölmek üçin esas bolup hyzmat edýär.

**Arhiwler. Resmi we hukuk ýazgylary.** Biziň günlerimize çenli dürli arhiwlerde doly we bölekleýin saklanyp galan resmi hatlar we hukuk ýazgylary iň gymmatly çeşmeler hasap edilýär. Biziň günlerimize çenli saklanyp galan iň gadymy arhiwleriň biri-de V nesilşalygyň faraony Neferirkaryň (V nesilşalyk, b. e.

öň XXV-XXIV asyrlar) buthanasyndan tapylan arhiw ýygyndylarydyr. Ondaky ýazgylarda buthana gullukçylarynyň sanawy we buthananyň emläginiň ýazgysy berilýär. Arhiwden tapylan maglymatlar Koptosdan tapylan faraonlaryň Gadymy patyşalyk döwründe ybadathanalara beren ýeňillikleri, ybadathana işgärleriniň patyşanyň haýryna işlenilmeli zähmet borçlaryndan boşadylýandygy baradaky ýeňillikleriň üstüni doldurýar.

Baý arhiwleriň biri-de gadymy Ahetaton (hazirki Tel-Amarna) şäherinden tapyldy. Onda 350-den geçýän klinopis (oýma) görnüşde ýazgy maglumatlarynyň üsti açyldy. Ýazgylar b. e. öň II müňýyllygyň ortalarynda halkara dili bolan akkad dilinde ýazylypdyr. Olaryň arasynda faraonlar Amenhotep III we Ehnatonyň hem-de olaryň maşgala agzalarynyň goňşy döwletleriň Siriýanyň, Finikiýanyň, Palestinanyň, Wawilonyň hökümdarlary bilen ýazyşan hatlary saklanypdyr. Hatlarda b.e. öň II müňýyllygyň ortalarynda Ýakyn Gündogarda juda çylşyrymly halkara ýagdaýynyň, diplomatik gatnaşyklaryň alnyp barylyşy, gepleşikleri geçirmegiň kynçylyklary, dürli harby bileleşikleriň dargaýyşy barada ýazgylar saklanypdyr. Hett patyşalarynyň arhiwiniň käbiriniň nusgasynyň Bogazkeýden (häzirki Ankara şäheriniň ýakynyndan) tapylmagy bolsa, bu hatlaryň hakyky maglumatlardygyna güwä geçýär. Tel-Amarna arhiwiniň maglumatlary faraonlaryň dolandyran ýyllaryny, aziýanyň patyşalaryny, iň wajyp bolan wakalary kesgitlemäge mümkinçilik berýär, sebäbi maglumatlaryň käbirlerinde ýyl hasaby ýerli senenmama boýunça berlipdir.

Diplomatik maglumatlaryň içinde Müsür bilen Hett döwletiniň arasynda b.e. öň 1280-nji ýylda baglaşylan ýaraşyk şertnamasynyň beýany bar, ol hem El-Amarna arhiwiniň diplomatik maglumatlarynyň üstüni doldurýar. Onuň beýanlarynyň birnäçesi saklanypdyr. Müsürden tapylan maglumatlar Karnakdaky Amon-Ra hudaýynyň

ybadathanasynyň we faraon Ramzes II ybadathanasynyň diwarlaryna oýlup ýazylypdyr. Bu ýaraşyk şertnamasynyň beýanynyň ýene biri Kiçi Aziýanyň Bogazkeý arhiwinden tapylýar.

Başga gabat gelýän resmi ýazgylardan Seti I Abidos şäheriniň ruhanylaryna ýeňillik bermek baradaky Nauriden (Niliň 3 bosagasynyň töwereginden) tapylan resmi hatlary, Kuşit hökümdary Pianhiniň Müsüri basyp alyşlary baradaky tapylan köpsanly ýazgylary görkezmek bolar. Şeýle-de Tutmos III wezirleriniň biri bolan Rahmiriň tabydyndan tapylan ýokary maslahatçynyň ýerine ýetirmeli gulluk borçlary baradaky düzgünnama we XVIII nesilşalygyň merkezi döwlet dolandyryş ulgamy baradaky gymmatly maglumatlardan ybarat durýar. Olaryň hemmesi Müsüriň taryhyny öwrenmek üçin ygtybarly çeşmelerdir.

Liwiýa-sais agalygynyň döwrüni öwrenmek üçin (b. e. öň I müňýyllygyň birinji ýarymy) Ýokarky Müsüriň demirgazyk böleginden tapylan baý müsür maşgalasynyň arhiwiniň maglumatlarynyň hem ähmiýeti ulydyr. Bu maglumatlaryň üsti bilen biz b. e. öň VII-VI asyrlaryň dowamynda, ýagny XVI nesilşalygyň ruhanylarynyň durmuşyny, hojalygyny, 200 ýylyň dowamynda ol maşgalalaryň nomlar we merkezi döwlet edaralary bilen gatnaşyklaryny yzarlap, öwrenip bilýäris.

Bulardan başga-da, Müsür taryhyna degişli köp dürli resmi hatlar saklanyp galypdyr: Gadymy patyşalyk döwrüniň patyşa möhüriniň gysgajyk ýazgylary, ilat ýazuwy, Müsürde ýerleriň ölçelip berilişi baradaky maglumatlar (XII nesilşalyk), Fiwy zyndanynda saklanýan adamlaryň sanawy, adamlaryň hojalyk zatlaryny, mülkini, gullaryny satmak-satyn almak, köşkde bolýan dildüwüşikler barada geçirilen sorag-barlag işleri, gurluşyk baradaky ýazgylar we beýleki köp sanly resmi hatlar saklanyp galypdyr. Bu resmi maglumatlar Müsüriň taryhyny dikeltmek üçin ynamly ýazuw ýadygärlikleridir.

**“Nesihatnamalar” we “welinamalar”.** Nesihatnamalar we welinamalar Müsür edebiýatynda giň ýaýran žanrlaryň biridir. Olar anyk adamlar tarapyndan ýazylyp, olaryň atlary biziň günlerimize gelip ýetipdir. Gadymy Müsürden bize gelip ýeten nesihatnamalar we welinamalar çeşmeleriň aýratyn toparyny düzýär. Olar faraonlaryň nesihatnamalaryndan we hususy nesihatnamalardan ybarat durýarlar.

“Nesihatnamalary” iki topara bölüp bolar: faraonlaryň “nesihatnamalaryna” we şahsy nesihatnamalara. Faraonlaryň nesihatnamalary tagt myrasdarlaryna edilýän sargytlardyr. Mysal üçin, „Gerakleopol patyşasy Ahtoýyň öz ogly Merikara nesihatnamasy“ ýa-da XII nesilşalygy esaslandyran „Faraon Amenemhet I nesihatnamasy“ ýurdy dolandyrmagyň ýollary baradaky nesyhatnamalardyr. Olarda Müsür döwletinin içerki we daşarky ýagdaýy barada syýasy maglumatlar berilýär; Şahsy adamlaryň nesihatnamalarynda mysal üçin, “Ahtoýyň ogly Duaufa nesihatnamasynda” hatdatyň-ýazaryň hünäriniň beýleki hünärleriň hemmesinde (ekerançylyk, hünärmençilik, çopan, garagul we beýlekilerden) ýokarydygy bellenilýär, Täze patyşalyk döwrüniň şahsy adamlarynyň nesihatnamalarynda „Aninyň nesihatnamasynda“ we “Amenemopyň nesihatnamasynda” öz ogullaryna jemgyýetde özüňi nähili alyp barmaly, nähili ýol bilen özüňe wezipe, baýlyk we beýleki mümkinçilikleri gazanmalydygy barada nesihat berilipdir.

Welinamalar nesihatnamalaryň aýratyn görnüşi bolup, olarda başa geljek pajygaly wakalar barada welilik satylýar. "Ipuseriň welinamasy" we "Nefertiniň welinamasy" doly saklanypdyr. Olarda dowam edýän durmuşyň, adaty kada-kanunlaryň bozulmagynyň alyp barjak heläkçilikleri görkezilipdir. Bu welinamalarda döwletiň alyp barýan syýasatyna garşy halkyň gahar gazaby beýan edilýär. Halk gozgalaňlary bolsa şeýle bir janly hem aýdyň görkezilýär weli, olarda hakykatdan hem durmuşda bolýan wakalar gürrüň berilýär diýip, welinamalary öwrenýän alymlar hasap edýärler.

Şonuň üçin “Ipuseriň welinamasy” we “Nefertiniň welinamasy” Gadymy Müsüriň taryhy barada ygtybarly çeşmeler bolup durýarlar.

**Gadymy Müsür edebiýaty.** Gadymy Müsürde çeper edebiýatyň dürli žanrlaryna degişli köp sanly eserler saklanyp galypdyr. "Sinuhetiň kyssasy", "Söze çeper daýhan barada hekaýat", "Iki dogan hakynda", „Çyn hem ýalan hakynda", “Faraon Hufu hakynda hekaýalar“, „Petubastis faraon“ baradaky birnäçe ertekiler ýaly eserlerdir. Olarda rowaýatlar, toslamalar, hyýaly gürrüňler bilen bir hatarda gadymy müsürlileriň durmuşy, däpleri, kärleri, jemgyýetdäki eden-etdilikler barada hakyky maglumatlar berilýär.

"Gämi heläkçiligine uçranyň hekaýaty", "Unu Amonyň Bible syýasaty" atly powestlerde Müsüriň daşary ýurtlar bilen gatnaşyklary, onuň goňşy ýurtlara syýasy täsiri hakynda maglumatlar berilipdir. Ol geçirilen ekspedisiýalaryň ikisiniň hem hasabatlary saklanyp galypdyr. Olaryň birinde ekspedisiýanyň taýýarlanyşy, olaryň Punt diýen ýurda baryşlary we yzlaryna Müsüre dolanyp gelişleri (b. e. öň XVI asyr) barada beýan edilýär. Bu maglumatlar Deýr-el-Bahri şäherinde aýal patyşa Hatşepsutyň gurduran ybadathanasynyň diwaryna ýazylypdyr. Ikinji bir mysal, “Unu Amonyň Bible syýasaty” (b. e. öň XI asyr) atly eserde müsür ilçisiniň Finikiýa we Siriýa gidişi barada beýan edilýär. Bu şyýahat barada hakykatyň beýan edilmegi, diňe bir Müsüriň töweregindäki ýurtlar barada maglumat berilmän, eýsem Müsüriň şol döwürde olara syýasy taýdan ýetiren täsirini kesgitlemäge hem alymlara mümkinçilik berýär.

Dini häsiýetdäki eserleriň-de uly topary saklanypdyr. Müsür dini barada iň irki maglumatlar "Piramidalaryň beýanlarynda" berilip, olar V-VIII nesilşalyklaryň faraonlary (b.e.öň XXIV-XXII as.) piramidalaryň içki diwarlarynyň ýüzüne ýazdyrypdyrlar. Orta patyşalyk döwrunde şeýle mazmunly ýazgylar ýokary emeldarlaryň agaçdan ýasalan jeset

gaplarynyň ýüzünde hem peýda bolýar. Şeýle ýazgylaryň esasynda soňra gadymy Müsür dininiň esasy kitaby bolan "Merhumlaryň kitaby" ýazylypdyr. Ol Müsürlileriň düşünjesine görä merhumyň o dünýäde rahat, baky ýaşalýan "Iallaryň dünýäsine“ (behişte) düşmegi üçin ýowuz synaglardan geçende bilmeli däp-dessurlaryň, doga töwürleriň ýygyndysy bolupdyr. Müsür dini barasynda gyzykly maglymatlar "Memfis dini diwanynda" hem bardyr. Onda Ptah hudaýynyň öz keramatly sözi bilen dünýäni ýaradyşy baradaky rowaýat berilýär.

Gadymy Müsürde ylmy-bilimleriň ösüşi barada, esasan hem medisina, matematika degişli maglumatlar papirus ýapraklarynda ýazylyp saklanyp galypdyr.

**Maddy-medeniýetiň ýadygärlikleri.** Gadymy Müsüriň taryhyny, medenetini, durmuşyny öwrenmekde ýazuw çeşmeleriniň maglumatlarynyň üstüni köpsanly arheologiýa çeşmeleri-maddy-medeniýetiniň ýadygärlikleri doldurýar. Dünýäniň köp ýurtlarynyň muzeýlerinde Müsürden tapylan gadymy gap-gaçlar, zähmet we ýarag gurallary, sungat eserleriň uly toplumy jemlenipdir. Gadymy guburhanalaryň-piramidalaryň, şäherleriň, buthanalaryň, galalaryň galyndylary ýaly arheologiýa toplumlary Müsür taryhyny öwrenmekde has uly ähmiýete eýedir.

Guburhana desgalaryndan III-IV nesilşalyklaryň faraonlarynyň beýik piramidalaryndan başga-da, iň gadymy guburhanalardan Enhab (Nehen) şäherindäki, ýagny Ýokarky Müsür patyşalygynyň hökümdarlarynyň we 1922-nji ýylda açylan, talanman saklanan Tutanhamonyň guburhanasy, Deýr-el-Bahridaky täze patyşalyk döwrüniň mumýalanan faraonlarynyň toplumy aýratyn ähmiýete eýedir. Faraonlaryň guburlary, mumiýaly jesedi talaňçylar tarapyndan alynmaz ýaly, olar ilki jaýlanan ýerinden, ýagny XXI nesilşalygyň döwründe Deýr-el-Bahri gaýasynda gizlin ýagdaýda täzeden jaýlanypdyrlar. Faraonlaryň mumiýaly saklanmagy bolsa, häzirki döwrüň barlag geçiriş usulyýeti bilen faraonlaryň fiziki

gurluşyny, keselini, müsür hökümdarlarynyň ýaşyny anyklap bolýar.

Müsürde faraonlaryň guburhanalaryndan başga-da welaýat häkimleriniň guburhanalary-da gurlupdyr. Olar gaýalarda köwülip ýasalypdyr. Guburlaryň içki diwarlarynyň ýüzini oýma usulda çekilen dürli suratlar bezäpdir. Olarda emeldarlaryň ýaşaýyş durmuşynyň pursatlary, olaryň ussahanalary, olarda işleýän adamlar şekillendirilipdir. Ol şekiller gadymy Müsüriň ykdysady we sosial durmuşyny öwremekde uly ähmiýetli maglumatlardyr.

Gadymy patyşalyk döwründe baý emeldarlar öz mazarlaryny faraonlaryň piramidalarynyň ýanynda guran bolsalar, Orta we Täze patyşalyk döwründe olar mazarlaryny öz nomlarynyň ýerinde guranlaryny kem görmändirler. Örän oňat saklanyp galan emeldarlaýň guburhanalarynyň biri Antilop nomynda (häzirki Ben-Hasan) gurlupdyr. Ol gaýada çapylyp içine köwülip, ol ýerde uly bir otag edilip, onuň diwarlarynyň ýüzüne bolsa her hili şekiller çekilip, nomarhyň şu dünýäde ýaşaýyş durmuşyny, onuň hojalygyny, ekin meýdanlaryny, ussahanalaryny, olarda işleýän adamlary hakyky ýaly edip şekillendiripdirler. Bu çeşmeler müşür jemgyýetiniň ykdysadyýetini we sosial gatnaşyklaryny öwrenmek üçin gymmatly maglumatlardyr.

Müsürde merhumlary köpçülikleýin jaýlamak düzgüni irki nesilşalyk döwründe ýüze çykypdyr. Mysal üçin, Memfis şäheriniň ýanynda Fiwyli urşujylaryň Geraklopol (b. e. öň XXI asyr) şäherini gaban döwründe heläk bolanlaryň 10 müňsiniň mazarynyň üsti açyldy, şeýle-de Abidosdaky ady belli Nekropol (baş hudaýyň öýi) şeýle mazarlaryň biridir. Orta asyr patyşalyk döwründen başlap Abidos umumymüsür merkezine öwrülip, onda baş hudaý Osiris hasaplanypdyr. Şol döwürden başlap, Müsüriň ähli ýerinde adamlar özlerine merhumyň ýanynda içi boş tabydy goýmaklyk (kenotaf) däbi ýüze çykypdyr, merhum nirede ölse şol ýerde hem jaýlanypdyr.

Abidos Nekropolynda bir ýarym müň heläk bolanlaryň mazar ýerleri, heýkeller, ybadathanalaryň şekiljikleri müsüriň medeniýeti, dini we jemgyýetçilik gurluşy barada iň gummatly maglumatlary özünde jemleýär.

Gadymy şäherlerde geçirilen gazuw-barlag wagtynda tapylan tapyndylar hem Müsüriň taryhy barada köp maglumatlary berýär. Arheologiki taýdan has oňat öwrenilen gadymy şäherleriň biri-de ýokarky Müsür patyşalygynyň paýtagt şaheri diýilip çaklanylýan Enhab (b. e. öň IV müňýyllygyň ikinji ýarymy) şäheridir. Orta patyşalyk döwründen saklanyp galan Illahun şäheriniň galyndylary, bu ýerde ýaşan orta we ýokary gatlak adamlary üçin gurlan ýaşaýyş jaýlary, senetçileriň ussahanalary barada maglumatlar saklanypdyr. Müsür binagärçilik gurluşygynyň iň oňat ýadygärlikleriniň biri-de faraon Ehnatonyň paýtagty Ahetaton şäheridir. Ol Ýokarky Müsüriň orta böleginde (häzirki el-Amarna) ýerleşip, onda patyşa köşgi, Aton hudaýynyň ybadathanasy, emeldarlaryň we begleriň haşamlanyp salnan jaýlary, ýaşaýyş jaý toplumlary, döwlet dolandyryş edaralary ýerleşipdir. Ahetaton şäheri ýörite işlenip düzülen meýilnama esasynda gurlupdyr, emma Ehnaton ölenden soň ol tiz wagtdan taşlanypdyr, şonuň üçin şäheriň arheologyki ýadygärlikleri oňat saklanypdyr.

Müsüriň giçki döwrine degişli Deltadaky Tanis şäheri has oňat öwrenilen şaherleriň biridir. Şaherler baradaky maglumatlaryň üstüni galalarda geçirilen gazuw-barlaglaryň netijesinde tapylan maglumatlar hem dolduryarlar. Açylan iri şäherleriň biri-de Nibiýanyň ýerinde, Gyzyl deňziň kenarynda ýerleşen gadymy müsirlileriň Gasuu port şäheridir.

Ýurduň dürli künjeklerinde gurlan äpet uly ybadathanalar hem binagärçilik ýadygärlikler hasap edilýär. Olaryň içinde Josseriň (III nesilşalyk) piramidasynyň ýanyndaky merhumlaryň ybadathanasy, Abusirde we Bubastide (V nesilşalyk) gurlan Ra hudaýynyň ybadathanasy, Mentihotep I

(XI nesilşalyk) Deýr-el-Bahride merhumy jaýlamak üçin gurlan ybadathana toplumy we Fiwydäki äpet uly Amon-Ra ybadathanasynyň toplumy, şeýle-de Luksordaky we Karnakdaky toplumlar girýärler.

Köp möçberdäki taryhy maglumatlary Müsüriň goňşylary bolan ýurtlardan-Nubiýadan, Palestinadan, Siriýadan we Ortaýer deňziniň gündogar welaýatlaryndan alyp bolýar. Bogazkeýdäki hett patyşalarynyň arhiwy, Injiliň birnäçe kitaplarynda şol ýurtlaryň Müsür bilen özaragatnaşyklary, şol döwrüň halkara gatnaşyklary barada köp maglumatlary berýärler. Galyberse-de Ortaýer deňziniň gündogar kenaryndaky halklaryň we Nibiýanyň uly Müsür döwletiniň düzümine giren wagtyndaky müsüriň öz ýazuw, maddy we medeni ýadygärlikleri saklanyp galypdyr.

Gadymy Müsüriň taryhy barada gadymy grek awtorlarynyň dördüsiniň taryhy işleri has hem ähmiýetlidir: Gerodotyň “Grek-Pars uruşlarynyň taryhy”(b.e.öň V as.), Diodor Sisiliýskiniň „Taryhy kitaphana“(b.e.öň I as.), Strabonyň „Geografiýa“ (b.e.öň I as. b.e. I as.) we Plutarhyň „Osiris we Isida hakynda“ (b.e.öň II as.) eserlerinde giňişleýin maglumatlar berilýär. Olaryň içinde Gerodotyň berýän maglumatlary has gymmatlydyr. Gerodot Müsüre syýahat edipdir, köp şäherleri, buthanalary gözi bilen görüpdir. Onuň ýazan taryhy eseri häzirki güne çenli Müsüriň gadymy taryhy boýunça gymmatly we ygtybarly çeşme bolup durýar. Gerodotyň eseriniň Giçki Müsüruň (b. e. VII-VI asyrlar) taryhy üçin hem ähmiýeti ulydyr, sebäbi ol müsür däbinde yzygyderli müsür taryhyny beýan edipdir, şonuň üçin Gerodotyň “Taryh” atly işi iň zerur çemeleriň biri hasap edilýär.

**Gadymy Müsüriň taryhynyň XIX-XX asyrlarda öwrenilişi.** Müsüri öwreniş (Ýegipetologiýa) ylmy diýilip gadymy müsür siwilizasiýasyny, ýagny ykdysadyýetini, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny, döwletiň döreýişini we ösüşini, medeniýetini, dinini we gadymy müsüriň dilini öwrenýän ylma

aýdylýar. Gadymy Müsüriň taryhyny ylmy taýdan öwrenmeklik XIX asyryň başyndan başlanýar. Şol döwre çenli Gadymy Müsüriň medeniýetini öwrenmeklik hiç kim tarapyndan geçirilmedi diýen ýalydyr. Ýewropa alymlary gadymy müsür medeniýeti boýunça antiki ýazarlaryň (ilki bilen hem Gerodotyň işleri), eserlerinde saklanan bölek-büçek maglumatlar bilen tanyşlyklary bolan bolmasa ýa-da Imjil-Bibliýa kitabynyň Wethiý Zawetiniň maglumatlary bolaýmasa, olaryň Müsür medeniýeti barada düşünjeleri, başga bir maglumatlary bolmandyr.

XIX asyryň başyndan başlap, esasan hem Napoleon Bonapartyň Müsüri basyp almak baradaky harby ekspedisiýasyndan soň, ýewropalylaryň müsür taryhyna bolan gyzyklanmasy güýçlenýär. 1798-nji ýylda Napoleon Müsüri basyp almak üçin ugraýar. Ol ýany bilen alymlaryň uly toparyny-da alyp barýar. Alymlaryň öňünde Müsüriň taryhy, medeniýeti, ýadygärlikleri, geografiýasy barada maglumatlary toplamak we olary beýan etmeklik wezipesi goýulýar. Alymlaryň toplan maglumatlary netijesinde 1809-1828-nji ýyllar aralygynda 48 tomdan ybarat “Müsüriň beýany” atly taryhy maglumatlar çap edilýär. Bu kitaplar çap edilenden soň ýewropalylara Müsür bilen tanyşmaga mümkinçilik bolýar.

Emma Müsüri öwreniş ylmy, ylmy ders hökmünde 1822-nji ýylda fransuz alymy Jak Fransua Şampolionyň gadymy Müsür hatyny okamagyň usulyny tapmagy bilen başlanýar. Şampolion harby ekspedisiýa döwründe Rozetta (Niliň Deltasynda) obasynyň ýanyndan tapylan we Fransiýa getirilen daşyň ýüzündäki gadymy ýazgylary derňäp, onuň iki dilde gadymy müsür we gadymy grek dillerinde ýazylandygyny anyklapdyr, soňra ol müsür hatynyň beýleki belgileriniň hem üstini açýar. Gadymy grek dilini oňat bilýän alym ýazgynyň grekçe ýazylan bölegindäki Müsür patyşalary Ptolomeýiň we Kleopatranyň atlarynyň ýazgynyň müsürçe böleginde nirede ýerleşendigini tapypdyr. Ol sözleri ýazmak üçin gadymy

müsürlileriň nähili belgileri ulanandygyny öwrenipdir we olaryň manysyny anyklapdyr. Şeýlelik bilen gadymy Müsür hatyny okamagyň usuly tapylypdyr. Bu açyş Müsüri öwreniş ylmynyň (Ýegiptologiýa) başlangyjy bolupdyr. Şampolion Müsüre ylmy ekspedisiýa gurnap oňa ýolbaşçylyk hem edipdir. Ol Gadymy Musür diliniň ilkinji grammatikasyny we ilkinji sözlügini işläp düzýär. Bu işler Şampolion aradan çykandan soň neşir edilipdir.

Gadymy Müsüre degişli köp mukdardaky hatlary öwrenmek we okamak, ýazgylary we maddy maglumatlary ýygnamak hem terjime etmek, Gadymy Müsür siwilzasiýasyna degişli ýadygärlikler baradaky maglumatlary çap etmek işleri XIX asyryň 20-nji ýyllaryndan başlap 80-nji ýyllaryna çenli dowam edýär. Bu möhüm işde nemes alymlary K. Lensiusyň we G. Brugşyň hyzmatlary has uludyr. Olar diňe bir ýazgylary okamak bilen çäklenmän, eýsem arheologiýa barlaglary döwründe üsti açylan täze maglumatlar bilen ylmy baýlaşdyrýarlar. Olar şol maglumatlaryň esasynda, Gadymy Müsüriň taryhy boýunça gymmatly ylmy işleri-de ýazypdyrlar. Bu alymlar Gadymy Musür taryhyny ýazmagyň, onuň taryhyny döwürleşdirmekligiň hem basyny başlaýarlar. K. Lepsiusyň 1848-1849-njy ýyllarda ýazan “Müsür hronologiýasy” we “Müsür faraonlary baradaky kitap”, şeýle-de G. Brugşanyň “Faraonlaryň taryhy” ýaly işleri mür taryhy barada ýazylan ilkinji düýpli işlerdir. Olar Şampolionyň başlan müsür hatyny okamagyň usulyny dowam etdiripdirler we tamamlapdyrlar.

XIX asyryň 80-nji ýyllarynda Ýewropa ýurtlarynyň arasynda koloniýalary bölüşmek ugrunda başlanan bäsdeşlikler, şol sanda Müsüri eýelemeklik meselesi Angliýanyň, Fransiýanyň we Germaniýanyň hökümetleriniň Müsür taryhyna, şol sanda gadymy Müsür siwilizasiýasyna bolan gyzyklanma has hem güýçlenýär we öňkülerine garanda geçirilýän ylmy ekspedisiýalar has köp maliýalaşdyrylyp başlanýar. XIX asyryň ikinji ýarymynda Ýewropa taryhnama

ylmynyň üstünlikleri, ýagny gadymy hatlaryň okalyş usulynyň doly tamamlanmagy, köp sanly maddy maglumatlaryň ylmy aýlanyşyga girizilmegi, müsüri öwreniş ylmynyň berk dübüniň tutulmagyna getirýär.

XIX asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap, Gadymy Müsüriň taryhyny öwrenmekde has netijeli işler amala aşyrylyp başlanýar: 1) Bu döwürde ýadygärliklerde arheologiýa barlaglaryny geçirmegiň ylmy usullary işlenip düzülýär. Tapyndylary gorap saklamak we muzeýleşdirmek boýunça uly işler edilýär. 2) Arhelogiýa barlaglarynyň netijeleri we ýazuw ýadygärliklerini ylmy düşündirişler bilen çap edilmegi hem ýola goýulýar. 3) Müsüriň gadymy taryhy we medeniýeti, onuň taryhynyň aýry-aýry döwürleri we meseleleri boýunça işlenmegi, Müsür siwilizasiýasynyň Ýakyn Gündogaryň taryhynda tutýan orny barada umumylaşdyryjy häsýetdäki eserleriň uly toplumy döredilýär.

Bulardan başga-da XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda alymlar tarapyndan taýýarlanan gadymy Müsüre degişli köpsanly gymmatly ýygyndylar çap edilýär. Arheologiki maglumatlaryň köp tomlukda seriýalaýyn çap edilip başlamagy, mysal üçin: “Müsür gadymyýetiniň baş kataloginiň Kaýirdäki muzeýi” (1901-1960), has uly neşirlerden bäş tomdan ybarat amerikan alymy D. Brested tarapyndan taýýarlanylan "Iň gadymy döwürden pars basybalyşlaryna  çenli Müsür taryhy boýunça resminamalar", nemes alymy K. Zeteniň  ýolbaşçylygynda "Müsür gadymyýeti boýunça ilkinji çeşmeler" atly Gadymy, Orta we Täze patyşalyklarynyň taryhyna degişli gymmatly maglumatlar toplumynyň çap edilmegi uly ähmiýete eýe bolýar. D. Zeýten şeýle-de 4 tomdan ybarat “Piramidalaryň beýanlary”, 4 tomdan ybarat XVIII nesilşalyga degişli resminamalary çap edýär. Çap edilen arheologiýa maglumatlary we ýazgy ýadygärlikleri gadymy Müsüriň taryhyny çuňňur hem köptaraply öwrenmäge esas bolup hyzmat etdi.

Köp tomlyklarda Illahunda we Gurobeda geçirilen gazuw –barlag işleri netijesinde tapylan papirus ýazgylary, Müsür dininiň esasy ýadygärligi bolan “Merhumlaryň kitaby”, ýene-de birnäçe ähmiýetli resminamalar çap edilýär. Bu çap edilen işleriň netijesinde, alymlaryň elinde örän oňat barlanan we düşündiriş berilen ýazuw we maddy çeşmeleriň jemlenmegi, barlagçylara Gadymy Müsüriň taryhynyň we medeniýetiniň dürli meseleleri we ugurlary boýunça işlemeklerine mümkinçilik döredýär. Şonuň üçin hem XX asyryň birinji çärýegine çenli Müsüriň taryhy boýunça birnäçe umumylaşdyryjy işler ýazylýar. Netijede bolsa gadymy müsür taryhynyň ösüş ýoly, Müsüriň Ýakyn Gündogaryň we bütin gadymy dünýäniň taryhynda tutýan orny kesgitlenilýär.

Gadymy Müsüriň taryhy boýunça çap edilen işlerden U. Flinders Pitriniň 3 tomluk " Müsüriň taryhy iň gadymy döwürden bäri ", D. Brestediň 2 tomluk "Müsüriň taryhy " we A. Moreniň "Faraonlaryň döwründe ", "Müsür patyşalary we hudaýlary" ýaly düýpli eserler ýazylýar. Bu eserler Gadymy Müsür boýunça iň görnükli bilermen taryhçylara degişli bolup, olar Müsüriň häzirki zaman taryhyna we medeniýetine düşünmegiň esaslaryny goýdylar. Ol işleriň ýazarlary dürli maglumatlardan habarly bolup Gadymy Müsüriň ýaşaýyş durmuşynyň dürli taraplaryny beýan edýärler. Alymlar esasan harby-syýasy we nesilşalyklaryň taryhyna, gadymy müsür dininiň dürli meselelerine we medeniýetine üns beripdirler. Şunuň bilen birlikde bu alymlar müsür siwilizasiýasynyň ähmiýetini mahabatlandyrmaga ýykgyn edipdirler. Muňa garamazdan bu eserler Gadymy Müsür taryhy boýunça düýpli işler hasaplanylýar.

Gadymy Müsüriň taryhyny öwrenmekde XX asyrda täze döwür başlanýar. Bu döwürde gadymy Müsür taryhynyň hem-de medeniýetiniň ählumumy taryhda tutýan orny hem ähmiýeti baradaky meselä täzeden seretmeklige aýratyn üns berilýär. Eger ozal Müsür siwilizasiýasynyň orny hem ähmiýeti taryhy

işlerde ösdürilip görkezilen bolsa, indi islendik siwilizasiýanyň uly bolsun, kiçi bolsun ählumumy taryhy ösüşiň dowamynda, olaryň ornunyň birmeňzeşligi baradaky pikirler öňe sürilýär.

## §1. Irki döwletleriň emele gelmegi. Merkezleşdirilen Müsür döwletiniň döredilmegi

**Gadymy Müsür nesilşalyklardan öňki döwürde.** Niliň jülgesi we onuň bilen goňşy welaýatlar adamlar tarapyndan ir döwürde özleşdirilip başlanypdyr. Bu ýerlerde paleolit döwrüniň awçylarynyň we ýygnaýjylarynyň, mallaryň we balyklaryň süňkleriniň toplanan ojaklarynyň üsti açyldy. Käbir adam duralgalarynda müňläp daş gurallar tapyldy. Şeýle duralgalar Faýum oazisyndan, Ýokarky Müsürden we beýleki ýerlerden tapyldy. Daş asyrynyň medeniýetiniň iň ösen döwri ýokarky paleolit (b. e. öň 20-10 müň ýyllyklar) döwrüne degişlidir. Niliň bu döwründäki adamlar balyk tutupdyrlar, deňiz malýuskalaryny, iýilýän ösümlikleri ýygnapdyrlar, ýabany haýwanlary we guşlary awlapdyrlar. Mysal üçin, iň gadymy Kom-Ombo gonalgasy 5 müňýylyň dowamynda (b. e. öň 15-10-njy müňýyllyklarda) diňe bir ýabany öküzleri we sugunlary däl, eýsem jerenleri we guşlaryň dürli görnüşlerini awlan ilkidurmuş adamlarynyň oturymly ýeri bolup hyzmat edipdir. Niliň barha köpelýän ilaty bu ýerdäki taýýar iýmitleri çöplemegi we peýdalanmagy özleşdiripdirler. Bularyň hemmesi gadymy adamlaryň durmuşynda uly özgerişleriň bolmagyna getiripdir. Adamlar Niliň mes topragyny özleşdirip ekerançylyga we ýabany haýwanlary eldekilesdirip maldarçylyga geçip başlapdyrlar. Bu geçiş neolit döwründe bolup, adamlar daşdan gurallary dürli ýollar bilen ýasamagy, olary ýonmagy öwrenipdirler. Niliň jülgesinde iň gadymy neolitik ekerançylarynyň we maldarlaryň oturymly ýerleri b. e. öň VI-V müňýyllygyň çatrygyna degişli hasap edilýär.

Müsüriň ýerinde ýokarda aýdyşymyz ýaly gadymy adamlar paleolit zamanynda ýaşap başlapdyrlar. Olar awçylyk hem ýygnaýjylyk bilen meşgullanypdyrlar. Neolit zamanynda (b.e.öň VI-V müňýyllygyň çatrygy) Deltada we Ýokarky Müsürde ilkinji oturymly obalar peýda bolýar. Berk oturymlylyga geçmek kätmenli ekerançylyk bilen meşgullanmaga ýardam edipidir. Günorta Müsürde b.e. öň V müňýyllyga degişli ýadygärlikleriň biri-de Faýum oazisiniň kenarlarynda ýerleşipdir. Faýum kölüniň ilaty iri we ownuk şahly mallary, doňuzlary köpeldipdirler, iýmit üçin balyklary peýdalanypdyrlar. Artykmaç galla saklamak üçin bu ýerde ýörite çukur gazyp, onuň aşagyna gamyş düşelip onsaň galla guýlupdyr. Bu döwürde adamlar, ýagny (ekerançylyk medeniýetine degişli) palçykdan sünnälenen bolmadyk hem bolsa, gap-gaç ýasamagy bilipdirler we olary peýdalanmagy başarypdyrlar.

Ýokarky Müsürde şu döwürde maldarçylyk we ekerançylyk bilen meşgul bolan, taýsi medeniýetini döreden taýpalar ýaşapdyrlar. Bu taýpalar arpa we bugdaý ekipdirler, ownuk mallary köpeldipdirler, palçykdan küýzeleri ýasapdyrlar. Küýzeleriň daş ýüzi çal we gara reňkli bolup, käbirlerine bezeg çyzyklary çekilipdir. Emma olaryň ýaşaýyşynyň esasy çeşmesi awçylyk we balykçylyk bolupdyr. Olar azyklaryny ýörite ýasalan küýze gaplarda saklapdyrlar. Taýsiler jemagat (obşina) bolup ýaşapdyrlar. Suwarymly ekerançylygyň ýönekeý görnüşiniň başlanmagy şu döwre degişli bolmagy hem mümkin. Zähmet gurallary entek daşdan we süňkden ýasalypdyr.

B.e.öň V müňýyllygyň ahyrynda IV müňýyllygyň 1-nji ýarymynda ekerançylykda emeli suwaryş ulgamy giňeýär. Mis gurallar ýüze çykýar we olaryň sany artýar. Hünärmentçilik ösüp ugraýar. Ulag serişdelerini ýasamakda hem öňe gidişlik bolýar. Üsti kaýutaly, alty jübit kürekli gaýyklar peýda bolýar. B.e.öň IV müňýyllygyň 2-nji ýarymynda emeli suwaryşa

esaslanýan ekerançylyk has giňeýär. Köp görnüşli hünärmentçilik ekerançylykdan bölünip aýrylýar. Laýdan ýasaln jaýlar ilatyň berk oturymlyga geçendigine güwä geçýär. Mazarlardan aw gurallarynyň has az tapylmagy bolsa, awçylygy maldarçylygyň gysyp çakarandygyndan habar berýär. Her dürli metal önümleriniň ýasalmagy: paltalaryň, pyçaklaryň, hanjarlaryň, gap-gaçlaryň we hojalyk üçin çemçeleriň ýasalmagy hünärmentçilikde uly üstünlikleriň gazanylandygyny görkezýär. Käbir zatlar, şol sanda hanjarlar kümüşden ýasalypdyr. Meteorit demirinden ýasalan monjuklar hem bolupdyr.

Bu döwürde söwda has giň gerime eýe bolýar. Aziýadan Müsüre gurşun, kümüş getirilipdir. Hat-da esasy ýurdy demirgazyk Owganystan hasaplanýan lazurit daşy, Derýaaralygyndan güberçek şekilli möhürler getirilipdir. Şeýlelik bilen, yzygiderli söwdanyň ösmegi onuň halkara derejesinde alnyp barylmagyna getiripdir. Şeýle tapyndylar gerzeý medeniýetini döreden taýpalaryň döwrüniň söwda gatnaşyklary, onuň ýurdyň taryhynda tutýan orny baradaky meselä başgaça garap başlan alymlar hem bolupdyr. Olaryň pikirlerine görä basybalyjy Aziýaly gelmişekler Derýaaralygynyň (mesopotamiýa) medeniýetini, şol sanda olaryň hatyny-ýazuwyny özleri bilen getiripdirler we Müsürde ornaşdyrypdyrlar diýen pikire ýykgyn edýärler. Emma maglumatlaryň çuňňur öwrenilmegi başga ýurtlaryň Müsüre medeni täsiriniň juda az bolandygyny görkezdi. Hakykat-da bolsa, ol tapyndylaryň diňe söwda gatnaşyklaryň netijesinde Müsüre düşendigi subut edilýär, sebäbi müsür medeniýeti umuman gerzeý döwründe-de özüniň özboluşlygyny doly saklap gelipdir.

**Ilatyň sosial düzümi**. Ilatyň sosial düzümi düýpli özgerýär. Onuň şeýle bolandygyny mazarlaryň ölçeglerinde uly tapawutlaryň bolmagy hem subut edýär. Bu bolsa jemgyýetde deňsizligiň ýüze çakyp, taýpa serdarlaryň, baý adamlaryň öňe

saýlanandygyndan, jemgyýetiň gatlaklara bölünendiginden habar berýär. Taýpa serdarlaryny jaýlamaklyk bolsa has ýokary derejede geçirilipdir. Gadymy Müsür mazarlarynda geçirilen gazuw-barlag işleri, mazarlaryň köpüsiniň talanandygyna garamazdan, olarda goýulan pyçaklaryň saplary pil süňkünden ýasalypdyr, käbirleriniň daşy altyndan gaplanypdyr ýa-da ýüzi çeper nagyşlanan matalar bilen bezelipdir. Ierakonpoldan tapylan serdaryň uly mazary aýratyn tapawutlanýar. Onuň dywarlary çyg kerpiçden örülip, owadan nagyşlar bilen bezelipdir.

Garamaýak ilatyň arasyndan begler saýlanyp ugraýar. Olar öndürilýän artykmaç önümleri öz elinde jemläp ugraýarlar. Durmuşy deňsiligiň ýüze çykmagy maldarçylygyň has hem ösmegine getirýär. Maldarçylykda artrykmaç önümiň öndürilmegi taýpa serdarlarynyň has baýlaşmagyna getiripdir.

Şu döwürden başlap Müsürde gulçulyk instituty hem ýüze çykýar. Gullar taýpalaryň we uruglaryň arasynda bolan harby çaknyşyklaryň netijesinde ýüze çykypdyr. Emma ilkidurmuş gatnaşyklary ýagdaýynda, öndüriji güýçleriň juda pes bolmagy, adamlary ýesir almaklyk basybalyjy taýpalar üçin peýdaly bolmandyr, olary iýdirip-içirmeklik taýpa üçin artykmaç ýük bolupdyr. Haçanda öndürüjilikli ekerançylygyň döredilip, bol hasylyň alynmagy, ekerançylykda işletmek üçin ýene-de goşmaça işçi güýji gerek bolupdyr, bu bolsa adamynyň zahmetiniň gymmatyny artdyrypdyr. Indi ýesiriň zähmetini peýdalanmak üçin mümkinçilik ýüze çykýar, şonuň üçin ýesiri hemişekileri ýaly öldürmän, olary gula öwrüp başlaýarlar. Şeýlelik bilen, ýesir düşenleri gula öwürmek adamlar üçin bähbitli bolupdyr. Gadymy müsürliler şolar ýaly ýesirleri "öli-janlar"diýip atlandyrypdyrlar.

B. e. öň IV müňýylygyň ortalarynda gadymy gündogar jemgyýetlerine mahsus gatlaklar, şol sanda gadymy müsürde hem ýüze çykýar. Müsürde esasan üç sany gatlak ýüze çykypdyr: agalyk ediji gatlak, oňa urug-taýpa serdarlarynyň

nesilleri bolan begler, ruhanylar, iri ýer eýeleri giripdir; daýhanlardan we hünärmentlerden ybarat ownuk öndürijiler gatlagy; şeýle-de az möçberde gullar gatlagy peýda bolýar.

Munuň özi jemgyýetde täze emele gelen gatlaklaryň arasyndaky özara gatnaşyklary düzgünleşdirýän gurama bolan - döwletiň ýüze çykmagyna getiripdir. Gadymy Müsürde döwlet ykdysadyýetiň esasyny düzýän oba hojalygyny kadaly ýöretmäge, suwaryş desgalaryny gurmak hem abat saklamak üçin jemgyýetçilik işlerini guraýjy hökmünde öňe çykýar.

Müsürde dörän ilkinji döwletler uly bolmandyr. Olar adatça bir şäheri we birnäçe obalary öz içine alýan kiçiräk welaýatlardan (nomlardan) ybarat bolupdyr. Olaryň merkezinde hökümdaryň jaýy we baş hudaýa çokunylýan ybadathana ýerleşipdir. Ýokarky Müsürde Irki patyşalyk döwründe hem nomlaryň 22-si döräpdir. Aşaky Müsürde bolsa 20 sany nomlyk emele gelipdir. Müsüriň tebigy-geografiki şertleriniň aýratynlygy ownuk döwletleriň birleşmegine zerurlyk döredipdir. Netijede b.e.öň IV müňýyllygyň ahyrlarynda özara uruşlaryň netijesinde ownuk döwletler birleşip, Müsürde iki sany döwleti emele getiripdirler. Olaryň biri Aşaky Müsürde, beýlekisi Ýokarky Müsürde ýerleşipdir. Ýokarky Müsüriň hökümdary ak reňkli täç geýipdir, onuň paýtagty Enhab şäheri bolupdyr. Aşaky Müsüriň hökümdary gyzyl reňkli täç geýipdir, onuň paýtagty Buto şäheri bolupdyr.

Bu döwletler birnäçe wagtlap özbaşdak döwletler bolup ýaşapdytrlar, emma olaryň arasynda uruş hereketleri hem bolup durupdyr. Emma bütewi döwlet bolmaklyk aňyýeti dowam edipdir, netijede bu iki döwletiň birleşmegi bolup geçýär. Ýokarky Müsüriň hökümdarlary has güýçli bolupdyrlar. Olar Aşaky Müsüri boýun egdirmäge şalşypdyrlar. Irki ýazgy ýagygärlikleriniň birinde Ýokarky Müsüriň hökümdarynyň ýeňiş gazanandygy we 6 müň duşmany ýesir alandygy barada maglumatlar saklanypdyr. Netijede bütewi döwlet emele gelip,

ol Niliň birinji bosagasyndan başlap, tä Ortaýer deňziniň kenarlaryna çenli ýerleri eýeläpdir.

**Gadymy Müsüriň taryhyny senelemek we onuň döwürleşdirilişi.** Gadymy Müsür taryhy diýilip, Müsürde irki synpy jemgyýetiň we döwletiň ýüze çykan döwründen, ýagny b. e. öň IV müňýyllygyň ikinji ýarymyndan başlap, Müsüriň b. e. öň VI asyryň ahyrlarynda Eýranyň Ahemeniler patyşalygynyň düzümine goşulyp özüniň garaşsyzlygyny ýitiren döwrüne aýdylýar.

Gadymy Müsüriň taryhyny senelemek meselesi belli-bir derejede kynçylyk döredýär. Çünki gadymy döwürde ýyl hasaby belli bir bellenen seneden başlanman her bir hökümdaryň dolandyran ýyllary boýunça ýöredilipdir. Mysal üçin, Müsür bilen Hett döwletiň arasydaky belli ýaraşyk şertnamasynyň senesi resminamalardan Ramses II dolandyran 21-nji ýylynda baglaşyldy diýilip görkezilýär. Şoňa görä-de öňi bilen hökümdaryň ( Ramses II ) dolandyran ýyllarynyň biziň ýyl hasabymyzdan näçinji ýyllara gabat gelýändigini anyklamaly. Onuň üçin ýazgylardaky anyk seneläp bolýan wakany (gün tutulmagy, üýtgeşik kometanyň görülmegi we şm.) başlangyç ýyl hökmünde alynýar. Ony gadymy Müsür kalendary, faraonlaryň sanawy bilen deňeşdirilýär we arifmetiki hasaplamalaryň kömegi bilen gadymy Müsüriň taryhynyň senenamasy düzülýär. Emma hökümdarlaryň sanawundaky nätakyklyk kähalatda hökümdarlyk etmedik adamlaryň sanawa goşulmagy ýa-da sanawdan haýsydyr bir hökümdaryň adynyň düşüp galmagy senelemekde ýalňyşlyk döredýär. Şoňa görä-de okuw kitaplarynda-da, ylmy işlerde-de käte şol bir wakalaryň dürli senelenmegi geň däldir.

Gadymy Müsüriň 4000 ýyl töweregi dowam eden taryhyny şu aşakdaky döwürlere bölüp bolar:

**1. Ilkinji nesilşalyklardan öňki döwür.** (b. e. öňki IV müňýyllygyň başlary). Urug jemgyýetiniň dargap başlan döwri.

**2. Ikinji döwür** hem nesilşalyklardan öňki döwri öz içine alýar, ol IV müňýyllygyň ortalaryndan başlap onuň ahyrlaryna çenli dowam edýär. Bu döwür jemgyýetde sosial deňsizligiň ýüze çykyp, suwaryş ulgamynyň başlanmagy bilen, ilkinji nom döwletleriniň emele gelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Döwrüň ahyry Ýokarky we Aşaky Müsür patyşalyklarynyň döremegi bilen tamamlanýar.

**3. Irki patyşalyk döwri.** (b. e. öň. XXXIII- XXIX asyrlar). I-II umumymüsür nesilşalyklarynyň dolandyrmagy. Bütewi Müsür döwletiniň emele gelmegi

**4. Gadymy patyşalyk döwri. Müsüriň merkezleşdirilmegi.** (b. e. öňki XXVIII- XXIII asyrlar). III-VI nesilşalyklaryň dolandyran ýyllary.

**5. Orta patyşalyk döwri.** Müsürde täzeden merkezleşdirilen döwletiň gurulmagy. (b. e. öňki XXI asyryň ortalaryndan-XVIII asyra çenli). XI-XIII nesilşalyklaryň dolandyran ýyllary

**6. Täze patyşalyk döwri.** Müsür siwilizasiýasynyň gülläp ösmegi. (b. e. öňki XVI- XI asyrlar). XVIII-XX nesilşalyklaryň dolandyran döwürleri

**7. Giçki patyşalyk döwri.** Daşary ýurtlylaryň agalygy. (b. e. öňki IX-VI asyrlar). XXII-XXV nesilşalyklaryň dolandyran döwürleri

**8. Müsürde ahemenileriň agalyk** eden döwründe wagtlaýyn özbaşdak dolandyran hökümdarlaryň döwri. XXVII-XXX nesilşalyklaryň dolandyran döwürleri (b. e. öňki VI-IV asyrlar).

Bulardan başga-da, Müsüriň taryhynda Gadymy patyşalyk bilen Orta patyşalygyň arasynda, Orta patyşalyk bilen Täze patyşalygyň arasynda hem-de Täze patyşalyk bilen Giçki patyşalygyň aralygy - I, II, III geçiş döwürleri diýilip atlandyrylýar. Müsüriň dagynyk bolan döwürleri.

**I. Geçiş döwri.** B. e. öňki XXIII-XXI asyrlar. Bütewi Müsür döwletiniň aýry-aýry nomlara bölünen döwri. (VII-X nesilşalyklaryň dolandyran döwürleri).

**II. Geçiş döwri**. B. e. öňki XVIII asyryň ahyrlary, XVI asyryň ortalary. Müsüriň gowşamagy. Halk gozgalaňlary. Giksoslaryň Müsüri basyp almaklary. (XIV-XVII nesilşalyklaryň dolandyran ýyllary)

**III. Geçiş döwri.** XXI nesilşalygyň dolandyran ýyllary ( b. e. öňki XI-X asyrlar). Müsüriň pese gaçan döwri.

**Irki patyşalyk döwri (b.e.öň XXXI-XXIX asyrlar).** Aşaky we Ýokarky Müsür patyşalyklarynyň birleşmegi Gadymy Müsüriň taryhynda ähmiýeti boýunça uly bir böküş hasaplanylýar. Bir döwletiň möçberinde Niliň we Deltanyň ähli baýlygynyň bir döwletiň elinde jemlenmegine getirýär, netijede umumy müsür suw ulgamynyň döremegi üçin hem amatly şert emele gelýär. Üstesine-de ýurdyň kuwwatyny gaçyrýan özara uruşlaryň ýerine, indi syýasy bütewilik emele gelýär.

Müsüriň birleşmegi aşaky we ýokarky müsür patyşalyklarynyň arasynda bolup geçen köp sanly uruşlaryň netijesinde amala aşyrylýar. Ýokarky



Harmeriň daşa çekdiren şekili. (stela)
Ýüz we arka tarapy

Müsüriň hökümdary Menes (Manefon tarapyndan düzülen patyşa nesilşalygynda, ol Minoý diýilip atlandyrylypdyr, käbir ýazgylarda Narmen hem diýilýär) takmynan b.e.öň 3000-nji ýyllarda ýurdy birleşdirýär we bitewi Müsür döwletiniň hökümdarlarynyň 1-nji nesilşalygyny esaslandyrýar. Onuň köp

taraplaýyn alyp baran işleri antiki awtorlaryň işlerinde beýan edilipdir. Bu döwletiň çäkleri Niliň 1-nji bosagasyndan Delta çenli ýerleri öz içine alýar. Ýurduň paýtagty ilki Abidos şäheri bolýar. Soňra Menes döwletiň iki bölegini jebisleşdirmek maksady bilen Aşaky hem Ýokarky Müsüriň araçäginde täze paýtagt şäheri esaslandyrýar. Oňa „Ak gala“- Memfis diýip at beripdirler. Ol Müsüriň iň iri şäherleriniň birine öwrülýär.

Minoýyň döwründe köp sanly kanallar we bentler gurulýar, onuň netijesinde Memfisiň töwereginde ep-esli ýerler özleşdirilýär. Paýtagtda Ptah hudaýynyň hatyrasyna ybadathana hem galdyrylýar.

Irki patyşalyk döwri takmynan b.e.öň 3000-2800-nji ýyllary öz içine alýar. Bu döwürde Müsüri I-II nesilşalyklaryň faraonlary dolandyrypdyr.

Ýurdyň birleşdirilmegi ykdysadyýetiň ösmegine oňaýly täsir edipdir. Jemgyýetçilik işlerine bir merkezden ýolbaşçylyk edilipdir. Zähmetkeş ilat döwlet emeldarlarynyň ýolbaşçylygynda suw gurluşyk işlerini ýerine ýetiripdir. Suwaryş ulgamy kämilleşdirilipdir we giňeldilipdir.

Munuň özi ekin meýdanlarynyň giňelmegine, hasyllylygyň artmagyna ýardam edipdir. Gallaçylyk bilen bir hatarda bagçylyk hem ösdürilipdir. Ýurduň demirgazygynda üzüm, günortasynda bolsa hurma agaçlary ösdürilip ýetişdirilipdir. Kenep ekilýän ýerler giňelipdir. Ondan ýörite mata dokamak üçin ýüplükleri öndüripdirler. Ownuk hem iri sahly mallaryň sany artypdyr.

Birinji nesilşalygyň faraonlary Abudosyň töwereklerinde özlerine üýtgeşik guburhanalar gurmaga başlapdyrlar. Olar çyg kerpiçden gurlupdyr we ägirt uly ýerasty desga bolupdyr. Merhum faraony jaýlanlarynda onuň gapdalynda hyzmatkärlerini we köşk gullukçylaryny jaýlamak däbi ýüze çykypdyr. Üsti açylan Narmeriň mazarynyň ýanynda onuň hyzmatkärleriniň 33-niň gubrynyň barlygy anyklanylýar. Irki patyşalyk döwründen başlap Faraonlar gitdigiçe has uly

guburhanalary saldyrypdyrlar, faraonlary iň soňky ýoluna bolsa barha köp hyzmatkär ugradypdyr. Birinji nesilşalygyň faraony Jeriň guburhanasynyň üsti açylanda ol ýerden 338 sany goşmaça gubur, biraz aňurrakda ýene-de 269 sany köşk adamlarynyň we emeldarlarynyň guburlarynyň üsti açylýar. Bu zatlar patyşa häkimliginiň nähili ähmiýete eýe bolandygyny görkezýär.

Faraon Jer goňşy ýurtlara garşy şowly ýörişleri-de amala aşyrypdyr. Wadi-Marhar etrabyndan tapylan ýazgylarda we çekillerde baý mis ýataklary bolan Sinaý ýarym adasyna I neslşalygyň döwründe geçirilen ýörişler barada maglumat berilýär.

II nesilşalyk döwründe Aşaky Müsüriň hökümdarlarynyň bölünip aýyrylmak meýilleri güýçlenýär. Onuň öňüni almak we ýurdy gutarnykly birleşdirmek meselesi Müsür faraonynyň esasy wezipesi bolupdyr. Bu meselede faraon Hasehemunyň alyp baran içerki syýasaty üstünlik getiripdir. Onuň Aşaky Müsürde iki sany heýkeli zeper ýetirilen görnüşde görkezilipdir, ýazgylaryň berýän maglumatlaryna görä, öldürilenleriň sany birinde 48205 –e ýetýän bolsa, ikinji ýazgyda 47209 diýilip berilipdir. Ikinji nesilşalygyň öňki faraonlary Ýokarky Müsüriň penakäri Gor hudaýyna sejde edip, özlerini hem Gor diýip atlandyran bolsalar, soňraky faraonlar özlerine Gor hem Set diýipdirler hem-de Aşaky Müsüriň penakär hudaýynyň adyny-da kabul edipdirler. Şeýlelik bilen, II nesilşalygyň faraonlarynyň döwründe Müsürde bütewi hem merkezleşdirilen döwlet emele gelýär.

**Gadymy patyşalyk döwri. Ýurdyň sosial-ykdysady gurluşy (b. e. on XXVIII-XXIII asyrlar).** Gadymy patyşalyk döwri takmynan b.e.öň 2800-2250-nji ýyllar aralygyny öz içine alyp, ýurdy III-VI nesilşalyklar dolandyrypdyr. Bu döwürde ýurduň jebisligi berkäp, merkezi häkimiýet has kuwwatlanýar. Döwletiň paýtagty Memfis şäheri has ulalýar, döwletiň ykdysadyýetiniň esasyny emeli suwaryşa esaslanýan

ekerançylyk düzüpdir. Täze bentleriň gurulmagy, esasy we gapdal kanallaryň geçirilmegi, suw howdanlarynyň döredilmegi diňe bir bol hasyl almagy üpjün etmän, eýsem suwarylýan ýerler hem ep-esli giňeldilipdir. Däneçilik we bagçylyk bilen bir hatarda künji köp ekilipdir. Onuň dänesinden ýag öndüripdirler.

Deltanyň giň öri meýdanlarynda maldarçylyk ösdürilipdir. Maldarçylyk bu döwürde has ösen hojalyga öwürilýär, ownuk we iri şahly mallaryň sany köpelýär. Patyşalar goňşy taýpalar bilen bolan uruşlarda ummasyz kän mallary öz ýurtlaryna sürüpdirler. Mysal üçin, V nesilşalygyň faraony Sahura liwiýallar bilen bolan uruşda iri şahly we ownuk mallaryň: geçi, goýun, eşek ýaly mallary getirenligi barada öz mazarlarynyň ýüzünde öwünmeklik bilen ýazgy galdyrypdyr.

Guburhanalaryň ýüzünde hünärmentçiligiň dürli görnüşleri görkezilipdir: agaçyň, daşyň, metalyň işlenip bejerilişi, papirusyň, matanyň dokalyşy, deri eýlenilşi barada ýazgylar galdyrlypdyr. Ýazgylarda aýratyn hem daş işlemekde, guburhanalary, ybadathanalary salmakda hünärment ussalaryň peýdalanylşy barada maglumatlar berilipdir. Bu maglumatlar Gadymy patyşalyk döwründe adamlaryň iş tejribesiniň ýokary derejä ýetenligini subut edýärler. Käbir daş plitalaryň agramy 4 tonnadan geçipdir. Ol daş plitalarynyň biri-birine kebşirlenilşi häzirki döwrüň gurluşykçylaryny-da haýran galdyrypdyr.

Gadymy patyşalyk döwründe harytlaryň ölçeg birligi (ekwiwalenti) galla hem-de demirden ýa-da misden guýulan guýma metaljyklar bolupdyr. Kähalatlarda bu harytlar üçin öýlerini, ýa bolmasa guly hem çalşypdyrlar, ýagny 10 sany guýma metala 1 öý berlipdir. Söwda ösüpdir, goňşy ýurtlar bilen alyş-çalyş giňäpdir. Deňiz söwdasy-da (Siriýa, Liwan bilen) ösüpdir.

Ýbadathananyň hem-de emeldarlaryň hojalygyna döwlet tarapyndan dürli görnüşli salgytlar salnypdyr. Iri hojalyklar bilen bir hatarda oba jamagatlaryna degişli ownuk hojalyklar

hem bolupdyr. Jemagat adamlary (obşinaçylar) taryhy çeşmelerde „patyşanyň adamlary“ diýilip atlandyrylýar. Olar jemagatyň düzümindäki özlerine degişli uly bolmadyk ýer paýlaryny işläp bejeripdirler. Ýetişen hasyldan döwlete salgyt töläpdirler we zähmet borjy hökmünde dürli işlerde işläpdirler.

Gadymy patyşlyk döwründe jemgyýet birnäçe gatlaklara bölünipdir. Ýokary gatlak emeldarlardan, ruhanylardan düzülipdir. Olar wezipesi üçin berilýän ýerlere hem-de miras alan mülklerine eýeçilik edipdirler. Ownuk öndürijiler gatlagyny jemagat ilaty we nisutlar (elgarama adamlar) düzüpdir. Hukuk babatda nisutlar elgarama hasap edilse-de gullardan tapawutlylyk-da maşgala bolup ýaşapdyrlar we zähmetiniň hasabyna eklenipdirler.

Müsürde gula „bak“ diýlipdir. Gadymy patyşalyk döwründe gulçulyk giň möçberde ýaýramandyr. Gullary satypdyrlar, satyn alypdyrlar, gul bazarlary uruşda ýesir alnan ýa-da bergidar bolan adamlardan doldurlypdyr. Emma Gadymy patyşalyk döwründe bu gul çeşmleleri çakli bolupdyr. Birinjiden, Nil jülgesinden başga ýerlerik basybalyjylykly ýörişler hemişe gurnalyp durmandyr. Ikinjiden bolsa, ýerli müsürlini gula öwürmeklik merkezi häkimiýet tarapyndan gollanylmandyr, sebäbi bu döwürde gul zähmetine uly bir isleg bolmandyr. Hatda patyşanyň ýa-da emaldarlaryň hojalyklarynda gözegçiler tarapyndan taýak bilen işledilýän gullar, Gadymy patyşalyk döwründe bolmandyr.

**Döwleti edara etmegiň guralyşy.** Suwarymly ekerançylygy ýola goýmagyň we jemgyýetçilik tertibini saklamagyň zerurlygy Müsürde berk döwlet dolandyryş ulgamynyň kemala gelmegine alyp barypdyr. Döwlet dolandyryş ulgamy üç bölekden: Merkezi, welaýat (nomlyk derejede) we ýerli guramalardan düzilipdir.

Merkezi döwlet guramasynyň başynda patşa durypdyr. Onuň şahsyýeti hudaýlaşdyrypdyr. Hat-da ýönekeý adamalara patyşanyň adyny tutmak hem gadagan edilipdir. Şonuň üçin

patyşany faraon (per-o) „beýik jaý“ diýip atlandyrypdyrlar. Häkimiýetiň ähli pudaklary: kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we ýokary sud häkimiýetleri faraonyň elinde jemlenipdir. Faraon diňe bir ýeke-täk hökümdar däl, eýsem hudaýyň adam görnüşindäki aňlatmasy, ýerdäki hudaý hasap edilmegi onuň häkimýetini ylaýta-da berkidipdir. Onuň her bir görkezmesi hudaýyň buýrugy hasap edilipdir. Faraonyň şekilini hudaýlaryň şekiliniň arasynda ýerleşdiripdirler. Ol dirikä gün hudaýy Ranyň ogly Gor şekilinde, ölenden soň bolsa Osiris hökmünde şekillendirlipdir. Merhum faraony jaýlamak üçin ägirt uly guburhanalar gurupdyrlar. Olar piramida görnüşine eýe bolupdyr. Kuwwatly hökümdaryň aňlatmasy bolan bu äpet hem haýbatly desganyň ýanynda ýönekeý adam özüni örän ejiz duýupdyr. Piramidalaryň gurluşygyna müňlerçe adam sürülipdir. Gerodotyň maglumatyna görä Hiopsyň piramidasyny gurmak üçin 100 müň adam 20 ýyl işlemeli bolupdyr.

Döwleti dolandyrmakda faraonyň ýakyn kömekçisine çati diýipdirler. Ol ýerine ýetirýän wezipesi boýunça orta asyr patyşalarynyň wezirine meňzeş bolupdyr. Çaty dolandyrşyň dürli pudaklaryna; suwarymly ekerançylyga, maldarçylyga, hünärmentçilige salgyt ýygnalyşyna, gurluşyk işlerine gözegçilik edýän we sud işlerini alyp barýan emeldarlaryň ählisiniň işine ýolbaşçylyk edipdir. Müsürde merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň aýratynlyklarynyň biri-de bir emeldara bir wagtyň özünde dürli wezipeleriň, şol sanda ruhanylyk wezipesiniň hem ynanylmagydyr. Mysal üçin, VI nesilşalyk döwründe Hufhor atly emeldar bir wagtda welaýat häkimi, ruhany, şäher goragynyň başlygy, Aşaky Müsüriň hazynaçysy, hakynatutma goşunyň serkerdesi, günorta häkimliginiň gizlin işlerini ýerine ýetirijisi wezipelerini eýeläpdir.

Faraonyň Ýokarky Müsüriň hem-de Aşaky Müsüriň kökümdary derejesini göterşi ýaly döwletiň dolandyryşy hem

iki pudaga bölünipdir. Her bir ministrlik aýratyn 2 bölekden, ýagny Aşaky Müsür we Ýokarky Müsür boýunça işleri alyp barýan pudaklardan ybarat bolupdyr.

Goşun döwlet dolandyryş ulgamynyň aýrylmaz bir bölegi bolup, ol erkin raýatlardan ýygnalyp naýza hem gysga gylyç bilen ýaraglan pyýada esgerlerden düzülipdir. Kese ýerlilerden düzülen hakynatutma esgerleriň bolandygy barada hem ýazgylarda habar berilýär. Ýurdyň günorta we demirgazyk araçäklerinde galalar gurlupdyr, olarda serhet goraýan goşunlar ýerleşdirilipdir.

Ýurt birnäçe welaýatlara-nomlara bölnüpdir. Nomyň dolandyryş ulgamy merkezi döwlet ulgamyna meňzeş bolup, welaýat derejesindäki edaralardan düzülipdir. Oňa nomarh ýolbaşçylyk edipdir. Adatça nomarh wezipesi gadymdan gelýän begzadalaryň elinde bolup, ol nesilden-nesle geçipdir. Gadymy patşalyk döwründe nomarhlar faraona doly boýun egseler-de merkezi häkimiýetiň sähel gowşan pursaty olaryň özbaşdaklyga ymtylmak meýilleri ýüze çykypdyr.

Ilat jemagat bolup ýaşapdyr. Olara jemagat geňeşleri we aksakallar ýolbaşçylyk edipdir. Döwlet häkimýetiniň ösmegi bilen jemagat aksakallary kem-kemden ownuk emeldarlara öwrülipdir.

Müsürde Gadymy patyşalyk döwründe kemala gelen döwlet gurluşyna ylmy edebiýatda despotiki häsiýetdäki monarhiýa diýilip atlandyrylýar. (despotes-grekçe bolup "guluň hojaýyny" diýmekligi aňladýar). Ol raýatlaryň üstünden doly hojaýynlyk edýän çäklendirilmedik patyşanyň häkimligi bolupdyr.

**Gadymy patyşalyk döwrüniň faraonlarynyň içerki we daşarky syýasaty.** Harby ýol bilen ýurt birleşdirilenden soň onuň bitewiligini saklamak we berkitmek esasy meselä öwrülýär. Faraonlar bitewi suwaryş desgalarynyň ulgamyny döretmek, daşarky syýasaty güýçlendirmek, merkezi dolandyryş ulgamyny döretmek ýaly dürli ulgamlary amala

aşyrmaly bolupdyrlar. Ýurdyň jebisligini berkitmegiň ýene bir ýoly özbaşdaklyga meýil edýän nomarhlaryň täsirini gowşatmakdan ybarat bolupdyr. Şoňa dörä-de faraonlar nomlara häkimlik etmek üçin merkezden öz adamlaryny belläpdirler. Nomarhlary bir welaýatdan ikinji bir welaýata işe geçiripdirler.



Sakkaradaky Josseriň basgançakly piramidasy

Faraonlaryň nomarhdan has ýokarydygyny ideologiýa taýdan esaslandyrmaklyga hem uly ähmiýet berilipdir.

I-II nesilşalyklaryň döwründe faraonlaryň guburlary nomarhlaryň

guburlaryndan uly bir tapawut etmändir. Indi bu düzgünler özgerdilip, faraonlaryň keramatlydygyny, hudaýlaryň hataryndadygyny aňlatmak üçin olaryň guburhanalary düýpden başgaça gurlup başlanypdyr.

III nesilşalygyň birinji faraony Josser özüne entek görülmedik, beýikligi 60 metr bolan 6 basgançakdan ybarat mynara görnüşli guburhana gurdurypdyr. IV nesilşalygyň faraonlary döwründe hökümdarlaryň çaklendirilmedik häkimiýetiniň aňlatmasy bolan piramidalaryň gurluşy



Gizedäki piramida we uly sfinks .

IV nesilşalyk

ägirt uly gerime eýe bolupdyr. Gadymy dünýäniň 7 täsin desgalarynyň biri hasaplanan Heopsyň piramidasy, has äpet hem kämilligi bilen tapawutlanypdyr. Esasan-da dört burçly ýatan piramidanyň taraplarynyň uzynlygy 230 metr, beýikligi 146,6 metr bolupdyr. Ol diňe bir Müsür faraonlarynyň kuwwatyny aňlatman eýsem, gadymy müsürlileriň ylymda we gurluşyk tehnikasynda uly üstünliklere eýe bolandygyna şaýatlyk edýär.

IV nesilşalydyň döwründe döwlet dolandyryşyň merkezleşmegi ýokary derejä ýetipdir. Ýokary wezipeleriň ählisi faraonyň ýakyn garyndaşlarynyň elinde jemlenipdir. Döwletiň güýçlenmegi daşarky syýasatdaky üstünliklere bagly bolupdyr. Ylaýta-da IV nesilşalygyň faraony Snofru (b. e. öň. XXVIII asyr) daşary syýasaty has güýçli alyp barypdyr. Onuň döwründe Müsür faraonlarynyň harby ýörişleriniň esasy ugurlary: 1. Günorta Nubiýa; 2. Demirgazyk gündogar Sinaý ýarymadasyna we Palestina; 3. Günbatar-liwiýa taýpalaryna garşy kesgitlenipdir. Snofru şu ugurlaryň ählisi boýunça üstünlik gazanypdyr. Ol baý mis ýataklary bolan Sinaý ýarymadasyny Müsüre birleşdiripdir. Liwiýalylar bilen serhet aralykda galalary gurupdyr. Snofru Nubiýa garşy şowly uruş alyp barypdyr. Ol Nubiýadan 7 müň ýesir, 200-müň mal olja getripdir. Bu ýeňişler Müsüriň Alynky Aziýada iň uly döwlete öwrülmegine ýardam edipdir. Emma IV nesilşalygyň dolandyran döwrüniň ahyrlarynda ýagdaýlar üýtgeýär. Tükeniksiz uruşlar köp adam ýitgilerine getirse, ägirt uly piramidalaryň gurluşygy ummasyz köp harajat talap edipdir.
By ýagdaýlar Müsüriň ykdysadyýetiniň pese düşmegine getiripdir. Garamaýak ilatyň ýagdaýy has ýaramazlaşypdyr, nägilelik güýçlenipdir. Netijede merkezi häkimiýet gowşapdyr. Nomarhlaryň merkezi häkimiýete boýun bolmazlyk meýilleri güýçlenipdir. Netijede IV nesilşalyk agdarylyp, täze V nesilşalyk esaslandyrylypdyr.

V nesilşalygyň ilkinji faraonlary ýurduň içerki ýagdaýyny berkitmäge çalyşypdyrlar. Olar köp talap edýän uly piramidalary gurmakdan el çekipdirler. Nomarhlaryň närazylygynyň öňüni almak üçin merkezi döwlet edarasyna nomarhlary çekip başlapdyrlar. Dini syýasatda-da özgerişlikler geçirlipdir. Gün hudaýy Ra baş hudaý derejesine ýetirlipdir. Onuň hormatyna täze ybadathanalaryň gurluşygy başlanypdyr. Hökümdarlyk edýän faraon baş hudaý Ranyň ogly diýilip yglan edilipdir. Bu syýasat faraonyň täsiriniň we häkimliginiň güýçlenmegine ýardam edipdir. Goňşy ýurtlara harby ýörişler başlanypdyr. Bu döwürde Müsür goşunlary günorta tarapda Niliň 3-nji bosagasyna çenli baryp ýetipdirler.

VI nesilşalygyň döwründe ýene-de merkezi häkimiýet gowşap başlaýar. Nomarhlaryň täsiri güýçlenýär. Olaryň özbaşdaklyk meýilleri artýar. Olar merkezi häkimiýete salgyt tölemeklikden boýun gaçyryp başlaýarlar. Bu ýagdaýyň çuňlaşmagy b. e. öňki XXIII asyryň ortalarynda bütewi döwletiň ýykylmagyna alyp barýar. Onuň ornuna ozalky nomlaryň esasynda 10-larça ownuk döwletler, hanlyklar peýda bolýar. Bütewi döwletiň daragamagy bilen Müsüriň Gadymy patyşalyk döwri hem tamamlanýar.

## §3. Müsür Orta patyşalyk döwründe (b. e. öň XXIII-XXI asyrlar)

**Gadymy patyşalykdan Orta patyşalyga geçiş döwri.** B. e. öň III müňýyllygyň ahyrynda II müňýyllygyň başynda Müsür Derýaaralygy bilen birlikde şol wagtky dünýäniň öňdebaryjy ýurtlary bolupdyr. Bu döwürde Müsüriň jemgyýetçilik gurluşynda birnäçe täzelikler ýüze çykýar.

B.e.öň III müňýyllygyň soňky asyrlarynda Müsür birnäçe özbaşdak nomlara bölünýär. Diňe III müňýyllygyň ahyrynda olar gaýtadan birleşdirilýär we ozalkydan mazaly tapawutlanýan döwlet emele gelýär. Täze döwür Orta patyşalyk döwri adyny alýar. Ol b.e.öň 2050-nji ýyllardan başlap XVIII

asyryň ahyrlaryna çenli dowam edýär. Ol döwürde Müsüri XI-XIII nesilşalyklar dolandyrypdyr.

Gadymy patyşalyk bilen Orta patyşalygynyň arasynda 200-ýyl çemesi dowam eden geçiş döwri ýurduň dagynyklygy, sosial sarsgynlar, hojalygyň pese düşmegi, ýurdy gaýtadan birleşdirmek ugrundaky gazaply uruşlar bilen häsiýetlendirilýär.

Bütewi döwletiň dargamagy, nomlaryň syýasy hem-de ykdysady taýdan özbaşdaklyga ymtylmagy, olaryň biri-biri bilen bäsdeşligi ýurduň hojalygyna uly zyýan ýetirýär. Müsüriň ykdysadyýatinyň esasyny düzýän bütewi suwaryş desgalarynyň ulgamy dargaýar. Şol döwrüň ýazgy çeşmelerinde agyr açlyk zerarly adamlaryň heläk bolandygy, obalaryň hem tutuş etraplaryň boşap galandygy, ekin ýerleriniň batgalyklara we jeňňelliklere öwrülendigi baradaky maglumatlar saklanyp galypdyr.

Hojalygyň tozmagy we açlyk halk köpçüligiuniň nägileligini döredipdir. Nägileligleriň tolgunyşyklara we garyplaryň gozgalaňlaryna alyp barýan pursatlary-da seýrek bolmandyr.

Ýurduň içerki gowşaklygyndan peýdalanyp goňşy halklar: Günbatardan Liwiýalylar, Gündogardan bolsa çarwa Aziýalylar çozup Deltany tozdurypdyrlar. Hojalygyň tozmagynyň öňüni almagyň we duşmana gaýtawul bermegiň zerurlygy ýurdyň birleşdirilmegini we güýçli döwletiň döredilmegini talap edipdir.

**Gerakleopol we Fiwy hökümdarlarynyň ýurdy birleşdirmek ugrundaky göreşleri.** Ýazgy ýadygärlikleri ýurdy birleşdirmek ugrundaky göreşiň esasy wakalaryny yzarlamaga mümkinçilik berýär. Birleşdirmek hereketini has ösen nomlar, demirgazykda Gerakleopol, günortada bolsa Fiwy başlapdyr. Gerakleopol nomlygy Faýum oazisine golaý mes toprakly düzlükde ýerleşipdir. Ol oba hojalygyny ösdürmäge ýardam edipdir. Gerakleopolyň üstünden Nil derýasy boýunça

günorta, Yokarky Müsüre, demirgazyga-Delta, guryýer boýunça günbatara-Liwiýa oazislerine we gündogara Sinaý ýarym adasyna we aňyrlygyna gidýän söwda ýollary geçipdir. Söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşmegi Gerakleopolyň ykdysady ösüşine oňaýly täsir edipdir.Ýurduň ykdysady mümkinçiliklerine daýanyp IX-X nesilşalyklar hasaplanýan Gerakleopol hökümdarlary Deltany we Ýokarky Müsüriň bir bölegini birleşdirmegi başarypdyrlar. B.e.öň XXIII asyryň ortasynda X Gerakleopol nesilşalygynyň hökümdary Ahtoý bir özüni Müsüriň faraony diýip yglan edýär.

Gerakleopol bilen bir wagtda ýurdy birleşdirmek bütewi döwleti döretmek üçin Fiwy hökümdarlary hem göreşip başlapdyrlar. Fiwy Ýokarky Müsüriň iň möhüm ykdysady we syýasy merkezleriniň biri bolupdyr. Fiwydan Nil derýasy boýunça günorta hem-de demirgazyga söwda gämileri gatnapdyr. Fiwyliler gury ýer ýoly bilen Gyzyl deňze çykyp has uzakdaky ýurtlar bilen söwda edipdirler. XI nesilşalyk hasap edilýän Fiwynyň hökümdarlary-da özlerini Müsüriň faraony diýip yglan edýärler. Şeýlelikde X Geraklopol we XI Fiwy nesilşalyklary bir wagtda ýurdy dolandyrypdyrlar.

Emma bu döwletleriň arasynda çaknyşyk gutulgysyz bolupdyr. Uzaga çeken özara uruşlarda Fiwy üstün çykýar. Takmynan b. e. öňki 2040-njy ýylda Gerakleopol we Aşaky Müsüriň beýleki ýerleri Fiwä birleşdirilýär. Fiwyniň hökümdary Mentyhotep özüni bütin Müsüriň faraony diýip yglan edýär. Şeýlelik bilen Müsüriň Orta patyşalyk döwri başlanýar.

**Orta patyşalyk döwründe Müsüriň hojalyklary.** Merkezi häkimiýeti öz eline alan XI, ylaýta-da XII nesilşalygy bar güýjüni hatardan çykan ýurdyň emeli suwaryş desgalaryny dikeltmäge gönükdiripdirler. Ilatyň sanynyň artmagy ekin ýerleriniň giňeldilmegini talap edipdir. Şoňa göräde merekezi häkimiýet faýum çöketligindäki özalky ekine ýaramsyz ýerleri özleşdirmek üçin uly suw gurluşyk işlerini amala aşyrýar.

Çöketlik Nil derýasyndan alnyp gaýdýan uly kanal arkaly suwdan doldurlypdyr we uly suw howdany emele gelipdir. Derýanyň suwunyň peselýän möwsüminde bolsa emeli kölüň suwy töwerekdäki täze açylan ýerleri suwarmaga mümkinçilik beripdir. Netijede, Faýum oazisi köp ilatly oba hojalygynyň gülläp ösýän sebitine öwrülipdir. Ol ýerde täze şäher Illahun peýda bolupdyr. Illahun şäher gurluşyk sungatynyň şol döwürdäki iň öňdebaryjy sungaty esasynda gurulypdyr. Şäheriň jemgyýetçilik ymaratlary we ýaşaýyş jaýlary giň hem göni köçeleriň gyrasynda ýerleşipdir.

Uly suw gurluşyk desgalary Delta-da hem gurulypdyr. Bu gurluşyklar Faýum oazisiniň we Deltanyň döwletiň möhüm ykdysady merkezine öwrülmegine ýardam beripdir. Oba hojalyk gurallary-da kämilleşdirilipdir. Täze has amatly azal peýda bolupdyr. Mallaryň köp önüm berýän tohumlary köpeldilipdir.

Bu döwürde Müsürliler bürünç öndürmegi özleşdiripdirler. Bürünç mise garanyňda berk hem-de işläp bejermesi aňsat bolupdyr. Aýna öndürmek hem giňden ýaýrapdyr. Aýna gaplary çişirmek usuly bilen däl-de galypa guýmak usuly bilen ýasalypdyr.

Ykdysadyýetiň ösmegi oba hojalyk hem-de hünärmentçilik önümlerini içerki hajatlardan artykmaç öndürmäge mümkinçilik beripdir. Şol bir wagtyň özünde-de galaýy, kümiş, agaç-tagta ýaly çig önümler ýetmezçilik edipdir. Bu söwda gatnaşyklarynyň has giň gerime eýe bolmagyna ýardam beripdir. Müsüriň söwda kerwenleri Palestinanyň, Siriýanyň üsti bilen Kiçi Aziýa, Wawilona ýetipdir

Müsüriň demirgazyk- gündogar ugurdaky esasy söwda merkezlerinden biri Bibl şäheri bolupdyr. Kiçi Aziýadan getrilýän kümüş, galaýy, gymmatly gurluşyk agaçlary onuň üstünden geçipdir. Müsürliler Krit adasy bilen hem söwda aragatnaşygy ýola goýupdyrlar.

Müsür kerwenleriniň ikinji bir ugry gündogardaky altyna baý Nubiýa hem-de Punt ýurdy bolupdyr. Adatyça Fiwydan ugraýan söwda kerwenleri ilki gury ýer bilen Gyzyl deňzine barypdyrlar. Ol ýerde harytlar gämilere ýüklenip Sinaý ýarym adasyna ýa-da Punt ýurduna ugradylypdyr. Yza gaýdyşyn bolsa Sinaýdan mis, Punt ýurdyndan gurluşyk agajyny, pil süňkini, ýakymly hoşroý is berýän jisimler getirilipdir.

Orta patyşalyk döwründe iri patyşa hojalyklarynyň ähmiýeti pese düşüpdir. Emeldarlaryň we buthanalaryň orta ulylykdaky hojalyklarynyň önümçilikdäki orny artypdyr. Orta patyşalyk döwrüniň ýazgylarynda uly bolmadyk hojalyklar barada köp maglumatlar berilýär. Şeýle hojalyklar ýerlerini öz güýçleri bilen, zerur bolan halatda goşmaça güýçleri (günliklçi, gul) çekmek bilen işläp bejeripdirler.

**Orta patyşalyk döwründe Müsüriň sosial gurluşy.** Orta hojalyklar bilen bir hatarda ownuk hojalyklar hem saklanypdyr. Owunjak hojalyklaryň paýlary adatça obanyň garamaýak adamlaryna degişli bolupdyr. Orta patyşalyk döwründen galan köp sanly ýazgylaryň öwrenilmegi jemgyýetde esasy öndürijileriň: “hemuu-nisut“- “patyşanyň adamlary” diýilýän sosial topardan düzülendigini anyklamaga mümkinçilik berýär. Hakykat ýüzünde ýurduň zähmetkeş ilatynyň ählisi „hemuu-nisut“ ady bilen aňladylypdyr. Hemuu-nisutlar patyşanyň, buthanalaryň, emeldarlaryň ýerlerinde işläpdirler. Olaryň has çydamlylaryny goşuna alypdyrlar. Galanlaryny belli bir hünäre (ekerançy, çopan, hünärmen we şm ) berkidipdirler we patyşanyň, buthanalaryň, emeldarlaryň hojalyklarynda işledilipdir. Hünäre berkidilen hemuu-nisut ömri ötýänçä şol kärini ýöredipdir. Hojalyklarda işleýän hemuu-nisutlara hojaýynyň ambarlaryndan azyk önümleri we beýleki zatlar göýberilipdir. Hemuu-nisutlara ownuk ýer paýynyň bölünip berilýän halatlary-da bolupdyr. Bölünip berilen paý ýerlerinde özbaşdak işleýän hemuu –nisutlar salgyt töläpdirler. Garaşly adamlaryň beýleki toparyny gullar düzüpdir. Hemuu-nisutlar

bilen deňeşdirilende gullaryň sany ujypsyz bolupdyr. Gullar orta we ownuk hususy hojalyklarda işledilipdir.

Gulçylygyň esasy çeşmesi uruşlar bolupdyr. Şowly uruşlar döwründe müňlerçe ýesirler Müsüre getirilip gullara öwrülipdir. Gullaryň tebigi köpelmegi we dürli sebäplere görä erkin adamlaryň gula öwrülmegi gulçylygyň esasy çeşmesiniň üstüni ýetiripdir. Gul hojaýynyň emlägi hasap edilipdir. Olar satylypdyr, satyn alnypdyr, mirasa geçirlipdir.

Orta patyşalyk döwründe „patyşanyň işi“ diýilip atlandyrylýan zähmet borçlylygy Müsüriň jemgyýetçilik durmuşyna uly täsir edipdir. Ol agyr borç hemuu-nusitleriň gerdenine düşüpdir. Patyşa işine çagyrylýanlar öz işinden wagtlaýyn boşadylyp, ýörite ýerlerde ýerleşdirilipdir. Olary daş çykarylýan känlerde, gurluşyk işlerinde, ýer gazmak işlerinde möwsümleýin işledipdirler. Patyşanyň gämilerinde kürekçilik, belentdäki ekin ýerlerini el bilen daşap suwarmak işlerini hem ýerine ýetiripdirler. Patyşa işindäki surnukdyryjy agyr zähmetden gaçmaga synanyşyk edýänler az bolmandyr. Şoňa görä-de olaryň ýaşaýan ýerlerini ýörite goýulan saklowlar we gözegçiler gorapdyr. Gaçmaga synanyşýanlara jeza berilipdir.

Orta patyşalyk döwründe Müsürde agalyk ediji gatlagyň düzümi birneme özgeripdir. Patyşanyň garyndaşlaryndan, emeldarlardan, ýokary ruhanlardan başga-da oňa ownuk gul eýeleri, hususy hojalyklaryň hojaýynlary goşulypdyr.

**Döwlet ulgamynyň dikeldilip başlamagy. Nomarhlaryň häkimliginiň güýçlenmegi**. Ýurt birleşdirilip merkezleşen döwlete öwrülenden soň, Gadymy patyşalyk döwründe kemala gelen döwlet ulgamy gaýtadan dikeldilýär. Dolandyryşyň ähli pudaklary çäklendirilmedik hökümdar, „Ra hudaýynyň ogly“ faraonyň elinde jemlenen hem bolsa, Orta patyşalyk döwründe faraonlary ýerli beglerden bolan nomarhlary doly tabyn edip bilmändirler. Çünki gadymy patyşalykdan Orta patyşalyga geçiş döwründe, merkezleşen döwletiň nomlara daragan şertlerde olar özbaşdak, güýçli hökümdarlara öwrülipdiler. Ýurt

birleşdirilenden soň hem olar nomlaryň çäginde özbaşdak syýasat ýöretmäge çalyşypdyrlar. Nomarhlar ýyl hasabyny öz dolandyrýan döwri bilen ýoredýärdiler, aýratyn goşun saklaýardylar, wezipelerini nesline miras geçirýärdiler. XI-XII nesilşalyklaryň faraonlary bu ýagdaý bilen ylalaşmaga mejbur bolupdylar. Çünki XII nesilşalykdan bolan Senusert III (b. e. öň 1862-1843 ýý.) we onuň ogly Amenemhet III (b. e. öň 1843-1798 ýý.) ýaly kuwwatly faraonlaryň hem nomarhlaryň häkimliginiň nesilden nesle geçmekligini ýatrmak üçin eden synanyşyklary, güýçli garşylyga sezewar bolupdyr we başa barmandyr. Nomarhlaryň nägileligi faraonlaryň janyna kast etmek maksady bilen dildüwüşikleriň döremegine getiripdir.



Faraon Amenemhet III. B. e. öň XIX asyr

Taryhy maglumatlara görä dildüwüşijilere hanjarly Faraon Amenemhet I (b. e. öň 1963-1943 ýý.) otagyna girmek başartsa-da, dildüwişik amala aşyrylmandyr. Emma ol soňra dildüwüşijileriň elinden ölüpdir. Ondan soňky faraon Amenemhet II (b. e. öň 1934-1896 ýý.) hem ganhorlaryň pidasy bolupdyr.

Orta patyşalyk döwründe faraonlaryň nomarhlar bilen gatnaşygynyň çylşyrymly bolandygyna, olaryň guburhana desgalary-da şaýatlyk edýär. Diňe faraonlaryň 2-si: Mentuhotep I we Amenemhet III özlerine kaşaň guburhanalar gurmagy başarypdyrlar. Beýleki faraonlaryň guburhanalary ýönekeý çig kerpiçden gurulan desgalar bolup, nomarhlaryň guburhanalaryndan uly tapawut etmändir. Tersine Orta patyşalyk döwrüniň nomarhlarynyň gurduran guburhanalary kaşaň bezegi bilen tapawutlanypdyrlar.

Beni-Hasan diýen ýerde üşti açylan nomarhyň guburhanasy örän bezegli otaglardan düzülip, olaryň içi gymmat bahalaý zatlardan doldurlypdyr. Diwaryň ýüzüne çekilen şekiller bolsa nomarhyň tütjar baýdygyndan, kuwwatlylygyndan habar berýär. Nomarhlaryň baýlygy hem kuwwaty olaryň özbaşdaklyga ymtylmak meýillerini güýçlendiripdir we merkezi häkimiýetiň berkemegine päsgel beripdir.

**XII nesilşalygyň faraonlarynyň içerki we daşarky syýasaty.** Şeýle şertlerde faraonlar merkezi häkimiýete, orta gatlaklardan bolan ukyply adamlary çekipdirler. Täze emeldarlar wezipesi üçin, şoňa laýyk berlýan mülk üçin faraona minnetdar bolupdyrlar we öňa gulluk edipdirler. Köşkdäki täze adamlar nomarhlara we ýerli beglere garşy göreşde faraonlaryň esasy daýanjyna öwrülipdir.

XII nesilşalygyň (b. e. öň 1963 -1789 ýý.) faraonlaryna kem-kemden ýurdyň içerki ýagdaýyny berkitmek we Müsüri güýçli döwlete öwürmek başardypdyr. Ýurduň harby-ykdysady kuwwatyna daýanyp XII nesilşalygyň faraonlary üstünlikli harby ýörişleri geçiripdirler. Ol ýörişler Gadymy patyşalyk döwründe endige öwrülen esasy ugurlar boýunça alnyp barylypdyr. Mentuhotep I döwründe Müsüriň Sinaý ýarymadasyndan mis getirmegi täzeden ýola goýulýar. Ol günorta-gündogar aziýalylar bilen üstünlikli uruşlary alyp barýar. Günortada bolsa Nubiýa bilen serhetdeş Wawat welaýatyna şowly ýöriş edýär. Faraonlar öz täsirini berkitmek üçin ýurduň dürli künjeklerinde ýerli hudaýlara bagyşlap buthanalaryň gurluşygyna girişipdirler. Şol döwürdäki daş desgalaryň gurluşygy faraonlaryň ykdysady kuwwatynyň berkeýänligine güwä geçýärler. Uly desgalaryň biri Fiwyniň golaýynda, Niliň günbatar kenarynda Deýr-el-Bahri diýen ýerde gurlupdyr. Mentuhotep I gurduran buthanasynyň merkezinde töweregi sütünler bilen gurşalan 2 gat ymaratdan,

uly bolmadyk piramidadan we beýleki desgalardan ybarat toplumdan düzülipdir.

XII nesilşalygyň dolandyran döwri Müsüriň kuwatynyň iň güýçli döwri bolupdyr. Nesilşalygy Amenemhet I esaslandyrypdyr. Ol paýtagty Fiwyden demirgazyga geçiripdir. Täze paýtagt It-Tanu-iki ýurdyň merkezi diýilip yglan edilipdir. Paýtagtyň demirgazyga göçürilmegi asly günortaly bolan faraonlaryň Aşaky Müsürde-de öz häkimligini güýçlendirmäge we ýurdyň jebisligini berkitmäge çalyşmagy bilen baglanyşykly bolupdyr.

XII nesilşalygyň faraonlary goňşy ýerlere yzygiderli ýörişleri gurapdyrlar. Müsür Faraonlary altyna, pil süňkine, gurluşyk üçin gymmat hasaplanylýan agaçlara baý bolan Nubiýa ýurdyna has köp ýöriş edipdirler. XII nesilşalygyň iň köp ýörişleri amala aşyran faraony Senusert II bolupdyr. Ol Niliň 2-nji bosagasyna çenli ýerleri basyp alypdyr. Serheti berkitmek maksady bilen şol ýerde Niliň iki tarapynda hem berk gala gurdyrypdyr. Şol ýerden geçýän kerwen ýollaryny öz garamagynda saklapdyr. Umuman Nubiýa Müşüriň bir welaýatyna öwrülipdir.

Senusert Alynky Aziýa tarapa hem birnäçe ýöriş edipdir. Bu ýerlerden Müsüre gerek bolan gurşun, kümüş, gurluşyk agaçlary getirilipdir. XII nesilşalygyň dolandyran ýyllarynda Müsür diňe bir Sinaý ýarymadasyny eýelemän, eýsem onuň täsiri günorta Palestina, Finikiýanyň birnäçe şäherlerine, şol sanda Bibl şäherine ýetipdir. Basybalyşlar Müsüriň ykdysady taýdan baýlaşmagyna getripdir. Müsüre ymmasyz kän gullar we mallar, gymmat bahaly zatlar getirilipdir. Basylyp alnan ýurtlar diňe bir gezek talanylmagy bilen çäklenmän, ol ýerleriň ilaty tabyn edilip işledilipdir we ondan girýän girdejiler hem Müsüre iberilipdir.

Orta patyşalygyň faraonlary Senusert II we onuň ogly Amenemhet III dolandyran ýyllary (b. e. öň XIX - XVIII asyr başlary) Müsüriň gülläp ösen döwri bolupdyr. Bu döwürde

Faýum oazisinde başlanan ägirt uly suwaryş desgasynyň gurluşygy tamamlanýar. Faraonlar oazisiň başlanýan ýerinde äpet uly daş desgany gurdyrypdyrlar. Bu ötlem-ötlem otaglaryň we ötükleriň (koridorlaryň) ýüzlerçesinden ybarat bolan kaşaň ymarata haýran galan gadymy grekler oňa labirint diýip at beripdirler.

XII nesilşalygyň iň soňky kuwwatly faraony Amenemhet III bolupdyr. Ondan soň Orta patyşalyk döwri diýilip atlandyrylýan patyşalyk pese düşüp başlaýar.

**Garşylyklaryň güýçlenmegi we garyplaryň gozgalaňy.** Ýurdyň ykdysadyýetiniň ösüşi, agalyk ediji gatlaklaryň ummasyz baýlygy, faraonlaryň üstünlikli alyp baran uruşlary garamaýak ilaty ezmegiň hasabyna gazanylypdyr. Sosial-ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi sosial garşylyklaryň çylşyrymlaşmagyna we ýitileşmegine alyp barypdyr. Şowly ýörişler we söwdanyň alnyp barylmagy netijesinde Müsüre örän köp oljalar we baýlyklar getirilse-de, olar öňi bilen agalyk ediji gatlagyň elinde jemlenipdir. Emma agyr zähmete sezewar edilen garamaýak ilat garyp düşüpdir. Bu bolsa garyp halkyň nägileligini döredipdir.

Agalyk ediji gatlagyň içindäki çylşyrymly gatnaşyklaryň tarapdarlary bolan mirasdar begler bilen faraonyň daýanjyna öwrülen döwlet gullugyndaky täze adamlaryň arasyndaky garşylyk ýurtdaky umumy dartgynlygy has hem güýçlendiripdir.

Ýagdaýlar XII nesilşalyk ýykylandan soň has hem erbetleşýär. Täze XIII nesilşalygyň (b. e. öň 1789-1645 ýý.) faraonlary ýurdyň işindäki dartgynlygy gowşatmagy başarmandyrlar. Daşky duşmanlaryň hereketi-de janlanypdyr. Ylaýta-da Deltanyň gündogar bölegine Siriýanyň we Palestinanyň günortalarynda öz taýpa birleşigini döreden giksoslaryň zor salmagy güýçlenipdir. Olaryň aýry-aýry toparlary ýurdyň çäklerine aralaşyp başlapdyrlar.

Ýurdyň içerki we daşarky ýagdaýyndaky kynçylyklar, merkezi häkimiýetiň gowşamagy, halk köpçüliginiň nägileligi dowam edýän düzgüne we hökümete garşy gozgalaňlaryň turmagyna alyp barypdyr.

Orta patyşalyk döwründe Müsürde bolan uly halk gozgalaňy barada dürli çeşmelerde maglumat berilýär. „Ipuseriň kyssasy“ we „Nefertiniň kyssasy“ atly beýanlarda gozgalaň has aýdyň suratlandyrylýar. „Serediň: ot örän ýokary göterildi, onuň ýalyny ýurduň duşmanlaryndan döreýär. Serediň: bolmaly däl wakalar bolup geçdi. Garyp adamlar patyşany tagtyndan agdardylar. Paýtagt bir pursatda weýran edildi“ diýip Ipuser ýazýar. „ Hakykatdan hem arhiwler açyldy. Olardaky salgyt baradaky ýazgylar ýok edildi. Gullar gulyň eýesi boldy. Hakykatdanam: emeldarlar öldürildi. Olaryň ýazgy maglumatlary alyndy.... Müsüriň gallasy hemme kişiniňki boldy. Hakykatdanam: kazyýet jaýlarynyň kanun kitaplary zyňylyp, çatryklarda olary depeläp gezýärler“ diýip, Ipuser gürrüň berýär. Şu ýazgylardan görnüşi ýaly gozgalaňçylar baýlaryň emlägini talapdyrlar, döwlet edaralaryny tozdyrypdyrlar, has beteri ýerdäki hudaý hasaplanylýan faraon hem tagtyndan agdarylypdyr. Soňraky wakalar hakda çeşmelerde hiç hili maglumat berilmeýär. Öz akymyna dörän gozgalaň daşary ýurtlylaryň Müsüri basyp almaklary bilen ýatyrylan bolmagy mümkin diýip çaklanylýar.

**Müsürde giksoslaryň agalygy.** Ýurdyň içindäki agyr ýagdaýdan peýdalanan giksoslar b. e. öňki XVII asyryň başlarynda bütin Deltany eýeleýärler. Soňra bolsa ýurduň günortadaky welaýatlaryna çozuş edip, köp şäherleri tozdyrypdyrlar we adamlary gulçylyga sürüpdirler. Müsürde bütewi döwletiň ýykylmagy bilen Orta patyşalyk tamamlanýar we keseki ýerlileriň agalygy döwri başlanýar.

Giksoslaryň Müsürde agalygy 120 ýyldan gowrak ( takmynan b. e. öň 1675- takmynan 1554 ýý.) dowam edipdir. XV–XVI nesilşalyklar hasaplanýan giksoslaryň patyşalary

Müsüriň uly böleginde hökümini ýöredipdirler. Olar Sinaý ýarymadasyny, Palestinany we Siriýany hem giksoslaryň Müsür döwletine birleşdiripdirler. Giksos şalaryndan Hian we Apepi (b. e. öň XVII asyr) giksoslaryň güýşli hökümdarlary bolupdyrlar. Olaryň döwründe Deltanyň gündogar bölegindäki täze Awaris şäheri paýtagt şäher hökmünde berk gala öwrülipdir. Emma giksoslaryň agalygy döwründe-de Müsüriň günortadaky welaýatlarynda agalyk ediji ýagdaýy Fiwynyň hökümdarlary eýeläpdirler. Giksoslaryň agalygy käbir babatlarda Müsüriň ösüşine oňaýly täsir hem edipdir. Çünki olar bürünç ýaraglary müsürlilere garanda has giň ulanypdyrlar we bürünjiň ýaýramagyna ýardam edipdirler. Olar müsürlileri ata tirkelýän ýeňil tigirli arabalar, şeýle hem goranyş desgalarynyň özboluşly görnüşleri bilen tanyşdyrypdyrlar.

Hian we Apepiden soň giksoslaryň agalygy gowşapdyr. Nomlaryň bir bölegi özbaşdaklygyny alypdyr. Giksoslara garşy göreş başlanypdyr. Bu göreşe Fiwyniň hökümdarlary ýobaşçylyk edipdir. Özbaşdak bolan XVII Fiwy nesilşalygynyň hökümdary Sekenne-Ra kem-kemden beýleki nomlaryň köpüsini öz töweregine jemlemegi başarypdyr. Emma Sekenne-Ra söweşleriň birinde heläk bolýar. Soňra uruşy onuň ogly hem mirasdary Kames dowam etdiripdir. Ol giksoslary Deltadaky Awaris şäherine çenli kowup çykarýar. Kamesiň dogany Ýahmos bolsa giksoslary gutarnykly derbi-dagyn edýär, şunuň bilen giksoslaryň agalygynyň soňuna çykylýar. Ýahmos takmynan b. e. öňki 1554-nji ýylda birleşen Müsür döwletiniň tagtyna çykýar. Şu waka bilen Müsürde Täze patyşalyk döwri başlanýar.


Faraon Tutmos III

## §4. Müsür Täze patyşalyk döwründe (b.e.öň XVI-XI as.)

**Müsüriň ykdysadyýetiniň ösüşi.** Giksoslaryň ýurtdan kowulyp çykarylmagy bilen başlanan Täze patyşalyk döwri 500 ýyl töweregi (takmynan b.e.öň 1554-1075 ý.) dowam edýär. Bu döwürde Müsüri XVIII-XX nesilşalyklaryň faraonlary dolandyrýarlar. Täze patyşalyk döwri Müsüriň iň ösen döwridir. Bu döwürde Müsür özüniň tutýan ýeriniň möçberi boýunça iň uly döwlete öwrülýär. Ýurdyň ykdysady ösüşi we harby kuwwaty boýunça ýokary derejä ýetýär. Täze patyşalyk döwrüniň başynda Müsüriň hojalygynyň ähli pudaklarynda ýokary göteriliş başlanýar.

Hojalygyň ýokary göterilmegine önümçilige täze gurallaryň ornaşdyrylmagy, gul zähmetynyň giňden peýdalanmagy, suwaryş desgalarynyň giňeldilmegi, olja hem salgyt görnüşinde ýurda örän köp mukdarda dürli baýlyklaryň getirilmegi sebäp bolýar. Bürünç önümçilige giňden ornaşdyrylýar. Daşdan hem misden ýasalan gurallar bilen deňeşdirlende has öndürijilikli bürünç gurallaryň sany örän köpelýär. Kürelere aýak bilen herekete getirilip, howa üfleýän meşikleriň oýlanyp tapylmagy metal eretmekligi çaltlaşdyrýar. Has amatly hem öndürijilikli täze dokma stanogy peýda bolýar



Amenhotep III ýüz şekili goýulan ýolbars sfinksi

Orta patyşalyk döwründe ulanyp başlanan has kämil abzal ozalky ýönekeý sürüm guralyny doly gysyp çykarýar. Suwuň akyp barýan derejesinden belentde ýarleşen baglary suwarmak üçin şaduf diýlip atladyrylýan suw göteriji guralyň oýlanyp tapylmagy zähmet öndirijiliginiň artmagyna ýardam edýär. Hojalykda täze pudak, aýna önümçiligi ýüze çykýar we ösüp başlaýar.

Täze patyşalyk döwründe maldarçylykda hem uly ösüş bolýar. Mallaryň baş sany üzül-kesil artýar. Maldarçylykda täze pudak, atçylyk ösüp başlaýar. Müsürde atlar diňe harby maksatlar üçin ulanylypdyr.Ýük daşamaklyk öküzlere tirkelen agyr tigirli arabalarda amala aşyrlypdyr. Müsür şekillerinde ilkinji gezek ýükli düýäniň şekili peýda bolýar.

**Täze patyşalyk döwründe bakna ýurtlaryň talanmagy.** Täze patyşalyk döwrüniň ykdysadyýeti harby ýörişler bilen berk baglanşykly bolupdyr. XVIII nesilşalygyň faraonlarynyň üstünlikli ýörişleri netijesinde talanyp alnan ägirt köp baýlyklar getirilýär. Eger ozalky döwürlerde Müsür ýöriş wagtynda alan oljasy bilen çäklenen bolsa, indi basylyp alnan ýürtlara her ýylda salgyt salmak ýola goýulýar. Boýun egdirlen ýurtlar Müsüre mal-gara, gul, azyk önümleri bilen bir hatarda, öz öndürýän hünärmentçilik önümleriniň we tebigy baýlyklarynyň bir bölegini ugratmaga mejbur bolupdyrlar. Müsüre Efiopiýa altyn, şirmaýy (pil süňki); Palestina, Siriýa kümüş, galaýy, boýag, mata, lazurit; Liwan daglaryndan çapylan gymmatly gurluşyk üçin kedr agajy iberilipdir. Daşary ýurtdan gelýän önümler bilen bir hatarda Müsüriň ýerli çig-mal çeşmeleri-de giňden peýdalanypdyr.

Täze patyşalyk döwrüniň başyndan Müsüre diňe bir galla, mal, çig mallar däl-de ägirt köp mukdarda arzan işçi güýji-gullar hem getirilipdir. Faraon Amenhotep II bir gezekdäki şowly ýörişinde 100 müň adamyny ýesir alyp Müsüre getiripdir. Gullar ekin meýdanlarynda, maldarçylykda,

hünärmentçilik ussahanalarynda we öý hojalyklarynda işledilipdir. Getirilýän gullaryň uly bölegi patyşa, buthana we emeldarlaryň mülklerine paýlanypdyr. Olaryň bir bölegi sylag hökminde orta derejeli goşun serkerdelerine hat-da ýönekeý esgerlere hem paýlanypdyr.

**XIX nesilşalygyň faraonlarynyň ykdysadyýeti dikeltmekde geçiren çäreleri.** Ägirt uly maddy we adam güýçlerine eýe bolan faraonlar ýurduň hojalygyny ösdürmäge gönükdirlen çäreleri amala aşyrypdyrlar. Ylaýta-da oba-hojalygyna uly üns berlipdir. Suwaryş desgalary tertibe salynypdyr. Ekin meýdanlary giňeldilipdir. Faýum oazisi orta patyşalyk döwründäki ýaly ýurduň esasy galla öndürýän merkezi bolmagynda galypdyr.

Ozallar öri meýdany bolup hyzmat eden Deltada, XIX nesilşalygynyň faraonlary uly möçberli suw gurluşyk işlerini amala aşyrypdyrlar. Batgalyklar guradylypdyr. Gözbaşyny Nilden alýan uly kanallar gurulypdyr Delta gülläp ösýän ekerançylyk welaýatyna öwrilipdir. Müsürliler ylaýta-da üzüm we miweli baglary ösdirmäge üns beripdirler. Şonuň üçin XIX-XX nesilşalygyň faraonlary bu ýerde özleri üçin kaşaň köşkleri salypdyrlar.

Täze patyşalyk döwründe Müsüriň uly maddy baýlyklara we ykdysady mümkinçiliklere eýe bolmagy, faraonlara bir tarapdan ägirt uly goşun saklap üstünlikli ýörişleri amala aşyrmaga mümkinçilik berse, ikinji tarapdan uly gurluşyk işlerini ýola goýmaga, kaşaň buthanalary, we köşkleri, berk galalary we uly şäherleri gurmaga ýardam edipdir. Bu özgerişler Müsüriň medenýetiniň mundan beýläk ösmegine maddy esas döredipdir.

**Täze patyşalyk döwründe sosial gatnaşyklar.** Müsür jemgyýeti üç sany esasy sosial gatlaklardan: Birinji agalyk ediji gatlak -döwlet emeldarlaryndan, ýokary ruhanylardan, mülk, ussahana we gul eýelerinden düzülipdir. Ikinji ownuk öndürijiler gatlagy - ekerençylar, maldarlar, hünärmenler-

umuman öz zähmetiniň hasabyna ýaşaýan ilatdan düzülipdir. Üçünji gullar gatlagy - esasan ýesir edilip getirilen kesekilerden we dürli sebäplere görä erkinligini ýitiren müsürlilerden ybarat bolupdyr. Olaryň hiç hili hukugy, zähmet guraly bolmandyr. Gullar hojaýynyň ekin meýdanlarynda, ussahanalarynda we şm. işlerde zähmet çekmäge mejbur edilipdir.

Täze patyşalyk döwründe Müsürde gul eýeçilik gatnaşyklary öňki döwürler bilen deňeşdireniňde has ösüpdir we giň ýaýrapdyr. Gullaryň köpüsi ýokary emeldarlara, ruhanylara goşun serkerdelerine degişli bulupdyr. Emma bu döwürde hojalygynda 1-2 guly bolan ownuk gul eýeleriniň sany-da artypdyr. Agalyk ediji gatlagyň içinde-de özgeriş bolup geçipdir. Faraon tarapyndan kiçi hem orta döwlet gullugyna çekilen we gullugyna laýyk ýer paýy hem-de gul peşgeş alan ownuk we orta gul eýeleriniň topary emele gelipdir. Hökümdar tarapyndan berilen wezipä hem emläge eýe bolan bu topar, merkezi häkimýeti berkitmäge gönükdirilen her bir çäräni goldap faraonyň esasy daýanjyna öwrülipdir.

Ýokarky gatlagyň içinde ýene-de iki sany sosial topar tapawutlanypdyr. Olaryň biri emeldarlar we serkerdeler topary. Olar faraonyň töweregine berk jebisleşipdirler we ony goldapdyrlar. Ikinji mirasdar welaýat begleri we ýokary ruhanylar bolup, olaryň başynda Amon hudaýynyň ryhanylary durupdyr. Welaýat begleri we ýokary ruhanylar topary başda XVIII



Nubiýanyň ilçileri we tölegçileri Müsürde. Ehnatonyň we onuň maşgalasynyň Güne çokunyşlary.

Ehnatonyň aýaly Nefertiti. XVIII nesilşalyk
Amenhotep Hewiniň tabydyna çekilen şekil

nesilşalygynyň faraonlarynyň syýasatyny goldapdyr. Çünki olaryň her bir şowly ýörişinden soň buthanalara, aýratynam Amon hudaýynyň buthanasyna örän köp baýlyklar sowgat berlipdir. Basyp alyşlaryň netijesinde mirasdar welaýat begleriniň baýlygy-da iňňän çalt köpelipdir. Ummasyz baýlyga eýe bolan ýokary ryhanylar we mirasdar welaýat begleri faraonyň töweregine jebisleşen emeldarlar toparyna müňkürlik bilen garap başlapdyrlar we faraonyň syýasatyna öz täsirini ýetirmäge çalşypdyrlar. Bu agalyk ediji ýokary gatlagyň içindäki toparlaryň öz arasynda garşylyklaryň ýüze çykmagyna getripdir. Garşylyklaryň ýitileşmegi Müsür faraony Ehnatonyň dini özgertmelerini geçirmegine sebäp bolupdyr.

**Döwletiň edara edilşi.** Täze patyşalyk döwründe täze ýerleriň basylyp alynmagy bilen ýurduň çäkleriniň giňelmegi, holajyk durmuşynyň we sosilal gatnaşyklaryň çylşyrymlaşmagy döwlet dolandyryş guramasynyň kämilleşdirilmegini talap edipdir. Dolandyryş işleri çylşyrymlaşypdyr. Döwlet işleriniň möçberi artypdyr. Şoňa görä-de dürli derejedäki emeldarlaryň sany köpelipdir. Olaryň anyk ýerine ýetirmeli işleri barada Tutmos III döwründe wezir derejesindäki emeldar Rehmir tarapyndan düzgünnama taýýarlanypdyr. Bu düzgünnama döwletiň dolandyryş edarasynyň örän çylşyrymly bolandygyny görkezýär.

XVIII nesilşalygyň döwründe döwlet dolandyryş ulgamynyň başynda merkezi edara durupdyr. Merkezi edara ýokary emeldar bolan wezir ýolbaşçylyk edipdir. Merkezi edara birnäçe pudaklara (ministrliklere) bölünipdir. Olaryň iň möhümleri: salgyt ýygnamak, döwlet gaznasy, ekerançylyk, kazyýet işleri, harby işleri boýunça pudaklary bolupdyr. Pudaklaryň her birine faraon tarapyndan bellenilen emeldarlar ýolbaşçylyk edipdir. Her pudakda kätipleriň, hasapçylaryň, hat gatnadyjylaryň uly topary gulluk edipdir. Welaýat dolandyryş

edarasy pudaklary boýunça merkezi gurama meňzeş bolup, olaryň ýolbaşçysyny wezir belläpdir. Welaýatlardaky mirasdar begleriň hukuklary çäklendirilipdir. Olaryň wezipelerini mirasa geçirmek hukugy ýatrylypdyr. Uly şäherleriň häkimleri-de merkezden bellenipdir. Welaýatlar öz gezeginde etraplara we obalara bolünip olaryň ýolbaşçylary welaýat edarasyna garaşly bolupdyr.

Basylyp alnan ýerlere dolandyrmak birmeňzeş bolmandyr. Nubiýada müsürliler berk dolandyryş edarasyny döredipdirler. Ol edaralaryň ýolbaşçylary Müsürden iberilipdir. Aziýadaky basylyp alnan ýurtlarda hanlyklaryň, welaýatlaryň şäherleriň ýerli hökümdarlary saklanypdyr. Emma olaryň ýanynda Müsür goşun bölümleri ýerleşdirilipdir.Ýerli hökümdarlaryň Müsüre wepalylygynyň girewi höküminde, olaryň mirasdar ogullary Müsür köşgüne äkidilip şol ýerde terbiýelenipdir.

Şeýlelik bilen, Täze patyşalyk döwründe Müsürde çylşyrymly jemgyýetçilik ulgamy, ýagny döwleti dolandyrmaga ukyply hem kuwwatly edara ediş guramasy döredilipdir.

**XVIII nesilşalygyň faraonlarynyň basybalyjylykly ýörişleri.** Täze patyşalyk döwründen saklanyp galan ýazuw ýadygärlikleri bolan ýyl ýazgylary, esgerleriň, serkerdeleriň ömür beýanlarynyň ýazgylary, giçki edebi eserler Müsür faraonlarynyň bu döwürde dürli taraplara geçiren ýörişleri barada maglumat berýär.

XVIII nesilşalygyň ilkinji faraony Ýahmos I (Amasis I) giksoslara garşy göreşi üstünlikli tamamlaýar. Giksoslaryň iň soňky daýanjy Awaris şäheri ýykylandan soň, ol duşmany yzarlap Palestinanyň günorta serhetlerine ýetýär. Şondan soň giksoslaryň diňe bir Müsürdäki agalygy ýok edilmän, eýsem olaryň döwleti hem ýykylýar. Giksoslar ýurtdan kowulandan soň Müsüriň harby-syýasy işjeňligi güýçlenýär. Müsür faraonlarynyň basybalyjylykly ýörişleri döwri başlanýar.

Ýörişler adaty ugurlara, Ortaýer deňiziniň gündogar kenarlaryna we günorta tarap-Nubiýa gönükdirilipdir.

Müsür faraonlary işjeň daşary syýasat ýöretmek üçin Müsür goşunynda birnaçe özgertmeleri geçirýär. Giksoslaryň täsiri bilen iki at goşulan ýeňil söweş arabaly goşun bölümi döredilýär. Her arabada iki esger bolup, biri araba sürüpdir we galkan tutupdyr. Ikinjisi duşmana garşy peýkamdan ok atypdyr. Esasy goşun bölümi bolan pyýada esgerler ýaragyň täze görnüşleri bilen ýaraglandyrylypdyr. Ýaraglanyşyga gylyjyň iki görnüşi- agyrdan göni gylyç we egriden ýeňil gylyç girizilýär. Duşmanyň urgusyndan ygtybarly goranmak üçin esgerler ýüzüne metaldan örtülen tuwluga geýipdirler. Pyýada esgerler birleşmesiniň gapdalyna peýkamçylardan hem naýza zyňyjylardan ybarat toparlar goşulypdyr. Goşunyň söweş ukybyny ýokarlandyrmak üçin ýorite türgenleşik okuwlary geçirilipdir.

Esgerleri we olaryň ýüklerini daşamak, deňiz söweşlerini alyp barmak üçin harby deňiz floty döredilipdir. Gorag berkitmelerini gurmak kämilleşipdir. Müsürliler basyp alan ýerlerini elinde saklamak üçin ol ýerlerde berk galalary salypdyrlar. Goşunyň sany üzül-kesil artdyrlypdyr. Täze girizilen düzgün boýunça her on erkek adamdan biri goşuna alnypdyr. Ýerli esgerlerden başga-da keseki ýurtlardan bolan hakynatutma goşunlar hem döredilipdir. XIX nesilşalygy döwründe hakynatutma goşun Müsür goşunynyň ýarysyny düzüpdir.

Şeýle özgertmeleriň netijesinde, guramaçylygy, tertip düzgüniň berkligi, ýaraglanşy we söweşe ukuplylygy boýunça, Müsür goşuny şol döwüriň iň kuwwatly harby güýjine öwrülipdir. Şeýle kuwwatly goşuna daýanyp XVIII nesilşalygynyň faraonlary üstünlikli ýörişleri amala aşyryp, örän giň ýerleri basyp alypdyrlar. Ylaýta-da Ortaýer deňziniň gündogar kenaryndaky basybalyşlar uly möçbere eýe bolupdyr. Müsüriň uly üstünliklere eýe bolmagyna bu sebitiň dagynyklygy sebäp bolupdyr. Uly bolmadyk hanlyklaryň özbaşdak şäher

döwletleriniň goşunlaryny ýeke-ýekeden ýeňmek bir hökümdara boýun egýän müsür goşunyna aňsat başardypdyr. Wawilon, Assiriýa, Hett ýaly döwletler hem bu döwürde gowşapdyr we Müsüriň hüjümine päsgel berip bilmändirler. Bu sebitde Müsüriň ýeke-täk bäsdeşi b.e.öň XVI asyryň ahyrlarynda XV asyryň birinji ýarymynda ýokary göterilen ýaş Mitanni döwleti bolupdyr. Emma ol hem kuwwatly Müsür goşunlarynyň okgunly hüjümleriniň öňüni alyp bilmändir.

Müsüriň goňşy ýurtlara üstünlikli harby ýörişleri Tutmos I döwründe başlanýar. Ol ilki günorta ýöriş edip, ýurduň serhetýaka sebitlerine howp salýan Nubiýaly taýpalary boýun egdiryär. Netijede Müsüriň basyp alan ýerleriniň günorta çägi Nil derýasynyň üçinji bolsagasyna çenli ýetýär.

Günorta ýörişden soň, müsür goşuny Alynky Aziýa çozup girýär. Siriýanyň we Palestinanyň ownuk hanlyklaryny boýun egdirip, Mitanniniň serhetlerine baryp ýetýär. Müsürliler ilkinji gezek demirgazykdan günorta akýan uly derýany görüp, geň galypdyrlar we oňa Ýewfrat- Ters akan derýa diýip at beripdirler.

**Tutmos III içeri we daşary syýasaty.** Müsüriň soňraky faraony Tutmos II surkaw hem gowşak adam bolansoň ol dirikä körpeje ogly Tutmos III faraon diýip yglan edýär. Tutmos III ulanýança döwleti edara etmegi onuň ejeligi (Tutmos II-niň ikinji aýaly) Hatşepsut öz eline alýar. Hatşepsut 20 ýyl çemesi özbaşdak hökümdarlyk edipdir. Aýal faraonyň dolandyran döwri ýörişler togtadylypdyr. Ýurduň içinde gurluşyk işleri giň gerime eýe bolupdyr.

Hatşepsut ölenden söň görnükli serkerde, öňden görüji döwlet işgäri Tutmos III (b.e.öň 1490-1436 ýý.) doly ygtyýarly hökümdar bolýar. Parahatçylyk döwri tamamlanyp Tutmos III harby ýörişleri başlanýar. Tutmos III döwleti özbaşdak dolandyryp başlan ilkinji ýylyndan, uly goşuna baş bolup Palestina ýöriş edýär. Ownuk hanlyklaryň garşylyklaryny basyp ýatyryp, Gaza şäherini eýeleýär. Soňra Alynky Aziýanyň jümmüşine aralaşýar.

Müsüriň goşunynyň Siriýanyň demirgazyk ýerlerini eýelemegi, bu sebitde öz agalygyny esaslandyrmaga dalaş edýän Derýaaralygynyň demirgazygynda ýerleşen Mitanni döwletiniň garşylygyna duçar bolup, iki döwletiň çaknyşmagyna alyp barýar. Mitanni döwletiniň gollamagy bilen Palestinada ýerleşýän ownuk hanlyklaryň birleşen goşuny Kadeş şäheriniň ýolbaşçylygynda Müsüre garşy Megiddo şäheriniň eteginde söweşipdirler, emma söweş Müsüriň peýdasyna gutarypdyr. Tutmos III annallarynda Megiddo şäheriniň ýanyndaky söweş barada yzygiderli maglumatlar berilipdir. Beýanlarda Tutmos III öz serkerdeleriniň maslahatyna gulak asman, howply darajyk jülge bilen ýörişe ugraýyşy we bu jülgede gazaply söweş bolup, siriýa-palestina goşunlarynyň söweş meýdanyny taşlap Megiddo şäherinde goranyşa geçişi gürrüň berilýär. Ýedi aý surnukdyryjy gabawdan soň Megiddo (b. e. öň 1468 ý.) basylyp alynýar. Netijede, Müsür Siriýanyň we Palestinanyň ýerleriniň köp bölegini eýeleýar. Tutmos III özüniň patyşalyk eden ilkinji 22-ýylynyň içinde Alynky Aziýa tarap 15 gezek ýöriş geçirýär, öz ýerlerini Ýewfrat derýasynyň ýokary akymlaryna çenli giňeldýär. Mitanni bolsa Ýewfrat derýasyndan günbatardaky ýerleri goýup gitmäge mejbur edilýär.

Tutmos III harby ýeňişlerini soňra hem dowam etdirýär. Ol Ortaýer deňzinden harby gämilerini gury ýer bilen süýräp Ýewfrat derýasyna geçiripdir (taryhda uruşyň bu usuly ilkinji gezek geçirilen bolmagy hem mümkin), ähli goşunlaryny derýanyň çep kenaryna düşürip, ol ýerleri eýeleýär. Şeýlelik bilen, Müsür döwletiniň demirgazyk çäkleri ilkinji gezek Ýewfrat derýasynyň ýokarky akymynda ýerleşýän Karkemiş şäherine çenli baryp ýetýär.

Tutmos III Günorta tarapa hem birnäçe gezek ýöriş edýär. Şol ýörişleriň netijesinde, Müsüriň Nubiýadaky eýelän ýerleriniň günorta çägi Nil derýasynyň 4-nji bosagasyna çenli giňeýär. Tutmos III Günorta tarapda we Demirgazykda ýeten ýerlerine ondan soňraky faraonlaryň hiç biri hem ýetip bilmändir. Müsür

kuwwatly dünýä döwletine öwrilýär. Onuň ýerleri basyp alan ýurtlary bilen bilelikde demirgazykdan-günorta 3200 kilometra uzalypdyr.

Tutmos III 54 ýyl hökümdarlyk edip aradan çykypdyr. Tagta onuň ogly Amenhotep II geçipdir. Ol hem öz kakasynyň basybalyjylykly syýasatyny dowam etdiripdir. Bu gazaply patyşa bir gezekki ýörişde Aziýadan 100 müň ýesir getiripdir. Amenhotep II mirasdary Tutmos IV hem Aziýa birnäçe ýörişleri amala aşyrypdyr. Ol Nubiýada ýüze çykan gozgalaňyda basyp ýatyrypdyr.



Ehnatonyň we onuň maşgalasynyň Güne çokunyşlary.



Ehnatonyň aýaly Nefertiti. XVIII nesilşalyk

Amenhotep II we Tutmos IV jeza beriji ýörişleri Ortaýer deňziniň gündogar kenarynda ýerleşen hanlyklaryň garşylyklaryny doly basyp ýatyrypdyr. Bu döwirde Wawilon, Hett, Assiriýa ýaly has uzakda ýerleşýän özbaşdak döwletler hem Müsüriň güýç-kuwwatyny ykrar etmäge mejbur bolupdyrlar. Şoňa görä-de soňraky faraon Amonhotep III hökümdarlygy parahatçylykly hem asuda geçipdir. Onuň döwründe salgyt görnüşinde getirilýän ummasyz baýlyklaryň hasabyna Müsürde uly ymaratlaryň gurluşyklary amala aşyrylypdyr.

## §5. Dini özgertmeleriň ýüze çykmagynyň sebäpleri. Amenhotep IV (Ehnaton)

**Dini özgertmeleriň ýüze çykmagynyň sebäpleri.** XVIII nesilşalygynyň faraonlarynyň basybalyjylykly ýörişleriniň netijesinde Müsüre olja hem salgyt görnüşinde ägirt köp baýlyk getirilýär. Ol baýlygyň agramly bölegi agalyk

ediji toparlaryň, şol sanda ýokary ruhanylaryň elinde jemlenýär. Müsürliler örän köp hudaýlara sežde edipdirler. Olaryň içinde umumy Müsür möçberinde sežde edilýän ýokary hudaýlar aýratyn orun tutupdyr. Olaryň hormatyna kaşaň ybadathanalar (buthanalar) gurylypdyr. Ol ybadathanalara uly ýer mülkleri, mal, emläk, gullar degişli bolupdyr.

Ybadathanalarda dürli derejeli ruhanylaryň uly topary gulluk edipdir. Ybadathana hojalygynda alynýan girdejileriň bir bölegi salgyt hökmünde döwlete geçirlenem bolsa, onuň uly bölegi ruhanylaryň ygtyýarynda galypdyr. Ruhanylar örän baýlaşypdyr.

XVIII nesilşalygyň Fiwy faraonlary Amon hudaýnyň baýdagy astynda ýurtdan giksoslary kowup çykarypdyrlar. Şol sebäpli Fiwy ybadathanasynyň baş hudaýy bolan Amon hudaýyna sežde etmeklik güýçlenipdir Ol faraonyň penakäri, Müsüriň baş hudaýy hasap edilipdir. Oljalaryň hem peşgeşleriň bir bölegini faraonlar Amon hudaýyna bagyş edipdirler. Amon hudaýynyň hormatyna Karnakda hem Luksorda täze uly ybadathanalaryň gurluşygy başlanypdyr. Emma ummasyz baýlyga we abraýa eýe bolan Amon hudaýynyň ruhanylary döwlet syýasatyna täsir edip başlapdyrlar. Olar dini dessurlary peýdalanmak bilen tagt mirasdarynyň bellenmegine, onuň üsti bilen döwlet syýasatyna öz täsirini edip başlapdyrlar.

Fiwy ruhanylarynyň döwlet syýasatyna täsiriniň artmagy ilatyň beýleki toparlarynyň, ylaýta-da döwlet gullukçylarynyň närazylygyny döredipdir. Galyberse-de Fiwy ruhanylarynyň döwlet syýasatyna barha kän goşulmagy, faraonlaryň döwleti merkezleşdirmek syýasatyna ters gelipdir, oňa päsgel beripdir. Olaryň mundan beýläk güýçlenmegi faraon üçin hem howply bolupdyr. Şoňa görä-de, faraon Amenhotep IV (b.e.öň. 1365-1348 ýý.) bir tarapdan Müsür dinini üýtgetmäge, ikinji tarapdan Müsüriň ýokary

ruhanylarynyň syýasy täsirini, ilki bilen hem Fiwyly ruhanylary gowşatmaga gönükdirlen dini özgertmeleri amala aşyrypdyr.

**Müsürde dini özgertmeleriň geçirilmegi. Garşylyklaryň ýitileşmegi.** Müsürde köp hudaýlylyk dini dowam edipdir. Käbir maglumatlara görä Müsürlileriň sežde edýän hudaýlarynyň sany müňe ýetipdir. Müsür hudaýlary derejesi hem ähmiýeti boýunça ýerli, welaýat we bütin ýurt möçberinde sežde edilýän hudaýlara bölnüpdir. Entek Gadymy patyşalyk döwrinde Gelieopol şäherinde ýeke-täk ýokary hudaý Ra-Gorahte barada düşünjeler ýaýrapdyr. Ol Gün hudaýy, faraonyň penakäri hasap edilipdir. Ony bürgüt görnüşinde şekillendiripdirler.



Tutanhamonyň tabydyndan tapylan zenan hudaýynyň heýkeli

Amenhotep IV öz dolandyran ilkinji ýyllarynda ýurtda Ra-Gorahte hudaýyna sežde etmegi öňe sürüpdir. Emma, tiz wagtdan ol ilat arasynda az tanalýan we ozal ikinji derejeli hasap edilýän gün tegelegini aňladýan Aton hudaýyny Müsüriň ýokary hem ýeke-täk hudaýy diýip yglan edýär. Bu syýasatyň ýöredilmegi netijesinde, ozalky sežde edilýän hudaýlar, şol sanda Amon hudaýy hem öz güýjini ýitirip ikinji derejeli hudaýlar hasaplanypdyr. Faraon Atonyň ýeke-täk ogly, onuň baş ruhanysy diýlip yglan edilýär. Ol Amenhotep (Amon razy) adyny aýyryp Ehnaton (Atona ýaramly) diýen ady kabul edýär. Bu geçirilen çäreler Amon hudaýynyň ruhanylarynyň güýçli garşylygyna duçar bolýar. Ehnaton olardan çürt-kesik arany üzmek maksady bilen paýtagty täze gurdyran Ahetaton (Atonyň nazary düşýän ýere) şäherine göçürýär. Ahetaton (häzirki Tell-el-Amarna) şäherinde kaşaň patyşa köşgi, ybadathanalar, döwlet edaralarynyň jaýlary,

beýleki jemgyýetçilik we hususy ymaratlar gurylyp gözel şähere öwrülýär.

Aton diňe bir Müsürin däl, eýsem bütin dünýäniň eke-täk hudaýy, ol Müsüri we beýleki ýurtlary ýaradan hudaý hasap edilýär. Ony haýsydyr bir adam ýa-da haýwan görnüşinde şekillendirmändirler. Onuň aňlatmasy şöhleleri-elleri bilen ýagtylyk, ýylylyk we rysgal eçilýän Gün tegelegi bolupdyr. Ýeke-täk hudaý bolan Atonyň hudaý aýaly-da, hudaý nesli-de ýok diýilip hasaplanypdyr. Onuň gadymy Müsür dinine mahsus dini-nazarýetler, rowaýatlar toplymy-da çylşyrymly nyşanlarydyr-aňlatmalary hem bolmandyr. Ol ýaşaýyşyň baş çeşmesi Güniň, tebigatyň beýik güýjiniň aňlatmasy bolupdyr.

Baş hudaý barada düşünjäniň özgermegi Müsürde tutuş dini garaýyşlaryň düýpli özgermegine, ruhanylaryň ýagdaýyna, ýerine ýetirýän işlerine, olaryň döwlet ähmiýetli işlerine ylaýta-da faraon häkimýeti bilen gatnaşygyna täsir etmän durup biljek däldi. Şonuň bilen bir wagtda ol müsürlileriň hudaýlar dünýäsini, adamlar dünýäsini, tebigaty çeper beýan edişlerinde hem düýpli özgerişlere alyp barýar. Ol Müsür sungatynyň mazmunyna, onuň ugurlaryna düýpli täsir ýetirýär. Aton döwri Müsür sungatynyň ösüşiniň örän täsin döwri hasaplanýar.

Dini-syýasy özgertmeleri geçirmekde Ehnaton IV esasy daýanjy döwlet emeldarlary we ilatyň orta gatlagy bolupdyr. Emma ýokary ruhanylardan we olary goldaýan welaýatlardaky mirasdar beglerden düzülen güýçli topar özgertmeleriň barlyşyksyz garşydaşy bolupdyr. Ilatyň köpçüligini düzýän aşaky gatlaklar hem özgertmeleri goldamandyrlar. Çünki ata-baba sežde edilip gelnen hudaýlaryň güýçsiz diýlip yglan edilmegi, olara düşnüksiz bolupdyr. Şoňa görä-de olar özgertmelere açyk garşylyk görkezmeseler-de sowuk-sala garşylapdyrlar. Şeýle ýagdaý özgertmeleriň tiz wagtdan ýatyrylmagyna alyp barypdyr.

Ehnaton täze paýtagtda 10 ýyl dolandyrandan soň aradan çykypdyr. Tagt onuň ogly Tutanhatona gecipdir. Ýaş faraon Fiwyly ruhanylaryň we olaryň tarapdarlarynyň zor salmagy sebäpli özdertmeleri ýatyrmaga mejbur bolupdyr. Paýtagt Memfise geçirilipdir. Tutanhaton öz adyndan ýüz öwürip, täze Tutanhamon diýen ady kabul edýär. Amon hudaýyna sežde etmek dikeldilýär. Ahetaton şäheri taşlanýar. Ehnatonyň ady näletlenýär. Şeýlelik bilen dini özgertmeler döwri hem tamam bolýar. Emma özgerdiji faraonyň gysga döwürlik hökümdarlygy Müsüriň taryhynda düýpli yz galdyrypdyr. Dini ynançlar babatda ol bir hudaýlylyk (monoteizm) nazarýetiniň kemala gelmegine ýardam etse, medenýetde, sungatda täze ugurlaryň we öwüşgünleriň ýüze çykmagyna getiripdir.

**XIX nesilşalygynyň ýurdy jebisleşdirmek üçin geçiren çäreleri.** XVIII nesilşalygynyň soňky faraonlarynyň döwründe Müsüriň içerki ýagdaýam, daşarky ýagdaýam ýaramazlaşýar. Ehnatonyň dini-syýasy özgertmeleri we onuň şowsyzlygy ýurtda sosial dartgynlygy güýçlendiripdir. Içerki özgertmelere başagaý bolan Ehnaton Ortaýer deňziniň gündogar kenarynda işjeň daşary syýasat ýöredip bilmändir. Şoňa görä-de bu sebitde Müsüriň täsiri juda pese gaçýar. Siriýanyň, Palestinanyň ozal Müsüre gürrüňsiz boýun egýän hanlyklary indi özbaşdak syýasat ýöredip başlapdyrlar. Şeýle ýagdaýda, XIX nesilşalygyň faraonlarynyň öňünde ýurdy jebisleşdirmek, döwletiň ykdysady-maliýe ýagdaýyny gowulandyrmak, goşuny güýçlendirmek, daşary syýasatyň gowşamagy bilen elden gideren ýerlerini gaýtaryp almak wezipesi durypdyr.

XIX nesilşalygyny esaslandyryjy görnükli sekerde Horamheb (b. e. öň. 1334-1306 ý.) bu wezipeleri çözmegi başarypdyr. Gelip çykyşy mirasdar welaýat beglerinden bolsa-da, Ehnaton ony döwlet gullugyna çekipdir. Tutanhamonyň döwründe bu ukyply adam baş serkerde wezipesine bellenýär. Soňra ol Fiwyly ruhanylaryň goldawyna daýanyp häkimýeti öz

eline alýar. Horamheb ýurdy jebisleşdirmek üçin birnäçe çäreleri amala aşyrýar. Ehnatonyň özgertmelerini ýatyryp, Amon hudaýyna sežde etmek doly dikeldilse-de ol Ehnatonyň tarapdarlaryndan öç alynmagyna, ýurtda agzalalygyň güýçlenmegine ýol bermändir.

Döwletiň maliýa ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen salgyt ulgamynda hem özgertmeler geçirilipdir. Horamheb özüni halka, garamaýak adamlara ýakyn tutmaga çalşypdyr. Ilatyň orta gatlagyndan döwlet gullugyna ukyply adamlary çekmek syýasatyny dowam etdiripdir. Döwlet gullukçylarynyň arasyndaky parahorluga, diýdimzorluga garşy berk çäreleri amala aşyrypdyr. Ol goşunda-da käbir özgertmeleri amala aşyrýar. Daşary ýurtly hakyna tutma esgerleriň sany köpeldilýär. Goşun guramaçylyk babatynda iki topara: biri Nubiýa - günorta, beýlekisi Alynky Aziýa - demirgazyga tarap hereket etmek üçin niýetlenýär.



Luksordan alnan Horemhebiň şekili.
XIX nesilşalygy

**XIX nesilşalygynyň faraonlarynyň daşary syýasaty. Ramzes II.** Horamhebyň geçiren çäreleri Müsüriň içerki we daşarky kuwwatyny dikeltmäge şert döredipdir. Onuň oruntutarlary Ramzes I we Seti I ýurdyň berkän kuwwatyna daýanyp, işjeň daşary syýasat ýöredip başlaýarlar. Has üstünlikli ýörişleri soňraky faraon Ramzes II (b.e.öň 1290-1224 ýý.) amala aşyrýar. Nubiýada Müsüriň agalygyny berkitmek oňa aňsat başardypdyr. Emma Alynky Aziýada syýäsy ýagdaý özgeripdi. Kiçi Aziýada emele gelen güýçli Hett döwleti Siriýanyň, Finikiýanyň, Palestinanyň baý welaýatlaryny eýelemegi isleýärdi. Şoňa görä-de Müsür goşunlary ozalky ýaly

dagynyk halklaryň däl-de, bir hökümdara boýun bolan halklar bilen, ýagny güýçli döwletiň goşuny bilen çaknyşmaly bolupdy. Ramzes II hettler bilen ilkinji çaknyşygy b.e. öň 1286-njy ýylda bolup geçýar. Garşydaşyny äsgermän Ramzes II Kadeş şäheriniň ýanynda uly bolmadyk goşun bilen söweşe girýär, emma hettler harby hileleri ulanyp olary gabapdyrlar. Ramzes II öz esgerlerine baş bolup agyr söweşe girýär we örän kynçylyk bilen gabawdan çykyp ýesir düşmekden zordan halas bolýar.

Şondan soň Ramzes II hettlere garşy uruş usulyny üýtgdýär we garşydaşynyň hakyky güýçlerini öwrenýär. Urşa ykjam taýýarlyk görýär. Aýgytly çaknyşyklardan gaça durup, dürli harby hileleri we diplomatiýa serişdelerini peýdalanmagy güýçlendirýär. Uruş uzaga çekýär. Ramzes II hettleri birneme yza çekilmäge mejbur etmek başartsa-da aýgytly ýeňiş gazanyp bilmändir. Ýakyn Gündogarda bu iki döwletiň biri-birine garşy durmagy netije bermänsoň, taraplar harby güýç bilen biri-birini ýok edip bilmejeklerine düşünipdirler. Netijede, b.e.öň 1270-nji ýylda Müsür faraony Ramzes II bilen Hett patyşasy Hattusili III arasynda ýaraşyk şertnamasy baglaşylýar. Şol şertnamanyň ýazgysy Fiwyda 2 sany ybdathananyň diwarynyň ýüzünde we Hett döwletiniň paýtagty Hattusy(häzirki Türkiýa Respublikasynyň Bogazkeý diýen ýerinde) arhiwinde saklanýar.

Iki güýçli döwlet özara dawalary we meseleleri güýç ulanmak bilen däl-de parahatçylyk ýoly bilen çözmek, berk parahatçylygy ýola goýmak, täsir astyna almaga dalaş edilýän ýerleri ylalaşykly paýlaşmak barada şertnama baglaşýarlar. Şertnamanyň esasynda Siriýanyň, Palestinanyň demirgazyk bölegi Hettleriň, olaryň günorta bölegi we Finikiýa ýerleri Müsüriň täsiri astyna geçýär. Taraplar zerur bolan halatda biri-birine harby kömek bermegi borç edinýärler. Şertnama Ramzes II bilen Hett patyşasynyň gyzynyň nikasy bilen berkidilýär.

B.e. öňki 1270-nji ýylyň şertnamasynyň ýazgysy öwrenilende, şol döwürde halkara gatnaşyklarynyň iň çylşyrymly meselelerini çözmäge oňaýly diplomatiýa usullarynyň işlenilip düzülendigine göz ýetirmek bolýar. Bu şertnama gadymy dünýä taryhynyň saklanyp galan we bize mälim bolan ilkinji ýaraşyk şertnamasynyň doly ýazgysydyr. Bu ýazuw ýadygärligi dünýä diplomatiýasynyň taryhynda görnükli orun eýeleýär. (1963-nji ýylda Türkiýa Respublikasynyň daşary işler ministri kümüş plastinka ýazylan bu ýaraşyk şertnamanyň doly beýanyny Birleşen Milletler Guramasyna saklamak üçin gowşurýar).

**Ramzes II içerki syýasaty.** Ýaraşyk şertnamasy baglaşylandan soň Ramzes II bar ünsüni ýurduň içerki işlerine gönükdirýär. Ýurtda uly möçberli gurluşyk işleri alnyp barylýar. Ylaýta-da Deltada amala aşyrylan işler uly ähmiýete eýe bolýar. Bu ýerde birnäçe täze şäherler gurulýar. Aýratyn-da faraonyň mesgeni Per-Ramzes (Ramzesiň öýi) şäheri kaşaň köşkler hem owadan ymaratlar bilen bezelýär. Deltanyň has oňat özleşdirilen gündogar bölegi "Ramzesyň ýurdy" adyny alýar. Nubiýada-da birnäçe ybadathana gurulýar. Olaryň arasynda gaýanyň içini köwüp ýasalan Abu Simbel ybadathanasy ägirtligi



Faraon Ramzes patyşa tagtynda

bilen tapawutlanýar. Onuň beýikligi 33 m, ini 38 m, gaýanyň içine gazylany 65 metre barabar bolupdyr. Ybadathananyň Nil derýasyna bakyp duran girelge tarapynda Ramzes II belent kürsüde oturan görnüşdäki, beýikligi 20 metrlik 4 sany daş heýkeli oturdylypdyr. Heýkelleriň aýaklarynyň ýanynda onuň aýallarydyr-çagalarynyň 200 sany kiçiräk heýkelleri ýerleşdirilipdir. 1965-nji ýylda beýik Asuan bendi gurulanda

suwa basdyrmazlyk üçin BMG –nyň ýanyndaky YUNESKO-nyň karary bilen, Abu-Simbeldäki ybadathana dünýä medeniýetiniň iň gymmatly ýadygärligi hökmünde sökülip, şol etrapda has ýokarda ýerleşýän belentlige geçirilýär.

**Müsüriň gowşap başlamagy. “Deňiz halklarynyň” hüjüminiň güýçlenmegi.** Ramzes II aradan çykandan soň tagta onuň 13-nji ogly, eýýäm gartaşan adam, Merneptah (b e öňki 1224-1214 ýý.) geçipdir. Onuň dolandyran döwründe Müsür gowşap başlaýar. Ýurda deňiz halklary diýilýänleriň çozuşy başlanýar. Olar esasan Kiçi Aziýanyň günbatar kenarýaka sebitleriniň we Ortaýer deňzindäki adalaryň ilatyndan ybarat bolup, b. e. öň XIII asyrda giň möçberli talaňçylyk işleri bilen meşgullanyp başlaýarlar. “Deňiz halklarynyň” çozuşyndan Ortaýer deňziniň gündogar kenaryndaky halklar-da heläkçilik çekipdir. Olar b.e. öň XIII asyryň soňky çärýeginde Müsüre çozup Deltany hem tozduryp başlapdyrlar. Şu döwürde günbatardan Liwiýalylaryň hem Delta zor salmasy güýçlenipdir. Merneptah ýurdyň adam hem maddy güýçlerini jemläp gury ýer we deňiz söweşinde olary derbi-dagyn etmegi başarýar. Netijede “deňiz halklarynyň” birinji çozuşy yzyna serpikdirilýär.

Merneptah bölünip aýrylan Siriýa şäherleriniň gozgalaňyny hem basyp ýatyrýar, liwiýalylaryň çozuşyny-da yzyna serpikdirýär. Emma Merneptahyň dini syýasatda Amon hudaýyna çokunman Ptah hudaýyna çokunmagy, faraon bilen onuň töweregindäki emeldarlar bilen, aýratyn hem Fiwyniň täsirli ruhanylary bilen gatnaşygyny ýaramazlaşdyrýar. Käbir nomarhlaryň özbaşdaklyga ymtylmasy güýçlenýär, merkezi häkimiýetiň olary özüne oňküsi ýaly tabyn etmäge güýji ýetmeýär. Merneptah ölenden soň ýurduň içerki ýagdaýy has hem ýaramazlaşýar. Soňraky 20-ýylyň içinde Müsürde XIX nesilşalygyň wekilleriniň 4-si yzly-yzyna çalyşypdyrlar. Bu ýagdaý merkezi häkimýetiň gowşamagyna, ýurduň pese düşmegine getiripdir. Netijede, ýurtda bitertiplikler peýda

bolýar. Şeýle çylşyrymly ýagdaýdan peýdalanyp Siriýadaky we Palestinadaky garaşly hanlyklar Müsürden bölünip aýrylýarlar. Liwiýalylaryň talaňçylygy bolsa has güýçlenýär.

## §6. Müşür XX nesilşalygyň we Giçki patyşalyk döwründe

**Müsürde XX nesilşalygyň esaslandyrylmagy.** B. e. öň XIII asyryň ahyrlaryndaky, XII asyryň başlaryndaky ýurdyň içindäki tolgunşyklar barada, tertip-düzgüniň gaçyşy barada ýeterlikli taryhy maglumatlar saklanypdyr Ol barada Harrisiň papirusyna ýazylan ýazgyda has aýdyň berilipdir. Onda Müsür ýurdynyň talanylşy, adamlaryň köp ýyllap diýen ýaly häkimsiz galyşy, her kimiň eden-etdilik bilen meşgul boluşlary, ýurdy emeldarlaryň we şäher häkimleriň eýeleýişleri barada gürrüň berilýär. Müsüriň Siriýadaky we Palestinadaky ýerleriniň ep-esli bölegi elden giderilýär, "deňiz halklarynyň" çozuşlary bolsa gündogar bölegini çapawullap ýurdy tozdurýar. Deltanyň günbatar bölegi bolsa liwiýa taýpalary tarapyndan eýelenýär. Şeýle ýagdaýdan pedalanan daşary ýurtly, asly siriýaly Irsunyň häkimligi basyp alyp, bütin ýurdy salgyt tölemäge mejbur edişi we ýurdy talaýyşy hakynda şol papirus ýazgylarynda habar berilýär.

Üstesine-de Ramses II oruntutarlarynyň dolandyran döwrüniň ahyrlarynda, ýurdyň ykdysady we syýasy ýagdaýynyň pese düşen şertlerinde, paýtagtda häkimýet ugrynda hem göreş başlanýar. Göreşde ýokary emeldarlaryň biri, Setnahta häkimýeti ele almak başartýar. Setnahta täze XX nesilşalygy esaslandyrmagy başarypdyr. Bu faraon ýurduň içerki we daşarky ýagdaýlaryny kadalaşdyrmakgy, merkezi häkimýeti berkitmegi başarypdyr. Ýazgylarda täze faraon "ozal tutuş gozgalaňlardan doly bütin ýurdy tertibe saldy. Ol Müsür ýurdunda bar bolan gozgalaňçylary ýok etdi. Ol Müsüriň beýik tagtyny arassalady"diýilip habar berilýär.

**Ramzes III alyp baran syýasaty.** Setnahtyň ogly hem oruntutary öňki Müsür faraony Ramzes II öýkünip özüne Ramzes III (b. e. öňki 1190-1159 ýý.) adyny alýar. Ol daşarky duşmanlaryň çozuşyna gaýtawul bermek üçin goşunda özgertmeler geçirýär. Goşunyň sany köpeldilýär. Onuň söweş ukyby ýokarlandyrylýar. Ýurduň ähli ilaty toparlara bölünip, her topar goşuna belli bir mukdarda esger bermäge borçly edilýär. Goşunda keseki ýurtly hakynatutma goşunyň sany artdyrylýar.

Özgerdilen goşuna daýanyp Ramzes III üstünlikli ýörişleri geçirýär. Ol öz dolandyran 5-nji we 11-nji ýylynda Liwiýalylaryň üstünden aýgytly ýeňiş gazanýar. Ol Siriýada we Palestinada Müsüriň agalygyny dikeldýär. Ramzes III dolandyran ýyllarynyň ahyrlarynda ýurduň içindäki bidüzgünçilikler we tolgunyşyklar basylyp ýatyrylýar.

Ramzes III ruhanylaryň goldawyny gazanmak maksady bilen, ozalky faraonlaryň göreldesine eýerip buthanalara, aýratyn nem Amon- Ra hudaýynyň buthanasyna sahylyk bilen uly baýlyklary peşgeş berýär. Emma ummasyz baýlygy elinde jemlän ýokary ruhanylar döwlet işlerine goşulyp başlapdyrlar. Bu syýasat köşk emeldarlarynyň nägileligine getiripdir. Netijede Ramzes III dolandyran 32-nji ýylynda köşkde dildüwşük döräp ol tagtdan agdarylýar.

Ramzes III soňra XX nesilşalykdan ýene-de 8 faraon ýurdy dolandyryp, olaryň ählisi-de Ramzes diýen ady göteripdirler. Olaryň dolandyran döwründe Müsüriň ykdysadyýeti barha pese düşýär. Merkezi häkimýet gowşaýar. Müsür ýurduň daşyndaky basyp alan ýerlerini elden giderýär. Liwiýalylaryň hüjümleri bolsa barha güýçlenýär. XX nesilşalygynyň iň soňky wekili Ramses XI b.e.öňki 1075 –nji ýylynda aradan çykýar, şonuň bilen nesilşalyk hem tamamlanýar. Ýurt ikä bölünýär. Günortada häkimýeti Fiwydäki Amon hudaýynyň buthanasynyň baş ruhanysy Herihor öz eline alýar. Deltada bolsa Tanisli Smendes XXI nesilşalygy esaslandyryp özüni

faraon diýip yglan edýär. Şu wakalar bilen Müsüriň taryhynyň iň ajaýyp, Täze patyşalyk döwri tamamlanýar.

**Müsüriň dagynyk döwrüniň ýagdaýy.** B.e.öň 1075-nji ýyldan b.e.öňki 332 ýyllaryna çenli döwür Müsüriň taryhynyň Giçki döwri hasaplanýar. Müsür taryhynyň bu döwründe ýurt syýasy taýdan köplenç dagynyk ýagdaýda bolýar. Müsüri birleşdirmeklik ýaha ýerli emeldarlaryň täsiriniň güýçlenmegi bilen amala aşyrylypdyr (XXIV, XXVI we XXVIII saisiň hökümdarlary, XXIX mendessleriň we XXX sewennileriň nesilşalyklary), ýa-da ýurduň üstünden daşary ýurtlaryň agalygynyň netijesinde (XXII-XXIII liwiýalaryň, XXV nubiýalylaryň we XXVII parslaryň) birnäçe nesilşalyklar esaslandyrylypdyr. Şeýle ýagdaýda umumy müsür hökümdarlary nomlaryň ýerli özbaşdak hökümdarlygy bilen razylaşmaly bolupdyrlar. Hakykat ýüzünde hem, Müsüriň bütin Giçki döwüründe syýasy häkimiýet nomlardan ybarat toparlaryň elinde bolupdyr.

Müsürde Täze patyşalyk döwri tamamlanandan soň, tä 945-njy ýyla çenli döwür III geçiş döwri diýilip atlandyrylýar. Bu döwürde ýurdyň dagynyklygy, ykdysadyýetiniň pese düşmegi, goňşy halklaryň çozuşlarynyň güýçlenmegi Müsüriň keseki ýyrtlaryň golastyna düşmegine alyp barýar. Ylaýta-da Liwiýalylaryň zor salmasy güýçlenýär.

XX nesilşalygy ýykylandan soň daşary ýurtlylaryň Müsüre garşy hüjümi dowam edipdir. Giçki Müsür hökümdarlarynyň basbalyjylykly uruşlary alyp barmaga indi mümkinçiligi bolmandyr. Şonuň üçin bu ýurt goňşy Afrika ýurtlarynyň, soňra bolsa Alynky Aziýanyň güýçli döwletleriniň harby ýörişlerine sezewar bolýar.

**Liwiýalylaryň Müsüri basyp almaklary. Bubastisleriň agalygy.** Müsür hökümdarlary Liwiýalylary hakynatutma esger höküminde goşuna alyp ugrapdyrlar. Gulluk haky hökmünde olara ýer paýyny bölüp beripdirler, bu syýasat Liwiýalylaryň Aşaky Müsürde - Deltada köpçülikleýin ornaşmagyna alyp

barypdyr. Göçüp gelýänleriň sany örän tiz artypdyr. Liwiýaly hakynatutma goşun bölümlerine hem olaryň öz serdarlaryny serkerde belläpdirler. Liwiýaly serdarlar kem-kemden oba we şäher ýolbaşçysy wezipelerini, ruhany wezipesini hem alypdyrlar. Müsürde has düýpli ornaşmak maksady bilen tanymal Liwiýalylar Müsür dinini, medeniýetini kabul edipdirler. Ýerli begler, hat-da patyşa maşgalasy bilen hem nika-garyndaşlyk gatnaşyklaryny açypdyrlar.

Bu syýasatyň netijesinde takmynan b.e. öňki 945-nji ýylda Liwiýaly tanymal neberelerden bolan Şeşonk I Müsür tagtyna çykýar ( b.e.öň 945-927 ýý.) Şeşonk I Müsüriň XXII Liwiýa nesilşalygyny esaslandyrýar ( b.e. öň 945-722ýý.). Ol öz neberesiniň hökümdarlygyny kanunlaşdyrmak maksady bilen oglyny XXI nesilşalygyň soňky faraonynyň gyzyna öýlendirýär, ikinji bir oglyny bolsa Fiwydäki Amon ybadathanasyna baş ruhany edip iberýär. Liwiýaly hökümdarlar paýtagt hököminde Deltadaky Bubastis şäherini saýlap alýarlar. Şoňa görä-de, Liwiýalylardan bolan XXII nesilşalyga taryhda Bubastidler nesilşalygy hem diýilýär.

Ýurduň birleşirilmegi Şeşonga işjeň daşary syýasat ýöretmäge mümkinçilik berýär. B.e.öň 930-njy ýylda Şeşonk Palestina ýöriş edýär. Iýerusalimi we başga-da birnäçe şäherleri eýeleýär. Ol günorta ugur-da üstünlikli ýörişler geçiripdir. Şeşonk we onuň oruntutarlary ýurdyň içinde gurluşyk işlerini-de alyp barypdyrlar. Deltadaky şäherlerde esasan hem Bubastisde patyşa köşklerini, Faýumda harby galalary, Fiwyda hem köşkleriň, galalaryň we ybadathanalaryň birnäçesi bina edilipdir. Ol ýerde “Bubastisleriň howlyşy” gurulýar. Tanisde nesilşalygyň wekilleri üçin daşdan uly guburhanalar gurulýar. Karnakdaky salnan ybadathananyň dywaryna Seşonk I özüniň Palestina ýörişi barada oýduryp şekil çekdirýär we daş ýazgysyny ýazdyrýar.

Bubastisleriň esasy daýanjy goşun we ruhanylar bolupdyr. Öz gezeginde faraonlar hem ybadathanalary dürli görnüşdäki

peşgeşler bermek bilen goldapdyrlar. Aýratyn hem Müsüriň dini merkezleri bolan Memfişe, Gerakleopola we Abidosa köp möçberde peşgeşleri, ýerleri we mal-garalary beripdirler. XXII nesilşalygyň faraonlary aýratyn hem Fiwyda öz häkimligini berkitmäge çalyşypdyrlar, emma ol ýerde olary ýokary ruhanylar hökmünde ykrar etmändirler.

B.e. öň IX asyryň ortalaryndan başlap Bubastisler döwleti hem kem-kemden gowşap ugraýar. Daşary syýasatda, Müsür siriýa-palestina bileleşiginiň hökümdarlaryna Assiriýanyň hüjümine garşy göreşer ýaly ýeterlikli kömegi berip bilmändir. B. e. öň 853-nji ýylda Karkaranyň (Siriýada) eteginde bolan söweşde müsürlileriň uly bolmadyk goşun bölümi gatnaşyp, ol öz ýaranlary bilen assiriýa goşunyndan ýeňilipdir. Şonuň netijesinde Müsür Palestinadaky ýerlerini elden giderýär. Ýurduň içerki jebisligi gowşaýar. Merkezi häkimiýet Bubastis, Memfis we Gerakleopol şäherlerinde ornaşan nesilşalyklara bölünýär.



Faraon Taharka. XXV nesilşalyk B. e. öň VII asyr

Takmynan b.e. öň 808-nji ýylda Tanisiň häkimi özüni bütin Müsüriň patyşasy diýip yglan edýär we XXIII nesilşalygy esaslandyrýar. XXIII nesilşalyk hem Liwiýalylardan bolupdyr. Şeýlelik bilen, b.e.öň 730-njy ýyla çenli Müsürde iki nesilşalyk bir wagtda höküm sürýär. Bu syýasy taýdan bölünişik bütin ýurdyň gowşamagyna getiripdir we Müsür täze basybalyjylar tarapyndan aňsatlyk bilen basylyp alynýar.

**Nubiýanyň Müsüri basyp almagy.** Müsüriň ikä bölünmegi we gowşamagy bilen, oňa günortadan Nubiýa hökümdarlary uly howp salypdyr. Nubiýanyň (Kuş hem diýilýär) ýerinde ilkinji özbaşdak döwlet b.e.öň VIII asyrda emele gelipdir. Onuň paýtagty Niliň 4-nji bosagasynyň

golaýynda ýerleşen Napata şäheri bolupdyr. Napatanyň hökümdary Müsürlileriňki ýaly faraon adyny göteripdir we piramida görnüşindäki guburhanalary gurdurypdyrlar. Olar Amon hudaýyna sežde edipdirler. Paýtagtda bolsa onuň hormatyna uly ybadathana gurdurypdyrlar.

B.e. öňki VIII asyryň ortalarynda paýtagt Napatadan günorta, Meroe geçirilipdir. Şoňa görä-de ylymda bu döwletiň adyna Napata-Meroe diýilýär. Napata dini şäherleriň biri bolup, patyşalaryň tagta çykarylyp täç geýdiriýän we merhum patyşalaryň jaýlanýan ýerine öwrülipdir.

Napata-Meroeniň ykdysadyýetinda awçylyk we maldarçylyk esasy orun tutupdyr. Ekrançylyk gowşak ösüpdir. Hünärmentçilikde demir eretmek uly ähmiýete eýe bolýar. Nubiýalylar Müsür bilen giň söwda aragatnaşygyny alyp barypdyrlar. Olar Müsüre pil süňkini, altyn, gymmat bahaly daşlary, gymmat bahaly gurluşyk agaçlary we ş.m. ertipdirler.

B.e. öň VIII asyryň ortalarynda Napatanyň hökümdary Kaşta Müsüriň içki ýagdaýyndan peýdalanyp oňa garşy ýöriş edýär we Fiwyny basyp alýar. Ol şeýle-de öz gyzyny Fiwynyň ruhanylarynyň düzümine goşýar, ýagny Amon hudaýynyň aýaly hököminde baş ruhany wezipesine geçirýär. Birneme soňrak Deltadaky Sais şäheriniň häkimi Tefnaht ýurdy birleşdirip häkimýeti öz eline almagy başarýar. Emma Kaştanyň ogly Pianhi uly goşun bilen Tefnahtyň garşysyna ýöriş edýär

Emma Fiwynyň, Gerakleopolyň, Germopolyň we Memfisiň ýanynda bolan söweşlerde Pianhi üstin çykýar. Oňa diňe bir ýeňilen nomarhlar boýun bolman, eýsem XXIII nesilşalygyň hemme wekilleri, şol sanda Tefnahtyň özi hem Pianhiniň häkimligini ykrar etmäge mejbur bolýarlar. Ýeňiş gazanan Pianhi ýurdyna dolanýar. Ondan peýdalanyp Tefnaht özüni Müsüriň hökimdary diýip yglan edýär. Tefnahtyň we onuň ogly Bakenranfanyň (Bokhoris) ikisi Müsüriň XXIV nesilşalygyny düzüpdirler. Bu döwürde ýurtda ownuk ýer

eýeleriniň tozmagy, ýeriň iri mülkdarlaryň elinde jemlenmegi, süýthorçulygyň giň gerime eýe bolmagy bilen bergidarçylygyň artmagy, netijede erkin adamlaryň gulçulyga düşmegi güýçlenipdir. Şoňa görä-de Pianhi süýthorçylyk göterimini çäklendirmek, bergidary gulçulyga satmagy gadagan edýän, aşa bezemenligi ýazgarmak ýaly çäreleri amala aşyrypdyr. Pianhi patyşa, her bir müsürli patyşanyň gulydyr, onuň söweşijisidir we ekerançysydyr, ol başga hiç bir müsürliniň guly bolup bilmez diýip tekrarlapdyr.

Faraon Pianhi 6 ýyl hökümdarlyk edipdir, şu döwürde onuň häkimligi Orta Müsüre we Delata ýaýrapdyr. B. e. öň 715-nji ýylda Müsüre Pianhiniň oruntutary Şabaka ýöriş edýär, faraon Bokhorys söweşde ýeňilýär, Manefonyň berýän maglumatyna görä Şabaka Bokhorisi diriligine ýakypdyr. Şeýlelik bilen, Müsür gutarnykly Kuş hökümdarlarynyň golastyna düşýär. Müsür we Kuş bir döwlete birikdirilýär. Kuşitler Müsürde XXV nesilşalygy esaslandyryp, 51 ýyl (b.e.öň 715- 664 ýý.) agalyk edipdirler. Şabaka özüniň dolandyran 15 ýylynyň dowamynda Müsüri tabynlykda saklamaga çalyşypdyr, şonuň üçin Kuşit hökümdary paýtagt hökmünde Memfis şäherini saýlap alypdyr, olaryň ruhanylaryna hemme tarapdan hemaýat edip durupdyr.

Daşary syýasatynda Şabaka Assiriýa bilen çaknyşmakdan daşda durupdyr. Bu döwürde olar ýaran hem bolan bolmaklary mümkin diýilip çaklanylýar. Assiriýanyň paýtagty Ninewiada patyşa köşgünden palçykdan ýasalan iki sany möhür böleginiň tapylmagy, döwletleriň arasynda haýsam bolsa ylalaşyk baglaşylandan habar berýär. Olaryň biri assiriýa patyşasynyň möhüri basylan, ikinjisi Müsür patyşasy Şabakanyň ady ýazylan möhür. Bu tapylan möhürler papirus ýa-da pergamente ýazylyp ýanan bolmaly, şol ýerden her dürli ýasalan gymmat bahaly şaý-sepler hem tapylýar, olar müsüriň öz ýaranyna iberen serpaýlary bolmagam mümkin.

**Assiriýanyň Müsüri basyp almagy.** Assiriýanyň Alynky Aziýada güýçli döwlete öwrülmegi, Assiriýa patyşalary işjeň daşary syýasaty ýöretmeklerini dowam etdiripdirler. Şonuň netijesinde Assiriýanyň günbatar serhetleri Müsüre çenli giňäpdir. Indi Assiriýa Müsüri eýelemäge ymtylýardy. Assiriýa patyşasy Asarhaddon Ortaýer deňziniň gündogar kenarynda Assiriýa agalygyna garşy turan gozgalaňlary basyp ýatyrýar. Asarhaddon Müsüre iki gezek ýöriş edýär (b. e. öňki 674, 671 ýý.), şol ýörişleriň netijesinde-de ol Müsüri basyp alýar. Assiriýa goşunlarynyň ilkinji ýeňişlerinden soň Kuşit patyşasy Toharka öz ýurdyna gaçyp gidýär. Asarhaddon Müsüri 20 sany özbaşdak welaýata-nomlara bölýär we olara ýerli beglerden patyşa belleýär. Olaryň üstünden Assiriýanyň döwlet edaralary we harby güýçleri gözegçiligi goýulýar. Asarhaddon Ýokarky we Aşaky Müsüriň "şalarynyň şasy" hat-da Kuşyň şasy derejesini hem kabul edýär.

Müsürde Assiriýalylaryň agalygy 15 ýyl dowam edipdir (b.e.öň 671-655 ýý.). Bu döwürde Assiriýa 2 gezek Müsürlileriň gozgalaňyny basyp ýatyrýar we Kuş patyşasy Toharkanyň çozuşyny yzyna gaýtarýar. Assiriýanyň harby ýeňişi netijesinde Müsürde XXV Kuşlar nesilşalygynyň agalygy tamamlanýar.

**Saisiň ýurdy birleşdirmek ugrundaky göreşi. Müsür döwletiniň iň soňky ýokary göterilşi.** Assiriýalylaryň agalygyna garşy we ýurdy birleşdirmek ugrundaky göreşe Deltada ýerleşen Sais şäheri guramaçy bolup çykyş edýär. Saisiň häkimi Psammetih I hakynatutma goşuna daýanyp, Müsüriň welaýat häkimleriniň ählisini özüne boýun egdirýär. Soňra bolsa Lidiýanyň we Wawilonyň goldawyna daýanyp ýurtdan Assiriýalylary gysyp çykarýar. Psammetih I özüni faraon diýip yglan etmek bilen XXVI Sais nesilşalygyny (b.e. öň 664-525 ýý.) esaslandyrýar.

Psammetih I (b.e.öň 664-610 ýý.) döwründen başlap Müsüriň grekler bilen aragatnaşygy güýçlenýär. Müsür

goşunynda grek hakynatutma goşunlaryň sany köpelýär. Olara gullugy üçin ýer paýy bölünip berlipdir, şeýlelikde grekler Müsürde berk ornaşyp başlaýar. Müsürde grek söwdagärleri-de peýda bolýar.

Psammetih I ýurduň goranmak ukybyny berkitmek üçin birnäçe çäreleri geçirýär. Serhetýaka galalardaky urşujylaryň sany köpeldilýär. Günorta-gündogar serhetlerde täze berkitmeler gurulýar. Psammetih I daşary syýasaty alyp barmakda örän seresap hereket edipdir. Ol Finikiýa, Karfagen bilen söwda gatnaşyklary ýola goýupdyr. Iudeýa bilen doslukly gatnaşyklary saklapdyr. Emma barha güýçlenýän täze Wawilon patyşalygynyň Ortaýer deňiziniň gündogar kenaryny eýelemäge ymtylmagy, Müsüri ol ýerlerden el çekmäge mejbur edýär. Şoňa görä-de Müsür hemme güýjüni günorta gönükdirmeli bolýar.

Psammetih I ogly faraon Neho II (b. e. öň 610-595 ýý.) Müsüriň Afrikada täsirini berkidýär. Ortaýer deňziniň söwda işlerine işjeň goşulýar. Ol Ortaýer deňzini Gyzyl deňiz bilen birleşdirmegi meýilleşdirýär. Ol Nil derýasynyň bir golyny Gyzyl deňze ýetirmek üçin, uzynlygy 84 km bolan uly emeli derýanyň gurluşygyna başlaýar. Bu uly gurluşykda agyr zähmetden 120 000 müsürli heläk bolupdyr. Faraon Neho II tabşyrmagy bilen b. e. öň 600-nji ýylda 30 müň adamly 60 sany gämiler, Müsürden ugrap Afrikanyň daşyna aýlanypdyrlar we üç ýyldan soň Afrikanyň günbatarsyndan geçip, Gibraltaryň üsti bilen yzyna dolanyp gelipdirler. Bu taryhda ilkinji, resmi taýdan gurnalan geografiki ekspedisiýa hasaplanylýar.

Sais nesilşalygynyň soňraky wekilleri Apriniň (b.e. öň. 589-570 ýý.) we Amasis-Ýahmos II (b. e. öň 570-526 ýý.) dolandyran ýyllarynda Müsürde grekleriň täsiri güýçlenipdir. Grekler bilen ýakyndan gatnaşyklar ýola goýulyp, grek hakynatutmalaryň sany barha köpelýär. Deltada ýerleşen Nawkratis şäheri Miletden, Egeý deňziniň adalaryndan (Samos,

Rodos ad.), Gresiýanyň özünden (Afina) gelen gerekleriň söwda hünärmentçilik we dini merkezine öwrülýär. Söwdanyň, hünärmentçiligiň ösmegi bilen şäherler gülläp ösüpdir. Faraon Ýahmos II dolandyran döwründe ýurdyň ykdysadyýeti ýokary göterilipdir. Faraon Amasisiň döwründe bolsa, Müsür harby taýdan hem kuwwatly döwlete öwrülip başlaýar, ol güýçli Wawilion hem Pars döwletleriniň garşysyna gowşak hem bolsa Lidiýa, materik Gresiýasy we adalardaky döwletler bilen ýaranlyk barada birnäçe ylalaşyk gaýar. Müsür bu döwürde Arabistana, Nubiýa we Kipr adasyna harby ýörişleri geçirip olary töleg tölemäge mejbur edipdir. Emma bu döwürde Müsüre ýene-de Gündogardan uly howp abanyp başlaýar.

**Müsür Ahemenileriň agalygy döwründe.** Kuwwatly Ahemeniler döwleti Wawilony we Ortaýer deňziniň gündogar kenaryndaky ýurtlary basyp alýar we harby güýjini Müsüre gönükdirýär. B. e. öň 525-nji ýylda Pars şasy Kambis faraon Psametih III goşunlaryny aňsat ýeňýär we Müsüri eýeleýär. XXVI Sais nesilşalygy ýaşamagyny bes edýär. Kambisiň faraon diýip yglan edilmegi bilen XXVII pars nesilşalygy esaslandyrylýar.

Kambisden soňraky şa Dariý I döwründe Müsür Ahemeniler döwletiniň bir welaýaty (satraplygy) hökmünde onuň düzümine girýär. Müsür Ahemeniler döwletine her ýylda 700 talant (1 talant 31 kg.barabar) kümüşden salgyt tölemeli edilýär. Müsürde Aheminileriň agalygy b. e. öň 332-nji ýyla çenli dowam edýär. Şol döwürde Ahemenileriň agalygyna garşy birnäçe gozgalaňlar bolupdyr, aram-aram Müsür az wagtlyk özbaşdaklygyny hem alypdyr. Gozgalaňlaryň netijesinde häkimýeti eýeläp özbaşdak dolandyran ýerli hökümdarlar Müsüriň XXVIII-XXX nesilşalyklaryny esaslandyryjylar hasap edilýär.

B. e. öňki 332-nji ýylda Müsüri Isgender Zülkarneýin (Aleksandr Makedonskiý) basyp alýar. Şondan soňky döwre Müsüriň taryhynyň ellinizm döwri diýilip atlandyrylýar.

Müsüriň ellinizm döwüriniň taryhy Gadymy Gresiýanyň taryhy boýunça öwrenilýär.

## §7. Gadymy Müsüriň medeniýeti

**Gadymy Müsür medeniýetiniň aýratynlyklary.** Gadymy Müsürliler baý mazmunly hem ýokary derejede ösen medeniýeti döredipdirler. Olaryň medeniýeti Alynky Aziýanyň halklaryna, hat-da greklere-de öz täsirini ýetiripdir. Gadymy Müsür medeniýetiniň üstünlikleri dünýä medeniýetini baýlaşdyrypdyr we häzirki zamanda bütin adamzadyň medeni hazynasynyň gymmatly baýlyklarynyň biri bolup durýar.

Gadymy Müsüriň medeniýeti takmynan dört müň ýylyň dowamynda döredilip, ol öz ösüşinde örän uzak ýol geçipdir. Müsüriň medeniýetiniň ýokary derejä ýetmegine ýurdyň sosial-ykdysady ösüşiniň aýratynlyklary sebäp bolupdyr. Çünki Nil derýasynyň jülgesiniň örän ir özleşdirilmegi, ekerançylygyň ýokary derejede öndürijilikli bolar ýaly edilip gurnalmagy, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň ösdürilmegi müsürlileriň medeni döredijiliginiň ýokary göterilmegine uly itergi beripdir.

Gadymy Müsüriň medeniýetiniň birnäçe özbolușly aýratynlyklary bardyr. Ol aýratynlyklar bu ýerde döwletiň juda ir döremegi şeýle hem ýurdyň tebigy hem geografiki şertleri bilen baglanyşyklydyr. Nil derýasynyň jülgesiniň şol döwürdäki siwilizasiýalardan arasynyň üzňe bolmagy, olar bilen özara gatnaşyklary kynlaşdyrypdyr we ýerli medeniýete daşardan ýetjek täsiriň öňüni alypdyr.

Nil derýasynyň jülgesiniň tebigy şertleri: ýakyp-ýandyryp barýan jöwza hem epgek, derýanyň joşýan wagtynda jülgäniň köp ýerleri suwyň basmagy adamlaryň dünýägaraýyşynda uly yz galdyrypdyr. Şeýle şertlerde diňe kuwwatly faraonyň berk häkimýetiniň astynda bilelikde çekilýän zähmetiň netijesinde bu ýerde ýaşamak üçin amatly şertler döredilipdir. Şonuň üçin hem hudaýlaryň gazaply güýçlerinden gorkmaklyk, faraonyň

kuwwatly häkimýetinden heder etmeklik, ony ýeke-täk hem iň ýokary güýç hasap etmeklik ýaly düşünjeler müsürlileriň aňyna ir wagtdan ornaşypdyr.

Müsür medeniýetiniň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri-de gadymdan gelýän nusgalaryň uzak wagtlap üýtgewsiz saklanmagydyr. Awçylyk hem balykçylyk bilen meşgullanmak dowam edýär. Täze oba-hojalyk guraly-dyrmyk peýda bolýar. Daş dişli oraklaryň ýerine mis oraklar peýda bolýar. Müsürde suratkeşler, heýkeltaraşlar ýüze çykýar.



Isida hudaýy ogly Hor bilen.

Müsürde hünärmentçilik ir döwürde ýüze çykypdyr. Müsürliler daş, mis işläp bejermekde, küýzegärçilikde uly üstünlikleri gazanypdyr. Misiň önümçilige ornaşdyrylmagy uly ähmiýete eýe bolup, ol adamlaryň tehniki mümkünçiliklerini artdyrypdyr. Gadymy müsürliler misi eredip guýmak, ýenjip sozmak, biri-birine .

Bürünçden heýkel berçinläp seplemek usllaryny özleşdiripdirler. Olar misden dürli zähmet gurallaryny we ýaraglary (heýkelleri, byçgylary, burawlary, çekiçleri, naýza uçlaryny) ýasapdyrlar. Gadymy patyşalyk döwründe daşdan piramidalar, ybadathanalar, galalar, ägirt uly desgalar gurulyp başlanýar. Piramidalarda goýulan ägirt uly daş bölekleriniň gyralarynyň endigan hem tekiz ýylmanmagy, daş ýonujylaryň ýokary ussatlygyndan habar berýär.

Kulal çarhynyň oýlanyp tapylmagy küýzegärçilk önümçiliginde uly öňe gidişlik bolupdyr. Ol dürli görnüşdäki nepis küýzeleri köpçülikleýin öndürmäge mümkinçilik beripdir. Öndüriji güýçleriň ösmegi, oba-hojalygyň we hünärmentçiligiň ýöriteleşmegi alyş-çalyşyň-söwdanyň ýüze çykmagyna

getiripdir. Guburhanalaryň diwarlarynda bazarlarda harytlaryň (däne, çörek, gök-önümler, ýag, balyk, aýakgap, bezeg şaýlary) alyş-çalyş edilýän pursatlary şekillendirilipdir. Alyş-çalyş serişdesi hökmünde däne we mis bölekleri hyzmat edipdir.

Gadymy Müsürde suwaryş desgalaryny gurmak we abat saklamak işlerini döwlet gurnapdyr. Şoňa laýyklykda Müsüriň ykdysadiýetinde faraona, emeldara hem-de ybadathanalara degişli iri hojalyklar agdyklyk edipdir. Guburhanalaryň diwarlaryna çekilen şekillerde emeldarlaryň öz hojalyklaryny goraýyşy barada maglumat berilýär. Ol ýerde emeldaryň köşgi, onuň töwereginde bolsa hojaýyna garaşly ekerançylaryň hem hünärmentleriň jaýlary ýerleşipdir.

Müsürde ymaratçylar öz eserlerine haýsydyr bir täzelik girizmekden gaça durupdyrlar. Emma bu medeniýetiň hem sungatyň düýbünden üýtgewsiz, durgunly häsiýete eýe bolandygyny aňlatmaýar. Çünki ösüşiň esasy ugruny täzelikçilik däl-de, däp bolan nusgalaryň kem-kemden kämilleşdirilmegi kesgitläpdir. Şonuň üçin, olar köne nusgalara esaslanan kämil hem gutarnykly sungat eserlerini döretmegiň ýokary ussatlygyna eýe bolupdyr.

**Gadymy Müsürlileriň dini garaýyşlary.** Gadymy Müsürlileriň dini öz ösüşinde uzak ýol geçipdir we Täze patyşalyk zamanynda gutarnykly häsiýete eýe bolupdyr. Müsürliler juda köp hudaýlara sežde edipdirler. Käbir maglumatlara görä olaryň sany müňdenem geçipdir. Olar derejesi boýunça her bir obanyň hudaýlaryna, welaýat hudaýlaryna hem-de ähli ýurt boýunça çokunylýan hudaýlara bölünipdir. Adatça welaýat hudaýlary umumy Müsür derejesine ýetipdir. Çünki haýsy welaýatyň merkezi ýurduň paýtagtyna öwrülse şol şäheriň hudaýy faraonyň penakäri, şol bir wagtda hem bütin ýurduň baş hudaýy hasap edilipdir. Has köp sežde edilýän gün Hudaýy Ra bolupdyr. Onuň esasy ybadathanasy Geliopol şäherinde ýerleşipdir. Müsürlileriň düşünjesine görä ol her gün öz altyn gämisi bilen asmana syýahat edýär.

Ol her günde dogup hem ýaşyp duran Günüň aňlatmasy bolupdyr. Ondan başga-da umumy Müsür möçberinde hemme zatlary, hudaýlary ýaradan Ptah hudaýy bolup, onuň sežde edilýän merkezi Memfis şäheri bolupdyr. Ikinji bir esasy hudaýlaryň biri Fiwy hudaýy Amona sežde edilipdir. Ol Muşüriň iň esasy hudaýlarynyň biri bolup, onuň ybadathana merkezi Fiwy şäherinde ýerleşipdir. Soňa baka Fiwynyň güýçlenip uzak wagtlap ýurduň paýtagtyna öwrülmegi bilen, Amon hudaýy bir wagtyň özünde Ra hudaýynyň hem käbir wezipelerini ýerine ýetiripdir. Ol Gün hudaýynyň görnüşi hasaplanyp oňa Amon-Ra diýipdirler.

Gadymy Müsürde Osiris hudaýyna sežde etmek hem giň ýaýrapdyr. Ol gyşyna takyrap, ýazyna bolsa ýene janlanýan tebigatyň aňlatmasy bolupdyr. Osirisi merhumlaryň dünýäsiniň patyşasy, faraon häkimýetiniň medetkäri hasaplapdyrlar. Onuň uýasy hem aýaly Isida är-aýal söýgüsiniň, eneligiň medetkäri bolupdyr. Osirisiň we Isidanyň ogly Hor bolsa asmanyň hem ýagtylygyň hudaýy, faraonyň goragçysy, ýa-da hut faraonyň özi hasap edilipdir. Akyldarlygyň hem hat-ýazuwyň hudaýy Tot, aýal hudaýy Hathor asmanyň, söýgüniň we şatlygyň hudaýy hasaplanypdyr. Umuman müsürliler köp sanly hudaylara sežde edipdirler. Müsürde Nil derýasy keramat hökmünde garalyp, ol Hapi ady bilen goralypdyr.

Orta patyşalyk zamanynda Müsüriň goňşy ýurtlar bilen: Nubiýa, Palestina we Siriýa bilen aragatnaşygynyň oňat ýola goýulmagy, ol halklaryň hudaýlary bolan Anat, Astarty, Kuşit hudaý Deduna hem müsür hudaýlarynyň arasyna goşulypdyr. Müsür dininiň esasy aýratynlyklarynyň biri-de, iň gadymy dini ynançlardan, ýagny öz gözbaşyny fetişizmden we totemizmden alyp gaýdyp, ol ynançlaryň uzak wagtlap saklanmagydyr, Şol sebäpden hem müsürliler öz hudaýlaryny haýwanlaryň, ýylanlaryň, gurbagalaryň şekilinde göz öňüne getiripdirler. Mysal üçin, Apis hudaýy kuwwatly äpet öküz görnüşinde, hudaý aýal Sohmet ene gaplaň, suw ummanynyň hudaýy

Sebek- krokodil, hudaý aýal Uadjed (aşaky hem ýokarky Müsüriň bütewiliginiň aňlatmasy) kepjebaş ýylan görnüşlerinde göz öňüne getiripdirler.

Umuman, Gadymy Müsürliler güni, aýy, Nil deryasyny, ekerançylygyň suw ulgamynyň gurnaýjysy bolan faraonlary hudaýlaşdyryp, olara sejde edipdirler. Gadymy Müsür dini özüniň taryhy ösüşinde gadymy müsüriň sosial-ykdysady we syýasy ösüşini şöhlelendiripdir.

**Müsür dininde bolup geçen özgerişler.** Wagtyň geçmegi bilen totemizmiň galyndylary kem-kemden azalýar, netijede hudaýlaryň şekili hem özgerip, olar indi ýarym adam, ýarym haýwan görnüşinde şekillendiripdirler. Gün hudaýy Ranyň simwolyny bolsa, ýokarysy birneme çürelýän beýik daş sütün (obelisk) görnüşine eýe bolupdyr.

Hudaýlaryň sanynyň juda köp bolmagy hem olaryň bitirýän işleriniň garjaşdyrylmagyna getiripdir we düşnüksizlik döredipdir. Şonuň üçin hem soňra ruhanylar hudaýlaryň derejesini we özara gatnaşygyny tertipleşdirmäge çalyşypdyrlar. Şu ugurdan Geliopol ruhanylarynyň işläp düzen taslamasy has giň ýaýrapdyr. Şol düşünjä görä ilkibaşda diňe hudaý Nun-ilkibaşky suw ummany bolupdyr. Ondan Atum (soňra ol Ra hasap edilipdir) döräpdir. Ol suw ummanyndan ösüp çykýan ilkinji gaty ýeri aňladypdyr. Hudaý Atum-Ra özünden hudaýlaryň ilkinji jübütini Şu (howa) we onuň aýaly Tefnut ygal-çylygy ýaýradypdyr. Olardan ýer hudaýy Geb we asman hudaý aýal hudaý Nut doglupdyr. Soňrakylardan bolsa Osiris, Isida, Set, Neftida doglupdyr. Olar ilkibaşky hem iň esasy dokuz hudaýlar, ýagny Ennead diýilip atlandyrylýan hudaý bolup, ondan beýleki müsür hudaýlarynyň ählisi we adamlary emele gelipdir. Memfisli ruhanylaryň pikirine görä, ilki başda hudaý Ptah bolup ol öz sözi bilen hudaýlary we adamlary döredipdir.

Müsür ruhanylary ilki başky hudaýlardan soňraky hudaýlary üçlüklere- hudaýlaryň maşgalalaryna bölüpdirler. Adatça olar

ata, ene we hudaý oguldan ybarat bolupdyr. Şeýlelikde Osiris, Isida we Hor (Abidosyň üçligi), Ptah, Sohmet we olaryň ogly Nefertum (Memfisde), Amon, Mut we olaryň ogly Honsy (Fiwy üçligi) bir maşgala hasap edilipdir. Müsür ruhanylarynyň aladalaryna garamazdan, dini gutarnykly bir ulgama öwürmek başartmandyr.

**Müsür dininde faraonlaryň hudaýlaşdyrylmagy. Ýeke hudaýlylyk garaýyşyň ýüze çykmagy.** Häkimlik edýän faraonyň keramatyna sežde etmek Müsür dininde aýratyn orun tutupdyr. Ruhanylaryň taglymatyna görä, faraon hudaýyň ýerdäki adam görnüşi bolupdyr. Ol hudaý bilen, faraonyň ynsan enesiniň nikasyndan dogulanmyş. Hudaý faraon ýerdekä Hor hökmünde dolandyrýarmyş, ölenden soň ol Osirisiň hut özü bolýärmiş. O dünýäde beýleki hudaýlaryňky ýaly faraonyň hem ybadathanasy bolýarmyş, onda ruhanylaryň uly topary ybadat edýärmişler we sadaka berýärmişler.

Müsürde faraonyň keramatynyň aňlatmasy sfinkis hasap edilipdir. Ol parahat ýatan adam kelleli äpet ýolbars görnüşinde şekillendirilipdir. Onuň ýüz keşbi faraonyňka meňzedilip ýasalypdyr. Faraonlaryň hudaýlaşdyrylmagy bir tarapdan onuň döwletiniň ýeke-täk baştutany hökmünde kuwwatyny aňlatsa, ikinji tarapdan onuň häkimýetini berkitmäge hem-de agalyk edýän gatlagyň bähbidini goramaga ýardam edipdir.

Müsürde köp hudaýlylyk uzak wagtlap dowam edipdir. Gadymy Müsür dinleri örän uzak döwrüň dowamynda, köplügine garamazdan biri-biri bilen parahat ýaşap gelipdirler. Emma merkezi häkimiýetiň berkemegi, ýurduň ykdysady, sosial taýdan jebisleşmegi Müsür dininde älemi we adamlary, beýleki zatlary ýaradan ýeke-täk hudaý baradaky taglymatyň ýüze çykmagyna alyp barypdyr. Ol ozalky ynanylýan hudaýlaryň birleşdirilmeginden emele gelipdir. Mysal üçin, XVIII nesilşalygyň dolandyran döwründe Amon hudaýy şol bir wagtyň özünde hem hudaý Ra hem hudaý Ptah, aslynda olaryň üçisem bir hudaý bolup hudaýlaryň patyşasy, ýöne ady başga

diýip düşündiripdirler. Şeýlelikde Amon hudaýyna üç hudaýy birleşdirýän ýalňyz, baş hudaý hökminde garalypdur.

Ähli zady ýaradan ýeke-täk hudaý hakyndaky taglymat faraon Ehnatonyň dolandyran döwründe kemala gelipdir. Ehnatonyň buýrugy bilen älemi hem dünýäni ýaradan ýeke-täk hudaý Atondyr diýilip yglan edilipdir. Ol şöhläni elleri bilen adamlara ýagtylyk hem ýaşaýyş paýlaýan Gün tegelegi görnüşinde şekillendirilipdir. Beýleki hudaýlaryň ählisi Atonyň ýüze çykmasy, onuň bir görnüşidir diýilip düşündirilipdir. Onuň aýaly-da çagalary-da, dogan-garyndaşlary-da ýok. Ol ýeke-täk hem ýalňyz. Ol adama-da, haýwana-da meňzenak diýip düşünipdirler. Şoňa görä onuň daşdan heýkelini hem ýasamandyrlar.



Hudaýlaşdyrylan Apis hudaýynyň bürünçden heýkeli. B. e. öň VII- asyr.

Şeýlelik-de Aton ýeke-etäk hudaý bolup, beýleki hudaýlaryň ählisi öz güýjüni ýitiren, olara sejde etmek bolanak diýilip yglan edilýär. Ehnatonyň buýrugy boýunça beýleki hudaýlaryň atlary, esasan hem Amon-Ra ýatyrylýar, olara sadaka bermeklik gadagan edilýar. Ehnatonyň bu syýasaty Müsür taryhynda ilkinji gezek beýleki dinlere garşy göreşiň ilkinjisi bolupdyr.

Emma bir hudaýlylyk baradaky düşünje Müsürde kabul edilmändir. Ehnaton ölenden soň Aton dini ýatyrlypdyr. Şeýle-de bolsa, Ehnatonyň dini özgertmesiniň ähmiýeti uly bolupdyr. Çünki kämil görnüşinde bolmasa-da, bir hudaý baradaky taglymat ilkinji gezek müsürlilerde diniň ösüşiniň netijesi hökmünde ýüze çykypdyr. Müsürlileriň düşünjesine görä olaryň hudaýlary kuwwatly hem gazaply bolupdyr. Olar

adamlary diňe özlerine hyzmat etdirmek üçin ýaradypdyrlar. Eger adamlar olara hyzmat etmegi unudaýsa olary gazaply jezalandyrypdyrlar. Adamlaryň ykbalyny hudaýlar kesgitleýär. Eger adamlar hudaýlaryň ýalkamagyny gazanjak bolsalar, olara çyn ýürekden hyzmat etmeli, olary idetmeli diýip düşünipdirler. VI

Hudaýlara sežde etmek üçin ybadathanalar salnypdyr, olaryň heýkelleri ýasalypdyr, ruhanylaryň uly topary sadaka beriljek mallary idedipdirler hem sadaka beripdirler. Hudaýlaryň hormatyna ýygy-ýygydan dabaraly baýmamçylyklar geçirilipdir.



Patyşa şekilindaki Osiris hudaýy. Nahtanyň tabydyndaky şekil

Baýramçylyk sadaka bermek bilen başlanypdyr. Soňra onuň ybadathanasyndaky hudaýyň şekilini göterip, ony hudaý aýalynyň ýa-da hudaý oglunyň ybadathanasyna äkidipdirler. Ony gämä ýükläp Nil derýasy bilen başga şäherlere äkidýän wagtlary-da bolupdyr. Gezelenç wagtynda ýörite taýýarlanan aýallaryň hory hudaýyň hormatyna dabaraly aýdymlary aýdypdyrlar.

**Gadymy Müsürde merhumy jaýlamak dessury.** Müsürliler merhumy jaýlamak däp-dessurlaryny dogry ýerine ýrtirmäge uly üns beripdirler Ol dessurlar adamyň ruhy hem-de o dünýä baradaky düşünjeleri bilen berk baglanşykly bolupdyr. Çünki olar her bir adam aýrylmaz üç bölekden: jesetden, ruhy ekiztaýdan hem jandan düzülýär, diňe şolaryň üçüsiniň bilelikdäki ýagdaýynda adam o dünýäde ýaşaýyşy dowam etdirýär diýip düşünipdirler. Şonuň üçin merhumyň jesedini dargatman saklamak gerek bolupdyr. Jesedi abat saklamak üçin ony mumyýalamak we mumyýalanan jesedi

berk gapda saklamak zerur bolupdyr. Adamlar mumyýalanyp jaýlanan merhum o dünýä baranda, onuň ruhy ekiz taýy we jany ony gözläp tapýarmyş we birleşip ýaşap başlaýarmyşlar diýip düşünipdirler. O dünýädäki ýaşaýan dirilikdäki ýaşaýyşyň dowamymyş. Daýhan daýhançylygyny, ussa ussaçylygyny, gullukçy öz işini şol ýerde baky dowam etdirýärmiş. Merhuma o dünýäde hyzmat eder yaly onuň guburhanasynda ýörite ýasalan adam şekiljiklerini goýupdyrlar. Guburhananyň diwarlary durmuşyň dürli görnüşlerini ekin ekmek, harman atmak, ussahanada işlemek we ş.m. şekillendirýän suratlar bilen doldurylypdyr.

Müsürlileriň dinine görä o dünýäde rahat ýaşaýyşy dowam etdirmek üçin bu dünýäde gazanylan sogaplar däl-de, merhum jaýlananda däp-dessurlaryň doly hem dogry berjaý edilmegi zerurmyş. O dünýäde rahat ýaşaýyşy dowam etdirmek üçin, bu dünýäde ýagşylyk edip sogap gazanmaly diýen düşünje Täze patyşalyk zamanynda ilkinji gezek döräpdir. Şol ynanja görä adam ölendan soň merhumlaryň hudaýy Osirisiň huzuryna barýarmyş. Ol ýerde Hudaý Tot hem Hudaý Maat ondan sorag edýärmiş. Merhumyň sözleriniň çyndygyny ýa-da ýalandygyny barlamak üçin, onyň günäsi bilen sogabyny çekip görýärmişler. Merhum ýagşy işler edip köp sogap gazanan bolsa, ony aldawsyz ýaşalýan lallaryň meýdanyna goýberýärmişler we ol ýerde aladasyz-ünjüsiz ýaşaýarmyş. Eger ol ýaramaz işleri edip, köp günä gazanan bolsa, ony äpet wagşynyň agzyna berýärmişler.

Emma günä, sogap baradaky düşünjeler Müsür dininde entek diňe başlangyç ýagdaýynda bolupdyr. Şoňa görä-de ýokary wezipeli gullukçylar, baý adamlar, faraonlar jaýlananda däp-dessurlary berjaý etmäge uly üns beripdirler we oňa köp çykdajy edilipdir. Olar ölmezinden has öň içi bezelen berk guburhanalar gurdyryp goýupdyrlar. Faraonlary jaýlamak üçin bolsa ägirt uly pramidalar gurupdyrlar ýa-da gaýalary köwüp ýasalan giň guburhanalarda jaýlap, olaryň ýanynda köp

mukdarda gyzyl-kümüş hem beýleki gymmat baha zatlary goýupdyrlar.

**Müsür dili. Müsürde hatyň-ýazuwyň ýüze çykmagy.** Gadymy müsürlileriň gepleşik we edebi dili kem-kemden özgeripdir. Dört müň ýylyň dowamynda Müsür dili öz ösüşinde 5 basgançagy geçipdir. Ylmy edebiýatda onuň iň gadymkysyna gadymy müsür dili (gadymy patyşalyk zamany), ondan soňkylaryny nusgawy ýa-da müsür dili, täze müsür dili (b. e. öňki XVI-VIII as), demotika dili (b.e.öň VIII- b.e.V as.), Kopt dili (b. e. III-VII as) diýilýär. Soňra nusga hökmünde ulanylan Müsür edebiýatynyň iň oňat eserleri, Orta Müsür dilinde ýazylandygy üçin oňa nusgawy dil hem diýilýär.




Olaryň arasynda özara baglanşygyň hem yzygiderligiň bardygyna garamazdan, olaryň hersi biri-birinden grammatika we leksiki gurluşy boýunça tapawutlanýan özbaşdak dil bolupdyr.

Müsürden tapylan ýazuw esbaplary

Täze Patyşalyk zamanynda ýaşan adamlar nusgawy diline örän kynlyk bilen düşünipdirler.

1. Has irki diline-hä asla düşünmändirler. Gadymy Müsür dili ýerli halkyň gepleýiş dili bolup ýurdyň çäklerinden daşarda ulanylmandyr we b.e. III asyryna çenli dowam edipdir. Soňra onuň yerini kopt dili eýeläpdir. VII asyrda bolsa kopt dilini arap dili gysyp çykarypdyr. Häzir Arap Müsür Respublikasynda 6 milliona golaý koptlar (müsürli-hristianlar), ýagny ýurduň ähli ilatynyň 11 göterimine golaýy ýaşaýarlar, olar arap dilinde gürleýärler, emma dini-

ybadatlaryny gadymy müsür dili bolan kopt dilinde ýerine ýetirýärler.

Durmuşdaky köp dürli wakalary bellemek üçin gadymy Müsürliler özboluşly haty-ýazuwy döredipdirler. Olaryň ýazuwy b.e. öňki IV müňýyllygyň ahyrynda döräpdir. Ol ösüşiň uzak ýoluny geçip, Orta patyşalyk zamanynda kämilleşen görnüşe öwrülipdir. Müsür hatynyň ilki başlangyjy piktografiýa (her sözi aýratyn surat bilen aňladylýan hat) bolupdyr. Wagtyň geçmegi bilen dolandyryş guramalarynyň işleri köpelip has çylşyrymlaşýar, ýazuw işleri hem köpelýär. Şonuň bilen baglanşykly piktografiya hatynda ulanylýan suratlar hem ýönekeýleşdirlip başlanýar. Indi suratlar diňe bir sözi aňladyp (meselem, „gün”, „aý”, öý) gerekli şekiller bilen aňladypdyrlar. Mysal üçin, “ýesir alnan” adam bolsa, onuň eli daňylgy edilip çekilipdir.

Müsür haty aýdylýan sözüň seslerini berýän bellikleriň kesgitli toplumyndan we şol sözüň ýa-da düşünjäniň manysyny düşündirýän alamatlardan (simwollardan) we şertli suratlardan düzülipdir. Şonuň ýaly ýazuw belliklerine ieroglif, olardan düzülen hata bolsa ieroglifika diýilýär. B.e.öň II müňýyllygyň ortalarynda Müsür ieroglifikasynda giňden ulanylýan ierogliferiň sany 700 töweregi bolupdyr. Has giçki döwürde, grek-rim zamanynda - olar birnäçe müňe ýetirilipdir. Gadymy müsürliler ieroglifleri daşyň, küýze döwükleriniň (ostrakonlaryň), agajyň, deriniň ýüzüne ýazypdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen hat ýazmak üçin papirus kagyzyny ulanmaklyk başlanypdyr. Hat daşyň ýüzüne ýazylan wagtynda her bir ieroglif takyk hem üýtgewsiz ýazylypdyr. Emma papirusa ýazylan wagtynda ieroglifler mazaly özgerdilipdir. Şeýlelik bilen ieroglif hatynyň çalt ýazylan nusgasy döräpdir. Oňa ieratika diýilýär. Ieroglifiň ieratikadan tapawudy häzirki zamandaky basmaça hat bilen elde ýazylan hat ýaly tapawut edipdir.

B.e.öňki VIII asyrda ýazuwyň täze görnüşi peýda bolýar. Onda özalky aýratyn ýazylan belgileriň birnäçesi birleşdirilip ýönekeýleşdirilip ýazylypdyr. Ol haty çalt ýazmaga mümkinçilik döredipdir. Oňa demotika, halk köpçüliginiň haty diýilýär.

Soňra hat ýazuwyň kem-kemden kämilleşdirilmegi bilen Müsürde 21 harpdan ybarat elipbiý döredilipdir. Hakykatda bu bellikler ilkinji elipbiýi (alfawit) haty bolupdyr. Emma ol ieroglifika hatyny gysyp çykaryp bilmändir, bu belgiler diňe ieroglifika ulgamynyň bir bölegi hökmünde ulanylypdyr

Müsürde ieroglifiki hatlary öwretmeklik üçin ýörite mekdepler açylypdyr. Olarda mürzeleri, kätipleri taýarlapdyrlar, ýokary gatlagyň çagalaryna hat-sowat öwredipdirler.



Tans we şaz çalýan zenanlar.
Nahtyň tabydyna çekilen şekil

**Müsür edebiýaty.** Hat-ýazuwyň ir ýüze çykmagy Müsür edebiýatynyň ösmegine düýpli ýardam edipdir. Müsürliler täsin edebiýatlardan çeper obrazlardan doly, dünýäde iň gadymy hem baý edebiýaty döredipdirler. Müsür edebiýaty başlangyç döwürde öz gözbaşyny halk döredijiliginden alypdyr. Olaryň nusgalary ýönekeýje aýdylýan aýdymlar, nakyllar, sanawaçlar, ertekiler görnüşinde azowlak saklanyp galypdyr.

Müsür edebiýatynyň iň ilkinji eseri b.e. öň IV müňýyllykda peýda bolupdyr. Gadymy patyşalyk zamanynda ertekileriň esasynda düzülen hekaýatlar, döwlet gullukçylarynyň terjimehaly, nesihatnamalar, dini häsiýetdäki beýanlar we goşgular ýaly edebiýatyň dürli žanrlary peýda bolýar. Orta patyşalyk zamanynda döredilen eserler has çuň manylylygy hem ýokary çeperçiligi bilen tapawutlanypdyr. Emma ol özüniň

gutarnykly kämil derejesine Täze patyşalyk zamanynda ýetipdir.

Müsür edebiýatynyň has giň ýaýran žanry nesihatnamalardyr. Iň ilkinji nesihatnama gadymy patyşalyk zamanynda faraonlaryň biriniň weziri bolan "Ptahotepiň nesihatnamasydyr". Orta patyşalyk zamanynda olaryň sany has köpelipdir. Ol döwürden "Gerakleopol patyşasy Ahtoýyň öz ogly Merikara nesihatnamasy", faraon "Amenemhet I nesihatnamasy" saklanypdyr. Olarda döwleti edara etmegiň düzgün-ýollary beýan edilipdir. Täze patyşalyk zamanyna degişli "Aniniň nesihatnamasynda" we "Amenemopuň nesihatnamasynda" jemgyýetde özüňi alyp barmagyň ahlak ýollary barada gürrüň berilýär.

Müsürlileriň oňat görýän žanrnyň biri-de ertekileriň esasynda düzülen hekaýatlar bolupdyr. Soňra ol hekaýatlaryň giden toplumlary döredilip, olar häzirki döwre çenli gelip ýeten gündogar ertekileriniň ("Müň bir gije" we ş.m.) başlangyjy bolupdyr. Olardan "faraon Hufa we jadygöýler", "Iki dogan hakynda erteki" "Çyn hem ýalan hakynda erteki" ýaly ertekiler halk arasynda giňden mälim bolupdyr. Olaryň esasy mazmuny hudaýlaryň hem faraonlaryň kuwwatynyň öňünde baş egmek, ýönekeý garamaýak adamynyň ugur-tapyjylygy hem akyllylygy,



Amonyň aýdymçysy" Rannai.
Täze patyşalyk döwri

janypkeş adamynyň ahyr soňunda öz maksat-myradyna ýetişi barada bolupdyr. "Sinuhetiň hekaýaty" powesti we "Arfaçynyň aýdymy" atly poema Müsür edebiýatynyň iň ýokary nusgasy hasap edilýär.

Sinuhetiň hekaýatynda ýokary wezipeli döwlet gullukçysynyň faraonyň gazabyndan gorkup Siriýa gaçyşy, ol ýerde köp edermenlik görkezip häkimlerden sylag-serpaý alyşy,

maşgala bolup oňat ýaşaýyşa ýetişi barada gürrüň berilýär. Beýanlarda onuň mydama öz watanyny küýsäp gezişi, ahyr soňynda bolsa Müsüre gaýdyp gelişi hem-de faraon tarapyndan gunäşi geçilip, ony oňat garşy alyşy barada gürrüň berilýär.
Bu eseriň esasy mazmuny adam ýat ýurtlarda nähili oňat ýaşasa-da öz watanyny, ondaky durmuşyny mydama küýsäp durýandygy, onuň öz ýurdunda hakyky bagytly bolup bilýändigi tekrarlanýar. “Kenganda şa bolanyňdan Müsürde geda bol”, “Towşana dogduk depe” diýen ýaly türkmen nakyllary hem şol durmuşa düşen adamlaryň döreden nakyllary bolsa gerek.


Gadymy Müsűr buthanaynyň baş zaly

“Arfaçynyň aýdymy” poemada bolsa, adamynyň o dünýädäki boljak aýşy-eşretlere ynanman, şu dünýäde göwün isleglerini çäklendirmän, wagtyhoş ýaşamaga çalyşmagy ündelýär. Dünýäde ýaşaýan wagtyň ýüregiň islänini et diýip, arfaçy aýdym aýdypdyr.

Dürli žanrlaryň içinde dini edebiýatlar aýratyn orun tutupdyr. Ol dini baýramçylyklarda hudaýlaryň hormatyna aýdylýan dabaraly aýdymlary we köpsanly gadymy rowaýatlary öz içine alypdyr. Şol rowaýatlar toplumy esasynda düzülen sahnalar dini baýramçylyklarda oýun hökmünde goýulyp, olary ruhanylar ýerine ýetiripdir. Olar özboluşly müsür teatrynyň başlangyjy bolupdyr. Hudaýlaryň hormatyna aýdylýan dabaraly aýdymlarda Nil derýasynyň şöhle saçyp duran Günüň mysalynda Müsüriň bereketli topragy, tebigaty wasp edilipdir.

**Ymaratçylyk we heýkeltaraşçylyk sungaty.** Gadymy Müsür medenýetiniň gülläp ösen pudaklarynyň biri-de ymaratçylyk we şekillendiriş sungatydyr. Ýurduň baýlygy we ilatynyň köplügi, döwletiň kuwwatlylygy oňa zerur şertleri

döredipdir. Entek b.e.öň. IV müňýyllykda döwletiň ýaňy dörän wagtyndan başlap, ymaratçylyk hem şekillendiriş sungaty dowam edýän düzgünleri ideologiýa taýdan esaslandyrmaga, döwletiň we jemgyýetiň ruhy baýlyklaryny goramaga gönükdirilen netijeli serişde bolup hyzmat edipdir. Onda hudaýlaryň gudraty, hudaý-faraonyň kuwwatynyň çäginiň ýoklygy baradaky düşünjeler tekrarlanýar. Müsür ymaratçylygy ilkibaşdan iki esasy ugra, ýagny faraonlaryň guburhanalaryny we hudaýlaryň mesgeni hasaplanylan ybadathanalary gurmaga gönükdirilipdir.

Irki guburhanalar esasan piramida görnüşinde gurlupdyr. Piramidalaryň gurluşygy gadymy patyşalyk zamanynda ýokary derejä ýetipdir. Piramidalar bilen bir hatarda, dagyň gaýasynyň içini köwüp ýasalan guburhanalar hem peýda bolupdyr. Şeýle guburhanalaryň has kämil görnüşi Täze patyşalyk zamanynda gurlupdyr.



Gadymy Müsür buthananyň içki zaly

Piramidalaryň başlangyjy I we II neilşalyklaryň faraonlarynyň guburhanalarynyň üstünde gurlan ägirt uly daş sekiler-mastaplar bolupdyr. III nesilşalygy esaslandyran faraon Džoseriň guburynda biri-biriniň üstünde goýlan we kem-kemden ýokarysy daralýan 6 sany mastab gurlupdyr. Şeýlelik bilen, Müsürde iň ilkinji basgançakly piramida peýda bolýar. Onuň belentligi 60 metre ýetipdir. Soňra basgançaklaryň aralygyndaky boş ýerleriň doldurylmagy bilen dogry piramidalar emele gelipdir.

Iň uly piramida IV nesilşalygyň faraony Hufunyň (Heopsyň) guburhanasydyr. Onuň beýikligi 146,6 metre, taraplarynyň uzynlygy 233 metre, onuň tutýan meýdany 54 müň kw/m, piramidanyň umumy möçberi 2,5 million kub/metre bara-bar

bolupdyr. Ony gurmak üçin her biriniň agramy 2 tonnadan-da geçýän, taraşlanan daş bölekleriniň 2,3 milliony gerek bolupdyr. Ikinji bir uly piramidanyň biri Hafra piramidasy bolup, onuň beýikligi 140 metre, taraplarynyň uzynlygy 220 metre ýetipdir. Hafradan soň gurlan piramidalar kem-kemden kiçelipdir. Orta patyşalyk zamanynda bolsa olar juda seýrek gurlupdyr.

Guburhanalaryň ikinji bir görnüşi gaýalary köwip guburhana ýasamak bolupdyr. Gaýa guburhanalarynda jeset saklanýan uly otagdan başga-da onlarça goşmaça otaglar we karidorlar, örän oňat şekiller-rellefler we suratlar bilen doldurlypdyr. Şeýle desgalaryň iň ulusy Seti I guburhanasy bolup, onuň uzynlygy 100 metre ýetipdir. Gaýadan oýulyp ýasalan bu ýer asty guburhananyň ýüzlerçe otaglary bolup, onuň diwarlary ajaýyp relýefler we reňkli suratlar bilen bezelipdir. Onuň içinde müňlerçe heýkeller we ummasyz köp baýlyk goýlupdyr.

Müsür ymaratçylaryna has kämil derejä ýetiren desgalaryň biri-de hudaýlaryň mesgeni hasaplanýan ybadathanalar bolupdyr. Ylaýta-da esasy hudaýlaryň ybadathanalary kaşaň hem bezegli gurlupdyr. Fiwyde we Karnakda gurlan Amon-Ra hudaýynyň ybadathanalary biziň günlerimize çenli saklanypdyr. Olaryň gurluşygy Orta patyşalyk zamanynda başlanyp Täze patyşalygyň ahyrlaryna çenli dowam etdipdir. Olaryň gurluşygy aýratyn hem XVIII-XIX nesilşalyklaryň faraonlarynyň döwründe güýçli depginde gurlypdyr. Olar özüniň uçursyz äpetligi, gurşap alan töwerek bilen sazlaşyklygy, otaglarydyr koridorlarynyň ýerbe-ýer biçüwi we görlüp-eşidilmedik kämil bezegleri bilen adamlaryň aklyny haýran edipdir. Ol ybadathanalar bütewi görnüşe eýe bolan ýüzlerçe uly otaglardan, giň howlylardan, tükeniksiz karidorlardyr geçelgelerden we sütünlerden ybarat çylşyrymly desgalaryň toplumyndan düzülipdir. Olaryň ägirt uly ölçegi barada Karnakdaky ybadathana sanlary mysal bolup biler. Karnakdaky ybadathananyň howlusynda dikilen iki sany daş

sütünleriniň boýy 30 m, olaryň her biriniň agramy 1000 tonna ýetýär. Ondaky ybadathananyň uly sütünli zalynyň tutýan meýdany 5,5 müň kw/m bolup, 134 sany sütünden ybarat durýar. Ol sütünler şeýle bir ägirt welin gapdalda ösüp oturan palma agaçlary ejizje gamyşlar ýaly bolup görünýär. Merkezde ýerleşen 12 sany sütüniň boýy 21m, göwrüminiň daşy 10 metre ýetýär. Şeýle sütüniň ýokarsynda emele gelen meýdançada 100 adam arkaýyn ýerleşip bilýär. Ybadathanada goýulan heýkelleriň ýanynda ummasyz. köp gizlin otaglaryň diňe ýekejesinden 500 sany daşdan, 17 müň sany bürünçden ýasalan ululy-kiçili heýkeller we heýkeljikler hem bu ybadathananyň äpetliginden habar berýär.

Dag gaýalarynda çapylyp gurulan ybadathanalar gaýa ybadathanalary bolup, olar aýratyn ähmiýete eýe bolupdyr. Şeýle gaýa ybadathanalaryň biri-de Demirgazyk Nubiýanyň Abu - Simbel diýen ýerinde gurulan Ramzes II ybadathanasydyr. Onuň ýüz tarapy Nil derýasyna bakdyrylypdyr. Niliň iki tarapynda Ramses II beýikligi 20 m bolan 4 sany äpet heýkeli oturdylypdyr. Gaýanyň içi 55 metre çenli köwülipdir. Bu ýerasty ybadathananyň içki gurluşynyň biçüwi ýeriň üstünde gurulýan ybadathanalaryňka kybapdaş bolupdyr. Müsür ymaratçylary guburhanalar we ybadathalar bilen bir hatarda patyşalaryň köşklerini hem gurupdyrlar. Olar hem kaşaňlygy we bezemenligi boýunça ybadathanalardan pes bolmandyr.

Müsürde heýkeltaraşlyk sungaty ymaratçylyk bilen baglanşykly ösüpdir. Guburhanalar, ybadathanalar we köşkler hökmany suratda dürli heýkeller bilen doldurlypdyr. Diniň hem ybadathananyň talaplaryna laýyklykda heýkeltaraşlar dürli hudaýlaryň şekillerini ýasapdyrlar. Emma ol şekiller belli bir ölçegde, köpçülikleýin ýasalýan ýönekeý heýkeller bolupdyr. Müsürliler köplenç öz hudaýlaryny göwresi adam, kellesi haýwan ýa-da guş görnüşinde şekillendiripdirler. Adamyň şekilini döretmekde Müsür heýkeltaraşçylarynyň esasy nusgasy

patyşalyk edýän faraonyň heýkelini ýasamakdan ybarat bolupdyr. Şeýle hem olar döwlet emeldarlarynyň, soňraky döwürlerde bolsa garamaýak adamlaryň-da heýkellerini döredipdirler.

B.e. öň III müňýyllygyň başynda faraonyň keşbini ýasamagyň kesgitli ülňesi, belent tagtda parahat oturan görnüşde şekillendirmek peýda bolupdyr. Ussa faraonyň bedeniniň güýç- kuwwatyny aýratyn açyp görkezmek üçin onuň aýagyny, elini, göwresini has daýaw şekillendiripdir.

Orta patyşalyk zamanynyň ussalary faraonyň şekilindäki sowuklaç badyhowalygyň ýerine hakyky keşbini şekillendirmäge çalyşypdyrlar. Täze patyşalyk zamanynda heýkeltaraşlykda adamlaryň içki duýgusyny, hereket duýgusyny şekillendirmek ýokary derejä ýetipdir. Oňa mysal edip, Ehnatonyň maşgala agzalarynyň heýkel toparyny görkezmek bolar. Ussa bu heýkelde Ehnatonyň, onuň aýaly Nefertitiniň hem-de gyzlarynyň ýüz keşbinde olaryň içki dünýäsini ussatlyk bilen açyp görkezmegi başarypdyr.

Müsürli ussalar heýkel bilen birlikde şekillendiriş- relef sungatyna-da aýratyn üns beripdirler. Köp sanly ybadathanalaryň we beýleki ymaratlaryň diwarlary ajaýyp şekiller bilen bezelipdir. Adatça ol şekillerde köşk emeldarlary we olaryň maşgalasy şekillendirilipdir.Şekiller bilen bir hatarda guburhanalaryň diwarlary reňkli çekilen suratlar bilen bezelipdir. Olarda köplenç hünärmen işgärler, balykçylar, daýhanlar şekillendirlipdir. Müsürli suratkeşler janly tebigaty: guşlary, haýwanlary, ösümlikleri şekillendirmekde uly kämillige ýetipdirler. Umuman alanyňda, Müsür binagärçiligi we şekillendiriş sungaty çeper obrazlara baýlygy, ýokary kämillik derejesi we çuň manylylygy bilen dünýä sungatyna uly goşant goşup, onuň aýrylmaz bir bölegi bolup durýar.

**Ylym-bilimiň ýüze çykmagy we ösmegi. Matematika we astranomiýa.** Ylym her bir medeniýetiň aýrylmaz bölegidir. Hojalygy kadaly ýola goýmak, gurluşyk, harby

hajatlar we ýurdy dolandyrmak üçin ylym bilim zerur bolupdyr. Müsürliler matematika, astranomiýa we lukmançylyk ylymlary boýunça uly üstünlige eýe bolupdyrlar.

Nil derýasynda suwuň joşýan hem öňki kaddyna gelýän, ekin ekmegiň we hasylyň ýetişýän wagtyny, ekin meýdanlarynyň çäklerini kesgitlemek we ony paýlamak üçin matematika hasaplamalar we astronomiýa gözegçiligi gerek bolupdyr. Asman ýagtylgyçlarynyň hereketine we Nil derýasynyň suwuna gözegçilik etmek bilen müsürliler takyk kalendar işläp düzüpdirler. Müsür kalendary boýunça bir ýyl üç pasyla bölünipdir. Her pasylda dört aý bolupdyr. Her aý üç sany on günlükden düzülipdir. Iň soňky aýa 5 gün goşmaça goşulypdyr. Müsürde täze ýyl Nil derýasynyň joşýan güni 19-njy iýulda başlanypdyr.

Müsürliler asmandaky ýyldyzlary oňat öwrenipdirler. Olar planetalar bilen hereketsiz ýyldyzlary tapawutlandyryp bilipdirler. Asman ýyldyzlaryny ýyldyzlar toparlaryna birleşdirip, olara haýwanlaryň atlaryny („öküz’’„içýan’’ „krokodil’’) dakypdyrlar. Ýyldyzlaryň anyk katalogyny düzüpdirler we ýyldyzly asmanyň kartasyny döredipdirler. Suw hem gün sagatlarynyň oýlanyp tapylmagy uly ylmy-tehniki üstünlik bolupdyr. Müsür astronomiýasynyň häsiýetli aýratynlygy ilki bilen hojalygyň hajatlaryna gönükdirlenligidir.



Müsürde san belgisiniň aňladylyşy

Ýeri ölçemegiň, hasyly hasaba almagyň we paýlamagyň, buthanalardyr köşkleri gurmagyň çylşyrymly hasaplamalary matematikanyň ösmegine ýardam edipdir. Olar onluklardan ybarat hasap sanlaryny döredipdirler. (dik çyzyk-1, nalyň şekili-10, işilen ýüp-100, lotosyň baldagy-1000, ýokary galdyrylan barmak-10000, eşekbalyk–100000, elini ýokary

göterip çommalyp oturan hudaýyň şekili – 1000000 bilen aňladylypdyr.) Olar goşmagy, aýyrmagy, köpeltmegi, bölmegi oňat bilipdirler. Droblar barada düşünjeleri bolupdyr. Müsürliler tegelegiň we ýarymşaryň üstüniň meýdanyny kesik piramidanyň göwrümini hasaplamagy başarypdyrlar.

**Lukmançylykda we jemgyýet ylymlarynda gazanylan üstünlikler.** Müsürde lukmançylyk hem uly üstünlige eýe bolupdyr. Lukmanlar köp keselleri bejermegi başarypdyrlar. Lukmançylygyň ösmegine mumiýalamak däbi ep-esli itergi beripdir. Çünki mumiýalamak üçin merhumyň jesedinden iç goşlaryny aýyrypdyrlar. Ol lukmanlara adamyň anatomiýasyny- içki gurluşyny öwrenmäge mümkinçilik beripdir.

Müsürli lukmanlar aýry-aýry keselleri bejermekde ýörüteleşipdirler. „Her lukman bir keseli bejerýär. Şoňa görä-de olarda lukmanlar örän köp. Olaryň biri-gözi, beýlekisi kelläni, üçinjisi-dişi, dördünjisi-garny, bäşinjisi iç keselleri bejerýär'' diýip Gerodot ýazypdyr. Müsür lukmançylygynyň iň uly üstünliginiň biri-de gan aýlanyş ulgamy baradaky taglymatdyr. Olar gan aýlanyşyň ýürekden başlanýandygyny anyklapdyrlar. Mysal üçin, Ebersiň 20,5 metr uzynlykdaky saklanyp galan lukmançylyk papirusynda getirilýän maglumatda “islendik lukman, ruhany ýa-da ýönekeý bir adam bolsun, ol adamynyň kellesini, ýeňsesini, elini, aýagyny ellesin, ol hemme ýerde hökman adamynyň ýüregine degýär” diýilip berilipdir. Lukmanlar adamynyň hemme damar turbalarynyň ýürekden gaýdyp, onuň içki organlarynyň ählisine barýandygyna göz ýetripdirler. Müsürli lukmanlar köp sanly keselleri operasiýa etmek arkaly hem bejeripdirler.

Gadymy Müsürlileriň dini garaýyşlarynyň çuňňurdygyna garamazdan, olar jemgyýetiň ösüşi barda, öz geçmişi, taryhy barada hem gyzyklanman durmandyrlar, netijede bolsa olar özboluşly taryhy esrlerini döredipdirler. Şeýle ýazygylaryň bir görnüşi ol hem ýyl ýazgylary bolupdyr. Ilkinji ýyl ýazgylary

Gadymy patyşalyk zamanynda peýda bolupdyr. ýyl ýazgylarynyň bölekleri biziň günlerimize çenli saklanypdyr. Ilkinji bäş nesilşalyklaryň faraonlarynyň dolandyran döwri barada Palerma daşynda yzygyderli ýazgylar berilipdir. Ýa-da Turindaky patyşa papirusynda bolsa Müsür faraonlarynyň XVIII nesilşalygyna çenli sanawy berilipdir. Edil şolar ýaly meşhur „Tutmos III annallary" hem, onuň harby ýörişlerini yzygiderli beýan edýär. Bu taryhy ýazuw maglumatlary Gadymy Müsür taryhy boýunça esasy çeşmeler bolup durýarlar.

**Birinji bölümiň netijesi**

Nil derýasynyň jülgesi dünýäde iň ilkinji siwilizasiýanyň ýüze çykan ýeridir. B. e. öň IV müňünji ýylyň ikinji ýarymynda bu ýerde adamzat taryhynyň täze instituty hökmünde "irki synpy jemgyýet we döwlet emele gelýär. Jemgyýetiň durmuşy taýdan gatlaklara bölünmeginiň ir ýüze çykmagy Gadymy Müsüriň özboluşly ösüşiniň ýolyny kesgitledi.

Dünýä taryhynda 3 müňýyllyk şeýle baý taryhy bolan ýurtlar az-azdyr. Şu döwürde gadymy müsür jemgyýeti özüniň gülläp ösüş we pese düşüş basgançaklaryny, şeýle-de durnukly we haýal ösüş döwürlerini başdan geçirdi. Müsür ägirt uly imperiýa bolup, daşary ýurtlaryň basybalyşlaryny hem başdan geçirdi. Emma muňa garamazdan gadymy müsür jemgyýeti, döwleti we medeniýeti kämilleşdi we özüniň içerki gurluşyny kynlaşdyrdy we kämilleşdirdi.

Müsürliler ýokary derejedäki siwilizasiýany döredip, Alynky Aziýanyň, antiki Gresiýanyň halklarynyň taryhy ösüşine hem öz täsirini ýetirýär. Gadymy Müsürliler ykdysadyýetde hem ep-esli ösüş gazanýar. Müsürlileriň Nil derýasynyň jülgelerinde ýokary derejedäki umumymüsür suwaryş ulgamyny gurmagy Faýum we Deltanyň batgalyk ýerlerinde iň hasylly ekerançylyk zolaklaryny döretmäge, ýurdyň ekerançylygyny we oba hojalygyny ýokary derejede

ösdürmäge mümkinçilik berdi. Müsüriň senetçiligi-dokmaçylygy, demiri täzeden işlemekligi, aýna çykarmagy, küýze we beýleki gap-gaçlary ýasamagy, aýratyn hem olaryň düýpli gurluşyk we daş işlemek sungaty, Gadymy Gündogar ýurtlarynyň öndüriji güýçleriniň mundan beýläk hem ösmegini üpjün etdi. Gadymy Müsür 3-müňýylyň dowamynda içerki gapma-garşylykly, göreşli durmuşy gatlaklary döretdi. Gadymy Gündogarda iň ilkinji we iň uly gullaryň hem garamaýaklaryň gozgalaňy hem Gadymy Müsürde bolup geçdi. Emma muňa garamazdan agalyk ediji synpa, merkezleşdirilen döwletiň, dindarlaryň, dini ybadathanalaryň kömegi bilen özlerine bähbitli tertip-düzgüni saklamagy başardylar.

Başynda faraon duran döwlet ulgamy, giň möçberli patyşa hojalygy, ýurdyň ähli hojalyk emläginiň düýpli hasaba alynmagy we olary agalyk ediji gatlagyň bähbidine ulanylmagy Alynky Aziýa ýurtlary üçin nusga bolup, olaryň dolandyryş ulgamy tarapyndan azda-kände peýdalanyldy we hyzmat etdi.

Gadymy Müsürliler dünýäde ilkinji bolup, b. e. öň XVI-XV asyrlarynda köp taýpalaryň we halklaryň ýerlerini basyp alyp uly imperiýany döretdi. Gadymy Müsür medeniýeti - uly gurluşyklary, heýkeltaraşlygy we suratkeşligi, baý edebiýaty, dini ulgamy özüniň çeperçiligi we çuňňur mazmuny bilen haýran galdyryp, dünýä medeniýetiniň hazynasynyň bir bölegi hökmunde girdi.

## Esasy seneler

### Müsür wakalarynyň seneleri diňe Täze patyşalyk döwründen takyk anyklanyldy (b. e. öň XVI-XI asyrlaryň taryhy)

1. Neolitik medeniýet (Faýum, Tasa, Badary) - b. e. öň V müňýyllykda.

2. Ilkinji nesilşalyklardan öňki döwür (amrat döwri) - b. e. öň IV müňyyllygyň
birinji ýarymy- urug gatnaşyklaryň dargap başlamagy.
3. Ilkinji nesilşalykdan öňki döwür (gerzeý döwri). Emläk deňsizligiň ösmegi we
täze nomlaryň (welaýat) derejesindäki döwletleriň ýüze çykmagy- B. e. öň IV müňýylygyň ortalary we ikinji ýarymy.
4. Ýokarky we Aşaky Müsüriň birleşmegi, Irki patyşalyk (I –II nesilşalyklar) – XXXI-XXIX asyrlar.
5. Gadymy patyşalyk (III-VI nesilşalyklar) – XXVIII-XXIII asyrlar. Ilkinji-faraon Joseriň piramidasynyň gurulmagy. XXVIII asyr – III nesilşalyk.
6. Iň uly Hufu (Heopsyň) we Hafranyň piramidasynyň gurulmagy. B. e. öň XXVII- asyr- IV nesilşalyk.
7. I. Geçiş döwri. B.e. öň XXIII asyryň ortalary-XXI asyryň ortalary. Döwletiň aýry-aýry nomlara dargamagy we Gerakleopol we Fiwynyň arasynda agalyk üçin göreşiň başlamagy.
8. Orta patyşalyk (XI- XIII asyrlar) B. e. öň XXI-XVIII asyrlar.
9. Amenemhet I tarapyndan döredilen XII nesilşalyk- B. e. öň XX- XVIII asyryň başy. Senusert III we Amenemhet III dolandyran ýyllarynda Müsüruň gülläp ösmegi.
10. II geçiş döwri. B. e. öň XVIII asyryň ahyry- XVII asyr.
11.Halak gozgalaňlary we giksoslaryň çozup girmekleri. Giksoslaryň nesilşalygy (XV-XVI nesilşalyklar)
12. XVIII nesilşalyk - B. e. öň XVI-XIV asyryň ortalary. Uly Müsür döwletiniň döredilmegi.
13. Tutmos III – 1490- 1436 ýý, onuň basybalyjylykly harby ýörişleri.
14. Ehnatonyň dolandyran ýyllary, onuň dini özgertmeleri – 1365- 1348 ýý.
15. Ramses II – 1290-1224 ýý ( XIX nesilşalyk) Hettler bilen agalyk ugrunda göreş. Müsürde ybadathanalaryň gurluşygynyň

güýçlenmegi. 16. Müsüriň Hettler bilen baglaşan şertnamasy- 1280 ý.
17. XII asyryň birinji ýarymy- Ramses III (XX nesilşalyk); “Deňiz halklarynyň” çozuşlarynyň yza serpikdirilmegi.
18. III Geçiş döwri.- XI asyr- X asyryň ortalary. Giçki patyşalyk – X asyryň ortalary- VI asyr.
19. Liwiýalilaryň ýurdy dolandyrmagy- XXI-XXIII nesilşalyklar- b. e. öň 945- 722 ýý.
20. Müsür kuşitlaryň agalyk süren ýyllarynda- b. e. öň 712-664-ýý. (XXV efiopiýa nesilşalygy).
21. Müsür Assiriýanyň golastynda döwri- b. e. öň 671-655 ýý.
22. Müsüriň täzeden galkynmagy b. e. öň 664-625 ýý (XXVI Sais nesilşalygy)
23. Finikiýalylaryň Afrikanyň daşyndan ýüzüp geçmekleri – b. e. öň 600-597 ýyllar.
24. Müsür parslaryň agalygy döwründe - b. e. öň 525-332 ýý. ýerli XXVIII- XXX nesilşalyklar.
25. Aleksandr Makedonskiniň Müsüri basybalmagy we ýurdyň ellinistik taryhynyň başlanmagy - B. e. öň 332 –nji ýyl.

## II BÖLÜM

# Gadymy Alynky Aziýanyň taryhy

ÝAKYN GÜNDOGAR B.E.ÖŇ I MÜŇÝYLLYGYŇ BAŞYNDA




## Gadymy Derýaaralygy

## §8. Gadymy Derýaarlygynyň taryhyna giriş

**Gadymy Derýaaralygynyň tebigy şertleri we gadymy ilaty.** Gadymy grekler Alynky Aziýadaky Tigr we Ýewfrat derýalarynyň jülgesinde ýerleşýän ýurdy Derýaaralygy (Mesopotamiýa) diýip atlandyrypdyrlar. Geografiki taýdan ol demirgazykda Ermeni daglaryndan günorta, Pars aýlagyna çenli uzalyp gidýär. Onuň Gündogar çägini Zagros dag ulgamlary tutsa, günbatarda Siriýa çöllügine çenli baryp ýetýär. Häzir onuň uly bölegi Yrak döwletiniň ýerlerine girýär.

Derýaaralygynyň ägirt giň düzlügini Tigr we Ýewfrat derýalary kesip geçýär. Olar gözbaşyny Ermeni daglaryndan alyp gaýdýar we Pars aýlagyna guýýar. Mart-aprel aýlarynda, daglardaky garlaryň ereýän döwri derýalar joşýarlar. Joşýan derýalaryň bulanyk suwy bilen suwarylan meýdanlara çöküp galyň gyrmança gatlagy Derýaaralygynyň ýerleriniň örän köp hasylly bolmagyna ýardam edýär. Emma bu ülkede ekerançylyk bilen meşgullanmak birnäçe kynçylyklar bilen bagly bolupdyr. Suw çoşýan möwsüminde ekinleri we obalary gark bolmakdan goramak üçin bentler, gaçylar gurmaly bolupdyr. Suwuň peselýän möwsüminde bolsa ekinleri suwarmak üçin kanallaryň, ýaplaryň, bentleriň giden ulgamyny gurmak zerur bolupdyr. Ondan başga-da topragyň şorlamagyna garşy göreşmeli bolupdyr. Diňe Derýaaralygynyň demirgazyk sebitlerinde ygal suwyna düme ekinler hasyl beripdir.

Ýurduň günorta we merkezi bölegine gurak, yssy howa häsiýetlidir. Demirgazykda howa birneme aram, gyşyna gar ýagýan hem aňzak bolýan pursatlary az bolmandyr. Bölek tokaýlar Derýaaralygynyň demirgazyk sebitlerinde gabat gelýär. Merkezde we günortada diňe ýaplaryň boýundaky söwütler diýäýmeseň ýabany agaçlar ýokdyr. Emma oňa derek derýa-ýaplaryň boýunda we günortadaky aýlagyň çalpawlyklarynda dürli görnüşli gamyş boldyr. Ilat gamyşy

gurluşykda giňden peýdalanypdyr. Derýaaralygynda hurma, alma, injir, üzüm we ş.m. agaçlary köp ösdürip ýetişdiripdirler. Ondan başga-da arpa, jöwen, künji, kenep, noýba, mäş, gök we bakja ekinlerini ösdürip ýetişdiripdirler.

Gadymy döwürde bu ülkede ýabany haýwanlar örän köp bolupdyr. Ýabany öküzler, gulanlar, ýekegapanlar, sugunlar, düýeguşlar, ýolbarslar we beýleki haýwanlar mesgen tutupdyr. Derýa-köllerde balyklar we suw guşlary örän köp bolupdyr.

Derýaaralygy geografiki taýdan Alynky Aziýanyň Merkezinde söwda üçin örän amatly ýerde ýerleşipdir. Onuň üstünden gündogardan günbatara gidýän guryýer söwda ýollarynyň birnäçesi geçipdir. Tigr we Ýewfrat derýalary boýunça üsti harytly gämiler hereket edipdir. Pars aýlagyndan Hindistana we Gyzyl deňziň üsti bilen Müsüre söwda gämileri gatnapdyr.

Derýaaralygyna gündogardaky daglardan ilatyň göçüp gelmegi iň gadymy döwürde başlanypdyr. Neolit zamanynda göçüp gelýänleriň sany has artypdyr. Derýaaralygynyň iň gadymy ilatynyň haýsy dilde gürländigini entek anyklamak başardanok. (Hassuan, Halaf medeniýetleri döwri) B.e. öň V-IV müňýyllygyň birinji ýarymynda günorta sebite täze halklar göçüp gelipdir. Olara pratoşumerler (has irki şumerler) diýilýär. Eýýäm b.e. öň IV-III müňýyllyklaryň sepgidinde Derýaaralygynyň günorta böleginde şumerler doly ornaşypdyrlar. Şumerleriň gelip çykyşy barada anyk maglumat ýokdyr. Şoňa görä-de ol mesele hazire çenli ylymda doly çözülenok. Şumerler gadymy ýerli ilat bilen garyşypdyr we olaryň medeniýetiniň käbir taraplaryny kabul edipdir.

Derýaaralygynyň demirgazyk sebitlerine b.e. öň III müňýyllygyň başlarynda gündogar semit taýpalary ornaşypdyr. Olaryň gepleýiş diline akkad dili diýilýär. Akkad dili Wawilon (günortada) we Assiriýa (demirgazykda) şiwelerine bölünipdir. B.e. öň III müňýyllygyň ahyryna çenli semitler günorta süýşüp bütin Derýaaralygyny eýeläpdirler. B.e. öň II müňýyllygyň

başynda şumer dili gepleşikden galypdyr. Diňe ylmy we dini kitaplaryň dili hökmünde ol b.e. öň I asyra çenli mekdeplerde öwrenilipdir. Şumer dili gysylyp çykarylsa-da şumerleriň özleri ýok bolup gitmändir. Olar akkadlar bilen garyşypdyrlar. Şumerleriň dinini we medeniýetini akkadlar doly diýen ýaly kabul edipdirler.

Derýaaralygynyň demirgazyk sebitlerinde örän ir döwürden Hurrit taýpalary ýaşapdyr. Akkadlar olaryň ýurduna we özüne subartu diýipdir. (Subareýler ady hem şondan gelip çykýar). Hurritler Ermeni daglary sebitinde ýaşan urartular bilen garyndaş taýpalar bolupdyr. Hurritleriň aýry-aýry toparlary daglyk sebitlerde b.e. öň VI-V asyrlara çenli ýaşapdyrlar. Derýaaralygynyň gündogar çäklerinden başlanýan daglyk welaýatlarda gutiler, lullubeýler, kassitler ýaly taýpalar ýaşapdyr. Olaryň gepleýiş dili şumer, akkad we hurrit dillerinden tapawutlanypdyr.

B.e. öň II müňýyllygyň başynda we ikinji ýarymynda günbatardan Derýaaralygyna semitleriň täze uly topary aralaşypdyr. Ilkinjilere amoreýler, soňrakylara bolsa arameýler diýipdirler. B. e. öňki VI asyrda parslar tarapyndan Wawilonyň basylyp alynmagy bilen, arameý dili parslaryň resmi döwlet diline öwrülýär. Arameý dili beýleki ýerli dilleri hem gysyp çykaryp esasy gepleşik diline öwrülýär. B.e. öňki IX asyrdan başlap Derýaaralygynyň günorta sebitlerine arameýlere ýakyn bolan haldeý taýpalary ornaşypdyr. B.e. öň I asyra çenli akkad dili doly ulanyşdan galypdyr. Wawilonlylar arameýler we haldeýler bilen garyşypdyrlar.

**Derýaaralygynyň gadymy taryhy boýunça esasy çeşmeler.** Gadymy Derýaaralygynyň taryhy boýunça esasy çeşmeler maddy medeniýetiniň ýadygärliklerinden, ýazgylaryndan we edebi eserlerden ybaratdyr.

Gadymy oturym ýerlerde geçirilen gazuw işleriniň netijesinde tapylan zähmet gurallary, ýaşaýyş jaýlarynyň we guburhanalaryň galyndylary, depeler, haýwanlaryň süňkleri,

bezeg şaýlary, heýkeljikler Derýaaralygynyň irki taryhy boýunça köp maglumatlar berýärler.

Derýaaralygynyň gadymy şäherleri bolan Eredu, Ur, Lagaş, Nippur, Mari, Aşşur, Wawilon, Ninewiýa we ş.m. geçirilen gazuw işleri b.e. öň III-I müňýyllyklaryň taryhynyň köp taraplaryny öwrenmäge ýardam edýär. Ol şäherleriň bir bölegi (Ur, Eredu, Uruk we ş.m.) entek b.e. öň IV müňýyllykda uly bolmadyk oturym ýer hökmünde ýüze çykypdyr. Derýaaralygynyň dürli şäherlerinde geçirilen gazuw işleriniň dowamynda basgançakly minaralaryň (zikkurat) köşkleriň, buthanalaryň, guburhanalaryň, ýaşaýyş we hojalyk jaýlarynyň uly toparynyň üsti açyldy. Köp sanly sungat eserleri, durmuşda ulanylan gurallar tapyldy. Göräýmäge ýönekeý bolan dürli görnüşdäki möhürleriň tapylmagy uly ähmiýete eýedir. Çünki şeýle möhürleriň Hindistandan, Bahreý adalaryndan, Türkmenistandan, Müsürden we beýleki ýurtlardan tapylmagy, olaryň Derýaaralygyndaky şäherler bilen aragatnaşyklaryny anyklamaga, aýry-aýry taryhy wakalaryň, döwletleriň senesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Çünki her bir döwür üçin şekilleriň görnüşiniň hem ýasalyş usulynyň aýratynlyklary bardyr. Möhürler esasan serdolik, stealit, lazurit ýaly we beýleki daşlardan ýasalypdyr. Olaryň ýüzünde rowaýatlardan pursatlar şekillendirilipdir. Möhürler hususy eýeçiligiň nyşany bolup, onuň ösüşini yzarlamaga-da ýardam edýär.

**Ýazgy çeşmeleri. Hojalyk ýazgylary.** Ýazgy çeşmeleri Derýaaralygynda b.e. öň IV-III müňýyllyklaryň sepgidinde peýda bolýar. Olar hojalyk, diplomatik we ýyl ýazgylary ýaly görnüşlere bölünýär.

Hojalyk ýazgylary örän köp tapylyp olar jemgyýetiň ykdysady we durmuş gurluşyny öwrenmekde uly ähmiýete eýedir. Olaryň iň gadymkysy Urukdan we Jemdet-Hasradan tapylan 1000 töweregi ýüzi hatly kerpiçjikler bolup, b.e. öň IV müňýyllygyň ahyrlaryna degişlidir. Olar piktografiýanyň (surat haty) irki görnüşinde ýazylypdyr we buthana önümleriň

getirilişi, çykdajy edilişi, gullaryň we beýleki işgärleriň sany barada hasabatlardan ybaratdyr.

B.e. öň II müňýyllyga degişli hojalyk ýazgylarynyň sany has köpdir. Olar döwlet, buthana we şahsy hojalyklara degişlidir. Kiçi Aziýanyň Küldepede (halkara söwda şäheri Kanişdan) geçirilen gazuw-agtaryş döwründe, b.e. öň II müňýyllygyň başlaryna degişli assiriýa we arameý söwdagärleriniň arhiwi tapylýar. Olar 10000 sany ýüzi hatly kerpiçjiklerden ybarat durýar. Ýazgylar dil hatlaryndan, hasabatlardan, söwda baradaky resminamalardan, kaziýetiň ýazgylaryndan ybarat durýarlar.

B.e. öňki II müňýyllygyň ikinji ýarymyna degişli hojalyk dokumentleriniň uly topary Aşşurdan, I müňýyllygyň birinji ýarymyna degişli dokumentleriň uly topary Nippur, Wawilon, Sippar, Ur, Uruk şeýle-de Derýaaralygynyň çäklerinden daşarky ýurtlardan, ýagny olaryň söwdagärleriniň baran ýurtlaryndan (Siriýadan, Finikiýadan we Eýrandan) tapylýar. Olar täzewawilon we pars döwrüniň iri söwda öýleriniň resmi hatlaryndan, ybadathana arhiwlerinden ybarat durýarlar. Olaryň içinde has oňat saklanan, b. e. öň V asyra degişli Nippurdan tapylan ( 700-den gowrak) arhiw maglumatlarydyr.

**Hukuk resminamalary**. Derýaaralygynyň taryhy boýunça möhüm çeşmeleriň biri-de hukuk baradaky resminamalardyr. Olar esasan hem kanun ýygyndylaryndan ybaratdyr. Derýaaralygynda saklanan hukuk ýygyndylarynyň şeýle bol ýeri, Gadymy Gündogaryň hiç bir ýurdynda saklanan däldir. Kanun ýygyndylarynyň iň gadymyksy Şulginiň kanunlary bolup, ol b.e. öň III müňýyllygyň ahyrlaryna degişlidir. Bu kanunlardan Şumer-Akkad patyşalygynyň Ur nesilşalygy peýdalanypdyr. Emma bu kanunlaryň diňe girişi we käbir maddalary saklanypdyr. Ondan başga-da b. e. öňki XX asyra degişli Eşnunydan tapylan kanunlaryň sözbaşy-girişi bilen 59 sany maddasy, Larsa, Issin şäher-döwletleriniň kanunlaryndan hem käbir bölekler saklanyp galypdyr.

Kanun ýygyndylarynyň iň ulusy Hammurapiniň kanunlarydyr. (b.e. öň XVIII asyr). Ol 1901-nji ýylda Elamyň paýtagty Suzyda fransuz arheologlary tarpyndan geçirilen gazuw-agtaryş işleri döwründe tapylýar. Bu kanunlar ýygyndysy XII asyrda harby ýörüşiň netijesinde elamlylar tarapyndan olja hökmünde alnyp gidilipdir. Ol girişden, 282 maddadan we sözsoňydan ybarat bolupdyr.

B. e. öň II müňýyllygyň ortalaryna degisli Aşşurdan - Gadymy Assiriýa döwletiniň paýtagtyndan tapylan, ortaassiriýa kanunlar ýygyndysynyň beýany saklanypdyr. Kanunlar ýygyndysy Wawilonyň ykdysady, durmuşy, maşgala gatnaşyklaryny, syýasy gurluşyny öwrenmäge örän kän maglumatlary berýar. Şeýle-de Täze Wawilon patyşalygynda hereket eden kanunlaryň hem galyndylary (20 töweregi madda) saklanypdyr. Bu kanunlar alymlaryň çaklamalaryna görä patyşa Nawuhodonosor II (605-562 ýý.) döwründe düzülen bolmaly.

B.e. öň II müňýyllyga degişli diplomatik arhiw Mariniň şasy Zimrilimiň köşgünden tapylýar. Arhiwda Mariniň goňşy ýurtlaryň hökümdarlary bilen: Wawilonyň, Siriýa we finikiýa hanlyklarynyň hökümdarlary bilen ýazyşan hatlarynyň uly topary tapylýar. Assiriýanyň gadymy paýtagty bolan Aşşurdan tapylan kanunlar ýygyndysy, b. e. öň II müňýyllygyň ortalaryna degişli ortassiriýa kanunlarynyň beýanlaryndan ybarat durýarlar. Şeýle-de Täze Wawilon patyşalygynda hereket edýän kanunlaryň 20-siniň ýiteňkirlän ýazgylary saklanypdyr. Ol kanunlar Nawohodonosor II (b.e. öň 605-562 ýý.) dolandyran ýyllarynda düzülen bolmaly diýilip çaklanylýar.

Gadymy Derýaaralygynyň kanunlar ýygyndysy örän baý maglumatlar bolup, bu döwriň ykdysadyýetini we sosial gatnaşyklaryny, maşgala durmuşynyň gurluşyny, ol döwwrüň syýasy gurluşyny, kazyýet işleriniň geçirilişini, adamlaryň dini garaýyşlaryny öwrenmäge doly mümkinçilik berýär

**Diplomatyk resminamalar (dokumentler).** Diplomatik resminamalarda döwletara we halkara gatnaşyklary, uruş

parahatçylyk, ylalaşyk baglaşmak we ş.m. barada maglumatlar berilýär. Olaryň iň irkisi b.e. öňki XXIV asyra degişli palçykdan ýasalan silindere ýazylan ýazgylar bolup, onda Lagaş we Ummanyň arasynda serhet dawasy baradaky maglumatlar berilýär. B.e. öň XXIII asyra degişli Akkad patyşasy Naram-Sueniň Elam patyşalarynyň biri bilen, uzaga çeken harby çaknyşyklardan soň baglaşylan ylalaşyk barada resmi ýazgylar saklanypdyr.

Mariniň patyşasy Zimrilimiň köşgünde geçirilen gazuw-barlag işleri wagtynda tapylan diplomatik arhiw, b. e. öň II asyryň başlaryna degişlidir. Arhiwde Wawiloniň, Mariniň, siriýa we finikiýa hanlyklarynyň hökümdarlarynyň özara alyşan köp sanly hatlary saklanypdyr. Maglumatlar bu döwletleriň arasynda ilçiler we çaparlar işländigine, ilçiler alşylyp olaryň goralandygyna, gepleşikler geçirilip ylalaşyk baglaşylandygyna, hökümdarlaryň biri-birine sylag serpaý iberendiklerine güwä geçýär.

B.e. öň II müňýyllygyň 2-nji ýarymyndaky halkara gatnaşyklaryny öwrenmekde, Derýaaralygynyň taryhyny öwrenmekde, Müsürden tapylan Tel-Amarn arhiwiniň (b.e. öň XIV asyr) ähmiýeti has hem ulydyr. Olarda mitanni, wawilon we assiriýa patyşalarynyň Müsür faraony Amenhotep III we Ehnaton IV bilen alyşan hatlary saklanypdyr.

B. e. öň I müňýyllyga degişli halkara ylalaşyklaryň içinde assiriýa patyşalarynyň özlerine tabyn ýurtlar bilen baglaşan ylalaşyklary has ähmiýetlidir. Mysal üçin, 1955-nji ýylda Kalhu (Nimrud) şäherinden assiriýa patyşasy Asarhaddon (b. e. öň VII asyr) we midiýa hanlyklary bilen baglaşylan ylalaşygyň ýazgysy tapyldy. Ol ýazgylarda Assiriýanyň tagt myrasdüşerleri diýilip Asarhaddonyň ogullarynyň yglan edilmegi we olaryň patyşalyga wepalylyk kasamynyň ýazgylary ýerleşdirilipdir.

**Taryhy mazmunly ýazgylar.** Gadymy Derýaaralygyndan taryhy mazmunly maglumatlaryň giden bir toplumynyň üsti

açyldy. Olar gadymy şumer şäherleriniň, Akkadyň, Wawilonyň, Assiriýanyň, Derýaaralygynyň we beýleki döwletleriň hökümdarlarynyň ýazgylaryndan ybarat durýarlar. Olaryň ilkinjilerinden biri Lagaşyň hökümdary Eanatumyň (b.e. öň XXV asyr) bütin Şumeri birleşdirmek ugrunda alyp baran uruşlarynyň netijesinde goňşy ýurtlaryň üstünden gazanan ýeňişleri baradaky ýazgylarydyr.

B. e. öň XXIII asyra degişli akkad patyşalarynyň ýazgylary, aýratyn hem patyşa Rimuşyň Akkad patyşalygynda turan gozgalaňy basyp ýatyryşy we Elama garşy geçiren basybalyjylykly ýörüşleri baradaky ýazgylar ähmiýetlidir. Assiriýa şalarynyň taryhy ýazgylarynyň uly topary biziň günlerimize çenli saklanypdyr. Olarda Assiriýanyň harby ýörişleri we ýurtdaky gurluşyk işleri barada maglumat berilýär.

Täze Wawilon şalarynyň taryhy mazmunly ýazgylaryndan 140 töwregi mälimdir. Olaryň esasy bölegi patyşalar Nawuhodonosor II we Nabonida (b. e. öň VI asyr) degişlidir. Olarda köşk, ybadathana, şäher gurluşyklary, ybadathanalara berilýän peşgeşler, sadakalar barada gürrüň berilýär.

Has möhüm taryhy maglumatlar Nabonidiň ýazgylarynda berilipdir, olarda diňe bir öz döwrüniň wakalary ýatlanylman eýsem has gadymy döwrüň wakalary, nesilşalyklaryň, patyşalaryň sanawlary, olaryň amal eden işleri baradaky beýanlar saklanypdyr.

Gymmatly maglumatlar assiriýa patyşlarynyň goňşy ýurtlaryň patyşalary bilen alşylan ýazgylar, patyşa köşklerinden tapylan arhiwda saklanypdyr. Olar patyşalaryň, ýerli häkimleriň, emeldarlaryň, serkerdeleriň, ruhanylaryň diplomatik, hojalyk, dolandyryş we beýleki maglumatlaryndan ybarat durýarlar. B. e. öň VIII-VII asyrlara degişli şeýle hatlaryň 1500-si Ninewiýa, Kalhu we beýleki şäherleriň köşklerinden tapyldy.

Derýaaralygynyň döwletlerinde patyşalaryň atlary sanalýan ýazgylar hem düzülipdir. “Şumer şalarynyň sanawynda”

rowaýaty döwürden başlap b. e. öňki XXI asyra çenli patyşalar sanalypdyr. Soňra ol b. e. öň XVIII asyra çenli ertilipdir. Gymmatly ýazgylar Assiriýanyň ýokary emeldarlary bolan "lummu" (911- 648 ýý.), patyşalaryň sanawy (b. e. öň II müňýyllygyň başlaryndan b. e. öňki VII asyryň ahyrlary) saklanypdyr. Şol ýazgylar esasynda Assiriýada ýyl nasaby ýöredilip, assiriýa taryhynyň senenamasy-hronologiýasy ýöredilipdir. Galyberse-de Assiriýada günüň tutulan anyk wagty ýylýazgylarynda görkezilipdir, ol b. e. öň 763-nji ýylyň 15-nji iýul güni diýilip bellenilýär. Şeýlelik bilen Assiriýada takyk ýyl hasaby ýöredilip başlanýar.

Ýazgylarda Wawilion patyşalarynyň hem yzygiderli düzülen sanawy saklanypdyr we biziň günlerimize çenli gelip ýetipdir. Ýazgylaryň içinde assiriýa- wawilon gatnaşyklary baradaky taryhy beýanlar hem bar. Mysal üçin, "Ninewiýanyň synmagy hakyndaky heýkaýada" Assiriýa patyşalygynyň heläk boluşynyň we ýykylyşynyň wakalary beýan edilýär. "Wawilon wakalarynda" bolsa Täze Wawilon patyşalygyny pars patyşasy Kir II (b. e. öň VI asyr) basyp alyşy beýan edilýar. Olar patyşa ýazgylary bilen birlikde gadymy Derýaaralygynyň taryhyny dikeltmekde esasy maglumatlar bolup durýarlar.

Derýaaralygynda hakyky taryhy eserler giç ýüze çykypdyr. Olaryň ilkinjisi b.e. öň IV-III asyrlaryň sepgidinde, Wawilonyň Mardyk hudaýynyň ruhany Beros tarapyndan ýazylypdyr. Ol öz ýurdynyň rowaýatyny we taryhyny oňat bilip, onuň taryhynyň wakalary baradaky ýazgylaryny öz dilinde okamagy başaryp we grek bilimini oňat ele alyp, üç bölekden ybarat "Wawilonyň hem Haldeýiň taryhy" işini Nuhuň tupany döwründen Isgender Zülkarneýe çenli beýan edipdir. Emma onuň eserinden diňe bölekler saklanypdyr. Olar antiki ýazarlaryň Iosif Flawiniň (b. e. I asyr) we Ewsewiň (b. e. IV asyr) eserlerinde saklanyp galmaklary bilen biziň günlerimize gelip ýetipdir.

**Şumer-Akkaddan we goňşy ýurtlardan tapylan çeşmeler.** Derýaaralygynyň taryhy baradaky çeşmeler Gadymy epiki eserlerde hem saklanypdyr. Mysal üçin, “Gilgameş we Aga” poemasynda Urugyň kişleriň agalygyndan çykmak üçin alyp baran göreşi, Urukda bolan wakalar onuň syýasy gurluşy barada birnäçe maglumatlary berýär. Şeýle-de Akkad patyşalygyny esaslandyran, Gadymy Sargon patyşa baradaky akkad rowaýatlary saklanypdyr.

Taryhy maglumatlar Şumeriň, Wawilonyň we Assiriýanyň edebiýat ýadygärliklerinde hem saklanypdyr. Olaryň içinde “Gilgameş hakyndaky epos” giden bir hazyna hasaplanylýar. Ol b. e. öň II müňýyllygyň başlaryna degişli bolup, onuň doly beýany Ninewiýanyň patyşa kitaphanasyndan tapylýar.

Alynky Aziýanyň Merkezinde ýerleşen Derýaaralygy gadymy dünýäniň örän köp ýurtlary bilen söwda, ykdysady, syýasy, medeni gatnaşykda bolupdyr. Şoňa görä-de Derýaaralygynyň gadymy taryhy barada onuň aragatnaşykda bolan ýurtlaryndan hem köpsanly çeşmeleriň üsti açyldy. Göňşy ýurtlardan- Siriýadan, Finikiýadan, Palestinadan, Uratudan, Eýrandan Hindistandan getirilipdir, olar bürünçden, demirden ýasalan möhürler, ýaraglar bolupdyr. Derýaaralygynyň önümleri bolsa, şol ýurtlaryň ýerlerinden tapylýar. Mysal üçin, Şumerleriň möhürleri Hindistanda geçirilen gazuw-barlag işleri döwründe tapylýar. Ýazgy ýadygärlikleriniň biri, Hammurapiniň kanunlar ýygyndysy ýazylan daş sütün, Manişţuşyň sütüni Elamyň paýtagty Suzydan tapylýar. Gadymy Derýaaralygynyň resmi we diplomatyk maglumatlary, edebiýat eserleri Kiçi Aziýa, Müsür, Siriýa, Palestina we Eýran ýerlerinden tapylýar.

Üsti açylan täze tapyndylardan gadymy siriýanyň Ebla şäherinde geçirilen gazuw-barlaglaryň netijesinde tapylan maglumatlar has ähmiýetli maglumatlardyr. Bu ýerden italýan arheologlary birnäçe müň çig kerpiçjiklere ýazylan klinopis ýazgylarynyň üstüni açdylar. Onuň beýanlary şumer we semit

diliniň bir şahasynda ýazylypdyr. B. e. öň III müňýyllyga degişli Alynky Aziýanyň gadymy arhiwleriniň birinden edebi beýanlar, okuwçylaryň “okuw kitaplary” we “depderleri”, iş hatlary, esasan hem söwda maglumatlary bilen döwlet resminamalary: diplomatik hatlar, ilçileriň we harby serkerdeleriň iberýän hatlary we beýleki ýazgylar tapyldy.

Derýaaralygynyň taryhy barada goňşy ýurtlardan tapylan taryhy çeşmelerde hem berilipdir. Taryhy maglumatlar Töwrat kitabynda hem berilipdir. Onda assiriýa we wawilion patyşalarynyň Ortaýer deňziniň Gündogar sebitlerine geçiren harby ýörişleri, Palestina bilen Derýaaralygynyň özara gatnaşyklary baradaky hekaýalar berilýär.

Pars ýazgylarynda hem Derýaaralygynyň taryhy barada maglumatlar saklanypdyr. Olaryň içinde Kiriň Wawilony eýeleýişi, Dariý I ýazgylary, ilki bilen hem Bişütün ýazgylary bolup, onda parslaryň agalygyna garşy wawilonlylaryň turyzan gozgalaňlary barada beýan edilýär.

Derýaaralygynyň taryhy barada grek-rim awtorlarynyň işlerinde köp maglumatlar gabat gelýär. Olarda Derýaaralygynyň tebigaty, onuň ilatynyň däp-dessurlary, dini ynançlary, medeni ösüşleri we taryhy rowaýatlary giňden beýan edilýär. Ylaýta-da Gerodotyň işinde Wawilon barada gymmatly maglumatlar yzygiderli berilýär. Onuň has gymmatly maglumatlary bu ýurdyň tebigaty baradaky ýazgylardyr. Emma bu ýurdyň taryhyna degişli maglumatlar esasan rowaýaty maglumatlardan ybarat durýarlar. Onuň assiriýa taryhy Nin, Semiramida, Sardanapal we taryhy şahsyýet Sinahherip bilen tamamlanýar, emma Wawilonyň taryhy baradaky maglumatlar ondan hem az berilýär.

Gerodotiň döwürdesi, köp ýyllap Ahemeni döwletinde ýaşan Ktesi Knidskiý 23 kitapdan ybarat “Pars taryhy” işini ýazypdyr, onda Derýaaralygy barada ep-esli beýan edilýän hem bolsa, onuň taryhy rowaýaty äheňinde beýan edilipdir, şonuň üçin onuň kitaplarynda taryhy wakalar ýoýulyp berilipdir. Pars

goşunynda hakynatutma esger bolup, gullukda bolan Ksenofont b. e. öň V asyryň ahyrlarynda Derýaaralygynda bolup, “Kiriň taryhy”, we “Anabasis” ýaly taryhy işlerini ýazypdyr. Ol bu işlerde gadymy pars taryhyny beýan etmek bilen, Tigr we Ýewfrat derýalarynyň jülgelerini, ýurdyň halklaryny, olaryň däp-dessurlaryny beýan edipdir, emma bu ýurdyň taryhy barada maglumatlar juda ýüzleý berilipdir.

Derýaaralygy barada möhüm maglumatlar Strabonyň (b. e. öň I- b. e. I asyry) 17 kitapdan ybarat “Geografiýa” işinde berilýär, onuň 16-njy kitaby dolulygyna Derýaaralygyna bagyşlanypdyr. Assiriýa bilen Wawilon döwletleriniň Palestina bilen özara gatnaşyklary barada gymmatly maglumatlar Iosif Flawiniň (b. e. I asyry) “Iudeýanyň gadymyýyety” diýen işinde beýan edilýär. Onda assiriýa mülkleriniň Wawilon bilien Midiýanyň arasynda paýlanylyşy, olaryň bähbitleriniň Müsür bilen çaknyşyklara getirişi barada gürrüň berilýär.

**Derýaaralygynyň gadymy taryhynyň öwrenilişi.** Derýaaralygyny ylmy taýdan öwrenmek şine hatyny okamakdan başlanýar. Daniýaly alym K.Nibur XVIII asyrda Derýaaralygyna we Eýrana ylmy syýahat edip, gadymy Persopoldaky şine hatynyň nusgalaryny Ýewropa getirýär. Şondan soň Ýewropada şine hatyny okamaga synanyşyk başlanýar. Alym bu ýadygärligiň ýazuwynda dürli görnüşli belgileriň üç görnüşiniň bardygy barada netije çykarýar. Nemes alymy Grotofend 1802-nji ýylda hatyň 39 belgisiniň ilkinji 10 harpyny okamagy başarýar. Alym ýazgylaryň birinde Ahemeniler nesilşalygynyň patyşalarynyň – Dariniň, Kserkisiň, şeýle-de Dariniň kakasy Gistapsyň atlaryny okaýar. Ol ýazgylaryň biriniň gadymy pars dilinde ýazylandygyny anyklaýar. Ýazgylaryň galan iki bölegi barda aýdylanda, ol onuň biriniň wawilon (akkad) dilinde ýazylandygyny, iknji galan bölegini bolsa soňra alymlar elam dilinde ýazylandygy kesgitleýärler.

XIX asyryň 30-40-nji ýyllarynda iňlis diplomaty we serkerdesi köp ýyllaryň dowamynda Ýakyn Gündogarda işlän Raulinson üç dilde ýazylan uly Bisütün (Behistun) ýazgysynyň üstünde işläp, onuň 600 belgisiniň 250-sini okamagyň usulyny başarýar. 1855-nji ýylda bolsa Ýewropa alymlary Bisütün ýazgylarynyň elam dilinde ýazylan şine belgilerini okamagy başarýarlar. Şunlukda şine hatynyň akkad we gadymy pars görnüşini okamagyň hem usuly açylýar.

**Akkad-Şumer hatyny okamagyň üstüniň açylmagy.** XIX asyryň 90-njy ýyllarynda nemes alymy F.Deliç akkad diliniň grammatikasyny we sözlügini düzýär. Bu açyşlar ylymda täze ugruň "assiriologiýanyň" ýüze çykmagyna alyp barýar. Assiriologiýa – bu Alynky Aziýada ýaşan we şine hatyny ulanan gadymy halklaryň dilini, taryhyny we medeniýetini öwrenýän ylma aýdylýar.

Täze klinopis ýazgylarynyň üstüniň açylmagy, alymlara bu haty wawilonlylar we assiriýalylardan başga-da hurrit taýpalarynyň hem ulanandyklaryny, Derýaaralygynda olardan hem ir has gadymy ýaşaýjylar bolan şumerleriň peýdalanandyklary aýan edilýär. Şeýle-de Derýaaralygynyň klinopis ýazgylaryny urartular, elamitler, hettler we beýlekiler ulanypdyrlar. Şeýlelikde, assiriologiýa ylmyndan şumerologiýa, elamitologiýa, urartologiýa, hettologiýa ugurlary bölnüp aýrylýar we özbaşdak ylmy ulgama öwrülýärler.

Şine hatynyň ilki başlangyjy bolan sumer hatyny okamak has çylşyrymly bolup, ol köp zähmeti talap edipdir. Şoňa görä-de şumer şine hatyny okamagyň usuly gijiräk, ýagny XX asyryň başlarynda mümkin bolýar. Bu işde alymlar S.Týuro-Danjeniň, A.Pebeliň, A.Daýmeliň, A.Falkenşteýniň we başgalaryň uly hyzmatlary bardyr. Şumerleriň irki ösüş döwrüniň piktografiýa hatynyň okalyş usulynyň öwrenilmegi, heniz alymlar tarapyndan dowam etdirilýär.

**Derýaaralygynda geçirilen arheologiýa barlaglary.** Derýaaralygynyň gadymy taryhyny öwrenmekde arheologiýa

barlaglarynyň orny örän uludyr. Bu ýurtda ilkinji gazuw işleri XIX asyryň ortalarynda başlanýar. Ilki bilen ýurdyň demirgazyk sebitlerindäki ýadygärlikler öwrenilipdir. 1842-nji ýylda fransuz diplomaty E.P.Botta Goýunjyk diýen depäni gazýar. Emma ol gyzykly maglumat ýok diýip, ony taşlap Horsabat obasynyň ýanyndaky ýadygäligi öwrenmäge girişýär. Bu gazuw şowly bolupdyr. Ol Assiriýanyň paýtagtlaryndan biri Dur-Şarrukin şäheriniň galyndysynyň üstüni açýar.

Iňlis diplomaty G.A.Leýýard, Ýakyn Gündogarda köp gezek syýahatda bolansoň we gündogaryň dillerini oňat bilensoň 1845-1847-nji ýyllarda Nimrud depesinde gazuw geçirýär. Ol bu ýerde Assiriýa patyşalarynyň köşkleriniň we äpet heýkelleriniň üstünden barýar we bu depäniň gadymy Kolhu şäheridigini anyklaýar. 1847-nji ýylda G.A.Leýýard Bottanyň taşlap giden Goýunjyk depesinde hem gazuw-barlag işlrini geçirýär. Gazuw döwründe ol gadymy Ninewiýa şäheriniň üstni açýar. Ol bu ýerde patyşa Sinahheribiň (b. e. öň.VII as.) köşgüniň üstünden hem barýar. Alym şeýle-de beýleki gymmatly tapyndylar bilen bir hatarda, Sinahheribiň agtygy Aşşurbanapalyň “Kerpiç kitaplardan” doly patyşa kitaphanasynyň üstünden barýar. Leýýardyň tapyndylary häzir Londondaky Britaniýanyň ýakyngündogar ýadygärlikleriniň muzeýinde saklanýar. XIX asyryň ikinji ýarymynda Derýaaralygynda arheologiýa işleriniň möçberi has artýar we yzygiderli häsiýete eýe bolýar. Ol barlaglaryň netijesinde, iňlis arheologlary Uruk, Ur, Larsa, Eredu şäherleriniň üstini açýarlar.

Fransuz alymlary XIX asyryň ahyrynda Lagaş şäheriniň üstüni açýarlar. Ol ýerde hökümdarlaýň heýkelleri, resmi ýazgylar, hojalyk häsiýetli rewsminamalaryň uly toplumy ýaly gymmatly tapyndylar ýüze çykarylýar. Amerikan alymlary Nippur şäheriniň üstüni açýarlar. Ol ýerdäki ybadathanadan hem 60 müň sany ýüzi şine hatly kerpiçjikler tapylýar. Bu açyşlar sözüň doly manysynda, gadymy dünýä taryhynyň örän

köp näbelli sahypalaryny dikeltmäge mümkinçilik döretdi. Emma bu döwürde, arheologiýa gazuw işleri doly derjede ylmy usullar boýunça geçirilmändir. Şonuň üçin ol maglumatlaryň bir böleginiň hasaba alynman galmagyna sebäp bolupdyr.

XIX asyryň ikinji ýarymynda XX asyryň başlarynda Derýaaralygynda arheologiýa barlaglarynyň täze döwri başlanýar, bu döwür Tigr we Ýewfrat derýalarynyň arasyndaky şäherlerde yzygiderli barlaglaryň geçirilmegi bilen tapawutlanýar. Leýýardyň işgärleriniň biri H. Rassam tarapyndan Goýunjyk depede irginsiz barlaglar alnyp barylýar, netijede bu ýerden assiriýa patyşasy Assurbanapalyň köşgüniň üsti açylýar. Onda patyşalaryň aw ediş wagtlaryny, harby hereketleri görkezýän şekilleriň üsti açylýar şeýle-de patyşanyň uly kitaphanasynyň üstünden barylýar. Ol Nimrud baýryna ýakyn, Balawat diýen ýerden b. e. öň IX asyra degişli assiriýa ýadygärliklerini, şol sanda dört sany bürünçden ýasalan Balawat derwezeleri diýilip atlandyrylýan, ýüzünde harby ýörüşleri görkezýän we tölegleriň getirilip berilişini aňladýan şekiller bilen bezelen plitalar tapýar. Rassam şeýle-de gadymy Sippar şäheriniň harabaçylygynyň üstüni açýar. Ol ýerden Gün Hudaýy Şamaşyň ybadathanasynyň, resmi döwlet arhiwiniň, “okuw gollanmalary” bolan mekdebiň hem üsti açylýar. Olaryň içinde iň ähmiýetlileriniň biri-de Aşşurpbanapalyň ýylýazgysydyr.

XIX asyryň ikinji ýarymynda iňlis arheologlary tarapyndan gadymy şumeriň Uruk, Ur, Larsa we Eredu şaherleriniň üsti açylýar. XIX asyra degişli möhüm açyşlaryň biri-de fransuz arhelogi E. de Sarzekiň ýolbaşçylygynda şumeriň Lagaş şäherinde geçirilen barlaglar bolup, onda köp sanly hökümdarlaryň heýkelleriniň üsti açylýar. Olaryň içinde aýratyn hem patyşa Gudeanyň heýkelleri, Lagaşyň goňşy Umma şäherinden üstün çykyşynyň ýazgysyny, hökümdar Uruinimginynyň (b. e. öň XIV asyr) özgertmelerini görkezýän kümişden we gežden (alebastrdan) ýasalan waza ýazgylary

hem-de köp sanly ybadathanalara degişli hojalyk arhiwiniň üsti açyldy. Amerkan alymlarynyň geçiren ekspedisiýasy hem 3000 müň ýyllap saklanan Nippur şäherini açmaklary ähmiýet az bolmandyr. Tapyndylar özüniň möçberi boýunça hem adamlary geň galdyrman durmandyr. Onda: umumy şumer hudaýy Enlilýanyň ybadathanasynyň galyndylarynyň, onuň kitaphanasyndan tapylan 60 müňden gowrak palçykdan tablisalaryň, ybadathanalara degişli hojalyk jaýlarynyň, köşk, mekdep, bazar, ýaşaýyş jaýlarynyň we başgalaryň üsti açylýar.

XIX asyrda ýewropa ylmy jemgyýetçiligini özüniň täze-täze açyşlary bilen, gadymy derýaaralygynyň beýik siwilizasiýalarynyň ýadygärlikleri bilen haýrana goýan hem bolsa, ol açyşlar arheologiýa barlaglaryny söýüjiler tarapyndan amala aşyrylypdyr, olar köplenç sungat eserleriniň, gymmat bahaly zatlaryň yzynda kowalaşyp barlag geçirilýän ýerleri-jaýlary, keramika önümlerini ýykyp ýumrupdyrlar. Göräýmäge gymmatsyz hasaplanan ýadygärlikler bolsa ýok edilipdir. Olarda gazuw-barlag işleri berk arheologiýa usulyýet esasynda alnyp barylmansoň, gadymy ýadygärlikler berk hasaba alynmandyr, olaryň çekilleri, çyzgylary hem çekilmändir.

XX asyrda Derýaaralygynda arheologiýa işleri dowam etdirilýär. Indi ozalkylardan tapawutlylykda gazuw işleri ylmy usulyýet esasynda alnyp barylýar. XX asyryň başynda nemes arheology R.Koldeweýiň ýolbaşçylygynda Bagdaddan 90 km daşlykda ýerleşýän depelerde gazuw-barlag işleri geçirilýär. Netijede gadymy Derýaaralygynyň müňlerçe ýyllaryň dowamynda ykdysady, syýasy we dini-medeni merkezi bolan gadymy Wawilonyň üsti açylýar. Bu ýerde 1898-1917-nji ýyllaryň dowamynda alnyp barylan gazuw-barlaglaryň netijesinde, gadymy şäheriň diwarlarynyň, diňleriň, Wawiloniň iň şöhratly patyşasy Nawuhodonosor II (b. e. öň VII-VI asyr) köşginiň, Marduk hudaýynyň ybadathanasynyň, uly Zikkuratyň üsti açyldy. Köp sanly ýaşaýyş hojalyk jaýlary we ş.m. ýüze çykaryldy. Şeýle hem nemes arheology W.Andre 1903-1914-

nji ýyllarda Aşşurda gazuw barlag işlerini geçirip, ol ýerden patyşa köşkleriniň harabaçylygynyň, Assiriýanyň baş hudaýy Aşşuryň ybadathanasynyň, şäheriň ýaşaýş jaýlarynyň we başgalaryň üstini açdy. Nemes arheologlary (R. Koldeweý we W. Andre) Wawilonyň etegindäki Borsippeden 49 metrlik zikkuratyň galyndysyny we şumerleriň Umma şaheriniň üstini açdylar.

Birinji jahan urşy arheologiýa barlaglaryny geçirolmegini kesen hem bolsa, XX asyryň 20-30-njy ýyllarda barlaglar ýenede geçirilip başlanýar. Fransuz arheologlary A.Parronyň ýolbaşçylygynda 1933-1939-njy ýyllarda Marida gazuw-barlag işlerini geçirilip, ol ýerden b. e. öň II müňýyllyga degişli Mariniň patyşasy Zimrilimiň saldyran ägirt uly köşgini we 20 müňden gowrak tablisaly hojalyk arhiwiniň üstüni açdylar. Ikinji jahan urşundan soň başlan gazuw-barlag işleri 70-nji ýyllaryň ortalaryna çenli geçirilip, ýene-de b. e. öň IV we III müňýyllyklara degişli Iştar hudaýynyň ybadathanasyny, guburhanalary, palçykdan ýasalan tablisalaryň üstüni açdylar.

Iňlis arheology L.Wully 1922-1934-nji ýyllarda Urda geçiren barlaglarynyň netijesinde, b. e. öň IV müňýyllyklardan başlap b. e. öň IV asyra çenli şäheriň taryhyna degişli ýadygärlikleriň üstüni açdy. Ol tapyndylaryň içinde III müňýylygyň ahyrlaryna degişli patyşa Ur-Nammu tarapyndan gurdurylan zikkurat, irki nesilşalyga degişli patyşa guburhanalary, mekdepler, ussahanalar, bazar, ýaşaýyş jaýlary, döwlet we hususy arhiwler bar.

Amerikan arheologlary 1925-1930-njy ýyllarda Arraphede arheologiýa barlag işleri geçirilende b. e. öň II müňýyllyga degişli köşk, ybadathana, hojalyk we ýaşaýyş jaýlarynyň üstüni açdylar. 1930-1936 –njy ýyllarda amerikan alymlary tarapyndan gadymy Eşnunna şäheri açyldy we öwrenildi

Ikinji jahan urşundan soňky ýyllarda Derýaaralygyndaky ýadygärlikleri öwrenmäge daşary ýurtly arheologlar bilen bir hatarda ýerli (Yrakly) alymlar Faut Safar, Taha Bakir we

beýlekiler girişdiler. 50-60-njy ýyllarda Yrakly arheolog Nebi Ýunus Ninewiýadaky uly köşgiň galyndylaryny öwrenip möhüm maglumatlary ýüze çykardy.

XX asyryň ikinji ýarymynda Derýaaralygyndan tapylan ýadygärlikler, eger ozal ýewropalylar ýa-da amerikalylar tarapyndan alnyp gidilen bolsa, indi olar ýerli muzeýlerde ýerleşdirilýär. Olardaky maglumatlar ylmy žurnallarda çap edilip başlanýar. Bagdadda bolsa ýörüte “Sumer”-“Şumer” atly ýörite ylmy žurnal neşir edilip başlanýar. Onda gazuw-barlag işleri, täze tapyndylar barada yzygiderli maglumatlar berilip durulýar.

Arheologlaryň ýadawsyz işleri netijesinde ýüze çykarylan maddy medeniýetiň ýadygärlikleri we ýazgylar Derýaaralygynyň gadymy taryhyny giňişleýin öwrenmäge ýardam etdi. Öňi bilen bellemeli zat gazuw agtaryş işleri netijesinde tapylan müňlerçe şine hatly ýazgylary öwrenmek, terjime etmek boýunça alymlar örän uly işleri amala aşyrdylar. Bu işde XIX asyryň ahyrynda iňlis alymy D.Ž. Smitiň, amerikan alymy S.Krameriň bitiren işleri has ulydyr, olar köp sanly ylmy işleri ýazyp çapdan çykardylar. Häzirki wagtda Derýaaralygynyň gadymy taryhynda syýasy taryh, hukuk, din, medeniýet we etnologiýa meseleleri has giňişleýin öwrenilen meselelerdir.

Emma ýewropaly we amerikaly alymlar Derýaaralygynyň köp müňýyllyk taryhyny hemme tarapdan öwrenen hem bolsalar, ol bu sebitiň durmuş ykdysady gurluşyna az üns beripdirler. Bu mesele bilen esasan rus taryhçylarynyň meşgul bolandygyny bellemek bolar. Bu ugurda ylaýta-da L.M.Dýakonowyň işleri bellenmäge mynasypdyr. **Derýaaralygynyň gadymy taryhynyň esasy döwürleri.** B.e. öňki VII-IV müňýyllyklar Derýaaralygynda urug-taýpa gatnaşyklary dargap, onuň jümmüşinde döwletiň kemala gelmeginiň esasy şertleri ýüze çykýan döwri bolupdyr.

B.e. öň IV müňýyllygyň ahyrlarynda III müňýyllygyň başlarynda sebitiň günortasynda Şumerde ilkinji döwletler döreýär. B.e. öň XXVIII-XXIV asyrlara irki nesilşalygyň döwri diýilýär. Ondan soňra Derýaaralygynyň esasy syýasy merkezi hökmünde Akkad öňe saýlanýar. Ol bütin Derýaaralygyny bir döwlete birleşdirýär. Akkad döwri b.e. öňki XXIV-XXIII asyrlary öz içine alýar. Akkad döwleti gutileriň zarbasy astynda ýykylýar. Gutileriň 100 ýyl çemesi agalygyndan soň Derýaaralygynda, başynda Uruň III nesilşalygynyň wekilleri bolan Şumer-Akkad döwleti ýokary galýar. (b.e. öňki III müňýyllygyň ahyrlary)

B.e. öň II müňýyllygyň başynda Derýaaralygynda birnäçe özbaşdak döwletler ýüze çykýar, olaryň arasynda Wawilon patyşalygy güýçlenip bütin ýurdy özüne birleşdirýär. Wawilonyň taryhyny alymlar dört dowre bölýärler: 1. Gadymy Wawilon ýa-da Amoreýler döwri (b.e. öňki XIX-XVI asyrlar); 2. Orta Wawilon ýa-da kassitler döwri (b.e. öňki XV-XII asyrlar); 3. Wawilonyň dagynyklygy we özbaşdaklyk ugrunda göreş döwri (b.e. öňki XII-VII asyrlar); 4. Täze Wawilon patyşalygy döwri (b.e. öňki VII-VI asyrlar) ýaly döwürlere bölünýär. VI asyryň ikinji ýarymynda Wawilony parslaryň basyp almagy bilen Wawilon patyşalygynyň taryhy tamamlanýar

AKKAD PATYŞALYGY b.e.öň XXIII ASYR




## §9. Derýaaralygy b. e. öň III müňýyllykda. Ilkinji siwilizasiýanyň ýüze çykmagy. Şumer we Akkad döwletleri

**Derýaaralygynda siwilizasiýanyň ýüze çykmagy üçin şertleriň döremegi.** B.e. öň XI-VIII müňýyllykda mezolit zamanynda Tigir we Ýefrat derýalaryna golaý daglarda ýaşan gadymy taýpalarda, mallary eldekileşdirmäge we käbir ösümlikleri ekip ýetişdirmäge synaşyk başlaýar. Ilat derýa boýlarynda ornaşyp başlaýar. Pahsadan gurylan ilkinji jaýlar peýda bolýar. Şol döwrüň oturym ýerlerinden Zawi-Çemi-Şanidar, Mlefaat we ş.m. mälimdir.

Neolit (täze daş asyry) zamanynda ösüş çaltlaşýar. B.e. öň VII müňýyllykda Derýaaralygynyň demirgazyk-gündogar sebitlerinde Jarmo medeniýetine degişli oturym ýerler peýda bolýar. Ol medeniýeti göterijiler arpa, jöwen ekmek, geçi, doňuz ýaly haýwanlary köpeltmek bilen meşgullanypdyrlar. Olar ýaşaýyş jaýlaryny gamyş garylan palçykdan gurupdyrlar. Küýze ýasamagy başarypdyrlar. B.e. öň VII-VI müňýyllyklarda Derýa boýlarynda ekerançylaryň we maldarlaryň obalarynyň sany has köpelipdir.

B.e. öň VI müňýyllyklaryň ortalarynda we 2-nji ýarymynda Derýaaralygynyň demirgazygy oňat özleşdirilýär. Ösüşiň bu basgançygy Hassuan medeniýeti diýlip atlandyrylýar.

Bu döwürde ekerançylyk we maldarçylyk hojalygy doly kemala gelýär. Bugdaý, arpa, kenep ekmek, ownuk hem iri şahly mallary köpeltmek giň gerime eýe bolýar. Ilkinji emeli suwaryş desgalary peýda bolýar. Zähmet gurallary entek daşdan ýasalypdyr. Emma ilkinji metal önümler hem ýüze çykýar. Küýzegärçilik we dokmaçylyk ösýär. Ýörite küýze bişirilýän küreler peýda bolýar. Küýze gaplaryň daşyny bezemek başlanýar.

B.e. öň V müňýyllykda Derýaaralygy halklarynyň durmuşynda täze özgertmeler ýüze çykýar. Bu döwri Halaf medeniýeti diýip atlandyrýarlar. Özgertmeler ilki bilen önümçiligiň dürli pudaklarynda ýüze çykýar. Küýze önümleri iki ýüzünden hem geometriki nagyşlar haýwan şekilleri bilen

bezelýär. Gaplary syrçalamak usuly ulanylyp başlanýar. Daşdan gap-gaçlary ýasamak giň ýaýraýar. Misden ýasalan has iri gurallar – gamalar, deşgiçler peýda bolýar. Goňşy Zakawkazýa ýurtlary bilen gatnaşyk ýola goýulýar.

Neolit zamanynda dini ynançlar hem kemala gelýär. Köp gabat gelýän öküziň şekili-halaf taýpalarynyň oňa mukaddes jandar hökmünde garandyklaryna şaýatlyk etse, aýal şekilleri – hasyl hudaýy, mukaddes enä seždе edendiklerini görkezýär. Guburda dürli zatlary goýmak, jaýlaýyş dessurlarynyň ýüze çykmagy, merhumlaryň dünýäsi baradaky düşünjeleriň döründigini görkezýär.

Dadymy döwürden adamlar Derýaaralygynyň günorta sebitlerini özleşdirip başlaýarlar. Bu sebitde Eredu, Ur, Uruk ýaly ilkinji obalar peýda bolýar. B.e. öň V müňýyllygyň soňky çärýeginde IV müňýyllygyň birinji ýarymynda bu ýerde ubeýd medeniýeti kemala gelýär. Derýaaralygynda ösüşiň täze basgançygy bolan hünärmentçilikde (küýzegärçilik, metal işläp bejermek, dokmaçylyk) uly öňe gidişlikler bolýar. Ilatyň sany köpelýär. Ownuk obalar bilen bir hatarda meýdany 10 gektara ýetýän oturym ýerler peýda bolýar. Uly ymaratlar-ybadathana, serdaryň diwany gurulýar. Şu döwürde hem Derýaaralygynyň günortasynda täze taýpalar – şumerler peýda bolýar.

Derýaaralygynda döwletleriň ýüze çykamgy, şumer siwilizasiýasynyň döredilmegi b.e. öň IV müňýyllygyň ikinji ýarymynda bolup geçýär. Ol döwür urug medeniýeti diýlip atlandyrylýar.

Suwarymly ekerançylyk has giň gerime eýe bolýar. Küýzegärçilik, daş işläp bejermek, zergärçilik özbaşdak hünärlere öwrülýär, netijede ekerançylykdan hünärmentçilik bölünip aýrylýar. Içerki hem daşarky alyş-çalyş öşýär. Goňşy ýurtlardan agaç, metal, gurluşyk materiallary getirilýär. Galla we hünärmentçilik önümleri satmaga äkidilýär. Haryt daşamak üçin arabalar, gaýyklar ulanylýar. Oturym ýerleriň käbirleri has ulalýar. Olar diňe bir hünärmentçilgiň we söwdanyň däl-de

eýsem töwerekdäki obalaryň dolandyryş merkezlerine-de öwrülýär. Şäherler döräp başlaýar. Pikktografiýa – (surat) hatynyň her haýsy dürli düşünjäni aňladýan 2000 sany surat şekilleriniň ýüze çykmagy siwilizasiýanyň döreýiş döwrüni tamamlaýar. Bu döwürden üç sany arhiw saklanyp galypdyr, olaryň ikisi Urukdan, biri bolsa Jemdet-Hasrdan tapylýar.

Önümçiligiň ösmegi adamlaryň durmuşy ýagdaýynyň özgermegine getirýär. Emläk tapawudy we durmuşy deňsizlik çuňlaşýar. Urukdan tapylan piktografiýa ýazgylarynda gulçylygyň ýüze çykandygy barada maglumat berilýär. Durmuşy özgermeler kem-kemden häkimiýet guramalarynyň ýüze çykmagyna alyp barýar. Olaryň arasynda başynda ruhanylar durýan ybadathanalar esasy oruny eýeleýär. Ybadathanalar suwaryş desgalaryny gurmak we abat saklamak işlerini öz elinde jemläpdir.

Şol döwürlerde ýasalan möhürleriň ýüzünde dini däpleri ýerine ýetirýän we önümçilige gözegçilik edýän hökümdar ruhanynyň şekili köp gabat gelýär. Harby esgerleriň ykbalyny çözýän hökümdar serkerdäniň-de şekili duşýar.

Derýaaralgynyň jemgyýetçilik – ykdysady ösüşindäki üstünlikler jemdet-Nasr medeniýeti döwründe b.e. öň IV müňýyllygyň ahyry – III müňýyllygyň başy, has berkeýär. Bu döwürde misden ýasalan gurallar agdyklyk edýär ( palta, byçgy, gama, orak, balyk tutulýan çeňňek we ş.m.). Hat-da bürünç gurallar hem peýda bolýar. Bişen kerpiç ulanylyp başlanýar. Urukda belent sekiniň üstünde kaşaň “Ak ybadathana” gurulýar. Bu döwürde adamlaryň sežde edýän merkezleriniň biri hem Nippur şäheri bolupdyr. Derýaaralygynda hususy eýeçiligiň alamaty bolan möhürler örän köpelýär. Oturym ýerleriň daşynda gorag diwarlary gurulýar. Bu özgerişler olja hem ýesir almak üçin özara uruşlaryň köpelýändigini görkezýär.

**Günorta Derýaaralygy irki nesilşalyklaryň döwründe. (b. e. öň XXVIII-XXIV asyrlar).** B.e. öň III müňýyllygyň

başynda Derýaaralgynyň ähli ýerlerinde diýen ýaly dürli dillerde gürleýän halkyýetler ýaşapdyrlar. Olaryň içinde: günortada şumerler, Tigr-Ýewfrat derýalarynyň orta sebitinde akkadlar, demirgazygynda bolsa subareýler we hurritler aýratyn tapawutlanypdyrlar. Bu ýerlerde uly bolmadyk oturymly obalardan uly şäherler: Aşşur, Mari, Ninewiýa we beýlekiler ýüze çykypdyr. Emma bu döwrüň esasy taryhy wakalary günorta bilen baglanşykly bolýar. B. e. öňki III müňýyllygyň birinji ýarymynda bu ýerlerde onlarça şumer şäher döwletleri: Eredu, Ur, Larsa, Uruk, Lagaş, Umma, Nippur, Kiş we beýlekiler peýda bolup, Derýaaralygynyň taryhynda uly oruna eýe bolýarlar. Bu döwür b. e. öň. XXVIII-XXIV asyrlary öz içine alýar we taryhda irki nesilşalyk döwri diýilip atlandyrylýar.

Suwarymly ekerançylygyň giňelmegi Şumeriň ykdysadyýetiniň çalt ösmegine ýardam edýär. Oba hojalyk gurallary kämilleşýär. Ýer sürülýän kündeler giňden ýaýraýar. Misden ýasalan oraklar peýda bolýar. Hünärmentçilik ösýär. Metal işläp bejermek birinji orna çykýar. Şumer ussalary metaly eredip guýmak, berçinlemek, kebşirlemek usullaryny özleşdiripdirler. Bürünç almagy hem öwrenipdirler. Misden, kümüşden, altyndan bezeg şaýlaryny ýasapdyrlar. Agaç işläp bejermek, gurluşyk işleri giň gerime eýe bolýar. Faýans (ýag çyra) önümçiligi ýola goýulýar.



Şumer aýaly Lagaşdan tapylan daşdan heýkel

Hünärmentçilikden söwda bölünip aýrylýar. Söwdegärler gatlagy ýüze çykýar. Olara tamkarlar diýipdirler. Olar ýurduň içinde dürli önümleri alyş-çalyş etmek bilen meşgullanypdyrlar. Alyş-çalyş serişdesi hökmünde mal we galla hyzmat edipdir. Mis we kümüş bölekleri-de pul hökmünde ulanylypdyr. Söwda

we hünärmentçilik esasan şäherlerde jemlenipdir. Şäherler ulalyp olaryň ilaty köpelýär. Goňşy döwletler bilen söwda ýola goýulýar. Söwda Siriýa, Zakawkazýa, Eýran, Pars aýlagynyň kenarlary bilen alnyp barylýar.

Derýaaralygynda gul eýeçilik gatnaşyklary ýüze çykýar. Gullaryň sany esasan harby ýörüşleriň netijesinde artypdyr. Gullaryň hasaby ýöredilip iş ýerlerine görä toparlara bölünipdir. Şeýlelikde gul zähmeti önümçilikde peýdalanylyp başlanýar. Gyrnaklar esasan hojalyklarda ulanylyp, olar kir ýuwupdyrlar, tikin tikipdirler, nahar bişiripdirler.

Gullar ybadathana we hususy eýeçiliklerde işledilipdir. Gullaryň esasy bölegi ybadathana ýerlerinde ( 100-200 töweregi gul) işledilipdir. Hususy eýeçilikde köplenç 1-3-e çenli, hökümdarlaryň ýerlerinde bolsa onlarça gul işläpdir. Mysal üçin, Lagaş hökümdarlygynda 80-100 müň erkin adama 30 müň gul düşüpdir, Şuruppakda 30-40 müň erkin adama 2-3 müň gul düşüpdir. Gullaryň bahasy 15-den 23 cikleýe- kümüşe çenli bahalanylypdyr ( 1 sikleý – 8 gm).

Gullardan başga-da şumer jemgyýetinde öz ýer paýy bolmadyk elgarama adamlaryň gatlagy hem emele gelipdir. Ilatyň ýarsyndan köpürägini ownuk öndürijiler bolan daýhanlar, hünärmentler düzüpdir. Jemgyýetiň ýokary gatlagyny ruhanylaryň ýokary gatlagy, döwlet gullukçylary, urug begleri düzüpdir. Olaryň hemmesi iri ýer eýeleri bolup, onlarça gullara we günlükçilere eýeçilik edipdirler.

Şumer şäher döwletlerinde ýer iki bölekden düzülipdir. Onuň bir bölegi oba jemagatyna degişli bolupdyr. Jemagat ýeri aýry-aýry maşgalalara paýlanypdyr. Ýer paýyny satmaga ygtyýar berilipdir. Ýeriň ikinji bölegi buthanalara degişli bolupdyr, buthana ýerleriniň bir bölegi ruhanylara berilipdir. Beýleki bölegi ýa kärendä berilipdir ýa-da buthana tarapyndan işlenilip, bejerilip ondan alynýan girdeji buthananyň hajatlaryna sarp edilipdir.

Şumerde jemgyýetiň gatlaklara bölünmegi biln döwlet ýüze çykypdyr. Emma ilki başda ol ilkidurmuş döwrüniň dolandyryş usullarynyň birnäçesini özünde saklapdyr. Irki nesilşalyklar döwründe, şäher döwletleriň başynda "En" diýilip atlandyrylýan ýokary ruhany ýolbaşçylyk edipdir. Onuň wezipesi saýlawly bolup, ol wezipä aýallar hem saýlanyp bilipdir. "En" ruhany wezipesinden başga-da suwaryş desgalarynyň, şäher we buthana gurluşyk işlerine we beýleki jemgyýetçilik işlerine ýolbaşçylyk edipdir

Soňra şumer şäher döwletleriniň başynda durýan hökümdar "Ensi" ýa-da "Lugal" diýilip atlandyrylypdyr. Ensi sözi gurluşykçy-ruhany diýen manyny aňladýar. Ensiniň esasy wezipesi suwaryş desgalarynyň we buthanalarynyň gurluşygyna ýolbaşçylyk etmekden ybarat bolupdyr. Şoňa görä-de onuň şekili içine gurluşyk materiallary salynan sebedi göterip barýan görnüşde çekilipdir. Ondan başga-da "Ensi" dini däpleriň, baýramçylyklaryň geçirilişine, salgyt ýygnalyşyna, zerur bolan halatynda goşuna ýolbaşçylyk edipdir. Şäher döwletlerinde ensi wezipesi hem saýlawly bolupdyr.

"lugal" derejesini has giň häkimiýeti elinde jemlän hökümdarlar göteripdir. Adatça öz şäherinden başga-da birnäçe şäheri özüne tabyn edip, olaryň üstünden hökümdarlygyny berkarar eden "Ensi" – "Lugal" (patyşa) derejesini akbul edipdir. Irki nesilşalyklar döwründe halk ýygnagy dowam edipdir. Onda hökümdarlar saýlanypdyr. Ýygnak käbir sud işlerini-de çözüpdir.

Jemgyýetiň ösemgi bilen halk ýygnagynyň ähmiýeti peselýär. Onuň esasy wezipeleri ýaşulylaryň geňeşiniň ygtyýaryna geçýär. Emma hökümdaryň ykdysady, syýasy hem harby häkimiýeti kem-kemden berkäpdir. Irki nesilşalyklar döwrüniň ahyrynda patyşalyk görnüşindäki häkimiýet gutarnykly kemala gelýär. Indi "Lugal" ýeke-täk hökümdara öwrülýär. Döwlet tarapyndan doly üpjün edilýän mydamalyk goşun hökümdaryň esasy daýanjyna öwrulýär. Şumer

döwletiniň goşuny oňat türgenleşen agyr ýaraglanan we ýeňil ýaraglanan pyýada esgerlerden hem-de söweş arabalaryndan düzülipdir. Goşunyň sany müňlerçe adama ýetipdir.

Irki Şumer şäher döwletleriniň ýeri kiçiräk bolup, adatça bir uly şäherden we onuň töweregindäki obalardan ybarat bolupdyr. Şumerleriň iň gadymy şäheri Eredu hasaplanýar. Ondan başga-da Sippar, Şuruppak şaherleri örän ir ýüze çykypdyr. Döwletler özbaşdak bolupdyr. Özara uruşlar seýrek bolmandyr. Şol uruşlaryň dowamynda ol ýa-da beýleki şäher öňe çykyp agalyk ediji ýagdaýy eýeläpdir.

**Şumer şäher döwleteriniň syýasy taryhy.** Ol ýa-da beýleki şumer şaher-döwletiniň agalyk ediji ýagdaýa eýe bolmagyny nazara alyp b.e. öň III müňýyllygyň birinji ýarymyny üç döwre bölmek bolar.

Birinji döwür (b.e. öň XXVIII-XXVII asyrlar) Kiş şäheriniň ýokary göterilmegi bilen häsiýetlenýär. Ylaýta-da Etananyň hökümdarlyk eden ýyllarynda Kiş kuwwatlanypdyr. Soňraky döwrüň hökümdarlary özlerini “Kişiň lugaly”- patyşasy diýip yglan etmegi uly dereje hasap edipdirler.

Irki nesilşalygyň ikinji döwründe (b.e. öň XXVII-XXVI asyrlar) Kiş gowşaýar. Ondan peýdalanyp Uruk ýokary galýar. Gilgameşiň (Gilgameş şumer we akkad eposlarynyň söýgüli gahrymany) dolandyran döwründe Uruk Kişden üstün çykýar we özbaşdaklygyny gazanýar. Gilgameşiň we onuň oruntutarlarynyň döwründe Urda iň güýçli goşun döredilýär. Urugyň hökümdary Ur-Nanşa Lagaşda b. e. öň XXVI asyrdan başlap öz nesilşalygyny esaslandyrýar. Ol Lagaşy dikeldip, Nippurda we beýleki şäherlerde birnäçe täze ymaratlary bina edýär.



Gilgameş öz ýeňen ýolbarsy bilen

Irki nesilşalygyň üçünji döwri b.e. öň XXV-XXIV asyrlary öz içine alýar. Bu döwür bütin Şumeri birleşdirmeklik meýilleriniň güýçlenmegi bilen häsiýetlenýär. Gazaply özara uruşlaryň dowamynda Ur öňe çykýar. Onuň hökümdarlaryny ylymda Uruň I nesilşäaygynyň wekilleri diýilip atlandyrylýar. Olaryň döwründe patyşa häkimiýeti berkeýär. Ýurduň baş ruhanysy wezipesine hökümdarlyk edýän patyşanyň aýalyny saýlamaklyk düzgüni girizilýär.

Bu döwürde Uruň merhum hökümdarlaryny ägirt uly guburhanalarda jaýlamak däbi ýüze çykýar. Guburda köp mukdarda altyn, kümüş şaýlary, gymmat baha ýaraglary, hat-da baýramçylyk dabaralary üçin niýetlenen bezegli patyşa arabalaryny-da goýupdyrlar.

Urdan soň Lagaş agalyk ediji ýagdaýy eýeleýär. Eanatumyň hökümdarlyk eden döwründe Lagaş Kişiň hemaýatyna daýanyp tutuş Şumeri diýen ýaly boýun egdirýär. Ennatumyň Ummanyň üstünden ýeňişi ýörite ýonylan daşyň ýüzünde şekillendirilipdir. Onda Lagaş esgerleriniň söweş hatary, ýeňilen duşman esgerleriniň jesetleri şekillendirilipdir. Şekiliň astynda söweşde 3600 sany duşman esgeriniň jezalandyrylandygy barada ýazgy ýerleşdirilipdir.

Ummadan tapylan resmi hatda ýaraşyk şertnamanyň şertleri we uruşýan döwletleriň serhediniň geçmeli ýerleri görkezilipdir. Bu resmi ýaraşyk şertnama dünýä taryhynda iň gadymy ýaraşyk şertnamalaryň biri hasaplanýar.

Ennatumyň oruntutarlary Lagaşyň kuwwatyny saklap bilmändirler. Şumerde onuň syýasy täsiri gowşapdyr. Yzygiderli uruşlar köp harajat talap edipdir. Şeýlelikde ykdysadyýet pese düşýär, kalkyň ýagdaýy ýaramazlaşýar, durmuşy garşylyklar barha ýitileşýär.

B. e. öňki XXIV asyrda döwletiň başyndaky “ensi” Lagaşyň baş hudaýynyň ýokary ruhanysy wezipesini alyp öz häkimligini has berkidýär. Döwlet we ruhany häkimliginiň bir adamda jemlenmegi bilen onuň eline bütin buthana hojalyklary

hem berilipdir. Döwlet buthanalara salgyt salypdyr. Buthanalar öz gezeginde garamaýak ilata agram salyp başlaýar. Dürli dini däpleri ýerine ýetirmek üçin alynýan ýygymlar artdyrylýar. Döwlet salgytlary-da köpelýär. Ykdysady taýdan halkyň talanmagynyň üsresine-de emeldarlaryň eden-etdiligi hem has güýjeýär. Netijede Lagaşda çylyşyrymly ýagdaý ýüze çykyp, döwlet agdarylyşygy bolup geçýär. Lugalanda tagtdan agdarylýar. Onuň ornuny Uruinimgina eýeleýär.

Uruinimgina öz dolandyran alty ýylynyň dowamynda (b.e. öň 2318-2312 ýý.) birnäçe özgertmeler geçirýär. Ruhanylar salgytdan boşadylýar. Buthana hojalygynda işleýän adamlara berilýän önüm artdyrylýar. Dini däpleri ýerine ýetirmek üçin buthana tölegleri azaldylýar. Salgytlaryň we borçlaryň birnäçesi ýatyrylýar. Hat-da bergidarçylyk gulçylygy-da çäklendirilendir diýip çak edilýär. Uruinimginanyň özgertmeleri ýazga geçirilipdir we biziň günlerimize çenli saklanypdyr. Ol şeýle mazmunly ýazgylaryň iň ilkinjilerinden biridir.

Durmuşy garşylyklar we özgertmeler döwründe gowşan Lagaşy Ummanyň hökümdary Lugalzaggasy boýun egdirýär. Ol tutuş Şumeri diýen ýaly özüne tabyn etmegi başarypdyr. Emma oňa uzak hökümdarlyk etmek miýesser etmeýär. Demirgazykda dörän kuwwatly Akkad döwleti Şumeri özüne tabyn edýär.

**Derýaaralygy Akkadyň agalygy döwründe (b.e. öň XXIV-XXII asyrlar).** Akkad patyşalygyny esaslandyran Sargon (Şarrum-ken ýagny “hakyky patyşa”) bolupdyr. Gelip çykyşy boýunça ol patyşalar neberesine degişli bolmandyr. Çak edilişine görä ol köşk agdarylyşygy netijesinde tagta çykypdyr.

Sargon goňşy Kiş we beýleki şäherleri özüne tabyn edip “Kişiň Lugaly”, “Ýurtlaryň Lugaly” şeýle hem “Akkadyň Lugaly” diýen ýokary patyşalyk derejesini kabul edýär. Paýtagtyň ady bilen baglanşykly Sargonyň döreden uly döwleti hem Akkad adyny alýar. Ýazgylaryň habar bermegine görä Sargon Şumer şäher-döwletini boýun egdirmek üçin 50 sany

hökümdarlar bilen söweşipdir we olardan üstün çykyp Günorta, Pars aýlagynyň kenarlaryna baryp ýetipdir. Şumer boýun egdirilenden soň ol demirgazyk-günbatar ugra birnäçe ýöriş edip Mari, Ebla we beýleki şäherleri boýun egdirip, Tawr daglaryna çenli baryp ýetipdir. Sargonyň dolandyran soňky ýyllarynda Subartu ýurdy (Derýaaralygynyň demirgazygy) boýun egdirilýär. Elama garşy birnäçe şowly ýörüşler amala aşyrylýar. Sargonyň dolandyran 55 ýylynyň (b.e. öň 2316-2261) dowamynda bütin Derýaaralygy merkezi Akkad şäheri bolan bir butewi Akkad döwletine birleşdirilýär we şol döwrüň iň uly döwletleriniň birine öwrülýär. Merkezleşen döwletiň döredilmegi ykdysadyyetiň ösmegi üçin zerur şertleri döredipdir. Bütin Derýaaralygy möçberinde ýeke täk suwaryş ulgamynyň döredilmegi, ýollaryň, derýa we deňiz duralgalarynyň gurulmagy, döwletde ýeke tak agram ölçeg birlikleriniň girizilmegi ýurtda pul haryt gatnaşyklarynyň ösmegine, deňiz we derýa söwdasynyň giňelmegine ýardam edipdir.

Sargonyň döwründe başynda ýeke-täk hökümdar durýan patyşalyk doly kemala gelýär. Merkezi dolandyryş guramasynda we ýerlerde gulluk edýän emeldarlar topary ýüze çykyp olar hökümdaryň esasy daýanjyna öwrülýärler.

Sargonyň dolandyran ahyrky ýyllarynda boýun egdirilýän şäherleriň özbaşdaklyga ymtylmagy güýçlenýär. Käbir welaýatlar – (Subartu) we şäherler (Wawilon) bölünip aýrylýar.



Naram-Sueniň ýeňişiniň hormtyna galdyrylan heýkelli daş sütin

Sargonyň mirasdary Rimuş Şumeriň urug begleriniň özbaşdaklyga ymtylmak meýillerine garşy aýgytly göreş alyp-barýar. Ol Şumeriň: Umma, Adaba, Lagaş şäherleriniň

topalaňçy häkimlerine garşy aýgytly göreş alyp barýar. Diňe üçünji ýörişden soň birnäçe häkim ýesir alynýar, 1300 adam jezalandyrylýar. Elama garşy iki gezek diýen ýaly harby ýörüş geçirýär.

Rimuş içerki syýasatynda ruhanylaryň goldawyny gazanmak üçin iri buthanalara sowgatlar paýlaýar, ýeňillikler berýär. Emma şeýle-de bolsa, Rimuş köşk adamlarynyň dil düwüşiginiň pidasy bolupdyr. Rimuşyň dogany Maniştuşyň döwründe hem ýurtda birnäçe gezek tolgunşyklar bolupdyr. Maniştuş hem Elama garşy iki gezek harby ýöriş geçirýär. Ýörişleriň biri deňiz üsti bilen geçirilip, Pars aýalagynyň gündogar kenaryna çenli barylypdyr.

Maniştuş buthanalara uly sowgatlary bermek syýasatyny dowam etdirýär. Buthanalaryň käbirlerini salgytdan boşadýar, olara uly möçberde ýer bölüp berýär, buthanalarda işleýän gullaryň sanyny hem artdyrýar. Şol sanda patyşanyň garamagyndaky ekilýän ýerler hem giňeldilýär. Emma bu patyşa hem dildüwişigiň pidasy bolýar.

B.e. öň 2236-2200-nji ýyllarda Akkada tanymal patşa Naram-Suen hökümdarlyk edýär. Ol özüne tabyn şaherlerdäki mirasdar “Ensileri boşadyp” olaryň ornuna öz ogullaryny we ýakyn adamlaryny belleýär. “Ensiler” indi ýönekeý emeldarlara öwrülýärler. Naram-Suen we onuň ogullary ýurdyň dürli şäherlerinde täze buthanalar gurdurýarlar. Patyşa maşgalasynyň agzalary ruhanylyk wezipelerine bellenilýär. Buthanalara baý sowgatlar we ýeňillikler bermek syýasaty dowam etdirilýär. Oňa minnetdar bolan ruhanylar Naram-Sueniň “Akkadyň hudaýy” diýip yglan edilmegine razylyk berýärler.

Naram-Suen işjeň daşary syýasat alyp barypdyr. Ol Ebla ýurduna, Subartua, Elama birnäçe gezek ýöriş edip ýeňiş gazanýar. “Dünýäniň dört künjeginiň patyşasy” diýen derejäni kabul etmegi, onuň şowly daşary syýasatynyň miwesi bolupdyr.

Naram-Sueniň dolandyran soňky ýyllarynda ýurda dagly taýpalaryň çozuşlary bilen baglanşykly kynçylyklar ýüze çykýar. Ozal kuwwatly Akkad şalygy, indi uly kynçylyk bilen kesekileriň çozuşlaryny serpikdirmäge mejbur bolupdyr. Demirgazyk-gündogar tarapdan çozup gelen dagly halklar bolan kutileriň uran zarbasy Akkad döwletiniň ýykylmagyna sebäp bolýar. Basybalyjylar buthanalary ýumrupdyrlar. Şäherleri tozdurypdyrlar. Ilaty talapdyrlar. Müňlerçe adamlar ýesir edilip äkidilipdir. Ilata agyr salgyt salnypdyr.

Kutiler taýpa bileleşiginden ybarat bolup, olaryň başynda saýlawly serdar durupdyr. Jemgyýetçilik ösüşi boýunça olar boýun egdiren halklaryndan has pes derejede bolupdyr. Kutiler öz ýurtlarynda ýaşap, Derýaaralygyny ýerli şumerlerden we akkadlardan bolan dikmeleriň üsti bilen dolandyrypdyrlar.

Şeýle dikmeleriň biri, Lagaşyň häkimi Gudea bolupdyr. B.e. öň XXII asyryň ikinji ýarymynda ol 20 ýyl çemesi ýurdy dolandyrypdyr. Onuň döwründe ýerli hem umumy şumer hudaýlaryna bagyşlanyp birnäçe buthanalar gurlupdyr.

Kutileriň agalygy ýüz ýyl çemesi dowam edýär. Basybalyjylara garşy göreş güýçlenýär. Oňa Ur we Uruk ýolbaşçylyk edipdir. B.e. öň 2109-njy ýylda Kutiler derbi-dagyn edilýär we ýurtdan kowulýar. Derýaaralygynda agalyk etmek Uruň hökümdary Ur-Nammuyň eline geçýär. Ol b.e. öň XXII asyryň ahyryndan XX asyryň başyna çenli dowam eden, başynda Uruň III nesilşalygynyň hökümdarlary duran Şumer-Akkad patyşalygyny esaslandyrýar.

**Uruň III nesilşalygynyň hökümdarlarynyň Şumer-Akkad patyşalygy.** Uruň III nesilşalygynyň hökümdarlygyndaky Şumer-Akkad döwleti 100 ýyl gowrak ýaşaýar. Bu döwürde ýurduň ykdysadyýetinde uly özgerişler bolup geçýär. Weýran bolan suwaryş desgalary dikeldilýär. Täze kanallar gurulýar. Köşge degişli ýerleriň we mallaryň sany artýar. Hünärmentçilik kärhanalarynyň uly topary döredilýär. Buthanalaryň gurluşygy dowam etdirilýär. Ur-

Nammuyň ägirt uly basgançakly minarasy (zikkurat), köşk we patyşalaryň ägirt uly ýerasty guburhanalary gurulýar.

Ýer eýeçiliginde özgerişler bolup geçýär. Ýurdyň esasy ýerleri patyşa degişli bolupdyr. Patyşa ýerli häkimleriň, buthanalaryň we täze basylyp alnan ýerleri özüne alypdyr. Patyşa degişli ýerler üç bölekden düzülipdir. Bir böleginde patyşa öz mülklerini gurnap, ol ýerlerde hakyna tutmalar we elgaramalar. Ýesir düşen harby esgerlerden yarat gullar işläpdirler. Patyşa ýerleriniň beýleki bölegi buthanalara ulanmak üçin berlipdir, üçünji bölegi esgerlere, döwlet emeldarlaryna ulanmaga berlipdir.

Patyşa ýerinden başga-da jemagat ýerleri we hususy ýereýeçilikdäki ýerler bolupdyr. Olar öz möçberi boýunça patyşa ýerlerinden kän kiçi bolupdyr. Derýaaralygynda Uryň III nesilşalygy döwründe döwlet guleýeçilik häsiýetde bolupdyr. Agalyk ediji ýagdaýy ýokarky gatlagyň wekilleri bolan döwlet emeldarlary, şol sanda harbylar, käbir ýerlerde saklanan urug begleri, ruhanylaryň ýokary gatlagy, jemagat ýerleriniň ýokary gatlagy eýeläpdirler. Gulçylygyň esasy çeşmesi uruşlar bolup, ýesir düşenler gulçulyga satylypdyr. B. e. öň III müňýyllygyň ahyrlarynda yzygiderli uruşlaryň dowam etmegi netijesinde ownuk öndürijiler- daýhanlar, hünärmentler emläk deňsizliginyň güýçlenýän döwrüni başdan geçiripdirler.



Altyndan we lazuritdan ýasalan aýal şaý-sepleri.
Şubad patyşanyň tabydyndan çykan tapyndy

Uruň III nesilşalygynyň patyşalary onuň öňüni almak üçin jemagat ýerlerini satmagy, satyn almagy gadagan edipdirler. Emma ol başga görnüşde, sowgat bermek görnüşinde dowam edipdir. Jaýlary we bagçylygy satmak bolsa asla gadagan

edilmändir. Ýurtda bergidarçylyk gulçylygy-da dowam edipdir. Guluň bahasy gymmat bolmandyr. Adatça 9-10 şeýkel kümüşe bir gul satyn almak bolupdyr. Gul-gyrnak bolsa erkeklerden iki esse arzan bolupdyr. Gul zähmeti öý hojalygynda we önümçiligiň dürli pudaklarynda ulanylypdyr. Taryhy maglumatlaryň berýän habaryna görä garyplaryň çagalary gulçylyga stylypdyr, esasan hem gyzlary satypdyrlar. Gullaryň ýagdaýy aýratyn hem merkezleşdirilen hojalyklarda agyr bolupdyr. Olara her günki azyklary ýörüte adamlaryň gözegçiliginde paýlanyp berilipdir. Gul gyrnaklaryň ýagdaýý has hem agyr bolupdyr, olar patyşanyň ussahanalarynda mata dokapdyrlar, ýüplik egripdirler, un üwäpdirler, piwo bişiripdirler. Urda geçirilen barlaglarda dokmaçylyk ussahanasynyň üsti açylýar, onda 165 aýal we çaga işläpdir. Hususy eýeçilikde işleýän gullaryň ýagdaý birneme ýeňil bolupdyr. Olar azowlak goş, maşgala edinip bilipdir, özüni satyn alyp erkinlige çykyp bilipdir, käbir meseleler bilen kazyýete ýüz tutup bilipdir. Őz tiredeşlerini başga ýerlere satmaklyk hem gadagan edilipdir. Şeýle-de bolsa, jemgyýetde esasy öndürijiler erkin adamlardan, daýhanlardan, kärendeçilerden, hünärmentlerden we ş.m. düzülipdir.

Uruň III nesilşalygy döwründe döwlet despotiýa häsiýetine eýe bolupdyr, ýagny patyşa çäklendirilmedik häkimiýete eýe bolupdyr. Patyşalar Uruň patyşasy Akkadyň we Şumeriň patyşasy, käte dünýäniň dört künjeginiň patyşasy diýen derejäni göteripdirler. Patyşanyň şahsyýeti hudaýlaşdyrylýar. Onuň mukaddesligi ykrar edilýär. Şulginiň dolandyran döwründen başlap (b.e. öň 2093-2047) patyşalara-da hudaýlar ýaly sežde etmek däbi girizilýär. Ruhanylar patyşa doly garaşly edilipdir.

Patyşa ýurdy emeldarlardan ybarat dolandyryş guramasynyň kömegi bilen dolandyrypdyr. Ol ýerli mirasdar han begleriň häkimiýetini hem doly ýatyrypdyr. Ýurt birsydyrgyn etraplara bölünip, olaryň başyna patyşa tarapyndan bellenen häkimler otrupdyr. Patyşa kazyýety döredilýär.

Kazyýetyň wezipesini häkimler, emeldarlar, ruhanylar ýerine ýetiripdir. Oba jemagatynda jemagat kazyýetleri hereket edipdir. Kazylyk işleri üçin patyşa Şulginiň kanunlary işlenip düzülipdir. Ol taryhda iň gadymy kanunlar ýygyndysynyň biri hasaplanylýar. Döwlet goşuny gulluk edeni üçin ýer paýy berilýän esgerlerden düzülipdir. Hakynatutma goşun hem döredilipdir.

Uruň III nesilşalygynyň daşary syýasaty aýratyn işjeň bolmandyr. Daşary ýurtlara käte harby ýörişler edilenem bolsa, döwletiň esasy aladasy ýurduň içki agzybirligini saklamak we goramak bolupdyr. Şonuň üçin şu döwürde Derýaaralygyna günbatardan çarwa semitleriň amoreý taýpalarynyň çozuşynyň öňüni almak üçin ýörüte berkitmeler gurulýar. Gündogarda kutileriň we elamlylaryň çozuşlaryndan goranmak üçin hem galalar gurlupdyr.

Emma amoreýleriň zor salmagy gitdigiçe güýçlenýär. Olar günbatardan galany aýlanyp Derýaaralygyny kesip geçip, indi gündogar tarapdan hem çozupdyrlar. Ýurdyň günortasynda Larsada amoreýleriň serdarlarynyň biri tarapyndan garaşsyz patyşalyk döredilýär. Has amatly ýerde ýerleşen Issin hem Urdan bölünip aýrylýar we öz nesilşalygyny esaslandyrýar. Demirgazyk-gündogarda Şumer-Akkad patyşalygyndan Eşnunna bölünip aýrylýar. Ýurt gowşaýar, netijede bütewi Şumer-Akkad döwleti birnäçe özbaşdak hanlyklara bölünýär.

Ura iň soňky aýgytly zarbany elamlylar urýar. Olar şäheri eýeläp, patyşany ýesir alýarlar. Şeýlelik bilen, Şumer-Akkad patyşalygy b.e. öň III-II müňýyllyklaryň sepgidinde gutarnykly ýykylýar.

## §10. Derýaaralygy b. e. öň II müňýyllykda. Wawilonyň ýokary galmagy

**Gadymy Wawilon patyşalygy döwründe Wawilonyň ýokary göterilmegi (b. e. öň XIX- XVI asyr)** Çarwa

amoreýler tarapyndan köp sanly şumer-akkad şäherleriniň ýumrulmagy we olaryň Derýaaralygyna ýaýramagy bilen döwlet ýykylýar. Günortada Larsa ondan birneme demirgazykda Issin, özbaşdaklygyny alýarlar. Derýaaralygynyň demirgazyk böleginde Mari, Aşşur, Eşnunna ýaly özbaşdak döwletler hem emele gelýär. Bu döwletleriň başynda öz esgerlerine daýanýan amoreý serdarlaryndan bolan hökümdarlar durupdyr.

B.e. öň XX-XIX asyrlarda ol döwletler surnukdyryjy özara uruşlary alyp barypdyr. Şeýle ýagdaýda Wawilon (Bab ýa-da "Hudaýyň derwezesi") şäheri özbaşdaklygyny alýar we ýokary göterilip başlaýar. Onuň başynda Wawilon – Amoreý hökümdarlarynyň I nesilşalygynyň wekilleri durupdyr. Ol döwre gadymy Wawilon patyşalygynyň döwri (b.e. öň 1894-1595) diýilýär.

Özara uruşlar netijesinde Derýaaralygyndaky döwletler gowşaýar. Ondan peýdalanyp Elam ýurduň günortasyndaky şäherlere çozýar. Larsa, Uruk, Issin, Nippur ş.m. şäherler özbaşdaklygyny ýitirýär we Elamyň golastyna düşýärler. Şeýle ýagdaýda Wawilonyň ähmiýeti we abraýy artyp başlaýar. Onuň Tigr hem Ýewfrat derýalarynyň biri-birine golaýlaşýan ýerinde ýerleşmegi goranmaga-da, hüjüm etmäge-de örän amatly ýer bolupdyr. Iň möhüm guryýer we suw söwda ýollary-da onuň üstünden geçipdir. Bu artykmaçlyklar Wawilonyň tiz wagtda bütin Derýaaralygynyň merkezine öwrülmegine ýardam edipdir.

Wawilonyň gülläp ösen döwri Hammurapiniň (b.e. öň 1792-1750) patyşalyk eden wagtyna gabat gelýär. Ol öňden görüji syýasatçy, ukyply serkerde, mekir diplomat we akyldar kanunçy, edenli guramaçy hökmünde özüni tanadypdyr.

Hammurapi goňşylaryna garşy uruş alyp baranda olaryň özara oňşuksyzlyklaryndan oňat peýdalanypdyr. Ol günortadaky şäherler bilen ylalaşyk baglaşýar. Demirgazykda Mariniň hökümdary Zimrilim bilen dostlukly aragatnaşyk edip

güýçli şäher Eşnunnany derbi-dagyn edýär. Soňra ol Larsa zarba uryp ony boýun egdirýär. Indi Derýaaralygynda iki döwlet: Wawilon hem Mari galýar. Mari Derýaaralygynyň demirgazygynda güýçli döwlet hökmünde tanalypdyr. Ol Siriýa-Derýaaralygy sähralarynda ýerleşen birnäçe taýpalary özüne birleşdirýär. Ortaýer deňziniň gündogar kenarlaryndaky Bibl, Ugarit, Karkemiş, Ýamhad we ş.m. döwletler bilen giň söwda gatnaşyklaryny alyp barýar. Zimrilimiň hökümdarlyk eden ýyllarynda Maride dürli şekiller we heýkeller bilen bezelen 300 töweregi ýaşaýyş, hojalyk we medeni ähmiýetli otaglardan ybarat uly köşk gurylýar. Onda köp dürli reňk bilen bezelen şekiller, heýkeller, hammamlar, hapa suw akar ýaly suw geçirijiler, daşary ýurtly ilçiler we çaparlar üçin ýörüte otaglar bar. Öz döwründe bu köşk dünýäniň hakyky täsinlikleriniň biri bolup, ony Ugarytdan, Ýamhatdan, Wawilondan gelip geň görüpdirler.

Emma Wawilon has kuwwatly döwlete öwrülipdi. Hammurapi Zimrilim bilen dostluk gatnaşygyny kesip onuň üstüne ýöriş edýär. B.e. öň 1759-njy ýylda ol Marini basyp alýar we özüne tabyn edýär. Şondan soň Aşşur, Ninewiýa ýaly şäherler-de Hammurapiniň agalygyny ykrar etmäge mejbur bolýar. Hammurapi öz dolandyran 35 ýylynyň dowamynda bütin Derýaaralygyny birleşdirip uly Wawilon döwletini döredýär. Onuň paýtagt şäheri Wawilon diňe bir dolandyryş merkezi bolman, eýsem ýurdyň iň uly ykdysady, syýasy hem medeni merkezine öwrülýär.

Köpsanly boýun egdirilen welaýatlardan düzülen Wawilon döwleti başdaky üstünliklerine garamazdan berk bolmandyr. Içerki garşylyklaryň ýitileşmegi hem-de daşarky syýasy gatnaşyklardaky kynçylyklar Hammurapiniň ogly Samsuilunyň (b.e. öň 1749-1712) döwründe ýüze çykyp başlaýar. Bu patyşa öz abraýyny saklamak üçin zikkurat gurupdyr, bezelen buthanalary salypdyr, olarda altyndan hudaýlar üçin tagt ýasadypdyr, täze kanallary geçirdipdir. Emma ýurduň günorta

sebitlerini elamlylar tozduryp, şumer şäherlerini bir-birden basyp alýar. Sipparda gozgalaň turýar. Issin bölünip aýrylýar. Bu döwürde Wawiloniň daşary syýasaty hem şowly bolmandyr. Kassit taýpalarynyň çozuşlary has ýygjamlaşýar. Ýurduň demirgazyk günbatarynda hurrit taýpalary ornaşýarlar. Täze dörän Mitanni döwleti hem Kiçi Aziýa gidýän esasy söwda ýollaryny öz eline alýar, şeýlylik bilen Wawilonyň daşary söwdasyna, şol sanda onuň ykdysadyýetine uly zelel ýetirýär.

B.e. öň 1595-nji ýylda Hettleriň Wawilony eýelemegi bilen, Wawilon nesilşalygynyň 300 ýyllyk Gadymy patyşalyk döwri hem tamam bolýar.

**Hammurapiniň kanunlary, Wawilonyň durmuş-ykdysady we syýasy gurluşy.** Hammurapiniň patyşalyk eden döwründe Wawilon döwletiniň jemgyýetçilik, syýasy we ykdysady gurluşy barada, bu patyşanyň saklanyp galan kanunlar ýygyndysy, ýerli häkimler bilen ýazyşan hatlary b. e. öňki XVIII asyr Wawilon jemgyýetiniň köp taraplaýyn durmuşynyň taryhynyň iň ygtybarly çeşmeleri bolup durýar. Kanunlar ýygyndysynyň çykarylmagy Hammurapiniň ägirt uly döwletini jebisleşdirmäge gönükdirlen möhüm çäre bolupdyr. Kanunlar ýygyndysy üç bölekden, girişden, 282 maddadan hem-de netijeden ybarat düzülipdir.

Taryhy çeşmelere görä Hammurapiniň döwründe ýurduň ykdysadyýeti suwarymly ekerançylyga, bagçylyga, maldarçylyga dürli görnüşdäki hünärmentçilige we içerki hem-de daşarky söwda esaslanypdyr.

Bu döwürde ekilýän meýdanlaryň mukdary artýar. Ekinleriň hasyllylygy ýokarlanýar. Köp girdeji berýän bagçylyk hojalygy gülläp ösýär. Ykdysady ösüş suwaryş ulgamynyň kämilleşdirilmegine bagly bolupdyr. Suwaryş desgalaryny gurmaga we abat saklamaga döwlet örän uly ähmiýet beripdir. Bu işe örän köp adamlar çekilipdir. Hammurapiniň kanunlarynda suwaryş ýaplaryny abat saklamak, olaryň zaýalanmagyna sebäp bolan adamlary jenaýata çekmek barada

ýörite 4 sany madda girizilipdir. Patşa Hammurapi örän uly kanal gurdurypdyr. Oňa “Halkyň baýlygy”, “Şumere we Akkada bol suw getirýän”, “Hammurapiniň derýasy” diýip at beripdirler.

Maldarçylyk giň gerime eýe bolýar. Kanunlarda iri hem ownuk mallaryň sürileri, çopanlaryň borçlary, iş mallaryny kreýne bermek we ş.m. barada birnäçe ýerde ýatlanylýar.

Hünärmentçiligiň örän dürli-dürli pudaklary dowam edipdir. Jaý guryjylar, gämi, agaç ussalary, daş ýonujylar, tikinçiler, dokmaçylar bilen bir hatarda tebipler, mal tebipleri, sertaraçlar hem hünärmenleriň hataryna goşulypdyr. Hammurapiniň kanunlarynda hünärmenleriň zähmetine hak tölemek, önümiň hiline, hünärmeniň jogapkärçiligi barada hem birnäçe maddalar girizilipdir. Kanunlaryň 229-njy maddasynda “Eger ussa bir adama jaý gurup berse, onuň guran jaýy ýykylsa we öý eýesini heläk etse ol ussa jezalandyrylmalydyr” diýilip ýazylypdyr. Lukmanlaryň zähmet haky (218 madda) hem lukmanyň müşderisiniň haýsy gatlaga degişliligine bagly bolupdyr, şoňa görä hem işiň nyrhy ýokarlandyrylypdyr ýa-da aşakladylypdyr. Eger erkin adama edilen operasiýa şowsuz bolsa, onda lukmanyň goşaryndan kesilmelidir diýilipdir.

Söwdanyň ösmegi Wawilon döwletiniň dürli sebitleriniň ykdysady taýdan jebisleşmegine ýardam edipdir. Söwda ýollaryna döwlet gözegçilik edipdir. Daşary söwda ösýär. Wawilondan hurma, künji ýagy, ýüň hünärmentçilik önümleri äkidilipdir. Ýurda getirilýän önümler gurluşyk daşlaryndan, agaçlardan we bezeg önümlerinden ybarat bolupdyr.

Söwda işlerine döwlet gözegçilik edipdir. Oňa döwlet tarapyndan bellenilýän tamkarlar diýip atlandyrylýan emeldarlar ýolbaşçylyk edipdirler. Tamkarlar esasan döwlet harytlarynyň we öz hususy harytlarynyň lomaý söwdasyny amala aşyrypdyrlar. Bölek satuw işlerini ownuk söwdagärler ýerine ýetiripdir. Wawilon, Nippur, Sippur, Larsa, Ur şäherleri möhüm söwda merkezleri bolupdyr.

Hammurapiniň döwründe Wawilon jemgyýeti birnäçe durmuşy gatlaklardan ybarat bolupdyr. Hammurapiniň kanunlarynda doly hukukly erkin raýatlara “Awilum”- “adam” diýilipdir. Ol topara emeldarlar, ruhanylar, hünärmenler, daýhanlar giripdir. Kanunlar bu gatlagyň emlägini we hukuklaryny gorapdyr. Onda süýthorçylyk çäklendirilýär. Algydaryň bergidar barada özbaşdak jeza çäresi gadagan edilýär. Girewe goýulan adamlara ezýet berene ölüm jezasy buýrulýar. Bergidarçylyk gulçylygy çäklendirilýär.

Erkin raýatlardan başga-da Wawilon jemgyýetinde “muşkenum” diýip atlandyrylýan durmuşy topar bolupdyr. “Muşkenum” sözi “baş egýän”, “tagzym edýän” diýen manyny aňladýar. Müşkenumlaryň öz hususy ýeri bolmandyr. Olar patyşa hojalygynda zähmet çekipdirler. Hukuk taýdan olar awilumlara garanda pes derejede bolupdyr. Şol bir jenaýat üçin awilum jerime tölemek bilen çäklense, muşkenum has agyr jeza sezewar edilipdir. Kanun boýunça awilum urup biriniň elini döwse oňa jerime salnypdyr. Emma muşkenum biriniň elini döwse özüniň hem elini döwmeli diýlipdir. Muşkenumlar hukuk taýdan çäklendirilse-de olar öý, emläk, hat-da gul edinmäge-de ygtyýarly bolupdyr. Muşkenumlaryň emläk hukugy we emlägi kanun tarapyndan goralypdyr.

Wawilon jemgyýetinde gulçulyk dowam edipdir. Gula “wardum” diýilipdir. Gulçulygyň çeşmeleri uruşlar, bergidarçylyk, käbir jenaýatkärleri gula öwürmek we ş.m. bolupdyr. Gullar köşk, buthana we hususy hojalyklarda işledilipdir. Hammurapiniň kanunlarynda gul hojaýynyň emlägi hasap edilipdir. Eger biri başga biriniň guluna şikes ýetirse ýa-da öldürse günäkär guluň bahasyny tölemek bilen çäklenipdir. Gullary satypdyrlar, sowgat beripdirler, mirasa geçiripdirler, kreýne beripdirler.

Şol bir wagtyň özünde Wawilonda gulçulygyň käbir aýratynlyklary-da bolupdyr. Gula az owlak emläk edinmäge

ygtyýar berilipdir. Guluň erkin adam bilen nikasy ykrar edilipdir. Şeýle nikadan bolan çagalar erkin hasap edilipdir.

Wawilonda maşgala patriarhal häsiýete eýe bolupdyr. Nika özara ylalaşyk esasynda baglaşylyp, öýlenýän galyň töläpdir. Gelin bolsa atasy öýünden emläk getiripdir. Aýal öz atasy öýünden getiren we adamsynyň sowgat beren emlägine doly ygtyýar edip bilipdir. Hammurapiniň kanunlary aýalyň namysyny, abraýyny we saglygyny gorapdyr. Emma şol bir wagtyň özünde ärine ýaramaz garaýan, maşgala emlägini biderek sowurýan aýala kanunlarda jeza bermek göz öňünde tutulypdyr. Biwepalyk eden aýala ölüm jezasy berilipdir. Nikany bozmak-aýrylyşmak, dul galan aýalyň ikinji gezek durmuşa çykmasy gadagan edilmese-de mazaly çäklendirilipdir. Çagalaryň oglan ýa-da gyzdygyna garamazdan ählisine atalarynyň mirasyndan paý berilipdir. Miras paýlaşylanda oglan çaganyň paýy artygrak bolupdyr.

Wawilon döwleti gutarnykly patyşalyk häsiýetine eýe bolupdyr. Döwlet başynda patyşa durup, ol kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, kazylyk we dini häkimiýeti elinde saklaýan ýeke-täk, çäklendirilmedik hökümdara öwrülipdir. Patyşa örän giň ekilýän ýerlere eýeçilik edipdir. Patyşa ýerleriniň bir bölegi kärendä berilidir. Beýleki bölegi emeldarlara, esgerlere, muşkenumlara gullugy ýa-da hyzmaty üçin hak hökmünde paýlanypdyr. Bu döwürde kazyýet guramasy kemala gelipdir. Onda patyşa kazyýeti esasy orun tutup, ol ozalky buthana kazyýetini gysyp çykarypdyr. Emma käbir ýerli jedelleri çözmek jemagat, oba kazyýetleriniň ygtyýarynda galypdyr.

Salgyt-maliýe gullugy salgyt ýygnama bilen meşgullanypdyr. Salgyt önüm ýa-da kümüş görnüşinde ýygnalypdyr.

Patyşa häkimiýetiniň esasy daýanjy goşun bolup, ol agyr ýaraglanan redum we ýeňil ýaraglanan bairum esgerlerden düzülipdir. Olaryň hukugy Hammurapiniň kanunlarynyň 16-njy maddasynda kesgitlenipdir. Esgere gullugy üçin döwletden ýer

paýy berilipdir. Kanunlar esgeri serkerdeleriň eden-etdiliginden gorapdyr. Kähalatda ýesir düşen esger döwletiň serişdesine satyn alnypdyr, onuň maşgalasyna hemaýat edilipdir. Esger gulluk etmäge borçly bolup, ondan boýun towlasa jezalandyrylypdyr.

Paýtagtda ýerleşen, patyşanyň garamagyndaky merkezi dolandyryş guramasy ýurdy dolandyrypdyr. Merkezi guramanyň wekilleri ýerli guramalar bilen ýakyn aragatnaşykda işläpdirler. Döwlet edarasynda parahorlyga, ýaltalyga, bitertiplige garşy berk çäreler amala aşyrylypdyr.

Merkezleşen döwletiň döremegi we Wawilonyň ýokary göterilmegi dini ynanja hem öz täsirini ýetiripdir. Ilki başda diňe Wawilon şäheriniň hudaýy hasap edilen Marduk ýurdyň baş hudaýy diýilip yglan edilýär. Älemi, dünýäni, adamlary ýaradan, hudaýlaryň patyşasy hökmünde Marduk barada dini rowaýatlar döredilýär.

**Wawilon kassitlerden bolan patyşalar neberesiniň dolandyran döwründe.** Kassitler Zagros daglary sebitinde ýaşaýan taýpalaryň biri bolup, Hammurapiniň dolandyran döwründen soň Derýaaralygynyň çäklerinde peýda bolýarlar. B.e. öňki 1742-nji ýylda kassitleriň serdary Gandaş Derýaaralygyna ýöriş edýär we özüni Wawilonyň patyşasy diýip yglan edýär. Emma hakykat ýüzünde kassitler diňe b.e. öňki 1595-nji ýylda Derýaaralygynda öz häkimligini doly berkarar edipdirler. Kassitlerden bolan patyşalar neberesi Derýaaralygynda b.e. öňki 1155-nji ýyla çenli dolandyrýar. Bu döwür orta Wawilon döwri diýilip atlandyrylýar. Olar bütin aşaky Derýaaralygyny eýeläp, özlerini dünýäniň dört tarapynyň patyşasy diýip atlandyrypdyrlar. Emma olaryň häkimligi diňe Wawilona we Kaşşu (kassitleriň öz ýurdy) ýerlerine ýaýrapdyr.

Kassitler döwründe harby işde we hojalykda atlary we gatyrlary ulanmak giň ýaýraýar. Oba hojalyk gurallarynyň täze görnüşleri peýda bolýar. Ýol gurluşygyna üns berilmegi

söwdanyň ösmegine itergi berýär. Emma muňa garamazdan bu döwürde hojalyk durgunlyk häsiýetine eýe bolupdyr.

Kassitler Wawilonyň ösen medeniýetini kabul edipdirler. Olar öz hudaýlaryny ýerli hudaýlara kybapdaş hasap edipdirler. Wawilon dini dessurlaryny kabul edýärler. Mysal üçin, kassit hökümdary Agum II b. e. öň XVI asyrda hettleriň Wawilony eýelände alyp giden Marduk hudaýynyň we onuň aýaly Sarpanitiň heýkelini gaýtaryp beripdirler. Wawilon hudaýlaryna bagyşlap buthanalary gurdurmak, olary täzelemek işini geçiripdirler. B. e. öň XV asyrda Urukda buthana salypdyrlar. XIV asyrda Ur şäherinde gurlan zikkuratda we budhanada bejeriş işlerini geçirýärler.

Kassitler döwründe ýurduň merkezleşmegi belli bir derejede gowşaýar. Wawilonyň dürli welaýatlaryny dolandyrýan kassit serdarlary köp meseleleri özbaşdak çözüpdirler we özbaşdak hereket edipdirler. Uly şäherleriň birnäçesi (Wawilon. Nippur, Sippar) özbaşdaklygyny alypdyrlar. Olar diňe bir döwlete salgytlardan we töleglerden boşadylman, eýsem özbaşdak goşun bölümlerini-de saklapdyrlar.

Kassit patyşalarynyň daşary syýasaty hem güýçli derejede alnyp barylmandyr. Bu döwürde Müsür, Hett we Mitanni ýaly güýçli döwletler agalyk etmek ugrunda gazaply özara uruşlary alyp barypdyrlar. Wawilon ikinji derejeli ýurt hasap edilipdir. Müsür ýazgylarynda Wawilon Müsüriň kuwwatyny ykrar edýär, oňa hormat goýýar we sowgatlar iberýär diýilip habar berilýär. Müsür bilen aragatnaşygy berkitmek üçin, kassit patyşalary öz gyzlaryny Müsür faraonlaryna durmuşa çykarypdyrlar. Emma haçanda kassitler Müsür patyşasynyň gyzyny dilänlerinde bolsa, olar gyzlaryny daşary ýurda durmuşa çykarylmyýandygyny aýdypdyrlar. Tell Amarn arhiwinden alynan hatyň mazmunyna görä, Müsür bilen Wawiloniň arasynda biri-birine kömek bermek barada

“dostluk”, “doganlyk” ylalaşygy baglaşylypdyr diýip çak etmek bolar.

Ehnatonyň özgertmeleri döwründe Müsür wagtlaýynça öňki kuwwatyny ýitirýär, ondan peýdalanan wawilion hökümdary, müsür faraonyndan närazydygyny duýduryp hat ýollapdyr. B. e. öň XIV asyryň ortalarynda patyşa Burna-Burnaşa II gaharlanyp ýazan hatynda, müsür faraonynyň onuň surkawlap ýatanynda hiç hili üns bermänligini, müsür köşgüne barmaly patyşa gyzynyň yzyndan gelenleriň juda azlygyny, iberilen halat-serpaýlaryň aýratyn hem gyzl zatlaryň azlygy barada ýazypdyr. Hatda “Egerde ataň ýaly sahylyk edip bilmeýän bolsaň, onda onuň iberýän zatlarynyň ýarysyny bir iber” diýip, Ehnatona ýazypdyr. Wawilon aýratyn hem Müsürde Assiriýa ilçileriniň Kabul edişliginden närazy bolupdyr, sebäbi Wawilon Assiriýany özüne tabyn döwlet hasaplapdyr. Şondan soň Wawilon Müsürden daşlaşýar hem-de Müsüriň garşydaşlary bolan Hett we Mitanni döwletleri bilen ýakynlaşýar. Wawilon Mitanniniň Ortaýer deňziniň gündogar kenarlaryna balan dawasyny goldaýar, hett patyşasyna Burna-Burnaşa II gyzyny durmuşa çykarýar. Emma hettler Wawilony özi bilen deň derejeli döwlet hasap etmändirler. Wawilon patyşasynyň Hett patyşasy Hattusili III ýazan hatynda “Sen bize ýazan hatyňy
dogana ýazan ýaly ýazman, eýsem bize öz guluňyz hökmünde buýurýarsyňyz” diýip, gahar bilen ýazypdyr. B.e. öň XIII asyrda Assiriýa ýokary göterilýär. Ol Wawilona birnäçe gezek güýçli zarba urýar. Emma hettler Müsür bilen uruş alyp baran soň, Wawilonyň Assiriýa bilen alyp baran uruşlarynda degerli kömek bermändir.

Assirirýa, Elam we ýerli hökümdarlar bilen alnyp barylan uruşlaryň netijesinde, b.e. öň XII asyryň ortalarynda kassit hökümdarlarynyň agalygy ýykylýar. Ýöne bu döwre çenli kassitler wawilonlylar bilen doly goşulyşyp garyşypdyrlar.

**Mitanni döwletiniň döremegi, gülläp ösmegi we ýykylmagy**. Gadymy Mitanni döwleti b.e. öň XVI asyrda döreýär. Ol Derýaaralygynyň demirgazyk-günbatar sebitlerinde ýerleşipdir. Onuň paýtagty Waşşukanni şäheri bolupdyr. Onuň ilatynyň esasy bölegini semit dilli amoreýler bilen garyşan hurritler düzüpdir. Saklanyp galan käbir atlar we adalgalar bu ýerde haýsydyr bir hindi-ýewropaly taýpalaryň hem bolandygyna şaýatlyk edýär. Hurritler taýpasy b. e. öňki XVIII asyryň ikinji ýarymynda XVII asyryň başlarynda Siriýanyň-Palestinanyň ýokarky bölegine, Ýokarky Derýaaralygynyň, Kiçi Aziýanyň Guňorta-Gündogar ýerlerine eýelik edipdirler.

Bu döwürde amoreýlerden bölünip alnan Hurri-Hanigalbat ýokarky Derýaaralygynda hurritleriň iň uly döwleti bolupdyr. B. e. öňki XVII asyryň ortalarynda XVI asyryň başlarynda Gadymy Hett patyşalygy bilen alnyp barylan surnukdyryjy uruşlaryň netjesinde taraplaryň ikisi hem gowşapdyr. Bu döwürde Ermeni daglarynyň günorta serbitlerinde ýaşap ýören hindi-ariý taýpasyndan bolan “manda”, syýasy ýagdaýdan peýdalanyp Hurri-Hanigalbatda häkimligi basyp alýar. Şonuň netijesinde bolsa Mitanni döwleti (1560-1260 ýý.) emele gelýär. B. e. öňki 1500-nji ýyllaryň töwereginde Mitanni döwletiniň düýp ýerleri, bütin Ýokarky Derýaaralygy, Ýewfrat we Tigr derýalarynyň orta gürpündäki jülgeler, hurritleriň iň iri merkezi bolan Ninewiýa şäheri bir döwletiň düzümine birleşdirilýär.

Mitanni söwda ýollarynyň çatrygynda amatly ýerde ýerleşipdir. Şonuň üçin ol Ortaýer deňzi sebitindäki ýurtlaryň söwda gatnaşyklaryna işjeň goşulypdyr. Onuň tebigy şertleri düme ekerançylygy we maldarçylygy ösdürmek üçin amatly bolupdyr. Mitannide atçylyga aýratyn üns berlip ol köpeldilipdir. Hat-da atçylyk barada ýörite kitap ýazylypdyr. Onuň ýazary Hett patyşasynyň öňki atbakary Kikkuly bolupdyr.

Derýaaralygynyň demirgazygynda dürli metallaryň, daşyň we agajyň köp bolmagy hünärmentçilgiň ösmegine ýardam edipdir. Mitanni patyşalygynyň jemgyýetçilik durmuşy barada maglumat azdyr. Bar bolan maglumatlara görä ýurduň ykdysadyýetinde köşk we buthana hojalyklary uly orun tutupdyr. Patyşa hojalygy has uly bolupdyr, ýazgylarda ýüzlerçe iri we ownuk şahly mallaryň, ekerançyklyk ýerleriniň we bagçylygyň, tokaýyň pattyşa maşgalasyna degişlidigi ýatlanylýar. Patyşa hojalygynda gullar we erkin çopanlar, zähmet borçlaryna çekilen hünärmenler we ekerançylar işläpdirler.

Mitanni jemgyýetiniň durmuşy gurluşynda dürli görnüşdäki oba, öý- maşgala jemagatlary uly ähmiýete eýe bolupdyr. Döwletiň başynda patyşa durupdyr. Ýokary häkimiýet patyşa we “sinagil” diýip atlandyrylýan patyşadan soň ikinji adam bolan serkerdebaşy-tagt myrasdary şazada tarapyndan amala aşyrylypdyr. Ýerlerde “obalaryň başlyklary” dolandyryşy amala aşyrypdyrlar. Mitanni döwletiniň daýanjy onuň güýçli goşuny bolupdyr. Goşun agyr hem ýeňil ýaraglanan pyýada esgerlerden we ata tirkelýän söweş arabalaryndan düzülipdir. Mitanniler söweş arabalaryny ussatlyk bilen ulanmagy başarypdyrlar. Olaryň bu sungatyny hettler we assiriýalylar hem kabul edip alypdyrlar.

Mitanni döwletinde gulçylyk giň gerim alypdyr. Gullar esasan ýesir alnan adamlardan şeýle-de bergidar adamlardan bolupdyr. Karzyna alynan islendik zat üçin maşgala başy, maşgala agzasynyň birini hojaýyna karzyny we göterimni üzýänçä işlemäge bermeli bolupdyr. Kähalatlarda adamlaryň belli bir möhlete çenli ýa-da möhletsiz ýa-da uzak möhletli (mysal üçin 50 ýyl) özüni gulçylyga satan wagtlary hem bolupdyr. Emma Mitanni döwletinde gullar käbir hukuklardan hem peýdalanypdyrlar: olar öýlenip bilipdirler, hat-da erkin zenanlara hem öýlenmäge hukuklary bolupdyr, öz emlägini bermek üçin birini ogulluk alyp bilipdirler. Gullar önümçilikde

şeýle-de hususy hojalyklarda işledilipdir. Gullary satyp, satyn alyp ( bir gulyň-gyrnagyň bahasy 0,25 kg kümüş), kärendesine berip bolupdyr.

Mitanni döwletiniň iň güýçi döwri b.e. ozalky XVI-XV asyrlarda bolup geçýär. Ol döwürde Mitanni, Aşşur, Ninewiýa şäherlerini Arrapha ýurdunyň sebitlerini, Kutileri, Lullubeýleri özüne tabyn edýär. Hettler bilen üstünlikli uruşlary alyp barýar. Onuň täsiri Kiçi Aziýa, Siriýa, Finikiýa, Palestina ýaýraýar. B. e. öňki XVI asyryň ahyrlarynda patyşa Suttarne I döwründen başlap 150 ýylyň dowamynda Mitanni Alynky Aziýada iň güýçli harby döwlete öwrülýär. Onuň ýerleri Zagrosdan tä Demirgazyk Siriýa ýerlerine çenli giňeýär.

Mitanniniň Ortaýer deňziniň gündogar kenaryna, ýagny Siriýa aralaşmagy Müsür bilen çaknyşyklara alyp barýar. Ilkinji çaknyşyklar faraon Tutmos I döwründe bolup geçýar. Tutmos I Mitanni goşunyny Ýewfratdan aňryk çekilmäge mejbur edýär. Ýöne, Müsüriň azowlak gowşan döwründe (b. e. öň.1475 ý.) Mitanni ýene-de Ortaýer deňziniň bütin Gündogar kenaryny-Klikiýadan Merkezi Palestina çenli ýerleri eýeläpdir. Emma soňra faraon Tutmos III Mitanniniň garşysyna uly ýöriş geçirýär. (takmynan b.e. öňki XV asyryň 60-njy ýyllary). Müsür goşunlary Ýewfratdan geçip Mitanna çozýar we onuň goşunlaryny ýeňilişe sezewar edýär, patyşa gaçyp gitmäge mejbur bolýar. Müsür faraony Amenhotep II döwründe (b. e. öň.1430 ý.) Mitanni aýgytly ýeňilişe sezewar edilýär. Indi Mitanni Müsüriň kuwwatyny ykrar eden adaty döwlete öwrülýär. Mitanni mazaly gowşadylan soň Müsür onuň bilen dostlukly gatnaşygy ýola goýýar. Faraon Tutmos IV Mitanni patyşasy Ardadam I (b. e. öň 1410 ý.) bilen ylalaşyk baglaşýar, ylalaşyga görä Günorta Siriýa Müsüriň, Demirgazyk ýerleri Mitannida galýar. Ylalaşyk Tutmos IV bilen Mitanny patyşasynyň gyzynyň nikasy bilen berkidilýär.

Bu döwürde Mitanni kilikiýa täsir etmek üçin hettler bilen çaknyşýar, netijede hettler derbi-dagyn edilýär, Mitanniniň

serhetleri Kiçi Aziýanyň Tawr we Ýokarky Galisa çenli giňelýär. B. e. öň XV-XIV asyrlaryň çatrygynda Mitanniniň iň güýçli döwri bolýar.

Emma XIV asyryň başyndaky tagt üstündäki göreşler, soňra Müsür bilen gatnaşyklaryň ýaramazlaşmagy Mitannini gowşadýar, Aşşur ondan bölünip aýrylýar, hettler hem täzeden Mitanni bilen göreşe başlaýar. Hett patyşasy Suppiluliumyň ilkinji ýörişi patyşa Tužratta (b. e. öň 1380-1355 ýý.) yza serpikdiren hem bolsa, Tužrattynyň Müsür faraony Ehnaton bilen dawasy Mitanniniň Günorta Siriýa ýörişi bilen utgaşýar we Müsür bilen arasy üzülýär, mundan peýdalanan Hett patyşasy Supilulium Mitanniniň siriýa ýerlerini hemişelik elinden alýar.

Mitanni bu göreşde Wawilon bilen ylalaşyk baglaşýar. Oňa jogap edip Müsür Assiriýa bilen ylalaşyk baglaşýar. Bu hereket Mitanna ýaramaýar. Çünki ol Assiriýany öz golasty hasaplaýardy. Netijede iki sany garşylykly harby bileleşik emele gelýär. Emma dildüwişigiň netijesinde Mitanniniň patyşasy Tužratta öldürilýär. Bu ýagdaýdan peýdalanan Hett patyşasy Mitanna güýçli zarba urýar we aýgytly ýeňiş gazanýar. Hettler Mitanni tagtyna öldürilen patyşa Tužrattynyň ogly  Sattiwasy çykarýarlar. Hettler öz täsirini berkitmek üçin Sattiwasya Hett patyşasynyň gyzyny durmuşa çykarýarlar.

B.e. öňki XIV asyryň ikinji ýarymynda Mitanni Hettlere tabyn ýagdaýda galýar. Assiriýa bolsa mitanniniň golastyndan çykyp özbaşdak bolýar. B.e. öň XIV asyryň ahyrynda XIII asyryň başlarynda Mitanni patyşalary Hettleriň goldamagynda Assiriýany gaýtadan boýun egdirmek üçin urşa başlaýar. Emma ol şowsyz bolýar. Mitanni ýeňlişe sezewar bolýar.

B.e. öňki XIII asyryň 70-nji ýyllarynda Mitanni ýene-de Assiriýany boýun egdirmäge synanýar. Emma ol Mitanni üçin heläkçilik bilen gutarýar. Assiriýa patyşasy Salmanasar I b. e. öň 1260-njy ýyllar töwereginde Mitanni goşunyny derbi-dagyn edýär we olaryň 15 müň esgerini, patyşa maşgalasyny

ýesir alýar,  olaryň paýtagty Waşşukanniniň eýelenmegi bilen Mitanni döwleti hem ýykylýar. Netijede Mitanni birnäçe ownuk hanlyklara bölünýär. Soňra bolsa olar ýeke-ýekeden Assiriýanyň golastyna düşýär.

## §11. Assiriýa döwletiniň döremegi. (b. e. öň II müňýyllygyň içinde)

**Gadymy Assiriýa.** Gadymy Assiriýa Derýaaralygynyň demirgazyk böleginde ýerleşýär. Ilki başda ol Tigr derýasynyň ýokarky akymynda uly bolmadyk ýeri eýeläpdir. Demirgazykda onuň çägi Ermeni daglaryna ýetipdir. Onuň günbatarysynda köp sanly çarwa taýpalaryň ýaşaýan ýeri Siriýa, Derýaaralygy çölleri ýaýylyp gidýär. Tebigy şertleri boýunça Assiriýa Orta we Günorta Derýaaralygyndan tapawutlanýar. Bu ýerde ygal köp bolup, ekinleriň bir böleginiň düme hasyl bermegine ýardam edýär. Bu ýerde emeli suwaryş günortadaky ýaly uly ähmiýete eýe bolmandyr. Daglar tokaýlar bilen örtülip onda dürli görnüşli aw haýwanlary köp bolupdyr. Gadymy döwürden başlap daglardan gurluşyk daşyny we dürli metallary alypdyrlar. Söwda babatda Assiriýa örän amatly ýerleşip, onuň üstünden esasy söwda ýollary geçipdir.

Takmynan b.e. öňki V-IV müňýyllyklarda Assiriýanyň ýerinde subareý taýpalary ýaşapdyr. Gepleýiş dili, daşky sypaty, medeni ösüşi boýunça olar hurritlere ýakyn bolupdyr. B.e. öňki II müňýyllygyň ortalarynda subareý taýpalary Assiriýalylar bilen garyşypdyr. Assiriýalylar bolsa semitleriň bir şähasy bolup, akkad diliniň demirgazyk şiwesinde gürläpdirler.

Assiriýanyň taryhy Gadymy Assiriýa (b.e. öňki XX-XVI asyr), Orta  Assiriýa (b.e. öňki XV-XI asyr) we Täze  Assiriýa (b.e. öňki X-VII asyr) döwürlerine bölünýär.

Gadymy döwürde Assiriýa uly bolmadyk ýeri eýeläp, onuň merkezi Aşşur şäheri bolupdyr. Ilat ekerançylyk we

maldarçylyk bilen meşgullanypdyr. Assiriýanyň ykdysadyýetinde söwda möhüm orun tutupdyr. Assiriýanyň üstünden Kiçi Aziýa, Siriýa, Finikiýa, Günorta Derýaaralygyna we Elama gidýän möhüm söwda ýollary geçipdir.

B. e. öň III-II müňýyllygyň çatrygynda Aşşur giň söwda aragatnaşygyny ýola goýmak maksady bilen söwda ýollarynyň möhüm ýerlerinde öz saraýlaryny (koloniýalaryny) döredipdir. Ylaýta-da Kiçi Aziýanyň gündogar böleginde köp sanly saraýlar döredilipdir. Ol saraýlaryň töwereginde obalar emele gelipdir.

Assiriýaly söwdagärler saraýlarda baryp düşläpdirler. Hat-da uzak wagt ýaşapdyrlar we öz ýurdyndan gelýän harytlary (däne, galaýy, mata, taýýar eşikleri we hünärmentçilik önümlerini satyp, onuň ornuna Aşşura mis, gurşun, kümüş, agaç, mal önümlerini iberipdirler. Şeýle saraýlaryň biri Küldepe diýen ýerde ýerleşipdir. Olar ýerli we Siriýaly söwdegärler bilen birleşip halkara söwda guramasyny döredipdirler. Ony akkad dilinde Kaniş, Hett dilinde Nesa diýip atlandyrypdyrlar. Kanişiň ilaty dellalçylyk etmek bilen, pul hem-de haryt artykmaçlygy edinip, olar süýthorçylyk işleri bilen hem meşgullanypdyrlar. Şeýlelikde ýerli ilat söwdagarlere bergidar bolup, bergidarçylyk borçlylyga düşüpdirler. Gadymy Assiriýa jemgyýeti guleýeçilik jemgyýeti bolup, özünde ilkidurmuş gurluşynyň galyndylaryny saklapdyr. Emma gullaryň sany az bolup, olara entek önümçilikde işlär ýaly orun bolmandyr. Emma Assiriýada ilkinji köşk we buthana hojalyklary ýüze çykyp başlapdyr.

Ýerleriň köp bölegi jemagata- obşinalara degişi bolupdyr. Jemagat ýerleri uly maşgalalaryň arasynda paýlaşylypdyr. Jemagatda durmuşy deňsizlik ýüze çykyp başlapdyr. Söwdagärler gatlagy barha baýapdyr.

B.e. öňki VI asyra çenli Assiriýa döwleti “Alum Aşşur”, ýagny şäher ýa-da “Aşşur ýurdy” diýip atlandyrylypdyr. Syýasy ulgamda harby demokratiýa mahsus dolanşyk

saklanypdyr. Ýokary häkimiýet “şäheriň öýi” diýip atlandyrylýan Ýaşulylaryň geňeşine degişli bolupdyr. Geňeşiň agzalaryndan bir ýyllyk möhlet bilen baş hazynaçy (Lummu) saýlanyp, ýyl hasaby onuň ady bilen ýöredilipdir. Ondan başga-da ýaşulylaryň geňeşi şäher kazyýetine we dolandyryş işlerine ýolbaşçylyk edýän wezipeli adamyny - “ukullumany” belläpdir.

Assiriýanyň döwlet dolandyryş ulgamynda “işşiakkum” diýip atlandyrylýan hökümdar hem bolup, ol dini işlere we buthanalaryň gurluşygyna ýolbaşçylyk edipdir. Uruş döwründe bolsa goşuna serkerdelik edipdir. Onuň wezipesi nesilden nesle geçipdir.

XX asyryň başlarynda halkara ýagdaýy Assirriýa üçin amatsyz bolupdyr. Mari, Hett döwletleriniň güýçlenmegi amoreýleriň hereketi Aşşuryň söwdasyna uly zelel ýetiripdir. Aşşur öz täsirini güýçlendirmek, söwdany ýola goýmak maksady bilen günbatara, Ýewfrata we Tigriň boýy bilen günorta ýöriş geçirip başlapdyr. Ylaýtada amoreýleriň serdary Şamşy-Adad I (b.e. öň. 1824 –1780 ýý.) dolandyran döwründe işjeň daşary syýasat ýöredilipdir. Onuň goşunlary Marini we Habur derýasynyň sebitlerindäki ýerleri basyp alýar. Karkemiş bilen ýaran bolup, Siriýanyň Katan şäherini basyp alýar. Netijede günbatarda esasy söwda ýollary onuň eline düşýär. Derýaaralygyndaky şäherler bilen Assiriýa ylalaşyk baglaşýar. Emma gündogarda bolsa hurritler taýpasy bilen çaknyşmaly bolýar. Netijede b.e. öň XIX-XVIII asyrlarda Assur iň bir täsirli döwlete öwrülýär. Şamşy-Adad özüne “köpleriň şasy” diýen derejäni dakýar.

Şeýlelyik bilen, Assiriýada berk hem sazlaşykly döwlet dolandyrş guramasyna zerurlyk ýüze çykýar. Patyşanyň garamagynda merkezi dolandyryş guramasy döredilýär. Ýurt welaýatlara bölünýär. Olaryň başynda patyşa maşgalasyndan ýa-da ýerli beglerden häkimler goýulýar.

Esasy administratiw birlik hökmünde oba jemagaty çykyş edýär. Ilat döwlete salgyt tölemäge we goşunda gulluk etmäge

borçly edilýär. Goşun halk ýygymyndan we mydamalyk gulluk edýän esgerlerden düzülipdir.

Şamşy-Adadyň oruntutarlarynyň döwründe Assiriýa gazanan üstünliklerini berkidip bilmändir. Bu döwürde Wawilon ýokary göterilýär. Hammurapi Mari bilen ylalaşykda bolup, Assiriýa garşy uruş hereketlerini alyp barýar we Assiriýany Wawilona tabyn edýär.

Emma birinji Wawilon nesilşalygy ýykylandan soň b. e. öň. XV asyryň ortalarynda Assiriýany ýaş Mitanni döwleti basyp alýar. Bu döwürde Assiriýanyň söwdasy düýpli pese düşýär, sebäbi Hett patyşalygy Assiriýa söwdagärleini Kiçi Aziýadan, Müsür bolsa Siriýadan gysyp çykarypdyrlar.

**Assiriýa Ortaassiriýa döwründe.** B.e. öňki XV asyrda Assiriýa diplomatiýa serişdeleriniň üsti bilen ozalky ýagdaýyny dikeltmäge synanyşýar. Ol özüniň esasy duşmanlary bolan Wawilonyň, Mitanniniň we Hett döwletiniň garşysyna, güýçli döwlet bolan Müsür bilen ylalaşyk baglaşmak arkaly göreşmegi maksat edinýär. Assiriýa öz ilçilerini gymmat bahaly sowgatlar bilen Müsüre iberýär. Bu iki döwletiň gatnaşygy Amenhotep III we Ehnatonyň döwründe has hem berkeýär. (b.e. öňki XV asyryň ahyry XIV asyr).

Müsüriň goldamagy bilen Assiriýa işjeň daşary syýasat ýöredip başlaýar. Aşşur – Uballit I (b.e. öňki XIV asyr) Wawilonyň hökümdar neberesi bilen hem garyndaşlayk gatnaşygyny ýola goýýar. Wawilon tagtyna Assiriýa wepaly adamyny çykarmagyň aladasyny edip başlaýar.

B.e. öňki XIII asyrda Assiriýa ýokary göterilýär we daşary syýasatda täze üstünliklere eýe bolýar. Ol ylaýta-da günbatar ugurda uly üstünlik gazanýar, bir wagtky kuwwatly Mitanni döwleti gutarnykly boýun egdirilýär.

Assiriýa patyşasy Tukulti Ninurta I (b.e. öň XIII asyryň ikinji ýarymy) Siriýa garşy üstünlikli ýöriş geçirýär we ol ýerden 30 000 adamyny ýesir alýar. Assiriýanyň bu üstünligi Wawilon we Müsür bilen Assiriýa garşy ýaran bolmaklyk

barada ýaňy ylalaşyk gazanan Hett patyşalygyny howsala salman durmandyr. Şunuň bilen ol günorta Wawilonyň garşysyna-da şowly ýöriş edýär, Wawilon şäherini basyp alýar we şäheri doly talaýar. Wawilonyň patyşasyny, köp sanly olja we Marduk hudaýynyň heýkelini özi bilen alyp gidýär. Ortaassiriýa döwründe demirgazyk ugur boýunça ýörişler hem ýygjamlaşýar. Dürli metallara baý bolan Zakawkaziýa sebitleri Assiriýa patyşalarynyň ünsüni özüne çekýär. Bu ýurdy Assiriýalylar Nairi ýa-da Utuatri ýurdy diýip atlandyrypdyrlar, oňa soňra Urartu diýilipdir. Tukulti Ninurta I Nairi ýurdunyň 43 hanyndan üstün çykandygy barada ýazgy galdyrypdyr. Emma yzygiderli uruşlar Assiriýanyň ykdysadyýetiniň pese düşmegine getirýär. B.e. öň XII asyrdan başlap Assiriýa gowşap başlaýar.

Şol asyryň ahyrlaryndan başlap, ýagny patyşa Tiglatpalasar I (b.e. öň 1114-1076) dolandyran döwründe Assiriýa ýene-de ozalky kuwwatyna eýe bolýar. Oňa halkara ýadaýynyň özgermegi sebäp bolupdyr. Çünki Müsür syýasy krizisa düşýär, Hett patyşalygy bolsa ýykylýar. Indi Assiriýanyň garşysyna durup biljek güýç ýokdy. Şeýle syýasy ýagdaýyň üýtgemegi Tiglatpalasaryň daşary syýasatynyň ugurlaryny kesgitläpdir. Tiglatpalasar I esasy zarbany günbatara gönükdirýär. Ol bu ugra öňli-soňly 30 gezek ýöriş edýär. Netijede demirgazyk Siriýany we Finikiýany basyp alýar. Tiglatpalasar Finikiýanyň harby gämileri bilen, Ortyaýer deňizinde öz duşmanlaryna göz edip arkaýyn ýüzüpdir. Onuň ýeňişleriniň hormatyna Müsür uly sowgatlar iberipdir. Nairiniň garşysyna-da üstünlikli ýörişler edilýär. Wawilonyň garşysyna uruşlar, üstünlikler hem şowsuzlyklar bilen utgaşýar. Tiglatpalasar I Wawilony we Sippary basyp almak başardýar. Emma wawilonlara garşylyklaýyn hüjime geçip, Assiriýanyň öz ýerlerini tozduryp, olaryň hudaýlarynyň heýkellerini alyp gaýtmak başardaýar.

Şondan soň, kem-kemden berkeýän Wawilon garşylykly hüjüme geçip Assiriýa uly zarba urupdyr. Üstesine-de,

Arabystandan Alynky Aziýa köpçülikleýin çozup gelen semit dilli arameýler taýpasy, öňi bilen Assiriýany tozdurypdyrlar. Assiriýanyň ösüşi duýdansyz togtaýar. Soňra arameýleriň bir bölegi Assiriýada ornaşypdyrlar we kem-käs ýerli ilat bilen garyşypdyrlar. Assiriýa bir ýarym asyrlap pese gaçyşy we daşary ýurtlylaryň agalygyny başdan geçirmeli bolýar. Ol döwrün taryhy barada anyk maglumatlar saklanmandyr.

Ortaassiriýa döwründe ýurduň ykdysady we durmuşy gatnaşyklarynda özgerişler bolup geçýar, söwdanyň ähmiýeti pese gaçýar. Assiriýanyň syýasy taýdan pese gaçmagyna garamazdan, bu ýurtda ilki bilen täze suwaryş desgalaryň gurulmagyna, şonuň esasynda oba hojalygynyň çalt depgin bilen ösmegine getiripdir.

Demirgazykdaky ýerleriň basylyp alynmagy bilen, ýurda metalyň köp getirilmegine ýardam edipdir. Bu bolsa hünärmentçiligiň ösmegine getiripdir. Assiriýalylaryň getiren ýesirlerniň: kassitleriň, hurritleriň, urartulylaryň hasabyna ýurtda uly gurluşyk işleri giň gerime eýe bolýar. Täze paýtagt "Kar-Tukulti-Ninurta" şäheri gurulýar.

Assiriýanyň syýasy taýdan berkäp güýçlenen döwründe, söwda hem ýokary galyp ösüp başlaýar. Assiriýaly söwdagärler Maride, Ugaritde, Müsürde öz söwda saraýlaryny esaslandyrypdyrlar.

Arameýleriň çozuşy döwründe Assiriýanyň ykdysadyýeti pese düşýär. Assiriýa jemgyýetiniň durmuşy toparlary barada b.o. öň XVI-XV asyrlara degişli kanunlar ýygyndysynda, döwlet we hususy ýazgylarda maglumat berilýär. Ilatyň ýokary gatlagyny harbylar, söwdegärler we ruhanylar düzüpdir. Olaryň nesilden nesle geçip gelýän mülkleri, gullugy üçin, patyşa tarapyndan berilen sylag ýerleri salgytlardan boşadylypdyr. Olaryň hukuklary we emlägi kanun tarapyndan goralypdyr. Ilatyň esasy bölegini ownuk öndürijiler tutupdyr. Olar köp sanly oba jemagatyna birleşipdirler. Jemagatda öz özüňi dolandyryş saklanypdyr. Kanun boýunça olar döwlete salgyt

töläpdirler, zähmet borçlaryny ýerine ýetiripdirler, goşunda gulluk edipdirler. Jemagt ýerleri biri-biri bilen çäklendirilipdir. Jemagat ýerinden maşgalalar ýer paýyny alypdyrlar. Ýere hususy eýeçilik ýüze çykypdyr. Ony satmaga, satyn almaga ygtyýar berilipdir.

Gulçylyk giň gerime eýe bolupdyr. Bergidarçylyk we uruşlar gulçylygyň esasy çeşmeleri bolupdyr. Bularyň ýagdaýy agyr bolup, olara erkin adamlardan tapawutlandyrýan bellik edilipdir. Assiriýada maşgala patriarhal häsiýetde bolup, maşgalabaşy maşgalanyň ähli agzalaryna doly ygtyýar edipdir. Maşgalada aýallaryň hukugy kemsidilen bolupdyr. Olar ilki atasynyň soňra gaýynatasynyň, adamsynyň golastynda bolupdyr. Aýallar maşgala emlägine ygtyýar edip bilmändir. Nika gelni satyn almak esasynda baglaşylypdyr. Köp aýallylyk giň ýaýrapdyr, aýallar öýüni, maşgalasyny äri ölen ýagdaýynda-da taşlap gidip bilmändirler. Gyrnaklaryň ýagdaýy has hem agyr bolupdyr, olara erkin zenalaryňky ýaly başy perenjeli bolmak gadagan edilipdir, düzgünden çykanlaryň gulagyny kesipdirler

Ortaassiriýa döwründe döwlet dolandyryş ulgamy düýpli özgeripdir. Yasulylar geňeşiniň bir ýyllyk saýlanýan “Işşiakkumyň” (döwletiň dini wezipelerini, buthana gurlyşyklaryny alyp barýan ) häkimligi has güýçlenýär, onuň ygtyýaryna “ukullumyň” (döwletiň kazyýet we dolandyryş ulgamy) wezipesi hem berilýär. Aşşur-Uballit I özüni “şarru” (patyşa) diýip atlandyryp başlaýar. Soňra täze derejeler “köpleriň patyşasy”, “kuwwatly patyşa”, “Assiriýa patyşasy” ýaly derejeler peýda bolýar. Patyşa köp sanly emeldarlaryň üsti bilen ýurdy dolandyrýar. Şeýlelik bilen, ýaşulylar geňeşiniň ähmiýeti hem kem-kemden pese düşýär. “Lummu” we “ukullumi” wezipelerine patyşanyň garyndaşlary bellenýär. Ýasulylar geňeşi hem patyşanyň ygtyýaryna geçirilýär.

Assiriýalylar basylyp alnan ýerleri edara etmegiň netijeli usulyny girizýärler. Ol ulgam soňra has ösdürilýär.

Assiriýa boýun egdirilen ýurtlarda garaşly welaýatlar döredilýär. Ol welaýatlaryň ilaty köpçülikleýin Assiriýa göçürilip getirilýär. Şeýlelik bilen, garaşly welaýatlarda Assiriýanyň dolandyryş ulgamynyň düzgüni girizilýär.

## §12. Uly Assiriýa harby döwleti b. e. öň I müňýyllygyň 1-nji ýarymynda

**Ýakyn Gündogar b. e. öň X-IX asyrlarda we halkara ýagdaýy.** B.e. öň I müňýyllykda gadymy Gündogar ýurtlarynyň ykdysadyýeti ýokary göterilýär. Oňa önümçilige demriň ornaşdyrylmagy, guryýer we deňiz söwdasynyň ösmegi, Ýakyn Gündogarda ýaşaýyş üçin amatly ýerleriň ilatlaşmagy sebäp bolýar. Dürli ýurtlaryň arasynda ykdysady, medeni gatnaşyklaryň ýola goýulmagy-da möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Bu döwürde gadymy gündogar ýurtlarynyň durmuş-ykdysady we syýasy ösüsinde deňsizlik güýçlenýär. Ozalky güýçli döwletler Mitanni, Hett patyşalygy dargaýar. Müsür, Wawilon mazaly gowşaýar. Halkara gatnaşyklarynda esasy orun beýleki döwletlere geçýär. Olaryň biri-de Assiriýadyr. Emma bu döwürde Uratu, Kiş, Lidiýa, Midiýa, Pars patyşalygy ýaly ýaş döwletler hem öňe saýlanýarlar.

B.e. öň I müňýyllykdan ozal uly döwletlerden çetde ýaşaýan araplar, kimmerler, skifler we ş.m. taýpalar hem syýasy gatnaşyklara goşulyp başlaýarlar.

Ýakyn gündogarda agalyk etmek, beýleki döwletleri basyp almagyň hasabyna ägirt uly döwlet döretmäge ymtylmak has giň gerime eýe bolýar. B.e. öň II münýyllykda Wawilon, Müsir, Hettler, Assiriýa basybalyşlaryň hasabyna uly döwletleri döredipdirler. Emma, ol döwletler Alynky Aziýanyň çäkli bölegini öz içine alýan we gysga möhletli döwletler bolupdyrlar. B. e. öň I müňýyllygyň içinde bolsa, täze dörän döwletleriň arasynda dünýä agalygy ugrunda göreş has güýçlenýar we gadymyýetiň aşa uly guleýeçilik döwletleri

döreýär. Ilkinji gezek şeýle uly döwletler assiriýalylar, soňra midiýalylar we parslar tarapyndan döredilipdir.

Assiriýa entek Ortaassiriýa patyşalygy döwründe-de kuwwatly döwletleriň biridi. Emma arameýleriň çozuşy netijesinde ol tozdurylýar we 200 ýyl çemesi pese düşüş döwrüni başdan geçirýär. Diňe b.e. öň X asyrda ol ýene-de özüni dürsäp başlaýar. Çünki bu döwre çenli arameýleriň hereketi hem togtaýar. Olaryň bir bölegi oturymlylyga geçip ýerli ilat bilen garyşýar.

Assiriýa ilkinjileriň hatarynda demri önümçilige ornaşdyrmagy başarýar. Demir ýaraglar ylaýta-da harby işde uly üstünlik getiripdir. Halkara ýagdaýy-da Assiriýanyň bähbidine özgerýär. Çünki bu döwürde sebitde onuň bilen bäsleşip biljek güýçli döwlet ýokdy.

Assiriýa öz ykdysady we harby kuwwatyny dikeldýär. Merkezi häkimiýet berkidilýär. Syýasy durnuklylyk ýola goýulýar. Şeýlelikde Assiriýa täze ösüş basgançagyna gadam basýar. Ol b.e. öň X-VII asyrlary öz içine alyp täzeassiriýa döwri diýip atlandyrylýar.

Yzygiderli basybalyjylykly uruşlar döwri başlanýar. Olaryň esasy maksady olja we ýesir almakdan ybaratdy. Basylyp alnan ýerleriň yzygiderli talanmagy Assiriýanyň ykdysadyýetiniň möhüm pudagyna öwrülýär. Assiriýanyň ýene bir maksady, basybalyjylykly uruşlary alyp barmak bilen möhüm söwda ýollaryny ele almakdan ybaratdy. Goňşy döwletleri boýun egdirip, olaryň üstünden agalyk



Assiriýalylaryň şäheri zabt edişleri.
Balawat derwezesindäki şekil

etmäge ymtylmak uruşlaryň esasy sebäbi bolup durýardy. Galyberse-de, şowly ýörişler içerki meseleleriň ýitileşmeginiňde öňüni almaga mümkinçilik berýärdi.

Täzeassiriýa döwründe işjeň daşary syýasaty Aşşurnasirapal II (b.e. öň 883-859 ýý.) we onuň ogly Salmanasar III (859-824 ýý.) ýöredipdir. Aşurnasirapal II demirgazykda ýaňy emele gelip başlan Urartu döwletiniň Nairiler taýpasyna garşy üstünlikli uruşlary alyp barýar. Olar şeýle-de Tigr derýasyndan gündogarda ýaşaýan midiýa taýpalarynyň garşysyna üstünlikli ýöriş edýär. Wawilon bilen birnäçe çaknyşyklardan soň, wawilonyň demirgazykdaky serhet welaýatlary basylyp alnyp Assiriýa tabyn edilýär.

Emma ýörişleriň esasy ugry Günbatara, Ortaýer deňziniň gündogar kenarlaryna gönükdirilipdi. Çünki tebigy baýlyklara juda baý, ykdysady taýdan ösen bu sebit, geografiki taýdan hem örän amatly ýerleşýärdi. Ortaýer deňziniň gündogar sebitiniň üstünden iň möhüm halkara söwda ýollary geçýärdi. Onuň ýerinde şol döwrüň iň uly söwda-hünärmentçilik mekezleri Tir, Sidon, Damask, Bibl, Arwad, Karkemiş ýaly şäherler ýerleşýärdi. Bu ýerlerde ilat gür ýerleşipdir. Şonuň üçin, bu etraplara geçirilýän islendik ýöriş diňe bir çyg mal ýa-da azyk önümleri bilen däl, eýsem başga-da köp sanly ýokary derejedäki hünärmenler bilen hem üpjün edipdir. Üstesine-de, bu etraplar Kiçi Aziýa, Ortaýer deňziniň adalaryna we Müsüre ýöriş geçirmek üçun strategiki ähmiýetli ýer bolupdyr Aşşurnasirapal II günbatara uly ýöriş geçirýär. Ilki bilen Demirgazyk Siriýadaky arameý taýpalaryny ýeňlişe sezewar edip,[redacted] Ortaýer deňziniň gündogar kenar sebitine Siriýa-Derýaaralygynyň çöllüklerinden geçýän esasy söwda ýollaryny hem eline alýar. Soňra ol Ortaýer deňziniň kenaryna baryp ýetýär. Siriýadaky we Finikiýadaky hanlyklar we şäherler oňa töleg tölemäge mejbur edilýär.

Basybalyjylykly uruşlary Aşşurnasirapalyň ogly Salmanasar III dowam etdirýär. Demirgazykda ol ýaş Urartu döwleti bilen çaknyşýar.
Emma soňraky döwürde Urartu jebisleşýär we onuň bilen alnyp barylýan uruşlar surnukdyryjy häsiýete öwrülýär. Salmanasar III Günortada hem uly üstünlige eýe bolýar. Wawilonyň üstünden ýeňiş gazanýar. Onuň goşunlary Wawilonyň has günortasyna aralaşyp Pars aýlagynyň kenarlaryna baryp ýetýär. Wawilon tagty ugrunda göreşýänleriň haýsy Assiriýanyň agalygyny ykrar etse Salmanasar şoňa hem kömek beripdir.

B.e. öň 856-njy ýylda Salmanasar III günbatara tarap ýöriş geçirip, öz kakasynyň uruş alyp baran Bit-Adin begligini gutarnykly basyp alýär. Bu patyşanyň ýylýazgylarynda, ýagny "Ýewfrat derýasynyň aňyrsyndaky patyşalary" özleriniň Salmanasara tabyndyklaryny aýdyp, oňa töleg töläpdirler. Demirgazyk Siriýanyň we Kiçi Aziýanyň günorta-gündogarynda ýerleşýän hanlyklar we beglikler Assiriýanyň garşysyna birleşýärler. Bu bileleşige kuwwatly Karkemiş şäheri ýolbaşçylyk edipdir. Juda agyr bolan bu uruşlarda Assiriýa üstün çykýar. Şeýlelik bilen onuň günbatara hereketi dowam etdirilýär. Emma bu ýerlerde Damask patyşalygy hem Tölegini getirýän daşary ýurtlylar köp sanly hanlyklaryň, şäherleriň bileleşigini döredip garşylyk görkezipdir, oňa Müsür hem goşulypdyr. Aýgytly söweş b.e. öňki 853-nji ýylda Oront derýasynyň boýundaky Karkara şäheriniň eteginde bolýar.



Salmanasr III çekdiren şekili. Nimrud

Salmanasar III öz ýazgylarynda doly ýeňiş gazanandygyny bellese-de, hakykat ýüzünde oňa Damaskiniý boýun egdirmek

başartmandyr. Şondan soň hem Salamanasar Günbatara birnäçe ýöriş edýär. Diňe b.e. öň 840-nji ýylda Damaskiniň patyşasy Gazail derbi-dagyn edilýär, onuň paýtagty doly eýelenýär. Şäher talanýar, ilaty ýesir alynýar. Tir, Sidon we Ysraýyl patyşalygy meýletin boýun egmäge mejbur bolýarlar.

Köp sanly oljalaryň we salgytlaryň hasabyna, Assiriýa patyşalary ýurtda uly gurluşyklary amala aşyrýarlar. B.e. öň IX asyrda täze paýtagt Kalhu (Nimrud) gurulýar. Gazuw agtaryş geçirilen döwründe bu ýerde Aşşurnasirapal II kaşaň köşgüniň galyndysynyň üsti açylýar. Köşgün diwarlary oýma nagyşlar bilen bezelipdir. Onuň girelgesinde iki sany ganatly, adam ýüzli öküzleriň iki metrlik heýkelleri goýulypdyr. Şäherde uly buthana hem ýerleşipdir. Şäher berk gala bilen gurşalypdyr.

B.e. öňki IX asyr Assiriýanyň ykdysady we harby taýdan ýokary göterilen döwri bolupdyr. Oňa Assiriýanyň ikinji ýokary göterilişi diýilýär. Emma b.e. öňki IX asyryň ahyry VIII asyryň birinji ýarymynda Assiriýa birnäçe sebäplere görä pese düşýär.

Yzygiderli uruşlar zähmetkeş ilaty uzak wagtlap hojalyk işlerinden daşlaşdyrypdyr. Bu bolsa ykdysadyýetiň gowşamagyna alyp barypdyr. Tebigy kynçylyklar, gurakçylyk, hasylsyzlyk ilatyň ýaşaýyşyny ýaramazlaşdyrýar. Nägilelikler güýçlenip, gozgalaňlar ýüze çykýar. B.e. 763-nji ýylda Aşşurda gozgalaň turupdyr. Gozgalaň beýleki şäherlere-de ýaýrapdyr. Diňe bäş ýyldan soň gozgalaňlar basylyp ýatyrylýar we ýurtda asudalyk berkarar edilýär.

Emma agalyk ediji gatlagyň içinde-de agzybirlik bolmandyr. Harbylar topary söwdegärler we ruhanylar topary bilen oňyşmandyr. Bu topar söwda etmek üçin amatly parahatçylyk syýasatyny döretmegi talap etse, beýleki topar olja almak üçin uruşlaryň dowam etdirilmegini isläpdir. Begler öz mülkleriniň salgytdan we borçlardan boşadylmagyny gazanypdyrlar. Ol döwlet girdejisiniň kemelmegine we goşunyň azalmagyna alyp barypdyr. Welaýat häkimleriniň

özbaşdaklyga ymtylmagy güýçlenipdir. Tagt üstünde göreşler başlanypdyr.

Bu döwürde halkara ýagdaýy-da özgeripdir. Urartu has jebisleşip, barha kuwwatlanýar. Ol diňe bir goranman indi özi hüjüme geçýär. Urartular diňe bir Zakawkaziýanyň ýerinde däl, eýsem Kiçi Aziýanyň günorta-gündogaryna we Demirgazyk Siriýanyň, Assiriýanyň, hat-da Assiriýanyň düýp ýerlerine hem howp salyp başlaýar.

**Uly Assiriýa döwletiniň döredilmegi.** B.e. öň 746-745-nji ýyllarda ýurdyň paýtagty Kalhuda-da bolan gozgalaň netijesinde harby toparyň goldamagy bilen Tiglatpalasar III (b.e. öň 745-727) tagta çykýar. Ol döwleti berkitmäge ýardam etjek özgertmeleriň birnäçesini amala aşyrýar. Ol ilki bilen Welaýat häkimleriniň özbaşdaklyga ymtylmagynyň öňüni almak üçin welaýatlary bölýär. Täze emele gelen ownuk welaýatlaryň başynda özüne wepaly adamlary goýýar. Olar welaýat ýolbaşçylary diýip atlandyrylýar, emma olaryň hukuklary çäklendirilýär. Welaýat häkimleriniň wezipesi öz welaýatlaryndan salgyt ýygnamagy üpjün etmek, goşun gullugyna adam ýygnamak we olara serkerdelik etmekden ybarat bolupdyr.

Tiglatpalasar III harby özgertmeleri hem geçirýär. Ozal Assiriýanyň goşuny ýygyndan we gullugy üçin ýer paýy berilýän nökerlerden düzülýärdi. Olar ýarag enjamyny özleri satyn almalydy. Tiglatpalasaryň özgertmeleriniň esasynda indi mydamalyk goşun döredilýär. Goşuny ýarag we beýleki enjamlar bilen üpjün etmekligi döwlet öz üstüne alýar. Birsydyrgyn goşun nyzamy we ýaraglar girizilýär. Ýeňil ýaraglanan pyýada goşunyň sany artdyrylýar. Hakyna gulluk etmäge höwesek adamlaryň hasabyna hem goşunyň sany artdyrylýar. Assiriýanyň goşuny birnäçe böleklerden düzülipdir. Sany boýunça pyýada goşun agdyklyk edipdir. Ol agyr we ýeňil ýaraglanan esgerlerden ybarat bolupdyr. Agyr

ýaraglanan esgerler naýza we gylyç bilen, ýeňil ýaraglananlar ok-ýaý, sapan, zyňylýan gysga naýzalar bilen söweşipdirler.

Atly goşun esasy zarba urujy güýje öwrülýär. Ol hem öz gezeginde agyr we ýeňil ýaraglanan bölümlerden düzülipdir. Atly goşun ylaýta-da daglyk, tekiz däl ýerlerde has netijeli söweşipdir. Assiriýa goşunynda söweş arabalary hem giňden ulanylyp başlanypdyr. Oňa adatça dört at, käte 2 at tirkelipdir. Söweş arabasynda 2 esger bolup, biri araba sürüpdir beýlekisi peýkam atypdyr. Käte olara goşmaça 2 esger (galkan göterijiler) hem goşulypdyr.

Goşun oňat ýaraglar we enjamlar bilen üpjün edilipdir. Esgerler galkan, sowut, tuwalga, atlar bolsa dürli gorag enjamlary bilen üpjün edilipdir. Içalylyk we aňtaw topary Assiriýa goşunynyň möhüm bölegini düzüpdir. Harby herekete başlamazdan öňürti garşydaş ýurt barada zerur maglumatlary toplamaga uly üns berilipdir. Aňtaw we içalylyk bölümine adatça tagt mirasdary ýolbaşçylyk edipdir.



Assiriýa patyşasynyň ýolbarslary awlaýyş

Assiriýa goşunynyň baş serkerdesi wezipesine patyşa maşgalasyndan bolan adamlar bellenipdir. Ýerlerdäki harby hereketlere welaýat ýolbaşçylary baştutanlyk edipdir. Goşun 10, 50, 100, 1000 esgerden ybarat böleklere bölünipdir. Assiriýanyň goşunynyň umumy sany 120 müň adama ýetipdir. Ol öz döwründe iň köpsanly we oňat ýaraglanan goşunlaryň biri bolupdyr.

Assiriýanyň taryhynyň iň ajaýyp döwri b.e. öň VIII asyryň 40-njy ýyllaryndan b.e. öň VII asyryň 40-njy

ýyllaryna çenli dowam edipdir. Bu döwür üçünji ýokary göteriliş döwri diýilýär. Tiglatpalasar III kuwwatly goşuna daýanyp basybalyjylykly ýörişlere başlaýar.

Iň kyn söweşler Günbatar ugurda alnyp barylypdyr. Çünki Urartu tarapyndan goldanylýan Demirgazyk Siriýanyň we Kiçi Aziýanyň hanlyklarynyň birleşen güýji örän howplydy. Emma oňa garamazdan Tiglatpalasar III bu sebitde üstünlikli ýeňişleri gazanýar. Ol 18 hanlygy özüne tabyn edýär. Urartuyň özüne 2 gezek şowly ýöriş edip (b.e. öň 738 we 735 ýý.) üstün çykýar. B.e. öň 734-732-nji ýyllarda günbatarda Assiriýanyň garşysyna Damask, Ysraýyl patyşalygy, Edom we ş.m. şaherleriň we hanlyklaryň birleşmesi emele gelýär. Tiglatpalasar agyr söweşlerde olardan üstün çykýar. Ortaýer deňziniň gündogar kenar sebitinde Assiriýanyň agalygy berkidilýär.

B.e. öň 737-nji ýylda Assiriýa gündogarda Midiýanyň üstünden ýeňiş gazanýar. Günorta ugurda Wawilony ýeňilişe sezewar edip, özüni Wawilon patyşasy diýip yglan edýär. Soňra bolsa, ol Wawilon patyşasynyň täjini hem geýýär. Bu ýeňişleriň netijesinde Assiriýa Derýaaralygyny, Ortaýer deňziniň gündogar kenar sebitini, Midiýanyň birnäçe ýerlerini öz içine alýan uly döwlete öwrülýär.

Indi basylyp alnan ýerleri dolandyrmak meselesi öňe çykýar. Tiglatpalasar III tabyn edilen ýurtlarda garaşly welaýatlary döredip, olaryň başynda raýat hem harby ýolbaşçylary goýýar. Netijede bu döwletler doly özbaşdaklygyny ýitirip Assiriýanyň bir welaýatyna öwrülýär.

Tiglatpalasar III döwründe basylyp alnan ýurtlaryň ilatyny köpçülikleýin Assiriýanyň bir welaýatyndan ikinji bir welaýatyna göçürip getirmeklik syýasaty başlanýar. Bu syýasatyň düýbünde bolsa, halklary biri-birine goşmak, olaryň gadymdan gelýän däp-dessurlaryny ýitirmek, ýurdundan, garyndaşlaryndan aýyrmaklyk bolupdyr. Şeýlelik bilen, Wawilon ýurdynyň ilat sany hem artypdyr. Taryhy

maglumatlarda diňe Siriýadan 73 müň adam göçürilip getirilipdir.

Tiglatpalasar III oruntutary Salmanasar V (b.e. öň 727-722 ýý.) dolandyran döwründe köşkde harbylar we ruhanylar toparynyň täsiri güýçlenýär. Baý ruhanylaryň täsirini gowşatmak maksady bilen ol Aşşur, Harran, Wawilon, Sippar, Nippur, Uruk ýaly mukaddes şäherlere we buthanalara berilen ýeňillikleri ýatyrýar. Bu ýagdaý ýurtda syýasy dartgynlygy döredýär. Ruhanylaryň närazylygy we Ysrayldaky urşuň uzaga çekmegi Salmanasaryň tagtdan agdarylmagyna sebäp bolýar. Tagty nesilşalykdan bolan Sargon II (b.e. öň 722-705 ýý.) eýeleýär.

Täze patyşa harbylar bilen söwdegärleriň, şeýle-de ruhanylar toparynyň bähbitlerini deň tutup, olaryň arasyndaky garşylygy gowşadýar. Assiriýanyň we Wawilonyň şäherlerine, buthanalaryna ozalky ýeňillikler gaýtarylyp berilýär.

Harbylaryň umytlary-da amala aşyrylýar. Sargon II Ysrayl döwletini derbi-dagyn edýär. B.e. öňki 722-nji ýylda onuň goşuny Ysraylyň paýtagty Samariýany 3 ýyl gabandan soň zabt edip alýar. Onuň ilaty başga ýere göçürilýär. Ysrayl döwleti ýaşamagyny bes edýär.

B.e. öňki 714-nji ýylda Assiriýa kimmerleriň çozuşlary netijesinde, gowşan Urartu döwletine aýgytly zarba urýar. Şondan soň Urartu hem uly döwlet hökmünde Assiriýanyň ýanynda öz ähmiýetini ýitirýär. Sargon II Wawilonda öz agalygyny saklamak üçin, haldeý taýpalary bilen birnäçe gezek çaknyşýar. Diňe b.e. öňki 709-njy ýylda haldeý serkerdesi Marduk-apla-iddiniň üstünden aýgytly ýeňiş gazanmak bilen Wawilonda öz agalygyny berkidýär. Sargon II dolandyran döwründe Tir deryasynyň boýunda (häzirki Horsabadyň ýanynda) örän ajaýyp köşkleri, buthalary bolan täze paýtagt Dur-Şarrukin gurulýar.

Sargon II ogly Sinahheribiň (b.e. öň. 705-681 ýý.) dolandyran döwründe, boýun egdirilen ýurtlaryň

gozgalaňlaryny ýatyrmaga uly güýç sarp etmeli bolýar. Dartgynly uruşlar Wawilonda alnyp barylýar. Assiriýalylar Wawilonda agalyk etmek ugrunda haldeý serdary Marduk-apla-iddin bilen birnäçe gezek çaknyşmaly bolýar. B.e. öň 691-nji ýylda Halule diýen ýerde bolan söweşde iki tarap hem köp ýitgi çekýär. Diňe b.e. 689-njy ýylda Sinahherib Wawilony zabt edip alýar we şäheri Ýefrat derýasynyň suwy bilen gark edýär. Sinahheribiň bu ýkgynçylygy (wandalizmi) diňe bir Wawilonda ýigrenç döretmän, eýsem Assiriýanyň özünde hem närazylyk döredipdir. Sebäbi bir bütewi medeniýeti, dini, dili bolan assiriýalylar wawilonlylar bilen garyndaş halk hasaplanypdyr.

Günbatar ugurda Sinahherib Iudeý patyşalygynyň üstüne ýöriş edýär. B.e. öň 701-nji ýylda Ierusalim gabalýar. Iudeý patyşasy agyr salgyt tölemek bilen ýaraşyk baglaşmak we Assiriýanyň agalygyny ykrar etmäge mejbur bolýar. Assiriýanyň goşunlary Müsüriň serhetlerine baryp ýetýär. Sinahheribiň dolandyran ahyrky ýyllarynda tagt üstünde göreş başlanýar. Sinahherib öldürilýär. Tagta onuň kiçi ogly Asarhaddon (b.e. öň 681-669 ýý.) çykýar. Ol syýasy dartgynlygy gowşatmagy başarýar. B.e. öň 679-678-nji ýyllarda ol Wawilon şäherini täzeden dikeldýär. Wawilon şäherlerine we ybadathanalaryna öňki hukuklary gaýtarylyp berilýär, ybadathanalara egilşik edilip täze salgytlar girizilýär.

Asarhaddonyň esasy maksady Müsüri basyp almak bolupdyr. Emma ol oňa howlukman ýurduň serhetleriniň howpsuzlygyny berkidýär. Ol kimmerlere garşy (b. e. öň 679 ý.), Urartulara garşy (673-672 ýý.), Midiýadaky ýerlerini berkitmek üçin uruş hereketlerini alyp barýar. Müsüre ýöriş etmezinden öň Sidondaky gozgalaňy rehimsiz basyp ýatyrýar, Kiprde öz häkimligini esaslandyrýar.

Asarhaddon b.e. öň 674-nji ýylda Müsüre ýöriş edýär. Emma bu ýöriş şowsyz gutarýar. B.e. öň 671-nji ýylda ol ikinji gezek ýöriş edip, Müsüri boýun egdirýär we müsürlileriň däbi boýunça özüni faraon diýip yglan edýär. Assiriýanyň ýerleri

örän giňeýär we ägirt uly Assiriýa döwleti döredilýär. Şeýlelikde onuň serhetleri Niliň birinji bosagasyndan Zakawkaziýa, Pars aýlagyndan Kiçi Aziýa çenli ýaýrap giňäpdir.

Asarhaddonyň harby üstünliklerine garamazdan tagt üstünde dawalar ýene güýçlenipdir. Onuň üstesine-de, Müsürde gozgalaň turýar. Asarhaddon haýal etmän Müsüre ugraýar, emma ol ýolda aradan çykýar.

Häkimet Asarhaddonyň kiçi ogly Aşşurbanapala geçýär. (b.e. öň 669-635/627). Ýazgylarda ol "Rehimdar hökümdar, edermen urşujy, batyr awçy, ähli ylymlaryň sungatyň we hünärleriň syrlaryny bilýän akyldar" diýilip häsiýetlendirilýär. Emma bu häsiýetnama diňe bölekleýin hakykatdyr. Çünki, onuň saglygy gowşak bolansoň ýörişlere gatnaşmandyr. Emma ol öz döwrüniň iň bilimli adamlarynyň biri bolupdyr. Aşşurbanapal Ninewiýadaky köşgüň kitaphanasyna ägirt köp mukdarda ýazgylary jemläpdir. Şol ýazgylar hem alymlara Derýaaralygynyň gadymy taryhyny öwrenmäge uly mümkinçilik beripdir.



Aşşurbanapal Wawilondaky Marduk hudaýynyň ybadathanasyny dikeldiji hökmünde. B. e. öň VII asyr

Aşşurbanapal uly gurluşyk işlerini alyp barypdyr. Ýurduň paýtagty Ninewiýa kaşaň köşkler hem buthanalar bilen bezelipdir. Uly buthanalar beýleki şäherlerde hem gurlypdyr.

Aşşurbanapalyň dolandyran döwründe ýurduň daşarky syýasatyny iki döwre bölüp bolar. Birinji (b.e. öň 669-654 ýý.) döwründe Assiriýanyň Ýakyn Gündogarda berk agalyk etmegi bilen häsiýetlendirilýär. Bu döwürde Assiriýa däp bolan ugurlaryň ählisi boýunça üstünlikli uruş alyp barýar. Gozgalaňçy Müsüre yzygiderli ýörişler gurnalýar. Ortaýer

deňziniň gündogar kenaryndaky şäherleriň we Kipriň, palestina patyşalyklarynyň (Iudeýanyň, Edomyň, Ammonyň) çykyşlary basylyp ýatyrylýar. Ýurduň içindäki gozgalaňlar hem derbi-dagyn edilýär. Emma onuň dolandyran ýyllarynyň ahyrlarynda (b.e. öň 655 ýý.) Müsür özbaşdaklygyny alýar.

B.e. öň VII asyryň ortalaryndan başlap Assiriýanyň daşary syýasatynyň ikinji döwri başlanýar. Bu döwürde syýasy dartgynlylyk güýçlenýär. Ýurduň içinde ägirt uly gozgalaňlar başlanýar. Gozgalaňy Wawilon başlaýar. Ony goldap Elam haldeý-arameý hanlyklary, arap taýpalary, birnäçe Siriýa, Finikiýa şäherleri çykyş edýär. Emma Assiriýa bu gozgalaňlary gazap bilen basyp ýatyrmagy başarýar. B.e. öň 639-njy ýylda Elam hem ýeňilişe sezewar edilýär. Emma bu ýeňiş Assiriýanyň iň soňky ýeňişi bolupdyr.

**Assiriýanyň durmuş-ykdysady gurluşy. Döwletiň edara edilişi.** Basybalyşlar netijesinde ekilýän ýerler köpelýär. Öri meýdanlar giňelýär. Oba hojalygynyň girdejili pudagy – bagçylyk, üzümdarçylyk, tehniki ekinleri ekmek has ösdürilýär. Harby oljalar we salgytlar iri we ownuk şahly mallaryň, eşekleriň we atlaryň baş sanynyň has köpelmegine getirýär. Arabystandan bolsa düýeler getirilipdir. Hünärmentçilik ösýär. Demir giňden önümçilige ornaşdyrylýar. Esasan hem ýarag öndürmek pudagy giň gerime eýe bolýar. Olja hem arzan işçi güýji ýurtda uly gurluşyk işlerini amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Täze şäherler, köşkler, galalar, buthanalar, ýollar gurulýar. Söwda giň gerime eýe bolýar.

Üstünlikli alnyp barylan basybalyjylykly uruşlar Assiriýanyň ykdysadyýetiniň ösmegine hemaýat edipdir, emma onuň ikinji tarapy hem bolupdyr: köp sanly ekerançylar we hünärmentçiler öz hojalyklaryny taşlap uzak ýyllaryň dowamynda uruşda bolupdyrlar. Uruşlardan gelýän oljalaryň esasy bölegi patyşa, patyşa maşgalasyna, harby we döwlet emeldarlaryna, ruhanylara galypdyr. Ýat ýurtlardan talanyp getirilýän baýlyklar Assiriýanyň ykdysadyýetiniň çagşamagyna

getiripdir, ol öndüriji güýçleriň ösmegine hemaýat edip bilmändir.

Assiriýanyň ilaty birnäçe gatlakdan ybarat durupdyr. Uly baýlyga we ýeňilliklere eýeçilik edýän harbylar, döwlet emeldarlary, söwdagärler we ruhanylar topary jemgyýetiň ýokary gatlagyny düzüpdir. Olar syýasy taýdan dolandyryjy toparyň alyp barýan düzgünini goldapdyrlar.

Assiriýa jemgyýetiniň esasy bölegini erkin öndürijiler bolan: jemagat ýerindäki ekerençylar, hünärmentçiler düzüpdirler. Olar döwlete önüm, mal, kümüş görnüşinde salgyt töläpdirler, dürli zähmet borçlary, şol sanda harby borçlylygy ýerine ýetiripdirler. Göçürilip getirilenler we gullar ilatyň aşaky gatlagyny düzüpdir. Olar köşk we buthana mülklerinde oturdylypdyr. Käte hususy ýerlere-de berkidilipdir. Emma olara maşgala bolmaga, azowlak emläk edinmäge mümkinçilik berilipdir.


Ýeňilen ýurdyň patyşasy Assiriýa patyşasyny söweş arabasynda çekip barýar

Assiriýa döwleti gutarnykly patyşalyk häsiýetine eýe bolupdyr. Patyşanyň elinde harby, raýat, sud we dini häkimiýet jemlenipdir. Patyşa häkimiýeti mukaddes hasaplanypdyr, häkimlik hudaýlar tarapyndan berilýär diýip hasap edilipdir. Patyşa Asarhaddon özi barada şeýle ýazýar: "Men Assarhaddon, beýik patyşa, kuwwatly patyşa, Alemiň şasy, Assiriýanyň patyşasy, Wawilonyň hökümdary, Şumeriň we Akkadyň patyşasy…patyşalaryň patyşasy… Men kuwwatyly we hemmelerden güýçli, men gahryman, men batyr, men gorkunç, men hormatlanýan, men aýratyn edenli, men patyşalaryň arasynda özüm ýaly patyşa görmedim…Men

patyşa uruşda we söweşde güýçli…öz duşmanlarymy ýok etdim, boýun egmedikleri boýun egdirdim, bütin adamzady özüme tabyn etdim” diýip, öwnüp ýazypdyr.

Patyşanyň häkimiýeti goşuna we ägirt uly dolandyryş guramasyna daýanypdyr. Assiriýa döwletinde harby we maliýe ulgamy döwletiň esasy pudagy hasap edilipdir. Birinjisi ýurduň içinde we tabyn edilen ýutlarda tertip- düzgüni saklasa, ikinjisi döwletiň gaznasyna gelýän girdejini üpjün edipdir we hasaba alypdyr.

Assiriýanyň ilaty dürli görnüşli salgytlary töläpdir: ýerden gelýän girdejiden, ybadathana tölegleriniň birnäçe görnüşlerini we borçlaryny- gurluşyk işlerini, ýap gazmak işlerini we harby borçlylygy ýerine ýetirmeli bolupdyrlar. Salgytdan diňe patyşanyň “gorag” hatyny alanlar boşadylypdyr. Şeýle gorag hatlary diňe az sanly şäherlere (Wawilona, Sippara, Nippura, Harrana, Aşşura), buthanalara we köşk emeldarlaryna berilipdir.

B. e. öň VIII-VII asyrlarda ägirt uly Assiriýa harby döwletini edara etmek çylşyrymly mesele bolupdyr. Assiriýa basyp alan ýerlerinde özüne garaşly welaýatlary döredipdir. Olar Assiriýadan iberilen emeldarlar we olaryň dolandyryş guramasy tarapyndan edara edilipdir. Käbir halatda garaşly hanlyklar saklanypdyr. Olar Assiriýa salgyt töläpdirler. Wawilon aýratyn ýagdaýa eýe bolup, Assiriýa hökümdarlary özlerini Wawilonyň patyşasy diýip yglan etmek bilen, ony özbaşdak döwlet edip görkezmäge ymtylypdyrlar. Daşyndan göräýmäge kuwwatly uly Assiriýa döwleti hakykatda gowşak syýasy birleşme bolup, ol ýaragyň güýji bilen saklanypdyr.

**Assiriýanyň synmagy.** Ykdysadyýetiň bir taraply ösmegi, dolandyryş guramasyndaky gowşaklyk, boýun egdirilen halklaryň göreşi Assiriýanyň heläk bolmagyna sebäp bolupdyr. Goňşy ýaş döwletleriň güýçlenmegi-de Assiriýanyň ýykylmagynyň esasy sebäpleriniň biri bolupdyr. B.e. öň 626-njy ýylda Wawilon Assiriýadan bölünip aýrylýar. B.e. öň 625-

nji ýylda Midiýa özbaşdak bolýar. Wawilonyň we Midiýanyň Assiriýa garşy ilki özbaşdak, soňra bilelikdäki uruşlary Assiriýanyň ýeňilmegine alyp barýar. B.e. öň 614-nji ýylda Aşşur eýelenýär, 612-nji ýylda Assiriýanyň paýtagty Ninewiýa şäheri hem basylyp alynýar.

B. e. öň 590-njy ýylda Harranyň eteginde bolan söweşde Assiriýa goşunlarynyň galyndylarynyň derbi-dagyn edilmegi bilen, Assiriýa döwleti gutarnykly ýykylýar. Assiriýa begleri ýok edilýär. Şäherler ýumurylýar. Aman galan ilat obalara dargaýar. Şeýlelik bilen, bir ýarym asyr dowam edip, uly döwlet derejesine ýeten Assiriýa öz ýaşamagyny bes edýär.

ÝAKYN GÜNDOGAR B.E.ÖŇ I MÜŇÝYLLYGYŇ BAŞYNDA




## §13. Wawilon b. e. öň II müňýyllygyň ahyrynda-I müňýyllygyň birinji ýarymynda

**Wawilon b. e. öňki XII-VII asyrlarda.** B.e. öň XIII asyryň ahyrlarynda Wawilon ykdysady taýdan pese düşýär. Bu onuň goňşylary bolan Assiriýanyň we Elamyň çozuşlary bilen

has hem çuňlaşýar. B.e. öň XII asyryň ortasynda Wawilony Elam basyp alýar. Olar ýurdy talaýarlar. Iň soňky kassit neberesinden bolan patyşany hem-de ýokary hudaý Mardugyň heýkelini elamlylar alyp gidýärler. Ýurdy elamlylaryň goýan dikmesi dolandyrypdyr.

Emma elamlylaryň agalygyna garşy göreş başlanypdyr. Elama garşy göreşe Isin şäheri baş bolupdyr. Isin kem-kemden ýokary galypdyr. Isiniň häkimi Nawuhodonosor I (b.e. öň 1125-1104 ýý.) elamlylary ýurtdan kowmagy başarýar. Ol Elamyň üstüne ýöriş edip, ony aýgytly ýeňilişe sezewar edýär. Şondan soň Elam üç asyrlap, tä b.e. öň 821-nji ýyla çenli özüni dürsäp bilmändir. B.e. öň XI asyrda Derýaaralygyna günbatardan çarwa amoreý we arameý taýpalary aralaşyp başlapdyr. B.e. öň VIII asyra çenli olar Wawilonyň demirgazyk we günbatar çäklerinde berk ornaşypdyrlar.

B.e. öňki IX asyrdan başlap, arameýleriň haldeý taýpasy Wawilonyň syýasy durmuşynda uly orun tutýar. Haldeýler ilkinji gezek b.e. öň 878-nji ýylda Assiriýa ýazgylarynda agzalýar. Olar ilki Derýaaralygynyň günortasynda ornaşypdyrlar we Wawilon dinini, medeniýetini kabul edipdirler. Soňra kem-kemden demirgazyga süýşüpdirler. Haldeýler 6 taýpadan ybarat bolupdyr. Olar ýarym çarwa görnüşde ýaşap maldarçylyk, ekerançylyk hem balykçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Olarda urug-taýpa gurluşy saklanypdyr. Taýpalara serdarlar ýolbaşçylyk edipdir.

**Wawilonyň Assiriýanyň golastyna düşmegi (b. e. öň VIII-VII asyrlar).** B.e. öň IX asyryň ahyryndan başlap, Assiriýa ýygy-ýygydan Wawilon ýerlerine çozup durupdyr we ýurduň demirgazygyny eýeläpdir. B.e. öň VIII asyryň ortalarynda bolsa, güýçli Assiriýa döwleti Wawilona birnäçe gezek aýgytly zarba urupdyr. B.e. öň 744-nji ýylda Assiriýa patyşasy Tiglatpalasar III uly goşuny bilen ýurda çozup Pars aýlagyna çenli baryp ýetýär. Bu ýörişde haldeý taýpalary derbi-dagyn edilýär. Netijede Tiglatpalasar Şumeriň hem Akkadyň

şasy bolýar. Assiriýa Wawilony özüniň bir welaýatyna öwürmän, ony Assiriýa döwletiniň düzüminde özbaşdak patyşalyk hökmünde saklapdyr. Ilatyň ýokary gatlak wekilleri Assiriýa şalarynyň syýasatyny goldapdyr. Kese ýurtlara garşy göreş hereketini diňe garamaýak adamlar hem-de haldeý taýpalary alyp barypdyr. Bu göreşe garamazdan Wawilon ýene-de 100 ýyl çemesi Assiriýalylaryň golastynda galypdyr.

B. e. öňki 720-nji ýylda haldeýleriň serdary Marduk-apla-iddin II Assiriýalylaryň agalygna garşy çykyş edip Wawilon tagtyny eýeläpdir we 10 ýyl özbaşdak şalyk edipdir. Diňe b.e. öňki 709-njy ýylda Assiriýa şasy Sargon II Wawilony gaýtadan eýeleýär. Ol Wawilonyň şasy diýilip yglan edilýär. B.e. öň 705-703-nji ýyllarda Marduk-apla-iddin II Wawilon tagtyny gaýtadan eýelemäge eden synanyşygy şowsyz bolupdyr. B.e. öňki 691-nji ýylda Wawilon ýene Assiriýa garşy gozgalaň edýär. Halule diýen ýerde bolan gazaply söweşde iki tarap hem köp ýitgi çekýär. Emma hiçisi-de aýgytly ýeňiş gazanyp bilmändirler. B.e. öň 690-njy ýylda Assiriýa şasy Sinahherib Wawilona ýöriş edýär we şäheri köp wagtlap gabawda saklaýar. Açlykdan ysgyny giden wawilonlylar şäheri uzak gorap bilmändirler. B.e. öň 689-njy ýylda şäher basylyp alynýar hem-de doly weýran edilýär. Şäheriň diri galan ilaty gulçylyga satylyp, Wawilon Assiriýanyň ýönekeý bir welaýatyna öwrülip galypdyr.

Assiriýanyň täze şasy Asarhaddon Wawilon şäherini täzeden dikeldipdir. Onuň diri galan ýaşaýjylaryny gaýtaryp getiripdir. Asarhaddon ölmänkä Assiriýany öz ogullarynyň arasynda paýlap beripdir. Assiriýa Aşşurbanapala berilýär. Wawilonda bolsa, onuň kiçi dogany Şamaşşumukin garaşly patyşa hökmünde patyşa goýulýar. Şamaşşumukin b.e. öň 652-nji ýylda Müsür, Siriýa, Elam döwletleri we haldeý, arameý we arap taýpalary bilen gizlin ylalaşyk baglaşyp, Assiriýanyň garşysyna gozgalaň turuzýar. Dergalanyň ýanynda bolan aýgytly söweşde hiç tarapy hem ýeňiş gazanmandyr. Uruş ýene

üç ýyl dowam edipdir. Assiriýa şasy Aşşurbanapal Elamy dürli ýollar bilen bileleşikden çykarmagy başarypdyr. Wawilon şäheri uzak wagt gabalypdyr. Şäherde keselçilik başlanypdyr.

Açlykdan ýaňa adamlar biri-birini iýmäge çenli baryp ýetipdir. B.e. öň 648-nji ýylyň tomsunda Wawilony Assiriýalylar eýeläpdir. Şamaşşumukin heläk bolupdyr.

**Täze Wawilon şalygynyň döremegi.** Wawilonda özbaşdaklyk ugrunda göreş b.e. öň VII asyrda hem dowam edýär. B.e. öň 626-njy ýylda Assiriýa garşy gozgalaňa haldeýleriň serdary Nabopalasar ýolbaşçylyk edýär. Ol assiriýalylaryň dikmesini kowupdyr, hem-de şol ýylyň 25-nji noýabrynda özüni Wawilonyň şasy diýip yglan edipdir. Ol haldeý ýa-da Täze Wawilon şalygynyň başlangyjy bolupdyr.



Urdaky Nabanidiň zikkuraty.
B. e. öň VI asyr (rejelenen)

Nabopalasar b.e. öň 616-615-nji ýyllarda Uruk we Nippur şaherlerini eýeläpdir. B.e. öň 616-njy ýylda bolsa Aşşury gabapdyr, emma alyp bilmändir. Diňe b.e. öň 614-nji ýylda gündogardan midiýalylaryň çozup gelmegi bilen Aşşur şaheri ýykylypdyr. Şondan soň Midiýa bilen Wawilon Assiriýa garşy bileleşik baglaşyp ýaran bolupdyrlar. Ol Kiaksaryň gyzynyň Nawuhodonosora (Wawilon patyşasynyň ogly) berilmegi bilen berkidilipdir. B.e. öň 612-nji ýylda wawilonlylar, midiýalylar hem skifler birleşip Ninewiýany eýeläpdirler. Şäher talanyp, ilaty gul edilip satylýar.

Assiriýa ýykylan soň Midiýa onuň düýp ýerlerini hem Harran ýurdyny, Wawilon bolsa tutuş Derýaaralygyny eýeläpdir. Indi Ýakyn Gündogarda diňe üç sany döwlet:

Wawilon, Midiýa, Müsür galypdyr. Kiçi Aziýada bolsa Midiýa we Klikiýa döwletleri bolupdyr.

Wawilon Assiriýa degişli günbatardaky ýerleri eýelemäge ymtylypdyr. Emma oňa Müsür garşylyk görkezipdir. B.e. öň 607-nji ýylda Nabopalasar döwletiň içerki işleri bilen meşgul bolup, goşuna serkerdelik etmekligi ogly Nawuhodonosora tabşyrýar. Nawuhodonosor II serkerdelik etmeginde Wawilon goşunlary Karkemiş şäherini eýelemek üçin, ol ýerdäki Müsür goşunlary bilen çaknyşypdyr hem üstün çykypdyr. Soňra ol Siriýany, Palestinany uly garşylyk görmän boýun egdiripdir.

B.e. öň 505-nji ýylda Nabopalasar ölenden soň Nawuhodonosor II Wawilonyň şasy bolýar. Ol ýörişi dowam edip Finikiýanyň Askalon şäherini basyp alýar. B.e. öň 598-nji ýylda Arabystanyň demirgazygyna ýöriş edip möhüm kerwen ýollaryny eýeleýär.
Şol wagt Müsüriň goldamagynda Iudeýa Wawilondan bölünip aýrylýar. Tir, Gaza, Sidon şäherleri hem gozgalaň turuzýar. B.e. öň 597-nji ýylda Nawuhodonosor Iudeýa ýöriş edip Ierusalimi eýeleýär. Şäheriň 3 000 sany ýaşaýjysy ýesir edilip Wawilona sürülýär. Emma Iudeýada gozgalaň soň hem dowam edipdir. Ony Müsür goldapdyr. B.e. öň 587-nji ýylda Nawuhodonosor Iudeýa şalygyny ýatyrýar. Ol Wawilonyň bir welaýatyna öwrülýär. Müňlerçe ýewreýler ýesir edilip Wawilona äkidilýär. (Ýewreýleriň Wawilon ýesirligi).

**Wawilonyň ýokary galmagy.** Nawuhodonosoryň şalyk eden döwri Wawilonyň ykdysadyýetiniň ýokary ösen hem-de medeni taýdan galkynyş döwri bolupdyr. Wawilon gadymy gündogaryň iň uly hem iň gözel şäherine öwrülýär. Onuň ilaty 200 müň adama ýetýär. Şäher Ýewfrat derýasynyň boýunda ýerleşipdir. Derýanyň günbatar kenarynda täze şäher emele gelýär. Derýanyň üstünden ini 5-6 m., uzynlygy 123 m. bolan köpri gurulýar, şäheriň bir çetinde kaşaň patyşa köşgi gurulýar.

Beýleki çetinde bolsa belent depäniň üstünde ýurdun baş ybadathanasy– Esagila ýerleşipdir. Ol taraplary 400 metr bolan inedördül desga bolupdyr. Esagila degişdirilip 7 basgançakly, beýikligi 91 m. bolan  Zikkurat ýerleşipdir. Ony asmanyň hem ýeriň birleşýän ýeriniň ybadathanasy diýip atlandyrypdyrlar.

Töwratda "Wawilon diňi" diýlip atlandyrylýan bu desga gadymy dünýäniň ýedi täsinliginiň biri hasaplanypdyr. Onuň çür başynda baş hudaý Mardugyň buthanasy ýerleşipdir. Ybadathananyň diwarlarynyň ýüzi syrçaly kerpiçden, içi hem üçegi altyndan örtülipdir. Gymmat baha daşlar bilen gaşlanan zikkuratyň üstüne basgançaklar arkaly çykylypdyr. Zikkuratyň esasy girelgesinden başlap ini 30-35 m kerpiç düşelen köçe uzalyp gidipdir. Köçe aýal Hudaý Iştaryň hormatyna gurulan 12 metrlik derwezä baryp gutarypdyr. Derwezäniň ýüzi hyýaly haýwanlaryň şekili bilen bezelipdir. Ol ýol baýramçylyk günlerinde geçirilýän dini dabara niýetlenipdir.



Dünýäniň ýedi täsinliginiň ýene biri Wawilondaky asma çarbag bolupdyr. Ol belent bag diregleriň üstindäki toprakda ösdürilipdir.



Wawilon. Iştaryň derwezesi we Iştar hudaýy

Ol bagy Nawuhodonosor öz aýaly Semiramida bagyşlap gurdyrypdyr. Sippar şäheriniň ýanyndan bolsa, suw saklamak üçin ägirt uly köl gurupdyrlar, onuň suwy kanallar arkaly ekin meýdanlaryna akdyrylypdyr.

Wawilon şäheriniň daşyna berk gala galdyrylypdyr. Ol çig hem bişen kerpiçlerden örülen 2 gat haýatdan ybarat bolupdyr. Kerpiçleriň arasy asfalt hem gamyş bilen berkidilipdir. Onuň beýikligi 8 m., ini 3,7 m, uzynlygy 8,3 km. bolupdyr. Şäheriň 8

derwezesi bar eken. Gala diwary aralygy 20 m. daşlykda ýerleşen küňreler bilen goşmaça berkidilipdir. Galadan 20 m.daşlykda bolsa giň içi suwdan doldurylan garym gazylypdyr.

Nawuhodonosor b.e. öňki 562-nji ýylda ýogalýar. Ruhanylar hem begler tagt üstünde dawa başlapdyrlar. Netijede atasy haldeý serdarlaryndan, enesi Horrandaky Sina ybadathanasynyň ruhanysy bolan Nabonid tagta çykarylýar. (b.e. öň 556-539 ýý.).

Nabonid Wawilonyň gadymy hudaýlary Marduga, Şamaşa, Nergala sežde etse-de kem-kemden aý hudaýy Sinany baş hudaý derejesine galdyrypdyr. Emma Sina Wawilonda kän bir ykrar edilmändir. Ol arameýleriň baş hudaýy hasaplanypdyr. Nabonid Mardugyň ornuna Sinany baş hudaý diýip yglan etmek bilen, Derýaaralygyndaky ähli arameýleri birleşdirýän güýçli döwleti döretmek isläpdir. Bu ýagdaý gadymy Wawilon hudaýlarynyň ruhanylarynyň nägileligini döredipdir. B.e. öň 553-nji ýylda Midiýanyň Harrandaky goşunlarynyň parslara garşy urşa çagyrylmagyndan peýdalanyp Nabonid Harrany eýeleýär. Sinanyň Harrandaky buthanasyny (609-ny ýylda ýykylypdy) bolsa dikeltmegi buýurýar.

Nabonid demirgazyk Arabystandaky Teým şäherini eýelemek bilen, Müsüre barýan kerwen ýollaryny hem eýeläpdir.Şoňa görä-de Pars aýlagyndan Müsüre barýan gadymy söwda ýoly ýapylýar. Teýmiň üstünden geçýän ýollar indi esasy sowda ýollaryna öwrülýär. Nabonid tagtyny hem Teýme göçürýär. Wawilonda bolsa ogly Bel-şar-usury häkim edip galdyrýar. (Töwratdaky Waltasar).

**Wawilon patyşalygynyň ýykylmagy.** B. e. öňki VI asyryň ortalaryndan Pars döwleti güýçlenip başlaýar. Parslar bilen urşyň boljagy aýan bolansoň Nabonid Wawilona gelip berkitme işlerini geçirip başlapdyr. Emma ruhanylar hem söwdagärler Nabonitden närazy bolupdyrlar. Onuň goşuny dürli halklardan döredilen we parslaryňka garanyňda has az hem gowşak bolupdyr. Üstesine-de, Wawilonda zorluk bilen göçürilip

getirilen kop sanly halklaryň muňlerçesi ýaşapdyr. Olar bolsa parslary özlerini azat ediji hökmünde garaşypdyrlar.

B.e. öň 539-njy ýylyň awgustynda Tigriň boýundaky Opis şäheriniň ýanynda bolan söweşde, parslar Bel-şar-usuryň serkerdeligindäki Wawilon goşunyny derbi-dagyn edýärler. Soňra parslar Sippar şäherini basyp alýar. B.e. öň 539-njy ýylyň 12-nji oktýabrynda bolsa, pars goşunlary uly bir garşylyga duçar bolmazdan Wawilona girýärler. Nabonid ýesir alnyp Karmaniýa welaýatyna häkim edilip sürgün edilýär. Emma onuň ogly Bel-şar-usur jezalandyrylýar.

Wawilon hronikalarynda, Kiriň ýazgylarynda we Töwratda Nabonid tankyt edilýär. Ony öz ýurdunyň hudaýlaryna garşy giden, halkyna jebir jepa beren, hat-da aňyndan azaşan hökmünde görkezilýär. Hamala şonuň üçin hem Marduk Nabonidi ýok etmegi Kire tabşyranmyş. Bu ýazgylar parslaryň zamanynda Nabonidiň duşmanlary tarapyndan düzülipdir.

Pars şalarynyň basylyp alnan ýurtlar barada alyp baran syýasaty Assiriýa, Wawilon şalarynyňkydan kän tapawutlanypdyr. Parslar Wawilonyň hudaýlaryna, dini däp-dessurlaryna hormat bilen garapdyrlar. Dini baýramçylyklarda Wawilon hudaýlaryna sadaka beripdirler, Ruhanylara ýeňillikler berilipdir. Zor bilen Wawilona getirilen kese ýerlilere ýurduna gaýtmaga rugsat edilipdir.

Kir II Wawilony eýelänsoň özüni Wawilon şasy diýip yglan edýär. Emma Wawilon aýratyn syýasy birlik hökmünde ýaşamagyny dowam etdiripdir. Onuň durmuşy, gurluşy özgerdilmändir. Wawilon şäheri Kir II bir paýtagty hasap edilipdir. Ozalky emeldarlar öz wezipelerini saklapdyrlar. Parslar ýurduň ykdysadyýetiniň ösmegi, söwdanyň giňelmegi üçin şert döretmegiň aladasyny edipdirler. Ruhanylar öz dini däplerini ýerine ýetirmäge doly ygtyýar alypdyrlar. Kir II häkimiýetine kese ýerli hökmünde garalmandyr. Çünki ol "Mardugyň rugsat" bermeginde, Wawilon tagtyny eýelän hökmünde görkezilipdir. Kir II şalaryň şasy, Wawilonyň şasy,

ýurtlaryň şasy derejäni kabul edipdir. Bu derejäni Kserkse çenli pars şalary özünde saklapdyrlar.

Şeýlelik bilen, Wawilon özbaşdaklygyny ýitiripdir. Ol özbaşdak daşary syýasat ýöretmekden mahrum bolupdyr. Ýokary wezipelere hem kem-kemden parslar bellenipdir. Wawilon pars agalygyna garşy birnäçe gezek gozgalaň edipdir. (b.e. öň 522-521, 484, 482 ýý.) Iň soňky gozgalaňdan soň Wawilon patyşalygy ýatyrylyp ol ýönekeý satraplyk derejesine kiçeldilipdir.

**Wawilonyň ykdysadyýeti we jemgyýetçilik gurluşy.** Täze Wawilon şalygy zamanynda hem önümçiligiň esasy pudagy ozalkylar ýaly oba hojalygy bolupdyr. Ýeriň esasy bölegi buthanalara patyşalaryň neberelerine, emeldarlara, baý söwdegärlere degişli bolupdyr. Daýhan hojalyklarynyň ýer paýy kiçijik bolup 4 gektardan birnäçe gektara ýetipdir. Ýeriň bahasy gymmat bolupdyr. Şoňa görä-de bagçylyk ekerançylykdan amatly bolupdyr. Ekerançylyk emeli suwaryşa bagly bolupdyr. Döwlete, buthana, hususy adamlara degişli köp sanly kanallar bolup, ekin suwarýan ýer eýeleri alýan suwy üçin hak töläpdirler. Ownuk daýhanlar ýerini özleri işläp bejeripdirler. Iri mülkler köplenç kärendä berilipdir. Kärende haky öňünden ylalaşylypdyr. Köplenç halatda ýer eýesi hasylyň 1/3-ni alypdyr.

Hünärmentçilik ýokary galypdyr. Şol döwrüň ýazgylarynda daş ýonujylar, dokmaçylar, demirçiler, mis işleýän ussalar, agaç ussalary, gurluşykçylar, zergärler, kir ýuwýanlar, çörek bişirýänler we ş.m. hünärdäki adamlar agzalýar. Hünärmenler müşderiniň islegi boýunça hem, bazarda satmak üçin hem önüm öndüripdirler. Hünärmen adamlar muzduna öz hünärini erkin adamlara-da, gullara-da öwredipdirler. Hünärli gul köp girdeji getiripdir. Şoňa görä-de gul eýeleri gullaryny hünär öwretmek üçin ussa beripdirler. Okuw 1,5 ýyldan 6-8 ýyla çekipdir. Ussa hünär öwretmek barada şertini bozsa jerime tölemeli bolupdyr. Okuwyny tamamlan gul hojaýyna gaýdyp

gelipdir. Ussahana-da galsa ýa-da özi ussahana açsa hojaýyna hak tölemeli bolupdyr.

Wawilonyň ilaty doly hukukly şäher raýatlaryndan, erkin, emma raýatlyk hukugy bolmadyklardan, ýarym garaşly adamlardan hem-de gullardan düzülipdir.

Doly hukukly raýatlar öz gezeginde döwlet hem dini emeldarlardan, täjirlerden, ýer eýelerinden hem hünärmentlerden düzülipdir. Olar şäherde ýaşapdyrlar. Umumy ýygnaklara (sud we ş.m.) we dini dessurlara gatnaşypdyrlar. Buthananyň girdejisiniň belli bir böleginden paýlaryny alypdyrlar.

Erkin, emma raýatlyk hukugy bolmadyk ilat harby, patyşa emeldarlaryndan, dürli gullukdaky kese ýurtlylardan düzülipdir. Käte olar öz guramalaryny döredipdirler. Halk ýygnaklaryna ýygnanypdyrlar. (müsürliler, ýewreýler) Emma kese ýurtlylara mülk edinmäge ygtyýar berilmändir.

Garaşly ilat öz ýer paýy bolmadyk adamlardan düzülip, olar buthana, patyşalyk ýa-da şahsy mülklerde işläpdirler. Hukuk taýdan olar gul hasap edilmändir.

Iň soňky derejede gullar durupdyr. Olaryň diňe borjy bolup, hukuklardan mahrum edilipdir. Döwlet, buthana, hususy adamlar gullara eýelik edipdir. Gullaryň sany köp bolsa-da, oba hojalygynda hünärmentçilikde erkin zähmet agdyklyk edipdir. Gullara az-owlak emläk, gural we ş.m. berip özbaşdak işlemäge ygtyýar berilýän wagty hem az bolmandyr. Şeýle gul hojaýyna ýylda 12 şeýkel kümüş bermeli eken. Bu erkin işgäriň zähmet hakyna deň bolupdyr. Guluň bahasy 60-90 şeýkel kümüşe barabar bolupdyr. Kähalatda baý bolýan gullar hem bolupdyr. Olar öý, hojalyk, emläk, hatda gul hem edinipdirler. Emma şeýle-de bolsa, hojaýyn ony erkin diýip ykrar etmese ol gul ýagdaýyndan boşap bilmändir. Emma gullaryň aglabasy hojaýynyň gözegçiliginde bolup agyr zähmet çekipdirler.

Wawilon patyşalygynda bergidarçylyk gatnaşygynda özgerişler bolup geçipdir. Eger irki döwürlerde algydar

bergidary bergisini üzüp bilmedik ýadaýynda ony gula öwrüp bilipdirler. Indi ol düzgünler gadagan edilipdir. Bergidary saklamak, işletmek bilen algydar üzülişmeli eken. Täze Wawilon patyşalygy döwründe maşgalabaşa aýalyny bergisi üçin girew goýmaga ygtyýar edilmändir. Emma çagalaryny girew goýup bilipdir.

Hünärmentlerden, daýhanlardan, gullardan başga-da bu döwürde wawilon hojalygynda hakyna tutma zähmet hem giňden peýdalanylypdyr. Işçi güýji ýetmeýän möwsümlerde olara has ýokary hak tölenipdir. Esasan az ýerli daýhanlar möwsümleýin hakynatutma işlerde işläpdirler.

Wawilonyň sosial hem hojalyk durmuşynda buthanalaryň ähmiýeti uly bolupdyr. Olara iri mülkler, köp sanly gullar degişli bolupdyr. Olar söwda, süýthorçylyk işlerini hem alyp barypdyrlar. Buthanynyň girdejisiniň esasy bölegini dürli salgytlar düzüpdir. Onuň esasyny girdejiň 1/10 bölegi möçberinde, erkin ilatyň ählisiniň buthana töleýän salgydy bolupdyr. Salgyt önüm ýa-da pul görnüşinde tölenipdir. Wawilony parslar eýeländen soň buthanalar döwlete salgyt tölemäge we borçlary ýerine ýetirmäge mejbur edilipdir.

Dariý I döwründe zikgelenen pullar girizilenem bolsa, Wawilonda ol ulanylmandyr. Pul hökmünde ýüzi tagmalanan (hili bellenen) kümüş bölejikler ulanylyp, olar her gezekde çekilip alnypdyr. Altyn bolsa pul hökmünde ulanylman haryt hökmünde ulanylypdyr.

Içerki hem daşarky söwda-da aýry-aýry hojalyklar uly orun tutupdyr. Aýratyn hem Egibileriň hojalygy b.e. öň VIII asyrdan V asyra çenli Wawilonda iň uly söwda öýi bolupdyr. Onuň agzalary hem gullukçylary satmak, satyn almak, göterimine pul bermek we beýleki bank dolanşygy ýaly işleri giň möçberde alyp barypdyrlar. Olar ýurduň içinde-de, daşary ýurtlar bilen hem (Midiýa, Elam) lomaý söwda edipdirler.

B.e. öňki V asyrda günorta we merkezi Drýaaralygynda Muraşularyň hojalygy söwda süýthorçylyk işlerini alyp

barypdyr. Muraşylaryň hojalygy pars emeldarlaryna degişli ýerleri tutuşlygyna kärendä alypdyrlar, soňra bolsa kärendeçilere bölekleýin paýlap, olary zerur zatlar bilen üpjün edipdirler we hojalygy dolandyrypdyrlar.

Halkara söwdasynda Wawilon araçy hökmünde çykyş edipdir. Wawilon Müsir, Kiçi Aziýa, Kengan, Elam, Midiýa bilen söwda edipdir. Wawilonyň özi galla hem hünärmentçilik önümlerini çykarypdyr. Wawilon Pars imperiýasynyň iň baý satraplyklaryndan biri bolupdyr. Onuň gazna her ýylky salgydy 1000 talant (30 t) kümüşe barabar eken.

Pars agalygy döwründe Wawilona dürli halklaryň wekilleri köp göçüp gelipdir. Ilat birneme garyşypdyr. Dini-medeni garyşmak (sinkretizm) ýagdaýy güýçlenipdir. Göçüp gelenler (pars, arap, ermeni, elamly, midiýaly, frigiýaly, lidiýaly, müsürli we ş.m.) arameý dilinde gürläpdirler. Ýerli halkyň däplerini kabul edipdirler. Şol bir wagtyň özünde gelmişekler öz dini hem medeni täsirini ýerli halka ýetiripdirler.

## §14. Derýaaralygynyň gadymy halklarynyň medeniýeti

**Derýaaralygy halklarynyň medeniýetiniň aýratynlyklary.** Derýaaralygy dünýä taryhynda gadymy şäher medeniýetiniň möhüm merkezleriniň biridir. Derýaaralygynyň medeniýetiniň düýbüni tutanlar şumerlerdir. Soňra ony wawilonlylar we assiriýalylar dowam etdiripdirler. Derýaaraygynyň medeniýetiniň başlangyjy b.e. öň IV müňýyllykda, entek şäherleriň döreýän döwründe ýüze çykypdyr. Ol uzak ösüşiň dowamynda içerki birligini we gadymy nusgalaryny dowam etdirip gelipdir. Derýaaralygynyň medeniýetiniň başyny hatyň ýüze çykmagy başlaýar. Ilki ol ýönekeý piktografiýa (surat haty) bolanlygyndan Şine hatyna öwrülipdir. Şina haty Derýaaralygynyň taryhynyň bütin dowamynda, onuň medeniýetiniň ahli ugurlaryny birleşdirýän esasy özeni bolup hyzmat edipdir. Şina hatynyň unudylmagy

Derýaaraygynyň medeniýetiniň heläk bolmagyna getiripdir. Emma onuň iň möhüm üstünliklerini parslar, arameýler, grekler we beýleki halklar kabul edipdirler. Soňra bolsa, beýleki halklaryň üsti bilen dünýä medeniýetiniň hazynasyna goşulypdyr.

**Hatyň-ýazuwyň ýüze çykmagy.** Derýaaraygynyň medeniýetiniň iň möhüm üstünlikleriniň biri hat-ýazuwdyr. Ol b.e. öň IV müňýyllygyň ahyrynda III müňýyllygyň başynda peýda bolupdyr. Ol piktografiýa bellikleri bolup, onuň üsti bilen diňe örän ýönekeýje zatlary belläp bolýan eken. Meselem, öküziň hem ýolbarsyň bir ýerde çekilen suraty ýolbars öküzi iýdi diýen many beripdir. Emma şeýle hatyň üsti bilen gündelik durmuşyň dürli wakalaryny ýa-da çylşyrymly pikirleri beýan etmek mümkin bolmandyr. Haty ilki oýlap tapanlar şumerlerden öň ýaşan halk hasaplansa-da diňe şumerler ony siwilizasiýanyň bähbidine peýdalanypdyr.

Piktografiýa hatynyň saklanyp galan ilkinji nusgalary takmynan b.e. öň 3200-nji ýyla degişli hasaplanylýar. Soňra ondan bogunly hat ýüze çykýar. Meselem, goýun (udu) ilki başda diňe şol jandary aňlatsa, soňra ol şekil “udu-diýen” ses toplumyny aňladypdyr. Soňra şekiller ýönekeýleşdirilýär. Ozal guş çekilen bolsa, soň onuň diňe ganaty şekillendirilipdir. Ony hem örän ýönekeýleşdiripdirler. Şeýdip piktografiýa kem-kemden şine hatyna öwrülipdir. Emma şumerlerden soňraky halklar hem şine hatyny elipbiý derejesine ýetirmändirer. (Bir bellik bir sesi aňladýan derejä). Şumer haty ideogramma bolup bellikler toplumy bütewi sözi aňladypdyr. Gürrüň näme hakda barýanyny okyja aňlatmak üçin ýörite belgiler ulanylypdyr. Meselem, başda “Ju” (hünärment) diýen belgi goýulan bolsa, okyjy gürrüňiň hünärment, ussa hakda barýandygyny aňypdyr. Şeýle belgiler durmuşda (determinatiw) zerur bolupdyr. Çünki şumer hatynda şol bir bellik birnäçe manyny aňladypdyr. Mysal üçin, “Tin” belgisi “jan” hem “gurluşykçy” manysyny aňladypdyr. Aýdylanda olar uzyn ýa-da gysga aýtmak bilen

tapawutlanypdyr. Emma ýazylanda ony diňe determinatiwiň kömegi bilen tapawutlandyrmak mümkin eken. Şumer şine haty 600 töweregi bellikden ybarat bolupdyr. Ony gamyş taýajyklar bilen toýun palçykdan ýasalan kerpiçjikleriň ýüzüne ýazypdyrlar. Hat ýazmak, okamak diňe az sanly adamlara elýeterli bolupdyr. Şumer dilinde şina haty bilen ýazylan ilkinji uly ýazgylar b.e. öň XXIV asyrda peýda bolupdyr.

Derýaaraygynyň günortasynda akkad dili b.e. öň III müňýyllygyň birinji ýarymyndan, ýagny akkadlaryň şumer hatynda ýazan beýanlaryndan mälimdir. Olar şumer hatyny giňden ulanypdyrlar. Şondan soň bolsa akkad hem şumer diliniň özara gatyşmagy başlanýar. Emma şumer diliniň täsiri entek uly bolupdyr. B.e. öň III müňýyllygyň ahyrlarynda şumer-akkad diliniň sözlügi düzülipdir.

B.e. öň XXV asyryň ahyrynda Şumer şina haty Siriýanyň Eble şäherinde ulanylyp başlanýar. Soňra şumer hatyny elamlylar, hurritler, hettler, urartlar peýdalanypdyrlar. B.e. öň II münýyllygyň ortalarynda Alynky Aziýada şumer-akkad haty doly ýaýrapdyr. Emma esasy halkara dili hökmünde akkad dili ulanylypdyr.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, Derýaarlygynda haty toýun kerpiçjikleriň ýüzüne ýazypdyrlar. Kerpiçjikler ýuka, taraplary 7-9 sm. ulylykda bolupdyr. Olaryň käbirleri bişirlipdir. Toýun kerpiçjikler hatyň uzak saklanmagyna ýardam edipdir. B.e. öň I asyrda Wawilonda hat ýazmak üçin deri, papirus, ýüzüne mum çalynan tagtajyklar ulanylyp başlapdyr.

B.e. öň VIII asyrdan başlap arameý dili Alynky Aziýada halkara diplomatik söwda diline öwrülipdir. Arameý mürzeleri haty derä hem papirusa ýazypdyrlar. Bu şumerleriň toýun kerpiçjige ýazmak usulyny gysyp çykarypdyr.

**Kitaphanalar hem arhiwler.** Wawilon-assiriýa medeniýetiniň iň oňat üstünlikleriniň biri-de kitaphanalaryň hem arhiwleriň döredilmegidir. Eýýäm b.e. öň II müňýyllykdan başlap Urda, Nippurda we beýleki şäherlerde kitaphanalar

döredilip we ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda üsti doldurylypdyr. Assiriýa şasy Aşşurbanapalyň (b.e.öň 669--633/627ýý.) Ninewiýadaky kitaphanasy Gadymy Gündogarda iň uly kitaphana hasaplanýar. Bu kitaphana üçin mürzeler Derýaaraygynyň ähli döwlet hem hususy kitaphanalaryndaky ýazgylary göçürip nusgasyny alypdyrlar. Ol ýerde 30 münden gowrak ýüzi hatly kerpiçjikler saklanypdyr. Olarda ýyl ýazgylary möhüm taryhy wakalar, kanunlar ýygyndysy, edebi eserler we ş.m. bolupdyr. Bu kitaphanadaky toýun kitaplar temasyna hem mazmunyna görä tertipleşdirilip ýerleşdirilipdir. Käbir ýazgylar birnäçe nusgada göçürilipdir. Uly beýanlar we kitaplar ýüzlerçe kerpiçjiklere yzygiderli ýazylypdyr. Olaryň tertibini saklamak üçin yzygiderli san belgileri goýlupdyr.

Gadymy Derýaaraygynyň hemme şäherlerinde diýen ýaly arhiw bolupdyr. Ilkinji arhiwler b.e. öň III müňýyllygyň ilkinji çärýeginde peýda bolupdyr. Arhiwdäki ýazgyly kerpiçjikler ýörite sebetlerde ýa-da tekçelerde saklanypdyr. Olaryň haýsy wagta degişlidigini görkezýän bellikleri bolupdyr. Iň uly arhiwler Maride (b.e. öň XVIII asyr) we Urukda ýerleşipdir. Urukdaky arhiwden 3500 ýazgy tapylyp, olar b. e. öňki VIII-VI asyrlara degişlidir.

Döwlet arhiwleri bilen bir hatarda hususy arhiwler hem bolupdyr. Olaryň bize belli bolan iň ilkinjisi III müňýyllygyň birinji ýarymyna degişlidir. Olar küýzelerde, sandyklarda, sebetlerde saklanypdyr. B.e. öň I müňýyllyga degişli hususy arhiwleriň onlarçasy bellidir. Olaryň iň ulylaryndan biri Wawilondaky Egibiler neberesiniň arhiwidir. Ol b.e. öň VIII asyryň ahyryndan V asyra çenli hereket edipdir. Onda dil hatlaryň (bergi barada) satmak, satyn almak, kärendä bermek, gullary hünär öwretmäge bermek we ş.m. boýunça şertnamalaryň 3000 töweregi saklanypdyr.

Derýaaraygynda hat ýazyjy, göçüriji mürzeleriň orny uly bolupdyr. Olaryň käbirleri köşklerde, ybadathanalarda uly

wezipeleri eýeläpdirler hat-da häkimlere-de täsirlerini ýetiripdirler.

**Mekdepler.** Şumeriň şeýle-de soňraky Wawilonyň mekdepleri esasan döwlet hem buthana gullugynda işlemek üçin mürzeleri (hatdat) taýýarlamaga niýetlenipdir. Şeýle hem olar ylmyň we medeniýetiň merkezi bolupdyr. Onda okuwçylara dünýewi bilimleri: dil, edebiýat bilimlerini, okuwlaryny dowam etdirjek ýokary synp okuwçylaryna hukuk, astronomiýa, medisina, matematika bilimleri öwredilipdir. Okuwçylaryň mekdep durmuşy barasynda gürrüň berýän köp sanly hekaýalar saklanypdyr. Mysal üçin, şumerleriň bir beýanynda okuwçy mugallymyny okuwa gatnasa-da hiç zat öwretmediň diýip günäkärläpdir. Okuwçysynyň ýazgaryşyna mugallym şeýle jogap beripdir: “Sen eýýäm garrylyga ýakynlaşyp ýörsiň. Seniň wagtyň gurap giden dänä ýaly geçdi. Ýöne sen adamlara azar bermän gulak asyp, gije-gündüz okasaň eger-de mugallymlaryňa we ýoldaşlaryňa gulak assaň, hat göçüriji-hatdat bolaýmagyň mümkin” diýipdir. Beýanlaryň käbirlerinde öwüt-nesihat berilse, beýlekilerinde ynjyk hem kütek mugallymlar tankyt edilipdir.

**Edebiýat.** Biziň günlerimize çenli saklanyp galan rowaýatlar, mifler, epiki eserlerden we nakyllaryň ýygyndylaryndan saklanyp galan beýanlar gadymy Şumeriň iňňän baý edebiýatynyň bolandygyna güwä geçýär. Eserleriň käbirlerinde Şumer şäherleriniň goňşy taýpalaryň çozuşyndan heläk boluşy barada gürrüň berilýär. Olardan halkyň içinde uly ähmiýete eýe bolan edebiýatlaryň biri-de “Uruň ýaşaýjylarynyň heläk boluşynyň agysydyr”( XXI asyryň ahyrlary).

Şumer edebiýatynyň iň görnükli eserleriniň biri-de Gilgameş baradaky rowaýatlar toplumydyr. Ol soňraky akkadlylaryň gaýtadan işlän görnüşinde saklanyp Aşşurbanapalyň kitaphanasyndan tapylypdyr. Rowaýata görä Gilgameşiň kakasy ynsan, enesi bolsa aýal hudaý Ninsun bolupdyr. Ýöne Gilgameş hakyky ýaşap geçen şahsyýet

bolupdyr diýip, hasap edilýär. Rowaýatlarda şeýle gürrüň berilýär. Gilgameş Uruk şähriniň ilkinji nesilşalygyň patyşasy hökmünde şumer şalarynyň sanawynda ýatlanylýar. Taryhy beýanlarda ol şäheriň daşyna berk gala gurmak üçin, halky örän zabun işlemäge mejbur edipdir. Şoňa görä-de ilat bu jebirden bizi halas et diýip hudaý Anua ýüzlenipdir. Hudaýlar Gilgameş bilen güýç synanyşar ýaly Enkidu atly äpedi ýaradyp ýere iberipdirler. Onuň endam jany tüý bolup duranmyş. Enkidu bilen Gilgameşiň başabaş göreşi Urukda bolup geçipdir. Bäsdeşleriň güýçleri deň bolup, hiç biri-de ýeňip bilmändir. Şondan soň olar dostlaşmagy karar edipdirler. Olar bilelikde Humbab atly wagşyny öldüripdirler we başga-da birnäçe edermenlik görkezipdirler. Şondan soň aýal hudaý Iştar Gilgameşe aşyk bolup özüne öýlenmegi oňa teklip edipdir. Emma Gilgameş boýun gaçyrypdyr. Oňa gahary gelen Iştar Gilgameşi ýok etmek üçin äpet bir öküzi ýollapdyr. Gilgameş Inkidu bilen bilelikde öküzi ýeňipdir. Soňra Enkidu hudaýyň emri bilen ölüme buýruk edilýär. Dostunyň ölümi Gilgameşi gaty gynandyrypdyr. Şonuň üçin hem ol gamgyn bolup ähli zady taşlap, ýeriň aňry çetinde ýaşaýan nesilbaşy atasy Ziusudryň ýanyna gidipdir. Ziusudra oňa adamlaryň köp günä hem adalatsyzlyk edýändikleri sebäpli, adamlary ýok etmek üçin hudaýlaryň uly tupan turuzandygy, diňe Ziusudra we onuň aýalyna gaýykda halas bolmaga mümkinçilik berilendigi barada gürrüň beripdir. (Nuh pygamber barada rowaýatyň görnüşi). Gilgameş ondan baky dirilik berýän derman otuň nirede ösýändigini sorapdyr. Ol salgy berilen ýerden oty alyp öz ýurtdaşlary bilen bile paýlaşmak üçin alyp gelýärkä, ýolda suwa düşmek üçin oty kenarda goýupdyr. Ony ýylan iýip baky dirilik gazanypdyr. Diňe şondan soň Gilgameş ykbaldan gaçyp gutulyp bolmajagyna, baky diriligiň hudaýlara mahsusdygyna, adama gysga ömrüň berilendigine düşünipdir.

B.e. öňki II müňýyllygyň ahyrynda “Parasatlylygyň hökümdaryna tagzym” atly eser peýda bolupdyr. Onda bir

halalhon, pukara adamynyň, ähli kanunlary berjaý etse-de, näçe sogap gazansa-da betbagtçylykdan gutulmaýandygy gürrüň berilýär. Onda näme üçin baş hudaý Marduk iň halalhon adamlaryň ejir çekmegine ýol berýärkä diýen sorag goýulýar. Oňa hudaýlaryň edýän işine hiç kim akyl ýetirip bilmez, şoňa görä-de adamlar öz ykbalyna kaýyl bolmalydyr diýip jogap berilýär.

B.e. öň X asyr bilen senelenýän “Gul, maňa boýun bol” atly eser hem ýokarky äheňde, adam öz ykbalyna boýun bolmalydyr diýen pikiri öňe sürýär. Onda işsizlikden içi gysan hojaýynyň öz guluna garap, öz isleýän her dürli işlerini amal edesi gelýändigini aýdypdyr. Guly ilki hojaýyny goldap, onuň arzuw-hyýallaryny nähili ýol bilen amala aşyrmalydygyny aýdypdyr. Emma haçanda hojaýyn öz arzuwlaryndan el çekenden soň bolsa, hakykatdanam olary etmegiň geregi ýokdygyny aýydýar

Gul hojaýyna syýahata gitse ýolda heläk bolmagynyň mümkindigini, söwda etse batmagynyň ahmaldygyny hojaýyna aýdypdyr. Gul hojaýyna bu dünýäde hiç hili sogap iş etjek bolup azara galmaly däl.
hemme adamlar deňleşýärler diýip ynandyrýar. Ol dünýeden doýgun hojaýynyna iň gowusy ölümdir diýip ündeýär.



Sargon II Dur-Şarrukindäki köşgündäki ruh goraýjy şedunyň heýkeli. B. e. öň VIII asyr

Hojaýyn guluny öldürmekçi bolanda, gul oňa beýtmegiň gerek däldigini, eger şeýtse özüniň hem basym öljekdigini aýtmak bilen halas bolýar. Assiriýa ýyl ýazgylary-da uly çeperçilik bilen ýazylypdyr. Olarda Assiriýa goşunlarynyň keseki ýurtlara

ýörişi, ol ýurtlaryň tebigaty, gözellikleri çeper beýan edilipdir. Akyldar assiriýa patyşalarynyň maslahatçysy Ahikar hakyndaky hekaýat Assiriýa edebiyatynyň iň görnükli nusgasy hasaplanýar.

Ahikar Asarhaddonyň (b.e. öňki 681-669 ýý.) mürzesi hem geňeşdary bolupdyr. Onuň çagasy ýok eken. Ol ýegeni Nadany ogulluga alyp öz hünärini öwredipdir we köşge gulluga ýerleşdiripdir. Ýagşylyga ýamanlyk diýen ýaly Nadan öz daýysyna haýynlyk edip Ahikary patyşa ýamanlaýar. Ahikar köp jebir süteme sezewar edilýär. Emma kekaýada hakykat üstün çykýar, Nadany töhmedi üçin jezalandyrýarlar.

**Dini düşünjeler.** Derýaaraygynda din agalyk ediji aňyýet bolupdyr. Entek b.e. öň IV-III müňýyllyklarda Şumerde düýpli işlenilen dini ulgam emele gelip soňra ol Wawilonlylar tarapyndan kabul edilipdir hem ösdürilipdir. Şumer şäherleriniň hersiniň öz aýratyn hudaýy bolupdyr. Ondan başga-da şumerlileriň ählisiniň sežde edýän baş hudaýlary asman hudaýy Anu, ýer hudaýy Enlil, suw hudaýy Enki bolupdyr. Hudaýlar tebigatyň güýçlerini aňladypdyr. Olary asman ýagtyltgyçlaryna deňeşdiripdirler. Her biriniň aýratyn penakärlik edýän zatlary bolupdyr. Merkezi buthanasy keramatly Nippur şäherinde bolan Enlil ykbalyň hudaýy, şäherleri ýaradyjy, kätmeni hem kündäni oýlap tapan hasap edilipdir. Gün hudaýy Utu (Akkadça Şamaş), aý hudaýy Nannar (Akkadça Syn) Enliliň ogly söýgi hem hasyl hudaýy Inanna baky janly tebigatyň hudaýy hasalanyp aýratyn köp sežde edilýän hudaýlar bolupdyr. Uruşlaryň, betbagtçylyklaryň, ölümiň hudaýy Nergal Mars planetasyna meňzedilipdir, Wawilonyň baş hudaýy Marduk Ýupiter planetasy bilen deňeşdirilipdir. Paýhasyň ýazuwyň hem sanawyň hudaýy Mardugyň ogly Nabu Merkuriý planetasy bilen deňeşdirilipdir. Assiriýanyň baş hudaýy Aşşur ilki başda taýpa hudaýlarynyň biri bolupdyr. Aşşuryň ýurduň paýtagtyna öwrülmegi bilen ol baş hudaý derejesine ýetipdir.

Wawilonyň baş hudaýy Marduk irki döwürlerde az tanalýan hudaýlaryň biri bolupdyr. Wawilonyň güýçlenmegi bilen onuň hem täsiri artyp, Derýaaraygynda iň esasy hudaý derejesine ýetirilipdir. Wawilon rowaýatlaryna laýyklykda ilki başda bitertiplik höküm sürüpdir. Ony Tiamtu atly wagşy hökmünde göz öňüne getirilipdir. Ondan hudaýlar önüpdir. Emma olar özleriniň garagollyklary hem dawa jenjelleri bilen enelerini (Tiamtui) biynjalyk edip durupdyr. Tiamtu olary ýok etmekçi bolýar. Şonda onuň garşysyna Marduk aýaga galýar. Ýöne ol ýeňensoň beýleki hudaýlaryň özüne boýun bolmagyny talap edipmiş. Marduk Tiamtui öldürip onuň jesediniň böleklerinden ýyldyzly asmany, ýeri, ösümlikleri, haýwanlary hem balyklary döredipmiş. Soňra Marduk Tiamtugyň tarapyna geçeni üçin, jezlandyrylan hudaýlaryň biriniň ganyny toýuna garyp ondan adam ýasapmyş (rowaýat şumerleriňkiden alnan). Ýöne bu şumer rowaýatynda wagşyny ýeňiji Marduk hudaýy däl-de Enlil bolupdyr.

Derýaaraygynyň ilaty hudaýlardan başga-da adama ýagşylyk edýän perişdeleriň hem-de zyýan ýetirýän arwahlaryň bardygyna ynanypdyrlar. Arwahlaryň garşysyna her hili doga tumarlar ulanypdyrlar. Perişdeleri hem arwahlary olar ýarym adam ýarym haýwan görnüşinde göz öňüne getiripdirler.



Sippardan tapylan “dünýä kartasy”

Aýratyn hem göwresi ganatly öküz, kellesi adam görnüşdäki Lamassu diýlip atlandyrylýan perişdelere köp ynanypdyrlar. Daşdan ýasalan äpet Lamassular Assiriýa şalarynyň köşgüniň derwezesini gorapdyr. Şumerler hem Akkadlar adam ölen soň onuň ruhunyň o dünýäde ýaşaýandygyna ynanypdyrlar. Olaryň pikiriçe o dünýä kölegeleriň ýurdy bolup, merhumlar ol ýerde

açlykdan hem suwsyzlykdan ejir çekýärmişler. Toprak hem tozan bilen iýmitlenmäge mejbur bolýarmyşlar. Şoňa görä-de merhumlaryň çagalary olaryň ruhuna sadaka bermäge borçly ekenler.

**Ylmy bilimler we sungat.** Derýaaraygynyň ilaty gurşap alan dünýä ylmy taýdan düşünmekde ep-esli üstünlikler gazanypdyr. Aýratyn hem matematika we astronomiýa boýunça üstünlikler gazanylypdyr. Ilki başda suwaryş desgalaryny gurmak, ekin meýdanlaryny ölçemek üçin ýüze çykan matematika ylmy ösdürilipdir. Wawilonlylar köp basgançakly diňler (zikkurat adatça ýedi basgançak) gurupdyrlar hem-de onuň ýokarsyndan asman ýagtyltgyçlaryna gözegçilik edipdirkler. Köp ýyllyk gözegçiligiň netijesinde günün, aýyň, ýyldyzlaryň ýerleşişi we hereketini öwrenipdirler. Olary ýazga geçiripdirler.

B.e. öňki V asyrda Wawilonda, Sipparda, Urukda belli astronomiýa mekdepleri bolupdyr. Belli astronomlar Naburian we Kiden hem şol döwürde ýaşapdyr. Naburian aý fazalaryny kesgitlemegiň usulyny işläp düzüpdir, Kiden bolsa ýylyň dowamlylygyny kesgitläpdir. Onuň hasabyna görä bir ýýl 365 gün 5 sagat 41 minut 4,16 sekunda barabar bolupdyr. Şeýlelikde Kideniň hasaplamalary bary ýogy 7 minut 17 sekund ýalňyşypdyr.

B.e. öňki III asyryň ikinji ýarymyndan başlap Wawilonyň astronomiýa baradaky kitaplaryny grek diline terjime edip başlapdyrlar. Grek astronomlary gysga wagtyň içinde Wawilon ylmynyň gazananlary bilen tanyşypdyrlar we bu ylymda täze üstünlikleri gazanmagy başarypdyrlar. Wawilon astronomlary asman ýyldyzlarynyň adamlaryň durmuşyna täsiri barada doly anyklanmadyk ylym  barada düşünjäni öňe sürüpdirler. Astrologlar ýyldyzlaryň ýerleşişine gözegçilik edip geljegi aýtmak bolýandygyna, ýyldyzlaryň keselleriň döremeginde täsiriniň bardygyna ynanypdyrlar. Wawilonda medisina degişli kitaplar hem bolupdyr. Olardan ugur alsaň Wawilonda döwülen

ýa-da çykan süňki bejerip bilipdirler. Emma içki keselleri bejermegi entek başarmandyrlar.

Söwda hem syýahat etmek ir wagtdan ýol ýazgylarynyň we kartalaryň peýda bolmagyna getiripdir. B.e. öň II müňýyllygyň ortasynda Wawilondan goňşy ýurtlara gidýän söwda ýollarynyň görkezijisi düzülipdir. Şeýle karta Aşşurbanapalyň kitaphanasyndan tapylypdyr,
onda Urartudan Müsüre çenli ýerleriň kartasy düzülipdir. Karta düşündiriji ýazgylar bilen üpjün edilipdir. Onda Derýaaraygy hem onuň golaýyndaky ýerler tegelek düzlük görnüşde şekillendirilipdir. Kartanyň merkezinde Wawilon ýerleşidrilipdir. Töweregi bolsa Pars aýlagy bilen gurşalan görnüşde görkezilipdir.

B.e. öňki III müňýyllykda Derýaaralygynyň ilaty Hindistana gidýän ýoly bilipdirler. B. e. öňki I müňýyllykda bolsa Efiopiýa we Ispaniýa barylýan ýollar olara aýdyň bolupdyr.

Derýaaraygynda geçmiş bilen hem gyzyklanypdyrlar. Nabonidiň şalyk eden döwründe gadymy buthanalaryň galyndysy gazylypdyr we onuň binýadyndan b.e. öň III müňýyllyga degişli ýazgy tapylypdyr. Ol okalanda onda görkezilýän şalaryň atlary yzygiderli sanowda berilipdir. Ur şäherinde gazuw agtaryş geçirlende arheologlar müzeý hökmünde ulanylan ýörite otagyň üstüni açypdyrlar, onda goýulýan zatlar taryhy ähmiýete eýe bolupdyr. Şeýle muzeý Nawuhodonosor II tomusky köşgünde hem bar eken.

B.e. öňki I asyryň ahyrynda Wawilon ylmynyň mundan beýläk ösmegi togtapdyr. Oňa ýurduň syýasy ýagdaýy, köne dini däpleriň täze usullarynyň girizilmegi päsgel bermegi, akkad sözleýiş diliniň ylmy dil hökmünde ulanylyp gelmegi sebäp bolupdyr, sebäbi bu döwre çenli ýurduň hemme ýerinde arameý dili ilatyň sözleýiş diline öwrülipdir.

Wawilon sungatynyň döremeginde we ösmeginde gadymy şumerleriň çeperçilik däpleri aýratyn orun tutupdyr. Entek b.e.

öň IV müňýyllykda küýze gaplary geometrik şekiller bilen bezemeklik giň ýaýrapdyr. III müňýyllykda bolsa daşyň ýüzüni oýup şekil çekmek sungaty döräpdir. Esasan hem ondan dürli möhürler ýasalypdyr. Oňa kliptika diýilýär. Silindr görnüşdäki möhürde mifiki sahnalar durmuşy şekiller çekilipdir.



Ýaralanan ýolbars.
Aşşurbanapalyň köşgündäki şekil

B.e. öň XXIV-XXII asyrlarda ýurt bir bütewi döwlete öwrülenden soň Derýaaraygynyň heýkeltaraşlary nesilşalygy esaslandyran Sargon patyşanyň mahabatly hem haýbatly şekilini döredip başlapdyrlar. Uruň III nesilşalygy döwrüniň şalarynyň we häkimleriniň şekilleri hem çekilipdir. Onda häkimler badyhowa hem parahat otran görnüşde şekillendirilipdir. B.e. öňki II münýyllykda köşkleri şekiller (freska) bilen bezemek usuly, şeýle-de reňk bilen diwara surat çekmek ulanylypdyr. Maridaky şa köşgüniň bezeginde ilki gips bilen oýma nagyş görnüşde çekilen şekilleriň ýüzi reňklenipdir. Onda mallaryň gurban berilişi, köşk durmuşynyň görnüşleri şekillendirilipdir. Derýaaraygynyň sungaty täze Assirýa şalygy döwründe, ýagny VIII-VII asyrlarda has ýokary galypdyr. Ol esasan şekiller görnüşinde ýüze çykypdyr. Olarda harby ýörişler, şäherleriň zabt edilip alynyşy görkezilipdir.

Şekillerde adamlaryň antropologiki we etniki aýratynlygyna üns berilipdir. Şekillerde Assiriýa şalarynyň aw awlaýşyndan pursatlar şekillendirilýär. Olarda ýaralanan ýolbarsyň ejir çekişi ussatlyk bilen görkezilipdir.

Derýaaraygynyň ilaty buthana ymaratlaryny gurmakda hem uly üstünliklere eýe bolupdyr. Olar belent sekiniň üstünde çig kerpiçlerden gurulypdyr. Şäher köşk gurmak sungaty hem

ösüpdir. Derýaaraygynda iň uly şäher bolan Ninewiýa şäheri Sinahherib tarapyndan (b.e. öň 705-681 ýý.) gurulypdyr. Onuň tutýan meýdany 728,7 ga barabar bolup, süýnmek üç burçlyk biçiwinde gurlupdur. Onuň daşy gala bilen gurşalyp galanyň 15 derwezesi bolupdyr. Şäherde köşkden hem hususy jaýlardan başga-da ägirt uly patyşalyk çarbagy ýerleşipdir. Bagda örän dürli-dürli geň enaýy agaçlar, ösümlikler, şol sanda Hindistandan getirilen pagta hem şaly gögeripdir. Şäher, uzynlygy 16 km bolan ýerden suw geçirji (akweduk) bilen üpjün edilipdir. Ňinewiýanyň ilaty 170 müň çemesi bolupdyr. Wawilon şäherinde has hem köp adam ýaşapdyr (200 müň). Onuň meýdany 404,8 ga barabar bolupdyr. Onuň köçeleriniň uzynlygy 5 km çenli ýetipdir. Jaýlaryň diwary çig kerpiçden örülip galyňlygy 2 m çenli ýetirlipdir. Iki gat jaýlar hem köp gurlupdyr. Otaglaryň düşegine bişen kerpiç düşelipdir. Diwarlary hek bilen agardylypdyr. Entek b.e. öň II müňýyllygyň başlarynda hem Derýaaraygynda aýna öndürmegi başarypdyrlar.

Jemläp aýdylanda Gadymy Derýaaraygynyň ilatynyň medeniýeti ymaratçylykda, sungatda, ýazuw hem edebiýatda, ylymda gazanan üstünlikleri Ýakyn Gündopgaryň halklarynyn durmuşynda däl, eýsem uzakdaky halklara, şol sanda greklere hem nusgalyk bolup hyzmat edipdir.

## §15. Kiçi Aziýa gadymy döwürde

**Kiçi Aziýa iň gadymy döwürde.** Kiçi Aziýa üç tarapy deňizler (Gara, Mermer, Egeý, Ortaýer) bilen gurşalan örän uly ýarymadadyr. Onuň gündogar sebitinde dag gerişleri bilen çäklenen düzlik we tekiz daglyklar tutýar. Olardan Demirgazykda Pont, Tawr we Antitawr daglary ýerleşýär. Kiçi Aziýanyň ýeke-täk uly derýasy Galis (Gyzyl-Yrmak) Gara deňzine guýýar. Kiçi Aziýanyň günbatar kenar ýakasynda gämi duralgasy üçin amatly aýlaglar köpdür.

Kiçi Aziýa tebigy baýlyga baýdyr. Daglar, tokaýlar bilen ortülendir. Kümüş, altyn, gurşun, mis, demir ýaly metallaryň ýataklary gurluşyk we bezeg üçin ýaramly dürli daşlar köpdür. Kiçi Aziýanyň Ýewropa bilen Aziýanyň araçäginde ýerleşmegi söwda üçin örän amatly şertleri döredipdir.

Kiçi Aziýanyň gadymy halklaryndan hettler ýa-da hettlerden öňki ýaşan taýpalar bellidir. Olar sebitiň gündogar böleginde ýaşapdyrlar. Gepleýiş dili boýunça hettler abhaz, adigeý halklaryna ýakyn bolupdyr. Kiçi Aziýanyň demirgazyk-gündogar ýerlerinde ýaşan kasklar hem şol topara ýakyndyr. B. e. öňki III müňýyllygyň ahyrlarynda II müňýyllygyň başlarynda Kiçi Aziýanyň günorta-gündogar ýerlerinde hurritler ýaşapdyrlar.

B.e.öňki III müňýyllygyň içinde Kiçi Aziýa hindi-ýewropa diliniň bir şahasynda gürleýän taýpalar ýaýrapdyr. Olaryň arasynda hettler agdyklyk edipdir. Olaryň ikinji bir topary özlerini luwiler diýip atlandyrypdyrlar. Olar III müňýyllygyň ortalarynda günbatardan Kiçi Aziýa gelipdirler. Olaryň dilleri biri-birine ýakyndyr. Alymlar ony hindi-ýewropa anadoly şahasy diýip atlandyrýarlar. Hettleriň gelip çykyşy jedelli meseledir. Käbir alymlar, hettler gündogar tarapdan Kawkazyň üsti bilen gelipdir diýse, beýlekiler Balkan ýarym adasynyň üsti bilen günbatardan gelendir diýen pikiri öňe sürýärler. Hettleri ýerli diýip çak edýänlerde bar. Hett adynyň gelip çykyşy hem heniz anyklanan däldir. Hettler b. e. öňki XVII asyryň içinde Galis derýasynyň Orta we Aşaky akymlarynda ornaşypdyrlar.

B.e.öňki 1800 ýyllaryň içinde Günbatar Kiçi Aziýa illirler (frakiýa taýpalary) göçüp gelip, Arsawy patyşalygynyň sebitlerinde ornaşypdyrlar. B. e. öňki XIV asyryň ahyrlarynda, XIII asyrda Kiçi Aziýanyň günorta günbatar ýerleri aheýler taýpalary tarapyndan koloniýalaşdyrylýar. B.e.öňki VIII-VII asyrlarda bolsa, çarwa eýran dilli kimmerler we skifler Kawkaz tarapdan çozup girýärler.

XIX asyryň ortalaryna çenli hettler barada maglumat az bolupdyr. Töwratda hettler ýa-da Hett ogullary diýilip Ortaýer deňiziniň gündogar kenarýaka sebitleriniň gadymy taýpalarynyň biri hökmünde ýatlanýar. B.e.öňki 1887-nji ýylda Tell-Amarn arhiwi tapylandan soň Hettler Kiçi Aziýanyň merkezi böleginde ýaşan we uly döwleti döreden halkdygy mälim bolýar.

1906-njy ýylda nemes alymy G. Winkler Ankaradan 150 km Günbatarda ýerleşen Bogazkeý diýen ýerdäki ýadygärlikde gazuw işlerine başlaýar. 7 ýyl dowam eden bu ekspedisiýa Hett döwletiniň paýtagty Hattusu şäheriniň galyndylarynyň üstüni açýar we ony öwrenýar. Tapyndylaryň arasynda 10 müňlerçe ýüzüne hat ýazylan kerpiçjikleriň uly topary bolup, olarda hettler barada örän kän maglumatlat berlipdir. Ol hatlary 1915-nji ýylda çeh alymy B.Groznyý okamagy başarýar. Hatlar şine ýazuwynda we hindi-ýewropa diliniň entek näbelli şahasynda ýazylypdyr. Ony alymlar hett dili diýip atlandyrýarlar. Bu ýazgyny alymlar ylymda hindi-ýewropa dil ýazgysynyň iň gadymkysy  hasaplaýarlar. Ýazgylaryň okalmagy Hettleriň taryhyny düýpli öwrenmäge we ylmy aýlanşyga goşmaga mümkinçilik berdi.

Ikinji jahan urşundan soňky ýyllarda Siriýanyň demirgazyk ýerlerinde geçirlen barlaglar netijesinde, ýüze çykarlan ýazgylar hem Hettleriň taryhyny öwrenmekde uly ähmiýete eýe boldy. Häzirki wagtda hettleriň gadymy taryhy dünýä alymlary tarapyndan giňden öwrenilýär. Maddy we ýazuw ýadygärlikleriň esasynda Hettleriň taryhy boýunça ençeme işler ýazyldy, netijede bu ugury öwrenýän hettologiýa ylymy peýda bolýar. Hettologiýa ylmy Kiçi Aziýanyň  gadymy halklarynyň jemgyýetçilik gurluşyny, ykdysadyýetini, dilini, medeniýetini öwrenýän ylymdyr.

Hett döwleti ýykylandan soň Kiçi Aziýada emele gelen döwletler bolan Frigiýa we Lidiýa patyşalyklarynyň taryhy boýunça, esasy çeşmeler maddy medeniýetiń ýadygärlikleri,

ýazgylar we antiki awtorlaryň maglumatlary bolup duryar. XX asyrda amerkan, nemes, türk arheologlaryň Gordionda, Sardda we beýleki gadymy şäherlerde geçiren barlaglary köp sanly maglumatlar toplamaga ýardam edýär. Maddy ýadygälikleri bilen bir hatarda, ol ýerlerde gadymy Frigiýa we Lidiýa ýazgylary-da tapylýar. Käbir ýzgylar grek dilinde ýazylypdyr. Lidiýanyň taryhy barada maglumatlar Gerodotyň, Nikolaý Damasskiniň, Strabonyň şeýle hem Lidiýaly taryhçy Ksanfanyň işlerinde-de berilýär.

Hettleriň, Lidiýanyň we Frigiýanyň taryhy boýunça XX asyrda Ýewropaly alymlar B.Groznyý, W.Ramzeý, R.Şubert, J.Rade we beýlekiler düýpli işleriň bir näçesini çap edýärler. Olaryň işleri Kiçi Aziýanyň gadymy taryhyny öwrenmekde uly ähmiýete eýedir. Bu taryhy işlerde Frigiýanyň, Lidiýanyň grek dünýäsi bilen, Gündogar ýurtlary bilen gatnaşyklary, medeniýeti we dinleri baradaky meseleler çözülýär.

**Kiçi Aziýanyň gadymy ekerançylary we ilkidurmuş jemgyýetiniň dargamagy.** Kiçi Aziýada oturymly ekerançylaryň obalary b.e.öňki VII-VI müňýyllyklarda peýda bolýar. Şol döwrüň obalaryndan Çatal-Hýuýuk Gadymy Gündogarda iň bir ösen medeniýetiň ojagy bolupdyr. Ol 12 gektar meýdany tutupdyr. Jaýlar pagsadan gurlupdyr. Ilat ekerançylyk, maldarçylyk bilen meşgullanypdyr. Ilkinji metal gurallar ulanylyp başlanypdyr.

Ekerançylyk hojalygy b.e.öňki V-IV müňýyllyklarda dowam edýär. Bu medeniýeti döreden taýpalar, onlarça oturymly obalary döredip iň hasylly jülge bolan Koni jülgesini özleşdiripdirler. Bu ýerdäki gadymy ekerançylaryň oturymly obasy bolan Catal-Hýuýukgyň ilaty ösümlikleriň 14 görnüşini ösdürip ýetişdiripdirler. Olaryň içinde bugdaýyň, arpanyň, nohudyň birnäçe görnüşleri bolupdyr. Ilat şeýle-de maldarçylyk bilen meşgul bolup goýun, geçi mallaryny köpeldipdirler. Bu döwürde metal gurallaryň sany has köpelipdir. Misden, galaýydan her dürli owunjak zatlary ýasapdyrlar: ýagny

monjuklary, iňňebajyklary we iňňeleri ýasamagy öwrenipdirler. Emma olaryň esasy zähmet gurallary heniz daşdan bolupdyr. Küýzegärçilik önümleri reňk bilen çekilen owadan nagyşlar bilen bezelipdir. Derýaaralygy bilen medeni aragatnaşyklar ýola goýulýar. Kiçi Aziýanyň ekerançylygyň ilki ýüze çykan ojaklaryň biri bolsa-da, soňra ol ösüşi boýunça Müsür, Deýaaralygy ýaly ýurtlardan yza galýar.

Kiçi Aziýanyň ilatynyň dini ynançlarynda öküze we gadymy ekerançylaryň söýgüli hudaýy bolan hasyl hudaýyna, mukaddes enä sežde etmek aýratyn orun tutupdyr. Gazuw barlag işleriniň netijesinde daş gurallaryň az ýasalandygy, metal gurallaryň bolsa köp tapylmagy, adamlaryň metal önümleri köp ýasandygyndan habar berýär.



Aýal heýkeli we keramika gaplar. Neolit döwri

Mysan üçin, Mersil diýen ýerden misden paltanyň, başga bir ýerden misden ýasalan hazynanyň üsti açylýar, ol tapyndylaryň içinde kümüşden ýasalan ýüzük hem bar. Laýdan ýasalan gap bolsa owadan bezegler bilen bezelipdir. Metal önümleriň we keramiki gaplaryň tapylmagy bu ýerlerde hünärmen ussalaryň ýüze çykandygyndan habar berýär. Arheolog alymlaryň hasaplamalaryna görä hünärleriň 10 görnüşi dagy bolupdyr.

B. e. öň III müňýyllykda Kiçi Aziýanyň halklarynyň ösüşinde täze basgançak başlanýar. Troýa, Poliohni ýaly hünärmençilik merkezleri ýüze çykýar. Olaryň tutýan ýerleri bary ýogy 1-2 gektar bolsa-da, olar hünärmentçiligiň we söwdanyň merkezlerine öwrülipdirler. Onuň şeýledigini bu ýerlerden tapylan altyndan ýasalan gaplar, bezeg şaýlary hem güwä geçýärler. Mysal üçin, Troýa şäheriniň goňşy we has uzakdaky ýurtlar bilen söwda gatnaşyklary ýola goýandygyny, bu ýerden tapylan Owganystanyň demirgazygyndan gazylyp

alynýan gymmat bahaly daşlaryň, şol sanda lazuritiň baltyka deňziniň günorta kenarlarynda ýasalandygy mälim boldy.

Kiçi Aziýada demri işläp bejermek gülläp ösüpdir. Ýerli demir ussalaryň we zergärleriň ýasan işleri, şol döwrüň iň oňat sungat işlerinden kem galmandyr. Troýadan tapylan altyndan ýasalan bezegler bu ýerde zergärçiligiň ýokary derejä ýetendigini görkezýär. Şonuň ýaly bürünç hem önümçilige giňden ornaşdyrylyp başlanýar. Ýarag – gama, gylyç we uruş paltasy ýörite hünärlere bölnüpdir. Gorag hökmünde tuwluga (şlem kellä geýilýär) ýasamaklyk hem giňden ýaýrapdyr.

Ýarag önümçiliginiň ösüşi, oturym ýerleriň galalar bilen berkidilmegi özara uruşlaryň ýygy-ýygydan bolandygyna şaýatlyk edýar. Siwilizasiýalaryň ýüze çykýan döwründe, olja almaga ymtylmaklyk uruşlaryň ylaýta-da köpelmegine alyp barypdyr. Bu döwürde emläk deňsizligi ýüze çykyp, ilkidurmuş gatnaşyklary çalt dargaýar we taýpa serdarlarynyň baýlaşmagyna alyp barýar. Olar barada mazarlardan tapylan altyndan we kümüşden ýasalan gymmat bahaly gaplar, bezeg şaýlary, owadan bezelen ýaraglar, altyndan ýasalan iňňebagjyk, altyn saply gamalar subut edýärler.

B. e. öňki III müňýyllygyň ikinji ýarymynda Kiçi Aziýada döwletiň emele geliş prosesi başlanýar. Soňraky çeşmeleriň berýän maglumatlaryna görä, bu ýerlerde birnäçe ilkinji nomlar-döwletler ýüze çykypdyr.

**Gadymyhett patyşalygynyň döremegi.** B.e. öň II müňýyllygyň başlarynda Kiçi Aziýanyň gündogarynda ilkinji uly bolmadyk şäherler-döwletler ýüze çykýar. Olardan Nese (Kaniş), Burushanda, Kussar, Hattusa bellidir. Olaryň käbirlerinde Salpede, Kanişde, olardan bölünip aýrylan Kussarda gelmişek taýpalar agdyklyk edip, olar özlerini “nesitler” diýip atlandyrypdyrlar. Şolar hem biziň häzirki atlandyryşymyz ýaly “hettler” bolupdyrlar.

Kiçi Aziýada döwletiň ýüze çykmagyna assiriýalylar we amoreýler tarapyndan (b.e.öň XX-XVIII asyr.) bu ýerde

döredilen söwda saraýlary uly ähmiýete eýe bolýar. Ol saraýlaryň üsti bilen, Kiçi Aziýa üçin örän zerur bolan halkara söwdasy alnyp barlypdyr. Kiçi Aziýadan esasan her dürli metal äkidilipdir. Assiriýa-amoreý söwdagärleri ýerli begleri bezeg önümleri bilen üpjün edipdirler. Olary öňdebaryjy ýurtlaryň medeni gazananlary bilen tanyşdyrypdyrlar. Munuň özi Kiçi Aziýada döwlet döreýiş pursatynyň çaltlanmagyna ýardam edipdir.

Ilkinji iri döwlet birleşmesi b.e.öňki XVIII asyrda döreýär. Kussaryň hökümdary özüni patyşa diýip yglan edýär. Ol Nese şäherini basyp alýar. Soňra patyşa Anitta paýtagty Nese şäherine geçirýär. Şäher berkidilýär. Buthana gurulýar. Birnäçe uruşdan soň ol Hattusany basyp alýar. Burushanda şäheriniň hökümdary bolsa kuwwatly Anitta meýletin boýun bolýar. Şeýlelikde, Anitta Gadymyhett patşalygy (b.e.öň XVIII-XVI asyr) diýlip atlandyrylýan uly dowleti esasandyrýar we onuň ilkinji hökümdary bolýar. Onuň döwletiniň çäkleri Gara deňizden Tuz kölüne çenli ýerleri öz içine alypdyr.

**Hettlerde döwletiň edara edilişi.** Gadymy Hett döwletinde (b. e. öň XVIII-XVI asyrlar.) urug gurluşynyň adatlary dowam edipdir. Hett patyşalary jemgyýetiň ähli urşa ýaraýan, doly hukukly adamlardan ybarat halk ýygnagyna daýanyp döwleti dolandyrypdyrlar. Olar halk ýygnagyna-pankus diýipdirler. Döwleti edara etmekde pankusyň ähmiýeti uly bolupdyr. Ondan başga-da möhüm meseleleri çözýän, belli bir derejede pankusa ýolbaşçylyk edýän beglerden düzülen “tuliýa” geňeşi hereket edipdir. Oňa esasan patyşa nebereleri-patyşanyň doganlary, onuň ogullary, giýewsi we bajalary giripdir. Pankus tagt mirasdaryny saýlapdyr. Adatça oňa hettleriň gadymdan gelýän adaty boýunça, patyşanyň aýal doganynyň ogly- ýegenleriniň biri saýlanypdyr. Pankus we tuliýa patyşanyň häkimligini belli bir derejede çäklendiripdirler. Şonuň üçin, patyşalar diňe özleriniň üstünlikleri bilen

häkimligini berkitmäge, çäklendirmelerden halas bolmaga çalyşypdyrlar.

Gadymy Hett döwletiniň çäkleri Labarnanyň (b.e.öň 1675-1650 ýý.) dolandyran döwründen başlap, täze basyp alyşlaryň hasabyna giňellip başlaýar. Onuň demirgazyk çäkleri Gara deňiziň kenarlaryna çenli baryp ýetýär. Labarna dowam edýän däbi bozup, öz ogly Hattusyly I (b.e.öň 1650-1625 ýý.) özüniň mirasdary edip belleýär. Ol paýtagty Hattusy şäherine göçürýär. Şol döwürden başlap döwlet “Hettler” diýilip atlandyrylyp başlanýar. Hattusyly hurritler bilen Tawrda, Siriýada, Derýaaralygynda uzak wagtlap uruşmaga mejbur bolýar. Olaryň içinde iň esasy duşmany bolsa Siriýadaky Halpa, Ýewfratdaky Hassuwa “patyşalygy” bolupdyr. Hattusyly günorta ýöriş edip Hassuw, Alalah ýaly şäherleri basyp alýar. Emma Siriýanyň demirgazygyndaky Halpa şäherini eýelemäge synanşygy başa barmaýar. Hattusuly I garyndaşlarynyň närazylygyna we garşylygyna garamazdan tagt mirasdarlygyndan ýegenini çetleşdirýär. Bu ýagdaý ýurtda uzak wagtlap içki garşylyklaryň ýitileşmegine, patyşa nebereleriniň çykyş etmeklerine getirýär. Tagt myrasdary edilip ilki patyşanyň ogly, ol ölenden soň ogullyk alan agtygy Mursili I (b.e.öň 1625-1590 ýý.) bellenýär. Ony pankus hem tassyklapdyr. Mursili atasy bilen ýurduň içindäki özara uruşlary basyp ýatyrýar we ýeke-täk hökümdar bolýar.

Mursili I dolandyran döwründe döwletiň merkezleşmegi güýçlenýär. Ol ýöriş edip Halpany basyp alýar. Derýaaralygynyň ýokarsyndaky hurritleri derbi-dagyn edýär. Netijede, Derýaaralygyndan Ortaýer deňziniň Gündogar kenar sebitine gidýän esasy söwda ýollary onuň garamagyna geçýär. Mursili I Wawilona ýöriş edyär we b.e. öň 1595-nji ýylda şäheri eýeleyär we ony talaýar.

Daşarky üstünliklere garamazdan agalyk ediji toparlaryň arasynda tagt üstünde dawalar güýçlenýär. Mursilini aýal doganynyň adamsy öldürýär. Olam öz gezeginde giýewsiniň

elinden heläk bolýar. Bu wakalar Hett döwletiniň daşarky syýasatynyň gowşamagyna getirýär.

Tagt mirasdary meselesi Telepiniň (b.e.öň 1530-1500 ýý.) hökümdarlyk eden döwründe gutarnykly çözülýär. Onuň kanunyna görä, tagt patyşanyň uly ogluna geçýär. Eger onuň ogly bolmasa, aýal doganynyň ogly-ýegeni, olam bolmadyk ýagdaýynda uly giýewsi patyşa tagtyna mirasdar bellenilipdir.

Şeýlelik bilen, hettlerde tagt mirasdaryny bellemek hukugy pankusyň elinden alynýar. Emma tuliýa (pankusyň ýokary agzalary) öz häkimligini saklap galypdyr. Galyberse-de, patyşanyň hukugy belli bir derejede tuliýa tarapyndan çäklendirilipdir, ýagny tuliýanyň ygtyýary bolmasa, patyşa tuliýanyň agzalarynyň hiç birini, hiç bir ýagdaýda ölüme buýrup, emlägini elinden alyp bilmändir.

Telepiden soň onuň ogly az wagtlyk hökümdarlyk edýär. Şondan soň ýurtda bulaşyklyk başlanýar. Ol Ortahett patysalygy döwri (takmynan b.e.öň 1500-1400 ýý.) diýip atlandyrylýar. Ol döwürde birnäçe patyşa biri-birini çalyşýar. Olaryň diňe atlary belli bolup, emma döwrüň wakalary hakda maglumatlar saklanmandyr. Ortahett patyşalygy döwri Hett döwletiniň düýpli gowşan döwri bolupdyr, ol Mitanni we Arçawa bilen harby çaknyşyklarda ýeňilişe sezewar bolýar. Mitanni döwletiniň Hettlere howp salýan wagtynda hettleriň taryhynda uly täzelikler bolup geçýär. B. e. öň 1450-nji ýylda, asly hurritlerden bolan Tudhaly II täze nesilşalygy esaslandyrýar. Onuň dolandyryp başlan döwri hettleriň taryhynda Täze Hett patyşalygy diýilip atlandyrylýar. Täze Hett patyşalygynyň taryhy b. e. öňki XV asyryň ortalaryndan XII asyryň başlaryna çenli döwri öz içine alýar.

**Täze hett patyşalygy döremegi we ýykylmagy (b. e. öň XIV-XIII asyrlar).** B.e.öňki XIV asyryň başynda Hett dowleti täzeden ýokary göterilip başlaýar. Ýokary goteriliş iň görnükli Hett patyşasy, ökde syýasatçy**,** ukyply serkerde we döwlet işgäri Suppiluliumyň ( 1380-1335 ýý.) ady bilen baglydyr. Ol

Müsüriň, Wawilonyň we Mittanniniň gowşamagy bilen, Alynky Aziýada emele gelen amatly pursatdan başarjaň peýdalanyp, harby özgertmeleri geçirýär we öz kuwwatyny artdyrýar. Goşuna ýeňil hem ýyndam söweş arabalary girizilýär. Suppilulium I Hett şäherlerini galalar bilen berkidýär.

Suppilulium I ilki Arçawanyň garşysyna hüjüm edip ýeňiş gazanýar. Soňra ol Ortaýer deňziniň Gündogar kenaryndaky hanlyklaryň özara dawallaryndan peýdalanyp bu sebite aralaşýar. Hettler Iordan derýasyna çenli baryp ýetýärler we bu sebiti özüne tabyn edýär. Şeýlelik bilen, Bütin Kiçi Aziýada Hettleriň agalygy dikeldilýär, iki söweşde Mitanniden üstün çykyp Siriýany, Müsürden bolsa Kadeşi basyp alýar.

Suppiluliumyň harby syýasatynyň iň uly üstünligi Mitanniniň üstünden gazanan ýeňişidir. Ilki ol Siriýanyň demirgazygyndaky Halpa, Karkemiş we ş.m. şäherleri



Hattusidäki patyşa derwezesi

boýun egdirýär. Soňra Mitanna ýöriş edip onuň paýtagty Waşşukanini eýeleýär. Mitanni tagtyna Mitanni patyşasynyň ogly şazada Şattiwasuwy çykarýar. Suppiluliumyň harby hereketleri netijesinde Hett patyşalygy ägirt giň ýerleri öz içine alýan uly döwlete öwrülýär. Suppiluliumyň alyp baran basybalyjylykly uruşlarynyň netijesinde döredilen ägirt uly Hett döwletiniň ýerlerini tabynlykda saklamaklyk hettleriň syýasy güýjünden uly bolupdyr. Şonuň üçin, ägirt uly patyşalygy saklamaklyk Suppiluliumyň oruntutarlary mydama gozgalaňçy welaýatlaryň garşysyna uruş hereketlerini geçirip durupdyrlar.

Emma Mursili II-niň (b.e.öň 1335-1305 ýý.) dolandyran ýyllarynda Hett döwleti ýene-de giňeldilýär. Ol esasy zarbany Kiçi Aziýanyň Günorta-Günbatar sebitlerinde ýerleşen Arçawa

we ony goldan hanlyklara garşy gönükdirýär. Günorta Frigiýadaky Walma şäheriniň golaýynda bolan aýgytly söweşde Mursili II üstün çykýar. Arçawanyň patyşasy gaçyp gitmäge mejbur bolýar. Arçawa boýun egdirilýär. Hettler ilkinji gezek Egeý deňziniň kenaryna çykarýarlar. Bu Hett döwletiniň kuwwatynyň iň ösen döwri bolupdyr. Emma Mursili II dolandyran ahyrky ýyllarynda Alynky Aziýada ýagdaý çylşyrymlaşýar.

XIX nesilşalygynyň söweşjeň faraonlary Seti I we Ramzes II döwründe Müsür harby kuwwatyny berkidýär we Ortaýer deňziniň Gündogar kenary sebitinde, elinden gidiren ýerlerini gaýtaryp almak üçin aýgytly ýörişe başlaýar. Alynky Aziýada agalyk etmek ugrunda 2 güýçi döwletiň, Hettler bilen Müsüriň arasynda gazaply uruş başlanýar. Aýgytly söweşleriň biri b.e.öň 1286-njy ýylda Kadeşiň eteginde bolýar. Müsür faraony Ramzes II ýeňilýär we gaçmaga mejbur bolýar. Soňra Ramzes II örän seresap hereket edip, duşmanyň ýagdaýyny içgin öwrenýär, güýç toplap täzeden urşa başlaýar. Uruş 20 ýyl çemesi dowam edýär. Netijede, Hettler Ortaýer deňziniň Gündogar kenary sebitiniň demirgazygyna yza çekilmäge mejbur bolýar. Kem-kemden uruş hereketi togtaýar.

Emma köşk agdarylyşygy (Mursiliniň agtygy Urhitessoby) netijesinde, Hett tagtyna çykan patyşa Hattusili III bilen b.e.öňki 1270-nji ýylda Müsüriň arasynda ýaraşyk şertnamasy baglaşylýar. Şertnama laýyklykda Siriýanyň uly bölegi we Finikiýanyň demirgazyk bölegi Hettleriň ygtyýarynda galýar. Olaryň günorta bölegi we Palestina ýerleri Müsüriň gol astynda galýar. Taraplar daşardan harby howp abananda biri-birine kömek bermegi borç edinýärler. Şertnama Hattusili III gyzynyň Ramzes II nikalap berilmegi bilen berkidilýär. Şondan soň Hattusili III barha güýçlenýär. Assiriýa bilen birnäçe gezek çaknyşýar. Emma ol çaknyşyklar üstünlik getirmeýär.

B.e.öň XIII asyryň ilkinji ýarymynda, greklaryň Troýa patyşalygyny ýykmaklaryndan peýdalanan Hettler Troýany

eýeleýärler. Sardy şäherini ýumurýarlar. Emma bu Hettleriň soňky ýeňşi bolupdyr. Assiriýa bilen bolan uruşlar hem netijesiz tamamlanýar, hat-da Salmanasar I Tigr derýasynyň ýokary akymynda (Nihride) bolan söweşde ýeňilýär. B.e.öň XIII asyryň ahyrynda emele gelen “deňiz halklarynyň” birleşigi diýilýän uly güýç, Kiçi Aziýa we Müsüre ägirt ily tupan ýaly zarba urýar. “Deňiz halklarynyň” serdary Mattuwatta aheýler bilen bilelikde Kiçi Aziýadan Hettleri gutarnykly kowup çykarýarlar. Olar Kipr adasyna çenli talaňçylyk edip Müsüre howp salypdyrlar. Müsür goranmagy başarsa-da Hettler oňa garşy durup bilmändir. Hett goşuny ýeňilýär, Hattusa zabyt edilip alynýar. Takmynan b.e.öňki 1180-nji ýylda taryhda uly yz galdyran Täze Hett döwleti hem ýykylýar. Onuň ýerine b. e. öň XII-VIII asyrlarda birnäçe ownuk hanlyklar döräp, hettleriň däp-dessuryny we medeniýetini saklap gelipdirler. Olaryň içinde has gülläp ösen giçki hett patyşalyklary diýilýänler: Karkemisiň hattilary, Melit Hattilary, Tabal, Hilakku, Pirind, Tuwana we beýlekileri bolupdyr. B. e. öň VIII asyryň ahyrlaryna çenli bu döwletleriň köp bölegi Assiriýa tarapyndan basylyp alynýar. Şeýlelik bilen, hettleriň dili we ýazuwy ýitirilýär, hett ady hem ýatdan çykarylýar.

**Täze Hett döwrüniň ykdysady-durmuş gatnaşyklary.** Hettleriň durmuş-ykdysady gatnaşyklaryny öwrenmek üçin esasy çeşme hett kanunlarynyň ýgyndysydyr.

B. e. öň II asyryň ortalarynda Hettleriň ykdysadyýetiniň esasyny oba-hojalygy düzüpdir. Ekerançylykda galla ekmek, üzüm baglaryny ýetişdirmek giň gerime eýe bolýar. Hettlerde ekerançylyk düme görnüşde alnyp barlypdyr, emeli suwaryş giň ýaýramandyr, olarda esasan arpa ekilipdir,

Maldarçylykda ownuk hem iri mallary, esasan hem atlary köpeldipdirler. Aty harby işlerde ulanypdyrlar, şonuň üçin atyň bahasy örän gymmat (03 kg kümüş) bolupdyr.

Hett kanunlarynda hünärmentçiligiň ösendigi barada maglumat berilýär. Onda demirçiler, küýzegärler, agaç

ussalary, gön işläp bejerýänler agzalýar. Bu ýerde metal işlemeklik uly ähmiýete eýe bolýar. Olarda çyg önüm bolup mis ulanylypdyr, ýöne önümçilikde misi kem-kemden bürünç gysyp çykarypdyr. Kiçi Aziýada Alynky Aziýa garanda demir heniz b. e. öň XIV asyrdan başlap eredilip başlapdyr, emma hettleriň hojalygynda demriň ähmiýeti bolmandyr. Demirden ussalar heýkeljikleri, dini äheňdäki şekilleri, baýramçylyklarda göterilýän ýaraglary ýasapdyrlar.

Hünärmentçilikde we gurluşyk işlerinde erkin zähmet bilen bir hatarda gul zähmeti-de ulanylypdyr. Daşary söwda hem giň gerime eýe bolupdyr. Döwlet tarapyndan gözegçilik edilmegi onuň häsiýetli tarapydyr.



Çagaly aýal palma agajynyň aşagynda.
Garadepeden tapylan şekil. B. e. öň VIII asyr

Hett döwletinde ýerler döwletiň we jemagatyň elinde bolupdyr. Ýerleriň bir bölegi patyşa we onuň garyndaşlaryna degişli bolupdyr. Baş ruhany hökmünde patyşa buthana ýerlerine-de eýeçilik edipdir. Patyşa we buthana mülklerinde ýere berkidilen ilotlar ýaly daýhanlar we ýesir alnan harbylar işläpdir. Döwlet emeldarlaryna gullugy üçin ýer bermek düzgüni giňden ýaýrapdyr. Ol düzgün hakykat ýüzünde mülk berilmegini aňlatman, eýsem belli bir etraplarda, sebitlerde ýaşaýan daýhanlary ýygnamaga hukuk berlipdir.

Döwlete berilmeli salgytlaryň, zähmet borçlylygyň görnüşleri girizilipdir. Olardan patyşa üçin hökmany gulluk borjyny ýerine ýetirmeli adamlar bolup, olara sahhanlar diýilipdir. Sahhanlar gulluk borçlaryndan daşgary patyşa önüm görnüşinde salgyt hem tölemeli bolupdyrlar. Bulardan başga-da lussi hem girizilipdir, ýagny ilat zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeli bolupdyr. Döwlet we buthana mülklerinden özge

ýerler hususy hojalyklara degişli bolup ýeri satmaga, satyn almaga ygtyýar berlipdir.

Hett kanunlarynda ýurdyň ilaty iki topara bölünipdir: Birinji topara salgyt tölemäge, zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge degişli raýatlar giripdir. Ikinji topara emeldarlar, ruhanylar, serkerdeler we begler giripdir. Ikinji topara goşulýan raýatlar artykmaç hukukdan, ýeňilliklerden peýdalanypdyrlar. Hett döwletinde ýokary gatlak wekilleri ylaýta-da patyşanyň garyndaşlary döwlet häkimiýetine we onuň syýasatyna uly täsir edipdir.

Täze Hett döwründe patyşanyň häkimiýeti güýçlenýär. Onuň şahsyýetini hudaylaşdyrmak ýüze çykýar. Muňa garamazdan begleriň syýasy guramasy bolan tuliýa öz täsirini sakalap bilipdir.

**Hettleriň medeniýeti.** Hett döwleti, onuň medeniýeti Gadymy Wawilon, Müsür ýaly irki medeni ojaklardan has giç ýüze çykypdyr. Şonuň üçin olaryň medeniýetinde goňşy halklaryň täsiri güýçli bolupdyr. Emma hettlerde köphudaýlylyk dini bolup, ýazgylarda müňlerçe hudaýlar barada ýatlanylýar. Hakykat ýüzünde, olaryň sežde edýän hudaýlarynyň sany köp bolmandyr. Olardan Ýyldyrym Hudaýy elinde söweş paltaly bolup, ol goşunyň hudaýy hasaplanypdyr. Apinny şäheriniň Gün Hudaýy hem ýyldyrym hudaýyndan pes görülmändir. Hattusas şäheriniň penakäri baş hudaý hasaplanypdyr. Ondan başga-da hurritleriň hudaýy Tessoba ýokary hudaý hasap edilipdir. Gün hudaýyna, hasyl hudaylaryna (müsürlileriň Osiris hudaýyna kybapdaş), soňra grek hudaýy Dionisyň nusgasy bolan Apulluna (grekleriň Apollon hudaýynyň nusgasy) sežde etmeklik giň ýaýrapdyr. Őküz, ýolbars ýaly haýwanlar hettlerde mukaddes saýylypdyr. Hett edebiýatynyň nusgasy hökmünde köşk emeldarlary tarapyndan düzülen patyşlaryň terjimehaly uly ähmiýete eýedir. Olarda özboluşly ahlak kadalary getirilýär. Ondan başga-da ýyl ýazgylary giňden ýaýrapdyr. Ylmy kitaplar hem peýda

bolupdyr. Olardan, atçylyk-seýisçilik barada patyşanyň baş seýisi Kikkuli öz döwründe iň ilkinji bolup, atçylyk barada ýörite kitabyny ýazypdyr.

Ymaratçylykda berkitme gurmak uly ösüşe eýe bolýar. Hett şäherleri iki gat gala bilen gurşalypdyr. Gala diwarlary uly daşdan örülipdir. Hett sungatyna heýkelleriň we şekilleriň has uly, haýbatly we agirt görnüşde ýasalmagy häsiýetlidir. Hett sungaty patyşany we onuň üstünliklerini mahabatlandyrmaga gönükdirilipdir.

**Frigiýa patyşalygy.** Hett döwleti ýykylandan soň Kiçi Aziýada emele gelen döwletleriň biri-de Frigiýadyr. Frigiýalylar takmynan müňýyllygyň ortalarynda, ýarymadanyň demirgazyk günbatar





Frigiýa keramika önümleri

sebitlerine Makedoniýadan, Frakiýa ýerlerinden göçüp gelipdirler. Olar ekerançylyk, maldarçylyk, hünärmentçilik bilen meşgullanypdyrlar. Antiki ýazarlar olaryň üzümdarçylyk we atçylyk bilen meşgul bolandyklary barada ýazgylaryny galdyrypdyrlar. Hünärmentçilikde daş ýonup, agaçdan her dürli gurallar ýasapdyrlar, altyn we beýleki metallary gazyp alypdyrlar, tikinçilik we dokmaçylyk bilen meşgullanypdyrlar.

Firigiýalylar goňşy döwletler we taýpalar bilen ýakyndan gatnaşykda bolupdyrlar. Olar b. e. öň XIII asyrda troýalylaryň greklere garşy alyp baran urşunda kömek beripdirler. Troýa

ýeňilenden soň, olar hem hettler ýaly Troýada ýer edinmäge çalyşypdyrlar.

Frigiýalylar Hett döwletiniň ýykylmagynda-da belli bir derejede täsiri ýeten bolmaly. Sebäbi Hettleriň ýeriniň epesli bölegi ýerli taýpalar bilen, esasan hem muşkalar bilen gatyşan Frigiýalylara düşüpdir. Şonuň üçin hem Assiriýa ýyl ýazgylarynda Frigiýany "muşkalaryň ýurdy" diýip atlandyrylan bolmaly. Hett döwleti ýykylandan soň Frigiýa onuň ýeriniň hem bir bölegini eýeläpdir.

Frigiýalylaryň-muşkalaryň Gündogara hereketini b.e. öň XII asyryň ahyrlarynda Ýewfrat derýasynyň ýokary akymynda Assiriýalylar togtadypdyr. Frigiýa patyşalygynyň gülläp ösen döwri b.e. öň X-VIII asyrlara degişlidir. Onuň paýtagty Gordion (patyşa Gordiýanyň hormatyna Gordion dakylyp) öz döwrüniň iň gözel şäherleriniň biri bolupdyr, ol çyg kerpiçden, daş böleklerinden salnyp, giň dörwezeli berk gala öwrülipdir.

Frigiýanyň bu döwüriniň syýasy taryhy grekleriň we rimlileriň rowaýatlarynyň üsti bilen biziň döwrümize gelip ýetipdir. Ýöne, häzirki döwürde döwletiň gündogar etraplaryndan Gordiýanyň we onuň ogly Midasyň galdyran ýazgylary hem tapylýar. Ýazgylarda Frigiýanyň iň şöhratly patyşasy Gordiýa hasaplanypdyr. Onuň asly ýönekeý daýhan bolup, iki sany öküzi bilen bir bölejik ýeri bolupdyr. Ol orakulyň saýlamagy sebäpli patyşa bolupdyr. Frigiýa patyşalygynda ekerançynyň zähmetine uly hormat goýlupdyr. Şonuň üçin Frigiýanyň kanunlarynda öküz ýa-da ekerançynyň zähmet guraly ogurlansa ogra ölüm jezasy berilipdir. Gordiýanyň ogly Midas (b.e. öň VIII as.ahyry VII as.baş.) gazaply özara uruşlaryň netijesinde häkimiýet başyna gelipdir. Ol ylma we sungata uly goldaw beripdir. Midas işjeň daşary syýasat ýöredipdir. Grekler bilen aragatnaşyk saklapdyr. Grekler Ankiri-häzirki Türkiýa Respublikasynyň paýtagty Ankarany esaslandyran hasap edýärler.

Midas Gündogarda Urartu döwleti, we Karkemiş şäheri bilen gazaply uruşlary alyp barýar. Emma Assiriýa patyşasy Sargon II bilen bolan söweşde ol ýeňilýär. Onuň ýerleriniň bir bölegi Assiriýanyň gol astyna düşýär. Grekleriň, kimmerleriň we beýleki goňşy halklaryň çozuşy netijesinde b.e. öň VII asyrda Frigiýa döwleti ýykylýar. Onuň ýerleri Lidiýa patyşalygynyň düzümine goşulýar. Soňra b.e. öň 547-nji ýylda Frigiýany parslar basyp alýar.

Frigiýalylar medeni babatda birnäçe möhüm üstünlikler gazanypdyrlar. Olar elipbiý döredipdirler. Frigiýa elipbiýi gadymy grek elipbiýine meňzeş bolupdyr. Frigiýalylar hudaýlaryň enesi Beýik Enä we onuň tebigat güýçleriniň aňlatmasy bolan Attisa sežde edipdirler. Ymaratçylykda gaýany köwüp buthana we guburhana gurmak usuly ýaýrapdyr.

**Lidiýa. Ilaty, olaryň meşgul bolan kärleri.** Lidiýa Kiçi Aziýanyň günbatar sebitiniň merkezi böleginde ýerleşipdir. B.e. öň müňýyllygyň başynda ol Frigiýanyň düzüminde bolýar. Frigiýa ýykylandan soň özbaşdak döwlete öwrülýär. Onuň paýtagty Sardy şäheridir.

Lidiýanyň ilaty esasan oba-hojalygy bilen meşgullanypdyr. Galla we miweli baglary ösdüripdir ýetişdiripdirler. Lidiýalylar nagyşly mata, owadan egin-eşik we aýakgap öndürmekde şöhratlanypdyrlar. Owadan nagyşly küýzeler, bişen kerpiç, mineral boýaglar giňden ýaýrapdyr.

Lidiýa günbatar bilen gündogaryň çatrygynda ýerleşip işjeň söwda işlerini alyp barypdyr. Lidiýalylar ilkinji bolup zikgelenen teňňäni döredipdirler we teňňäniň watany adyny alypdyrlar. Ilkinji zikgelenen teňňeler b.e. öň VII asyrda patyşa Giges döwründe peýda bolýar. Ol elektrumdan, ýagny altyn bilen kümüşiň tebigy garyndysyndan zikgelenipdir. Soňra b.e. öň VI asyrda kümüş teňňeleri zikgelemek ýola goýulypdyr. Krez patyşanyň döwründe teňňeler arassa altyndan zikgelenip başlanýar. Lidiýanyň pul ulgamy beýleki ýurtlara-da giň ýaýraýar.

Syýasy gurluşy boýunça Lidiýa patyşalyk bolupdyr. Döwlet başynda patyşa durupdyr. Patyşanyň esasy daýanjy urşujylar bolup, onuň goşuny atly goşundan we söweş arabalaryndan ybarat düzülipdir we öz wagtynda uly şöhrata eýe bolupdyr. Irki döwürde halk ýygnagy we ýaşulular geňeşi hereket edipdir. Emma kem-kemden olaryň ähmiýeti pese düşüpdir.

Lidiýa patyşalygy b.e. öň VII-VI asyrlarda, Mermandlar neberesiniň hökümdarlarynyň dolandyran döwründe ösüşiň ýokary derejesine ýetýär. Ony esaslandyryjy Giges (b. e. öň. 692-654 ýý.) gelip çykyşy boýunça patyşa neberelerinden bolmasa-da baý begzada maşgalasyndan bolup, köşk agdarylyşygynyň netijesinde häkimiýeti basyp alýar. Ol Frigiýanyň bir bölegini, Kariini we Troaduny Lidiýa birikdirip, iň zerur Gara deňziň bogazlaryna, deňiz söwda ýollaryna çykýar. Soňra Kolofony we Magneziýany eýelemek bilen Egey deňzine hem golaýlaşýar.

Emma Gündogar tarapda Lidiýanyň goşunlary kynçylyklara sezewar bolýar. Kappadokiýada ornaşan kimmerler taýpalary bilen çaknyşyklar bolup geçýär we Lidiýanyň ýeňilmegi bilen tamamlanýar. Kimmerleriň garşysyna göreşmek üçin Lidiýa Assiriýanyň agalygyny ykrar edýär we onuň kömegi bilen ýeňiş gazanýar. Soňra Giges Assiriýadan daşlaşyp Wawilon we Müsür bilen ýakynlaşýar. Assiriýanyň goldawyndan kesilen Lidiýanyň üstüne kimmerler hüjüm edýärler. Netijede b.e. öň 654-nji ýylda kimmerler Sardyny eýeleýärler. Giges heläk bolýar. Gigesiň mirasdary Ardis (b.e. öň 654-605 ýý.) kimmerler bilen örän seresap syýasat alyp barýar. Kimmerleriň çozuşy b. e. öň 645-nji ýylda bolup geçýär. Ardis Assiriýanyň agalygyny täzeden ykrar etmek bilen, ondan kömek alýar we kimmerleri kowup çykarýar. Ardis Egeý deňzine çykalga gazanmak üçin Prienanyň we Miletiň garşysyna urşa başlaýar. Uruş 12 ýyla çekýär. Emma üstünlik getirmeýar.

Assiriýa ýykylandan soň onuň günbatar ýerlerini eýelemek ugrundaky göreş Midiýa bilen çaknyşyga alyp barýar. Uruş 5 ýyl dowam edýar (b. e. öň 590-585 ýý.). B.e. öň 585-nji ýylda baglaşylan şertnama laýyklykda serhet Galis derýasy boýunça geçirilýar. Şertnama Lidiýa patyşasynyń gyzyny Midiýa şazadasy Astiaga, geljekgi pars patyşasy Kir II babasyna nikalap bermek bilen berkidilýär.

Bu döwürde kimmerleriň Kiçi Aziýadan kowulyp çykarylmagy Lidiýanyň uly üstünligi bolupdyr. Kreziň patyşalyk eden döwründe (b.e. öň 562-547) Lidiýa Kiçi Aziýanyň Günbatar kenaryndaky grek şäherlerini boýun egdirýär we özüne salgyt tölemäge mejbur edýär.

Emma b. e. öň VI asyryň ortalarynda Gündogarda emele gelen ýaş hem kuwwatly Pars döwleti Lidiýa uly howp salyp başlaýar. Krez onun garşysyna göreşmek üçin birnäçe grek döwletleri bilen ylalaşyk gazanýar. Emma bu çäreler peýda bermändir. B.e. öň 547-nji ýylda Pars patyşasy Kir II Lidiýa çozýar. Sardy şäheri basylyp alynýar. Krez ýesir düşýär. Lidiýa pars döwletiniň düzümine, onuň bir satrapy bolup goşulýar we özbaşdak döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edýär.



Frigiadaky Midasyň aramgähi

Lidiýanyň medniýetine köp taraplylyk häsiýetlidir. Lidiýa-da saz sungaty uly ösüşe eýe bolupdyr. Tebipçilik ylmy boýunça üstünlikler gazanylypdyr. Lidiýanyň dininde tebigat hudaylaryna sežde etmeklik agdyklyk edipdir. Olarda iň köp ýaýran merhumlaryň we direlýänleriň hudaýlary bolan(Sandan, Attis, Sabaziý), Beýik Enä, Hudaýlaryň enesine, hasyl hudaýy Kibela, Ma we beýleki hudaýlara sežde etmeklik giňden ýaýrapdyr.

## §16. Siriýa, Finikiýa, Palestina gadymy döwürde

**Tebigy şertleri. Taryhy çeşmeleri we taryhynyň öwrenilişi. Gadymy ilaty.** Siriýa, Finikiýa, Palestina Ortaýer Deňziniň gündogar kenarynda ýerleşen gadymy ýurtlardyr. Olaryň demirgazyk çägi Tawr daglaryndan başlanýar we günortada Ýewfrat derýasynyň orta sebitlerini, ýurdyň gündogarsyndaky Siriýa çöllügini, Müsüre çenli aralygy, şol sanda Siriýany, grekler tarapyndan atlandyrylan deňiz ýakasyndaky Finikiýa we Palestina ýerlerini öz içine alýar. Gadymyýetde bu ýerleriň esasy bölegi Hanaan diýilip atlandyrylypdyr. Ýurdyň tebigy şertleri birsydyrgyn däldir. Liwan we Antiliwan daglarynyň gerişleri ebedi gar bilen örtülen bolsa, olaryň günbatar eňňitlerinde gök salyp oturan çemenlikler ýaýlyp ýatandyr. Ekerançylyk üçin amatly ýerler jülgelerde ýerleşipdir. Siriýanyň Gündogar sebitleri diňe öri meýdanlar bolup, maldarçylyk üçin ýaramly çöller tutupdyr.

Bu ýerde uly derýalar ýokdur. Iýordan, Oront, Litani derýalary ýerli ähmiýete eýe bolupdyr. Liwan we Antiliwan dag ulgamlary ýurdy biri-birinden üzňe welaýatlara bölüpdir. Bu onuň syýasy taýdan birleşmegine hem päsgel beripdir.

Emma, Gündogar Ortaýer deňziniň kenar sebitleri tebigy baýlyklara: misiň, demiriň ýataklaryna baýdyr. Daglarda ägirt giň ýerleri tutýan tokaýlar köpdür, olar gurlyşyk üçin örän amatly kedr agaçlaryna baýdyr. Bu baýlyklar örän ir wagtlardan başlap, Derýaaralygynyň we Müsüriň güýçli döwletleriniň ünsüni çekipdir. Ol döwletleriň hökümdarlary Ortaýer deňziniň Gündogar sebitlerine elmydama söwda we harby ekspedisiýalary iberip durupdyrlar. Liwanyň kedr agaçlaryny almak üçin gurnalan harby ýörişler baradaky rowaýatlar “Gilgameş baradaky eposda” hem öz beýanyny tapypdyr. Netijede, Ortaýer deňziniň kenarýaka halklarynyň ýerli

medeniýetiň ösmeginde, iki sany: Gadymy Müsür we gadymy Derýaaralygynyň ösen siwilizasiýalarynyň täsiri ýetipdir.

Ortaýer deňziniň Gündogar kenarlaryna b. e. öň IV müňýyllygyň ahyrlarynda Gündogar Sahara çöllüginden, bir wagtlar Efiopiýanyň üsti bilen Arabystanyň ýerlerine aralaşan semit taýpalary gelip başlapdyrlar. Ol taýpalar: hanaaneýler, eblaitler, suti-amoreýler ýa-da gadymy ýewreýler, amareýler we beýleki taýpalar bolupdyrlar. B. e. öň III müňýyllygyň ortalarynda, II müňýyllygyň ikinji çärýeginde Siriýanyň, Palestinanyň ýerlerine hurrit taýpalary hem aralaşypdyrlar.

Ortaýer deňziniň Gündogar sebitleriniň halklarynyň we taýpalarynyň gadymy taryhyny öwrenmek üçin maddy we ýazuw çeşmeleri onuň öz ýerlerinde-de, goňşy ýurtlarda-da saklanypdyr. Olaryň içinde iň gymmatlysy ýazuw ýadygärlikleridir. Olar Müsüriň Tell-Amarn arhiwiniň, hettleriň we assiriýanyň berýän ýazuw maglumatlaryndan ybarat durýarlar. Ras-Şamriden (gadymy Ugaritden) tapylan ýazgylar örän köp maglumatlary berýärler. Olarda iň gadymy ykdysady, syýasy we dini mazmunly beýanlar berilipdir. Siriýanyň ýerindäki gadymy Ebladan, XX asyryň 70-nji ýyllarynda Italiýan arheologlary tarapyndan üsti açylan ýazgylar has gymmatly ýazuw çeşmeler bolup durýarlar. Ol ýazgylar b.e. öň III müňýyllygyň ikinji ýarymyna degişli bolup, demirgazyk şumerleriň ýazgylaryna meňzeş, gadymy semit dilleriniň birinde ýazylan müňlerçe ýüzi ýazgyly kerpiçjiklerden ybarat durýarlar. Ol arhiwiň maglumatlary diplomatiýanyň ýazgylaryndan, hojalyk, edebiýat, dini we mekdep beýanlaryndan ybaratdyrlar.

Ortaýer deňziniň Gündogar sebitlerinde ýaşaýan halklar barada köp sanly Maddy medeniýetiň ýadygärlikleri-de saklanyp galypdyr. Bu ýerde arheologlar tarapyndan onlarça obadyr şäherleriň galyndylary öwrenilendir. Esasan hem gadymy Ierihonda 1907-nji ýylda nemes we iňlis arheologlary tarapyndan gecirlen gazuw işleri, soňra 30-50-nji ýyllarda iňlis

arheologi K. Kenion tarapyndan dowam etdirilen barlaglar, örän köp maglumatlaryň üstüni açdy. Ondan başga-da Finikýa we Siriýada - Megiddo, Gezerde, Lahiş, Bibl, Sidon, Akko, Tir ýaly gadymy şäherlerde geçirlen gazuw-barlag işleri geçirilip olar b. e. öň XIV-XIII asyrlara degişli maglumatlardyr. Gadymy şäherlerden tapylan zatlar bu ýurduň gadymy taryhyny öwrenmek üçin zerur maglumatlary berýärler.

Ortaýer deňziniň gündogar kenarlaryndaky ýurtlaryň taryhy we medeniýeti boýunça mukaddes Bibliýanyň düzümine goşulan gadymy ýewreý edebiýaty hem möhüm çeşme bolup hyzmat edýär. Bibliýanyň iň irki dini kitaplaryň biri-de Töwratdyr. Bibliýa sözi grek dilinde kitap diýmegi aňladýar. Ol Ýahudy we Isaýy dininiň mukaddes kitabydyr. Ol mazmuny boýunça örän dürli häsiýete eýe bolan gadymy ýewreý edebiýatynyň ýygyndysydyr. Töwrat iki uly bölekden durýar. Onuň has gadymy bölegine “Wethiý Zawet”(„Gadymy sargytlar“, ýagny hristian eýýamyna çenli bibliýanyň bir bölümi) diýilýär, ol Ýahudy dininiň kitabydyr, soňrakysyna “Nowyý zawet”(Täze sargytlar“) diýilýär, ol Isaýy dininiň-hristianlaryň kitabydyr.

Töwraty ylmy taýdan derňemäge ilkinji gezek XVII asyrda ýaşan filosof B.Spinoza synanyşýar. Ol Töwratdaky biri-birine garşy gelýän pikirleriň we gaýtalanýan bölekleriň birnäçesini ýüze çykarýar. XVIII-XIX asyrlarda Töwraty
ylmy taýdan derňemeklik başlanýar. Onuň aýry-aýry bölümleriniň senesi anyklanylýar. Bu ugurda ylaýta-da nemes alymy Wellgauzeniň hyzmaty uludyr. Onuň işleri hazire çenli öz ähmiýetini ýitirmän gelyär.

XIX asyryň ahyryndan başlap, Töwraty öwrenmekde arheologiýa barlaglary-da uly ähmiýete eye bolýar. Çünki, Ýakyn Gündogaryň dürli ýurtlarynyň taryhy çeşmelerini Töwratyň maglumatlary bilen deňeşdirmeklik ýoly köp meseleleri anyklamaga mümkinçilik  berdi.

Gadymy Derýaaralygyndan we Müsürden tapylan medeni ýadygärlikleriň tapyndylary, täze taryhy meseläniň, ýagny Gadymy ýewreý edebiýatynyň Alynky Aziýanyň taryhynda tutýan ornuny kesgitlemek meselesini ýüze çykardy. Barlaglar beýleki halklarda dörän dini aňyýetyň gönüden-göni Injiliň mazmunyndan alynandygy anyklanýar.

Ýewropalylaryň "mukaddes ýurda" syýahatlary ir wagtdan başlanýar, emma Ortaýer deňziniň Gündogar sebitinde, çynlakaý arheologiýa barlaglary 100 ýyldan sähel gowrak mundan öň başlanýar. Bu ugurda ilki bilen görnükli fransuz semitology E. Renanyň bitiren işleri has ulydyr. XX asyryň 20-nji ýyllarynda gazuw-barlag işleri Biblde geçirilýär. 20-nji ýyllaryň ahyrlarynda, 30-njy ýyllaryň içinde gadymy siriýa-finikiýa şäheri bolan Ugarit şäheriniň üstini açýarlar. Şol wagtlarda hem, ýagny 30-40-njy ýyllara çenli Alalah şäheri öwrenilýär. XX asyryň 60-70-nji ýyllarynda Italýan arheologlarynyň Ebla şäherinde geçiren barlaglary hem uly açyşlary amala aşyrýar. Bu tapylan ýazuw ýadygärlikleri we arheologiýa maglumatlary, häzirki döwürde Ortaýer deňziniň Gündogar kenar sebitlerindäki ýurtlaryň iň gadymy döwrüniň taryhyny öwrenmäge we olaryň taryhyny ýazmaga alymlara mümkinçilik berdi.

**Ierihon medeniýeti. B. e. öňki VIII-IV müňýyllyklarda ekerançylyk we maldarçylyk.** Oratýer deňziniň Gündogar kenary sebitleri poleolit döwründe ilatlaşýar. Mezolit döwründe (b.e.öň. IX-VIII müňýyllyklarda) gowaklarda we çatmalarda ýaşaýan adamlar, bu ýerlerde ýabany ösýän arpa, bugdaý dänelerini ýygnamaga başlaýarlar.

B.e.öň. VIII-VII müňýyllyklarda bu sebitde örän irki oturymly ekarançylaryň we maldarlaryň obalary peý-da bolýar. Ol döwür Ierihon medeniyeti diýilip atlandyrylýar. Ol medeniýeti göterijiler bugdaý, arpanyň iki görnüşini ekipdirler. Özleriniň däne ammarlaryny dargadyp barýan gemirijilerden goramak üçin pişikleri eldekileşdiripdirler. Geçileri

köpeldipdirler. Pahsadan bir otagly ýaşaýyş jaýlaryny gurupdyrlar. Obalaryň käbiriniň daşyny goňşy taýpalardan goramak üçin diwar bilen berkidipdirler.

B.e. öň VI-IV müňýyllyklarda oturymly ekerançylyk medeniýeti dowam edipdir. Ekilen ekinleriň we eldekileşdirilen mallaryň görnüşleri we sany köpelýär. Goýun, doňuz we iri şahly mallar eldekileşdirilýär. Şu döwre degişli uly bolmadyk oturymly ekerançylyk we maldarçylyk obalaryň galyndylary, sebitiň köp ýerlerinde, şol sanda soňra şaher merkezlerine öwrülen Biblden we Ugarytdan tapylýar. Nahar bişirmek üçin laýdan gaplary ýasap, olara çylşyrymly bolmadyk şekilleri çekip reňkläpdirler.

Şu döwürden başlap bu sebite Demirgazyk Siriýanyň we Derýaaralygynyň ösen medeniýetleriniň täsiri güýçlenýär. B. e. öňki V müňýyllykda Demirgazyk Siriýada owadan şekilli ýazgylar bilen bezelen, halaflylaryň medeniýetine meňzeş gaplar ýüze çykypdyr. Soňra bolsa, merkezi Günorta Derýaaralygyna degişli ubeýdi we uruk medeniýetiniň täsiri artyp halaf medeniýetiniň täsirini gysyp çykarypdyr. Bu döwürde misden ýasalan önümler hem giňden ýaýrap başlapdyr.

Şular ýaly özgerişler Palestinada hem bolup geçýär. Iordan derýasynyň jülgeleri ekerançylar tarapyndan giňden özleşdirilýär. Adamlar palçykdan gurlan jaýlarda ýa-da ýerkümelerde ýaşapdyrlar. Olaryň jaýlarynyň diwarlarynyň ýüzünde bolsa, adamlaryň we haýwanlaryň şekili çekilipdir. Metal işlemeklik ýaýrapdyr. Käbir oturymly obalar hünärmentçilik bilen meşgullanypdyrlar. Mis eredip ondan palta, iňňe, iňňebagjyk, biz ýasapdyrlar. Tapylan hazynalaryň birinde şeýle esbaplaryň 630-sy bar eken. Bu tapyndylar oba jemagatyň agzalarynyň içinde baýlygyň aýratyn adamlaryň elinde jemlenip başlandygyndan habar berýär.

Ortaýer deňziniň Gündogar kenary ýurtlarynda iň gadymy ekerançylyk medeniýetini döreden halk, semit dilli halklaryň

kemala gelen ýeri hasap edilýär. B. e. öň IV müňýyllykdan başlap bu ýeriň ilatynyň esasy bölegi semit dilli halklar bolupdyr. B. e. öň III müňýyllykda bu sebite hurritler (demirgazyk welaýatlardaky ýerlerde), biraz gijiräk bolsa hett taýpalary aralaşýarlar. B. e. öň III müňýyllygyň ahyrynda II müňýyllygyň başlarynda bu sebitde ýaşaýan semitler gepleýiş dili boýunça eblait, gadymy hanaaneý, ugarit, amoreý ýaly böleklere bölünipdirler. Olar baradaky ýazgy ýadygärlikleri diňe bir Siriýa, Palestina ýerlerinden dal, eýsem Müsürden hem tapylýar. Tapylan ýazgy ýadygärlikleri esasan şine hatynda ýazylypdyr.

**B. e. öň III-II müňýyllykda emele gelen irki döwlet birleşmeleri. Ebla, Bibl we Alalah.** B.e. öň IV müňýyllygyň ahyrlaryndan başlap demirgazyk Arabystanyň semit taýpalarynyň hereketi başlanýar. Gündogar semitler (geljekki akkadlar) Ýewfrat derýasynyň orta akymlaryna aralaşýarlar, başga bir semit taýpalary (hanaaneýler) bolsa Siriýada ornaşýarlar. Bu taýpalaryň ýaýramagy bilen Ortaýer deňziniň Gündogar kenary sebitinde hünärmentçilik çalt depgin bilen ösüp başlaýar. Küýze çarhlary we küreler peýda bolýar. Misden başga-da altyn, kümüş, soňra bürünç ulanylyp başlanýar. Ekerançylygyň bagçylyk pudagy ösdürilýär. Künde peýda bolýar. Bibl şäheriniň üsti bilen Müsür, Derýaaralygy ýurtlary bilen söwda aragatnaşygy başlanýar.

Bu öňe gidişlikler b. e. öň III müňýyllygyň ahyrlarynda ilkinji Bibl ýaly şäherçeleriň ýüze çykmagyna getiripdir. Ýurdyň içki etraplarynda bolsa Alalah ýaly şäherler emele gelipdir.

B. e. öň III müňýyllygyň başynda Ortaýer deňziniň Gündogarynda ähmiýetli özgerişler bolup geçýär. Hanaaneýler Siriýadan Palestina ýerlerine göçüp baryp, oturymlylyga geçipdirler. Şu döwürden hem başlap olar Ortaýer deňziniň kenarynda gelljekki Finikiýanyň şäherlerini Bibl, Tir we beýleki şäherleri esaslandyrypdyrlar (kenarýaka hanaaneýlere

finikýlylar diýilipdir). Bir wagtyň özünde şeýle özgerişler Demirgazyk Siriýadaky semit halky bolan “eblaitlerde” hem bolup geçýär. Ir ýüze çykan şäherleriň biri-de Bibl şäheridir (b.e.öň IV müňýyllygyň ahyry). Onda ilkinji binýatlaryň biri beýik depäniň üstünde salnan buthana bolup, onuň düýbi daşdan örülipdir. B. e. öň III müňýyllygyň ortalarynda bu ýerde köşk hem peýda bolýar. Biblde çeper önümçilik giň gerim alýar, bu ýerde durmuşy gatlaklar emele gelip başlaýar. Ol Müsür bilen giň söwda gatnaşygyny alyp barýar. Müsüri kedr agajy we mumiýa ulanylanda gerek bolýan agaç şeppigi bilen üpjün edipdir. Müsürden bolsa Bible çeper önümler - monjuklar, alebastrdan ýasalan gaplar, beg adamlar göterer ýaly altyndan we kümüşden ýasalan ýaraglar getirilipdir. Netijede Bibl iň owadan oturymly ýere öwrülýär, onuň içinde araba geçer ýaly giňlikde köçeleri bolupdyr. Obanyň daşdan örülen galasy bolup, olar wagtyň geçmegi bilen şäherlere öwrülipdir. B. e. öňki II müňýyllygyň baslarynda bu ýerlerde Derýaaralygyndaky irki şäher döwletleri emele gelipdir. Şäher döwletleriniň döremeginde Müsüriň täsiri az bolmandyr.

Biblden başga-da Ugarit, Tir ýaly deňizýaka şäher döwletleri hem döräpdir. Şeýle şäherleriň biri Ebladyr. Amatly söwda ýolunyň ugrunda ýerleşen bu şäher çalt ösüpdir. B. e. öň III müňýyllygyň ortalaryna çenli ol uly şähere öwrülipdir. Onuň meýdany 56 ga, ilaty 20-30 müň adama ýetipdir. B. e. öň XXV-XXIV asyrlarda Ebla şäher döwletiniň ýerleri bütin Siriýa ýerlerini eýeläpdir we Ýewfrat derýasynyň orta akymlarynda ýerleşýän iri Mari şäheri bilen bäsleşipdir. Bu ýerlerde geçirilen gazuw-barlag işleriniň netijesinde



Ugaryt patyşasy. Urartu patyşasy Ammistamru II.
B. e. öň XIV-XII asyrlar

faraonlaryň ady ýazylan gežden-alebastrdan ýasalan gaplar, 32 kg. lazurit tapylýar. Uly möçberde söwda işleri alnyp barylýar, söwda işlerinde daşary ýurt söwdagärleriniň ähmiýeti hem uly bolupdyr. Emma Ebla tiz wagtyň içinde akkad hökümdarlarnyň basybalyjylykly ýörişleriniň netijesinde Sumer-Akkad patyşalygynyň golastyna düşýä, ýagny b. e. öň 2225-nji ýylda Ebla Sargon patyşanyň oruntutarlarynyň biri bolan Naram-Sueniň çozuşyna sezewar bolýar we ýykylýar. Emma II müňýyllykda Ebla ýene dikelip başlaýar.

Şäheriň tutýan ýeri giňäp etegi 40 metr galyňlykda, 20 metr beýiklikde berk laýdan salynan gala gurulýar. Şeýlelik bilen, b. e. öň XX aşyrdan başlap Ebla ýene-de giňäp ösüp başlaýar.

B. e. öň. II müňýyllygyň baslarynda Alynky Aziýanyň içki welaýatlarynda hem şäher döwletleri kemala gelipdir. Mysal üçin, Demirgazyk Siriýada ýüze çykan Alalah şäheri şolaryň biridir. B. e. öňki IV müňýyllygyň ahyrlarynda III müňýyllygyň üçünji çärýeginde ol beýik sekide gurlan ybadathana merkezine öwrülipdir.

B. e. öň XXVIII-XXIV asyrlarda ybadathana bilen birlikde köşk salnan şäherler hem ýüze çykýar, bu bolsa kiçiräk patyşalygyň emele gelendiginden habar berýär. Olaryň içinde Ebla şäheri öň saýlanyp, onda ýüzi hatly möhürler peda bolýar. Syýasy taýdan Ebla adaty şäher döwleti bolup, onuň başynda patyşa durypdyr. Patyşa käbir dini wezipeleri-de ýerine ýetripdir. Onuň garamagyndaky geňeşdarlar topary döwlet işiniň dürli pudaklaryny alyp barypdyrlar. Ebladan tapylan tapyndylar onyň medeniýetine Derýaaralygynyň täsiriniň ýetendigine güwä geçýärler.

Palestinanyň ýerinde b. e. öň III müňýyllykda Megiddo, Ierusalim, Lahiş ýaly şäherler peýda bolupdyr. Bu ýerlerde üsti açylan galalar, olardan tapylan köp sanly ýaraglar ýurtda dartgynly ýagdaýlaryň bolandygyndan habar berýär. Şol döwürlerden başlap Müsür faraonlarynyň ilkinji ýörişleri başlanypdyr. Iordan derýasynyň jülgesinde iri merkezleriň biri-

de 50-gektar ýeri tutýan Hasor bolupdyr. Bu şäher döwletlerinde gurulýan köşkler, düýpli ybadathanalar öňkülerden has uly bolupdyr. Emma Müsür bilen deňeşdirilende Palestinanyň merkezi şäherleri juda ýönekeý bolupdyr.

**Ýamhad döwleti we giksoslaryň birleşigi.** B. e. öňki XXII asyrda Akkad patyşalygy ýykylandan son, Ýewfrat derýasynyň orta akymlaryna ýakyn ýerde Jebel-Bişri daglygynyň we Siriýa ýerlerinde täze semit taýpalarynyň çarwalary ornaşypdyrlar. (olar öň aşaky Derýaaralygynyň günorta serhedinde ýaşapdyrlar). Şol döwürden başlap Derýaaralygynda olar amoreýler diýilip atlandyrylýar. Ylymda hem olar amoreýler ady bilen bellidir. XXI asyrda amoreýler bütin Siriýa-Palestina ýrleriniň içinden ot bilen ýalyn bolup geçip, ýurdy tozduryp sebitiň demirgazyk böleginde ornaşýarlar. Şol döwürden hem Ortaýer deňziniň Güdogar böleginiň taryhynda Ortabürünç diýilýän döwür başlanýar. Bu döwrüň jemgyýeti Ortamüsür taryhy çeşmelerinde has bellidir (“Sinhuet hakyndaky powest” we beýlekiler). Ol eserlerde bu sebitlerde amoreýleriň we hanaaneýleriň taýpa beglikleriniň we şäher döwletleriniň durmuş ýagdaýlarynyň pes derejededigi, olarda çarwalarýň agdyklyk edýändigi görkezilýär. Diňe kenarýaka şäherleri, aýratyn hem Bibl şäheri galan ýerlerden tapawutly bolupdyr. Emma Bibl hem tiz wagtyň içinde müsürlileriň golastyna düşüp, Müsüriň bir welaýatyna öwrülýär. Olaryň hökümdarlary bolsa Müsüriň ýerli hökümdarlary hasaplanypdyr.

XIX asyryň ahyrlarynda Siriýadaky taýpalaryň içinden amoreýler öňe saýlanyp uly Ýamhad döwletini döredipdirler. Ýamhady esaslandyryjynyň hemişelik oturýän ýeri, şäheri hem bolmandyr. Ýamhadlar Siriýanyň bütin demirgazyk sebitlerini we Günorta ýerleriniň hem bir bölegini öz eline alypdyrlar. Ýamhadyň ikinji bir hökümdary, Wawilonyň hökümdary Hammurapiniň döwürdeşi we ýarany şeýle-de Mariniň hökümdary Zimrilim ýaly patyşalyk derejesini alyp, öz

döwletiniň paýtagtyny Halpu (häzirki Aleppo ) şäheri edip alypdyr. Ýamhad Mari bilen giňden söwda işlerini alyp barypdyr, bu döwleti obahojalyk önümleri bilen (çörek, zeýtun ýagy, üzümden edilen wino we ary baly bilen) üpjün edipdir, şeýle-de mata berip olaryň ýerine galaýy alypdyr. Bu döwletiň çäkleri demirgazykda Karkemişden, günortada Oront derýasynyň ýokary akymlaryna, ýagny Katana çenli uzalyp gidipdir.

B. e. öňki XVIII asyrda Ortaýer deňziniň Gündogar kenarynyň demirgazygyndan tä günorta çenli aralygy hurrit taýpalary eýeläpdirler. Hurritler esasan hem Siriýa we Günorta Palestina ýerlerinde ornaşypdyrlar.

B. e. öň XVIII-XVII asyrlarda Ýamhadyň günortasynda kuwwatly giksos taýpalarynyň birleşigi emele gelýär. Giksoslar hurritler bilen goňşylykda ýaşap, belli bir derejede olara goşulyşypdyrlar we olardan iki tigirli söweş arabalaryny ulanmagy öwrenipdirler we arabaly goşun edinipdirler. Özleriniň iki tigirli arabaly goşunyna daýanyp hem Aşaky Muşüri eýeläp, Gündogar Deltada öz paýtagt şäherini edinipdirler. Giksos döwletiniň esasy merkezi şäherleri Deltada Awaris, Günorta Palestinada bolsa Gaza we Şaruhen şäherleri bolupdyr. Giksoslaryň Awaris patyşalaryny müsürliler we Nil jülgesiniň 3-nji bosagasyna çenli kuşit hökümdarlary ykrar edipdirler. Giksoslar ol ýerden has günorta talaňçylykly çozuşlary geçiripdirler.

Giksoslar Müsürden kowulyp çykarylandan soň, olar Palestinada ýene-de 100 ýyl çemesi agalyk edipdirler. Diňe Tutmos III (b. e. öň 1490-1436 ýý.) döwründe giksoslaryň döwleti dargadylyp, Ortaýer deňziniň gündogar kenarynda Müsüriň agalygy täzeden berkarar edilýär. Emma biraz soňrak bu sebitiň demirgazyk bölegi ýene-de Müsüriň elinden gidýär we Mitanni döwletiniň gol astyna düşýär. Faraon Ehnatonyň-Amenhotep IV (b. e. öň 1365-1348 ýý.) döwründe bolsa, Müsür Siriýany hem Palestinany hem doly elinden giderýär.

Demirgazykda bolsa amoreýleriň Ýamhad döwleti hurritleriň “beýik patyşalygy” Halpanyň agalygy bilen çalyşypdyr, netijede Ýamhadlaryň täsiri Tawra çenli giňäpdir.

**Gündogar Ortaýer deňziniň kenary Orta bürünç döwründe (b. e. öň XVI-XII asyrlarda).** B. e. öňki XVII asyryň ahyrynda XVI asyryň başynda Demirgazyk Siriýa ýerleri Hettler tarapyndan eýelenýär, XVI asyryň ahyrlarynda bolsa bu ýerler Mitanni tarapyndan basylyp alynýar. Müsürden giksoslaryň kowlyp çykarylmagy, giksoslaryň paýtagty Şaruheniň ýykylmagy bilen Palestina we Günorta Siriýa ýerleri Müsür faraony Ýahmos I tarapyndan eýelenýär (giksos birleşigi dargaýar, emma onuň taýpa bütewiligi Sinaýda b. e. öňki I müňýyllyga çenli saklanýar). Şeýlelik bilen, b. e. öňki XVI asyryň ahyrlarynda Ortaýer deňziniň Gündogar sebitleri Müsür bilen Mitanniniň arasynda paýlaşylýar. Emma bu döwletler özleriniň meýillerini amala aşyrsalar-da ne-hä müsürliler Ýewfratda, ne-de mitanniler Palestinada ornaşyp bilipdirler.

Bu ýerler üçin uruşýan taraplar XV asyryň ahyrynda Ortaýer deňziniň Gündogar kenaryny ozaralarynda paýlaşmaklyga razylaşýarlar. Mitanni Demirgazyk Siriýa ýerlerini, müsürliler bolsa Siriýanyň Günorta we Palestina ýerlerini eýeleýarler. Emma XV asyryň ortalarynda Mitanniniň Siriýadaky ýerlerini eýelemek üçun, onuň demirgazygyndan hettler hereket edip başlaýar. XIV asyryň üçünji çärýeginde bu sebitde bolan uruşlaryň netijesinde Mitanni we Müsür gutarnykly derbi-dagyn edilýär. Ortaýer deňziniň Gündogar kenarlary hettler tarapyndan basylyp alynýar.

Bu döwre çenli sebitde etniki taýdan uly özgerişler hem bolup geçýär. B. e. öňki 1400-nji ýylda Wawilondan amoreýler kowulyp çykarylýar. Kowulanlar Siriýa çöllüklerini söküp geçip, Siriýanyň Günorta çäklerinde ornaşýarlar. Şol gelenlerden hem gadymy ýewreý halky emele gelipdir.

XIII asyr Müsür çeşmelerinde Siriýa-Palestina baradaky berilýän maglumatlarda, olar Derýaaralygyndan gelip çykanlar

diýilip berilýär. Bu “Ibri” taýpalaryň “derýadan geçip gelenleriň”, ýagny Derýaaralygyndan ugrap Ýewfratdan geçip Palestina gelenler baradaky gadymy rowaýatlar bilen gabat gelmegi, olaryň Derýaaralygy bilen etniki baglanyşygynyň barlygyny subut edyär.

Ikinjiden, öň Arabistanyň Demirgazyk-Gündogar sebitlerinde ýaşan semitleriň çarwa arameý taýpalary, Siriýa çöllüklerinde we Ýewfrat derýasynyň orta akymlarynyň jülgelerinde ornaşypdyrlar. Takmynan şol göçhä-göçlik döwründe gadymy ýewreý taýpalary günorta-günbatara, Palestina we Iordan derýasynyň aňry tarapyna göçüp barýarlar. B. e. öň 1300-nji ýyllarda olaryň esasy taýpa birleşikleri- Moaw, Ammon, Edom we Ysrayl emele gelýär. Olaryň ilkinji üçüsi Ölüdeňzinden gündogarda we günortada, Ysrayl bolsa Palestinada ýerleşipdir.


Filistimlýanly. Müsür şekili

B. e. öň XIII asyryň ilkinji üçünji çärýeginde täze hett-müsür urşundan soň, taraplar biryarym asyr öň baglaşylan ylalaşyk ýaly, olar Ortaýer deňziniň Gündogary boýunça ýene-de ylalaşyk baglaşypdyrlar. Siriýanyň uly bölegi Kadeş we Amurru şäherleri hettlere, Günorta Finikiýa, Damask we Palestina bolsa müsürlilere berilipdir.

Bu döwrüň adaty deňizýaka şäherleriniň biri Ugarit bolupdyr. Beýleki şäher döwletleri ýaly ol hem Derýaaralygy, Müsür, Kiçi Aziýa bilen giň söwda gatnaşygyny alyp barýar. Şol sanda grekler bilen hem söwda aragatnaşygy ýola goýulýar. Ugaritiň oba hojalyk etraplarynda ekerançylyk, bagçylyk has giň gerime eýe bolýar. Üzüm, zeýtun agaçlary ylaýta-da köp ekilipdir. Oba hojalygy haryt häsiýetine eýe bolupdyr.

Patyşalar oba jemagatyndan misi we kümüşi sadaka hökmünde ýygnapdyrlar. Ugaritiň gülläp ösen döwri b. e. öň XV asyryň ahyryndan başlap XII asyryň başlaryna çenli

dowam edýär. Ugarit şäher döwletinde durmuşy gatlaklar emele gelýär. .
Ýurdyň erkin ilaty üç gatlaga bölünipdir: 1)“Ugaryt ýurdynyň ogullary”-jemagatyň ekerançylary, 2)“Patyşanyň gullary”-patyşanyň ýakyn adamlary, patyşadan ýer paýyny alýanlar. Olaryň köpüsi özleriniň urug ýerlerini saklap, oba jemagaty bilen aragatnaşygy saklap gelenlerden ybarat durupdyr. 3) “Patyşanyň gullarynyň gullary”- öz ýer paýy bolmadyk we emeldarlaryň mülkinde işleýän adamlar. Olar öz ýerlerini elden giderip oba jemagaty bilen arasyny üzen adamlardan we gelmişeklerden ybarat durupdyr. Patyşa gullugynda iri hem orta ýer eýelerinden başga-da söwdagärler hem durupdyrlar, olara Wawilondaky ýaly tamkarlar diýipdirler.

Ugarit jemgyýetinde gullar bolup, olaryň zähmeti giňden ulanylypdyr. Haryt-söwda gatnaşyklarynyň we husuşy ýer eýeçiliginiň ösmegi, köp zähmeti talap edipdir. Emma uly basybalyjylykly uruşlary alyp barmaga kiçijik Ugarit döwletiniň mümkinçiligi bolmandyr. Şonuň üçin, Ugaritda gulçylygyň esasy çeşmesi gullary satyn alyp olary satmak bolupdyr. Ugaritda bergidarçylyk gulçylygy hem bolupdyr. Ýer eýeleri, söwdagärler olaryň zahmetinden peýdalanypdyrlar.


Finikiýa gämisi. Gadymy şekil

B. e. öň XII asyryň başynda Siriýa we Palestina “Deňiz halklarynyň” çozuşyna sezewar bolýar. Olar bu sebitlerde ilkinji gezek XIII asyryň ahyrlarynda (aheýleriň Kipri we Müsüri çapawullamaklary), “Troýa" urşundan soň ýeňiji aheýleriň bir bölegi “danaýlar” şeýle-de Egeý we Ioniý deňizlerindäki birnäçe taýpalar Kiçi Aziýanyň Günorta-Günbatar sebitlerinden, Klikiýadan geçip, Ortaýer deňziniň gündogar kenarlaryna çozupdyrlar. Olar Kipri, Karkemişi we

Ugaritleriň harby gämilerini çympytrak edipdirler (üstesine-de Ugarit ýer titreme sebäpli hem weýran bolýar), Sidony we Tiri tozduryp, Müsüre çozupdyrlar. Emma olar Müsürliler tarapyndan yza serpikdirilýär. Şondan soň "deňiz halklarynyň" iki şahasy filistimlýanlar we çakaralar kenarýaka sebitde-Palestinanyň kenarlarynda ornaşýarlar. Bu ýerde gelmişekler ýerli taýpalar bilen goşulyşýarlar, tiz wagtdan olar ýerli halkyň medeniýetini we dilini kabul edýärler hem-de filistimlýanlaryň konfederasiýasyny esaslandyrýarlar. Taryhda köp ady tutulýan Palestina sözi hem filistimlýan adyndan gelip çykypdyr.

**Finikiýa söwda şäherleriniň gülläp ösmegi. Damask patyşalygy.** Syýasy bulaşyklardan soň özüni dürsän, Ortaýer deňziniň gündogar kenaryndaky deňizýaka şäherleri, b. e. öň. II müňýyllygyň ahyrlarynda I müňýyllygyň başlarynda täzeden ýokary göterilip başlaýar. Finikiýalylar tarapyndan Ortaýer deňziniň kenar ýakalaryny özleşdirmek başlanýar. Ylaýta-da olar günbatarda has berk ornaşýarlar. Olar Tir we Sidon şäherlerini dikeldýärler. B. e. öň XII asyryň ahyrynda Müsür gowşaýar we Alynky Aziýada olaryň agalygy hem aýrylýar. Soňraky onýyllyklarda finikiýalylar (ilki bilen hem Tirdäki "sidonlaryň" patyşalygy) Ortaýer deňziniň Günbatarsynda özbaşdak finikiýa koloniýalaryny emele getirýärler.

B. e. öň 1100-nji ýylda Tirli ýaşlar Demirgazyk Afrikada Utika şäherini esaslandyrýarlar. Takmynan şol döwürde olar tarapyndan Ispaniýada Gades (häzirki Kadis) şaherini hem esaslandyrýarlar. Soňra bolsa Finikiýalylar Sisiliýada, Sardiniýada, Maltada, Balear adalarynda ornaşýarlar. B. e. öňki XI asyryň ahyrynda Tir Sidony we beýleki şäherleri özüne birleşdirip, bütin günorta Finikiýany birleşdirýär. Ylymda oňa Tir-Sidon döwleti hem diýilýär. Tir-Sidon patyşalygy bütin Ortaýer deňzi möçberinde halkara söwdasyny öz eline alypdyr. Bu döwletiň iň ýokary göterilen wagty patyşa Ahiramyň (b. e. öň 969-936 ýý.) döwründe bolupdyr. Gündogarda Ahiram diplomatik ýol bilen Palestinanyň bir bölegini eýeläpdir. Kipr

adasynyň şäher hökümdary özüni Ahiramyň guly hasaplapdyr. Onuň döwründe Finikiýa şäherleri bir döwlete birleşdirilip başlanýar. Tiriň ýerleri has giňelýar. Uly gurluşyk işleri amala aşyrylýar. Tiriň ýeri dar bolansoň köp gatly jaýlar gurulýar. Agyz suwy üçin materikden suw çekilýär. Adanyň ýerini giňeltmek üçin daş hem çäge çekilip ada ep-esli giňeldilýär. Şäherde Melkart hudaýyna we hudaý aýal Astarta uly buthanalar gurulýar.

B. e. öň X-IX asylarda Tir-Sidon patyşalary bir gezegem materikde uruş hereketlerini alyp barmandyrlar. Olaryň bar ünsi diňe deňiz ýollaryna gönükdirilipdir. Tir-Sidon patyşalygynyň syýasy gurluşy oligarhiýa häsiýetli bolupdyr. Emma bu döwletiň patyşalary despotiki-diýdimzor häkimligi gurmaga çalyşypdyrlar. Döwleti dolandyrmagyň despotiki dolandyrylyşyna ymtylmaklyk b. e. öň IX asyryň ahyrlarynda hem dowam edipdir, bu bolsa patyşa häkimliginiň gowşamagyna getiripdir. Galyberse-de bu syýasat iri söwdagärleriň we gul eýeleriniň garşylyk görkezmeklerine alyp barypdyr.

Wawilon we Ugarytdaky tamkarlardan-söwdagärlerden tapawutlylykda Tir söwdagärleriň orny güýçlenip, olar söwda gämilerini islendik wagty özbaşdak iberip bilipdirler. Finikiýanyň esasy şäherleri bolan Tir, Sidon we Bibl öz üstlerinden geçýän söwdanyň hasabyna baýlaşypdyrlar. Olar müsür hem wawilon harytlaryny Gresiýa satypdyrlar, grekleriň harytlaryny bolsa öz üstünden Gündogar ýurtlaryna peýdasy bilen geçiripdirler

Müsüre we Deryaaralygyna öňküsi ýaly kedr agaçlary iberilipdir. Deňizýaka şäherleri, esasan hem Tir gyrmyzy we mämişi öwüsýän boýagly matalary we ownuk çüýşe gaplary öndürip, olaryň söwdasyndan örän uly girdeji alypdyrlar. Finikiýa zergärleriniň önümlerine (altyndan we kümüsden ýasalan gap-gaçlar, pil sünkinden ýasalyp bezelen önümler) Gündogarda we Gresiýada uly isleg bildirilipdir.

Emma finikiýalylaryň deňiz söwdasy garakçylyk bilen utgaşdyrylyp başlapdyr. Erkin adamlary ogurlamak we satmak olaryň girdejisiniň bir çeşmesi bolandygy barada taryhy çeşmelerde ýatlanylýar. Gullaryň bir bölegi Finikiýa iberilip, olar hünarmentçilik ussahanalarynda, deňiz portlarynda ýükçi we gämi kürekçileri hökmünde işledilipdir. Finikiýa guleýeçilik döwletiniň aýratynlygy, olarda harby ýesirleriň ähmiýeti uly bolmandyr (finikiýalylar hiç wagt basybalyjylykly uruşlary alyp barmandyr). Olarda bergidarçylyk gullar barada hem hiç hili maglumatlar ýok. Emma keseýerlileri alyp satmaklyk olaryň gündelik durmuşynyň bir ýörelgesi hasaplanypdyr. B. e. öň I müňýyllykda Finikiýada, esasan hem Tirde gullar has köpelipdir we olary ezmeklik artypdyr.

**Damask şäheriniň ýokary galmagy.** Siriýanyň kontinental ýeriniň taryhy b. e. öňki XI asyryň ikinji ýarymynda arameýleriň aralaşmagy we ornaşmaklary bilen bagly bolupdyr. Arameýler giçki hett beglerini bu ýerlerden demirgazyga gysyp çykarypdyrlar. Şol ýerden hem 1000-nji ýylda arameýler Ýewfratdan geçip Demirgazyk Derýaaralygyna aralaşýarlar.

B. e. öň I müňýyllygyň başynda deňizýaka şäherleriniň arasynda Tir agalyk ediji ýagdaýy eýelän bolsa, Siriýadaky arameýleriň esasy merkezi Damask oazisi bolupdyr. X-VIII asyrlarda bu ýerde Uly Aram-Damask döwleti emele gelip, şol sebitlerde agalyk ediji merkeziň birine öwrülipdir. Döwletiň merkezi Damask şäheri bolup, ykdysady taýdan ýokary galypdyr. Bu şäher söwda ýollarynyň çatrygynda amatly ýerleşipdir. Onuň ykdysadyýeti maldarçylyk önümlerine esaslanypdyr, olaryň hojalygynda söwda ýollary örän amatly ulag bolan düýeleri köpeltmeklik uly ähmiýete eýe bolupdyr. Galyberse-de Damaskda Kappadokiýadan getirilýän demri işläp, ondan ýokary hilli polat öndürilipdir. Damask poladyndan ýasalan ýaraglara Ýakyn Gündogarda uly isleg bildirilipdir.

Damask şäheriniň ýokary göterilmegine arameýleriň hereketi sebäp bolupdyr. Olar Arabystan ýarymadasyndan göçüp gelen semit dilli taýpalaryň nobatdaky topary bolupdyr. B. e. öň I müňýyllygyň başlaryna çenli arameýler Siriýanyň we Derýaaralygynyň ýerli hurrit-amoreý ilaty bilien garyşypdyrlar. B. e. öň IX asyryň birinji ýarymynda Damask Ysraylyň, Günorta Palestinanyň birnäçe ýerlerine aralaşyp, Iudeýadan salgyt alypodyr. Patyşa Benhadad III Demirgazyk Siriýadaky 17 sany hanlygy birleşdirip, Otondaky Hamat patyşalygynyň garşysyna ýöriş edýär. Ortaýer deňziniň  Gündogar kenar sebiti birnäçe wagtlap Damaskyň golastyna düşýär. Diňe deňizýaka şäherleri özleriniň garaşsyzlygyny saklap bilipdirler, Damask olar bilen diňe söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyr.

Emma Damask patyşalygynyň agalygy uzak dowam etmändir. Hamat Damask goşunlarynyň hüjümlerini yzyna serpikdiripdir. Şondan soň Damask bileleşigi hem dargap başlapdyr. Yzygiderli uruşlar zerarly gowaşan Damask b. e. öň IX asyryň ahyrynda Assiriýa patyşasy Adad-nerary III tarapyndan basylyp alynýar we köp möçberde damasklaryň jemlenen demir ammaryny ýeňiji hökmünde ele salýar.  Şu urlan zarbadan aýňalmadyk Damask şondan soň agalyk etmek ugrundaky göreşden el çekýär.

Tir-Sidon we Damask ýaly Ortaýer deňziniň Gündagarynda agalyk etmek ugrunda göreşen döwletler bilen bir hatarda uly bolmadyk döwletler, şonuň ýaly Demirgazyk Siriýadaky baý söwda-hünärmentçilik merkezi bolan Karkemiş döwleti hem özbaşdak ýaşamaga mümkinçilik alypdyr. Hett patyşalygy ýykylandan soň ol özbaşdak bolupdyr, emma hettleriň medeniýetini we dilini saklapdyrlar.

## §17. Palestina b. e. öň I müňýyllykda. Ysrayl-Iudeý patyşalygynyň emele gelmegi

B. e. öň I müňýyllykda Palestinada esasan üc sany güýç- ysrayllar, iudeýler we filistimlýanlar bolup, olar ýurduň ykbalyny çözüpdirler. B. e. öň II müňýyllygyň ahyrynda Ortaýer deňziniň Gündogar kenary sebitiniň günortasynda täze syýasy birleşme emele gelýär. B. e. öň XIII asyrda gadym ýewreý taýpalary Palestina çozýarlar we ýerli şäher döwletleriň birnäçesini özine tabyn edýär. Emma bu birleşme Müsür faraony Merneptah tarapyndan dargadylypdyr we Palestinadan kowulyp çykarylypdyr.

Ýewreýleriň başga bir topary mundan hem öň Müsürde ornaşypdyrlar, emma XIII asyryň ahyrlarynda Müsüri taşlap, Sinaý ýarymadasynda ornaşýarlar. Şu göçhä-göçlik hem ýewreýleriň Muşürden gelip çykandyklary baradaky gadymy rowaýatyň beýanlarynda görkezilýär. B. e. öň XIII-XII asyrlaryň başagaýlyklarynda ysrayllaryň birnäçe toparlary ýene-de birleşip, Iordanyýa ýeri üçin Palestina çozup giripdirler.

Umuman ýewreýleriň gelip çykyşlary barada, olaryň öz rowaýatlarynda dürli-dürli berlipdir. Mysal üçin, gadymy ýewreý däbine görä, ysrayllaryň täze taýpa bileleşiginiň gelip çykyşyny Musa pygamber bilen baglaşdyrýan bolsalar, olaryň Palestina çozup girmeklerini Isus Nawin bilen baglanyşdyrypdyrlar. Aslynda ýewreý sözi “derýanyň aňry tarapynyň ýaşaýjysy” diýen manyny berýär. Munuň özi Ybraýym pygamberiň ýolbaşçylygynda ýewreýleriň Yefrat derýasynyň aňyrsyndan gelendigi baradaky rowaýat bilen gabat gelýär.

B. e. öň XII asyrda ýewreýler Palestinanyň ýerinde ornaşyp, 12 taýpadan ybarat taýpa birleşmesini döredýärler, netijede bu ýerde gutarnykly Ysrayl döwleti emele gelýär. B. e. öň XII-XI asyrlarda olarda ilkidurmuş döwrüniň galyndylary saklanypdyr. Taýpalaryň başynda saýlowly serdarlar- “şofetler”(kazylar) durup, olar baş ruhanylyk wezipesini ýerine ýetripdirler. Uruş wagtynda olar taýpa ýygymyna serkerdelik edipdirler,

parahatçylyk döwründe aryz-şykaýat işleri bilen meşgul bolupdyrlar. Bu döwürde olaryň dini garaýyşlary gürrüňsiz otparazlyk bolupdyr. Şol döwürde hem ýewreýler Günorta Palestinanyň daglyk ýeriniň ylatynyň sežde edýän, ýerli Ýahwe hudaýyny baş hudaý hökmünde kabul edipdirler.

Ýewreýleriň berk otrumlylyga geçmegi, öndüriji güýçleriň ösmegi netijesinde emläk deňsizliginiň güýçlenmegine getiripdir, bu bolsa döwletiň ýüze çykmagyna alyp barypdyr. Ýewreýlerde döwlet döreýiş pursatyny daşarky wakalar hem çaltlaşdyrypdyr.

Palestinada b.e. öň XI asyryň başynda, demir eretmekde we ýarag ýasamakda tapawutlanýan filistimlýanlaryň harby agalygy esaslandyrylýar. Filistimlýanlar bilen alnyp barylan uruşlarda ysrayllardan ukyply harby serdarlar saýlanyp çykypdyr. Uruşyň dowamynda Saul diýen serkerde öňe saýlanypdyr. Ysraýyl taýpalarynyň esasy böleginiň gollamaklary bilen, ýewreý begleriniň garşylygyna garamazdan Sauly Ysraylyň ilkinji patyşasy edip saýlaýarlar (b. e. öň XI asyr ahyry). Ol öz ýakyn adamlaryny goşun serkerdeleri müňbaşy, ýüzbaşy edip belläp, olara iň amatly ýerleri paýlap berýär. Bu kem-kemden döwlet emeldarlarynyň döremegine getiripdir. Emma Saul uruşda şowsuzlyga uçuraýar, ol filistimlýanlardan agyr ýeňilýär we özüni gylyjynyň üstüne oklap heläk bolýar. Şondan soň onuň giýewisi Dawud (takmynan b. e. öň 1000-965 ýý.) patyşa bolýar. Ol merkezleşdirilen döwleti döretmäge gönükdirilen syýasty ýöredipdir.

Dawudyň döwründe gadymy ýewreý Iudeý döwleti kemala gelýär. Ol Ierusalimi basyp alýar we ony paýtagt edinýär. Ýurdy dolandyrmak üçin merkezi döwlet edarasy döredilip, onuň başynda baş emeldar (wezir) durupdyr. Kese ýerli hakynatutmalardan- kritlilerden we filistimlýanlardan patyşanyň penakärleri döredilýär. Dawud patyşa güýçli garşylyklara garamazdan, ilata salgyt salmak üçin ählumumy

ilat ýazuwyny geçiripdir. Patyşanyň öňünde “ýönekeý raýatlardan başlap, harby serkerdeleriň we şazadalaryň ýere ýykylyp tagzym etmeklik” däbi girizilipdir.

Dawudyň daşary syýasaty hem şowly boludyr. Filistimlýanlar bilen ýaraşyk baglaşylýar. Günortada täze ýerler basylyp alynýar. Dawudyň körpe ogly Süleýmanyň (b. e. öň 965-928 ýý ) patyşalyk eden ýyllary ýewreýleriň Iudeý döwletiniň gülläp ösen döwri bolupdyr.

Süleýmanyň döwründe gurluşyk işlerine uly üns berilipdir. Uruşda ýumurylan şäherler dikeldilip, täze şäherler gurulýar. Süleýman Ýahwe hudaýyna bagyşlap Ierusalimda ajaýyp buthana gurdurýar. Gurluşyk işleri köp harajat talap edipdir. Şoňa görä-de ol salgytlary artdyrypdyr. Her ýylda 4 aý patyşanyň gurluşyklarynda işlemek barada zähmet borçylygy girizilýär. Ilki başlarda zähmet borçlylygy boýun egdirilen halklara degişli bolupdyr. Emma soňra ýewreýler hem oňa borçly edilipdir. Tir patyşasy Ahiram Süleýmana iň oňat ussalary we gurluşyk agaçlaryny iberipdir. Bu zatlary üçin Süleýman Ahiramy däne we zeýtun ýagy bilen üpjün edipdir hem-de oňa 20 sany şäheri bermeklige egilşik edipdir.

Uly gurluşyk işleriniň alnyp barylmagy we köşk emeldarlaryny saklamaklyk köp harajat talap edipdir. Şol sebäpli hökümet salgytlary köpeltmäge çalyşypdyr. Ysrayl-Iudeý patyşalygynyň ýerleri 12 sany welaýatlara bölünip, olaryň her haýsy ýylda bir aýlap patyşany azyk önümleri bilen üpjün etmeli edilipdir.

Süleýmanyň dolandyran ahyrky ýyllarynda döwletiň daşary ýagdaýy şylşyrymlaşýar. Demirgazykda ýokarda aýdyşymyz ýaly güýçli Damask patyşalygy emele gelýär. Üstesine-de ýewreý taýpalarynyň bir bölegi Iudeý patyşalygyndan bölünip aýrylýar we özbaşdak Ysrayl döwletini döredýärler. Onuň paýtagty täzeden gurlan (b.e.öň IX asyrda) Samariýa şäheri bolupdyr. Dawudyň neberereleri ýurduň günorta böleginde ýerleşýän-Iuda patyşalygyny dolandyrypdyrlar.

Ýurdyň gowşamagyndan we bölünmeginden peýdalanan Müsür faraony Şeşonk I b. e. öň 925-nji ýylda Palestina çozup girýär we ol ýerler Müsüre tabyn edilýär. Emma Şeşonkyň oruntutarlary döwründe Müsür ýene gowşaýar, netijede bu sebitlerde müsürlileriň agalygynyň soňuna çykylýar.

**Ysraýylda we Iudeýada durmuş-ykdysady gatnaşyklar we sosial krizis.** Çarwa halklaryň köpüsinde otrumlylyga geçip, öz döwletini döredişleri ýaly b. e. öň I müňýyllygyň birinji ýarymynda, gadymy ysraýyl jemgyýetinde hem hususy eýeçiligiň ýüze çykmagy bilen, adamlary hususy taýdan ezmeklik güýçlenipdir. Bu ýagdaý taýpa serdarlary we emeldarlary tarapyndan halk köpçüliginiň gysylmagy we haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi bilen emele gelipdir. Şeýle-de, artykmaç önümleriň we ýerleriň aýratyn adamlaryň elinde jemlenmegi, jemagat agzalarynyň paý ýerleriniň elden gitmegi ilat köpçüliginiň tozdurylmagyna, bakna adamlara öwrülmegine, olaryň ezilmegine getiripdir we hususy eýeçiligi berkidipdir.

B. e. öň I müňýyllygyň birinji ýarymynda Palestinada haryt hojalygy ösüp başlaýar. Uly şäherlerde hünärment ussalaryň aýratyn hünärmentçilik syrgynlary emele gelýär. Şäher eteklerinde agaç ussahanalaryň, küýzegärleriň, dokmaçylaryň obalary peýda bolýar. Daşary söwda hem giňelýär. Haryt hojalyklarynyň ýüze çykmagy, söwdanyň ösmegi oba jemagatynyň dargamagyna getirip, ýere bolan hususy eýeçilik emele gelýär.



B. e. öň VIII-V asyrlarda Palestinanyň erkin ilatynyň durmuşy taýdan dört topara bölünendigi barada taryhy maglumatlar saklanypdyr. Olar: 1) döwlet emeldarlary, 2) ruhanylar, 3) “ýeriň halky” diýip atlandyrylýan zähmetkeş ilatdan we 4) gelmişeklerden ybarat bolupdyr, emma

bu toparyň hukuklary çäklendirilipdir.

Taanahadan tapylan Ysrayllaryň keramyka önümleri. B. e. öň X-VIII asyrlar

Ýeriň halky diýip atlandyrylýan topar jemagat ýerlerinden paý ýerini alyp, olar goşun ýygymynda gulluk etmeli we salgyt tölemeli bolupdyrlar. Olar ilatyň esasy köpçüligini düzüpdir. Jemgyýetiň iň aşaky gatlagy gullar bolupdyr. Ýöne olar zähmetkeş ilatyň az bölegini tutupdyrlar. Haryt önümçiliginiň ösmegi bilen gullaryň sany hem artypdyr. Indi garamaýak ilatyň zähmeti diňe bir patyşanyň we köşk begleriniň hojalyklarynda däl, eýsem jemagat ýerindäki öňe saýlanýan baý adamlar üçin hem gerek bolupdyr.
Gulçylygyň çeşmeleri dürli-dürli bolupdyr. Olar duşman ýerlerinden sürülip getirilen aýallar, çagalar, ýesir alnan esgerlerden, bergidarlardan ybarat bolupdyr. Gullary goňşy taýpalardan hem satyn alyp bolupdyr. Jemgyýetde gullara ýakyn gatlak, ýere berkidilen bergidar adamlardan we gyrnaklardan bolan erkin çagalardan düzülipdir.

Emma Ysrayl-Iudeý döwletinde patyşa häkmiýetiniň harbylar we ruhanylar bilen gatnaşygy hem çylşyrymly bolupdyr. Galyberse-de, ýewreýleriň öz sejde edýän hudaýlary baradaky mesele hem esasy çözülmeli meseleleriň biri bolupdyr. Gadymy ýewreýler özlerini Palestina gelen halk hasap edensoňlar, olar haýsy hudaýy baş-penakär hudaý bolmalydygyny çözmeli bolupdyrlar. Ysrayl patyşalary üçin bu meseläni çözmeklik aýratyn ähmiýetli bolupdyr. Olar iudeýleriň Ierusalimdaky Ýahwe hudaýyna sežde edilmegi bilen birlikde halky öz tarapynda saklamak üçin, ýewreýleriň özlerine ýerli hudaýlardan penakär hudaýy saýlap almaklyk we ony ykrar etmeklik zerur bolupdyr. Mysal üçin, Ysraylyň iň bir güýçli patyşalarynyň biri Ahiraw (b. e. öň 969-936 ýý.) finikiýalylaryň Baal hudaýyny peýdalanypdyr, oňa sejde edipdir, şeýle-de köp sanly ýerli hudaýlara sadaka bermekligi geciripdir.

Dürli hudaýlaryň biri-birine garşy durýan ybadathanalarynyň we harbylaryň Ysrayl patyşalygynda dini meselelerde haýsam bolsa bir hudaýa sejde etmeklik meselesini çözmek ugrundaky gözlegleri, ruhanylaryň bir hudaýlyk-"monoteizm" dinine getiripdir. Netijede bolsa, Ýahwe hudaýynyň ruhanylary Ýahwe hudaýny döwletde aýratyn hudaý, baş hudaý hökmünde ykrar edilmegini talap edipdirler. Galan ýerli hudaýlara bolsa, umumy döwlet derejesinde çokunmaklyga ýol berilmezligini isläpdirler. Şeýlelikde, Ysrayl döwletinde bir wagtyň özünde patyşa häkimligi bilen ruhanylaryň ýokary häkimliginiň birleşmesi bolup geçipdir.

B. e. öňki VIII-VI asyrlarda ybadathanalarda aýratyn ruhanylar hasaplanýan "pygamberler" düşnüksiz ýagdaýda buthanalardan el çekip, halk hereketlerine baş bolupdyrlar. Şol ruhanylar hem Ýahwe hudaýy baradaky gutarnykly dini düşünjäni döredipdirler. Ýahwe hudaýyny ýeke-täk hudaý, hemme zatlary döredýän güýç, ýewreý halkyny bolsa taryhy dörediji, aýratyn saýlanan halk hökmünde görkezip bilýän dini taglymaty döredipdirler. Bu taglymata görä, iň soňunda Ýahwe hudaýynyň wekili gelmelimiş, Ysrayly otparazlaryň ýetiren zyýanlaryndan halas edip, ýurtda adalatlyk dikeldilmelimiş we dünýäniň ähli halklary Ýahwe hudaýyna sejde etmelimişler diýilýär. Bu taglymat geljekde iudeizm dininiň esaslaryny tutupdyr we ol ilkibaşky, ýagny hiç wagt üýtgemiýän taglymat bolup, oňa ynanýanlaryň ýaşaýyş durmuşyny, olaryň durmuşda özlerini alyp barmaklarynyň ahlak ýörelgelerini kesgitleýän taglymat hökmünde garalypdyr. Bu dini taglymat Ýakyn Gündogarda ähli dinleriň, şol sanda gadymy ýewreý dininiň edim-gylymlaryna hem garşy gelipdir. Şonuň üçin, bu dini taglymat Ysraylda hem-de Iudeýada wagtal-wagtal öz täsirini gaçyrypdyr.

## §18. Ortaýer deňziniň Gündogar ýerleri ugrunda Assiriýa, Wawilon we Pars döwletleriniň alyp baran uruşlary

**Ortaýer deňziniň Gündogar kenary ugrundaky uruşlar.** Assiriýa we Wawilon B. e. öň. VIII-VI asyrlarda Ortaýer deňziniň Gündogar kenaryndaky özara uruşýan uly bolmadyk döwletler, sebitiň töweregindäki güýçli döwletleriň çozuşlaryna we agalygyna sezewar bolupdyrlar. B. e. öň VIII asyryň ortalarynda Demirgazyk Siriýanyň ýerlerine Uratuyň goşynlary hüjüm edip başlaýar. Emma Tiglatpalasar III (b. e. öň 745-727 ýý.) döwründe kuwwatlanan Assiriýa Urartua uly zarba urup, ony ikinji derejeli döwlete öwürýär. Soňra Assiriýanyň harby goşuny Damask we Ysrayl patyşalyklaryna gönükdirilýär. Olaryň ikisi hem (b. e. öň 732 we 722 ýý) agyr ýeňilişe sezewar edilýär we talanýar. Ysraylyň ilatynyň bir bölegi bolsa ýesir edilip äkidilýär.

Emma Tir-Sidon patyşalygy Assiriýa bilen çaknyşmazlyga çalyşypdyr. Tiriň patyşasy Tiglatpalasar III 150 talant altyndan pul töläpdir. Emma şeýle baý Tir ýaly şähere hem assiriýalylaryň salgydy juda agyr bolupdyr. Şonuň üçin, Tirliler ahyryna çenli duşman bilen uruşmagy ýüreklerine düwýärler. Olar bäş ýyllap (b. e. öň 725-720 ýý.) dag gaýalygynda ýerleşýän adalarda goranýarlar. Tirliler Assiriýanyň harby deňiz gämileriniň çozuşlaryny yzyna serpikdirip bilipdirler we olara uly zyýan ýetripdirler. Şeýlelikde, Assiriýa wagtlaýynça Tiri taşlap gitmeli bolupdyr. Assiriýa b. e.öň 701-nji ýýlda ýene-de Tire garşy urşa başlapdyrlar. Ýöne bu gezek olar Tire degmän onuň materikdäki ýerlerini basyp alýarlar. Assiriýa patyşasy Asarhaddon Sidony hem weýran edýär. Şeýlelik bilen, bütin materik Palestinasy Assiriýanyň gol astyna geçip, onuň bir welaýatyna öwrülýär. Tiriň diňe ada bölegi we Arwada şäheri saklanyp bilipdir, emma olar hem tiz wagtdan assiriýalylaryň agalygyny ykrar etmeli bolupdyrlar we salgyt töläpdirler.

Uly Assiriýa patyşalygy ýykylandan soň, Tir we Iudeýa patyşalyklary özbaşdak döwlet hökmünde saklanypdyrlar. Tir

belli bir döwürde Finikiýanyň ähli ýerini hem özüne tabyn edipdir. Goňşy ýurtlar bilen söwda gatnaşyklary hem ýola goýýar. Tir söwdagärleri deňiz we gury söwda ýollaryny eýeläpdirler. Olar Kiçi Aziýanyň Gündogar sebitlerine, Günorta Arabystanyň ýerlerine aralaşýarlar. Ispaniýadan kümüş getiripdirler, Britaniýadan gurşun çekipdirler. Iudeýa patyşalygy Iosiý (b. e. öň 640-609 ýý.) patyşanyň döwründe öz garaşsyzlygyny alýar we öz ýerlerini assiriýanyň hasabyna demirgazyga we günbatara tarap giňeldýär.

Emma bu döwletleriň içki ýagdaýy dartgynly ýagdaýda bolupdyr. Olar barada Tirden tapylan taryhy maglumatlar subut edýärler. Şonuň üçin, Iudeýada ruhanylar halkyň närazylygynyň öňüni almak üçin dini täzeliklere, özgertmelere ýüzlenipdirler. Ruhanylar hamala Ierusalim buthanasynda bejeriş işleri geçirilýän döwründe, ýeke hudaýlygy talap edýän kanunlar ýygyndysy tapylanmyş diýip, ony halka yglan edipdirler. Şol köne kanunlaryň esasynda bergidar gul 7-ýyl işläninden soň erkinlige göýberilýandigini, şeýle-de kanuna goşmaça maddalaryň girizilmegi bilen, boşadylýan bergidar gullaryň gedaýçylyga düşmezlikleri üçin, olara çörek we goýun berilýandigini yglan edipdirler. Eger-de gul öňki öz hojaýynyň elinde galmakçy bolsa, onda ol ömürlik gullaryň sanawyna goşulýandygy baradaky (b.e. öň 622 ýý. patyşa Iosiniň girizen kanuny) kanunyň girizilendigini hem yglan edipdirler. Bu dini ösgertmeler ilatyň belli bir derejede köşeşmegine getiripdir. Emma tiz wagtdan sebitiň günorta bölegi, Müsüriň demirgazyk bölegi Wawilonyň golastyna düşýär. Ierusalim şäheri ýumurylýar. Ilaty bolsa Wawilona ýesir edilip sürülýär.

**Wawilonyň alyp baran uruşlary.** Assiriýa patyşalygy ýykylandan soň Ortaýer deňziniň Gündogar ýerleri üçin Müsür we Täze Wawilon patyşalygynyň arasynda üznüksiz uruşlar bolup geçýär. Iudeýa patyşalygy b. e. öň 609-njy ýylda Megiddo şäheriniň eteginde bolan söweşde, faraon Neho tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Ysrayl Müsüre tabyn edilenden

soň ony Wawilona garşy peýdalanypdyrlar. Edil şonuň ýaly ýagdaý Tiriň basyna hem düşüpdir. B. e. öň 587-nji ýylda Wawilon goşunlary Ierusalimi basyp alýar. Iudeýiň iň soňky patyşasy Sidkiýanyň gözi kör edilip, ilaty bolsa Wawilona sürülipdir. Şondan soň Nawuhodonosor II (b. e. öň 605-562 ýý.) ähli güýjini Tiriň garşysyna sürüpdir. Emma uruş uzaga çekip 13 ýyldan soň taraplar ylalaşyk gazanypdyrlar. Netijede, tirliler hem b. e. öň 574-nji ýylda Wawilonyň agalygyny ykrar etmeli bolupdyrlar.

B. e. öň VI asyryň ikinji ýarymynda Ahemenileriň uly Parfiýa döwleti emele gelenden soň, Ortýer deňziniň Gündogar sebitinde ýagdaýlar üýtgeýär. Ortaýer deňziniň gündogar kenar sebitlerindäki ownyk hanlyklar we şäherler Ahemeniler döwletiniň düzümine meýletin goşulýarlar. Neijede, pars patysalary döwletiň ýerlerini Finikiýa, Issa aýlagyna çenli giňeldýärler. Parslar bu ýerde iň uly Sidon, Tir we Arwada şäherleriniň federasiýasyny döredýär. Täze esaslandyrylan Tripoli şäherinde bolsa, bu üç şäheriň ýaşulylaryndan ybarat umumy finikiýa geňesi döredilýär. Umuman finikiýa şäherleri pars patyşalarynyň esasy ykdysady merkezine öwrülýärler. Bu şäherleriň elinde daşary söwdanyň esasy bölegi jemlenip, olar özleriniň kümüş pullaryny zikgeläpdirler. Ahemenileriň agalygynyň ahyrlarynda bu ýerlerde syýasy asudalyk bozulýar. B.e. öň 343-nji ýylda Sidonda gozgalaň turup bu şäher parslar tarapyndan ýumurylýar.

Ahemeniler Ierusalim şäherini iň gadymy dini şäherleriň biri hökmünde garap, onuň Müsüriň aralygynda harby we söwda ýollarynda uly ähmiýetiniň boljakdygyna göz ýetrip ony täzeden dikeldýärler. Patyşa Kir II buýrugy bilen, Wawilona äkidilen müňlerçe ýewreý ýesirlerine öz ýurtlaryna gitmäge rugsat berilýär. Syýasy jemgyýetçilik we dini merkezine öwrülen Ierusalimiň Ýahwe hudaýynyň Sion baýrynda ýerleşýän ybadathanasy hem täzeden dikeldilýär. Galyberse-de, b. e. öňki VI asyryň içinde Ierusalimiň ýykylmagy bilen, ýatyp

galan bir hudaýlyk (monoteizm) baradaky aňyýet institutlary hem dikeldilýär.

B. e. öňki V asyrda pars patyşalarynyň golasynda bolan Ierusalimde iudaizmiň ilkibaşky taglymaty (dogma) esasynda ybadathana-raýat jemagaty emele gelýär. Bu ybadathana-raýat jemagaty wagyzçylar Ezrynyň we Neeminiň alyp baran işleriniň netrijesinde kemala gelýär. Ybadathana jemagatynyň ýarysyna golaýy başga gatlaklara goşulmaýan ruhanylardan ybarat bolup, olar jemagatda agalyk ediji ýagdaýy eýeläpdirler.

B. e. öňki V asyryň ortalarynda Iudeýleriň ybadathana-raýat jemagaty salgytlardan boşadylyp we özbaşdak kazyýet işlerini alyp barmaga ygtyýar berýän hukuk gazanýar. Ierusalimiň ybadathanasynyň ruhanylary iudeýleriň "Kanunlarynyň" öňden gelýän adatynyň, däp-dessurlarynyň berk ýerine ýetrilmegini talap edipdirler. Olar başga "dinlere" uýýanlar bilen pikir alyşmaklygy, gürrüňdeş bolmaklygy dürli ýollar bilen gadagan edipdirler, hatda nikanyň hem diňe jemagatyň (obşinanyň) öz içindäkiler bilen baglaşylmagyna ygtyýar beripdirler. Emma ysrayllaryň käbir nesilleri hem özleriniň aýratyn jemagatyny döredipdirler.

Kabul edilen ilkibaşky üýtgedilmeýän (dogma) dini taglymatyň ýoly bilen gitmegi, başga taýpalar bilen nikalaşmagy islemedik gadymy ýewreýler, özleriniň etniki toparyndan bölünip galypdyrlar we ýerli arameý taýpalary bilen goşulyşyp gidipdirler. Şeýlelik bilen, iudeýleriň ybadathana-raýat jemagaty töweredindäki halklary özlerinden daşlaşdyryp, olar bilen hiç hili aragatnaşyk saklamandyr.

**Ortaýer deňziniň gündogar kenary sebitleriniň medeniýeti.** Ortaýer deňziniň Gündogar sebitlerinde ýaşaýan halklar, ilki bilen özleriniň goňşylary bolan Müsüriň, Derýaaralygynyň ösen medeniýetini döredijilikli peýdalanyp özleriniň özboluşly medeniýetini döredipdirler we gadymy dünýäniň medeniýetiniň ösmegine öz täsirlerini ýetripdirler. Onuň esasy sebäbi bolsa, bu halklaryň we taýpalaryň ýerli

otrumly halklar bilen etniki ýakynlygy bolupdyr. Galyberse-de, bu oazisa aralaşan çarwa maldarçylyk taýpalary hem ýerli halklar bilen garyşyp-goşulyşypdyrlar we olaryň däbini-dessuryny kabul edipdirler.

B. e. öňki V-IV asyrlarda bu ýerlerde öndürilen keramika önümlerine Derýaaralygynyň güýçli derejede tasiri ýetipdir. Şäherleriň kem-kemden ösmegi bilen we döwletleriň ýüze çykmagy bilen köşkler we ybadathanalar toplumlary gurlupdyr, emma olar öz möçberine görä, gadymy Müsür we Şumeriň beýik ymaratlaryndan ep-esli derejede kiçi we pes bolupdyr. Emma käbir şäherlerde, mysal üçin, Ugaritda gurulan köşgiň tutýan meýdany 9 müň kw metre ýetip, güýçli hem berk gala öwrülipdir we duşman alyp bilmez derejede berkidilipdir. Galanyň diwary gönüburçly küňreler bilen berkidilipdir. Diwarlaryň ýokarsynda diş-diş bolup duran gözenekler goýulypdyr. Bularyň hemmesi peýkamçylara, goragçylara gorag bolup hyzmat edipdir. Bu ýerlerde daşdan patyşalaryň we hudaýlaryň şekilini ýasamak hem giň ýaýrapdyr. Emma heýkeltaraşlyk sungaty agras hem gödensiz şekillerde ýasalypdyr.

B. e. öň VIII-VI asyrlarda bir Ýahwe hudaýyna sejde etmekligiň ýaýradylýan döwründe, Ysrayl ruhanylary adamlaryň we haýwanlaryň şekilini ýasamagy we çekmegi gadagan edipdirler. Şoňa görä-de sungat ussatlary şekillendiriş sungatynda diňe nagyş çekmek, möhürleri ýasamaklyk bilen çäklenipdirler.

Finikiýa deňiz ýüzüjileri Demirgazyk Afrikadan Gyzyl deňzine ýüzüpdirler we üç ýyldan soň Atlantik ummanynyň üsti bilen Gibraltar geçelgesinden geçipdirler we öz ýurtlaryna dolanyp gelipdirler. Afrikanyň daşyna aýlanmaklary geografiki açyşlaryň taryhynda iň ilkinjileriniň biridir we onuň taryhda tutýan orny hem juda ulydyr. Aslynda, finikiýalylar ylym ulgamynda müsürlileri öz halypalary hasaplapdyrlar.

Antik döwrüniň ýazarlary, grek medeniýetiniň ýüze çykmagynda we ösmeginde gündogar, esasan hem finikiýa medeniýetine minnertdar bolupdyrlar. Gerodotyň aýtmagyna görä ilkinji ellin matematigi we fizigi, astranomy we filosofi Miletli Fales ( b.e. öň VI asyr) bolupdyr. Ortaýer deňziniň Gündogar kenary sebitiniň halklarynyň medeni üstünlikleriniň biri-de olarda elipbiý hatynyň döremegidir. Häzirki döwrüň elipbiýleriniň aglabasy, grek we latyn hatlary ýaly öz başlangyjyny ýaha göni finikiýa hatyndan alyp gaýdypdyrlar ýa-da şolaryň döreden elipbiýiýsiniň esasynda öz hatlaryny döredipdirler

B. e. öň II müňýyllykda Ortaýer deňziniň Gündogar kenarynda ýerleşýän uly bolmadyk şäher- döwletlerinde hatyň-ýazuwyň iň aňsat ýolyny gözlemekde alnyp barylan işler barada maglumatlar saklanyp galypdyr. Derýaaralygynyň şine-klinopis haty we Müsüriň ieroglifikasy barada bu ýerleriň adamlary habarly bolup, olary ulanypdyrlar. Emma olaryň iksi-de ýüzlerçe, müňlerçe harplardan bolansoň iň güýçli hünärmenler üçin bolaýmasa ýat tutmak hemmelere aňsat bolmandyr.

B. e. öňki II müňýyllykda Bibl şäherinde hatyň ýönekeýleşdirilen



Ganatly ýigit eli papirus gülli.
Nimruddan tapylan. B.e. öň VIII asyr

görnüşi işlenip düzülipdir, ýagny 100 belgiden ybarat has irki Bibl haty. B. e. öňki XV-VII asyrlarda Ugaritda özboluşly 30 belgiden ybarat klinopis hatynyň elipbiý görnüşi döredilipdir. Netijede bolsa, şol döwrüň iň kämil finikiýa elipbiýi döredilýär, soňra bolsa bu harplara käbir üýtgeşmeler girizilip grekler tarapyndan kabul edilýär. Elipbiýide geçirilen üýtgeşmeler,

ýagny harplaryň ýönekeýleşdirilmegi islendik raýat üçin düşnükli bolupdyr, ol halkara söwdasynyň ösmegine giň ýol açypdyr.

Sebitiň halklarynyň dini ynançlarynda, gadymy ekerançylyk jemagatlaryndan alyp gaýydýan hasyl hudaýyna sežde etmeklik giň ýaýrapdyr. Ony Bibl şäherinde Adam ( grekçe Adonis) diýip atlandyrylyp, ýaş erkek adam görmüşde göz öňüne getiripdirler. Rowaýata görä bu hudaý baş hudaýyň söýýän hudaýy bolupmyş, emma aw wagtynda ol ýyrtyjy haýwanlar bilen bolan söweşde heläk bolupdyr. Onuň ölümi üçin aýallar aglaşyp saçlaryny syrdyranmyşlar. Sebetlerini bolsa mes toprak bilen dolduryp ( Adonisiň bagy) götermeli ekenler. Şondan soň adamlara ruh beriji ýaz baýramçylygy gelip, rehimdar hudaýyň täzeden direlmegi bolup geçenmiş. Bu ýerlerde daglara, üýtgeşik agaçlara, daş böleklerine sežde etmeklik giň ýaýrapdyr.

Ortaýer deňziniň Gündogar sebitlerinde ýaşan ilat örän köp hudaýlara sežde edipdir. Her şäheriň öz hudaýy (Baal-hökümdar ýa-da El (hudaý), kähalatlarda bolsa Melek (patyşa) diýilip tutulypdyr. Köplenç olary Gün hudaýlary diýip hasap edipdirler. Baş hudaýyň aýalyna Baalat diýipdirler. Gadymy ýewreýleriň dini-de ilki başda assiriýa-wawilon hanaaneýleriň Iştar hudaýyndan (Wenera planetasy) tapawutlanypdyr, ol Astarta diýilip (asmanda aý kimin ýagtylyk berýän) anyk atlandyrylypdyr. Gök gürrüllisiniň we ýyldyrym çakmaklygyň hudaýy Ýahwe ýewreýleriň umumy taýpa hudaýy hasaplanypdyr.

Gadymy ýewreý dini ilki başlarda hanaaeýleriň dininden kän bir tapawutlanmandyr. Olar hem gaýalara we agaçlara, ýa-da daşdan, misden we kümüşden ýasalan hudaýlara sejde edipdirler.

B. e. öň VIII-V asyrlarda Ysrayl we Iuda wagyzçylary Ýahwe hudaýynyň islegi boýunça, halky beýleki dinlere we hudaýlara sežde etmekden ýüz öwürmäge hem-de Ýahwe

hudaýyna sežde etmäge çagyrypdyrlar. Netijede, kem-kemden Ýahwe hudaýy ýeke-täk hudaý diýen düşünje emele gelip başlaýar. Ol haýsydyr bir adam ýa-da haýwan şekilinde göz öňune getirilmändir. Onuň şekili-de çekilmändir. Ol ýalňyz, onuň ýoldaşy ýok, onuň penakärçilik edýän halky hem, ýoldaşy hem ýewreý halky diýen düşünje öňe sürülipdir. Şoňa görä-de Ýahwe bilen ýewreý halkynyň arasyndaky özara birleşik, özara söýgi Töwratyň kitaplarynda agdyklyk edýän tema öwrülipdir.

B.e. öňki I müňýylygyň içinde beýleki dünýä dinlerinde ýagny buddizmde, zoroastrizmde we pygamberleriň taglymatlarynda üns berilişi ýaly Ýahudi dininde-de ahlak sypatlaryny, ahlak talaplaryny ýerine ýetirmeklige aýratyn üns berilipdir. Şonuň üçin garyplaryň ezilişi, olaryň ýerleriniň elinden alynmagy we baýlaryň baýlaşmagy ýaly ýagdaýlar pygamberler tarapyndan näletlenipdir. Şeýle hereketiň netijesinde b. e. öňki 622-nji ýylda Iudeý patyşasy Iosiýa Ierusalimdaky buthanany baş buthana, Ýahwe hudaýyny bolsa ýeke-täk hudaý diýip yglan edipdir.

Israylyň, soňra bolsa Iudeý patyşalygynyň başyndan inen musallaty ýewreý pygamberleri olaryň aýratyn görülýän, başga halklardan ýokarda görülýän halkyny ähli günälerinden arassalamak üçin Hudaý tarapyndan berilen jeza hökmünde kabul edipdirler. Nawuhodonosor II tarapyndan äkidilen iudeýler olary halas edijiniň gelmegine garaşypdyrlar. Emma ýagty geljek günler ýakynlaşdygyça diňe bir ýerdäki patyşalygyň dikeldilmegi bolman, eýsem hut Hudaýyň özüniň ýerdäki häkimliginiň dikeldilmegi hökmünde hasaplanypdyr. Iudeýleriň “wawilon ýesirliginiň” tamamlanmagy, olaryň syýasy taýdan garaşsyzlygyny aňlatmandyr. Tersine pars patyşalarynyň ýokary häkimliginiň golastynda galmak bilen, olarda raýat jemgyýetiniň awtonomiýasy emele gelipdir.

Gadymy finikiýanyň epiki eserlerden ybarat edebiýat ýadygärligi has irki döwre degişlileriniň (b. e. öňki II müňýyllyga) üsti açylýar. Şeýle irki eserler gadymy Ugaritdan

tapylypdyr. Olaryň iň oňatlarynyň biri hem Palestinanyň günortasyna harby ýöriş geçiren rowaýaty gahryman Keret baradaky eposdyr. Ýa-da folklor häsiýetdäki hekaýada Samson pälwanyň filistimlýanlar bilen alyp baran söweşi baradaky hekaýadan ybarat durýarlar. Gadymy Ýewreý edebiýaty esasan Injil (Bibliýa) kitabynyň düzümine goşulan edebiýatlar boýunça mälimdir. Ol edebiýatlaryň köpüsi öz gözbaşyny Ýakyn Gündogaryň halklarynyň gadymy halk döredijiliginden alyp gaýdýarlar. Bu ýerde Bibliýa we ýewreýler hristianlar tarapyndan mukaddesleşdirilen hökmünde garalýar.

Töwrat kitaby b. e. öň I müňýyllygyň birinji ýarymynda gutarnykly emele gelýär we iki bölege, “Wethiý zawet” we “Nowyý zawet” bölümlere bölünýär.

“Wethiý Zawet” Musa pygambere degişli hasap edilýär. Ol öz içinde: “Taglymat bölümden, ýagny “Kanun” we “Musanyň “Bäşkitaby”, ýa-da gadymy ýewreý Torasyndan ybarat durýar. Kitabyň bu bölegi iň mukaddes bölegi hasap edilýär. Ýahudy dininiň esasy taglymaty we kada düzgünleri şu bolekde berilýär. Olaryň her haýsysy özinde dürli häsiýetdäki we dürli döwürlerdäki beýanlary jemleýärler. “Wethiý zawetde” dünýäniň, adamlaryň-Adam ata we Howwa enäniň, Musanyň ýewreýleri Müsür ýesirliginden alyp çykyşy şeýle-de günbatar semit taýpa birleşikleriniň, şol sanda Israylyň döreýişi barada umumy ýewreý rowaýatlary beýan edilýär. Ol rowaýatlaryň esasy bölegi ýakyn gündogaryň rowaýaty esasynda ýa-da olaryň täsirinde (dünýäni suw almagy, ahyrzamanyň bolmagy ýaly) ýazylypdyr. “Wethiý zawet” b. e. öň VII asyryň ahyrlarynda V asyryň başlarynda doly jemlenip gutarýar.

Kitabyň “Pygamberler” bölüminde b. e.. öňki VIII-VI asyrlarda bolan hakyky pygamberler (Isaýi, Ieremiýi, Iezekiliýany we beýlekiler) baradaky eserler ýerleşdirilipdir. Oňa şeýle-de Ysraylda ýaşan dini syýasy wagyzçylaryň Isaýýa, Iýeremiýa, Iýezekil (olar hakyky pygamberler hasaplanylypdyr) Isa Nawinyň, Sudeýiň, Samulyň, Patyşalaryň we beýlekileriň

b.e.öňki XII-V asyrlardaky gadymy ýewreý taryhyny beýan edýän “taryhy kitaplar” goşulypdyr. “Taryhy kytabyň” esasy çeşmeleri bolup, gadymy ýewreýler barada saklanyp galmadyk, ýitirlen epiki aýdymlaryň ýygyndylary, ýyl ýazgylary hyzmat edipdir.

Pygamberler diýen bölümde Saulyň, Dawydyň, Süleýmanyň patyşalyk eden döwründe ýewreýleriň alyp baran uruşlary bara-da ýazgylar goşulypdyr. Onda gürrüň edilýän taryhy wakalar bir taraply beýan edilýär. Çünki onda ýewreýler Ýahwe hudaýy tarapyndan aýratyn saýlanan halk hököminde garalypdyr.

“Ýazgylar” bölümi dürli döwürlerde we dürli žanrlarda mahabatlandyrylyp ýazylan eserdir. Ýazgylar bölümi mazmuny we senesi boýunça örän dürli eserleriň ýygyndysyndan düzülipdir. Olaryň aglaba bölegi b.e. öňki I müňýyllygyň 2-nji ýarymyna degişlidir. Bibliýa uzak döwrüň dowamynda kemala gelen kitapdyr, sebäbi bu kitabyň üsti yzygiderli düşündirişler, düzedişler bilen doldurylypdyr. Şoňa görä-de, ony taryhy çeşme hököminde peýdalanmak üçin, onuň maglumatlaryny seljermek zerurdyr. Emma muňa garamazdan Wethiý zawet gadymy ýewreý edebiýatynyň jemlenen ýadygärligi diýip, hasap etse bolar. Edebiýatlaryň köpüsi “örän ýokary derejede ýazylanlygy” üçin (hili pesligine garaman) oňa goşulypdyr. Onuň şeýle bolmagy hem Wethiý zaweti jemleýjiler Ysraýylyň “altyn gaznazyny” görkezmek maksady bilen goşupdyrlar, diýip alymlar hasaplaýarlar.

## §19. Karfagen b. e. öň IX-III asyrlarda. Finikiýa kolonýalaryndan uly Karfagen döwletine çenli

**Karfageniň irki döwriniň taryhy.** Günbatar Ortaýer deňzinde finikiýa koloniýalary b. e. öň II müňýyllyk bilen I müňýyllygyň çatrygynda esaslandyrylýar. B. e. öň I müňýyllygyň başlaryna çenli olaryň käbirleri, Demirgazyk

Afrikada Utika we Ispaniýada Gades has iri şäher merkezlerine öwrülýärler. Emma ähli finikiýa koloniýalarynyň içinde ykdysady taýdan has gülläp ösen, syýasy kuwwatlyga ýeten Karfagen şäheri bolupdyr (Täze şäher). Karfagen b. e. öň IX asyryň ahyrlarynda Finikiýanyň Tir şäherinden çykan ýaş finikiýalylar tarapyndan esaslandyrylypdyr.

Karfagen Ortaýer deňziniň iň amatly söwda hem suw ýollarynda ýerleşip, kem-kemden berkäpdir hem baýlaşypdyr. Ilkinji göçüp gelenler ýerli taýpalaryň ýerinde ýaşamaga hukuk almak üçin, pul tölegini tölemeli bolupdyrlar. Olara ekerançylyk bilen meşgullanmak üçin ýer azlyk edipdir, şonuň üçin irki karfagenliler üçin onuň kän bir ähmiýeti bolmandyr. Emma şäheriň ilatlaşyp başlamagy bilen, onuň ýaşaýjylary we şäher häkimiýeti şäheriň töweregindäki ýerleri taýpalardan kärendesine ýa-da zorluk bilen basyp alyp giňeldip başlapdyrlar.

**Karfagen Günbatar Ortaýer deňziniň finikiýa koloniýalarynyň merkezidir.** B. e. öň VII asyryň ortalaryndan Karfageniň taryhynda iki ýüz ýyl dowam eden täze döwür başlanýar. Ony Karfagen şäheriniň Günbatar Ortaýer deňziniň finikiýa koloniýalarynyň merkezine öwrülen döwri diýip kesgitläp bolar. Karfageniň töweregine finikiýa koloniýalarynyň birleşmegine birnäçe sebäpler ýardam edipdir. Birinjiden, Finikiýa şäherleriniň Assiriýanyň, soňra Parslaryň golastyna düşmekleri Karfageniň metropoliýa bilen syýasy baglanyşygynyň gowşamagyna getiripdir; Ikinjiden, Günorta Italiýanyň, Sisiliýanyň we Ortaýer deňziniň Günbatar sebitleriniň grekler tarapyndan tiz koloniýalaşdyrylmagy hem belli bir derejede täsiri ýetipdir; Üçünjiden, Ortaýer deňziniň Günbatar sebitlerindäki finikiýa koloniýalarynyň içerki taýdan ösmegi, koloniýalaryň hemmesiniň bile hereket etmeklerini talap edipdir.

B. e. öň VII asyryň ortalaryna çenli Karfagen Demirgazyk Afrikada iň uly we ösen hünärmentçilik şaherleriniň birine

öwrülýär. Ol Ortaýer deňziniň köp welaýatlary bilen söwda gatnaşyklary alyp barýar. Onuň ilaty hem, şaheriň ýeri hem epesli ulalýar. Karfageniň tebigy gämi porty hem soňra has giňeldilip harby gämiler durar ýaly edilipdir.

Indi Karfagen şäher döwletiniň ýeri özüne kiçilik edipdir. Şonuň üçin Karfagen ilki bilen Finikiýa koloniýalaryny özüne tabyn etmegi meýilleşdirýär galyberse-de ol Ortaýer deňziniň Günbatar kenarlarynda ýene-de täze koloniýalary edinmekligi maksat edinýär. Karfageniň Afrikadan daşarda ilkinji koloniýalarynyň biri Ispaniýa ýakyn Pitius adalarynda ýerleşen Ebes şäheri bolupdyr (b. e. öň VII asyryň ortalary). Ebes şäherini özleriniň esasy daýanç ýeri hökmünde ulanyp, karfagenliler güýçli finikiýa şaheri bolan Gadesi derbi-dagyn edýär. Şondan soň Karfagen Ispaniýanyň Günortasynda ymykly ornaşýar. (b. e. öň VII asyryň ahyrlary-VI asyrlar). Karafagenlileriň Pireneý ýarym adasynyň Gündogar kenar ýakalaryna aralaşjak bolmaklary grekleriň garşylyk görkezmekleri netijesinde başa barmandyr. Sebäbi grekler hem bu ýerlerde käbir koloniýalary esaslandyrypdyrlar B. e. öň VI asyryň ortalaryndan Karfagen Sisiliýada öz syýasatyny güýçlendirýär we Günbatar Sisiliýadaky finikiýa şäherlerini özine garaşly etmegi başarýar.

Şeýlelik bilen, b. e. öň VI asyryň ortalaryna çenli Karfagen uly döwlet birleşigine öwrülýär, oniň mülkleri Ispaniýanyň günortasyna, Pitiuss adalaryna we Demirgazyk Afrika ýerlerine ýaýraýar.

B. e. öň VI asyrda Ýakyn Gündogarda syýasy ýagdaý üýtgeýär. Karfagenliler bu ýagdaýy ýeserlik bilen peýdalanypdyrlar. Olar Beýik Pars döwleti bilen ýaran bolmaklyk barada ylalaşyk gazanýarlar. Parslar bilen ýaran bolmaklyk deň derejede bolmasa-da, bu ylalaşyk Karfagene bähbitli bolupdyr. Sebäbi parslar bilen ýaran bolmaklyk karfagenlilere Sisiliýa, Italiýa, Korsika we Sardiniýa

adalarynda grek şäherlerine garşy aýgytly syýasat ýöretmäge mümkinçilik beripdir.

Karfageniň daşarky syýasatynda gazanan üstünlikleriniň ýene-de biri, b. e. öň VI asyryň ortalarynda Italiýanyň Merkezinde ýaşaýan güýçli etrusk taýpalary bilen dostluk barada ylalaşygyň baglaşylmagydyr. Şu ylalaşyga daýanyp, Karfagen Ortaýer deňziniň (Sisiliýa, Sardiniýa, Korsika we şm.) adalarynda öz syýasatyny ýöredip başlaýar. B. e. öň 535 ýylda birleşen karfagen-etrusk gämileri Alaliniň eteginde (Korsika ad.) bolan deňiz söweşinde grekleriň gämisini çym-pytrak edýärler. Ýaranlar öz gözegçiligine geçýän ýerleri ylalaşýarlar, etruskler Korsikany özleşdirip başlaýarlar, karfagenliler bolsa Sardiniýa ýöriş edip, onuň günortasynda ornaşýarlar. Karfagen bu ýeňişi üstünlikli peýdalanýar, ol özüniň bäsdeşi Ispaniýadaky iň iri döwletleriň biri bolan Tartesi gabap goýýar we b. e. öň VI asyryň 20-nji ýyllarynda ony derbi-dagyn edýär. Şeýlelik bilen, karfagenliler Ispaniýanyň günortasynda hem ymykly ornaşýarlar.

B. e. öň V asyryň başlarynda Parslaryň Gresiýa ýörişiniň başlanmagy bilen (grek-pars uruşlary b. e. öň 500-449 ýý.) karfagenliler grekleriň Sisiliýadaky şaherleriniň üstüne çozýar. Bu ýörişde karfagenlilere etrusklar hem kömek beripdirler. Emma iki gezek, ýagny b. e. öň 480-nji ýylda Gimeriň eteginde we 474-nji ýylda Kumyň eteginde bolan söweşlerde köp ýitgiler çekip agyr ýeňilýär. Netijede olaryň mundan beýläk Sisiliýa garşy ýörişi hem togtaýar. Karfagene diňe Sisiliýanyň günbatarynda käbir şäherleri eýelemek başardypdyr.

Karfagenlileriň Italiýadaky we Sisiliýadaky ýeňilmegi, parslaryň grek-pars uruşyndaky şowsuzlyklary bilen has hem çuňlaşýar. Parslar şondan soň Ortaýer deňziniň Gündogar sebitlerinde güýçli bir syýasat ýöredip bilmändirler, galyberse-de olar öňki harby ýarany bolan Karfageni hem öz ykbalyny özi çözer ýaly taşlamaga mejbur bolýar.

**Karfagen imperiýasynyň döredilmegi.** Karfageniň iň gülläp ösen döwri b. e. öň V asyryň ortalaryndan b. e. öň III asyryň ortalaryna çenli döwam edipdir. Karfagen Sisiliýa ýörişlerinde agyr ýeňilişe sezewar bolandan soň, özüniň daşary syýasatyny Demirgazyk Afrika gönükdirýär. Olar şäheriň töweregini ep-esli giňeldip, ýerli taýpalar bilen bolan çaknyşyklarda üstin çykýar we olary Karfagene tabyn etmeklik başardýar.
Demirgazyk Afrikanyň kenar ýakalarynda ýer edinmek üçin karfagenliler häzirki Tunisiň we we Alžiriň kenar ýakalaryny, şeýle-de olaryň içki ýerlerini koloniýalaşdyrýarlar. Karfagen ökde deňiz ýüzüjileri bolmak bilen Atlantik ummanyna çykyp, häzirki Marakkonyň we Mawritaniýanyň kenarlarynda özleriniň oturymly ýerlerini esaslandyrypdyrlar. Aýratyn hem bu ýerleri koloniýalaşdyrmaklykda Gannonyň 60 gämiden, 30 müň adamdan ybarat Afrikanyň daşyndan aýlanmaklyk üçin gurnan ekspedisiýasy iň ähmiýetlileriniň biri bolupdyr. Bu ekspedisiýa faraon Nehonyň görkezmesi esasynda gurnalypdyr we Afrikanyň daşyndan aýlanyp gelipdirler.

Afrikada juda köp ýerleri basyp almaklyk bilen karfagenliler, esasan hem Tirliler birnäçe oturymly obalary döredipdirler, soňra bu obalaryň käbirleri uly şäherlere öwrülipdir ( Selis, Sirta şäherleri). Karfagenlileriň öňki mülkleri bilen birlikde, Ispaniýanyň günortasynda, Sardiniýa adasynda, Sisiliýanyň günbatarsynda edinen ýerleri bilen bu döwlet köp ilatly, ykdysady taýdan kuwwatly, syýasy taýdan ösen uly imperiýa öwrülýär.

**B. e. öň V-III asyrlarda Karfageniň sosial-ykdysady ýagdaýy.** B. e. öň IV asyryň ortalaryna çenli Karfagen Ortaýer deňzinde iň iri sowda şaherleriniň birine öwrülýär. Onuň üstünden Ortaýer deňziniň Gündogar sebitleriniň dürli welaýatlaryndan: Finikiýadan, Müsürden, Kiçi Aziýadan, käbir grek şäherlerinden we Atlantik ummanynyň Pireneý ýarym adasynyň kenarlaryndan gelýän harytlar geçipdir. Ol gelýän

harytlaryň esasy bölegini Karfagenli söwdagärler uly peýdasy bilen, Ortaýer deňziniň beýleki welaýatlaryna satypdyrlar. Karfagenli söwdägerleriň agalygyny üpjün etmek maksady bilen, Ortaýer deňziniň esasy söwda ýollarynda Karfageniň oligarhlardan ybarat hökümeti, dürli döwletler bilen birgiden ylalaşyklary baglaşypdyrlar. Şeýle ylalaşyklaryň üçüsi Rim bilen baglaşylyp, olarda Italiýanyň we Ortaýer deňziniň esasy söwda ýolarynyň töwereginde, Karfageniň ikdysady bähbitleri göz öňünde tutulypdyr. Karfagenlileriň esasy alyp barýan söwdasy Afrikanyň negr we liwiýa taýpalaryndan bolan gullary getirip satmaklyk bolupdyr. Olar şeýle-de Ispaniýadan metal getirip metal söwdasyny hem edipdirler.

Söwdanyň dellalçylyk häsiýeti (harytlar uly möçberde gury ýer hem-de deňiz bilen getirilipdir) Karfagende pul aýlanşygynyň özboluşly aýratynlygyny emele getiripdir. B. e. öň IV asyra çenli Karfagenliler öz pullaryny zikgelemändirler, dürli hili hasaplaşyklarda olar grek monetasyny, pars drahmalaryny ýa-da guýulan gymmat bahaly metaly ulanypdyrlar.

Karfagende b. e. öň V-III asyrlarda iň iri hünärmentçilik merkezleri ýüze çykypdyr: şäherde 10-20 guly bolan köp sanly ussahanalar işläpdyr, olarda keramika önümleri, her dürli heýkeller we gymmat bahaly metaldan ýasalan önümler öndürilipdir. Hakynatutma karfagen goşuny şaheriň ussahanalarynda ýasalan: gylyç, peýkam oklary, sançgyçlar, naýzalar we tuwlugalar bilen üpjün edilipdir. Karfagenliler ökde gurluşykçylar bolupdyr. Olar öz şäherlerini kuwwatly diwarlar bilen berkidipdirler. Galanyň içinde bolsa örän bezelen ybadathanalar, begleriň jaýlary, gämi duralgalarynda bolsa azyk saklanýan ammarlar gurupdyrlar. Karfagenliler diňe bir ökde deňiz ýüzüjileri bolman, eýsem olar usully gämi ussalary hem bolupdyrlar. Karfagene Ortaýer deňziniň dürli ýerlerinden, aýratyn hem Ispaniýadan: kümüş, altyn, mis, gurşun, demir

getiripdirler. Olary ýerli ussahanalarda işläp öndürilen önümleri başga ýurtlara çykarypdyrlar.

B. e. öň V-IV asyrlarda Demirgazyk Afrikada giň ýerleriň basylyp alynmagy, bu ýerlerde oba hojalygynyň ösmegi üçin amatly ýagdaý döräpdir. Ekerançylygyň ösmegi Karfageniň ykdysadyýetiniň ösmegi üçin ähmiýeti uly bolupdyr. Ýerli halk galla ekip hasylyň 1/10 bölegini salgyt hökmünde töläpdir, emma ýerli ilatyň erkinligi çaklendirilipdir, ilat karfagenlilere gul bolmasalar-da olara tabyn edilipdir.

B. e. öň VI-III asyrlarda Karfagende jemgyýet gatlaklara bölünip başlapdyr. Karfagende aristokratlardan we batraklardan daşgary, basylyp alnan ýerleriň oba ilaty hem-de erkin ownuk öndürijiler gatlagy ýüze çykypdyr, olar esasan hem hünärmentçilikde köp bolupdyr. Karfageniň özünde ( onuň ilaty 200 müňe ýetipdir) aşaky gatlagyň erkin ilatyny plebsler düzüpdirler, olar hünärmentçilik ussahanalarynda, gämi duralgalarynda işläpdirler. Karfageniň ýokary gatlagyny iri ýer eýeleri, ussahanalaryň eýeleri, lomaý söwda işlerini alyp barýan söwdagärler we ruhanylar düzüpdirler.

Karfageniň ykdysady taýdan güllap ösmegi, esasan köp sanly gullaryň we tabyn edilen ilatyň artykmaç ezilmeleriniň netijesinde emele gelipdir. Karfagen emeldarlary sähelçe närazylygyň çykan ýerinde, olary düýbi-teýkary bilen ýok edipdirler. Mysal üçin, Karfageniň Sisiliýa urşunda agyr ýagdaýa düşeninden peýdalanan liwiýa ilaty gozgalaňa baş göteripdirler, karfagenliler ummasyz köp güýç toplap bu gozgalaňy zordan basyp ýatyrypdyrlar. Grek taryhçysy Diodoryň berýän maglumatyna görä, bu gozgalaňa 200 müň adam gatnaşypdyr. Edil şonuň ýaly b. e. öň 241-238-nji ýyllarda hem hakynatutmalar bilen ýerli ilatyň gozgalaňy başlanýar. Bu gozgalaň Karfageni ýykylmaga ýakyn ertipdir, diňe bar güýjini jemläp ýetişen karfagen hökümeti zordan gozgalaňy basyp ýatyrypdyr.

**Karfageniň syýasy gurluşy.** Karfagen syýasy gurluşy boýunça az sanly baý karfagen maşgalalarynyň bähbidini goraýan oligarhiýa döwleti bolupdyr. B. e. öň V-IV asyrlarda ýokary wezipeli adamlar bir ýyllyk möhleti bilen saýlanan 2 sany sufetden ybarat bolup, olara iň ýokary häkimlik hukugy berilipdir. Emma hemme döwlet işleri 30-laryň we 300-den ybarat ýaşulylaryň geňeşinde çözülipdir. Iň ýokary gözegçilik guramasy 104-leriň geňeşi bolup, olar kazyýet işlerini alyp barypdyrlar. Bu geňeş agzalary dine iň baý adamlardan ybarat düzülipdir.

Karfagende raýat hukuklary bar bolan adamlaryň gatnaşmagynda halk ýygnaklary hem çagyrylypdyr, emma olaryň syýasy häkimiýetde tutýan orny uly bolmandyr. Geňeşlerde oturan oligarhlar haýsam bolsa bir aristokratik maşgalanyň adatdan daşgary güçlenmegine, ýa-da haýsam bolsa bir masgalanyň häkimiýeti basyp almagyna we ýeke-täk tiranlygy gurmagyna ýol bermejek bolup çalyşypdyrlar. Şeýlelikde, Karfagen oligarhlarynyň öz içinde çuňňur syýasy göreş saklanypdyr.

B. e. öň VI asyryň ortalarynda serkerde Malh Sisiliýadaky üstünlikli ýeňişden soň, Karfagene gelip häkimiýeti basyp alýar hem-de Karfageniň oligarhiýa häkimiýetini ikinji derejä süýşürýär. Emma Malhyň häkimligi berk bolmandyr we Sardiniýa urşunda şowsuzlyga düşenlerinden soň ol häkimlikden kowulýar. Malh kowlandan soň Karfagende häkimiýet başyna has güýçli emeldarlardan bolan Magonyň maşgalasy gelýär, ol häkimligy ogluna, soňra bolsa agtygyna geçiripdir. Magonyň häkimligi Sisiliýada, Sardiniýada we Korsikada alnyp barylan üstünlikli uruşlaryň netijesinde, b. e. öň VI asyryň ahyrlaryndan b. e. öň V asyryň başlaryna çenli dowam edipdir. B. e. öň 480-nji we 474-nji ýyllarda olar grekler tarapyndan derbi-dagyn edilenden soň olaryň häkimligi hem agdarylýar. B. e. öň V asyryň ortlaryna çenli

karfagenlileriň oligarhlardan ybarat häkimligi täzeden dikeldilýär.

Karfagen döwleti Ortaýer deňziniň Günbatar sebitlerinde b. e. öň V asyryň ortalaryndan b. e. öň III asyra çenli iň kuwwatly döwletleriň biri bolýar. Ol bu döwürde erjel daşary syýasaty ýöredýär, grek şäherleriniň çozuslaryny üstünlikli yzyna gaýtarýar. Emma b. e. öň III asyryň 60-njy ýyllarynda Karfagen Ortaýer deňziniň Günbatar sebitlerinde aralaşan täze, güýçli Rim döwletine duçar bolýar. Şondan soň olaryň arasynda Ortaýer deňzinde agalyk etmek ugrunda gazaply uruşlar başlanýar. B. e. öň III asyrda we II asyryň ortalarynda bolup geçen Pun uruşlarynyň netijesinde Karfageniň ýerleri Rim respublikasynyň düzümine goşulýar.

**Karfageniň medeniýeti.** Finikiýa medeniýetiniň iň uly üstünlikleriniň biri-de b. e. öň XIII asyrda ýazuwyň elipbiýi ulgamynyň ýüze çykmagydyr. Ýazuwyň ýönekeý görnüşiniň ýüze çykmagy söwda gatnaşyklarynyň giň möçberde alnyp barylmagy sebäp bolupdyr. Söwda işleri dürli-dürli iş maglumatlaryny taýýarlamagy talap edipdir. Şonuň üçin, elipbiý ýönekeý hem ykjam ýazuw ulgamy bolup, ol Finikiýada ýüze çykypdyr. Finikiýalylar öz elipbiýisini döredenlerinde gadymy Wawilonyň we gadymy Müsüriň ösen medeniýetini peýdalanypdyrlar. Elipbiý ýazgysynyň käbir alamatlary gadymy wawilon klinopis ýazgylarynda bolupdyr. Olar heniz b. e. öň 2 müňýyllykda demirgazyk Siriýa aralaşypdyr. Ol ýerde wawilon klinopis ýazgylary işlenip has ýönekeýleşdirilipdir we onuň esasynda 29 harpdan ybarat demirgazyk siriýa klinopis elipbiýi döredilipdir. Şol klinopis elipbiýiniň kömegi bilen köp sanly ýazgylar ýazylypdyr. Ol ýazgylar Ras-Şamrada geçirilen barlaglarda üsti açylýar. Finikiýa elipbiýisiniň döremeginde Müsüriň ieroglifika hatynyň täsiri has hem uly bolupdyr, sebäbi ieroglifikanyň içinde elipbiýiň 24 belgisi hem bolup, olar açyk sesleri aňlatmak üçin ulanylypdyr. Müsür ieroglifikasyndan finikiýa hatyna geçilişini Sinaý ýarym

adasyndaky müsür ybadathanasynyň harabaçylygyndan tapylan hatlarda hem görmek bolýar. Olar 25 alamatdan ybarat bolup, olaryň 8-si müsür ieroglifikasi bilen finikiýa elipbiýiniň aralygyny eýeläpdir.

Finikiýa elipbiýisiniň taryhy ähmiýeti ulydyr, sebäbi onuň esasynda gadymy grek haty ýüze çykypdyr, ol häzirki zaman latyn hatynyň esasyny düzüpdir. Karfagenlileriň, Afrikanyň hem Ortaýer deňziniň, Atlantik ummanynyň Afrika we Ýewropa kenarlarynyň iň gadymy takyk geografiki karatsy bolan bolmaly.

Karfagenlileriň dini gadymy finikiýa däp-dessurlary bilen dowam etdirilipdir. Karfagenlileriň esasy hudaýlary Tinnit we Waal-Melkart bolupdyr. Tinnit şäheriň medetkäri aýy alamatlandyrýan, paýhasyň we tebigaty janlandyrýan hudaý hasaplanypdyr. Waal-Melkart bolsa, ölüp barýan tebigatyň we tebigaty oýarýan, ýaşaýyşy berýän hudaý hasaplanypdyr. Tinnit hudaýynyň ybadathanasy Birsde-Karfageniň akrapolynda ýerleşipdir, ol şäheriň iň berkidilen ýeri hasaplanypdyr. Birsiň alynmagy Karfageniň duşmanlar tarapyndan alyndygy hasaplanypdyr. Karfagenlileriň medeniýeti Ortaýer deňziniň Günbatar sebitleriniň we Demirgazyk Afrikanyň taryhynda belli bir derejede öz yzyny galdyrypdyr.

## §20. Wan patyşalygy ( Urartu)

**Tebigaty we ilaty.** Urartu döwleti Kiçi Aziýa bilen Eýranyň demirgazyk-günbatar serhetýaka aralygyny we demirgazyk Derýaralygynyň uly daglyk welaýatlaryny öz içine alýar. Has takygy häzirki Ermenistanyň ýerlerini, Gruziýanyň günorta ýerlerini öz içine alypdyr. Urartu döwletiniň gündogar bölegi Wan, Urmiýa we Sewan kölleriniň aralygynda ýerleşipdir. Onuň demirgazygy Araks derýasynyň kenarlarynda we Kury derýasynyň günorta akymlaryny eýeläpdir.

Zakawkaziýanyň tebigaty suwarymly ekerançylyk üçin amatly däldir, emma gazylyp alynýan baýlyklara, esasan hem mise, demre, gurşuna we galaýa baýdyr. Dag eteklerinde maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar.

B. e. öň V-IV müňýyllyklarda Kury we Araks derýalarynyň jülgeleri ekerançylyk we maldarçylyk taýpalary tarapyndan eýelenip uly bolmadyk oturymly obalary döredipdirler. Ol obalar häzirki döwürde arheologlar tarapyndan gazuw-barlag geçirilen Azerbaýjandaky Şomudepe, Gruziýada Şulaweri we Ermenistandaky Tehut oňat öwrenilen oturymly obalardyr. Bu oturymly obalaryň Gadymy Gündogaryň ekerançylyk obalarynyň gönüburç ýa-da inedördül salnan jaýlaryndan aýratynlygy, jaýlaryň tegelek gurulmagydyr. Olaryň hojalyklarynyň esasy ekerançylyk bolup arpa, bugdaý, süle ekipdirler. Iri şahly we ownuk mallary köpeldipdirler. Uly bolmadyk obalarda, bir gektar ýerde 200-den 300-e çenli adam ýaşap, oba jemagatyny emele getiripdirler. Zakawkaziýanyň irki ekerançylyk medeniýeti Derýaaralygynyň Demirgazyk we Günorta meddeniýetinden kän yza galypdyr. Emma Derýaaralygyndan Zakawkaziýa käbir zatlar, ýagny ýüzi ýazgyly gaplar we daşdan ýasalan möhürler getirilipdir. Bu tapyndylar medeni gatnaşyklaryň bolandygyny we ýerli medeniýetiň emele gelmegine täsiriniň ýetendigini subut edýär

B. e. öň III müňýyllykda, irki bürünç döwründe Ermenistanyň ýerlerinde ekerançylyk ep-esli ösüpdir; ekerançylykda ýönekeý agaç kündeleri ulanypdyrlar, dişleri mis bilen myşýagyň garyndysyndan ýasalan orak bilen hasyl ýygnalypdyrlar. Bu ýokary göteriliş ilatyň hem köpelmegine getirýär, uly bolmadyk obalar bilen birlikde, daşy goranyş diwarlar bilen berkidilen uly otrumly merkezler emele gelýar. Bu merkezlerde senetçilik ýüze çykyp, her obada senetçileriň ussahana öýleri işläp başlaýar, olar ilaty zerur gurallar-esbaplar bilen üpjün edipdirler. Ussalar her dürli garyntgy erginler bilen bezegleri, keramika we zähmet gurallaryny, paltalary,

hanjarlary we peýkam oklaryny ýasapdyrlar. Zakawkaziýanyň köp sanly taýpalary dag beýikliklerinde göçme çarwaçylyk bilen meşgullanyp iri we ownuk mallary köpeldipdirler.

Çarwa- ekerançy taýpalar daglyk welaýatlary özleşdirip, olar bu ýerlerde bar bolan dag känleriniň hem eýeleri bolupdyrlar. Olar ilata goşmaça girdeji beripdir. Netijede Zakawkaziýada ilkidurmuş gurluşyň dargamagy başlanypdyr, bu bolsa taýpa serdarlarynyň we baý begleriň baýlaşymagyna we olaryň jemagat ilatyndan bölünip, aýratyn gatlagyň emele gelmegine getiripdir. Bu özgerişleri biz b. e. öň II müňýyllykda ýüze çykan dagly maldarlaryň guburhanalarynda hem görüp bilýaris. Taýpa serdarlary üçin taraplary 80-100 metrlik ägirt uly daş depeler gurlupdyr, onuň teýinde bolsa 150 kw/m ölçegde uly otag ýerleşip, onuň daşy galyň daş diwar bilen galdyrylypdyr. Şol ýerde hem merhumyň jesedi goýlup, onuň ýanynda merhum jaýlanýan dört tigirli araba, kümüşden ýasalan ýarag, ýüzi çeper bezelen gap-gaçlar we gymmat bahaly daşlardan ýasalan şaý-sepler goýlupdyr.

Baýlygyň toplanmagy, durmusy deňsizligiň ýüze çykmagy taýpalaryň özara çaknyşyklaryna getiripdir. Daglarda uly daşdan galdyrlan galalar salynýar. Indi ýarag ýasamaklyk käri hünärmentçilikde aýratyn ähmiýete öwrülip başlaýar. B. e. öň II müňýyllygyň ahyrlarynda bu ýerlerde demirden ýaraglar ýüze çykýar, taýpa serdarlarynyň esgerleri şol ýaraglar bilen ýaraglandyrylypdyr.

**Taryhy çeşmeleri.** Gadymy Urartu döwletiniň taryhyny öwrenmeklik XX asyryň içinde başlanýar. Urartu taryhyny öwrenmeklik üçin ilki bilen gadymy urartu ýazgylaryny, assiriýa-wawilon çeşmelerini terjime etmeklikden, olara düşündiriş berip çap etemeklikden başlanýar.

Gadymy Zakawkaziýanyň taryhy çeşmeleriniň içinde urartu ýazgylary aýratyn ähmiýetlidir. Öz mazmuny boýunça olar patyşalaryň bitiren işlerini beýan edýän ýyl ýazgylaryndan, ýa-da gurluşyklara degişli maglumatlardan ybarat durýarlar. Urartu

taryhy boýunça köp sanly maglumatlar assiriýa we wawilon çeşmelerinde berilýär. Ol ýazgylar bu döwletleriň daşary syýasatyny, Zakawkaziýa ýerlerine geçiren ýörişlerini beýan edýän maglumatlardan ybarat durýarlar. Köp sanly maglumatlary arheologiýa tapyndylary hem berýär. Ýazuw ýadygärlikler esasan hem Urartuyň esasy merkezleri bolan Karmir-blurda (Teýşebainida), Argiştihinilide we Erebunide geçirilen gazuw-barlaglaryň netijesinde Urartu patyşalygyna degişli maglumatlar ýüze çykaryldy.

Urartu ýadygärlikleri XIX asyryň ýigriminji ýyllaryndan belli bolup başlaýar, emma Urartu hatyny okamaklyk usuly diňe şol asyryň ahyrlarynda açylýar. Urartu hatyny öwrenmegi we olary çap etmegi amala aşyranlaryň biri-de M. W. Nikolskiý bolupdyr. XX asyryň başlarynda N. Ýa. Marryň şeýle-de I. A. Orbeliniň ýolbaşçylygynda geçirilen barlaglar has ähmiýetli barlaglardyr. Ol barlaglaryň netijesinde Zakawkaziýanyň we goňşy ýurtlaryň ýerlerinden urartu ýazgylarynyň hazire çenli ýüzlerçesi (350) belli edildi. Olaryň içinde has ähmiýetlisi Argişti I we Wan gaýasynyň ýüzüne ýazylan patyşa Sardury II ýazgylarydyr.



Patyşa Argiştiniň bürünçden tuwulgasy

Ýazgylar taryhda horhor ýazgylary ady bilen belli bolup, olar ýyl ýazgysy häsiýetindäki ýazgylardyr. Bu ýazgylar esasan hem bütin sebitiň syýasy taryhyny beýan edýär. Ýazgylarda Argişti patyşanyň Assiriýa bilen gaýduwsyz alyp baran uruşlary görkezilýär. Sardury II 265 setirden ybarat uly gaýa ýzgylarynda urartu patyşasynyň 8 ýylyň dowamynda alyp baran uruşlary beýan edilýär.

Patyşa Sardurynyň ýazgylarynyň aýratyn ähmiýetliligi hem, ýazgylaryň b. e. ön VIII asyrda Urartu döwletiniň gülläp ösen döwrüne degişliligidir. Bu ýazgylar Urartuyň esasy bäsdeşi bolan Assiriýadan üstün gelýän döwri barada gürrüň berýär. Ýazgylarda patyşa Argiştiniň goňşy ýurtlara şol sanda Zakawkaziýanyň käbir welaýatlaryna geçiren harby ýörişleri barada maglumatlar berilýär.

Käbir beýleki gysgarak ýazgylarda bolsa döwlet ähmiýetli salnan binalar- galalar, ybadathanalar, köşkler we kanallar barada maglumatlar berilýär. B. e. öň IX asyra degişli ýazgylaryň içinde Wan kölüniň dag gaýalarynyň ýüzüne ýazylan ýazgylarda urartulylaryň hudaýlarynyň sanawy, olara berilýän sadakalar barada gürrüň berilýär. Emma hukuk, hojalyk we urartu edebiýaty barada hiç hili ýazgylar saklanmandyr.

Urartuyň syýasy taryhyny öwrenmekde assiriýa ýazgylarynyň uly ähmiýeti bardyr. Olar urartuyň iň gadymy döwründen, ýagny b. e. öň XIII asyrdan IX asyra çenli taryhy barada käbir maglumatlary berýar. Mysal üçin, Urartu patyşalygynyň döreýişi barada Salmamanasar III ýazgylarynda saklanypdyr. Urartu döwletiniň taryhyny öwrenmekde assiriýa patyşasy Sargon II urartua geçiren harby ýörişleri baradaky beýanlarynyň hem ähmiýeti ulydyr.

**Urartu döwletiniň döremegi.** Ilkidurmuş jemgyytiniň çalt dargap başlan döwri Wan kölüniň töwereginde ýaşaýan urartu taýpalaryna degişlidir. B. e. öň XIII asyrda assiriýa ýazgylarynda sekiz yurt urartu ady bilen tutulypdyr. B. e. öň XII asyryň ahyrynda Assiriýanyň patyşasy Tiglatpalasar I Wan kölüne harby ýöriş geçiripdir. Ol ýörişler barada Tiglatpalasar I ýazgylarynda ýatlanylýar, ýazgylarda patyşa arabalary (kolesnisalary) we köşkleri bolan ýerli 23 “patyşadan” üstün şykyşyny beýan edýär. Olar uly bolmadyk taýpa serdarlary bolan bolmagy mümkin. Şol wagtky goşunlaryn köpüsi ata goşulan arabalar bilen ýaraglandyrylypdyr, olar ýerli

häkimleriň harby güýjüni görkezipdir. Şonuň üçin Urartuda merhumy jaýlanlarynda onuň ýanynda arabasyny hem goýupdyrlar.

Wan etrabynyň mes topakly ýerleri bu ýerde ekerançylygyň ösmegine ýardam edipdir, şonuň üçin bu welaýat tiz wagtdan Gadymy Gündogrda täze emele gelen döwletiň syýasy, ykdysady we medeni merkezine öwrülýär. B. e. öň XI-IX asyrlarda bu ýerde ýüze çykan ownuk häkimlikler kem-kemden has iri birleşiklere goşulyşyp başlaýarlar.

Onuň şeýle bolandygyny Assiriýa patyşasy Aşşurnasirapal II (b. e. öň IX as.) resmi hatlary hem subut edýär, onuň hatlarynda köp sanly ownuk häkimlikleriň atlary tutulman indi diňe Urartu döwletiniň ady tutulýar. Döwletiň merkezi ýerlerine Wan kölüniň gündogar we demirgazyk kenarlary giripdir. Urartu taýpalarynyň ikinji bir döwlet birleşmesi Musasur Urmiýa kölüniň günorta-günbatar ýerlerinde emele gelýär. Bu ýerde aýratyn sejde edilýän ybadathana gurlup, ol Urartuyň umumy dini merkezine öwrülýär.

B. e. öň IX asyryň ortalarynda Assiriýa basybalyjylaryna garşy göreş ähli güýçleriň birleşmegine we Urartu döwletiniň has bütewleşmegine ýardam edýär. Ilkinji birleşen Urartu döwletiniň hökümdary patyşa Aramu (b. e. öň 864-845 ýý.) bolupdyr. Aramunyň garşysyna Salmanasar III harby ýörişleri geçirýar. Salmanasaryň ýazgylarynda bu ýörişler üstünlikli tamamlanýandygy barada beýan edilýän hem bolsa, assiriýalylar Urartuyň we Musasuryň merkezi welaýatlaryna degip bilmändir. Urartu patyşalygynyň kuwwaty barha artypdyr.

Urartu hökümdary Sardury I (b.e. öň 835-825 ýý.) Assiriýa patyşalarynyň has mahabatlandyryjy derejelerini kabul edýär. Onuň döwründe döwletiň paýtagty Tuşpa geçirilipdir, şäheri duşman alyp bilmez ýaly berk hem beýik diwar bilen berkidilipdir. Şeýlelik bilen, Tuşpa hökümdary ähli ownuk häkimlikleri tabyn edip, bütewi bir Uratu döwletini döredýär.

Sardury I özüni “ähli patyşalardan salgyt alýan patyşalaryň patyşasy” diýip atlandyrýar.

Eger-de Sardurynyň döwründe hemme resmi hatlar assiriýa dilinde ýazylan bolsa, onuň oruntutarlarynyň döwründe resmi hatlar urartu dilinde ýazylypdyr. Tuşpa hökümdarlarynyň serhetleri Urmiýa kölüne çenli giňeýär, Musasur döwleti hem Tuşpa garaşly ýurda öwrülýär. Şunuň bilen, ähli urartu taýpalarynyň bir döwletiň düzümine birikdirilmegi hem tamamlanýar.

Taýpalaryň ideologiýa taýdan bütewligini gazanmak maksady bilen ýurtda dini özgertmeler geçirilýär, hudaýlaryň üçüsi: Asman hudaýy Haldi, gök gürlemegiň we ýagynyň hudaýy Teýşeby, Gün hudaýy Şiwini aýratyn sejde edilýän hudaýlar diýilip ykrar edilýär. Gadymy dini merkezi bolan Musasurda ybadathana salynýar, Haldi ybadathanasyna gymmat bahaly zatlar sadaka berilýär, şeýlelik bilen Musasury bütin Urartu döwletiniň dini merkezine öwrülýär.

Ýurdyň ähli ýerlerinde çalt depginde gurluşyk işleri alnyp barylýar. Köp sanly patyşa ýazgylarnyň habar bermegine görä, ýurtda ybadathanalar we köşkler salnypdyr, ybadathana hojalyklary dörediliðpdir. Olardan başga-da urartu patyşalarynyň ýazgylarynda köp sanly harby ýörişler hem beýan edilipdir. Urartu goşunlary Assiriýanyň gapdalyndan geçmäge ymtylyp, Urmiýa kölüniň günortasynda ýerleşýän Manna patyşalygyna geçiren harby ýörişi barada maglumat berilýär. Urartular basylyp alnan welaýatlardan köp sanly mal sürülerini äkidipdirler, emma assiriýalylaryň çapawulçylygyndan tapawutlylykda, olar özlerine tabyn edilen ýerleri talamandyrlar. Ýazgylarda, mundan beýläk Urartu döwletiniň daýanjyna owrülýän ýurtalardan alnan zatlaryň bir bölegi şol ýurtlara galdyrylýandygy barada aýdylypdyr.

**Wan patyşalygynyň gülläp ösmegi.** Kuwwatly Urartu döwletini döreden patyşa Menua (b. e. öň 810-786 ýý.) hasaplanylýar. Bu patyşanyň bitiren işlerini döwletiň resmi

annalary tarapyndan ýylba ýyl beýan edilipdir. Annalar hem döwletiň täze girizen özgerişleriniň biri hasap edilýär. Ýazgylarda mundan beýläk ähli urartu patyşalary ýyl ýazgylaryny alyp barmalydyrlar we öz patyşalyk eden döwrüni beýan etmelidirler diýilip görkezilipdir. Menua goşunyň gurluşyna uly üns beripdir. Menua patyşanyň dolandyryp başlan wagtyndan, merkezi häkimiýet goşuny gerekli zatlar bilen, ýagny bar bolan ýaraglar bilen doly üpjün etmegi öz üstüne alypdyr. Öňler goşuny üpjün etmekligiň bir bölegi golastyndaky häkimleriň üstüne ýüklenipdir. Urartu goşuny Alynky Aziýada iň oňat hasaplanylýan assiriýa ýaraglary bilen ýaraglandyrylypdyr. Menuanyň hut özüniň ýolbaşçylygynda geçirilen harby ýörişler iki tarapa, ýagny günorta-günbatara-Siriýa tarap hereket edip Ýewfrat derýasynyň çep kenaryny eýelän bolsa, onuň ikinji ugry demirgazyga, Zakawkaziýa tarapa gönükdirilipdir. Harby ýörişlerde ýesir, olja alynýar, duşman şäherleri otlanylýar, emma Urartuyň syýasy hakimligi ykrar edilip, töleg tölense tabyn edilen ýerler talanman, ýumurylman saklanypdyr.

Menua tabyn edilen ýerleri dolandyrmaga uly üns beripdir, olaryň käbirinde öňki häkimler (töleg tölenmek bilen ) galdyrylypdyr, emma olaryň üstünden gözegçilik eder ýaly merkezi häkimleriň wekilleri hem goýlupdyr. Menua döwlet dolandyryş ulgamynda hem uly özgerişleri geçirip bütin ýurdy welaýatlara bölüpdir, olaryň başynda bolsa merkezi häkimlikden bellenen adamlar durupdyr.

Menua gurluşyk işlerini uly möçberde alyp barypdyr. Onuň adyndan ýazylan ýazgylaryň ýüze golaýy saklanypdyr, olaryň köpüsi ol ýa beýleki gurluşyk işleri bilen baglanyşykly bolupdyr. Uly gurluşyk işleri merkezi welaýatda, esasan hem paýtagyt şäheri Tuşpada alnyp barlypdyr. Bu ýerde uzynlygy 70 kilometr bolan, örän çylşyrymly bentleri bilen tapawutlanýan kanal gurlupdyr, oňa “Menuanyň kanaly” diýip

at beripdirler. Ýazgy ýadygärliklerinde beýleki ýerlerde geçirilen kanallar barada hem ýatlanylýar.

Menuanyň ogly hem oruntutary Argiştiniň (b.e. öň 786-764 ýý. ) döwründe, Urartu Alynky Aziýada agalyk etmek ugrunda Assiriýa bilen aldym-berdimli uruş alyp barypdyr. Ol uruşlar Gündogar Ortaýer deňziniň üstünden geçýän halkara söwda ýollaryny eýelemek üçin hem alnyp barylypdyr.

Iň oňat ýaraglar bilen ýaraglanan Urartu goşuny Argişta ähli harby meýillerini amala aşyrmaga mümkinçilik beripdir. Assiriýa ýazgylarynda Argiştiniň ýörişleri güýçli tupan bilen deňeşdirilipdir. Argiştiniň öz ýazgylarynda Assiriýadan üstün çykyşy barada habar berilýär. Onuň goşunlary Demirgazyk Siriýa çozup girmegi bilen, ýerli häkimler Argiştiniň tarapyna geçipdirler, şonuň netijesinde Assiriýa günbatardan gelýän iň esasy söwda ýollaryndan kesilipdir. Urartu goşunlary Günorta tarapda Wawilonyň serhetlerine çenli baryp ýetýär. Şeýlelik bilen, Assiriýa üç tarapdan Urartu we onuň ýaranlary tarapyndan gabalýar.

Argişti demirgazyga, Zakawkaziýa tarapa süýşmeklige hem uly ähmiýet berýär. Bu ýerde urartulylaryň goşuny Günbatar Gruziýa, Kolhidanyň çäklerine baryp ýetýär. Argişti Araks derýasyny geçip, onuň kenaryndaky ägirt uly ýerleri eýeleýär we Sewan kölüniň kenarlaryna baryp ýetýär. Bu ýerlerde hojalyk-gurluşyk işleri boýunça uly maksatnamalar amala aşyrylýar. Häzirki Ýerawan şäheriniň ýerinde b. e. öň 782-nji ýylda Erebuni, b. e. öň 776 –njy ýylda häzirki Armawir etrabynda uly şäher merkezi bolan Argiştihinili gurulýar. Täze döredilen şäher-galalarda ätýäçlik üçin, döwletiň ägirt uly däne saklanýan ammarlary salynýar. Şeýlelik bilen, urartu-assiriýa bäsdeşliginiň gidýän welaýatlaryndan has uzaklarda döwletiň täze ykdysady merkezi döredilýär. Bu çäreler geljekgi urartu-assiriýa bäsleşiginiň dowamynda özüni doly ödeýär. Hojalyk we gurluşyk işlerini amala aşyrmakda bolsa, köp sanly harby ýörişleriň dowamynda ýesir düşen adamlar işçi güýji bilen

üpjün edipdir. Argiştiniň patyşalyk eden 13 ýylynda 280 müň aýal we erkek adamlar ýesir alnypdyr. Şeýlelik bilen harby ýörişler Urartu döwletiniň diňe bir ýeriniň giňelmegini üpjün etmän, onuň syýasy täsirini galdyrman, eýsem yzygiderli gullaryň-harby ýesirleriň gelip durmagyny hem üpjün edipdir. Bu üstünlikler b. e. öň VIII asyrda Urartu döwletiniň gülläp ösendiginden habar berýär.

**Urartu-Assiriýa bäsdeşliginiň güýçlenmegi. Urartuyň gowşamagy we ýykylmagy.** Argiştiniň ogly Sardury II (b. e. öň 760-730 ýý.) hem atasynyň syýasatyny dowam etdiripdir. Sardury II özüniň dolandyran ilkinji sekiz ýylynyň dowamynda geçiren harby ýörişleri barada yzygiderli ýazgylar bilen beýan edipdir. Şol ýazgylara görä Sardury II Urmiýa kölüniň welaýtlarynda öz häkimligini berkidýär, Zakawkaziýa we demirgazyk Siriýa ýerlerine ýörişleri geçirýär, netijede Urartu döwletiniň ýerleri ep-esli giňeýär. Bu döwür Urartu döwletiniň diňe bir syýasy taýdan däl, eýsem ykdysady taýdan hem gülläp ösen döwri bolupdyr. Sarduri patyşanyň ýazgylarynda baý ýurtlaryň basylyp alynyşy, köp möçberde mal sürileriniň alnyp gelinişi, gymmat bahaly metalyň, gyzylyň, kümüşiň, galaýynyň, bürünjiň ele salynyşy, şeýle-de köp sanda ýesir alnyp gulçylyga öwrülişi barada gürrüň berilýär.

Emma Urartuyň güýçlenmegi Assiriýaly döwlete hem uly howp salyp başlaýar, Urartu patyşalary Zakawkaziýadaky taýpa birleşikjlerinden, Demirgazyk Siriýanyň we Kiçi aziýanyň gündogar bölekleriniň ownuk döwletlerinden we taýpalaryndan ybarat birleşik döredip, Assiriýanyň serhetlerine we onuň söwda ýolaryna howp salmagy, Assiriýanyň VIII asyryň ortalarynda ähli güýjini jemläp Urartu we onuň ýaranlaryna garşy urşa başlamagyna sebäp bolýar.

Şeýlelik bilen, Alynky Aziýada agalyk etmek üçin aýgytly harby çaknyşyklar başlaýar, şeýle ýagdaýda Assiriýa ilkinji bolup Urartua zarba urýar. B. e. öň 743-nji ýylda Tiglatpalasar III tarapyndan täzelenen assiriýa goşuny

Demirgazyk Siriýada, Arpada şäheriniň golaýynda Urartu we onuň ýaranlary bilen bolan söweşde üstün çykýar. B. e. öň 735-nji ýylda Tiglatpalasar III Urartu döwletiniň merkezi welaýatyna, Wan kölüniň etraplaryna ýöriş geçirýär. Bu ýörişde assiriýalylar üstünlik gazanýarlar, şäherler talanyp ýakylýar. Emma assiriýa goşuny Tuşpa şäherini gabasa-da, bu berkidilen şäheri eýeläp bilmän yzlaryna dolanýar. Harby-strategiki ähmiýetli Musasura welaýaty hem Assiriýanyň demirgazyk-gündogarynda ýerleşip, ol hem hiç hili zyýan çekmän abat saklanyp galýar. Şeýlelik bilen, açyk harby söweşde Urartu Assiriýadan ýeňilýär, emma Alynky Aziýada agalyk ugrundaky göreş dowam edýär.

Assiriýa Urartua ikinji zarbany urmaga taýýaralanýar. Assiriýanyň bu maksady Urartu patyşasy Rusa I (b. e. öň 735-713 ýý.) döwründe amala aşyrylýar. Rusa I tagta geçen gününden başlap ýurdyň içindäki tolgunşyklary basyp ýatyrýar. Döwletde häkimlik ugrunda bäsdeşlik bolmazlygy üçin, Rusa I uly welaýatlary ownadyp, olaryň goşunlaryny azaldýar.

Rusa I özüniň daşary syýasatynda Assiriýa bilen açyk çaknyşyklardan daşda durýar. Emma Rusanyň günortada alyp barýan syýasatyny kimmerleriň Urartuyň demirgazyk welaýatlaryna çozup girmekleri bökdeýär. Kimmerleriň garşysyna iberilen goşun bolsa derbi-dagyn edilýär. Muňa garamazdan Rusa Zakawkaziýada we Sewan kölüniň demirgazyk gündagarynda öz ýerlerini giňeltmegi dowam etdirýär. Bu ýerlerde Rusanyň maglumatlaryna görä, ownuk patyşalyklaryň 23-si bir ýylyň içinde derbi-dagyn edilipdir. Basylyp alnan welaýatlarda Rusa tarapyndan iki sany şäher-galalar gurulýar. Urmiýa kölünden demirgazykda bolsa örän kuwwatly hojalyk ulgamy döredilýär, köp sanly kanallar çekilip, şäher-galalar salynýar. Döwletiň merkezinde-Wan kölüniň gündogarynda uly möçberde suw howdany gurlup, üzümdarçylyk mülkleri döredilýär, täze Rusahinili şäheri gurulýar. Käbir alymlar bu şäheri Urartuyň paýtagty bolmaly

diýip tekrarlaýarlar. Emma özünden öňkileri ýaly Rusa hem hemme ýazgylarynda özüni “Urartu ýurdynyň patyşasy, Tuşpa-şäheriniň hökümdary” diýip atlandyrýar. Şonuň üçin, Urartuyň paýtagty Tuşpa-paýtagt şäher bolup galypdyr diýip aýdyp bolar.

Rusa I uly güýç bilen Urartuyň kuwwatyny dikeldişini görüp, Assiriýa öz bäsdeşine ikinji gezek uly urgyny urmaga howlugýar. B. e. öň 714-nji Sargon II tarapyndan serkerdelik edilýan assiriýa goşuny, Urmiýa kölüniň gundogarsyndaky welaýatlaryň hökümdarlaryna garşy ýörişe başlaýar. Rusa I aýgytly söweşiň wagty gelip ýetdi diýip, assiriýa goşunynyň ýeňsesine geçmäge çalyşýar. Emma söweş urartu goşunlarynyň ýeňilmegi bilen tamamlanýar. Sargon II öňki assiriýa patyşalarynyň hereketini gaýtalap, ýolunda gabat gelen şäherleri, obalary ýakyp-ýandyrýar, Urmiýa kölüni aýlanyp geçýär, ol ýerde Rusa I tarapyndan gurulan hojalyk ulgamlaryny ýumurýar. Ondan aňryk assiriýalylar Wan kölüniň demirgazygyndan geçýär, emma Urartuyň öz ýerlerine, Wan kölüniň gündar ýerinde ýerleşýän Tuşpa gitmekden çekinýär. Sargon II yza gaýdanda, 1000 atly goşun bilen duýdansyz urartularyň sežde edýän Musasura ybadathanasyny basyp alýar. Sargon II bu yerde urartu patyşalarynyň köp ýyllaryň dowamynda jemlän ummasyz köp ybadathana hazynasyny eýeleýär. Ol hemme geçen ýerlerinde talaňçylyk edip, urartuyň ykdysadyýetini ýumurmaga çalyşýar.

Sargon II ýazgylarynda berilýän maglumatlara görä, Rusa Musasuryň ýykylandygyny eşidip özüni heläkläpdir. Şeýlelik bilen, 100 ýylyň dowamynda Alynky Aziýada syýasy taýdan agalyk etmeklik ugrundaky göreşde, Urartu gutarnykly ýeňilip öz ornuny Assiriýa berýär.

**Urartuda patyşa we ybadathana hojalyklary.** Urartu döwletiniň ýokary galmagyna we gülläp ösmegine ýurdyň ykdysady taýdan ösmeginiň uly ähmiýeti bolupdyr.

Ykdysadyýetiň esasyny ekerançylyk hem-de metal işlemeklik bilen bagly ýöriteleşdirilen hünärmentçilik tutupdyr.

Döwlet ýurdyň ykdysadyýetini ösdürmäge uly ähmiýet beripdir. Urartu patyşalarynyň ýazgylarynda kanallaryň geçirilişi, suw howdanlarynyň gurluşy, iýmiş agaçlarynyň we üzümçiligiň ösdürilişi barada maglumatlar berilipdir. Oba hojalyk önümlerini saklamak üçin ýurdyň hemme şäher-galalarynda, uly ammarlaryň döredilişi barada hem ýazuw çeşmelerinde maglumatlar saklanypdyr.

Ýurduň ykdysadyýetinde urartu patyşalary tarapyndan döredilen patyşa hojalyklarynyň ähmiýeti has uly bolupdyr. Myşal üçin, “Menuanyň üzümçiligi”, “Sardurynyň üzümciligi”, ”Menuanyň jülgesi” we “Sardurynyň jülgesi” ýaly hojalyklaryň bolandygy barada ýazgylar saklanypdyr. Zakawkaziýada Argiştihinili şäheri bilen birlikde kanallaryň dördüsi çekilipdir, üzümçilik we iýmiş baglary ekilipdir. Teýşebainide 4-5 müň gektar ýerden ýygnalýan hasyl üçin ägirt uly däne we wino saklanýan ammbarlar gurlupdyr. Rusahinililiniň hojalygynda işleýän hyzmatkärleriň sany 5,5 müň adam hasaplanypdyr. Onuň düzüminde diňe patyşany wasp edýän, onuň bähbidini goraýan ýazarlaryň sany 1188 adama ýetipdir. Patyşa hojalyklarynyň esasy merkezleri hökümet tarapyndan salnan şäher-galalar bolup, olaryň içinde has bellileri Teýşebanini, Argiştihinili



Adam bedenli we kelleli ganatly ýolbars.
B. e. öň VII asyr

we Erebuni şäherleridir. Şäherleriň merkezinde patyşanyň we ýerli häkimleriň köşgi, dini ybadathanalar we oba hojalyk önümleriniň, ýaraglaryň saklanýan ägirt uly ammarlary ýerleşipdir.

Urartuda ybadathana hojalyklary has kiçi bolup, olaryň baýlygynyň esasy bölegi ilatyň berýän sadakalaryndan ybarat bolupdyr. Käbir ýagdaýlarda ybadathanalaryň öz ýerleri, mallary bolupdyr.

**Urartu jemgyýeti we onuň medeniýeti.** Urartu jemgyýetiniň durmuşy hem gadymy gundogar döwletlerine mahsus guleýeçilik jemgyýeti bolupdyr. Urartuyň erkin ilaty 1,5 million adam hasaplanýar, olaryň esasy bölegini jemagat ilaty tutupdyr. Urartu jemgyýetiniň ýokary gatlagy harbylar we gullukçy emeldarlardan düzülipdir, olar dolandyryjy nesilşalygyň agzalaryndan, taýpa serdarlarynyň bir böleginden we ownuk ýer eýeleriniň nesillerinden ybarat bolupdyr. Emma bularyň içinde harby dolandyryş ulgamy bilen bagly baş serkerde, onuň kömekçileri, welaýat häkimleriniň başlyklary has ähmiýetli gatlak hasaplanypdyr. Dolandyryş ulgamynyň işgärleri gitdigiçe artyp, olaryň işleri çylşyrymlaşypdyr. Mysal üçin, patyşa hojalygyny dolandyryjysy “möhür eýesi”, maliýa işleri bilen meşgul bolýan adama “pul eýesi”, “hasapçy adam” oba hojalyk önümçiligini gurnaýan adam “ekin eýesi”, “uly çopan” ýaly atlar bilen atlandyrylypdyr.

Urartuda köp sanly gullar we olara ýakyn batrakçylyk edýän gatlak bolupdyr. Gulçylygyň esasy çeşmesi köp sanly uruşlar bolup, olaryň esasy maksady täze işçi güýjüni almakdan ybarat bolupdyr. Urartu dilinde “gul” manysy ýat harby ýesir diýmeklik manysyny aňladýar. Harby ýesirler kähalatda urartu goşunynyň düzümine goşulypdyr, emma ýesirleriň esasy bölegi patyşa we ybadathana hojalyklaryna işlemäge ugradylypdyr. Urartuyň ykdysady taýdan ösmekligi yzygiderli işçi güýjüniň gelip durmaklygyna bagly bolupdyr. Urartua şol sanda Assiriýa köp sanly gullaryň getirilmegi döwlet gullarynýň oba ý-da şaherçeleriň döremegine getiripdir, olar özbaşdak hojalyklary ýöretmäge borçly edilipdir; gullaryň bir bölegi patyşa hojalyklaryna düşüp, ekin meýdanlarynda we ussahanalarda işledilipdir. Gullaryň zabun işledilmegi olaryň goňşy ýurtlara

gaçyp gitmeklerine getiripdir, emma olary yzyna almaklyk üçin ýörite döwlet adamlary işläpdirler.

**Urartuyň syýasy gurluşy.** Döwletiň esasy wezipesi üznüksiz harby ýesirleriň gelip durmagyny üpjün etmeklik bolupdyr. Alynky Aziýada agalyk etmekligi elde saklamak üçin goşuna, harby guramalara aýratyn üns bermeli bolupdyr. Urartu patyşalary goşuny ýaraglandymak, olary kämilleşdirmeklik üçin hemme çäreleri görüpdirler. Goşunyň esasyny ýokary derejedäki hünärmen esgerler düzüpdir, olar dolulygyna diýen ýaly döwlet tarapyndan ýarag we beýleki zerur zatlar bilen üpjün edilipdir. Urartulylaryň at münmekde, atyň üstünde ýaý atmakda ezber bolandyklaryny assiriýa ýazgylaryndan görmek bolýar. Şeýle ýazgylaryň birinde "Şu ýerden Menua, Arsibini atly aty bilen 22 tirsek bökdi" diýilip görkezilipdir, ýagny at 11m. 20 sm. böküpdir, bu böküş häzirki zaman at bökdirmek sportynda ýetilen iň ýokary derejä ýakyndyr. Atyň Arsibini adyny terjime edilende "bürgüt" manyny aňlatmagy hem urartuda atly goşuna, onuň bürgüt kimin tizligine, güýjüne uly ähmiýet berilendiginden habar berýär.

Urartu patyşalary merkezleşdirilen hojalyk dolandyryş ulgamyna uly ähmiýet beripdirler. Döwlet birnäçe welaýatlara bölünipdir, olaryň başynda elinde harby goşuny we köp sanly dolandyryş edaralary bolan häkim durupdyr. Merkezleşdirmeklige ymtylýan patyşalar üznüksiz, kähalatlarda ýönekeý meseler boýunça, hat baryny ýerli häkimlere iberip durupdyrlar. Mysal üçin, Tuşpadan Teýşebanina iberilen hatda ýerli aşpeziň gyzyny kime äre bermelidigi barada ýörite görkezme berilipdir. Emma ýurtda bolýan tolgunşyklar, gozgalaňlar assiriýa patyşalaryna berk merkezleşdirilen hojalyk dolanşygyny döretmeklik başartmandygyny görkezýär. Urartu patyşalygynyň esasyny ýarym garaşly, Urartua ýaran patyşalyklar we beglikler düzüpdir. Olaryň merkezi häkimiýete wepalylygy, diňe urartu patyşalarynyň harby-syýasy üstünliklerine bagly bolupdyr. Patyşalaryň bütewi bir hojalyk

ulgamyny döretmäge gönükdirilen syýasaty başa barmandyr. Ýurtda esasan iki sany, ýagny wan we zakawkaziýa ykdysady merkezleri döredilýär. Patyşa hojalygynyň işläp durmagy hem köplenç harby ýesirleriň getirilişine bagly bolupdyr. Urartuyň icki gowşaklygy hem şundan ybarat bolup, ahyr soňunda onuň ýykylmagyna sebäp bolupdyr.

Urartularyň medeniýeti Assiriýalylaryň medeniýetine meňzeş bolupdyr. Assiriýa köşgünde ýöredilýän syýasat patyşlary, olaryň goşunynyň kuwwatyny hemme taraplaýyn mahabatlandyrmaklyga gönükdirilipdir. Urartuyň binagärçiligini olaryň guran kuwwatly galalary we gözel şaherleri esasynda häsiýetlendirip bolar. Galalar şäher ilatynyň merkezi bolup, olar tebigy belentliklerde we gaýalarda gurlupdyr.



Bürünçden edilen Barbartu hudaýynyň heýkeli. B. e. öň VII asyr

Olaryň galyň daşdan endigan ýonulyp salnan diwarlary we diňleri, gurluşykçylaryň we harby hünärmenleriň ýokary derejedäki ussalar bolandyklaryna güwä geçýärler.

**Urartulylaryň dini ynançlary.** Urartu dini gadymy fetişizm garaýyşlaryndan başlap, patyşanyň we döwletiň penakäri bolan hudaýlara sejde etmeklige çenli ýoly geçipdir. Urartular agaçlary we daglary hudaýlaşdyrypdyrlar. Şeýle hudaýlaryň biri Halda hudaýy bolup, ol “Halda dagy” hasaplanypdyr. Urartu hudaýlarynyň sanawynda Halda derwezesi we Halda derweze hudaýlary ýatlanylýar. Bu beýanda urartularyň düsünjelerine görä, dag gaýasynda oýulyp açylan ýerden, ýagny mukaddes gaýadan daglarda ýaşap ýören hudaýlar çykýarmyş.

Urartuda mukaddes agaç baradaky ynanç hem giňden ýaýrapdyr. Dürli zatlarda, aýratyn hem möhürlerde mukaddes agaja sejde edilişiniň şekilleri saklanypdyr, bu dessury kähalatlarda patyşanyň özi hem amal edipdir. Urartu hudaýlarynyň öýüniň töründe (panteon ) Halda hudaýy bilen birlikde, güýçli ýagynyň we tupanlaryň hudaýy Teýşebanyň we gün hudaýy Ardyň şekilleri ýerleşdirilipdir. Urartuda ýyrtyjy haýwanlaryň we ösümlikleriň penakäri hasaplanýan tebigat hudaýyna we hasyl hudaýyna çokunmaklyk hem giňden ýaýrapdyr.

Urartu ýazgylarynda köplenç üç sany hudaýyň, ýagny Halda, Teýşeby we Arda hudaýlaryň atlary tutulýar. Emma olaryň içinde birinji ýerde Halda hudaýy urartularyň baş hudaýy hasaplanypdyr. Wagtyň geçmegi bilen Halda hudaýy urşuň, patyşanyň we döwletiň penakär hudaýyna öwrülipdir. Urartularyň patyşasy hem kähalatlarda baş ruhany hökmünde şekillendirilipdir.

Urartulylar goňşy halklaryň, şol sanda assiriýalylaryň medeniýetine täsir edipdir. Urartu medeniýeti aýratyn hem goňşy zakawkaziýa halkalarynyň medeniýetiniň ösmegine täsiri uly bolupdyr. Urartulylaryň binagärçilik sungatynyň täsirinde salnan galalaryň harabaçylygy, hazire çenli Ermenistanyň ýerinde saklanyp gelýär. Şeýlelik bilen, urartulylar gadymy gündogar medeniýetiniň köp alamatlaryny has soňraky halklara, şol sanda gadymy ermeni we beýleki Zakawkaziýa halklaryna geçipdir.

## II Bölümiň netijesi

## Gadymy Alynky Aziýa

Alynky Aziýa geografiki ýerleşişi boýunça ýewroaziýa kontingentini, şol döwrüň medeni taýdan ösen ýurtlardan gaýydýan, ähli ýollaryň birleşýän ýeri bolup hyzmat edipdir. Kiçi Aziýa Balkan ýarymadasy bilen aragatnaşygy üpjün

edipdir; Kawkazyň üsti bilen Günorta-Gündogar Ýewropa çöllüklerine; Ortaýer deňziniň Gündogar sebiti bolsa Müsürden we Afrikanyň demirgazyk-gündogar sebitlerinden, Derýaaralygyndan we Arabystan ýarymadasyndan gelýän ýollaryň çatrygynda ýerleşip bu ägirt uly sebiti kesip geçipdir; Ortaýer deňziniň hemme ýerlerinden deňiz gämileri gelipdir. Zagros dag gerişlerinden, elamlylar ýurdyna we Pars aýlagyna, ondan aňryk Hindistana çenli ýollar gidipdir.

Alynky Aziýanyň geografiki taýdan iň amatly ýerde ýerleşmeginden daşgary bu ýerler tebigi baýlyklara, şol sanda gazylyp alynýan ýerasty magdanlara hem baý sebitleriň biridir. Günüň we suwyň bol bolmagy, topragyň mes bolmagy Derýaaralygynyň jülgesinde gadymyýetde hasylyň bol bolmagyna, haýwanat we ösümlik dünýasiniň baýlygy, däneli we eldekileşdirmek üçin ýabany mallara, Kiçi Aziýanyň günorta-gündogar böleginde we Demirgazyk Siriýada metalyň dürli görnüşlerine- mise, kümüşe, beýik derýalar bolan Tigr we Ýefrat derýalarynyňAlynky Aziýanyň döwletleriniň çerki ösüşi uly söwda ýollarynda ýerleşip, adamlaryň ondan-oňa hereket etmekleri üçin, Alynky Aziýada adamynyň ýaşaýyşy, önümçiligiň, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň we medeniýetiniň ösmegi üçin oňaýly şert döredipdir. Hut şonuň üçin, Alynky Aziýanyň adamzat siwilizasiýalarynyň emele gelen merkezleriniň biri bolmagy kanunalaýyklykdyr diýilende hem ýalňyş bolmasa gerek.

B. e. öň VII-V müňyyllyklarda adamzat jemgyýetiniň ösmegi üçin iň bir amatly ýagdaý Derýaaralygynda, ilki bilen hem onuň demirgazyk böleginde, ýagny Hassun we Halaf neolitik medeniýetleriniň ýüze çykmagyna getiripdir. Soňra jemgyýetiň ösüşi onuň Günorta Derýaaralygyna geçip, ol ýerde iň gadymy siwilizasiýalaryň biri bolan, Şumer siwilizasiýasyny emele getirýär.

Şumer şäher döwletleriniň ösmegi, soňra beýleki irki synpy jemgyýetleriň we Derýaaralygynda döwletleriň ýüze çykmagy,

bu ýerlerde suwarymly ekerançylygyň ösüşine we kem-kemden kuwwatly suw bentleriniň gurulmagyna bagly bolupdyr. Netijede bol hasylyň alynmagy, artykmaç önümiň öndürilmegi agalyk ediji gatlagy, güýçli goşuny we döwlet dolandyryş ulgamyny üpjün etmäge doly mümkinçilik beripdir.

B. e. öň III müňýyllygyň dowamynda Derýaaralygy Müsür bilen birlikde şol döwrüň iň bir ösen welaýatlarynyň biri bolupdyr. Derýaaralygy köp dürli görnüşdäki senetçiligi, çylşyrymly jemgyýetçilik gatnaşygy we ösen medeniýeti bolan köp sanly şaherlerden ybarat bolupdyr. Içki durmuşy garşylyklaryň dartgynlygy, umumy döwlet möçberinde suw gurluşyk ulgamyny döretmekligiň zerurlygy, goňşy taýpalaryň çozuşlaryna garşy göreş Akkadlaryň Sargon nesilşalygynyň, soňra Uryň III nesilşalygynyň merkezleşdirilen döwletiniň döremegine getiripdir. B. e. öň III müň ýyllykda Derýaaralygynyň sosial-ykdysady we syýasy ösüşi, Alynky Aziýanyň taryhy taýdan ösmegine, ilki bilen hem Kiçi Aziýanyň ähli taýpalaryna hem-de Ortaýer deňziniň Gündogar sebitinde ýaşaýan ilata öz täsirini ýetiripdir.

Kiçi Aziýada we Ortaýer deňziniň Gündogar sebitinde irki synpy jemgyýet Derýaaralygyndan, Müsürden ep-esli giç ýüze çykýar we belli bir derejede şol döwletleriň täsiri bilen emele gelýär. Kiçi Aziýada uly bolmadyk şäher döwletleri diňe b. e. öň II müňýyllygyň başlarynda ýüze çyýar. Netijede, olaryň birleşmegi bilen b. e. öň XVIII asyrda Gadymy Hett döwleti emele gelýär. B. e. öň XIV-XIII asyrlarda Hett döwleti öz ösüşiniň ýokary derejesine ýetip, Müsüri ýeňilişe sezewar edýär we özüniň täsirini Palestinanyň günorta sebitlerine hem ýetirýär. Emma harby taýdan birleşdirilen welaýatlar, içki ykdysady bütewligi bolmansoň b. e. öň XIII asyryň ahyrlarynda “deňiz halklarynyň “ we Assiriýanyň uran zarbyna döz gelip bilmän ýykylýar.

Gündogar Ortaýer deňizinde uly bolmadyk şäher-döwletler b. e. öň III müňyyllykda II müňýyllygyň başlarynda

ekerançylyk oazislerinde we söwdanyň has güýçli alnyp barylýan deňiz kenarynda (Eblada, Biblde, Ugaritde, Alalahda) ýüze çykýar. Sebitiň demirgazyk welaýatlary üçin Kiçi Aziýa we Derýaaralygy bilen söwdanyň alnyp barylmagynyň ähmiýeti uly bolan bolsa, onuň günorta sebitleri we deňiz kenarlary Müsür bilen söwda alyp barypdyr. Emma çöl tarapyndan yzygiderli çarwa taýpalaryň çozuşlary Derýaaralygynda ol taýpalaryň ýerli halklar bilen tiz gatyşyp-garyşyp gitmeklerine hem-de olaryň ýerli medeniýetini kabul etmeklerine getiripdir. B. e. öň XVIII-XVII asyrlarda giksos taýpalarynyň hüjümi netijesinde olaryň häkimligi bütin Müsüre hem ýaýrapdyr. Emma bu birleşikler berk bolmandyr we tiz ýykylypdyr, esasy ösüş uly bolmadyk döwletleriň üstünden agalyk etmek üçin, Müsür we Hett döwletleriniň arasynda bolup geçýär, soňra bu göreşe kuwwatlanan Assiriýa hem goşulýar.

Alynky Aziýa döwletleriniň içerki ösüşiniň aýratynlyklary şeýle-de b. e. öň II müňýyllygyň ahyrlarynda we I müňýyllygyň başlaryndaky halkara ýagdaýy Wawilon ýaly patyşalygyň, Hett we Assiriýa ýaly döwletleriň gowşamagyna we ýykylmagyna getiripdir.

B. e. ön II müňýyllygyň ahyrlary, aýratyn hem I müňýyllygyň birinji çärýegi bütin Alynky Aziýa üçin şäherkeriň, halkara söwda gatnaşyklarynyň, täjirçiligiň giň gerim almagy bilen häsiýetlendirilýär. Finikiýanyň söwda şäherleri özleriniň söwda aýlanyşygy bilen diňe bir Ortaýer deňiz sebitlerini öz içine alman, eýsem onuň daşyndaky ýerleri hem öz içine alypdyr. Bu şäherlerde daşary ýurtlara senetçilik önümlerini çykarýan ýörite önümçilik ussahanalary işläpdir. Söwda işleri bilen garakçylyk edip erkin adamlary ogurlap gulçulyga satmaklyk bu ýerleriniň ilatynyň esasy kärine öwrülipdir. Has uly söwdagärler, iri ýer eýeleri patyşa häkimligini belli bir derejede çäklendirip bilipdirler, emma Finikiýanyň şaherleriniň käbirlerinde güýçli oligarhiýa

häkimligi döretmäge şalyşypdyrlar. Garalýan döwürde Demirgazyk Afrikanyň Finikiýa koloniýalaryndan Karfagen şäheri öňe saýlanypdyr we b. e. öň VIII-V asyrlarda özbaşdak güýçli döwlete öwrülipdir.

B. e. öň II müňýyllygyň ahyrlarynda günorta Arabystan ýarymadasynda oturymly ekerançy taýpalarda irki synpy jemgyýetiň ýüze çykmagy halkara söwda gatnaşyklarynyň, belli bir derejede şäher döwletleriniň ösmegi bilen bagly bolupdyr. Şeýlelik bilen, bu döwürde Alynky Aziýanyň hemme ýerinde diýen ýaly ownyk döwletlere söwda gatnaşyklaryna goşulmaga, syýasy we medeni taýdan ösmäge mümkinçilik bolupdyr.

Bu özgerişler şol döwrüň ösen ulgamyna goşulan ýurtlaryň uly bölegini öz içine alypdyr. Ilkinji şeýle uly döwlet Assiriýa bolupdyr. B. e. öň VIII –VII asyrlarda Assiriýa bütin Alynky Aziýany we Müsüri öz içine alyp, dünýede iň uly döwletleriň birine öwrülýär. Emma bu döwletiň ýakyn goňşy döwletleri talamagyň, olaryň ýurdyny ýykyp-ýumurmagyň hasabyna baýlaşmagy assiriýalylaryň hojalygynyň bir taraplaýyn ösmegine getiripdir. Netijede, b. e. öň VII asyryň ahyrlarynda ýaş Midiýa patyşalygy Wawilon bilen ýaranlykda Assiriýanyň garşysyna bolan söweşlerde Assiriýanyň gutarnykly derbi-dagyn edilmegine getirýär. Midiýanyň we Täze Wawilon patyşalygynyň az wagtlyk gülläp ösmegi, tiz wagtdan olaryň parslaryň uran zarbasy netijesinde ýykylýarlar. Ägirt uly Pars döwleti günbatarda Egeý deňzinden, gündogarda Hind derýasyna çenli ýerleri güýç bilen bir bütewi döwletiň düzümine birleşdirýär.

## Esasy seneler

B. e. öň III müňýyllygyň ahyrlaryna çenli wakalaryň senesi çen bilen bellenendir. B. e. öň XVIII asyrdan, ýagny Hammurapiniň dolandyran döwründen başlap käbir wakalaryň seneleri ýyllar boýunça berilýär.

1. Demirgazyk Derýaaralygynyň: Jarmo, Hassuana, Halaf neolitik medenýeti. B. e. öň VII-V müňýyllyklar.
2. “Ubeýdo müňýylyklary”, urug gatnaşyklarynyň dargap başlan döwri- B. e. öň V müňyyllygyň ortalary IV müňýyllygyň başlary.
3. Uruk medeniýeti. Şumer siwilizasiýasynyň esaslarynyň döremegi. Sosial deňsizligiň ýüze çykmagy we ilkinji döwletleriň döremegi. Piktografiýa ýazgylarynyň ýüze çykmagy- B. e. öň IV müňýyllygyň ortalary we ikinji ýarymy.
4. Jemdet-Nasr medeniýeti döwri - IV müňýyllygyň ahyry-III müňyyllygyň başlary.
5. Irki nesilşalyklar döwri. Şumer-şäher döwletleriniň döremegi. Klinopis ýazgylarynyň döredilmegi - B. e. öň XXVIII asyryň birinji ýarymy-XXIV asyr.
6. Derýaaralygy Akkadlaryň agalygy döwründe. Sargonlylar nesilşalygynyň dolandyrmagy – B. e. öň XXIV-XXII asyrlar.
7. Uruň III nesilşalygynyň häkimleri tarapyndan Şumeriň we Akkadyň birleşdirilmegi – B. e. öň XXII asyryň ahyry - XXI asyr.
8. Irki Wawilon patyşalygy eýýamynda Wawiloniň ýokary galmagy- B. e.öň Hammurapy patyşanyň dolandyrmagy. Kanunlar ýygyndysynyň düzülmegi – B. e. öň 1792-1750 ýý.
9. Kassitler nesilşalygynyň Wawilony dolandyrmagy- B. e. öň 1595- 1150 ýý.
10. Mitanni döwletiniň gülläp ösmegi – B. e. öň XVI-XIV asyrlar.
11. Assiriýanyň taryhynda irki Assiriýa döwri – B. e. öň XX-XVI asyrlar.
12. Orta Assiriýa döwri – B. e. öň XV-XI asyrlar.
13. Assiriýanyň kanunlar ýygyndysynyň düzülmegi – B. e. öň XV-XIV asyrlar.

14. Täze Assiriýa döwri. Uly döwletiň döredilmegi – B. e. öň X –
VII asyrlar.
15. Tiglatpalasar III dolandyrmagy. Assiriýa goşunynda geçirilen özgerişler. B. e. öň 745-727 ýý.
16. Asarhaddonyň dolandyrmagy. Müsüriň eýelenmegi. Assiriýanyň gülläp ösmegi – B. e. öň 681-669 ýý.
15. Aşşurbanapalyň dolandyrmagy. Ninewiýa kitaphanasynyň döredilmegi – B. e. öň 669-627 ýý.
16. Assiriýanyň paýtagty Ninewiýanyň ýykylmagy. B.e.öň612 ýý.
17. Wawilonyň ýokary galmagy. Täze Wawilon döwleti-B. e. öň 626- 539 ýý.
18. Nawuhodonosor II dolandyrmagy - B. e. öň 605-562 ýý.
19. Pars patyşasy Kir II tarapyndan Wawilonyň basylyp alynmagy. Täze Wawilon patyşalygynyň ýykylmagy – 539 ýý.

**Kiçi Aziýa**

20. Kiçi Aziyanyň kerwen saraýlary – B. e. öň XX- XVIII asyrlar.
21. Gadymy Hett patyşalygy – B. e. öň XVIII – XVI asyrlar.
22. Telepiniň dolandyrmagy, tagt myrasdüşeri baradaky perman – B. e. öň 1500 ýyllar.
23. Hett patyşalygynyň gowşamagy – B. e. öň XV asyr.
24. Täze Hett patyşalygy. Hettleriň uly döwletiniň döredilmegi – B. e. öň XIV- XIII asyrlar.
25. Müsür - Hett ýaraşyk şertnamasy – B. e. öň 1270 ý.
26. “Deňiz halklarynyň” çozup girmekleri we Hett döwletiniň ýykylmagy – B. e. öň XII asyryň başlary.
27. Frigiýa patyşalygynyň gülläp ösmegi – B. e. öň X-VIII asyrlar.
28. Lidiýa patyşalygynyň gülläp ösmegi – B. e. öň VII-VI asyrlar.

## Zakawkaziýa

29. Merkezi Tuşpa bolan Urartu döwletiniň döremegi – B. e. öň IX asyr.

30. Argişti I dölandyrmagy- Urartuyň syýasy taýdan gülläp ösmegi – B. e.öň 786-764 ýý.

31. Urartu döwletiniň synmagy – B. e. öň 590 ý.

## Ortaýer deňziniň gündogar sebitleri we Karfagen

32. Ieriohon ekerançylyk-maldarçylyk medeniýeti – B. e. öň VIII-VII müňýyllyklar.

33. Ebla döwleti – B. e. öň III müňýylygyň ikinji ýarymy.

34. Ugarit şäher-döwleti – B. e. öň II müňýyllygyň ikinji ýarymy.

35. Tir-Sidon döwletiniň gülläp ösmegi - B. e. öň X-IX asyrlar.

36. Damask patyşalygynyň ýokary göterilmegi – B. e. öň X-IX asyrlar.

37. Gadymy ýewreý taýpalarynyň Palestina gelmekleri – B. e. öň XIV asyrlar.

38. Bütewi döwletiň emele gelmegi. Patyşa Dawudyň we Süleýmanyň dölandyrmagy. Ierusalimda ybadathananyň gurulmagy – B. e. öň X asyr.

39. Gadymy Ýewreý döwletiniň Ysraýyl we Iudeý patyşalyklaryna bölünmegi – B. e. öň IX asyr.

40. Assiriýalylar tarapyndan Ysraýyl patyşalygynyň derbi-dagyn edilmegi. B. e. öň 722 ý.

41. Wawilonlylar tarapyndan Ierusalimiň basylyp alynmagy we ýewreýleriň “wawilonda ýesirlikde” bolmaklary – B. e. öň 587 ý.

# III Bölüm
# Gadymy Orta we Merkezi Aziýa döwletleri

## §21. Iň gadumy taýpalar. Altyndepe we Marguş siwilizasiýalary

**Tebigy-geografiki şertleri. Taryhy çeşmeleri we taryhynyň öwrenilişi.** Orta Aziýa geografiki taýdan häzirki özbaşdak göwletler Türkmenistanyň, Özbegistanyň, Täjigistanyň, Gyrgyzystanyň ýerlerini we Gazagystanyň günorta sebitlerini öz içine alýar.

Orta Aziýada iki sany uly çöllük Garagum we Gyzylgum ýerlaşýär. Onuň günorta çägini günbatardan gündogara uzalýan Türkmen-Horasan daglary hem-de Pamir-Týanşan daglary tutýar. Ýaşaýyş üçin iň amatly ýerler daglardan inýän uly bolmadyk çeşme-çaýlar bilen suwarylýan dag etek sebitleri hasaplanylýar. Amyderýa, Syrderýa, Murgap, Tejen-Gerirud, Zerawşan ýaly uly we orta ululykdaky derýalaryň köp gyrmançaly joşgun suwy bilen suwarylýan ekin meýdanlary ýokary hasyllylygy bilen tapawutlanýar.

Tebigy baýlyklardan bu sebitde misiň hem demriň ýataklary ir döwürlerden başlap mälim bolupdyr. Daglardan çeper önümçilikde ulanylýan reňkli daşlar we gurluşyk daşlary alnypdyr. Günortadaky daglyk ýerlerede we derýa boýlarynda tokaýlar ýerleşipdir.

Küýze ýasamak üçin amatly bolan toýun sebitiň ähli ýerinde örän kändir. Orta Aziýanyň günorta ýerlerinde adamlar

entek gadymy daş asyrynda peýda bolýarlar. Olar ýygnaýjylyk, awçylyk, balykçylyk bilen meşgullanypdyrlar. B.e.öň VI-III müňýyllyklarda Orta Aziýanyň günorta-günbatar sebitlerinde ýaşan ilat, Gadymy elamlylara we drawidlere ýakyn taýpalar bolupdyr diýilip çak edilýär. Birneme gijiräk bu sebite hindi-eýran şahasynda gepleýän taýpalar ýaýraýar. B.e.öň I müňýyllykda Merkezi hem Orta Aziýada ýaşan Sak, Massaget, Horezm, Pars, Sogd halklarynyň dilini Eýran diliniň gündogar şahasy diýip şertli atlandyrýarlar.

Orta Aziýanyň gadymy taryhyny öwrenmekde Zoroastrizm dininiň mukaddes kitaby bolan Awestanyň uly ähmiýeti bardyr. Ol dürli döwürlerde ýüze çykan aýry-aýry bölekleriň jemlenmesinden emele gelipdir. Onuň iň gadymy bölegine Gatlar diýilýär. Ol goşgy görnüşinde berilen Zoroatuştranyň ündewlerinden düzülipdir. Onuň bu bölegi b.e. öň VII asyra degişli hasap edilýär. Ýaştlar bölegi-de irki döwre degişli hasap edilýär. Ol gadymy hudaýlara bagyşlanan namalardan, dabaraly aýdymlardan düzülipdir. Awestanyň galan böleklerinde Gadymy Orta Aziýa halklarynyň rowaýatlary we epiki eserleriniň nusgalary saklanypdyr.

Ýazuw ýadygärlikleriniň iň möhümlerinden biri-de Parfiýa patyşalarynyň köne Nusaýdan tapylan hojalyga degişli resminamalar toplumydyr. Gazuw agtaryş işleriniň dowamynda bu ýerden ýüzine gara syýa bilen hat ýazylan küýze döwükleriniň 3 müňe golaýy tapyldy. Olarda Parfiýa patyşalarynyň Köne Nusaýdaky galasynyň ammarlaryna getirilen we ondan çykdajy edilen çakyr we beýleki önümler barada maglumat berilýär. Olardan başga-da, Horezmdäki Toprak galadan, Owganystanyň ýerinden Kuşan hökümdarlarynyň ýazgylarynyň bir böleginiň üsti açyldy.

Orta Aziýanyň gadymy taryhy barada antiki awtorlaryň (gadymy Grek-Rim awtorlary) eserlerinde-de möhüm maglumatlar berilýär. Ylaýta-da Gerodotyň “Taryhyndaky” maglumatlar has ygtybarlydyr. Şeýle-de Rim taryhçysy

Pompeý Trogyň, Grek Isidor Haraklynyň, Ktesiniň, Strabonyň eserlerinde hem möhüm maglumatlar berilýär.

Orta Aziýanyň gadymy taryhyny öwrenmekde arheologiýa barlaglarynyň ähmiýeti örän uludyr. Çünki ýazgy ýadygärlikleriniň juda seýrek halatynda arheologiýa maglumatlary ilatyň hojalygyny oba-şäherlerini, medeniýetini we durmuşyň beýleki pudaklaryny öwrenmekde esasy çeşme bolup hyzmat edýär.

Orta Aziýada arheologiýa barlaglary XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda başlanýar. Ylaýtada W.A.Žukowskiniň, R.Pampelliniň, W. M. Massonyň barlaglary bellenmäge mynasypdyr. Sowet häkimiýeti ýyllarynda Orta Aziýany öwrenmek boýunça Horezm arheologiýa-etnologiýa ekspedisiýasy, Günorta Türkmenistan arheologiýa komleksleýin ekspedisiýasy we beýlekiler uly möçberli işleri amala aşyrdylar. Ýazgy çeşmeleriniň we arheologiýa maglumatlarynyň esasynda Orta Aziýanyň gadymy taryhy boýunça XX asyryň 2-nji ýarymynda birnäçe düýpli eserler peýda boldy. Olarda Orta Aziýada gadymy döwletleriń emele gelişi, ösüşi, olaryň durmuş ykdysady we syýasy gurluşy hem-de medeniýeti öwrenilýär. Gadymy Orta Aziýanyň taryhy boýunça rus alymlary W.Massonyň, S.Tolstowyň, W. Sarianidiniň, G.Kaşolenkanyň, ýerli türkmen alymlary Ő. Berdiýewiň, H. Ýusupowyň, A. Gubaýewiň, T. Hojanyýazowyň, N. Bäsimowanyň işleri has ähmiýetlidir. Türkmenistanyň Garaşsyzlygy ýyllary içinde onuň arheologiýa ýadygärliklerini öwrenmek işi täze gerime eýe boldy. Ylaýta-da Gadymy Marguş siwilizasiýasynyň taryhyny öwrenmekde ähmiýetli açyşlar amala aşyryldy.

**Ekerançylar we maldarlar b. e. öň VI-III müňýyllyklarda.** Orta Aziýada ekerançylyk hojalygy b.e.öň VI müňýyllykda ýüze çykýar. Bu döwürde Orta Aziýanyň günorta günbatar etraplarynyň hasylly oazislary bolan Merkezi Köpetdagyň eteginde dagdan inýän çeşme-çaýlaryň boýunda

ekerançylaryň obalary peýda bolýar. Arheologlar ony Jeýtun medeniýeti diýip atlandyrýarlar. Jeýtun oturymly obasy häzirki Aşgabat şäheriniň demirgazyk-günbatarynda 30 kilometrlik daşlykda ýerleşýär. Jeýtunlylar arpa ekipdirler, käbir tapylan yzlar jeýtunlylar bugdaý hem ekipdirler diýmäge mümkinçilik berýär. Bu ýerde geçi, goýun, öküz ýaly mallary köpeldipdirler. Olarda zähmet gurllary entek daşdan ýasalypdyr. Çakmak daşdan ýasalan gyssyryç orak hökmünde ulanypdyr. Çopandepeden tapylan süňkden ýasalan gyssyrgyç hem orak görnüşde bolup, olar hasyl ýygnalanda ulanylypdyr. Jeýtunlylar dänäni daş sokylarda we owguçlarda döwüpdirler

Jeýtunda awçylyk hojalygy ähmietini saklapdyr. Olaryň iýmitiniň ýarsyny diýen ýaly awçylykdan alynýan et önümleri tutupdyr. Emma ekerancylyga geçilmegi adamlaryň ýaşaýyş durmuşlarynyň öňatlaşmagyna we medeniýetiniň mundan beýläk ösmegine şert döredipdir. Toýundan ýasalýan gaplar aýallaryň hojalyk işlerini ep-esli ýeňledipdir. Köp sanly monjuklar we boýundan asylýan bezegler, bu döwürde amaly haşam sungatynyň, senetçiligiň ösendigine güwä geçýärler. Küzegärçilik giň gerime eýe bolýar. Uly bolmadyk maşgalalar togalanan palçykdan salnan jaýlarda ýaşapdyrlar, şol jaýlaryň diwarlarynyň bir bölegi toýun palçykdan salnypdyr, gijiräk döwürde jaýlar cig kerpiçden salnypdyr. Bir otagly jaýlaryň onlarçasy obany emele getiripdir. Şeýle obalarda 50-den 300 çenli ilat ýaşapdyr. Obanyň merkezinde aýratyn uly otagly jaý ýerleşip, onyň diwarlary dürli nagyşlar, her dürli haýwanlaryň suratlary bilen bezelip reňklenipdir. Ol obanyň adamlarynyň ybadat edýän we ýygnanyşýan ýeri bolup hyzmat edipdir.

Şol zamanyň başga bir ýadygärligi häzirki Gökdepäniň gündogarynda ýerleşýän Çopandepe bolupdyr. Bu oturymly obada hem Jeýtunlylaryň jaýlary ýaly jaýlar salnypdyr. Bu iki ýadygärlik gadymy neolitik medeniýete degişli ýadygärlikler hasaplanýar. Olaryň ikisi hem Jeýtun medeniýeti adyny alýar.

B.e. öň V-IV-müňýyllyklarda Orta Aziýa ekerançylarynyň medeniýeti öz ösüşini dowam edýär, adamlar

GADYMY EÝRAN




misi almagy bilipdirler. Indi eneolit döwri başlanyp, adamlaryň zahmet gurallary has kämilleşýär. Adamlar geçi, goýundan başga-da iri şahly mallary, düýeleri köpeldipdirler. Ilatyň sany göz-görtele artýar, irki ekerançy taýpalar kem-kemden gündogar tarapa süýşüp, kiçi bolmadyk Tejen (Gerirud) derýasynyň aşaky akymlarynda ornaşyp, ol ýerleri özleşdiripdirler. Netijede, bu ýerlerde ilat oturymlylyga geçip köp sanly obalary emele getiripdirler. Günorta Köpetdag

eteklerinde ýaşan käbir taýpalar bolsa, Murgap derýasynyň aşaky sebitlerine baryp ýetipdirler. Adamlar ekin meýdanlaryny suwarmak üçin uly bolmadyk kanallary, gapdal ýaplary geçiripdirler. Şeýlelik bilen, bu sebitlerde suwarymly ekerançylygyň başy başlanypdyr.

Jeýtun medenýetiniň ösüşiniň dowamy hökmünde Änew medeniýeti ýüze çykýar, misden dürli gurallary ýasamak başlanýar. Bu döwürde Orta Aziýanyň günortasy irki ekerançylyk medeniýetiniň gülläp ösen döwri bolupdyr. Uly bolmadyk oturymly ýerler bilen birlikde 1000-den 2000-e çenli ýaşaýjysy bolan Garadepe, Göksüýri ýaly merkezler hem ýüze çykýar.

Küýzegärçilik ösýär. Küýze gaplarynyň daşy nepis nagyşlar we haýwanaryň şekilleri bilen bezelip, olara iki görnüşde reňk berilipdir. Hasyl hudaýy ,,Beýik enäniň" keşbi, nepis ýasalan aýal heýkeljikleri giňden ýaýraýar. Örän gelşikli çekilen şekiller amaly haşam sungatynyň ösendiginden habar berýär. Ilat durmuşy gatlaklara bölünip ugraýar. Onuň şeýle bolandygy üsti açylan mazarlar hem subut edýärler. Käbir mazarlarda birki sany gap bar bolsa, aýry-aýry merhumlaryň guburlarynda 10-15 sany küýze bilen köp sanly pöwrüze daşyndan ýasalan monjuklar, lazirutdan, kümüşden, altyndan we beýleki gymmat baha daşlardan ýasalan bezegleriň goýulmagy, durmyşy deňsizligiň ýüze çykýandygyna şaýatlyk edýär. Orta Aziýa taýpalarynyň medeniýetinde Merkezi Eýran, Elam we Şumerleriň ösen medeniýeti bilen meňzeşligiň barlygy, bu halklaryň özara baglanyşygynyň bolandygyny görkezýär.

Bu haýal hem bolsa gyşarnyksyz öňe gidişlik Orta Aziýanyň günortasynda ilkinji şäherleriň döremegine we irki şäher siwilizasiýasynyň ýüze çykmagyna alyp barypdyr. Suwarymly ekarançylygyň ýokary öndürijiligi, metal gurallaryň köpelmegi, düýeleriň eldekileşdirilmegi we dört tekerli düýe

tirkelýan arabalaryň oýlanyp tapylmagy ilatyň ýaşamak üçin amatly ýerlere jemlenmekligine müňkinçilik berýar. B.e.öň III müňýyllygyň başlarynda Orta Aziýada iň irki şaherler Türkmenistanyň günorta sebitlerinde ýerleşen Altyndepe, Namazgadepe, Ulugdepe ýaly merkezler döreýär. Olaryň ilaty 5 müňden 10 müňe çenli ýetipdir. Bu iri merkezler hünärmentçilik önümçiligiň hem jemlenen ýerleri bolupdyr. B.e.öň III müňýyllykda Orta Aziýanyň günortsynda bürünçden ýasalan gurallar ýaýrap başalapdyr. Ondan örän berk naýza uçlary, gylyç-gamalar, teşeler, oraklar ýasalypdyr. Ýaraglary kümüş bilen bezemek giňden ýaýrapdyr. Küýze gaplar kulal çarhlarynda ýasalyp, ýörite kürelerde bişirlipdir.

Şeýlelik bilen, iri oturymly ýerlerde hünärmentçlik oba hojalygyndan bölünip aýrylyp başlaýar. Olar indi uly oba bolanlygyndan hakyky şäherlere öwrülýär.

**Altyndepe siwilizasiýasy.** B.e.öň. III müňýyllygyň ikinji ýarymynda Orta Aziýanyň günortasynda, Türkmenistanyň ýerinde ilkinji döwletler ýüze çykýar. Ol döwüriň taryhyny arheologlar has oňat öwrenilen ýadygärligiň ady bilen baglanşdyryp Altyndepe siwilizasiýasy diýip atlandyrýarlar. Altyndepe häzirki Altyn asyr etrabynyň Mäne obasynyň ýanynda ýerleşipdir. Altyndepede ilatyň aglaba köpüsi uzyn boýly, syratly adamlar bolupdyr. Erkek damlarynyň boýunyň uzynlygy ortaça 180-185 sm, aýal adamlaryň boýy 170 sm töweregi bolupdyr. Altyndepäniň iň gülläp ösen döwründe 5000-e golaý ilaty bolupdyr.

Bar bolan maglumatlar ilatyň durmuşy gatlaklara bölünendigine şaýatlyk edýär. Altyndepede ilat durmuş derejesi, ýaşaýyş jaýlary, hat-da iýip-içýän iýmitleri boýunça tapawutlanýan gatlaklara bölünipdir. Birinji topar biri-birine seplenip salynan köp otagly jaýlarda ýaşapdyr. Otaglaryň her birinde bir maşgala ýaşapdyr. Olar merhumlaryny-da köpçülikleýin jaýlanylýan umumy guburda jaýlapdyrlar. Merhumlaryň ýanynda goýulan zatlar 1-2 küýze gapdan ybarat

bolupdyr. Ilatyň bu gatlagynyň iýmitiniň köp bölegi ýabany haýwanlaryň eti bolupdyr. Olar Altyndepäniň ilatynyň esasy köpçüligini düzýän ekerançylyk, hünärmentçilik bilen meşgullanýan ýönekeý garamaýak adamlar bolupdyr. Ilatyň ikinji gatlagyny gurply adamlar-begler düzüpdir, olar ýaşaýyş şertleri boýunça garamaýaklardan mazaly tapawutlanypdyrlar. Olar özbaşdak maşgala niýetlenip gurlan birnäçe otagdan ybarat aýratyn jaýlarda ýaşapdyrlar. Hojalygy özbaşdak ýöredipdirler. Olaryň guburlarynda köp sanly bezeg şaýlary, bürünçden möhürler, heýkeljikler, ýüzükler goýlupdyr. Bu gatlagyň ýaşan jaýlarynda ýabany haýwanlaryň süňkleri duş gelmändir.



Altyndepe. Altyndan ýasalan öküz kellesi

Altyndepäniň ilatynyň üçünji toparyny hökümdarlar we ruhanylar düzüpdir. Ilatyň ýaşaýyş durmuşyndaky tapawudy bu gatlagyň mysalynda has aýdyň görmek bolýar. Olar 80-100 kw.m. ýeri tutýan dogry biçüwde gurlan uly jaýlarda ýaşapdyrlar. Guburhanalarynda bolsa köpsanly monjuklar we beýleki bezegler bilen bir hatarda, altyndan hem kümüşden ýasalan gymmatbaha zatlar goýlupdyr. Ruhanylaryň guburhanalarynyň birinden altyndan ýasalan öküziň kellesi tapyldy. Kelläniň maýýnda pöwrüze daşy goýlup, onuň göreji şekillendirilipdir we janly ýaly görkezilipdir. Geň zady şäheriň asylzada adamlarynyň boýlary şäher ilatynyň adamlarynyň boýundan ýokary bolupdyr, bu alamatlar hem beg adamlaryň üpjün, dok ýaşandyklaryndan habar berýär. Has iri baý hojalyklarda gul zähmeti ulanylan bolmagy mümkin diýilip çaklanylýar. Olaryň mazarlarynda hiç hili baýlyk goýulmandyr, olaryň merhumlary baý adamlaryň mazarynyň gapdalynda

ýerlenipdir. Şeýlelik bilen, obanyň erkin zähmetkeş ilaty, deňsizlige esaslanan durmuş ulgamy bilen ýaşapdyr.

Şäherleriň ýüze çykmagy we irki synpy jemgyýetiň emele gelmegi, jemgyýetiň çalt öňe gitmegine ýardam edipdir. Hünärmentçiligiň ösmegi medeniýetiň we ylmy bilimleriň toplanmagyna getiripdir. Seýle öňe gidişlige Altyndepeden tapylan köp sanly kämil hünärmentçilik önümleri we nepis sungat eserleri (bürünçden we kümüşden möhürler, daşdan küýzeler, bürünç we beýlekiler) şaýatlyk edýär

Marguş. Dünýä medeniýetiniň bäşinji merkezi
Altyndepe siwilizasiýasy




Altyndepede ymaratçylyk uly ösüşe eýe bolýar. Oňa üsti açylan köşk ymaratlar toplumy şaýatlyk edýär. Toplumyň esasy bölegini beýikligi 12 metr, taraplarynyň uzynlygy 28 metr bolan 4 basgançakly minara tutýar. (zikkurat diýip

atlandyrylýan basgançakly minaralar şol döwürde Derýaaralygynda giňden ýaýrapdyr). Onuň golaýynda baş ruhanyň jaýy, köp sanly ammarlar we ruhanylaryň guburlary ýerleşipdir. Ymaratlar toplumy Aý hudaýyna bagyşlanyp,
köplenç Derýaaralygynyň rowaýatlarynda berilýän asmandaky ot öküziň obrazy görnüşinde şekillendirilipdir. Altyndepäniň gurluşyk binalarynyň hemmesi gönüburç, birmeňzeş çig kerpiçden salnypdyr, jaýlaryň diwarlary
we düşegi suwalypdyr. Şäheriň jemgyýetçilik we ýaşaýyş jaýlary hem çig kerpiçden salnypdyr. Altyndepäniň goranyş diwary we derwezeleri bolupdyr. Derwezäniň umumy giňligi 15 metre golaý bolupdyr.

Altyndepedäki dini ymaratlar toplumy diňe aňyýet merkezi bolman, eýsem ätýaçlyk üçin azyk saklanylýan merkez bolupdyr. Onda pasyllaryň çalyşýan pursatyny, meýdan işleriniň wagtyny kesgitlemek üçin asman jisimleriniň hereketine gözegçilik edilýän, şeýle-de şähere ýolbaşçylyk edilýän merkez hökmünde bolupdyr diýip çaklamak bolar.

Altyndepede geçirilen gazuw-barlag işleriniň dowamynda dürli zatlaryň ýüzünde gadymy Elam we gadymy Şumer piktografiýa hatyna meňzeş bellikleriň 100-den gowragynyň üşti açyldy. Altyndepäniň ilaty dünýäniň şol wagtky medeni dünýäsinden çetde ýerleşip, ýokary derejedäki ösen goňşy ýurtlar bilen ýakyndan aragatnaşyk saklapdyr. Olar Derýaaralygyndaky we Hindistandaky özi bilen döwürdeş siwilizasiýalar bilen ýygjam aragatnaşyk saklapdyr. Yzygiderli gatnaşyklar Hind derýasynyň jülgeleri bilen alnyp barylypdyr, ol ýerlerden pil süňkinden we metaldan ýasalan önümler getirilipdir. Altyndepeden Harappa hatynyň belliklerine juda meňzeş bellikleri bolan möhür hem tapylýar. Şumerden faýans, Hindistandan şirmaýydan ýasalan önümler getirilipdir. Altyndepäniň binagärçiliginde we heýkeltaraşlygynda şumerleriň täsiri has aýdyň görünýär. Öz gezeginde Altyndepe Orta Aziýanyň demirgazygyndaky çarwa taýpalara öz medeni

täsirini ýetiripdir, olar bilen söwda gatnaşygyny alyp barypdyr. Altyndepeden tapylan arheologyky ýadygärlikler bu ýerde öz döwründe gülläp ösen şäher döwletiniň bolandygyna düwä geçýär.

B.e.öň 2000 ýyllygyň ortalarynda Altyndepe siwilizasiýasy pese düsýär we ýykylýar. Onuň sebäbi entek doly anyklanylanok. Tebigy geografiki şertleriň üýtgemegi, hususanda topragyň şorlamagy, arryklamagy esasy sebäpleriň biri bolupdyr diýilip çaklanylýar. Nähili bolsa-da, siwilizasiýanyň täze ojaklary Murgap derýasynyň aşaky akymynda we Amyderýanyň orta akymlarynda, häzirki Owganystanyň demirgazygynda, Özbegistanyň günorta ýerlerinde ekerançylaryň täze oazisleri emele gelýär. Ylaýta-da Murgabyň aşaky akymynda jemgyýetiň ösüşi çalt depginlere eýe bolýar. Küýzegärçilik we bürünç işläp bejermek gülläp ösýär. Bu gadymy merkezlerde ýüzüne ýolbarsyň, öküziň, gaplaňyň we ýyrtyjy haýwanlary ýeňýän rowaýaty gahrymanlaryň şekilleri nepislik bilen çekilen möhürleri ýasamak giň ýaýrapdyr. Tapyndylaryň käbirleri Derýaaralygy we Elam bilen güýçli derejede aragatnaşygyň alnyp barylandygyndan habar berýär. Ekerançylar tarapyndan Murgabyň we Amyderýanyň orta akymlarynyň jülgeleriniň uly möçberde özleşdirilmegi, bu sebitde täze medeniýet ojaklarynyň emele gelmegine getirýär. B. e. öň I müňýyllykda bu ýerler Margiana we Baktriýa dilip atlandyrylyp başlanypdyr.

## Marguşyň kartasy




B.e.öň II ýyllygyň ikinji ýarymynda Murgap derýasynyň aşak akymynda siwilizasiýanyň täze merkezi ýüze çykýar. Oňa ylymda “Marguş” siwilizasiýasy diýilýär.

**Marguş siwilizasiýasy.** Türkmenistanyň häzirki Mary hem Baýramaly şäherleriniň demirgazygynda, günorta-gündogar Garagumuň ýarym çöllük zolagynda, gadymy grek ýazarlarynyň aýtmagyna görä Margiana ýa-da gadymy pars ýazgylarynda Marguş diýlip atlandyrylýan gadymy ýurt ýerleşipdir. Otparazlaryň mukaddes kitaby bolan “Awestada” bu ýurda “Mouru” diýlip atlandyrylypdyr. Bu ýerde dünýä belli alymlaryň biri Wiktor Iwanowiç Sarianidi 1972-nji ýyldan başlap birnäçe gazuw-agtaryş işlerini yzygiderli geçirip gelýär. Netijede 2006-njy ýylyň noýabr aýynyň 14-16-syna Aşgabatda we Maryda “Gadymy Margiana dünýä siwilizasiýasynyň täze merkezidir” atly Halkara ylmy maslahat geçirilýär. Geçirilen

maslahatda gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde tapylan maglumatlar esasynda, türkmen-rus we Günbatar ýurtlarynyň alymlary Mesopotamiýa, Müsür, Hindistan we Çyn-Maçyn bilen bir hatarda Margianany gadymy gündogar medeniýetiniň bäşinji ojagy diýip ykrar etmekleri, häzirki döwrüň iň uly taryhy açyşlarynyň biri hasap edilýär. Margianadan alnan bürünç döwrüniň gymmatly tapyndylary Türkmenistanyň Milli muzeýine tabşyryldy. B. e. öňki V – IV müňýyllyklarda Murgap deryasynyň aýagujynda uly ekerançylyk üçin amatly düzlük ýerleşipdir. Emma günorta-gündogar Türkmenistanyň dag etek zolagyndan-Göksüýriden gelen taýpalaryň, b. e. öňki IV müňýyllykda ol ýerleri özleşdirmek üçin eden synanşyklary şowsuz bolupdyr. Murgap derýasynyň gollarynyň demirgazygynda ýerleşen Kelleli toparynyň ýiteňkirläp barýan ýadygärlikleriň saklanyp galan ýerleri hem muňa doly şaýatlyk edýär. Göksüýriniň surat bilen bezelen küýze önümleriniň käbiri Marguşyň paýtagty Gonürdepäniň kerpiçlerinde hem gabat gelýär. Bu bolsa ol ýerlerde birmeňzeş oturymly ýerleriň bolandygyna subut edýär. Göksüýride oturymly ýerleriň taşlanyp gidilen döwri Margianany özleşdirmäge başlanan döwre gabat gelýär. Göksüýriniň ilatynyň bir topary Zerewşan (Саразм) derýasynyň jülgesinde, beýleki bir topary Murgap derýasynyň jülgesinde ornaşypdyrlar. Murgabyň gadymy akymynyň ugruna baran ilat ýerli şertlere uýgunlaşyp bilmän, ol ýerleri taşlap täze mekanyň gözlegine çykypdyrlar.

Murgabyň hasylly ýerlerine göçüp barmaklyk giçki bürünç döwrüne degişlidir. Derýanyň demirgazyk çetinde, ýagny köp zähmeti talap etmeýän tarp ýerlerde ilkinji oturymly ýaşaýyş başlanypdyr. Derýanyň joşan wagty meýdanlara suw çaýylypdyr. Bu bolsa ekinleri suwarmak üçin amatly mümkinçilik beripdir hem-de az zähmet talap edipdir. Günorta Türkmenistanyň dag etek zolagyndan baran ilat Murgabyň gadymy akymynyň ugrunda ýerleşen Kelleli toparynyň mesgenini (ýadygärliklerini) esaslandyrypdyr. Arheologlaryň

bürünç asyry döwrüne degişli günorta Türkmenistandan tapan tapyndylarynyň meňzeşligi hem muňa şaýatlyk edýär. Bu ýakynlyk diňe bir maddy, ruhy medeniýetde däl, eýsem, dini garaýyşlarda hem gabat gelýär. Köpetdagyň eteginden tapylan hasyl hudaýynyň bürünç asyryna degişli şekili bilen Marguşdan tapylan toýundan ýasalan zenan hudaýynyň heýkeliniň meňzeş bolmagy onuň şaýatnamasydyr.

Günorta Türkmenistandan baran adamlar akymyň demirgazyk bölegini özleşdirip, oturymly Goňur toparyny emele getiripdirler. Goňur kem-kemdn syýasy merkeze, Marguşyň paýtagtyna öwrülipdir. Adamlaryň zähmetsöýerligi, ekologik şertleriň gowy bolmagy ilatyň maddy, ruhy medeniýetiniň ýokary göterilmegine sebäp bolýar. Ekerançylyk üçin täze ýerler açylýar, birnäçe oturymly ýerler emele gelýär. Uly suwaryş desgalary gurulman, bentleriň, ýaplaryň kömegi arkaly adamlar bugdaýyň, arpanyň we başga-da birnäçe däneli ekinlerden köp hasyl almaklygy başarypdyrlar.

Awçylyk bilen meşgullanmak, öý haýwanlaryny saklamak, däneli we kösükli ösümlikleriň hasyllylygy ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrypdyr. Adamlar artyk gallany başga ýerlere satyp, gelýän girdejini medeni we dünýewi desgalaryň gurluşygyna sarp edipdirler. Ol ýerde birnäçe obalar döräpdir. Her obada 100-lerçe jaýlar bolupdyr. Jaýlar çig kerpiçden bolupdyr. Saman bilen garylan palçyk ýörite gaplara guýlupdyr (55×30×15 sm. ýa-da 45×20×10 sm. ölçegde) Samanly çig kerpiçler esasy gurluşyk serişdesi bolup hyzmat edipdir. Ondan diňe bir garamaýaklaryň kümeleri bina edilmän, eýsem şäheriň köşkleri we ybadathanalary hem gurlupdyr.

Kerpiçler örülen wagty berk bolmagy üşin suwuk palçykdan peýdalanylypdyr. Kähalatlarda bolsa diwaryň iki tarapy hem saman garylan palçyk bilen suwalypdyr. Şunuň ýaly suwag käwagt aýna ýaly ýylmanypdyr. Marguş ýurdunyň ähli düýpli gurluşyklary şular ýaly gurluşyk serişdelerinden bina

edilipdir. Olaryň depesi gamyş bilen basylyp, laý bilen suwalyp, ýaşaýyş otaglaryndan tüsse çykar ýaly edip ojaklar gurlupdyr. Ýaşaýyş otaglaryndan başga-da hojalyk jaýlary, aşhanalar, gündelik azyk önümlerini goýar ýaly kiçeňräk otaglar hem gurlupdyr. Howluda mal saklamak üçin ýataklar, ammar jaýlary hem bolupdyr. Şeýle jaýlarda ýakyn garyndaşlardan bolan bir maşgala ýaşap, hojalyk olaryň hemmesiniň tagallasy bilen dolandyrylypdyr.

Tutuş garyndaşlardan ybarat gurply hojalyklaryň ýanynda gorag diňleri, berk galalar hem salnypdyr. Galalaryň tomusky jaýlarynda öý eýelerinden başga-da hyzmatkärleriň ýaşan bolmagy ähtimal. Kelleli oazisinda bir galada gazuw-barlag işleri geçirilende howlyda köp sanly ýaşaýyş hem hojalyk jaýlarynyň bardygy anyklanyldy. Emma garyplaryň jaýlarynyň töwereginde gorag berkitmeleri bolmandyr.

Obalar bilen bir hatarda Margiananyň paýtagty-Goňurdepe hem gurlupdyr. Goňurdepe iki bölekden: demirgazyk we günorta böleklerden ybarat bolupdyr. Ilki demirgazyk Goňuryň ýerinde özboluşly oba döräp, onda Orta Aziýada ýeke-täk saýylan hakyky köşk bina edilipdir. Köşgüň töwereginde onuň bilen galtaşmaýan hünärmenleriň, esasan hem küýzegärleriň hatary ýerleşipdir. Onuň gündogar tarapyndan otparazçylyk dininiň ybadathanasy köşge birleşdirilipdir. Hökümdar we onuň ýakyn adamlary köşkden çykman ybadathana içki geçelge arkaly baryp bilipdirler. Goňurdepäniň 200-250 metr günortasynda kiçeňräk ybadathanaly uly toplum bina edilip, onuň töwereginde ybadathana hyzmat edýän adamlaryň jaýlary ýerleşipdir. Goňurdepäniň günbatar tarapynda bu ýerlerik ilki göçüp gelip, şäheri esaslandyran adamlaryň gonamçylygy bolupdyr.

Taip, Togalak, Awçy, Adambasan, Ajyguýy, Tahyrbaý ýaly aýry-aýry suwarymly oazisleriň döremeginde täze obalaryň emele gelmegi ýardam edipdir. Oazisleriň her birinde onlarça

obalar bolupdyr. Ululygy boýunça tapawutlanýan oazislerde merkezi şäherçeler hem bolupdyr.

Derýanyň öňki käbir akmaýan, ýagny akymyň ýetmeýän aýaguçlarynda ýaşan ekerançylar öňki ýerleri taşlap, täze ýerleri açypdyrlar. Çünki Murgap hem Merkezi Aziýanyň beýleki derýalary ýaly günbatara süýşüpdir. Mysal üçin, häzirki wagtda ol öňki akymyndan onlarça kilometr günbatara süýşüp, Mary şäheriniň içinden akyp geçýär. Bu bolsa ekilýän ekinleriň, adamlaryň durmuşynyň üýtgemegine täsir edipdir. Şol sebäpli, Murgap derýasynyň gadymy akymynyň demirgazygynda ýerleşen Kelleli oazisi taşlanyp, onuň ilaty öňki oturymly ýerleriniň günorta-günbataryna göçüpdirler. Margianada giçki bürünç asyry döwründe, taýpalaryň her biriniň suwarymly giňişliginiň möçberinde öz-özüni dolandyrýan bileleşik emele gelipdir. Goňurdepedäki köşkde ýerleşen merkezi häkimýet olaryň üstünden agalyk edipdir.


Aždarha tumar

B. e. öňki II müňýyllygyň başynda Margiana gülläp ösen baý ýurt bolup, ol ýerde köşkler, ybadathanalar bina edilipdir. Ol köşkler oturymly obalaryň kiçeňräk hökümdarlaryňky bolupdyr. Goňuryň demirgazygynda esasy köşk ýerleşip, ol beýleki köşkleriň hemmesinden uly bolupdyr. Ol köşgi Murgabyň aşak akymyna ilki göçüp baranlar gurupdyrlar. Goňuryň demirgazygynda gurlan Erkgalanyň möçberi takmynan 120×150 metr bolupdyr we beýleki ýaşaýyş jaýlaryndan aýry ýerleşipdir. Onuň meýdany 1,5 ga golaý ýeri we berk diňli galasy bolupdyr.

Őz döwründe bu ýerlerde ýeke-täk ymarat bolan Goňurdaky köşk sazlaşykly düýbüniň tutulyşy bilen tapawutlanypdyr. Bu bolsa, ymaratçylygyň bu ýerde asyrlaryň dowamynda ösüp

gelendigini kesgitleýär. Margianada gadymy binagärçiligiň özbaşdak mekdebi bolupdyr. Onuň binýadynda Mesopotamiýa, Ortaýer deňzine çenli aralykda ýerleşen ösen merkezleriň binalary bilen käbir meňzeşlikler bar. Goňrdepäniň köşgüniň görnüşi b. e. öňki II müňýyllykda şan-şöhraty dünýä dolan Mari (Siriýa) köşgüni ýada salýar. Bu bolsa margianalylaryň matematikanyň, geometriýanyň, astronomiýanyň we beýleki ylymlaryň gazananlarynyň köpüsini özleşdiren alymlarynyň, ymaratçylarynyň bolandygyny aňladýar. Goňurdepe dolandyryş merkezi bolupdyr, onda patyşa häkimýeti jemlenipdir. Bu zatlaryň hemmesi Margianada ýerli ilatyň durmuş-ykdysady ýagdaýynyň ýokary derejede bolandygyny görkezýär.

B. e. öňki II müňýyllykda Margiana ýokary derejede ösen, başynda patyşa oturan döwlet bolupdyr. Şol döwürde ol ýerde garaşly ilatdan daşgary gullaryň bolan bolmagy-da ähtimal. Margianadaky ägirt uly ybadathanalar gadymy marguşlylaryň dini-ündew garaýyşlarynyň hem ýokary derejede bolandygyna şaýatlyk edýär .

Şolar ýaly ybadathanalaryň biri Goňurdaky köşge ýanaşyk edilip bir wagtda gurlupdyr. Ybadathananyň merkezi bölegi içki. howludan ybarat bolup, onuň bir böleginde dini däp-dessurlary berjaý edilýän jaý, beýleki böleginde hojalyk jaýlary bolupdyr. Ot ýakylýan ojaklar, olaryň küli dökülýän ýörite kerpiçden salnan aýmançar, bu ýerde ot ybadathanasynyň bolandygyna güwä geçýär. Bu bolsa Margiananyň ymaratçylarynyň Gadymy dünýäniň ösen binagärçiliginde uly orun tutandygyny subut edýär. Ot ybadathanasynyň gurluşygy özüniň aýratynlygy bilen tapawutlanypdyr. Goňur, Togalak-1 we Togalak-21 ybadathanalarynyň gurluşygy birmeňzeş bolupdyr. Olaryň üçüsiniň-de merkezi böleginde giň howly ýerleşipdir Margiananyň gadymy hojalygynda hünärmentçilik ýokary derejede ösüpdir. Küýzegärçiligiň ösmegi bu ugur boýunça ussat adamlaryň bolandygyny görkezýär. Margianalylar Günorta Türkmenistanly

küýzegärleriň däplerini dowam etdiripdirler. Goňurdepeden 7 metrden hem uzyn bolan küýzegärlik küresiniň üsti açylýar, onuň üýtgeşik tarapy iki sany ot ýakylýan ojagynyň bolmagydyr. Bu ojak köp mukdarda odun salmaga beýleki kürelerden artyk önüm öndürmäge mümkinçilik beripdir. Marginanyň küýze gap-gaçlary golaý hem uzak ýerlere ýaýrapdyr. Munuň şeýledigine Horezm we Gazagystan çarwalarynyň arasyna adaty gap-gaçlaryň ýaýramagy hem görkezýär.



Ženan keşbindäki kümüşden ýasalan möhür. Marguş

Şeýlelikde, Marginanyň küýzegärleriniň at-abraýy bütin Orta Aziýanyň dürli ýerlerine ýaýrapdyr. Margianadaky küýze önümleriniň ähilisi ýokary hilli bolupdyr. Küýze önümlerine köp nagyşlar salnypdyr. Önümleriň gyralarynda egrem-bugram ýa-da tolkun şekilli ýönekeý nagyşlar çekilipdir, emma olar örän seýrek duş gelýär. Hojalykda ulanylýan gap-gaçlar Günorta Türkmenistanly küýzegärleriň dowamy bolupdyr. Olar önümleriň daşky görnüşlerini üýtgetmäge çalyşman, eýsem täze görnüşli önümleri oýlap tapmaga çalyşypdyrlar.

Margianaly küýzegärler gap-gaçlardan başga-da guş, adam, haýwan görnüşli toýun heýkeljiklerini ýasapdyrlar. Esasan hem aýal (seýrek halatda- erkek kişiler) heýkeljiklerini ýasapdyrlar. Bu heýkeller erkek hem aýal hudaýlaryny alamatlandyrypdyr. Heýkeltaraşlykda Günorta Türkmenistanyň däbi dowam etdirilipdir. Daş känleriniň golaý-goltumda bolmanlygyna garamazdan, Margianada daşdan ýasalan önümler ýokary derejede bolupdyr.

. Olar mermer daşlarynyň dürli görnüşleri, steatit ýaly ýonmasy aňsat bolan daşlaryň köpüsini kerwen ýollary arkaly Köpetdagdan getiripdirler. Daş ýonujylar olardan dürli gap-

gaçlary ýasapdyrlar. Olary geometrik şekiller, güller, ösümlikleriň şekilleri bilen bezäpdirler. Şumer lybasly aýal heýkelleri tapylyp, olar garamtyl reňkli steatit daşyndan ýasalypdyr, olaryň elleri we kelleleri aýartyn ak mermerden ýasalyp göwresine berkidilipdir.

Steatit daşyny ýonmak amatly bolansoň, ony möhürleri, tumarlary ýasamak üçin hem peýdalanypdyrlar. Margianada möhürleriň we tumarlaryň daşyna dürli şekilleri çekmegi başarýan ussat möhürçiler ýaşapdyrlar. Ak mermere meňzeş daşdan uzyn dikeçli güldanlar we beýleki gaplar hem ýasalypdyr. Gara daşdan uzynlygy 1 metrden geçýän, ýokarsyna tommaý oturdylan naýza hem ýasapdyrlar.





Goňurdaky ybadathana toplumy Ýyladyjy ojak. Marguş

B.e.öň II müňýyllygy ortalary

Tommaý eýesiniň belent derejeli adamdygynyaňladypdyr. Has täsin gymmat bahaly daşlar-gök lazurit Owganystandan (Badahşan), ýaşyl pöwrize daşy goňşy Eýrandan (Nişapur), açyk gyzyl reňkli hakyk daşy bolsa Hindistandan getirilipdir

Margianalylar metal önümçiliginde mis we bürünç ulanypdyrlar. B. e. öňki II müňýyllygyň ahyrlarynda demirden ýasalan ilkinji önümler peýda bolup başlaýar. Margianaly metal guýujylardyr ussalar gaty bürünçden biz, deşewaç, palta, kätmen, isgene, päki, diş-diş tygly orak, gap-gaç (şol sanda giňligi 0,5 metre ýetýän gazan), pyçak, hanjar, naýzadyr peýkamlar üçin metaldan uç, zähmet gurallaryny hem-de beýleki hojalyk üçin gerekli önümleri ýasapdyrlar. Hojalykda

ulanylýan adaty paltalardan başga-da däp-dessurlary berjaý edilende göterilýän tygy kütek, çüwdesi horazyň guýrugy görnüşindäki paltalary hem ýasapdyrlar. Beýle paltalary atly-abraýly, derejeli adamlar göteripdirler. Şeýle görnüşli paltalar baý adamlaryň mazarlaryndan tapyldy.

Ýumşak misden monjuk, iňňebagjyk, bilezik, ýüzük, gulakhalka, möhür, seýrek ýagdaýda tumar ýasamak üçin peýdalanypdyrlar.

Goňurdaky köşkde gazuw-agtaryş işleri geçirilende, bürünçden hem misden ýasalan dürli önümler tapyldy. Altyn we kümüş şaý-sepleriniň ussatlyk bilen ýasalmagy, zergärleriň gizlin syrlary ele alandyklaryna güwa geçýär. Goňurdaky barlanan mazarlardan hem altyndan ýasalan ýüzükler, bilezikler, gulakhalkalar we egmeler tapyldy. Bu bolsa ýerli han-begleriň maşgalalarynyň altyndan ýasalan zatlary ulanandyklaryny görkezýär. Muňa mazarlaryň birinden tapylan haýwan görnüşli altyn gaby mysal getirmek bolar.

Tapyndylaryň arasynda kümüş möhüriň ýüzünde tagtda oturan zenanyň şekili görkezilipdir. Şumerleriň lybasyna çolanan tommaýly ajaýyp innebagjyk, misden, bürünçden ýasalan möhürler häkimiýetiň we şahsy eýeçiligiň nyşanlary bolupdyr. Käbir möhürleriň edil orta arasynda ganatlaryny giňden ýaýyp, başyny bir tarapa öwrüp duran tugra şekilindäki bürgütler çekilipdir. Bu tapyndylar ýerli zergärçilik sungatynyň belent derejä ýetendigini gürrüňsiz subut edýärler. Bu tapyndylara Margiananyň zergärçilik sungatynyň naýbaşy nusgalary diýip hasaplamak bolar. Margianadaky daşyň ýüzüni haşamlamak we möhür ýasamak
sungaty Gadymy Gündogarda möhüm hadysa bolupdyr. Ony möhürleriň, tumarlaryň tapyndylary hem subut edýär. Daşdan, köplenç steatitden ýaslan tumarlar tegelek, gönüburçly ýa-da inedördül şekilde bolup, olar sapaga düzülip boýunlaryndan asypdyrlar. Olaryň hemmesiniň iki tarapynda hem haç ýa-da haç görnüşde ýönekeý şekiller bolupdyr. Käbirleriniň ýüzüne

hakyky ýa-da hyýaly guşlaryň, haýwanlaryň, adamlaryň, ýylanlaryň, içýanlaryň, ösümlikleriň suratlary haşamlanyp çekilipdir. Margiananyň tumarlarynda aýratyn saklanyp galan şekilleriň biri hem rowaýat äheňli köp duş gelýän aždarhalaryň şekilidir. Bu şekiller adamlaryň ýylany özleriniň penakäri hasaplandyklaryny görkezýär.



Iňňebagjyklar. Altyn güberçekli düýe we Kümüşden ýasalan jereniň we ýolbarsyň heýkelleri. Göňurdepe

Margianadan tapylan tumarlaryň beýan edýän ahwalatlary güýçli aždarhalar, ýiti dişli, agyzlary giňden açyk, gözleri peträp duran görnüşinde, olara garşy durýan hoşhiýetli güýçler bolsa, parahat haýwanlaryň, süýrenijileriň we beýleki jandarlaryň görnüşinde şekillendirilipdir. Ol şekilleri bir-birine gapma-garşy goýmak bilen Margiana ussalary-zergärleri haýyr bilen şeriň göreşini aňladypdyrlar. Olar dünýäde hoşniýetli güýçler bilen birlikde elhenç güýçleriň hem bardygyny görkezip bilipdirler.

Oba hojalyk işleriniň esasy görnüşi suwarymly ekerançylyk bolupdyr. Ekerançylar ekin ekiljek ýerlere derýa gollaryndan ýap çekip, ýerleri suwarypdyrlar. Agaç kündä goşulan öküz bilen ýer sürüpdirler, hasyly diş-diş orak bilen orupdyrlar. Olar esasan, däneli ekinleri - arpa, bugdaý, nohut we kösükli ösümlikleri ekipdiler. Jaýlaryň töwereginde bolsa garaly, erik, üzüm ýaly miweli baglary ekipdirler.

Iri hem gara mallary, esasan-da doňuzlary agylda, ýerdölede saklanandygyna şaýatlyk edýän süňkler köp duş

gelýär. Ulag hökmünde düýeleri, eşekleri araba goşup ulanypdyrlar. Hojalykda öý ördegini hem saklapdyrlar. Ýekegapan, tilki, towşan, keýik we suwda ýüzýän guşlary awlap azyk önümleriniň üstüni ýetiripdirler. Olar Murgapdan häzirki çeňňeklere meňzeş bolan bürünç çeňňekleri bilen balyk tutupdyrlar.

Hojalyklarda bürünç paltalar, isgeneler giňden ulanylypdyr. Geýimlerini köplenç ýüň sapaklar bilen tikipdirler. Gaýyşdan tikilen köwüşleri häzirki çepeklere çalymdaş bolupdyr. Naýzadyr peýkamlaryň bürünçden ýasalan uçlary gabat gelýän hem bolsa, olaryň köpüsi heniz hem dagdan getirilýän çakmakdaşdan ýasalypdyr.

Marguşlylaryň adam jaýlayyş däpleri belli bir kada eýe bolmandyr, olaryň birnäçe görnüşi bolupdyr. Köplenç halatda merhumlary gapdallaýyn yatyryp, elleri, aýaklary epilen, kelleleri demirgazyga goýlan görnüşinde jaýlapdyrlar. Baý adamlary üsti güberçekli kerpiçden salnan gönüburçly guburlarda jaýlapdyrlar.

Çagalary hem adaty mazarlarda jaýlapdyrlar. Käbir çaga jesetleri ullakan gaplara (gutulara) salnyp jaýlanypdyr. Merhumy jaýlamagyň şeýle görnüşi Günorta Türkmenistanda has irki döwürlerden bäri bolupdyr.

Edil Goňurdepedäki ýaly ýaşalýan çetdäki ýerlerdäki gonamçylyklarda, merhumy dikligine gazylan çukurda, mazaryň günbatar tarapyndan düýpden içki öý gazyp, merhumyň arkasyny bolsa girelgä tarap goýup jaýlanan guburlar hem bolupdyr. Merhumlary obanyň golaýynda jaýlapdyrlar. Olaryň ýanynda gap-gaçlary, şahsy şaý-sepleri, iýer-içer ýaly zatlary goýupdyrlar. Goňruň gonamçylygynda arheologlar kerpiçden ýasalan guburlarda (kameralarda) adamyň ýanynda haýwanlaryň hem jaýlanan pursatlaryna duş gelipdirler. Goňurdepe gonamçylygynyň günorta tarapynda täsin mazaryň üstünden baryldy. Adamlaryň jaýlanan gadymy mazarlarynyň arasynda taýçanagyň mazary tapyldy. Ol häzirki

gatlakdan bir metrden sähel gowrak çuňlukda, edil adamlaryň jaýlanylyşy ýaly sag egnine ýatyrylyp, başujy demirgazyga tarap gönükdirilip jaýlanypdyr. Taýçanagyň gubury bütin Ýakyn we Gündogar ulgamynda iň gadymy guburdyr. Bu bolsa häzirki arheologiýa ylmynda örän täsin açyşdyr. Otparazlaryň mukaddes “Awesta” kitaby patyşalara we gahrymanlara gurban edilýän malyň içinde atyň bardygyna şaýatlyk edýär. Bu ýagdaý Goňurdepedäki patyşa guburlaryna-da doly degişlidir. Bu hadysa Türkmenistanda aty eldekileşdirmegiň örän irki döwürlere degişlidigine güwä geçýär. Emma şeýle guburlaryň daşynda guzynyň jaýlanmagy, goýunlaryň jaýlanyşy dünýä taryhynda ilkinji gezek gabat gelinýär.

Gizlin ýerden tapylan 24 sany gap-gajyň 5-si mis we bürünçden, 17-si kümüşden, 2 sanysy bolsa altyndan ýasalypdyr. Olaryň içinde iki örküçli düýäniň üstünde oturan baktriýalylaryň dabaraly ýörişini şekillendirýän kiçi bolmadyk kümüş bulgur has-da tapawutlanýar. Ol örän ussatlyk bilen şekillendirilipdir, ony gadymy döwrüň sungat mekdebiniň genji-hazynalarynyň hataryna goşmak bolar. Bu bulguryň we beýleki kümüş gap-gaçlaryň düýbüniň merkezinde ýönekeý bezeg bolupdyr. Olaryň ählisinde gapdal duran iki örküçli düýäniň keşbi, kähalatlarda bolsa ýaý şekilli üçburçlyk edilip ýasalypdyr, ony alymlar şu gaby ýasan haýsydyr bir zergäriň tagmasy hasaplaýarlar. Beýleki tarapdan, Awestanyň ýazgylaryndan çen tutsaň, düýe maly irki otparazlar üçin iň mukaddes haýwanlaryň biri bolupdyr. Onuň Zaratuştra pygamberiň adynyň düzümine girmegi ýöne ýerden däldir.

**Hindi-eýran taýpalarynyň ýaýramagy.** B. e. öň II-I müňýyllygyň sepgidinde Orta Aziýada özboluşly syýasy ýagdaý emele gelýär. B. e. öň II müňýyllygyň ikinji ýarymynda Baktriýanyň we Margiananyň iri oturymly oazislarynda synpy jemgyýet we döwletler emele gelýär. Bir tarapdan Marguş siwilizasiýasy öz ösüşini dowam etdirýär, Baktriýada, günorta hem günbatar Türkmenistanyň ýerlerinde siwilizasiýalar

kemala gelýär. Ikinji tarapdan Kaspi deňziniň Gündogar kenaryndan başlap, Týanşan daglaryna çenli ýaýylyp ýatan giň düzliklere demirgazykdan gelen maldar sähra taýpalary ýaýraýarlar. Olar esasan iri şahly mallary köpeldipdirler, atlary münmek üçin ulanypdyrlar. Bu taýpalaryň medeniýeti käbir alamatlara görä, Powložanyň we Günbatar Gazagystanyň ýerlerinde ýaşaýan sähra taýpalarynyň medeniýetine ýakyn bolupdyr. Onuň şeýledigini, diňe şu ýerlerde ýaşan taýpalaryň kem-kemden Günbatara süýşendikleri bilen düşündirse bolar.

Şeýle özboluşly ýagdaýda b. e. öň I müňyyllygyň birinji çärýeginde demirgazykly sähra taýpalary bilen, günortadaky oturymly ekerançylaryň özara hereketleriniň netijesinde, synpy jemgyýetiň ösmegi we döwletleriň emele gelmegi dowam edýär. Netijede, Orta Aziýanyň we Gazagystanyň sähra sebitlerinde ilatyň durmuşy toparlara bölünmegi we iri syýasy birleşmeleriň emele gelmegi bolup geçýär. Irki çarwa jemgyýetleriniň döremegi gadymy dünýä taryhynyň möhüm wakasy bolupdyr. Çünki ol gadymy Guňdogaryň siwilizasiýalarynyň çet gyralarynda ýaşaýan sähra sebitlerindäki ilatyň durmuş ýagdaýlarynyň düýpli özgermegine alyp barypdyr.

**Orta Aziýanyň çarwa taýpalary.** Ulag hökmünde atlaryň giňden ulanmagy, özara gatnaşyklary çaltlaşdyrýar. Ýaraglanan atlylar harby işde täze zarba urujy güýje öwrülýär. Atly goşuna daýanýan serkerdeler sähra giňişlikleriniň kuwwatly hökümdarlaryna öwrülýärler. Merhum hökümdarlary jaýlamak üçin gurulan ägirt uly guburhana desgalary (uly depeler) oňa şaýatlyk edýär. Şeýle guburhanalaryň birnäçesi Syrderýanyň aşaky akymlarynda gabat gelýär. Jemgyýetçlik gurluşyndaky täze gatnaşyklar sähranyň maldar taýpalaryny birleşdirse-de, olar örän dürli toparlardan düzülipdir. Has giçki çeşmeleriň maglumatlarynda olaryň esasy köplügini sak taýpalary düzüpdirler diýilip maglumat berilýär. Hakykatdan-da sak urşujylary merhum bolanda aty, ýaragy bilen

jaýlanypdyr. Şeýle esgerleriň guburlary Orta Aziýanyň dürli sebitlerinde gabat gelýär. Olaryň ýene bir uly topary massagetler bolupdyr. B.e. öň. I müňýyllygyň birinji ýarymynda olar Türkmenistanyň sähra we çöllük sebitlerinde maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Olaryň oturym ýerleriniň galyndylary we köp sanly gonamçylyklary Lebap welaýatynyň ýerlerinden başlap gadymy Uzboýuň ugurlarynda, tä Kaspi deňzine çenli giňşliklerde gabat gelýär.

B. e. öň X-VII asyrlarda Orta Aziýanynyň günortasynda demirden ýasalan gurallar ýüze çykýar. Demir paltalaryň, orakdyr pilleriň ýüze çykmagy suwarymly ekerançylygyň mundan beýläk hem ýokary galmagyna goltgy beripdir. Netijede, b. e. öň X-VII asyrlarda Kaspi kenarynyň Günorta Gündogarynda we Murgap derýasynyň şahalarynda giň ýerleri suwarmak maksady bilen, uly derýalaryň suwyny peýdalanmak üçin çylşyrymly suw ulgamy ýüze çykýar. Bu daglardan akýan kiçijik derýajyklary peýdalanýan ekerançylygyň ýönekeý görnüşi bolman, eýsem ýokary derejede guramaçylykly alnyp barylýan hojalyk bolupdyr. Uly kanallar aýratyn oazislary suw bilen üpjün edipdir, olardan alynýan suwlar ene ýaplar boýunça akdyrylypdyr. Oazislaryň merkezlerinde has iri oturymly ilat ýaşap, olaryň daşy galalar bilen gurşalyp, ortasynda hökümdarlaryň kaşaň köşkleri ýerleşipdir.

B. e. öň X-VII asyrlarda Orta Aziýada ýüze çykan jemgyýetçilik gatnaşyklary arheologiýa maglamatlary bilen birlikde, gadymy zoroastrizm dininiň ýadygärligi bolan “Awesta” kitabynyň maglumatlary has aýdyň häsiýetlendirýär.

“Awestada” jemgyýetiň gatlaklara –ruhanylara, dört tekerli arabalardaky esgerler, daýhanlar bilen maldarlar we senetçiler ýatlanylýar. “Awestanyň” maglumatlarynda durmuşy deňsizligiň bolandygyny hem görmek bolýar. Iri mal sürülerine, uly möçberde salnan jaýlara eýelik edýän emeldarlaryň ygtýarynda köp sanly hojalyklar bolupdyr, şol hojalyklarda erkin adamlar bilen birlikde gullar hem işledilipdir, emma

gulçylyk bu döwürde patriarhal häsiýetde bolup, öýde işledilipdir.

**Zoroastrizm dininiň ýüze çykmagy we ýaýramagy.** Zoroastrizm dinini esaslandyran Zaratuştra pygamber (günbatar edebiýatynda Zoroastr) takmynan b.e.önki VII asyrda ýaşapdyr. Zaratuştra sözi "düýekeş" diýen manyny aňladýar. Onuň kakasyna Puruşaspa "Ala ýabylaryň eýesi", ejesine Dugdawa "sygyr sagymçysy" diýipdirler. Zaratuştra tarapyndan wagyz edilýän täze taglymat kem-kemden ýaýrap başlapdyr. Esasan hem welaýat hökümdary Wiştaspy tarapyndan penakärlik edilip başlanandan soň, has hem giň ýaýrap başlapdyr. Bu pygamberiň hereket edip başlan ýeri barada esasan üç sany Zoroastrizmyň esasy taglymaty onuň keramatly kitaby bolan "Awestada" berilýar. Awestada ýagşylygyň aňlatmasy ýagşylyk hudaýy Ahuramazda (Ormuzd), ýamanlygyňky bolsa Anhra-Manýu (Ariman) diýilip atlary tutulýar. Olar uruşda mydama özara göreş alyp barýarlar. Adam olaryň göreşinden çetde durmaly däl. Ol hakykatyň hem ýagşylygyň tarapynda durup, işjen göreşmeli we sogap gazanmaly diýilýär. Onda ýagşy söz, ýagşy niýet, ýagşy işler bilen adam Ahuramazdanyň ýeňişine-ýagtylygyň garaňkylykdan, ýagşylygyň yamanlykdan üstün çykmagyna ýardam etmeli diýilip düsündirilýär.

Wagtyň geçmegi bilen zoroastrizme irki urug taýpaçylyk döwrunde sežde edilen tebigat güýçleri bilen baglanyşykly hudaýlar hem girizilipdir. Olardan urşujylaryň medetkäri, mal sürüleriniň piri Gün hudaýy Mitra, hasyl hudaýy, hudaý aýal Anahite zežde etmek giň ýaýrapdyr. Zaratuştranyň wagyzlarynda parahat oturan obalary talap, mal-garalaryny sürüp äkidýän garakçylar, talaňçylar, agzalyga getirýan baş-başdak hereketler ýazgarylýar. Ol ýeke-täk hökümdara gulak asmaklyga, agzybirlige we jebislige çagyrýar.

Ahemeniler Orta Aziýany satraplyklara bölüpdir. Bisütin ýazgylarynda Parfiýa, Baktriýa, Horezm, saklar aýratyň satraplyk hökmünde görkezilýär. Olaryň başynda patyşa

neberesiniň wekilleri goýulypdyr. Ahemeniler döwründe Parfiýa welaýatynyň düzümine häzirki Türkmenistanyň günorta etraplary we Demirgazyk-Gündogar Eýranyň käbir welaýatlary giripdir. B. e. öň VI-IV asyrlarda Murgap derýasynyň jülgesinde ýerleşýän gadymy Margiana hem Ahemeniler döwletiniň düzümine giripdir. Margiananyň ösen suwaryş ulgamy ekin meýdanlaryndan we üzümdarçylykdan köp möçberde hasyl almaga mümkinçilik beripdir. Margiana oazisiniň iri şaherleriniň biri Gäwürgala bolupdyr. Gäwürgala Mary welaýatynyň Baýramaly şäheriniň golaýynda ýerleşýär. Gäwürgala paýtagt şäher bolupdyr. Onuň berk galasynyň içinde köşk, buthana düýpli ymaratlar we beýleki jemgyýetçilik binalary we şäher ilatyň jaýlary ýerleşipdir.

Ahemenilere birleşdirilen welaýatlarda Ahemeniler doly gözegçilik edipdirler. Birnäçe ýerlerde harby goşun bölümleri ýerleşdirilipdir. Olar salgyt ýygnapdyrlar. Orta Aziýanyň ilaty hem Ahemenileriň döwletine salgyt töläpdir. Harby borçlylygy ýerine ýetripdir. Satraplaryň başynda parslar goýulsa-da kiçiräk begliklerde ýerli begler dölandyrypdyrlar. Olaryň häkimligi basybalyjylara ýerli ilatdan salgyt ýygnap töleg töläpdirler. Ýerli emeldarlar bilen ahemenileriň emeldarlarynyň birleşmegi sosial garşylyklaryň güýçlenmegini tizleşdiripdir. Netijede Ahemenileriň agalygyna garşy halk köpçüliginiň birnäçe gezek gozgalaňy turupdyr.

Bularyň hemmesi aýratyn hem Kambisiň dolandyran ýyllarynda we Darinyň patyşalyk edip başlan ilkinji ýylynda ýurtda bolup geçen syýasy krizis döwründe ýüze çykypdyr. Başlan gozgalaňlar we ýerli häkimleriň özbaşdaklyga ymtylmaklary täze dörän  döwleti doly öz içine alypdyr. Gozgalaňlaryň iň ulysy b.e. öň 522-nji ýylda Margianada başlanýar. Oňa tanymal serkerde Frada ýolbaşçylyk edipdir. Onuň garşysyna uly goşun bilen Baktriýanyň satraby iberilýär. Ol uly kynçylyk bilen gozgalaňy basyp ýatyrýar. Aýgytly söweş 10-nji dekabrda bolup geçýär. Onda gozgalaňçylaryň 55

müňi heläk bolupdyr, 6,5 müň adam ýesir düşüpdir diýilip has ulaldylyp görkezilipdir. Emma oňa garamazdan bu gozgalaň köpçülikleýin halk gozgalaňynyň bolandygyny görkezýär. Şeýle gozgalaň Parfiýada hem bolup geçýär. Ony ýatyrmak üçin Dariý I Parfiýanyň satraby, öz kakasy Wiştapsy uly goşun bilen iberipdir.

Ahemenileriň gündogardaky üstünligini berkitmek üçin, Dariý I çarwalaryň üstüne ýöriş geçirip berkitmegi niýet edinýär. B. e. öň 519-njy ýylda Dariý I Orta Aziýanyň çarwa taýpalarynyň üstüne ýöriş edýär. Oňa üstünlik gazanmak başardýar. Dariý I saklaryň serdaryny ýesir alýar we olary özüne tabyn edýär, Ahemenileriň düzüminde bolan ilkinji ýyllaryndan başlap Gündogar satraplyklarda asudalyk döwri başlanýar. Şäherler köpelýär. Hünärmentçilik we obahojalygy ösýär, söwda giňelýär. Pul dolanşygy güýçlenýär. Emma Ahemenier döwletiniň kem-kemden gowşamagy bilen, Orta Aziadaky satraplyklaryň bir bölegi ondan bölünip aýrylýar. B. e. öň. IV asyryň başynda Horezm özbaşdaklygyny gazanýar, ahemenileriň agalygyny çarwa taýpalar hem ykrar etmekden ýüz dönderýär.

Orta Aziýanyň Ahemeniler döwletiniň düzümine girmegi bir tarapdan döwletiň emele geliş pursatyny bökdän bolsa, ikinji tarapdan ýurduň ykdysady ösüşi hem belli bir derejede bökdelipdir. Orta Aziýanyň Ahemeniler döwletiniň düzümine goşulmagy bilen, ýerli ilat emeldarlaryň iri mülklerinde we pars häkimleri üçin işlemeli bolupdyrlar. Bu ýagdaýlar Orta Aziýa jemgyýetiniň synpy we sosial gurluşyny kynlaşdyrypdyr we köp görnüşli edipdir. Gullar bilen birlikde bakna adamlar hem bolup, olar döwlet we hususy adamlar tarapyndan işledilipdir we ezilipdir.

Ahemenileriň basybalyşlarynyň netijeleri Baktriýanyň, Margiananyň, Sogdyň, Parfiýanyň we Horezmiň taryhy ösüşini togtadypdyr. Emma Orta Aziýanyň ahemenileriň düzüminde bolmagy, oňa ýakyn gündogaryň beýleki halklary bilen söwda,

medeni aragatnaşygynyň giňelmegine ýardam edipdir. Netijede bu gatnaşyklar ýerli medeniýetiň ösmegine we baýlaşmagyna ýardam edipdir.

## Eýran we Orta Aziýa gadymy döwürde

### §22. Gadymy Eýran

**Eýranyň tebigaty hem gadymy ilaty.** Eýranyň ýeriniň esasy bölegini tekiz daglar tutýar. Onuň merkezi böleginiň çürt-kesik kontinental klimaty bolup, ol ýerleriň köpüsi hasylsyz çöllüklerden ybaratdyr. Ekerançylyk üçin amatly oazisler Eýran tekiz daglarynyň töweregini gurşap alýan dag ulgamlarynyň eteklerinde ýerleşendir. Şol dag ulgamlarynyň iň ulusy, depesi ebedi gar bilen örtülen Elburs dagy bolup, ol Eýranyň demirgazyk tarapynda tebigy araçäk bolup durýar. Onuň günbatar dowamy Türkmen Horasan daglary bilen utgaşýar. Onuň demirgazykdaky ulgamlary Merkezi Aziýanyň ýerinden geçip, oňa Köpetdag diýip at berilýär. Günbatardan we günorta-gündogardan Zagros we Günorta-Eýran daglary geçýär. Gadymy döwürde bu daglaryň ýapgyt etekleri gök öwsüp, gurluşyk üçin ýaramly agaçlar ösüpdir.

Eýranyň aglaba böleginde ekerançylyk diňe emeli suwaryş bilen baglydyr. Şoňa görä-de kiçiräk derýalar, daglardan inýän çeşme çaýlaryň ählisi, hatda ýylyň belli bir pasylynda akyp gelýän sil suwlary-da ekerançylyk üçin doly peýdalanylypdyr. Eýranyň ýerinde uly derýalar ýokdur. Ýurduň günorta günbatarynda ýerleşýän Huzistan welaýaty beýleki sebitlere garanyňda ekerançylyk üçin amatlydyr. Ol ýeriň mes topragyny uly bolmadyk Karun hem Kerha derýalary suw bilen doly üpjün edýär. Emma Eýranyň aram (suptropik) howasynyň

bolmagy we ýeriniň mesligi bu ýerlerden bol hasyl almaga ekerançylara mümkinçilik berýär.

Eýranyň ýerinde gazylyp alynýan baýlyklardan nebitden başga-da misiň, demriň hem kümüşiň ýataklary bol bolup, olar gadym wagtdan känbir özleşdirilmän gelnipdir.

Orta Aziýanyň ýeriniň esasy bölegi Turan pesliginden durýar. Onuň içinden Amyderýa we Syrderýalary akyp geçýärler. Emma bu pesligiň esasy bölegini iki sany uly Garagum we Gyzylgum çöllükleri tutýärlar. Garagum bilen Köpetdagyň arasyndan darajyk dagetek zolagy dagdan akýan suwlar bilen suwarylýar. Ondan gündogarda iki sany iri Murgap we Tejen (Gerirut) derýalary akyp, olaryň şahalary Garaguma siňip gidýärler. Amyderýa bilen Syrderýanyň aralygyndan bolsa Zerewşan derýasy akyp geçýär, onuň kenarlary Merkezi Aziýanyň iň baý oazisy hasaplanylýar. Merkezi Aziyanyň gundogarsynda Týan-Şan we Pamiriň daglyk ulgamlary ýerleşýär. Orta Aziýanyň dürli ýerlerinde demriň, gurşunyň we kümüşiň ýataklary bar. Amyderýadan günortada häzirki Owganystan sebitlerinde, Gadymy Gündogaryň hemme ýerlerinde diyen ýaly ýokary işleg bildirilýän, örän owadan gök daşyň-lazuritiň ýataklary ýerleşýär.

Eýranyň ýerinde iň gadymy döwürde ýaşan halklardan elamlylar, lullubeýler, gutiler we kassitler mälimdir. Olar Kaspiý dil toparyna girýän, biri-birine ýakyn halklar bolupdyr diýilip hasaplanýar. Elam dili gelip çykyşy boýunça olardan gündogarda ýaşaýan gadymy Hindistanyň drawidler taýpasy bilen garyndaş bolupdyrlar.

B.e.öň IV-III müňýyllyklarda drawidlere hem elamlylara ýakyn bolan köp sanly taýpalar örän giň ýerlere, şol sanda Eýrana, Merkezi Aziýanyň günorta-günbatar sebitlerine ýaýrapdyrlar diýen ylmy çaklama bar. Birneme gijiräk bu sebite demirgazykdan özlerini ariýler diýip atlandyrýan, hindi-ýewropa dil maşgalasynyň hindi-eýran dil şahasynda gürleýän

halklar göçüp gelipdirler. Eýran sözüniň özi hem şolaryň adyndan gelip çykypdyr, Eýran-Arian- “ariýleriň ýurdy” diýen sözüň gysgaldylan görnüşidir. Eýranyň hem Merkezi Aziýanyň ýerinde täze gelenleriň eýran dil toparynda gürleýän taýpalary berk ornaşypdyrlar. Şol bir wagtda hindi dil maşgalasynda gürleýän ariýler günorta Hindistana tarap süýşüpdirler. Şeýlelikde, bu sebitleriň ähli ýerinde olaryň ýerli halk bilen garyşmagy bolup geçipdir. Olar ýerli ilatyň hem Eýran dilini kabul etmegine sebäp bolupdyr.

B.e.öň I müňýyllygyň başlarynda Eýran dilinde gepleýän halklar Eýran hem Orta Aziýanyň köp bölegini eýeleýärler, emma hindi dil topary bolan ariýler günorta gidip, Hindistanda ornaşypdyrlar. Şeýlelikde, bu sebitlerde olaryň ýerli halklar bilen gatyşmagy bolup geçýär. Biziň eýýamymyzyň I müňýyllygynyň üçünji çaryeginden başlap, eýran dilli ilat Eýranyň we Orta Aziýanyň esasy bölegini tutupdyrlar. Şu döwürden başlap gadymy Eýran dilli diýilip atlandyrylýan ilat, özüniň irki ösüş döwründen başlap (b.e.öň IV-III asyrlarda) iki sany uly dil topary emele getirýär. Olaryň Günbatar Eýran şiwesinde gürleýän topara midiýalylar we parslar giripdirler. Gündogar Eýran dilinde gürleýän topara: parfiýalylar, horezmliler, sogdylar, baktriýalylar we çarwa sak taýpalary giripdirler.

**Gadymy Eýranyň taryhy boýunça çeşmeler we olaryň öwrenilişi.** Eýranyň gadymy taryhynyň aýratyn döwürlerine degişli dürli häsiýetdäki resmi ýazgy ýadygärlikleri örän köpdür. Olar taryhy ýazgylardan, patyşalaryň hem emeldarlaryň buýruklaryndan, resmi hem edebi hatlardan, ylmy hem dini diwanlardan, şahsy eserlerden ybarat bolup, akkad we elam dillerinde ýazylypdyr. Iň irki ýazgy çeşmeleri b.e.öň III müňýyllykdan tä I müňýyllyga çenli aralygyň taryhyny şöhlelendirýärler. Ol ýazgylaryň köpüsi gadymy Elamyň taryhyna degişlidir.

Aýratyn hem uly pars döwletiniň taryhyna degişli ýazgylar köpdir. Olar esasan söwda, hojalyk hem hukuk resminamalary, döwletara şertnamalaryň, patyşalaryň permanlarydyr ýazgylaryndan, ýerli häkimleriň görkezmelerinden, emeldarlaryň resmi ýazgylaryndan ybarat durýarlar. Olar akkad, elam dillerinde ýazylyp ahemenileriň döwrüne degişlidir. Häzire çenli patyşalaryň klinopis ýazgylarynyň 200-e golaýy öwrenilip çap edildi. Olar şine haty diýilip atlandyrylan gadymy pars dilinde ýazylypdyr. Ýazgylaryň köpüsi elam, akkad dillerine terjime edilipdir we ýazgylara ýerleşdirilipdir. Olaryn içinde iň ahmiýetlileriniň biri-de Bisütin (Behistun) ýazgysydyr. Ol Tährandan Bagdada gidýän ýolda, häzirki Kermanşah şäherinden 30 km gündogorda ýerleşýär. Ýazgylarda Kambisiň dolandyran ýyllarynyň ahyrlarynda we Dariý I patyşalyk eden ýyllaryndaky dartgynly wakalar barada gürrüň berilýär. Ýazgy şine hatynda gaýanyň ýonulan ýüzüne oýulyp ýazylypdyr. Ol ýazgylar gadymy pars, akkad hem elam dillerinde düzülipdir. Ýazgynyň ýokarsynda Dariý I hem-de onuň boýun egdiren 9 sany welaýat häkimleriniň goly daňylgy şekilleri oýma usul bilen çekilipdir.

Dariý I ýazgylarynyň ähmiýetlileriniň biri Persepol şäherinden 3 km demirgazykda ýerleşen, gadymy pars patyşalarynyň jaýlanan ýeri bolan Nakşi-Rüstem diýen ýerden tapylýar. Suzy şäherinden hem Dariý I  ägirt uly köşk gurdyrandygy barada maglumat berýän ýüzi ýazgyly birnäçe mermer daşlary, bişen hem toýundan ýasalan kerpiçjikler tapylýar.

1972-nji ýylda fransuz arheologlary Suzy şäherinden gadymy pars, elam, akkad, aýratyn hem müsür ieroglifinde örän yzygiderli beýan edýän, Dariý I üç metre barabar ýazgyly heýkelini tapýarlar (onuň kellesi saklanmandyr). Persepol we Pasarga şäherinde patyşa Kserks tarapyndan, gadagan edilen hudaýlara sežde edýänlere garşy alnyp barylan göreş barada birnäçe ýazgylar tapylýar. Persepol şäheriniň ýerinde geçirilen

arheologiýa barlaglary netijesinde patyşa hojalygynyň arhiwiniň hem bir bölegi tapylýar. Olar b. e. öň VI asyryň ahyrlaryna V asyryň başlaryna degişli 8000 sany elam dilinde ýazylan ýüzi hatly kerpiçjiklerden ybarat durýarlar. Ol ýazgylarda köşge azyk önümleriniň getirilişi, salgyt ýygnalyşy, döwlet emeldarlaryna tölenýän haklaryň möçberi, köşkde işleýän hyzmatkärlere berilýän önümler we şuňa meňzeş zatlar barada maglumat berilýär.

Gadymy Eýranyň taryhy barada onuň çäklerinden daşardaky döwletleriň ýazgylarynda hem käbir maglumatlar duş gelýär. Assiriýa döwletiniň ýazgylarynda b. e. öň IX-VII asyrlarda Alynky Aziýanyň serhet ýakalaryna golaý ýerleşen pars taýpalary barada maglumat berilýär. Wawilon ýazgylarynda bolsa parslaryň Derýaaralygyny basybalyşlary( Nabonid we Kir baradaky ýazgylar) beýan edilýär. Wawilonda geçirilen barlaglaryň netijesinde parslaryň agalygy döwrüne degişli toýun kerpiçjiklere ýazylan edara hojalyklarynyň we raýat hukuk hatlarynyň 10 müň töwereginiň üsti açyldy.

Pars patyşalarynyň ýazgylary diňe bir Eýranyň däl, eýsem onuň çäklerinden uzakdaky ýerlerden hem tapylýar. Mysal üçin, alymlar Müsürden gadymy pars, elam, akkad we müsür dillerinde Dariý I Nil derýasy bilen Gyzyl deňzi birleşdirýän 84 km uzynlykda gazdyrylan kanaly täzeden gazdyrandygy baradaky daş sütünlere ýazylan maglumatlaryň üstüni açýarlar.

Arameý diliniň pars patyşalygynyň ähli ýerlerine ýaýramagy, ýagny Müsürden Hind derýasy aralygynda köp sanly papirus ýapraklaryna, eýlenen derilere, teňňelere, möhürlere, terezi daşlaryna ýazylan hatlar saklanyp galypdyr. Olaryň içinde patyşalaryň permanlary we beýleki resmi hatlar bar. Aýratyn hem Müsürde b. e. öň V asyryň içinde parslaryň agalygy barada has aýdyň maglumatlar berilipdir. Olarda adamlary işe çekmek, tabyn bolmaýan gullar bilen alnyp barylýan işler, olara tabşyrylýan işler, pars ruhanylarynyň

mülkleriniň dolandyrylyşy barada maglumatlar saklanyp galypdyr.

Parslaryň Müsürde agalyk süren döwrüne degişli köp sanly dürli mazmundaky hojalyk maglumatlary, dolandyryş edaralarynyň beýanlary tapylýar. Olaryň içinde müsür ybadathanalarynyň eýeçiligini çäklendirýän Kambisiň we Dariý I müsür kanunlaryny tertipleşdirmek baradaky permanlary uly ähmiýete eýedirler.

Taryhy ýazgylaryň örän köplügine we olaryň ýyl-ýyldan üstüniň ýetirlip durulýandygyna garamazdan, ahemenileriň we midiýalylaryň taryhy boýunça iň esasy çeşme gadymy grek taryhçylarynyň işleri bolup durýarlar. Biziň eýýamyzdan öň V-IV asyrlaryň diplomatik hem syýasy taryhy diňe şol çeşmelerden mälimdir. Pars imperiýasynyň halklarynyň ykdysadyýeti we etnografiki taryhy barada Gerodotyň "Taryh" atly işiniň örän uly ähmiýeti bardyr. Bu işde Pars döwletiniň dolanandyryş ulgamy we onuň maddy üpjünçiligi hakynda yzygiderli gürrüň berilýär. Şeýle-de, eserde bu döwletiň düzümine girýän halklaryň sanawy, olardan alynýan salgytlaryň möçberi berilýär. Onda grek-pars uruşlary döwrüniň taryhy beýan edilip, Eýranyň taryhyna, ykdysadyýetine, döwlet gurluşyna, maddy baýlyklaryna degişli gymmatly maglumatlar berilýär.

Ikinji bir görnükli grek taryhçysy Fukidid özüniň "Taryh" diýen işinde b.e.öň 433-415 ýyllar aralygynda Eýranyň, Spartanyň hem Afinynyň arasynda bolup geçen uruşlar barada ynadyryjy maglumatlar berilýär. Ol beýanlarda hatda pars patyşasy bilen Spartanyň arasynda baglaşylan ylalaşygyň beýany barada hem maglumat berilipdir. Taryhçy Ksenofontyň "Gresiýanyň taryhy" diýen eseri bolsa, hakykat ýüzünde Fukididiň "taryhynyň" dowamy bolup durýar, Ksenofontyň Ahemeniler döwleti barada maglumat berýän başga-da birnäçe eseri bardyr. Şolaryň içinde "Anabasis" (başdan geçirme) ady bilen belli taryhy ýatlamalarynda, b.e.öň

V asyryň ahyrlarynda Eýranda Kiçi Kiriň tagt üstünde alyp baran göreşi beýan edilýär. Awtor bu işde parslaryň Ahemeniler döwletine girýän beýleki halklaryň ýaşaýyş durmuşlaryna, däp-dessurlaryna, medeniýetine degişli iňňän möhüm maglumatlary berýär. B. e. öň V asyryň ortalaryndan başlap parslaryň taryhyna degişli gymmatly maglumatlar asly Sisiliýaly Diodoryň “Taryhy kitaphana” atly işinde hem berilýär.

Eýranyň ýerlerinde geçirilen arheologiýa gazuw-barlag işleriniň netijesinde kop sanly taryhy maglumatlaryň üsti açylýar. Olar gadymy mezolit we neolitik obalaryň we mazarlaryň galyndylary, keramiki önümleriň dürli görnüşleri, gözel köşkleriň, ybadathanalaryň we galalaryň (Suzy, Persepol, Pasarga we Dur-Untaş), düýpli ýasalan heýkelleriň, gaýa şekilleriň, gymmat bahaly metaldan ýasalan bezegleriň (ritonlar, ýaraglar) galyndylaryndan ybaratdyrlar.

Ýokarda görkezilen taryhy çeşmeleriň esasynda alymlar Eýranyň gadymy taryhyny öwrenmekde uly üstünliklere ýetdiler. Eýranyň gadymy ýadygärlikleri Ýewropa alymlarynyň bu ýurda geçiren syýahaty bilen başlanýar. Örän uly netijeli işleri italýan syýahatçylary bolan Marko Polo (XIII as.) we Pýetro della Walle (XVI as.) dagy bitiripdirler. Aýratyn hem Daniýaly alym K. Niburyň XVIII asyrda Eýrana geçiren ylmy syýahaty önümli bolupdyr. Bu alym köp sanly pars ýazgylarynyň nusgasyny göçürip alypdyr. Olar bolsa soňra gadymy klinopis ýazgylaryny okamagyň usulyny öwrenmäge ýol açýar. XIX asyryň birinji ýarymynda we ortalarynda Ýewropanyň dürli ýurtlarynyň alymlarynyň güýji bilen pars patyşalarynyň elam we pars ýazgylaryny okamagyň usuly amala aşyrylýar.

XVIII asyrdan başlap Eýrany öwrenmeklik özbaşyna bir ylma öwrülýär. Eýranyň we Orta Aziýanyň gadymy halklary üçin mukaddes kitap bolan “Awestanyň” üstüniň açylmagynyň uly ähmiýeti bolupdyr. “Awesta” tiz wagtyň içinde

ýewropalylaryň köpüsiniň diline terjime edilýär we Ýewropa alymlarynyň üns merkezinde bolýar. XIX-XX asyryň çatrygynda Strasburgda "Eýran dil bilimleriniň esaslary" (filologiýasynyň) atly iki tomlyk ensiklopediýa häsiýetdäki kitabyň çap edilmegi hem Eýran ýurdyna bolan ünsiň ýokarydygyna güwä geçýär.

XX asyrda alymlaryň üns merkezinde eýran taýpalarynyň gelip çykyşlary, pars hronologiýasy ýaly meseleler bolupdyr. Alymlaryň köp sanly toparlary Pars imperiýasynyň aýratyn sebitleri (satraplygy), grek-pars gatnaşyklary ýaly meseleler bilen gyzyklanýarlar.

Ýewropa alymlary tarapyndan Eýranyň iň iri gadymy şäherleriniň: Suzy, Persepol, Pasarga şäherleriniň harabaçylyklaryny, patyşa köşklerini, midiýa guburhanalaryny we hazynalaryny öwrenmekde ep-esli işleri amala aşyrýarlar. Olary öwrenmekde Ž. De Morgan we R. Grişman dagy epesli goşant goşan alymlardyr. Eýranyň taryhyny öwrenmekde häzirki wagtda Eýranyň milli arheologiýasy hem Eýranyň gadymyýetini öwrenmekde uly işleri amala aşyrýarlar.

XIX –XX asyryň çatrygynda gadymy elamyň merkezi bolan Suzy, Dur-Untaş ýaly şäherlerde geçirilen arheologiýa barlaglary, gadymy eýranyň taryhyna degişli zerur maglumatlaryň üstüni açdy. XIX asyryň ortalarynda elam hatyny okamagyň usulynyň tapylmagy, elamyň taryhy, medeniýeti we dini barada köp ýurtlarda, şol sanda Russiýada ençeme işleriň neşir edilmegine alyp barýar.

Häzirki wagtda Eýranyň gadymy taryhyna degişli monografiýalaryň, ylmy barlaglaryň, makalalaryň ýüzlerçesi çap edilendir. Olaryň içinde W.W. Bartoldyň we Dýakonowyň işlerini aýratyn belläp bolar. M.M. Dýakonowyň "Gadymy Eýranyň taryhynyň oçerki" diýen eseri uly ähmiýete eýe bolup, ol bu ýurdyň taryhyny iň gadymy döwürden VII asyra çenli aralygyny şöhlelendirýär. Şeýle hem Eýran taryhynyň aýry-

aýry döwürleri I.M. Dýakonowyň, M.A. Dandamaýewiň, W.W. Struwanyň, G. Aliýewiň ylmy işlerinde beýan edilýär.

**Orta Aziýanyň taryhy çeşmeleri we taryhnamasy.** Orta Aziýanyň gadymy döwrüni öwrenmeklikde zoroastrizm dininiň mukaddes kitaby bolan "Awesta" kitabynmyň ähmiýeti ulydyr. Awestanyň iň gadymy bölegi Gaty bölümi Zaratuştranyň wagyzlaryndan ybarat durup, ol b. e. oň VII asyra degişlidir. Iň gadymy döwrüne Ýaşty bölegi degişli bolup, ol gadymy eýran hudaýlary baradaky senalardan (gimnlerden) ybaratdyr. Awestanyň galan bölümlerinde gadymy eýran taýpalarynyň epiki rowaýatlarynyň beýanlary saklanypdyr.

Orta Aziýanyň halklarynyň gadymy teňňe ýazgylaryndan başga-da ýazuw ýadygärliklerinden Parfiýanyň Nusaý (Aşgabadyň ýanynda) galasyndan tapylan arhiwiniň hojalyk maglumatlaryny, Horezmiň paýtagty Toprakgaladan tapylan köşk arhiwini we fransuz we rus arheologlary tarapyndan Owganystandan tapylan kuşan ýazgylaryny ýatlap bolar.

Bulardan başga-da Eýranyň we Orta Aziýanyň taryhyny öwrenmek üçin antiki ýazarlaryň işleriniň ähmiýeti ulydyr. Gündogar eýran halklarynyň epiki rowaýatlary barada bölekleýin magumatlar gadymy grek taryhçysy Ktesiniň "Parfiýa taryhy" işinde berilipdir. Örän gysga hem bolsa, has ynamly maglumatlar Gerodotyň işlerinde berilýär. Parfiýanyň giçki döwrüniň taryhy barada Artemitli Apollodoryň ýazan kitabynda bölek-büçek berilýän maglumatlar bar, rim taryhçysy Pompeý Trog tarapyndan täzeden işlenip biziň günlerimize gelip ýeten taryhy eseriň hem ähmiýeti ulydyr.

Eýranyň gadymy döwrünin medeniýeti, hojalygy, oturymly ýerleriň görnüşleri, adamlaryň ýaşaýyş derejeleri barada arheologiýa ylmynyň berýän maglumatlarynyň uly ähmiýeti bardyr. XX asyryň içinde Eýranda we Orta Aziýada giň möçberde arheologiýa barlaglary geçirilip, arheologiýa we ýazuw ýadygärlikleriniň esasynda köp sanly taryhy işler ýazyldy.

## §23. Gadymy Elam patyşalygy

**Elamda döwletiň ýüze çykmagy.** Günbatar Eýranyň amatly tebigy ýagdaýy bu ýerlerde ýaşaýan irki taýpalaryň ekerançylyga we maldarçylyga geçmeklerine ýardam edipdir. Eýranyň günbatarynda, Kürdistanyň daglyk etraplarynda hojalygyň bu täze görnüşleri bilen ilkinji oturymly ilaty heniz b. e. öň VIII-VI müňýyllyklarda meşgul bolup başlapdyrloar. B.e.öň VI-V müňýyllyklarda ekerançylar we maldar taýpalary Eýranyň çöllük ýerlerini taşlap daglyk meýdanlara ýaýrapdyrlar. Bu ýerlerde mis ýataklarynyň agdyklyk etmegi ir döwürden senetçiligiň ösmegine ýardam edipdir. Eýýam b. e. öň IV müňýyllykda misden biz, iňňebagjyk, monjuk we beýleki bezegleri ýasapdyrlar. Irki ekerançylyk jemagatynyň ýüze çykmagy toýun gaplarynyň dürli görnüşleriniň daşyny her hili haýwanlaryň: geçileriň, öküzleriň, guşlaryň, barslaryň, itleriň we ýylanlaryň şekillerini çekip bezäpdirler.

Özleriniň ösüş derejelerine görä, ýurduň günorta-günbatar sebitlerinde, mes toprakly Karun we Kerhi jülgelerinde ýaşaýan taýpalar has öňe saýlanyp başlaýarlar. Ol ýerlerde b. e. öň IV müňýyllykda suwarymly ekerançylyk ösüp başlaýar, daşy palçykdan galdyrylan galalar bilen berkidilen iri oturymly obalar ýüze çykýar. IV müňýyllygyň ortalarynda hünärmentçilikde hem uly ösüşler bolup geçýär. Keramika önümleri ýörite kürelerde bişirilip taýýarlanýar, metal eredilip ýasalan paltalar we haýwan görnüşinde ýasalan iňňebagjyklar, möhürler giňden ýaýrap başlaýar. Olaryň käbirlerinde ybadathanalaryň şekilleri çekilmegi iri binagärçilik gurluşyklarynyň bolandygyndan habar berýär.

Gadymy Elam jemgyýetinde durmuşy gatlaklar ýüze çykýar. Başynda serdarlar-hökümdarlar duran jemagatda emeldarlar gatlagy öňe saýlanýar. Merhum hökümdarlary jaýlamak dessury boýunça olar ýörite ýasalan tabytda ýerlenip,

öküz goşulan arabalar bilen äkidilýän eken. Merhum hökümdaryň ýanynda öküzi hem öldürip bile jaýlamak dessury bolupdyr, ol Derýaaralygyndaky Ur nesilşalygynyň däp-dessuryny ýada salýar. Şeýlelik bilen, Eýranyň Günorta-Günbatar düzlük bölegi kem-kemden hakyky ýaşaýyş ýurduna öwrülýär. Bu ýerlerde ilat köp mukdarda arpanyň we gök önümleriň hasylyny öndürip ýetişdiripdirler. Azalyň şekili çekilen möhür b. e. öň III müňýyllyk bilen görkezilmegi hem suwarymly ekerancylygyň giň gerim alandygyndan habar berýär. Şol wagtlardan başlap, Derýaaralygy bilen söwda gatnaşyklary ýola goýulýar. Wawilonlylar we assiriýalylar Günorta-Günbatar Eýrany Elamtu ("daglyk ýurt") diýip atlandyrypdyrlar. Bu at häzirki döwrüň ylmynda hem Elam diýilip atlandyrylýar.

B. e. öň III müňýyllygyň başyna çenli Elamda irki döwlet birleşigi ýüze çykýar. Şeýle birleşmeleriň biri Karun we Kerhi jülgesinde ýüze çykyp, onuň paýtagty Suzy şäheri bolupdyr. Suzy söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşip Elamy Derýaaralygy bilen we Demirgazyk we Gündogar Eýran bilen birleşdiripdir. Suzydan başga-da uly bolmadyk döwletler (Awan, Anşan, Simaş we başgalar) bolupdyr. Olaryň içinde has ähmiýetlisi Anşan bolupdyr. Soňra bu welaýatlaryň hemmesi bir döwlete birleşdirilip onuň paýtagty Suzy, käwagtlar bolsa Anşa bolupdyr.

Elam siwilizasiýasy Eýranyň heniz ilkidurmuş jemgyýetçilik gatnaşyklarynda bolan beýleki welaýatlarynyň taýpalaryna täsiri uly bolupdyr. Mysal üçin, Merkezi Eýranyň Sialk we Günorta-Gündogarynda ýerleşýän Ýahýadepe diýen ýerlerinden elamlylaryň surat şekilli hatynyň tapylmagy, olara elamlylaryň täsiriniň ýetendigini subut edýär. Şol döwürlerde Alynky Aziýa ýurtlaryna harytlaryň dürli görnüşleri, şol sanda lazurit ertilipdir. Şonuň üçin, bu tapyndylar elamlylaryň söwda ýollaryna eýelik edendiklerinden habar berýär. B. e. öň III müňýyllygyň ikinji ýarymynda Eýranyň demirgazygynda we

gündogarynda durmuşy gatnaşyklarda uly özgerişler bolup geçýär. Hünärmentçilik ekerançylykdan bölünip aýrylýar, iri şäher görnüşli (Şahry-Sohte we başgalar.) merkezler emele gelýär.

**Elam b. e. öň III müňýyllykda we II müňýyllygyň birinji ýarymynda.** Elamyň taryhy özüniň bütin dowamynda Derýaaralygynyň taryhy bilen ýakyndan arabaglanşykda bolupdyr. B. e. öň XXIV-XXII asyrlarda Elam syýasy taýdan gönüden-göni Akkad patyşalygyna garaşly bolupdyr. Bu döwürde Elamda düzülen resmi hatlar we ýazgylar akkad dilinde ýazylypdyr. Elam patyşalary Suzyda akkad patyşasy Manişţuşunyň heýkelini ýerli hudaýlaryň hormatyna bagyşlap goýupdyrlar. B. e. öň 2230-njy ýylda elamlylaryň hökümdary akkad patyşasy Naram-Suen bilen ylalaşyk baglaşýar. Ol ylalaşykda elamyň patyşasy şeýle ýazýar: “Naram-Sueniň duşmany meniň duşmanym, Naram-Sueniň dosty meniň dostym”.

B. e. öň XXII asyryň başynda Elam garaşsyz bütewi bir döwlete öwrülýär. Emma tiz wagtdan Zagrosyň daglyk etraplarynda ýaşap ýören kutiler taýpasy Elama çozup girýärler we ýurdy özlerine tabyn edýärler. Uruň III nesilşalygynyň patyşalary (b. e. öň XXII asyryň ah. XX asyryň baş.) dolandyran döwründe Elam ýene-de Derýaaralygyna garaşly bolýar. B. e. ön XXI asyryň ahyrlarynda Elam özüniň garaşsyzlygyny alyp, Ury özüne tabyn hem edýär. B. e. öň XVIII asyryň ahyrlarynda bolsa, elamlylar ýene-de Derýaaralygyna çozup girýärler we bütin bir asyryň dowamynda “Akkadyň mukaddesligine elini goýýar we Akkady küle öwürýär”.

B. e. öň III-II müňýyllykda elamlylara mahsus döwlet dolandyryş ulgamy emele gelýär. Bütin ýurduň ýokary hökümdary bilen birlikde, şumerleriň sukkalmah (“iberilen beýik wekil”) derejesini göteren hökümdar, esasan Suzyda oturypdyr. Döwleti onuň orunbasary-patyşanyň kiçi dogany

dolandyrypdyr. Orunbasar patyşa Elamyň we Simaşkanyň (Elamyň gündogarynda) sukkaly (“Iberilen wekil”) atlandyrylyp ol Simaşkada oturypdyr. Orunbasar patyşa Suzydaky patyşa tagtyny diňe Beýik hökümdar dünýeden ötenden soň eýeläp bilipdir. Döwlet dolandyryş ulgamynyň indiki üçünji basgançagy ýerli häkim hasaplanypdyr ýa-da Suzy şäheriniň patyşasy hasaplanypdyr. Oňa Elamyň hem Simaşkanyň sukkaly diýilipdir, ol ömürlik saýlanypdyr. Sukkal dünýeden öten ýagdaýynda onuň ýerine täze häkim saýlanyp bilipdir.

Has ownuk welaýatlary “atalar” (adda) dolandyrypdyr, ol beýik sukkalmahyň tabynlygynda bolupdyr. Bu atalaryň biri ölse, onuň wezipesi onuň ýegenleriniň birine, aýal doganynyň ogullaryna geçipdir. Elamyň patyşa maşgalalary üçin aýal doganlary bilen nykalaşmak, dul galan doganynyň aýalyna öýlenmek dessury ýöräpdir. Oňa dakylma (lewirat) diýilipdir. Dakylma dessuryna laýyklykda patyşa ölenden soň onuň dogany-tagt myrasdüşeri patyşanyň dul galan aýalyna öýlenip, patyşa tagtyna çykmak hukugyny gazanypdyr.

Aýal doganlar bilen nykalaşmak, agasynyň dul galan aýalyna öýlenmek lewirat we döwleti üç bolup dolandymak elam jemgyýetiniň häsiýetli aýratynlygy bolupdyr. Bu dessurlar elamlylaryň heniz tire-taýpa gatnaşyklary döwründe, ýagny arhaiki döwürde ýaşaýandyklaryny görkezýär.

**Elam patyşalygynyň ýokary galmagy we heläk bolmagy.** B. e. öň XIV asyryň ahyrynda Elam Wawilony dolandyrýan kassitler tarapyndan basylyp alynýar. Emma b. e. öň 1180-nji ýylda Elamyň patyşasy Şutruk-Nahhunta I Wawilon goşunlaryny Elamyň ýerlerinden kowup çykarýar we Wawilona üstünliki harby ýöriş geçirýär. Ol Sippar, Kiş, Opis ýaly şäherleri talap Suza köp möçberde olja almak bilen dolanýar. Şol talaňçylykda ol Wawilondan Hammurapiniň kanunlar ýygyndysynyň ýazylan daş sütünini hem alyp gaýdýar.

B. e. öň 1150-nji ýylda elamlylar Wawilona garşy täze harby ýöriş geçirýär we ony doly özüne tabyn edýär. Bu döwür Elamyň iň bir gülläp ösen döwri hasaplanylýar. Eýranyň ýerinde elam patyşalarynyň häkimligi günortada Pars aýlagyndan başlap, demirgazykda häzirki Hemadan şäherine çenli giňeýär. Emma tiz wagtdan elamyň agalygy kesilýär. B. e. öň 1115-nji ýylda Dergalanyň (Assiriýa bilen Elamyň serhedinde ýerleşýän gala) ýanynda bolan söweşde, wawilon goşuny Nawuhodonosor I tarapyndan elamlylaryň goşuny derbi-dagyn edilýär, şondan soň Elam 300 ýyl diýen ýaly taryhdan öçýär.

B. e. öň VIII asyrda Wawilon Assiriýadan garaşsyzlygyny almak üçin göreşe başlaýar. Bu uruşda Elam Wawilonyň ýarany bolup çykyş edýär we gutarnyksyz dowam eden assiriýa urşuna çekilýär. Urşuň ilki başlarynda üstünlik elamyň we onuň ýaranlarynyň elinde bolan bolsa, b. e. öň 720-nji ýylda elamlylar Dergalanyň eteginde bolan gandöküşikli söweşde assiriýany ýeňilişe sezewar edýär. Emma Assiriýa tarapyndan dowam etdirilen uruşda Assiriýa ýene-de öz duşmanlaryndan üştün çykmagy başarýar.

B.e.öň 692-nji ýylda wawilonlylar ýene-de Assiriýa garşy gozgalaň turuzýarlar. Elam öňden gelýän syýasatyna wepaly bolup, gozgalaňçylara kömek bermegi meýilleşdirýär. Ol ähli taýpalary, şol sanda Zagrosyň taýpalaryny şol sanda parslary hem öz daşyna birleşdirýär. Tigr derýasynyň Halul diýen ýerinde elamlylar Assiriýa berk zarba urýar, emma elamlylaryň özleri hem bu söweşde köp adam ýitirip juda ysgyndan düşýär, netijede uruş hereketini Assiriýanyň öz ýerine geçirmäge Elamyň güýji ýetmeýär.

Assiriýada Asarhaddonyň (b.e. öň 681-669 ýý.) patyşalyk eden ýyllarynda Assiriýa bilen Elamyň arasynda az wagtlyk parahatçylyk dikeldilýär. Emma b. e. öň 652-nji ýylda Wawilonyň patyşasy Şamaş-şum-ukin Assiriýa garşy gozgalaň turuzanda, elamlylar wawilonlylary goldap çykyş edýär.

Wawilon Assiriýa tarapyndan derbi-dagyn edilýär, indi Assiriýanyň patyşasy Aşşurbanapal ähli güýjüni Elama garşy jemleýär. Elamlylar bilen uruş b. e. öň 639-njy ýylda tamamlanýar we bu uruşda elamlylar doly ýeňilýär. Suzy şäheri bolsa assiriýalylar tarapyndan basylyp alynýar.

B. e. öň 595-nji ýylda Wawilon patyşasy Nawuhodonosor II elamlylary öz häkimligine tabyn etmeklik başardýar, emma soňra Elam Midiýa döwleti tarapyndan basylyp alynýar. B. e. ön 549-njy ýylda Ahemenileriň patyşasy Kir II alyp baran uruşlary netijesinde, elamlylar indi parslaryň golastyna düşýär. Şondan soň Elam döwleti özüniň garaşsyzlygyny hemişelik ýitirýär.

**Elam jemgyýeti.** B. e. öň III müňýyllyklarda Elamda oba jemagaty agdyklyk edipdir, garyndaşlyk gatnaşyklaryna garamazdan oňa ähli erkin adamlar giripdirler we jemagat ýerlerine bilelikde eýeçilik edip, bilelikde hem ýerleri işläpdirler. Jemagaty şäher ýa-da oba ýygnaklary tarapyndan saýlanýan ýasulylar topary dolandyrypdyr



Elamlynyň bürünçden kelle şekili.
B. e. öň I müňýylygyň ahyrlary

B. e. öň II müňýyllykda Elamda gul zähmetini ulanmak bilen hususy hojalyk yzygiderli ösüpdir. Guleýeçilik gatnaşyklarynyň berkarar bolmagy bilen, oba jemagatynyň içinden baý gatlagyň emele gelmegine, oba jemagatynyň dargamagyna, jemagatyň erkin adamlarynyň öz ýerlerinden, zähmet gurallaryndan mahrum bolmagyna we garamaýak adamlaryň doly tozmagyna getiripdir.

Şeýlelikde, jemagat ýerleri ykdysady taýdan güýçli maşgalalaryň ellerinde jemlenip, Elamda ýere bolan hususy eýeçilik ýüze çykypdyr.

B. e. öň II müňýyllygyň ahyrlarynda oba jemagatlarynyň ýerine uly maşgala jemagaty döreýär. Olaryň agzalary

garyndaşlyk gatnaşykda bolup, bilelikde ýerlere eýeçilik edipdirler we bilelikde işläpdirler, soňra ýygnalýan hasyly jemagat agzalarynyň arasynda deň paýlapdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen bu jemagata garyndaş bolmadyk adamlar hem birleşip başlapdyrlar. . Şonuň üçin olar “doganlyk” barada ylalaşyk baglaşypdyrlar we öz ýerlerini jemagatyň ygtyýaryna beripdirler. Soňraky döwürde şeýle ylalaşyklar işçi güýjüni artdyrmak üçin az ýerli erkin adamlar bilen hem ylalaşyk baglaşylyp, olar hem jemagata goşulypdyrlar, netijede bolsa olar öz ýerlerini ýitirip jemagat ýerinde işläpdirler, zähmeti üçin bolsa hasylyň bir bölegini alyp bilipdirler. Şeýlelik bilen oba jemegatynda baý we garyp adamlar döräpdir. Emlägi az bolan adamlar tohumlyk üçin göterimine däne ýa-da pul karyz alyp, karzyny üzýänçä onuň ýerine öz öýlerini goýmaga mejbur bolupdyrlar. Ahyrynda bolsa, olaryň köpüsi bergidarçylyk gulçulygyna öwrülipdirler. Şeýlelik bilen emläk deňsizligiň ýüze çykmagy maşgala jemagatynyň hem dargamagyna, jemagat ýerleriniň bölünmegine, ýeri kärendesine bermäge ýa-da satylmagyna alyp barypdyr. Ýer eýeleri, mülkdarlar üçin kärendeçilik işleri hemişe bähbitli bolupdyr, kärendeçiligiň agyr şertleri hem köplenç kärendeçileriň tozmagyna getiripdir.

Elamda jemagat we hususy hojalyklar bilen birlikde, patyşa we ybadathana hojalyklary hem bolupdyr. Mysal üçin, b. e. öň I müňýyllykda Suzyda we beýleki şäherlerde patyşanyň senetçilik ussahanalary bolup, olarda gula öwrülen harby ýesirler we patyşa bagly bolan ýerli senetçiler işläpdirler. Ybadathanalar uly ýerlere eýeçilik edipdirler. Olar söwda işleri bilen, göterimine däne, pul karyz berip süýthorçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Ybadathanalar hem öz ýerleriniň bir bölegini kärendesine beripdirler, olaryň ýeriniň galan böleginde gullar ýa-da zähmet borçlylygy ýerine ýetirmeli adamlar işläpdirler. Bu adamlar ybadathanalaryň ýerindäki ähli hasyly

ýygnamaly bolupdyrlar, diňe şondan soň olar öz ýerlerindäki hasyly ýygnamaga mümkinçilikleri bolupdyr.

Ilki başlarda islendik iş, ýagny kärendesine ýer almaklyk ýa-da pul karzyna almaklyk, öý satmaklyk meseleleri hiç hili ýazgy edilmän adamlaryň sözüne ynanyp berilipdir. Emma b. e. öň II müňýyllygyň başlarynda wawilonlylaryň täsiri bilen, olar karyz almak, kärendesine bermek we şm. işleri ýazuwa geçiripdirler. Elamda kazyýetçilik işleri ýüze çykypdyr. Kazyýetçilik ýygnaklarynda kazydan başga-da welaýat häkiminiň wekilleri we şäher ýaşaýjylary gatnaşypdyrlar.

Patyşalar ruhanylaryň üsti bilen özlerini hudaýyň ýerdäki orunbasarlarydygyny, olar diňe hudaýlaryň isleglerini, tabşyryklaryny amal edýändiklerini halkyň aňyna guýmaga çalşypdyrlar. Elam çeşmelerinde Elamda birnäçe asyrlap hereket eden Hammurapiniň kanunlary ýatlanyp geçilýär. Elam hukuklarynda hem ogry-jümrilere, garakçylara berk jeza berlipdir. Mysal üçin, ýalandan kasam içeni üçin günäkäriň elini we dilini kesipdirler ýa-da derýada gark edipdirler. Özara ylalaşyklary ýerine ýetirmeýän adamlara ölüm jezasynyň berilýän wagtam seýrek bolmandyr.

Kem-kemden döwlet dolandyryş ulgamynda uly üýtgeşmeler bolup geçýär. B. e. öň XV asyrda Elamda sukkallaryň kömegi bilen amal edilýan dolandyryş ulgamy ýaşamagyny bes edýär. B. e. öň XIII asyrdan başlap, patyşa tagty nesilden nesle, patyşadan uly oglyna geçirmeklik düzgüni girizilýär. Şeýlelikde Elamda merkezleşdirilen döwlet ulgamy döredilip, çäklendirilmedik patyşa häkimligi emele gelýär.

Elamda Wawilondan we beýleki Gadymy Gündogar ýurtlaryndan tapawutlylykda, aýallaryň sosial we ykdysady ýagdaýlary ýokary bolupdyr. Mysal üçin, b. e. öň 1800-nji ýyllar töwereginde elamlylaryň bir patyşasy öz ejesini Suzynyň ýerli häkimi edip belläpdir (döwletde üçinji adam), sebäbi onuň ogly bolmandyr. Aýal kazyýetde islendik mesele bilen çykyş

edip bilipdir. Elamlylaryň gyzlary oglanlar bilen deň derejede atasynyň emlägine eýeçilik edip bilipdir.

**Elamyň medeniýeti.** B. e. öň 3000-nji ýyllar töwereginde elamlylar şumerleriňkiden tapawutly we has öň piktografiýa (surat görnüşinde) hatyny döredipdirler. Emma Elam piktografiýa hatynyň ýüze çykmagyna şumerlerde hatyň bolmagy itergi beren bolmagy mümkin diýip alymlar çaklaýarlar. Hakykatda Elam haty özbaşdak ýazgy hasaplanylýar, şonuň üçin bu hat ylymda elamlylardan öň geçen halkyňky (protoelamlylar) diýilip atlandyrmaklyk kabul edilýär. Elam hatynyň 150 belgisi bolup, birnäçe düşünjäni we sözi aňladypdyr we 400 ýýllap diýen ýaly ulanylypdyr. Emma häzire çenli elamlylaryň piktografiýa hatyny okamagyň usulyýetiniň üsti açylman gelinýär.





1. Altyndan ýasalan Suzyly sadaka berýäniň heýkeli. 2. Harund hudaýynyň şekili çeklilen kümüşden ýasalan gadymy elam wazasy . B. e. öň XIII-XII asyrlar

B. e. öň III müňýyllygyň ikinji ýarymynda elam hatlary ýüze çykýar. Onuň 80 töweregi belgisi bolupdyr. Bu belgiler bilen diňe bir hojalyk üçin ýazgylar edilmän, eýsem syýasy we dini beýanlary hem ýazyp bolupdyr. Emma hatlar Elamyň hemme welaýatlarynda köp wagtlap saklanmandyr we onuň bellikleriniň esasy beýanlary b. e. öň XXIII asyra degişli bolupdyr. Tiz wagtdan bolsa olar şumer-akkad klinopis haty bilen çalşylypdyr. B. e. öň II müňýyllygyň birinji ýarymynda hojalyk we hukuk beýanlaryny düzmek üçin, elemlylar akkad dilini ulanyp başlapdyrlar. Emma II müňýyllygyň ikinji

ýarymynda elam dilinde ep-esli derejede klinopis hatyndaky beýanlar ýüze çykýar. Derýaaralygyndan alnan klinopis hatlaryny elamlylar b. e. öň V asyra çenli ulanypdyrlar, ondan soň olar arameý hatyna geçipdirler. Elamlylarda diniň ähmiýeti ýaşaýyşda juda uly bolupdyr. Diniň merkezi Suzy şäheri bolupdyr. Elam dininiň başynda Pinekir (“Beýik hudaý”) durup, ol hudaýlaryň enesi hasaplanypdyr. Oňa sejde edilmeginiň uzak saklanmagy, elam jemgyýetinde heniz enelik urug gatnaşyklarynyň saklanýandygyndan habar berýär. Suzy şäheriniň we ýerasty dünýänyň hudaýynyň penakäri Inşuşinaka sejde etmekligiň uly ähmiýeti bolupdyr. Gün hudaýy we adalatlylygyň tarapdary Hahhunta ýagty günleri döreden hasaplanypdyr. Elamlylaryň patyşasy Hit bilen Akkadyň patyşasy Naram-Sueniň baglaşan ylalaşygynda elamlylaryň hudaýlarynyň 37-iň atlary getirilýär.

Elamda umumy döwlet derejesinde hasaplanylýan hudaýlardan başga-da şäherleriň we welaýatlaryň penakäri bolan ýerli hudaýlaryň ähmiýeti hem uly bolupdyr. Möhürlerde görkezilen şekillere görä, dini däp-dessurlary ruhanylar ýerine ýetripdirler. Dini dabaralaryň geçirilýän wagtynda, ruhanylaryň özleri sazandalar bolup sahnada çykyş edipdirler. Ahli ruhanylaryň başynda ýokary ruhany durupdyr, köskde onuň täsiri uly bolup, ol harby ýörişlerde hem patyşanyň ýanynda bolupdyr.

B. e. öň IV müňýyllykda Elamyň ýerlerinde örän täsin sungat ýüze çykypdyr. Elamyň bu döwrüniň keramika önümleri her dürli nagyşlar bilen, guşlarýň, haýwanlaryň we adamlaryň şekilleri bilen bezelipdir. Daşdan ýasalan küzelerde, gaplarda hem dürli haýwanlaryň şekilleri uly aýdyňlygy bilen çekilipdir. III müňýyllygyň içinde dörän Elam sungatynda möhürlerde saklanyp galan ganatly guşlaryň, ýolbarşlaryň we aždarhalaryň, şeýle-de hojalyk häsiýetdäki (aw edilişi, senetçilik işleri, ýygnalan hasylyň hasba alnyşy) şekiller görkezilipdir.

B. e. öň III asyryň ikinji ýarymynda we II müňýyllykda elamlylaryň sungatyna şumerleriň we wawilonlylaryň şekillendiriş sungatynyň täsiri uly bolupdyr. Elamyň bu döwrüniň heýkelleri Derýaaralygynyň tegelek görnüşdäki heýkellerine meňzedilip taýýarlanypdyr. Elam sungatynyň naýbaşy sungatlarynyň biri-de aýal patyşa Napirasuyň bürünçden ýasalan heýkelidir.

B. e. öň XIII-XII asyrlarda Elamyň syýasy ähmiýetiniň ýokary göterilmegi bilen, onuň sungaty hem ýokary derejede ösýär. B. e. öň XIII asyrda Suzydan daşda bolmadyk Dur-Untaş şäherindäki basgançakly piramyda (zikkurat) hem Elamyň binagärçilik sungatynyň naýbaşy ýadygärlikleriniň biri hasaplanylýar. Onuň girelgesinde ýolbarsyň, öküziň, grifonlaryň (ganatly guşlaryň), hudaýlaryň we patyşalaryň gyzyldan we kümüşden bezelen hekelleri oturdylypdyr. Zikkuratyň umumy beýikligi 42 metr bolup, onuň 4 başgançagy bar. Binanyň aşaky gatynyň taraplary 105 metre deňdir. Bu zikkuratyň gurluşygyna bir million kerpiç we ýüzmüňlerçe daş bölekleri harçlanypdyr.

Parslaryň basybalyjylyk syýasaty netijesinde, Elam öz garaşsyzlygyny ýitirýär, emma muňa garamazdan Elamlylaryň medeniýetde gazanan üstünlikleri parslaryň maddy hem ruhy medeniýetiniň mundan beýläk ösmegine ýardam edipdir.

## §24. Midiýa patyşalygy b. e. öň VIII-VI asyrlarda

**Eýran dilli taýpalaryň ýerleşişi.** Midiýa Eýranyň Demirgazyk-Günbatar ýerlerini eýeleýär. Ýurdyň günbatar bölegini Assiriýanyň serhet ýakalaryndaky Zagors daglyk etraplary eýeleýär, soňra bu ýerler antiki taryhnamanda Antrapoten Midiýasy adyny alýar.

B. e.öň III-II müňýyllyklarda bu ýerlerde kassitleriň, kutileriň, hurritleriň we beýleki hindiýewropa dil toparyna girmeýän oturymly ekerançylar we çarwa taýpalar ýaşapdyr.

Midiýalylar we olar bilen garyndaş parslar eýran diliniň dürli şiwesinde gürleseler-de, olar hindiýewropa dil maşgalasyna degişli taýpalardyr.

Häzirki wagtda eýran dilli taypalaryň ata-babalary Gündogar Ýewropanyň çarwa taýpalary bolup, olaryň bir bölegi Kawkazyň üstünden, Kaspi deňziniň kenary bilen Eýrana we Orta Aziýa gelipdirler diýilip ykrar edilýär. B. e. öň II müňýyllygyň ikinji ýarymynda olar Eýrana bosup giripdirler we kem-kemden b. e. öň I müňýyllygyň birinji çärýeginde ýurduň hemme ýerlerine ýaýrapdyrlar.

Emma bu çozup girmeklik basbalyjylyk häsiýetinde bolman, eýsem hemme ýerlerde olaryň ýerli ilat bilen garyşyp-goşulyşmagy bilen bolup geçýär. Netijede uzak wagtyň dowamynda gelmişekler bilen ýerli halkyň sözleşmekleri kem-kemden eýran dilli halky emele getiripdir. B. e. öň IX-VIII asyrlarda hem ýurduň köp etraplarynyň ýerli ilaty köplük bolup, öňki eýran däl dilinde sözleşipdirler. Emma b. e. öň VIII asyryň ikinji ýarymynda Günbatar Eýran welaýatlarynda, şol sanda Midiýada eýranlylar agdyklyk edipdir. Bu bolup geçen özgerişler Eýranda atly-ýaragly esgerleriň sanynyň artmagyna getiripdir. Eýranyň ýerlerinde geçirilen gazuw-barlag işleriniň netijesinde kop sanly aty, ýaragy bilen jaýlanan esgerleriň mazarlarynyň üsti açylýar, bu gubur tapyndylary eýran taýpalarynyň atçylyk bilen meşgul bolandyklaryna güwä geçýär. Şeýle-de b. e. öň VIII asyrda wawilonlylar eýran taýpalaryndan ýorunja alypdyrlar, ýorunjany olar “atyň iýmiti”, “atyň nahary” diýip atlandyrypdyrlar. Galyberse-de köp sanly klinopis ýazgylarynyň beýanlarynda bu taypalaryň Assiriýa patyşalaryna salgydy at bilen töländikleri barada taryhy çeşmeler tapyldy. Maglumatlar bu ýurtda atçylyga uly üns berilendine güwä geçýär. Baý mazarlardan tapylan çeperçilik önümleri, altyndan ýasalan küýzeler urşujy atly bölümlere baş bolan harby serkerdelere uly hormat goýulandygyndan habar berýär.

**Assiriýalylaryň Midiýany basyp almaklary. Alynky Aziýa kimmerleriň we skifleriň çozup girmekleri.** B. e. öň IX asyrdan başlap assiriýalylar ýurdyň baýlygyny almak maksady bilen Midiýa çozup başlapdyrlar. Bu döwürde Demirgazyk Günbatar Eýranyň ýerinde onlarça ownuk hanlyklar emele gelipdir. Bu ýerlerde midiýalylar, kutilerden we kassitlerden dörän ýerli ilat ýaşapdyr. Bu owunjak hanlyklaryň dolandyryş merkezleri, uly bolmadyk galalar we şäherler bolupdyr. Assiriýalylar bu ýerlerik ýöriş geçirip, Eýranyň merkezi welaýatlaryna çenli baryp ýetipdirler. Mysal üçin, b. e. öň 744-nji ýylda Tiglatpalasar III Bikni daglaryna çenli (Tähranyň ýakynynda häzirki Demawende) ýöriş geçirip, midiýalylardan 9-tonna lazurit we 15 tonna bürünçden edilen her dürli önümleri töleg hökmünde alypdyr. B. e. öň VIII asyryň dowamynda midiýa welaýatlary assiriýalylara tabynlykda bolup, yzygiderli senetçilik önümleri bilen hem-de mal-gara bilen hem töleg töläp gelipdirler.



Assiriýa we Manneý patyşasy Bürünçden ýasalan oturguça çekilen şekil. B. e. öň VIII asyr

B. e. öň VIII asyryň ahyrlarynda Günbatar Eýran ýerinde başynda taýpa serdarlary durýan uly syýasy birleşmeler ýüze çykýar. Şeýle birleşmeleriň biri hem Manna welaýaty bolup, geljekgi Manneý patyşalygynyň merkizi bolup, ol Urmiýa kölüniň günorta-gündogar etraplaryny eýeläpdir. Assiriýalylaryň talaňçylykly çozuşlaryna garşylyk görkezmekligiň zerurlygy, midiýanyň ownuk hanlyklarynyň bir bütewi döwlete birleşmeklerini tizleşdiripdir

B. e. öň VIII asyryň ahyrlarynda Demirgazyk Gara deňizden kimmerleriň çozup girmekleri, Alynky Aziýanyň ýagdaýyny kynlaşdyrypdyr. B. e. öň VII asyryň başlarynda kimmerlerden soň, Demirgazyk Gara deňiz sebitlerinden Alynky Aziýa skif taýpalary hem ol ýerlerden çozup girýärler. Olaryň bir bölegi Sakasena welaýatynda we ondan günorta Urmiýa kölüne çenli ýerlerde ornaşyp,
Urartua garşy çapawulçylyk geçirip başlapdyrlar. Etniki taýdan kimmerler bilen skifler garyndaş taýpalar bolupdyrlar, şeýle-de midiýalylar bilen parslar garyndaş bolupdyrlar. Olaryň hemmesi hem eýran diliniň dürli şiwesinde gürläpdirlar. Parslar ähli skif taýpalaryny saklar diýip atlandyrypdyrlar. Grekler bolsa Günorta-Gündogar Ýewropanyň şeýle-de Orta Aziýanyň çarwa taýpalaryny skifler diýip atlandyrypdyrlar. Häzirki ylmy edebiýatlarda “skifler” diýilip Demirgazyk Gara deňziniň ýaşaýjylary atlandyrylýar, emma Orta Aziýanyň skifleri saklar diýilip atlandyrylýar. Kimmerlerden we skiflerden düzülen, ýaý atyjy atly esgerler, gadymy gündogar döwletleri üçin uly howp döredipdirler.

Kimmerler uzak döwrün dowamynda Kiçi Aziýada, ýagny Kappadokiýanyň gündogar böleginde, Manna welaýatynda ýaşapdyrlar. B. e. öň 720-nji ýyllar töwereginde olar Urartu patyşasy Ruse I goşunyna uly zarba urýarlar, Asarhaddonyň (b.e.öň 681-669 ýý.) Assiriýada patyşalyk eden ýyllarynda, olar Assiriýanyň demirgazyk serhetlerine hem howp salyp başlapdyrlar. B. e. öň 679-njy ýylda olar Assiriýa çozup girýärler, ýöne assiriýalylar olardan üstün çykmagy başarypdyrlar. Emma b. e. öň 675-nji ýylda kimmerler Kiçi Aziýadaky Frigiýa döwletini derbi-dagyn edýärler we ýene-de Assiriýanyň serhetlerine aralaşýarlar. Şol döwürlerde skifler hem Urmiýa etraplaryndan Alynky Aziýa ýurtlaryna talaňçylykly ýörişleri geçirip başlaýar. B. e. öň 635-nji we 625–nji ýyllarda skifler Siriýanyň we Palestinanyň ýerlerini tozdurypdyrlar we Müsüriň serhetlerine çenli baryp ýetipdirler.

**Midiýa döwletiniň döremegi we gülläp ösmegi.** B. e. öň 673-nji ýylda assiriýa bilen kimmerleriň arasynda başlanan harby hereketlerden peýdalanyp, midiýa taýpalary assiriýalylaryň agalygyna garşy gozgalaň turuzýarlar. Gozgalaňa midiýalylaryň serdarlarynyň biri Kaştariti (Gerodot ony Fraort diýip atlandyrýar) baş bolupdyr. Midiýalylaryň tarapynda kimmerler bilen skifler hem çykyş edipdirler, emma tiz wagtdan Assiriýa patyşasy Asarhaddon öz gyzyny skif serdaryna durmuşa çykaryp, olaryň gozgalaňçýlardan bölünip aýrylmaklaryny gazanypdyr. Muňa garamazdan midiýalylar göreşi dowam etdiripdirler we b. e. öň 672-nji ýylda assiriýalylary ýurdyň günbatar ýerlerinden kowup, özleriniň garaşsyz döwletini döredýärler. Kaştariti ähli midiýa taýpalaryny bir döwlete birleşdirip, ownuk hanlyklary ýatyrypdyr.

B. e. ön VII asyryň ortalaryna çenli Midiýa Gadymy Gündogarda iň uly döwletleriň birine öwrülýär. B. e. öň 653-nji ýylda Kaştariti Assiriýa garşy harby ýöriş geçirýär. Emma, şol wagt assiriýalylaryň ýarany bolan skifler midiýanyň üstüne çozýar. Iki tarapda uruş alyp barmaga mejbur bolan midiýalylar ýeňilipdirler, Kaştariti bolsa söweşde heläk bolýar, netijede b. e. öň 653-625-nji ýyllar aralygynda Midiýa skiflere tabyn bolmaly bolýar.

B. e. öň 625-nji ýylda Midiýanyň tagtyna Kaştaritiň ogly Kiaksar geçýär. Ol skifleri derbi-dagyn edip, ähli midiýa taýpalaryny paýtagty Ekbatan (häzirki Hemadan şäheri) şäheri bolan bir bütewi döwlete birleşdiýär.

Kiaksar harby özgertmeleri geçirip, güýçli goşun edinipdir, goşuny esgerleriň göterýän ýaraglaryna görä (naýzaçy, peýkamçy we atly) bölümlere bölüp gurnapdyr, öňden gelýän taýpalar boýunça jemlenýän halk ýygymyny bolsa ýatyrypdyr. Indi midiýalylar on ýyldan hem gowrak Wawilon bilen uruş alyp barýan, ata-baba duşmanlary bolan Assiriýa garşy göreşip biljekdiler. B. e. öň 614-nji ýylda Kiaksaryň

ýolbaşçylygyndaky goşun assiriýa welaýaty bolan Arraphyny weýran edýär, soňra Assiriýanyň gadymy paýtagty bolan Aşşur şäherini basyp alýar we şäheriň ilatyny gyrgynçylyga berýär. Şondan soň midiýalylar wawilonlylar bilen özleriniň umumy duşmany bolan Assiriýa garşy özara ylalaşyk baglaşyp ýaran bolýarlar. B. e. öň 612-nji ýylyň awgust aýynda bolsa olar emeli usul bilen şäheri suwa basdyryp, güýçli hüjüm bilen Assiriýanyň paýtagty Ninewiýa çozup girýärler we ony doly ýumurýarlar.

B. e. öň 612-nji ýylyň ahyrynda midiýalylar Assiriýany talaýar, assiriýa bilen alnyp barylýan urşy tamamlamagy bolsa wawilonlylara tabşyryp, köp olja bilen öz ýurtlaryna dolanyp gelýärler. Haçanda assiriýalylar Demirgazyk Derýaaralygynda Harran
şäherinde bekänlerinden soň, olara Müsürden az bolmadyk, oňat ýaraglanan harby goşun kömege gelýär. Wawilion patyşasy Nabopalasar Kiaksara kömek sorap ýüz tutmaly bolýar. Kiaksaryň kömek bermegi bilen, b. e. öň 609-njy ýylda Midiýa goşunlary Harran şäherini zabt edip alýar. Bu weýrançylyk barada wawilon ýazgylaryny ň birinde şeýle diýilýär:



Midiýaly atly esger. Elamlynyň möhürinde çekilen şekil we Midiýa galasy. B. e.öň VII- VI asyrlar. Harhar

“Ol, ýokardan hem aşakdan, sagdan we çepden tüweleý ýaly gelip, (ýagny Midiýanyň patyşasy) hiç hili gorkyny-ürküni bilmän mukaddes şäheri (harranlylary), Akkadyň (Wawilonyň)

serhedindäki beýleki şäherlerini, hatda olaryň ybadathanalaryny hem rehimisizlik bilen ýumurdy”.

Tiz wagtdan assiriýalylar garşylyk görkezmeklerini bes ediýärler, uly döwletiň derbi-dagyn edilmegi netijesinde, Assiriýanyň düýp ýerlerini (Demirigazyk Derýaaralygy) we Harran welaýatyny midiýalylar basyp alýar. Şeýlelik bilen, Midiýa Ýakyn Gündogarda Wawilon hem Müsür ýaly iň uly döwletleriň birine öwrülýär. Midiýalylar bilen wawilonlylaryň Assiriýa garşy bile uruş alyp baran döwründe, olaryň ýaranlygy Nawuhodonosoryň ogly Nabopalasara Kiaksaryň gyzynyň berilmegi bilen berkidilipdir. Heniz Nawuhodonosor II Wawilon tagtyna (605ý.) çykan döwürlerinde Midiýa bilen garyndaşlyk gatnaşyklary saklamaga çalyşypdyr. Emma Midiýanyň artykmaç güýçlenmeginden howatyrlanyp Nawuhodonosor midiýa aralygyndaky serhetde berk gorag dywaryny salýar. Tiz wagtdan Wawilonda midiýadan gelýän syýsy gaçgaklary hem höwes bilen kabul edip başlapdyrlar we olara hemme tarapdan hemaýat beripdirler. Öz gezeginde Midiýa hem Nawuhodonosor bilen oňuşman Wawilondan gelenleri kabul edipdir.

B. e. öň VII asyryň ahyrlarynda VI asyryň başlarynda midiýa patysasy Kiaksar döwletiň serhetlerini günorta hem gündogar goňşylarynyň hasabyna ep-esli giňeldýär. Parsyň garaşsyzlygy elinden alnypdyr, Kaspi deňziniň günorta gündogarynda ýerleşýän Parfiýa we Girkaniýa ýerleri hem basylyp alynýar. B. e. öň 590-njy ýylda midiýalylar Urartu döwletini hem tabyn edýärler. Sakasendäki skif patyşalygy, Urmiýa kölüniň günorta gündogar sebitlerinde ýerleşen Manna ýerleri hem Midiýa tarapyndan basylyp alynýar.

Takmynan b. e. öň 590-njy ýylda Kiçi Aziýanyň gündogar bölegi, ýagny bütin Kappadokiýadan Galis derýasyna çenli ýerler Midiýa tarapyndan basylyp alynýar, Kiaksaryň Kiçi Aziýadaky basybalyşlary, Lidiýa patyşalygy bilen Midiýanyň çaknyşmagyna alyp barýar. Midiýa bilen Lidiýanyň arasyndaky

uruş bäş ýyla çenli dowam edýär, emme taraplaryň hiç haýsysy hem aýgytly ýeňiş gazanyp bilmeýär. B. e. öň 585-nji ýylyň 29-njy maýynda bolan söweşleriň birinde günüň tutulmagy, uruşýanlaryň ikisi tarapyndan hem ýamanlygyň alamaty hökmünde kabul edilýär. Şonuň üçin taraplar ylalaşyk baglaşýarlar. Lidiýa bilen Midiýanyň serhedi ýaraşyk şertnamasyna görä Galis derýasy diýilip ykrar edilýär. Şertnama lidiýa patyşasynyň gyzyny Kiaksaryň ogly Astiaga nykalap derilmegi bilen berkidilýär.

B. e. öň 585-nji ýylda Kiaksar Wawilonyň elinden Elamy hem basyp alýar. Ol şol ýyl öz döreden uly hem kuwwatly döwletini Midiýanyň iň soňky patyşasy Astiaga (b. e. öň 585-550 ýý.) tabşyryp aradan çykýar. Bu ýagdaý Wawilon Midiýa gatnaşyklarynyň birden erbetleşmegine getirýär we öňki ýaranlar urşa taýýarlanyp başlaýarlar, emma olar ýekelikde täze duşmana, parslara garşy uruşmaly bolupdyrlar.

Kiaksaryň oruntutary Astiag (585-550ýý.) hem Midiýa patyşalygynyň ýerini giňeltmegi dowam etdiripdir. Astiag Lidiýanyň patyşasy bilen garyndaşlyk açandan soň, ol Kiçi Aziýany basyp almakdan kesilýär. Şondan soň ol bar harby güýjüni Demirgazyk Derýaaralygyny we Siriýanyň demirgazyk welaýatlaryny basyp almaga gönükdirýär. Astiagyň patyşalyk eden ýyllary Midiýanyň iň kuwwatly, gülläp ösen döwri bolupdyr. Döwletiň çägi Eýranyň merkezi welaýatlaryndan başlap, gündogarda Galis derýasyna çenli, günbatarda Siriýanyň demirgazyk welaýatlaryndan başlap, günortada Pars aýlagyna çenli ýerleri öz içine alypdyr. Emma b. e. öň 550-nji ýylda parslar Midiýa garşy gozgalaň edip, olaryň agalygyndan çykypdyrlar we özbaşdak döwleti döredip, Midiýany özlerine tabyn etmegi başarypdyrlar.

**Midiýa jemgyýeti we medeniýeti.** Häzire çenli Midiýa jemgyýetiniň durmuş we döwlet gurluş ylgamyny öwrener ýaly, taryh ylmy ýeterlikli maglumatlary alyp bilenak. Onuň esasy sebäpleriniň biri-de Midiýa şäherlerinde arheologiýa

gazuw-barlag işleri geçirilmänsoň, onuň arhiwiniň üsti hem açylman gelinýär. Emma Midiýanyň uly harby üstünlikleri, midiýa jemgyýetiniň heniz gatlaklara bölünmeginiň uly bolmazlygy, onuň halk ýygymyndan ybarat ýaragly goşunynyň ýurdyň syýasy durmuşynda ähmiýeti uly bolupdyr we uly harby üstünliklere getiripdir. B. e. öň VII- VI asyryň başlarynda hem bu ýerlerde gulçylygyň ösen görnüşi bolmandyr, jemgyýet patriarhal gulçylykda ýaşapdyr. Garyp adamlar ykdysady sebäplere görä, baý goňşysyna kömek sorap ýuz tutmaga mejbur bolupdyrlar, netijede bolsa, olar bergisini üzüp bilmän baý taýpadaşlaryna tabyn bolup galypdyrlar.

Assiriýa patyşalarynyň basybalyşlarynyň netijesinde toplanan ägirt uly möçberdäki baýlyklaryň bir böleginiň midiýa emeldarlarynyň ýokarky gatlagynyň elinde galmagy, midiýa jemgyýetinde synpy gatnaşyklaryň ýüze çykmagyny tizleşdiripdir. Emma uruşlaryň uzaga çekmegi, midiýa goşunynyň esasyny düzýän ýönekeý adamlaryň hojalyklaryny tozdurypdyr. Haçanda, b. e. öň VI asyryň ortalarynda midiýanyň jemagat ýerindäki (obşinnikler) adamlaryň esasy bölegi emeldarlar tarapyndan bakna edilenden soň, ýurt hem daşarky duşmanlar tarapyndan tabyn edilipdir. B. e. öň VII-VI asyryň birinji ýarymynda Midiýa eýran medeniýetiniň merkezi bolup, parslar tarapyndan kabul edilýär we ösdürilýär. Ýöne ol barada ýeterlikli maglumatlar saklanmandyr ýa-da heniz üsti açylman gelinýär.

Ekbatandaky patyşa köşgüniň taryhy beýany Gerodotyň we Polibiniň taryhy işlerinde saklanyp galypdyr. Ekbatandaky köşk uly binagärçilik ulgamy bolup, onuň daşy ýedi gat diwarlar bilen gurşalypdyr. Olaryň gurluşy biri beýlekisinden bir gez ýokary galdyrylypdyr, diwarlaryň



Midiýaly, bergisini getirýär. Persepol şekili

galdyrylan bölegi dürli reňkler bilen reňklenipdir, olaryň köşge birikýän iki bölegi kümüş hem gyzyl bilen çaýylyp bezelipdir. Bu diwaryň içinde bolsa, patyşanyň köşgi we hazynasy ýerleşipdir. Köşgüň daşky galasynyň aýlawy bir kilometrden geçipdir, köşk otaglarynyň ýokarsy ýörite daşy altyn hem kümüş bilen saralyp-tikilen kedr agaçlary bilen ýapylypdyr.

## §25. B. e. öň VI-IV asyrlarda parslarýň Ahemeni döwleti. Kir II we Dariý I

**Ahemeniler döwletiniň döremegi.** Parslar baradaky iň ilkinji ýazgy maglumaty b.e.öň IX asyra degişlidir. Assiriýa ýazgylarynda olar Urmiýa kölüniň günorta-gündogarynda ýerleşýän Parsua welaýatynda ýaşaýarlar diýilip ýatlanylýar. B.e.öň IX-VIII asyrlaryň aralygynda olar günorta tarap hereket edýarler we VII asyrda Eýranyň günorta-günbatarysynda ýerleşýän elamlylaryň gadymy ýurdunda düýpli ornaşýarlar. Şeýlelikde olaryň täze baran ýeri gelenleriň ady bilen baglanyşykda Parsua ( gadymy Pars adyndan) diýen ady alýar.



Pasargadaky Kir II kümmeti

B.e.öň VIII asyrda parslarda taýpa birleşmeleri emele gelipdir. Olara Ahemenileriň urugyndan bolan serdarlar ýolbaşçylyk edipdir. Çak edilişine görä, nesilşalygy esaslandyryjy Ahemeni b.e.öň VII asyryň ikinji ýarymynda dolandyrypdyr. Şol döwürden başlap parslar Elam ýurdynyň hasabyna öz ýerlerini giňeldipdirler. Emma b.e.öň 639-njy ýylda assiriýalylaryň Elamy boýun egdirmegi netijesinde parslaryň patyşasy Kir I (parsça Kuruş) olaryň agalygyny ykrar etmäge mejbur bolýar.

Takmynan b.e.öň 600-559-njy ýyllar aralygynda Parsuada Kambis I patyşlyk edipdir. Emma ol goňşy Midiýa döwletine garaşly bolupdyr. Kambis Midiýa patyşasy Astiagyň gyzy Mandana öýlenipdir. Kambisiň Mandanadan bolan ogly Kir Midiýanyň iň soňky patyşasy Astiagyň agtygy bolupdyr. Kir b.e.öň 558-nji ýylda pars taýpalarynyň patyşasy bolýar. Ol taryhda Kir II ady bilen bellidir. Ol taýpalaryň içinde pasargalar urugy iň güýçli urug hasaplanypdyr. Şoňa görä-de Kir II tarapyndan esaslandyrylan hem bolsa, ýurduň paýtagty diýip yglan edilen täze şähere Pasarga diýilip atlandyrylypdyr.

Kiriň çagalyk we ýetginjeklik ýyllary barada birnäçe biri-birine gapma-garşy gelýän rowaýtlar, taryhy maglumatlaryň beýanlarynda saklanyp galypdyr. Giňden ýaýran şeýle rowatlar Gerodotyň işinde öz beýanyny tapypdyr. Ol beýanlarda köşk ruhanylary tarapyndan Astiagyň gören düýşi şeýleräk ýorgud edilipdir, ýagny Astiagyň gyzyndan agtygy dünýä inip geljekde patyşanyň tagtyny eýeläp, dünýäni basyp aljakmyş. Patyşa hamyla gyzyny öz köşgüne getirip, agtygy dünýä inenden ony heläklemegi ýüregine düwýär. Kir ady dakylan agtygy bolandan soň, Astiag bu wezipäni köşk hyzmatkäri Garpaga tabşyrýar, ol hem öz gezeginde patyşanyň guly-çopan Mitridata tabşyryp, ony ýabany haýwanlaryň köp ýeri bolan dag içine taşlamagy buýurýar. Mitridat çagany dagdaky kümesine getiripdir. Şol wagt onuň aýalynyň hem dünýä inen çagasy öli bolupdyr. Çopan we onuň aýaly Kiri öz çagalary ýaly terbiýelemegi maslahatlaşyp, öz öli çagalaryny Astiagyň agtygynyň eşiklerini geýdirip dagyň bir boş ýerine goýup gaýdýarlar. Şondan soň Mitridat Garpaga patyşanyň buýrugyny ýerine ýetrilendigi barada habar berýär. Ýyllar geçip Kir 10 ýaşaýar, Bir gezek oglanlar bilen öýnap ýörkä Kiri patyşa saýlapdyrlar. Emma midiýaly bir begzadanyň ogly oňa boýun bolman soň, Kir ony patyşa hökmünde jezalandyrypdyr. Jeza berilen oglanyň beg kakasy, patyşanyň guly emeldarlaryň çagalaryny urýar diýip Astiaga arz edipdir. Kiri tizden-tiz

Astiagyň ýanyna getiripdirler. Astiag onuň adynyň patyşa nebereleriniň atlary bilen meňzeş gelýändigini görüp, oňa öz agtygydyr diýip müňkürlik edipdir. Astiag Mitridatdan sorag edip hakykatyň üstüni açypdyr we ýene-de öz ruhanylaryna ýüzlenip, agtygy tarapyndan oňa howpyň barlygy ýa-da ýoklugy barada sorapdyr. Olar bolsa, düýşiň ýorgudynyň eýýam bolup geçendigini aýdypdyrlar, sebäbi Kir oglanlar bilen oýnan wagty patyşa saýlandy, şonuň üçin patyşanyň ondan howatyrlanyp oturmagynyň gerek däldigini aýdypdyrlar. Şondan soň Astiag rahatlanyp agtygyny Parsua, ene-atasynyň ýanyna iberipdir.

**Kir II basybalyjylykly syýasaty.** B. e. öň 558-nji ýylda Kir parslaryň ekerançy taýpalarynyň patyşasy bolandan soň, ol öz häkimligini berkidip bar ünsüni garaşsyzlyk almaga gönükdiripdir hem-de urşa taýynlyk görüp başlapdyr. B.e.öň 553-nji ýylda Kir II Midiýanyň agalygyna garşy, ýagny öz babasynyň garşysyna uruşa başlaýar. Uruşyň netijesi iki sany uly söweşde çözülipdir. Birinji söweşe patyşa Astiag gatnaşmandyr.

Onuň goşun serkerdesi Garpag goşunyň uly bölegi bilen Kiriň tarapyna geçýär. Şondan soňra Astiag täzeden goşun toplap oňa özi ýolbaşçylyk edipdir. Emma ol söweş hem midiýalylara ýeňiş getirmändir. Uruş 550-nji ýyla çenli dowam edýär hem-de Midiýanyň paýtagty Ekbatan şäherini parslaryň basyp almagy bilen tamamlanýar. Midiýa boýun egdirilenden soň parslar Midiýanyň döwlet dolandyryş ulgamyny, olaryň medeniýetini kabul edipdirler.

Midiýanyň boýun egdirilmegi parslaryň basyp alyjylykly syýasatynyň başlangyjy bolýar. B. e. öň 549-njy ýylda Kir II Suzy şäherini, Elamyň öňki paýtagtyny basyp alýar. Soňraky iki ýylyň içinde ol ozalky Midiýa döwletiniň güzümine giren Girkaniýa, Parfiýa we Ermenistan ýerlerini boýun egdirýär.

Şol döwürde Kiçi Aziýada iň güýçli döwlet bolan Lidiýanyň patyşasy Krez Kiriň şeýle çalt üştünlik gazaýanyny görüp, ondan howatyrlanyp urşa taýýarlanyp başlapdyr. Şol döwürde Kiçi Aziýadaky grek koloniýalary we ýerli halkyň esasy bölegi Kreze tabyn bolupdyr. Krez aýgytly hüjüme geçmezden öň hudaýlaryň duýdurjak habaryny eşitmek üçin, Delfdäki Apollon (Gresiýa) ybadathanasyna öz ýakyn adamlaryndan çapar ugradýar. Arakuldaky Apollona Kir bilen urşa başlamalymy ýa-da uruşman saklanmalymy diýilip berilen soraga, olara gümürtik jogap beripdirler, ýagny eger-de Krez Galis derýasyndan (Lidiýanyň gündogar serhedi) geçse, onda ol basybalyjy patyşany gürrüňsiz ýeňer diýip jogap beripdirler. Krez özüniň garaşýan jogabyny alansoň öz goşunyna baş bolup parslara garşy ýörişe başlaýar.

B. e. öň 547-nji ýylda Galis derýasynyň kenarynda gan döküşikli söweş bolýar, emma ol netijesiz tamamlanýar. Taraplaryň hiç haýsysy hem urşy dowam etdirmäge töwekkelçilik etmändirler. Şondan soň Krez urşa oňat taýýarlyk görmek maksady bilen öz paýtagyty Sardy şäherine çekilýär. Emma Kir şeýle bir tiz hereket edipdir, Sardynyň ilaty öz üstüni nähili aldyranlaryny hem bilmändirler. Krez peýkamlar bilen ýaraglanan atly goşunyny Sardynyň öňündäki düz meýdana çykarýar. Kir bolsa harby ýeserlige geçip, ähli goşunyň yzyndan gelýän düýelere esgerlerini mündirip goşunyň öňünde goýýar. Lidiýa goşunyndaky atlar düýeleri görüp, olaryň isini alandan bary gaçypdyr. Muňa garamazdan özlerini ýeňilmezek hasaplaýan lidiýa goşuny, atlaryndan düşüp pyýada söweşe giripdirler. Netijede örän gyrgynçylykly söweş bolup, güýçler deň bolmansoň lidiýalylar Sardy şäherine çekilip goranyşa geçmäge mejbur bolýarlar. Şäheri gabamaklyk 14-güne çekýär. 547-nji ýylyň gyşynda Sardy basylyp alynýar, Lidiýanyň goşuny derbi-dagyn edilýär, Krez ýesir düşýär. Şondan soň Krez Apollon ybadathanasynyň ruhanylary gymmat bahaly serpaýlary alsalar hem meni aldadylar diýip igenipdir. Apollon

ybadathanasynyň ruhanylary Kreziň bu igenjini eşidip olaryň duýdyran habarlary dogry bolup çykandygyny aýdypdyrlar, sebäbi lidiýa patyşalygy ýykyldy, Kreze bolsa urşy başlamazdan öň haýsy döwletiň ýeňiljekdigini soramaly ekenler diýip, olar jogap beripdirler. Bu ýeňişden soň Kiçi Aziýanyň kenar ýakasynda ýerleşen ähli grek şäherleri,Miletden başgasy parslara meýletin boýun bolupdyrlar.



Tumar şa



Dariý I patyşa tagtynda

B. e. öň 545-539-njy ýyllar aralygynda Kir II gündogar Eýran welaýatlaryny (häzirki gündogar Eýranyň, Owganystanyň, Päkistanyň we Hindistanyň käbir etraplary), Merkezi Aziýadaky oazislaryň birnäçesini we goňşy welaýatlary: Demirgazykda Horezm, Margiana we Sogdy ýerlerini, Günortada Baktriýa, Drangiana, Arahosiýa we Gandhar ýerlerini boýun egdirýär. Tiz wagtyň içinde Kir Wawilona garşy urşa başlamagy ýüregine düwýär we b. e. öňki 539-njy ýylyň sentýabr aýynda Wawilon hem Kire tabyn edilýar. Şondan soň, Wawilondan günbatardaky Müsüre çenli aralykda ýerleşen halklar parslara meýletin tabyn bolýarlar. Uly döwletiň döremegini finikiýa şäherleriniň söwdagärleri hem, Wawilonyň we Kiçi Aziýanyň söwdagärleri hem isläpdirler. Olar söwda ýollarynyň howpsyzlygyny üpjün edip biljek uly

döwletiň tarapdarlary bolupdyrlar. Sebäbi, diňe şeýle döwletde ähli söwda hem dellalçylyk işleri olaryň ellerinde jemlenmegine mümkinçilik berjekdi.

Kir II Müsüri basyp almaga hem taýýarlyk görüpdir. Şoňa görä-de ol ilki bilen Pars imperiýasynyň gündogar serhetleriniň howpsyzlygyny üpjün etmek üçin, Merkezi Aziýada ýaşaýan çarwa taýpalaryň-massagetleriň garşysyna b. e. öňki 530-njy ýylda ýöriş edýär. Emma bu ýöriş parslar üçin şowsuz tamamlanýar, Kiriň goşuny derbi-dagyn edilýär, özi bolsa heläk bolýar.

**Kambis we Müsüriň basylyp alynmagy.** B. e. öň 530-njy ýylyň awgustynda Kir II ýerine ogly Kambis II Ahemenileriň patyşasy bolýar. Ol öňki patyşalaryň basybalyjylykly syýasatyny dowam etdirip, Müsüre çozmaga taýýarlyk görüp başlaýar. Onuň goşunynda parslar bilen birlikde basylyp alnan ýurtlaryň halklaryndan hem adamlar alnypdyr. Ondan başga-da finikiýalylaryň we kiprlileriň güýçli deňiz gämileri parslaryň ygtyýarynda bolupdyr. Pars goşunlary Palestinada jemlenipdir. Sinaý ýarymadasynda ýaşaýan çarwa taýpalar Kambisiň goşunyny Müsüriň serhedine barmaklary üçin, suwsuz çöllerden geçenlerinde suw bilen üpjün etmegi öz üstlerine alypdyrlar.

Uruş müsürliler üçin şowsuz gutarýar. Müsüriň harby gämi goşunynyň serkerdesi Udžagorpesent diňe bir duşmana garşy uruşmaga taýýarlanman, eýsem ol duşmanyň tarapyna geçmek üçin diňe amatly wagta garaşypdyr. Müsür faraony Psammetih III ýanynda gulluk edýän grek hakynatutma gösunynyň serkerdesi Fanes hem dönüklik edip, duşmanyň tarapyna gaçýär hem-de müsürlileriň harby taýýarlyklary baradaky gizlin maglumatlary parslara berýär.

Müsür goşuny şol wagt pars goşunyna Pelusiý şäherinde garaşypdyrlar. Öz öňki serkerdesine gahar eden grek hakynatutma esgerleri Fanesiň Müsürde ýaşaýan ogullarynyň hemmesini goşunyň öňünde naýzalap, olaryň ganyny çakyr

bilen garyp, soňra bolsa ony içip parslaryň garşysyna söweşe başlapdyrlar. Parslar bilen Müsür goşunynyň arasynda bolan ýeke-täk uly söweş b. e. öň 525-nji ýylyň ýazynda Pelusiý şäheriniň golaýynda bolup geçýär. Bu söweşde iki tarap hem uly ýitgi çekýär, emma söweşde parslar üstün çykýar. Müsüriň we hakynatutma goşunlaryň galyndylary paýtagta-Memfis şäherine çekilip goranyşa geçmeli bolýarlar. Parslar şäheri tiz basyp alýar we onuň ilatynyň 2-müňsini, şol sanda faraon Psammetihyň oglyny hem jezalandyryp öldürýärler, emma Müsür faraony diri galdyrylýar.

B. e. öň 525-nji ýylyň awgustynda Kambis resmi taýdan Müsür faraony diýilip yglan edilýär. Ol özüni “Müsüriň şasy”, „ýurtlaryň şasy” diýen derejäni we Müsür faraonlarynyň “Ra, Osiris hudaýlarynyň nesli” ýaly adaty derejeleri kabul edýär. Kambis öňki müsür faraonlarynyň XXVI nesilşalygynyň syýasatyny ýöredip, öz tarapyna müsürlileri çekmäge çalyşýar. Netijede, ol Müsüriň täze XXVII nesilşalygyny esaslandyrýar.

Kambis Müsür halkyny öz tarapyna çekmek maksady bilen uly egilşiklere gidýär, ol ýurdy talamagy bes edýär. Ybadathanalara ýetirilen zyýanlary gaýtaryp berýär, müsürlilere dini we raýat erkinligini hem yglan edýär. Ýerli ilatdan, şeýle-de beýleki halklaryň wekilleri bolan emeldarlar döwlet edaralarynda, öňki wezipelerinde galdyrylýar, olaryň wezipeleri hem nesilden nesle geçirilýär. Mysal üçin, dini işgär hem serkerde Udžagorresent Kambisiň döwründe özüniň diňe bir döwlet wezipelerini elinde saklaman (garby gämileriň serkerdesi wezipesinden öňňesi), eýsem ol Kambisiň maslahatçysy hem bolupdyr, soňra Dariniň döwründe-de ol döwleti dolandyrmak meseleleri boýunça hökümdaryň maslahatçysy bolýar. Şeýlelik bilen, Kambis ýokary gatlagyň wekillerini öz tarapyna çekýär we ýurdy özüne tabyn edýär.

Kambis Müsüri basyp alyp Nubiýa we Liwiýa ýerlerini hem eýelemegi meýilleşdiryär. Gerodotyň gürrüňine görä, ol bu ýörişe hiç hili taýýarlyksyz we azyksyz başlapdyr, ýöriş

wagtynda onuň goşunynda açlyk başlanyp, esgerler agyr ýagdaýa düşüpdir. Şonuň üçin, Kambis yza çekilmäge mejbur bolýar. Parslaryň günbatar Liwiýa oazisindäki Ammon hudaýynyň ybadathanasyna geçiren ýörişi hem şowsuz bolýar. Kambisiň goşuny Liwiýa çöllüginden geçende uly çöl harasadyna duçar bolup, goşun agyr heläkçilik çekýär. Şeýlelikde, Kambisiň harby ýörişleriniň ikisi hem şowsuz tamamlanýar.

Mundan peýdalanan müsürliler parslaryň agalygyna garşy gozgalaň turuzýar. B. e. öň 524-nji ýylyň ahyrynda Kambis Memfise dolanyp gelýär we gozgalaňçylardan rehimsiz öç alýar. Müsüriň faraony Psammetih III jezalandyrylýar, parslaryň Müsürdäki agalygy täzeden dikeldilýär. Şeýlelik bilen, Müsür parslaryň golastyna geçýär. Müsürden günbatarda ýaşaýan liwiýa taýpalary, Kirenaikiniň grekleri hem Kambise meýletin boýun bolýarlar.

**B. e. öň VI asyryň soňky çärýeginde halk gozgalaňlary.** Kambisiň Müsürde bolan wagtynda Eýranyň öz içinde hem gozgalaňlar başlanypdyr. B. e. öň 522-nji ýylyň ýazynda Kambisiň kiçi dogany Bardiýa özüni patyşa diýip yglan edenmiş, diýen habar barandan soň Kambis gyssanmaç Eýrana dolanýar. Emma ol ýolda gümürtik ýagdaýda ölýär.

Eýranda turan gozgalaňlar barada köp sanly çeşmelerde maglumatlar saklanypdyr. Mysal üçin, Dariý I Bisütin ýazgylarynda görkezilýän maglumata görä, häkimiýeti Kambisiň öldürilen doganynyň adyndan Midiýaly ruhany (mag) Gaumata özüni Bardiýa diýip atlandyryp häkimiýeti basyp alýar. Hakykatdan hem Gaumata b. e. öň 522-nji ýylyň 11-nji martynda gozgalaň turuzyp häkimiýeti basyp alýar. Bir aý geçip geçmän ol Wawilonyň şasy, ýurtlaryň şasy diýip özüni yglan edýär, soňra bolsa Pasargada Kiriň we Kambisiň uly döwletiniň patyşasy diýilip ykrar edilýär. Ol öz häkimligini berkitmek üçin salgytlary hem harby borçlary üç ýyllyk möhleti bilen ýatyrýar. Onuň döwleti dolandyran döwründe ýurtda hiç

hili tolgunşyklar we gozgalaňlar bolmandyr. Şonuň üçin, Gaumata adyl patyşa hökmünde görülipdir.

Gaumata özüniň içerki syýasatynda parslardan bolan han-begleriň ykdysadyýetde we jemgyýetde agalygyny ýok etmek üçin, olara garşy gönükdirilen käbir çäreleri geçirýär. Gaumata ilki bilen pars beglerine berilýän ýeňillikleri ýatyrýar, käbirleriniň emläkleri ellerinden alýar. Ol çäklendirilmedik häkimiýeti berkitmäge, boýun egdirilen halklaryň dürli gatlaklaryny öz tarapyna çekmäge, olaryň hasabyna imperiýanyň daýanjyny giňeltmäge çalyşýar. Elbetde, Pars döwletiniň gelip çykyşynyň öz aýratynlyklary bardy. Ol heniz Kir II dölanadyran ýyllarynda, ýagny 10-20 ýylyň dowamynda ägirt uly döwletiň emele gelmegi bilen bagly bolupdy. Birinjiden döwlet gadymdan gelýän tire-taýpa gatnaşyklaryndan doly saplanmandy. Ikinjiden pars patyşalygy beýleki gul ýeçilik döwletleriniň geçen taryhy ýoluny geçip bilmändi. Has dogrysy, bu döwletde çäklendirilmedik hämiýeti döretmeklikde öz agalygyny saklamak üçin erjel göreşen urug begleriniň garşylygy bolmandy. Ol esasan hem Kir II döwründe ýüze çykmandy, sebäbi parslar yzly-yzyna onlarça halklary özlerine tabyn etmek bilen meşgul bolupdylar. Galyberse-de, Kir II bar ünsi täze ýurtlary basyp almaga gönükdirilipdi, bu bolsa urug begleriniň hem bähbitlerine, olaryň baýlaşmagyna we güýşlenmegine getiripdi.

Emma döwlet barha ösýärdi, täze ýurtlaryň basylyp alynmagy bilen jemgyýet urug gatnaşyklarynyň çäginden çykypdy. Ýöne döwletiň sosial özeni öňküsi ýaly dardy, ol saklanyp gelýärdi. Şeýlelikde, pars begleri bilen patyşa häkimiýetiniň arasynda gapma-garşylyk ýüze çykypdy. Döwletiň merkezleşen manarhiýa düzgünine geçmegi bolsa, ahyr soňunda urug begleriniň sosial gatlak hökmünde ýok edilmegine getiripdi.

Häkimiýeti basyp alan Gaumata çäklendirilmedik patyşa häkimiýetini döretmäge çalyşyp, ilki bilen parslaryň we

basylyp alnan beýleki halklaryň dürli sosial gatlaklaryny öz tarapyna çekmäge çalyşýar. Emma Dariý I Bisütün ýazgylarynda Gaumata halky talan, olaryň öýlerini, emläklerini alan, ybadathanalary ýumuran adam hökmünde görkezilýär. Ýöne başga çeşmelerden mälim bolşy ýaly Gaumata Eýranyň özünde-de, onuň düzümine girýän beýleki halklaryň arasynda-da uly abraýa eýe bolupdyr. Onuň özgertmeleri halkyň garşysyna däl-de urug begleriniň garşysyna gönükdirilipdir. Gaumatanyň ybadathanalary ýumurmagy hem syýasy maksatlary göz öňünde tutýardy, ýagny iň bolmanda Midiýada we Parfiýada merkezleşdirilen bir mukaddeslige sejde etmekligi döretmeklige gönükdirilipdi. Bu ýagdaý pars begleriniň nägileligini döredipdir.



Bisütün gaýasynyň umumy görnüşi

Gaumata ýedi aý häkimlik edenden soň, b. e. öň 522-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda pars taýpalarynyň 7-siniň ýolbaşçylarynyň gatnaşmaklarynda onyň garşysyna dildüwişik guralýar we Gaumata öldürilýär. Emma dildüwişijileriň arasynda oňuşmazlyk ýüze çykýar. Netijede bolsa, Gaumata tarapyndan ýatyrlan pars urug begleriniň hukuklarynyň dikeldilmegine razylyk beren Ahemeniler neberesinden bolan 28 ýaşly Dariý I tagta çykarylýar.

**Eýran Dariý I döwründe.** Dariý I tagty eýeländen soň tiz wagtdan Wawilonda hem gozgalaň turýar, Nidintu-Bel Hawuhodonosor III ady bilen tagta çykýar. Gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin Dariý I özi ýörişe ýolbaşçylyk edýär. Parslar Wawilony eýeläp, gozgalaňyň ýolbaşçylaryna ölüm jezasyny

berýär. Dariý I Wawilonda gozgalaňy ýatryp ýörkä, ýurduň beýleki ýerlerinde: Pasuada, Midiýada, Elamda, Margianada, Parfiýada, Orta Aziýanyň sak taýpalarynda, Müsürde we beýleki ýerlerde halk gozgalaňlary turýar.

Eýranyň özünde Wahýazdat diýen bir adam Kiriň ogly Bardiýanyň ady bilen Dariniň garşyna häkimiýet ugrunda göreşe başlaýar we halk tarapyndan uly goldaw tapýar. Ýalan Bardiýa gündogar Eýranyň tä Arahosiýa welaýatyna çenli ýerleri basyp almaklyk başardýar. Emma birnäçe söweşlerden soň Dariniň serkerdelerine b. e. öň 521-nji ýylyň iýul aýynda aýgytly ýeňiş gazanmaklyk başardýar, Wahýazdat ýesir düşüp öz ýakyn tarapdarlary bilen öldürilýär. Şeýlelik bilen, bütin Parfiýa Dariniň gol astyna geçýär.

Emma beýleki galan ýurtlarda gozgalaňlar dowam edýär. Elamlylaryň iki gezek parslara garşy eden çykyşlary basylyp ýatyrylýar, ýöne oňa çenli Midiýa döwletini esaslkandyran Kiaksaryň neberesinden diýip, özüni yglan eden Frawartiş Midiýada bütin häkimiýeti öz eline alýar. Bu gozgalaň Dariý üçin iň howply gozgalaňlaryň biri bolupdyr. Şonuň üçin, Dariý I özi topalaňçylara garşy ýörişe çykýar. Midiýalylar ýeňilipdirler, Frawartiş we onuň ýakyn egindeşlerinden gazaply öj alynýar we olar jezalandyrylýar. Dariý I serkerdeleri Ermenistanda hem köp wagtlap topalaňçylary köşeşdirmäge çalyşypdyrlar. Dariý I Ermenistana goşmaça goşun ibermäge mejbur bolýar we birnäçe söweşden soň b. e. ön 521-nji ýylyň ahyrynda gozgalaň gutarnykly basylyp ýatyrylýar.

Parfiýada we Girkaniýada hem gozgalaňlar turýar. Bu ýerde häkimlik edýän Dariý I kakasy Wiştasp birnäçe aýyň dowamynda gozgalaňlary basyp ýatyrmaga çalyşýar, emma gozgalaňlary basyp ýatyrmaga onuň güýji ýetmändir. B. e. öň 521-nji ýylyň tomsunda Dariý kakasyna ýeterlikli kömek iberenden soň gozgalaňlar basylyp ýatyrylýar. Ahli gozgalaňlaryň içinde Margianada bolan gozgalaň has

köpçülikleýin we uly bolupdyr. Harby ýorişiň netijesinde bu ýurtda geçirilen gyrgynçylygyň umumy möçberi 55 müň adama ýetipdir.

B. e. öň 521-nji yylyň awgustynda wawilonlylar ýene-de gozgalaň edipdirler. Gozgalaňyň başynda ozüni Nabonidiň ogly Nawuhodonosor (soňky Wawilon patyşasy Nawuhodonosor IV ) diýip, ýalan at alan adam durupdyr. Wawilonyň garşysyna Dariý I ýakyn egindeşleriniň birini uly goşun bilen iberýär we b.e. öň 521-nji ýylyň 21-nji noýabrynda gozgalaňçylaryň goşunlary derbi-dagyn edilýär.



Dariý I gollary daňylgy gozgalaňçylaryň öňünde öz jan penakärleri bilen

Gozgalaňçylaryň ýolbaşçylarynyň hemmesi jezalandyrylýar.

Döwletde heniz tolgunşyklar dowam eden hem bolsa, bu gozgalaň iň soňky uly gozgalaň bolupdyr. Dariý I häkimiýeti basyp alandan soň bir ýyldan gowrak wagtyň içinde, öz häkimligini berkidip ýetişýär we döwletiň öňki serhedini dikeldýär.

Dariý I ýeňmeginiň esasy sebäpleriniň biri-de gozgalaňlaryň dürli wagtlarda turmagy, olarda özara baglanyşygyň bolmazlygy, galyberse-de gozgalaňlaryň goranyş häsiýetde bolmagy olaryň ýeňilmegine getiripdir. Dariniň ýeňmeginiň ikinji bir sebäbi, onuň elinde wepaly hem oňat ýaraglanan goşunynyň bolmagydyr. Dariý I ol goşuny gozgalaňlary ýeke-ýekelikde derbi-dagyn etmekde ulanmagy başarypdyr, ol öz güýjüni hemme ýerde bir wagtda gozgalaňlary ýatyrmaga ulanman, eýsem ilki bir ýurtda, soňra

ikinji ýurda gozgalaňy basyp ýatyrmaga ugradypdyr. Dariý I gozgalaňlardan üstin çykmagyna gozgalaňlaryň goranyş häsiýetde bolmagy hem mümkinçilik beripdir.

B. e. öň 520-nji ýylda elamlylar üçünji gezek parslara garşy gozgalaň turuzýarlar, emma ol hem netijesiz tamamalanýar. B. e. öň 519-njy ýylda Dariý I Orta Aziýadaky ýaşaýan sak taýpalaryna garşy ýörişe baş bolýar. Ol saklaryň serdaryny ýesir alyp, onuň ýerine öz diýen adamsyny serdar belleýar. Şeýlelik bilen, Dariý I döwletiň Kir II we Kambisiň döwründäki serhetlerini dikeltmek başardýar.

Parslaryň agalygyna garşy köp sanly halklaryň gozgalaňlarynyň turmagynyň esasy sebäpleri: olara agyr salgytlaryň salynmagy, olaryň ilatyndan harby gulluga alynmagy şeýle-de müňlerçe hünärmen adamlaryň Eýrana, patyşa köşklerini, beýleki binalary salmaga sürülmegi bolupdyr. Uly gozgalaňlaryň turmagyna, daýhanlaryň ýerli urug begleri tarapyndan talanyp, agyr durmuşda saklanmagy-ezilmekleri hem sebäp bolupdyr.

Dariý I gozgalaňlary rehimsizlik bilen basyp ýatyryp, özüniň ýeňişleri barada gürrüň berýän uly gurluşyk işlerine başlaýar. Dariý I topalaňçylaryň ýesir düşen serdarlaryndan üstün çykyşy barada gürrüň berýän Bisütün ýazgylarynyň gurluşygyna başlaýar. Ol beýikligi 105 metr bolan gaýanyň ýüzüne üc dilde: gadymy pars, elam we akkad dillerinde ägirt uly ýazgy ýadygärligini oýduryp ýazdyrypdyr. Patyşa öz ýazgylarynda Dariniň heniz häkimligi almazyndan öň ýurtda eden-etdilik agalyk sürüpdir, adamlar biri-birini heläk edipdirler, Dariý bolsa olaryň hemmesini ýok edip, olaryň ýerine baýlary we garyplary goýandygy baradaky mazmunly ýazgyny ýazdyrypdyr. Dariý I öz ýazgylarynda ezijiler gatlagy bilen garyplaryň arasyndaky dartgynlygy gowasatmaga çalyşyp, ol baýlaryň emlägini garyplaryň eden-etdiliginden goraýandygyny, şol bir wagtda bolsa ýönekeý daýhanlaryň we

hünärmentçileriň artykmaş ezilmeklerine ýol bermeýandigini görkezmäge çalyşypdyr.

RESMINAMA Bisütün ýazgylaryndan

... Gepleýär patyşa Dariý: Parfiýa we Girkaniýa menden aýryldylar [we] Frawartişe birikdiler. Meniň kakam Wiştaspa (Gistasp) Parfiýada eken. Men Wiştaspa kömek üçin Ragdan [ýeriň ady] goşun iberdim. Ol Parfiýada Patigraban şäheriniň golaýynda pitneçilere garşy söweş edipdir. Maňa Ahuramazda kömek etdi. Ahuramazdanyň emri bilen, Wiştaspa pitneçi goşuny derbi-dagyn edipdir. Söweşiň bolup geçen wagty garmapad aýynyň 1-nji günüdi (b.e. öňki 521-nji ýylyň iýul aýynyň 12-ne ). Şondan soň ýurt meniňki boldy. Ine Parfiýada meniň eden işlerim. Gepleýär patyşa Dariý: Margiana diýilýän ýurt menden aýryldy. Olar margianaly, Frada diýen bir adamy häkim diýip jar edipdirler. Şonda men Baktriýadaky satrapy (häkimi) tabynlygymdaky Dadarşişiň ýanyna iberdim [we] oňa: “Bar [we] meni ykrar etmeýän goşuny derbi-dagyn et” diýdim. Dadarşiş goşun bilen ýöriş etdi we margianlara garşy söweşe girdi. Maňa Ahuramazda kömek etdi. Ahuramazdanyň emri bilen, meniň goşunym pitneçi goşuny çym-pytrak etdi… Şondan soň ýurt meniňki boldy…

Täze özgertmeleriň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykda başynda patyşa diwany durýan uly merkezi gurama döredilýär. Merkezi häkimiýet Suzy şäherinde ýerleşipdir. Wawilonda, Ekbatanda, Memfisde we beýleki iri şäherlerde döwletiň resmi hat işleri bilen meşgullanýan, köp sanly işgärli iri dolandyryş edaralary döredilýär.

Satraplar hem harby serkerdeler merkezi gurama bilen berk aragatnaşykda bolup, patyşanyň gözi hem gulagy diýilýän gizlin polisiýanyň mydamalyk gözegçiligi astynda bolupdyr. Döwletde patyşadan soňky iň ýokary wezipe hazarpatu (müňbaşy) wezipesi bolupdyr. Ol ähli emeldarlaryň üstünden garaýan iň ýokary gözegçi hasaplanypdyr. Şol bir wagtda

hazarpatu patyşanyň şahsy goragynyň hem serkerdesi wezipesini ýerine ýetripdir.

**Dariý I döwlet dolandyryş ulgamyndaky özgertmeleri.** B. e. öň 522-521-nji ýyllardaky halk gozgalaňlary Ahemeniler döwletiniň içerki gowşaklygyny ýüze çykarýar. Bolup geçen gozgalaňlar döwletiň dolandyryş ulgamynda möhüm özgerişleriň geçirilmelidigini görezýär. Dariý I köp sanly özgertmeleri durmuşa geçirýär, netijede döwletiň täze dolandyryş ulgamy döredilýär. Ol tä pars patyşalarynyň agalyk eden döwrüniň ahyrlaryna çenli dowam edipdir. Ahemenileriň agalyk eden ýyllarynda parslarda başga bir degerli özgerişler geçirilmändir.



Pars patyşasynyň geýinişi

B.e. öňki 519-njy ýylda Ahemeniler döwletinde welaýatlary dolandyrmagyň täze ulgamy girizilýär. Berk döwlet dolandyryş ulgamynyň döredilmegi Dariý I basylyp alnan ýurtlaryň üstünden gözegçilik etmäge, salgyt ýgnalyşyny tertibe salmaga we goşunyň sanyny artdyrmaga mümkinçilik berýär. Dariý I ýurdy birnäçe satraplara (welaýatlara) bölýär. Satraplyklar indi Eýranyň düzümine girýän ozalky özbaşdak döwletleriň çäklerinde döredilýär Olar öz serhetleri boýunça irki imperiýalardan has köp ýerleri tutupdyrlar (mysal üçin, Müsür, Midiýa). Olaryň başynda bolsa satraplar (patyşalygy goraýjy-häkimler) goýlupdyr. Satrap wezipesi Kiriň, Kambisiň we Dariniň dolandyran ilkinji ýyllarynda hem bolupdyr. Emma ozal satrap wezipesi gadymy Assiriýa we Midiýa imperiýalaryndaky ýaly ýerli ilatdan bolan adamlar bellenipdir. Indi satrap wezipesi diňe parslardan bolan beglere berlipdir. .

Kiriň hem Kambisiň döwründe satraplar raýat hem harby häkimiýeti elinde saklan bolsalar, indi olara diňe raýat häkimligi ynanylypdyr. Satrap öz welaýatynda hojalyga ýolbaşçylyk edipdir, kazyýet işini amala aşyrypdyr, salgyt ýygnapdyr, ýerli emeldarlaryň üstünden gözegçilik edipdir, satraplara mis we kümüş pullary zikgelemäge ygtyýar berlipdir. Parahatçylyk döwründe içerki tertip-düzgüni saklamak üçin satrabyń ygtyýarynda uly bolmadyk harby bölüm bolupdyr. Emma satraplyklarda döwlet goşuny hem ýerleşdirilip, olaryň başynda merkezden bellenen serkerdeler durupdyr, ýöne olaryň satraplara hiç hili garaşly ýeri bolmandyr, olar gös-göni patyşanyň garamagynda bolupdyr. Emma Dariniň oruntutarlary döwründe, Ahemeni döwletinde harby we raýat dolandyryşyň arasyndaky çäklendirmeler öňkisi ýaly ýerine ýetrilmändir. Käbir satraplar harby serkerdelere garaşly bolupdyrlar, beýlekileri harby häkimligi hem ýöredipdirler. B. e. öň V asyryň ikinji çarýeginden başlap, iki ý-da üç satraplyk bir hökümdaryň elinde jemlenen wagtlary hem bolupdyr. Satrabyň gulluk möhleti çaklendirilmändir. Satraplyk derejesini diňe bir uly satraplyklar saklaman, eýsem şol satraplaryň düzümine girýän ownuk sataplar hem şol derejäni göteripdirler.



Töleg getirýän elamly. Persepol şekili

Öz içerki awtonomiýasy bolan ýurtlar uly satraplyklara goşulypdyrlar. Olar iň çetdäki etraplar bolup, olaryň içerki işlerine pars hökümdarlary kän bir goşulyp durmandyrlar, olaryň üstünden diňe ýerli patyşalaryň (Kipr, finikiýa şäherleri, Kilikiýa ), hanlaryň we taýpa serdarlarynyň (efiopiýalylar we başgalar) üsti bilen dolandyrypdyrlar.

Patyşanyň Suzydaky merkezi dolandyryş gurama meňzeş edaralar satraplyklarda-da döredilipdir. Olarda köp sanly

emeldarlar, mürzeler, kazyýet işlerini alyp barýan sülçiler, salgyt ýygnaýjylar, jarçylar gulluk edipdir. Patyşa Kir II döwründe Pars patyşalygynyň günbatar böleginde döwlet dolandyryş işlerinde arameý dili ulanylypdyr.

Dariý I döwründe arameý dili resmi döwlet dili hökmünde patyşalygyň gündogar böleginde hem kabul edilýär. Emma ýurduň dürli satraplyklarynda ýerli ähmiýetli resminamalar bolup, olar ýerli halkyň dilinde ýazylypdyr. Mysal üçin, Müsürde döwlet dolandyryş edarasy iki dilde bolupdyr, şonuň üçin ol ýerde arameý dili bilen birlikde giçki müsür dili hem ulanylypdyr. Parslaryň paýtagty bolan Persepolda b. e. öň V asyryň ikinji ýarymyna çenli, ýagny arameý dili tarapyndan gysylyp çykarylýança dolandyryşda elam dili hem ulanylypdyr. Parslar döwlet edaralarynda esasy orny eýeläpdirler. Olaryň ellerinde raýat we harby wezipeler jemlenipdir, ol wezipeler tabyn edilen ýurtlarda hem parslaryň ellerinde jemlenipdir. Dariý I özgertmelerinden soň, parslar ýurdyň iň çet etraplarynda hem kazyýet işlerini özleri alyp barypdyrlar. Emma parslar ýerli halklaryň wekilleriniň kömegine hem mätäç bolupdyrlar. Sebäbi parslardan öň Wawilonda, Müsürde, Kiçi Aziýada we beýleki welaýatlarda kazylyk işlerini, şäher häkimligiň wezipesini, döwletiň ýarag ammarlarynyň gözegçiligini, patyşalaryň gurluşyk işlerini alyp barýan emeldarlar, köp asyrlaryň dowamynda dolandyryş ulgamlarynda işlän hünärmen wawilonlylar, müsürliler, iudeýler, arameýler, elamlylar, grekler alyp barypdyrlar. Şonuň üçin, parslaryň ýerli häkimleri şolar ýaly hünärmenleri öz işlerinde ulanmaga mejbur bolupdyrlar.

Pars döwletiniň sosial-ykdysady esaslary özüniň dürliligi bilen tapawutlanypdyr. Kiçi Aziýada, Elamda, Wawilonda, Siriýada, Finikiýada we Müsürde Ahemenileriň uly döwleti emele gelmezinden öň özleriniň dowlet mekdepleri-institutlary bolupdyr. Emma bu döwletiň düzüminde ykdysady taýdan ösen ýurtlardan başga-da ýaňy urug gatnaşyklarynyň dargaýan

döwrüni başdan geçirýän çarwa arap, skif we beýleki taýpalar hem bolupdyrlar. Şonuň üçin, bu uly Pars döwletinde hukuk ulgamynyň we institutlarynyň dürli görnüşleri işläpdir.

Dariý I patyşalyk eden ýyllarynda basylyp alnan ýurtlaryň we halklaryň kanunlar ýygyndylaryny tertipleşdirmeklik barada uly işler alnyp barylypdyr (mysal üçin, Müsürde). Hunärmenler gadymy kanunlar ýygyndylaryny öwrenipdirler, esasan hem Hammurapiniň kanyunlar ýygyndysy öwrenilipdir hem-de dürli ýurtlarda hereket edýän kanunlar bir tertibe salnypdyr, gerek ýerinde kanunlar patyşanyň alyp barýan syýasatyna görä üýtgedilipdir.

Parslarda önden gelýän adaty hukuklar soňra patyşanyň esasy kanunlaryna öwrülipdir. Patyşa iň zerur işleri çözmek üçin täze kanuny girizip, kazyny täzeden belläp bilipdir. Parslaryň hukuk ýaşaýyş durmuşlarynda ýedi urugyň wekillerinden ybarat düzülen patyşa geňeşiniň tutýan orny has-da uly bolupdyr.

**Salgyt ulgamynda geçirilen özgertmeler.** Kiriň hem Kambisiň döwründe berk düzgünleşdirilen salgyt ulgamy bolmandyr. Tabyn edilen ýurtlar patyşa sowgat getirmek bilen çäklenipdirler. Şoňa görä-de Dariý I b. e. öň 519-njy ýylda täze salgyt düzgünini girizýär. Täze düzgün boýunça her bir satraplyk belli bir möçberde kesgitli pul salgydyny tölemäge borçly edilipdir. Salgydyň möçberi satraplykdaky işlenip bejerilýän ýeriň mukdaryna we onuň hasyllygyna seredilip kesgitlenilipdir. Salgyt tölemekden diňe agalyk edijiler bolan parslar boşadylypdyr.

Parslara tabyn halklardan bir ýylda ýygnalýan salgydyň umumy möçberi 7740 wawilon talantyna (232 tonna golaý) barabar kümüş bolupdyr. Bu salgydyň köp bölegi ykdysady taýdan has ösen: Kiçi Aziýa, Wawilon, Siriýa, Finikiýa we Müsür ýaly ýurtlaryň halklary tarapyndan tölenipdir. Salgyt pul görnüşinde ýygnalypdyr. Pul salgydyny tölemek tölegçileriň ykdysady ýagdaýyna ýaramaz täsir edipdir. Sebäbi elinde nagt puly

bolmadyk adamlar öz ýerini we beýleki emläklerini ýa-da maşgala agazalaryndan birini girewine goýup süýthorlardan pul karz almaga mejbur bolupdyrlar. Taryhy maglumatlara görä, Wawilonyň ilatynyň köpüsi patyşanyň kümüş puldan salgydyny tölemek üçun, öz ýerlerini we iýmiş baglaryny girewine goýmaly bolupdyrlar, soňra bolsa yzyna alyp bilmän, olar ýer eýeleriniň elinde batrakçylyk edipdirler. Kähalatlarda bolsa öz çagalaryny hem bergidarçylyk gulçulygyna goýmaly bolupdyrlar. Parslaryň Müsürde agalygy döwründe salgytlar şeýle bir agyr bolupdyr weli, ekerançylar şäherlere gaçyp gitmäge mejbur bolupdyrlar. Emma nomarhlar olary zorlyk bilen yzyna gaýtaryp getiripdirler. Dariý I döwründe girizilen salgytlaryň möçberi, parslara tabyn ýurtlaryň ykdysadyýetiniň pese gaçmagyna garamazdan Ahemeniler döwletiniň ahyryna çenli üýtgedilmän saklanypdyr.



Ahemenileriň altyndan guýlan darygy

Dariý I döwründe sowgat bermeklik ulgamy saklanyp galan hem bolsa, ol meýletin bolmandyr. Sowgat bermekligiň möçberi bellenilipdir, emma onuň salgytdan tapawutlygy pul görnüşinde bolman, eýsem önüm görnüşinde berlipdir. Sowgatlar patyşalygyň serhet ýakalarynda ýaşaýan (kolhlar, efiopiýalylar, araplar we beýlekiler) halklar tarapyndan getirilipdir.

**Dariý I pul özgertmeleri.** Pul-haryt gatnaşyklarynyň ösmegi pul özgertmesiniň zerurlygyny ýüze çykarypdyr. B.e.öň 517-nji ýylda Dariý I döwletiň hemme ýerleri üçin ýeke-täk pul birligini girizýär. Onuň esasynda agramy 8,4 gr. bolan darik diýlip atlandyrylýan gyzyl teňňe durupdyr. Onuň goşundysy bary-ýogy 3 göterim bolupdyr. Şonuň üçin, pars daryklary söwda aýlanyşygynda köp asyrlap dünýänyň bazarlarynda esasy pul bolup hyzmat edipdir. Ondan başga-da agramy 5,6 gr.

kümüş pullar girizilipdir. Kümüş pullar söwda dolanyşygynda esasy ulanylýan pul bolupdyr. Onuň 20 sanysynyň gymmaty I darige deň hasaplanypdyr. Olar esasan Kiçi Aziýa ýurtlarynda zikgelenipdir. Ownuk pul birligi hökmünde mis pullar hem göýberlipdir. Gyzyl pul diňe ýurduň paýtagtynda patyşanyň buýrugy bilen zikgelenipdir. Satraplara kümüş hem mis pullary çykarmaga ygtyýar berlipdir. Pullaryň hemmesinde pars patyşasynyň şekili ýerleşdirilipdir.

Kümüş pullar harby ýörişler wagtynda hakynatutma goşun bilen hasaplaşmak üçin pars köşklerinde, Kiçi Aziýanyň grek şäherlerinde, şeýle-de awtonom şäherlerde we ýerli patyşalaryň köşklerinde zikgelenipdir. Aýratyn hem Finikiýanyň şaherleri şäherleriň öz haryt aýlanyşygy üçin şäher we patyşa teňňelerini zikgeläpdirler.

Emma pars dariklary Kiçi Aziýadan daşarda, hatda finikiýa-palestina ýurtlarynda uly bir ähmiýeti bolmandyr. B. e. öň VI-V asyrlarda Pars patyşalygynyň köp ýurtlarynda, Egeý deňzindäki ýurtlarda, Sisiliýadan başlap  bütin Ortaýer deňziniň gündogar kenaryndaky şäherlerde, tä Müsüre çenli ýurtlarda grekleriň kümüş teňňeleri söwda aýlanşygynda esasy orny eýeläpdir.

Aleksandr Makedonskiniň başybalyşlaryna çenli Ortaýer deňzinden uzakdaky ýurtlarda teňňeler kän ulanylmandyr. Mysal üçin, Wawilonda zikgelenen teňňeler heniz uly möçberde ulanylmandyr, olar diňe grek şäherleri bilen söwda etmek üçin peýdalanylypdyr. Edil şonuň ýaly ýagdaý Ahemenileriň agalygy döwründe Müsürde hem bolupdyr. Söwdada kümüşi tebigi görnüşinde çekip beripdirler, parslaryň özlerinde hem patyşa hojalygynda işleýän adamlara, döwlet işgärlerine zikgelenmedik kümüşi şekip beripdirler.

Döwlete degişli gymmat bahaly metaly zikgelemek diňe patyşanyň ygtyýarynda bolupdyr. Olaryň köp bölegi diňe guýma görnüşinde saklanypdyr. Döwlete salgyt hökmünde gelýän pullar onlaça ýyllaryň dowamynda patyşanyň gaznasynda saklanyp, olar aýlanşykdan aýrylypdyr. Olaryň

diňe az bölegi hakynatutma esgerler bilen hasaplaşmak üçin, köşk işgärlerine ýa-da dolandyryş edaralaryndaky işgärlere iş haklaryny tölemek üçin yzyna, aýlanşyga göýberilipdir. Şonuň üçin hem söwda aýlanşygynda zikgelenen pullar ýetmändir. Bu ýagdaýlar haryt-pul aýlanşygyna uly zyýan edipdir. Adamlary önüm bilen hasaplaşmaga ýa-da öndürilýän önümler bilen çalyşmaga mejbur edipdir.

**Goşundaky özgertmeler.** Döwletiň kuwwaty goşuna bagly bolupdyr. Goşunyň özenini parslar hem midiýalylar düzüpdir. Olar 20 ýaşdan başlap harby gulluga çekilipdir. Pars patyşalarynyň alyp baran uruşlarynda, döwletiň gündogar sebitinde ýaşaýan eýranlylaryň ähmiýeti has uly bolupdyr. Aýratyn hem Orta Aziýanyň sak taýpalary ahemenileri, hemişelik hereket edýän sap atly peýkamçylar bilen üpjün edipdirler. Emma harby bölümlerde, möhüm strategiki ýerlerde, galalarda ýokary harby wezipeleri diňe parslar eýeläpdirler.

Goşun atly hem pyýada esgerlerden düzülipdir. Atly goşunda tanymal adamlar gulluk edipdirler. Pyýada goşun daýhanlardan hem hünärment adamlardan düzülipdir. Pars goşunlarynyň esasy ýaragy peýkam bolupdyr. Atly esgeriň demirden naýzasy, bürünçden galkany we iki sany demirden ýasalan peýkamy bolupdyr. Goşunyň bu iki görnüşiniň bilelikde hereket etmegi parslara köp uruşlarda uly ýeňiş getiripdir.

B. e. öň V asyrdan başlap pars jemgyýetinde durmuşy gatlaklaryň içinde bolup geçen üýtgeşikler, ekerançy halkyň ýagdaýynyň has pese gaçmagyna getiripdir. Bu bolsa öz gezeginde parslaryň pyýada goşunynyň ähmiýetini gaçyrypdyr we kem-kemden tehniki taýdan oňat ýaraglanan grekleriň hakynatutma goşuny bilen çalyşylmagyna getiripdir. Goşunyň esasyny 10 müň sany “ölmez-ýitmezler” diýip atlandyrylýan urşujylar düzüpdir. Olaryň 1-nji müňligi diňe pars begzadalaryndan düzülip, olar patyşanyň şahsy goragçylary bolup gulluk edipdirler. Olaryň galanlary Eýranyň dürli

taýpalaryndan we elamlylardan düzülipdir. Basylyp alnan ýurtlarda gozgalaňlaryň öňüni almak üçin goşun bölümleri ýerleşdirilipdir. Adatça olar dürli halklaryň wekillerinden düzülipdir. Emma köplenç halatda olarda ýerli ilatyň wekilleri bolmandyr. Sebäbi ol goşun esasan ýerli halkyň gozgalaňyny basyp ýatyrmaga niýetlenilipdir. Mysal üçin, pars patyşalary Müsürde 10-12 müňden ybarat goşuny ýerleşdiripdirler. Takmynan şonca möçberdäki urşujylar Wawilonda hem saklanypdyr.

Eýran patyşalary döwlet serhetlerinde ýörite harby obalary döredip, olarda gulluk edýän esgerlere ýer bölüp beripdirler. Esgerler gulluk döwründe öz maşgalalary bilen bile ýaşapdyrlar. Goşun ýüzlüklere bölnüp her ýüzlügiň başynda parslardan bolan serkerdeler durupdyr. Şeýle harby bölümleriň biri-de Elefantin adasyndaky döredilen harby bölümdir. Ol Müsür bilen Nubiýanyň serhedinde hem harby gullugy geçirmek üçin hem-de gözegçilik üçin döredilipdir. Olarda parsalar, midiýalylar, grekler, kariýler, horezmliler we beýlekiler gulluk edipdirler. Emma olaryň esasy bölegini müsür faraonlaryna gulluk etmek üçin göçürlip getirilen iudeýler düzüpdirler. Elefantidaky harby bölümlere getirilen esgerler maşgalasy bilen ýaşapdyrlar. Goşun aýry-aýry bölümlere bölnüp, olaryň her haýsysy 100 adamdan ybarat bolup, öz serkerdeleriniň atlary bilen atlandyrylypdyr. Olaryň başynda bolsa parslar bilen wawilonlylar durupdyr. Harby gullukçylar gös-göni gullukda bolan wagty olara her aýda önüm görnüşde ( däne, et we ş, m.) hak tölenipdir. Goşundan boşadylanlara uly bolmadyk ýer paýy berlip, olar salgytlardan boşadylypdyr hem-de söwda we hünärmentçilik bilen meşgul bolupdyrlar. Ilki başlarda harbylara berilen ýerleri satmaga hukuklary bolmandyr, emma soňra ol ýerler satylypdyr we sowgat berilipdir, şonuň üçin kähalatlarda aýal adamlar hem ýer eýeleri bolup bilipdirler.

Dariý I dolandyran döwründe Ahemeniler döwleti özüniň gülläp ösýän döwrüni başdan geçiripdir. Dariý I häkimiýeti berkidip, uly özgertmeleri amala aşyryp, döwletiň ýerlerini giňeltmäge başlaýar. B. e. öň 517-nji ýylda parslar Hindistanyň demirgazyk günbatar çäklerini eýeleýärler. Şol bir wagtyň özünde Egeý deňziniň içindaki adalary basyp almaklyk başlanýar. Bu ýerde Samos adasynda diýseň güýçli hem baý döwlet ýerleşipdir. Bu ada hem parslar tarapyndan b. e. öň 517-nji basylyp alynýar. Dariý I b. e. öň 516-njy ýylda uly harby gämileri toplap, Gara deňziň kenarlaryna tarap ugraýar. Onuň günorta kenarynda ýaşaýan dürli taýpalar we grek şäherleri hiç hili garşylyk görkezmän parslara tabyn bolýarlar. Skifler hem Dariý I uly goşuny bilen açyk şöweşe girip bilmändirler we yza sähra ýerlerine çekilipdirler. Olar öz ýanlary bilen ähli mallaryny sürüp, öri meýdanlaryň otlaryny tozdyrpdyrlar, guýylary bolsa gömüpdirler. Skif atlylary üznüksiz pars goşun bölümleriniň üstüne çozup, olara uly zyýan ýetrip durupdyrlar. Uzak wagtyň dowamynda skifleriň öz ýurdynda olary yzarlamaklyk Dariniň goşunyny halys tapdan düşürýär we parslar yzyna dolanmaga mejbur bolýar.

Dariý I skiflere garşy alyp baran uruşy b. e. öň 514-nji ýylda bolup geçýär. Dariý I döwründe yzygyderli alnyp barylan uruşlaryň netijesinde parslaryň uly döletiniň serhetleri gündogarda Hind derýasyndan başlap günbatarda Egeý deňzine, demirgazykda Ermeni ýurdyndan başlap günortada Nil derýasynyň birinji bosagasyna çenli uzalyp gidipdir, Netijede Ahemenileriň döwleti b. e. öň VI asyryň ahyrlaryna çenli dünýäniň iň uly döwletine öwrülip, onlarça halklary bir döwletiň düzümine birikdiripdir.

## §26. Uly Pars döwleti b. e. öň V-IV asyrlarda Grek-Pars uruşlary




**Ahemeni patyşalarynyň daşary syýasaty. Grek-Pars uruşlary.** Ahemeni döwletinde has möhüm harby ýörişleriň

döwründe, döwletiň düzümine girýän halklaryň hemmesi belli bir möçberde goşun ibermäge borçly bolupdyrlar. Dariý I dolandyran ýyllarynda  parslar deňizde hem agalyk ediji döwlet bolupdyr. Deňiz söweşlerinde pars patyşalary finikiýalylaryň, kiprlileriň, Egeý deňziniň ýaşaýjylarynyň hem-de Müsüriň harby gämilerini peýdalanypdyrlar. Harby gämilerde saklar we parslar gulluk edipdirler. Emma harby gämilerde köplenç müsürliler ýokary wezipeleri eýeläpdirler.

B. e. öň VI asyrda grek welaýatlarynyň içinde ykdysady we medeni babatda Balkan ýarymadasynyň döwletleri öňde bolman, eýsem Kiçi Aziýanyň kenarlaryndaky Milet, Efes we beýleki grek şäherleri bolupdyrlar. Bu polislar iň oňat mes toprakly ýerlere eýeçilik edip, olarda hünärmentçilik önümçiligi gülläp ösüpdir, olara şeýle-de Pars döwletiniň ähli söwda bazarlary hem elýeterli bolupdyr. Kiçi Aziýanyň grek şäherlerini basyp alanlaryndan soň, pars patyşalary öz goýan çaklendirilmedik hökümdarlaryna uly goldaw beripdirler.

B. e. öň 500-nji ýylda Milet şäherinde parslaryň agalygyna garşy gozgalaň turýar. Grek şäherleri Kiçi Aziýanyň demirgazygynda we günortasynda gozgalaňçylara goşulypdyrlar we hemme ýerlerde parslar tarapyndan goýulan dikmeler-tiranlar häkimlikden agdarylýarlar. Gozgalaňçylaryň ýobaşçysy Aristagor b. e. öň 499-njy ýylda Balkan ýarymadasyndaky greklere kömek sorap ýüz tutýar. Emma kömek diňe afinylardan 20 gämi we Ewbeý adasyndaky Eretriýanyň ýaşaýjylaryndan bolsa 5 sany gämi kömege gelýär. Gozgalaňçylar Lidiýa patyşalygynyň paýtagty bolan Sardy şäherine ýöriş edýäler we şäheri basyp alyp ony ýakýarlar, şäher bilen birlikde ýerli halkyň sežde edýän ybadathanasyny hem otlanýar. Şäheriň satrapy pars goşunlary bilen Akrapolda gizlenip ýetişýär. B. e.öň 498-nji ýylda parslar uly goşun bilen gelip Efes şäheriniň eteginde grekleri agyr ýeňilişe sezewar edýär. Şondan soň afinylylar bilen eretriýalylar kiçiaziýaly grekleri taşlap gaçyp gidýärler. B. e. öň 494-nji ýylyň ýazynda

parslar gozgalaňyň esasy daýanjy bolan Milet şäherini guryýerden we deňizden gabaýarlar. Birnäçe aýdan soň şäher basylyp alnyp doly weýran edilýär, onuň ilaty bolsa gul edilip satylýar. Şeýlelik bilen b. e. öň 493-nji ýylda gozgalaňlar hemme ýerde basylyp aýatyrylýar.

Gozgalaňlar basylyp ýatrylandan soň Dariý I Balkan Gresiýasyna garşy ýörişe taýýarlanyp başlaýar. Balkan ýarymadasyndaky grekler özleriniň garaşsyzlygyny saklasalar, parslaryň Kiçi Aziýadaky agalygynyň berk bolmajagyny Dariý gowy düşünýärdi. Bu döwürde Gresiýa köp sanly özbaşdak polislardan, dürli jemgyýetçilik gurluşly we biri-biri bilen duşmançylykly gatnaşyklarda bolan şäher-döwletlerinden ybaratdy. Şonuň üçin, Gresiýany eýelemek oňat harby gämili uly pars goşunyň öňünde, kyn bolmajak ýaly bolup görünýärdi.

Emma parslar grekleriň harby güýjüni äsgermezlik edipdiler. Marafon (Afinydan 40 km daşlykda) meýdanynda b. e. öň 490-njy ýylyň 12-nji awgustynda afinylylaryň agyr ýaraglanan pyýada goşuny parslaryň saýlama goşunyny ýeňýär. Söweş meýdanynda Gerodotiň ýazmagyna görä parslardan 6400 adam, afinylardan bolsa 192 adam wepat bolupdyr. Şondan soň parslar söweş meýdanyny taşlap, yza çekilmäge mejbur bolýarlar.

Emma Dariý I Gresiýa täze ýöriş etmek pikirinden el çekmeýardi. Ol Gresiýa ýöriş etmäge taýýarlyk görüp köp wagtyny ýitiripdi, üstesine-de Müsürde b. e. öň 486-njy ýylyň oktýabrynda pars agalygyna garşy gozgalaňlar başlapdy.

Gozgalaňlaryň başlanmagyna ilata juda agyr salgytlaryň salynmagy, Suzyda we Persepolda salynýan patyşa köşklerinde işletmek üçin köp sanly hünärmen ussalaryň sürülmegi sebäp bolupdy. Dariý I Müsürde öz häkimligini dikeldip ýetişmänkä aradan çykýar. Ondan soň häkimlik onuň ogly Kserksiň eline geçýär. Kserksiň häkimiýet başyna gelmegi bilen ýurdyň hemme ýerinde täzeden tolgunşyklar başlanýar. Kserks diňe b. e. öň 484-nji ýylda Muşürdäki gozgalaňy basyp ýatyrýar.

Müsüriň ilaty rehimsiz jezalandyrlýar, ybadathanalaryň ähli emlägi ellerinden alynýar.

B. e. öň 484-nji ýylyň tomsunda Wawilonda hem gozgalaň başlanýar. Gozgalaňçylar Wawilondan başga-da Borsippu we Dilbat şäherlerini basyp alýarlar. Emma bu gozgalaňlar tiz wagtdan basylyp ýatyrylýar, gozgalaňyň günäkärleri bolsa rehimsiz jezalandyrylýar.

B. e. öň 482-nji ýylda Wawilonlylar ýene-de gozgalaň edýärler. Bu gozgalaň ýurdyň köp bölegini öz içine alypdyr we örän howply bolupdyr, sebäbi Kserks ol wagtlar Kiçi Aziýada greklere garşy ýöriş etmäge taýýarlyk görýärdi. Wawilony gabamaklyk uzaga çekýär we 481-nji ýylyň mart aýynda şäher basylyp alynýar, onuň galasy ýumurylýar. Şäheriň ýaşaýyş jaýlary hem ýumurylýar we ýakylýar.

B. e. öň 480-nji ýylyň ýazynda Kserks ägirt uly goşun bilen Balkan Gresiýasyna ýörişe başlaýar. Hindistandan başlap Müsüre çenli ähli satraplyklar Kserkse öz goşunlaryny iberipdirler. Gerodotyň tassyk etmegine görä Kserksiň 1 700 000 pyýada, 80 müň atly we 20 müň düýeli goşuny bolupdyr. Bulardan başga-da onuň kömekçi goşunlary hem bolupdyr. Umuman Kserksiň 5 283 220 adamly uly goşuny bolupdyr. Elbetde, bu sanlar juda ulaldylyp görkezilendigi ikuçsyzdyr, hakykatda pars goşunlary 100 müň esgerden geçmändir. Şol döwür üçin bu örän uly goşun hasaplanylypdyr. Kserksiň goşuny Gellespont (häzirki Dardanel ) bogazyndan geçýär. Soňra bolsa Günorta Frakiýa we Makedoniýa ýerlerinden geçip Demirgazyk Gresiýa baryp ýetýär. Pars goşunlary tarapyndan Fermopil jülgesinde başynda sparta patyşasy duran Leonidiň 6500 adamdan ybarat grek goşuny ýok edilýär. Şondan soň parslar Orta Gresiýa howp salyp başlapdylar, olar grek şäherleriniň iň ulysy bolan Afinyny basyp alyp, ony ýumurýarlar. Emma bu uly uruşyň ykbaly diňe deňiz söweşinde çözülmelidi. Parslar grekleriň ýokary derejeli harby gämileri bilen söweşmeli bolupdylar.

Grekleriň birleşen harby gämileri 380 gämiden ybarat bolup, olar Salamin adasy bilen Attikanyň kenar aralygynda ýerleşýärdi. Taryha Salamin söweşi ady bilen giren bu söweş 480-nji ýylyň 28-nji sentýabrynda başlap, 12 sagat dowam edýär. Parslaryň 650 gämiden ybarat bolan gämileri darajyk aýlakda biri-birine söweşmäge mümkinçilik bermän heläk bolýarlar. Grekler bu söweşde doly üstün çykyp pars gämilerini ýok edýär. Kserks öz serkerdeleriniň birini, Mardonini Fessaliýada galdyryp, bir bölek goşun bilen Kiçi Aziýadaky Sardy şäherine tarap ugraýar. Mardoniý bu ýerde gyşlap 479-njy ýylda täzeden urşy başlamaly diýilip meýilleşdirilýär.

Aýgytly söweş Plateýa şäheriniň eteginde b. e. öň 479-njy ýylda başlanýar. Parslaryň hüjümi netijesinde grekler yza çekilýärler. Mardoniý özüniň saýlama 1000 esgeri bilen grekleriň goşunynyň içine kürsäp girýär we olara uly zeper ýetirýär. Emma grekleriň tertipli agyr ýaragly goşuny ýaly parslaryň goşuny bolmandyr, olar harby ussatlykda hem greklere utdurypdyrlar, olaryň saýlama atly goşuny bolsa ýerli ýagdaýyň kyn, päsgelçilikli bolmagyna görä söweşe gatnaşyp bilmändir. Netijede pars goşunlary derbi-dagyn edilýär. Mardoniý bolsa söweşleriň birinde heläk bolýar, onuň galan goşuny pars gämileri bilen Kiçi Aziýa ugraýar.

B. e. öň 479-njy ýylyň güýzünde Kiçi Aziýanyň günorta-günbatar kenarynda Mikale aýlagynda grekleriň parslar bilen iň uly deňiz söweşi bolup geçýär. Bu söweşde kiçiaziýa grekleri parslara dönüklik edip, balkan grekleriniň tarapyna geçipdirler, netijede parslar uly ýeňlişe sezewar bolýar. Şol ýeňişden soň Kiçi Aziýanyň grek şäherleriniň hemmesinde pars agalygyna garşy gozgalaňlar başlanýar.

Grekleriň Salaminde, Plateýada we Mikalede bolan söweşlerde ýeňiş gazanmaklary, parslary Gresiýany basyp almak baradaky pikirinden el çekmäge mejbur edýär. Indi bolsa tersine, Afiny bilen Sparta harby hereketleri duşmanyň öz ýerinde, Kiçi Aziýa geçirýärler. Soňra grekler kem-kemden

parslary Frakiýa we Makedoniýa ýerlerinden hem kowup çykarýarlar.

Grekleriň parslar bilen bolan uruşda ýeňiş gazanmaklary, adamzat taryhynyň iň bir ajaýyp döwri hasaplanylýar. Grek watançylary (ilki bilen hem afinylar bilen spartalylar) parslaryň ägirt uly güýjüniň we mümkinçilikleriniň öňünde mertlerçe durmagy basarypdyrlar. Olar müňlerçe ýitgilere sezewar bolup, iň aýgytly söweşlerde üstün çykyp ýeňiş gazanýarlar. Şeýlelik bilen, grekler özleriniň erkinligini we döwlet dolandyryş ulgamyny saklamagy başarypdyrlar.

Harby bişowluklar Pars döwletinde syýasy ýagdaýy ýitileşdirýär. B. e. öň 465-nji ýylyň tomsunda Kserks dildüwişijiler tarapyndan öldürilýär, onuň ýerine ogly Artakserks I patyşa tagtyna çykarylýar.

B. e. öň 460-njy ýylda Müsürde Inaryň ýolbaşçylygynda gozgalaň turýar. Afinylylar bolsa gozgalaňçylara kömek üçin öz flotlaryny iberipdirler. Parslar birnäçe gezek ýeňilişe sezewar bolýarlar, netijede parslar Memfis şäherini hem taşlap gitmeli bolupdyrlar.

B. e. öň 455-nji ýylda Artakserks I gozgalaň eden müsürlilere we olaryň tarapdarlarynyň garşysyna Siriýanyň satraby Megabizy güýçli guryýer goşuny we finikiýa gämilerini iberýär. Gozgalaňçylar derbi-dagyn edilip, parslar Memfisi ýene-de basyp alýarlar. Gozgalaňçylaryň ýolbaşçysy Inar galan goşunlaryny we afinylary alyp Günbatar Deltadaky ada gaçyp gidýär. Ol ýerde olar parslar tarapyndan gabalyp, ýene-de birýarym ýyl saklanýarlar. B. e. öň 454-nji ýylda parslar derýada uly bent gurup adany materik bilen birleşdirýärler we adany basyp alýarlar we gozgalaňçylary uçdan-tutma gyrgynçylyga berýärler. Inar we beýleki ýolbaşçylar ýesir alnyp, olar Parfiýa iberilýär we ol ýerde ölüme buýrulýar. Afinylaryň diňe az bölegine Kirene gaçyp atmaga mümkinçilik bolupdyr. Ol ýerden bolsa olar öz ýurtlaryna zordan baryp

ýetipdirler. Şeýlelik bilen Müsür ýene-de parslaryň bir satraplygyna öwrülýär.

Merabiz Siriýa dolanyp gelip Artakserks I garşysyna gozgalaň turuzýar we onuň goşunyny iki gezek ýeňilişe duçar edýär. Mundan peýdalanan grekler öz harby gämilerini Kipriň kenarlaryna iberýärler. Şeýlelikde ýene-de pars patyşasyna uly howp abanýar, Artakserkis topalaňçy Siriýa satrapynyň günäsini geçmäge mejbur bolýar.

B. e.öň 449-njy ýylda afinylar 200 sany gämi bilen Kipriň köp bölegini basyp alýarlar. Şol wagta çenli Megabiz ähli güýçlerini Kilikiýa (Kiçi Aziýada) jemläp ýetişýär. Kipriň kenarynda uly deňiz söweşi bolup geçýär, afinylar bu şöweşde pars gämilerinden üstün çykyp olaryň gämilerini basyp alýarlar. Şol bir wagtda grekler gury ýerde bolan söweşde hem ýeňiş gazanypdyrlar.

Bu iki gezek ýeňişli söweşler grek-pars uruşlarynyň iň soňkysy bolupdyr. Bu döwür Afina döwletiniň gülläp ösen döwri bolup, olar parslary Egeý deňizinden üstünlikli gysyp çykarypdyrlar. Emma soňky on ýylyň içinde alnyp barylan uruşlar netijesinde taraplaryň iksi hem uruşlaryň üsti bilen öz maksatlaryna ýetip bilmejeklerine göz ýetripdir. Şonuň üçin, grekler pars patyşasynyň ýanyna-Suzy şäherine diplomat Kalliniň ýolbaşçylygynda ýaraşyk baglaşmak üçun öz ilçilerini iberipdirler.

B. e. öň 449-njy ýylda Suzyda grek-pars urşunyň tamamlanýandygy baradaky Kalliý ýaraşyk şertnamasy baglaşylýar. Ylalaşyga görä, Kiçi Aziýadaky grek şäherleri, pars patyşasynyň golastynda galmaly edilýär, emma Afinlylara olardan salgyt ýygnamaga ygtyýar berlipdir. Mundan başga-da parslara serhediň geçýän ýeri bolan Galis derýasyndan aňryk, günbatara goşun ibermeklik gadagan edilýär. Afinylar bolsa öz tarapyndan Kipr adasyny taşlap gitmäge we geljekde muşürlileriň parslara garşy göreşinde kömek etmezlige boýun bolupdyrlar.

Tabyn edilen halklaryň yzygiderli gozgalaňlary, grek-pars urşunda parslaryň ýeňilmegi Artakserksi we onuň oruntutarlaryny alyp barýan syýasatyny düýpgöter üýtgetmeklige getiripdir. Olar bir döwleti ikinji biriniň garşysyna öjükdirmegi başarypdyrlar, bu işde bolsa olar käbir adamlary satyn almaga çenli baryp ýetipdirler. Haçanda b. e. öň 431-404-nji ýyllarda Gresiýada Afiny bilen Spartanyň arasynda bolan Peloponnes urşynda, Parfiýa gezekli gezegine, ýagny Afiny üstün çykjak bolsa Sparta, Sparta üstün çykjak bolsa Afina kömek berip iki tarapyny hem doly surnukdyrypdyr.

B. e. öň 424-nji ýylda Artakserks I ölenden soň Ahemeniler döwletiniň taryhynda döwletiň mundan beýläk hem gowşamak döwri başlanýar, ýagny köşk emeldarlarynyň täsiriniň artmagy, köşkdäki gybatdyr dawalar, dildüwişikler, tabyn edilen halklaryň gozgalaňlary güýçlenip başlapdyr. B. e. öň 413-nji ýylda Lidiýada pars satrabynyň gozgalaňy başlanypdyr. Bu gozgalaňy basyp ýatyrmaklygy görnükli döwlet işgäri we diplomaty Tissaferna tabşyrylýar. Ol greklerden düzülen hakynatutma goşunyň kömegi bilen Lidiýada pars patyşasynyň agalygyny dikeldýär.

Tissafern Peloponnes urşunda Spartanyň tarapynda durmagy karar edýär. Ol Sparta bilen gepleşik geçirip, parslaryň maliýa kömegi üçin, Kiçi Aziýadaky grek şäherlerini pars patyşasyna bermäge Spartany razy edýär. Hem-de Tissafern we spartaçylar afinylara garşy bilelikde uruş alyp barmaga we bilelikde urşy tamamlamaga razylyk berýarler.

B. e. öň 408-nji ýylda pars şazadasy Kiçi Kiriň, Kiçi Aziýanyň käbir satraplarynyň hem-de Kiçi Aziýadaky pars goşunynyň serkerdesiniň gelmekleri bilen harby hereketler belli bir derejede güýçlenip başlapdyr. Kir Pars patyşalygynyň öňki kuwwatyny dikeltmäge çalyşýan edenli serkerde hem döwlet işgäri bolupdyr. Ol Sparta bilen dostlukly syýasaty alyp barýar, olaryň goşunyna hemme tarapdan kömek berýär. Şeýle-de Sparta serkerdesi Lisandr bilen Kiçi Aziýa kenarlaryny we

Egeý deziniň köp sanly adalaryny Afiny gämilerinden arassalaýar.

Bu döwürde Pars döwletiniň daşary syýasatdaky üstünliklerine garamazdan, onuň içerki ýagdaýy juda yrňa ýagdaýda bolupdyr. Parslaryň Kiçi Aziýada, Midiýada we Müsürde agalyk etmegi, bu ýurtlarda ýaşaýan ýerli halklary halys tapdan düşürip tozdurypdyr. Netijede b. e. öň 411-408-nji ýyllarda Kiçi Aziýada, Midiýada we Müsürde ýene-de gožgalaňlar başlanýar. Onuň üstesine-de b. e. öň V asyryň ahyrlarynda Kiçi Aziýanyň satraplary biri-biri bilen duşmançylykda bolupdyrlar, olar köplenç patyşa garşy gozgalaň turuzypdyrlar we greklerden ybarat hakynatutma goşuna daýanyp özbaşdak hökümdarlar bolmaga çalyşypdyrlar. Özbaşdaklyga ymtylmaklar bolsa, iň güýçli imperiýa bolan Pars döwletini gitdigiçe gowşadýardy.

B. e. öň 405-nji ýylda Müsürde Amirteýiň ýolbaşçylygynda gozgalaň turýar. Gozgalaňçylar ýeňiş gazanyp bütin Delta öz ellerine alýarlar. Siriýanyň satarby Abrokom Müsüriň üstüne çozmak üçin uly goşun jemleýär. Emma şol wagt Kiçi Kiriň özi ýaňy myraslyk tagtyna çykan uly dogany Artakserks II garşysyna gozgalaň turuzýar. Ýagdaýdan peýdalanan Abrokom bar goşunyny Kire garşy gönükdirýär, müsürliler bolsa azowlak dem-dynç almaly bolýarlar. B. e. öň IV asyryň ahyrlarynda Amirteý bütin Müsüri öz eline alýar we mundan beýläk harby hereketi Siriýanyň ýerinde alyp barýar.

Kir tagty basyp almak üçin uly goşun toplaýar. Spartalylar olara grek hakynatutma goşuny jemlemäge hemaýat beripdirler. B. e. öň 401-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda Wawilonyň ýakynyndaky Kunaks diýen ýerde, doganlaryň arasynda aýgytly söweş bolup geçýär. Bu söweşde gozgalaňçy Kiçi Kir heläk bolýar, ýolbaşçysyz galan goşun bolsa yza çekilmeli bolýar.

Spartalylar Kire beren kömegi üçin Pars patyşalygy tarapyndan duşmançylykly hereket başlanar öýdüp, b. e. öň

396-njy ýylda özleri hüjüme geçýärler we Kiçi Aziýa goşunlaryny düsürýärler. Bu wagta çenli söweşde ölen Kiriň ähli satraplaryna eýelik eden Tissafern Kiçi Aziýanyň ähli grek şäherlerini özüne tabyn etmäge synanyşýar. Tissaferniň bu hereketi b. e. öň 412-nji ýylda Sparta bilen baglaşan ylalaşygyna ters gelenakdy. Emma, Spartanyň agyr ýagdaýda gol çekilen ylalaşyk bilen saklanmak niýeti ýokdy. B. e. öň 395-nji ýylda Sardynyň eteginde bolan atly şoweşde Sparta uly ýeňiş gazanýar. Tissafern hiç hili garşylykly hereket etmani üçin günäkärlenip, patyşanyň permany bilen onuň kellesi kesilýär. Pars diplomatlary bolsa grek şäherlerini Sparta garşy öjükdirmek maksady bilen, öňki satyn almak ýoly bilen hereket edip, 10-müň daryk bilen öz adamlaryny Afina ugradýar. B. e. öň 395-nji ýylda Afinynyň ýolbaşçylygynda harby birleşme emele gelip, Sparta garşy uruş başlanýar. Netijede, Sparta Kiçi Aziýadan öz goşunlaryny yzyna çagyrmaga mejbur bolýar. B.e.öň 394-nji ýylda Sparta parslaryň, afinylylaryň we onuň ýaranlarynyň birleşen harby gämileriniň hereketi netijesinde Sparta deňiz söweşinde derbi-dagyn edilýär. Şondan soň Sparta parslar bilen gepleşige geçmäge mejbur bolýar. Emma Artakserks Afinynyň adatdan daşary güýçleneni islemän, ondan harby hereketi bes etmegini talap edýär. B. e. ön 386-njy ýylda ýaraşyk baglaşmak üçin Antalkidiň ýolbaşçylygynda Sparta ilçileri Sardy şäherine gelýärler we “patyşa” ýa-da “Antalkid” ýaraşyk şertnamasy adyny alan ylalaşyk baglaşylýar. Bu ylalaşyga görä, parslar ýene-de Gündogar Egeý deňiz kenarlarynda agalyk etmäge mümkinçilik alýar we Kiçi Aziýada elden gideren grek şäherleriniň üstünden öz agalygyny dikeldýär.

Emma muňa garamazdan pars patyşalygy gitdigiçe gowşamak bilen bolýar. B. e. öň 360-njy ýylda parslardan Kipr bölünip aýrylýar. Şol bir wagtda gozgalaňlar Finikiýanyň şäherlerinde hem turýar. Tiz wagtdan bolsa Kiçi Aziýanyň satraplyklarynda hem tolgunşyklar başlanýar. Artakserks II

dolandyran ýyllarynyň ahyrlarynda bolsa parslardan Kariýa, Lidiýa we Kilikiýa bölünip aýrylýarlar. Şol wagtlarda Hindistanyň Demirgazyk Günbatar ýerleri hem elden giden bolmaga çemeli, Horezm we sak taýpalary hem golasty bolmaklykdan parslaryň ýaranlygyna öwrülýärler.

B. e. öň 359-njy ýylda tagta Artakserks II ogly Artakserks III geçýär. Artakserks III köşk agdarylyşygy bolmaz ýaly ilki bilen öz doganlarynyň barsyny ýok edýär. Täze patyşa örän uly gujur-gaýrat bilen uly Pars patyşalygyny öňki çäklerinde dikeltmäge başlaýar. Muňa garamazdan imperiýanyň ýerlerinde tolgunşyklar dowam edipdir.

B. e. öň 346-njy ýylda Parslara garşy finikiýa şäheri Sidon baş göterýär. Artakserks III goşuna baş bolup b. e. öň 345-nji ýylda şäheri basyp alýar we gozgalaňçylary uçdantutma gyrýar. Parslar sidonlylary maşgalalary bilen oda atmadan hem gaýtmandyrlar, şäheriň 40-müňe golaý ilatyny gyrypdyrlar. Diri galanlaryny bolsa gulçylyga satypdyrlar.

Jeza bermeklik gezegi Müsüre gelýär. B. e. öň 343-nji ýylyň gyşyna Artakserks Müsüre girýär. Parslaryň garşysyna Pelusiýa şäheriniň ýanynda 60-müň müşürlilerden, 20 müň greklerden ybarat hakynatutma goşun we şonça-da liwiýalylar çykarylýar. Emma pars serkerdeleri öz harby gämilerini Nil derýasynyň akymy bilen ýokaryk geçirmegi başarýarlar hem-de müsür goşunynyň arka tarapyny eýeleýär. Müsürlileriň ýagdaýyny faraona gulluk edýän grek hakynatutma goşunyň serkerdesiniň dönüklik etmekligi we parslaryň tarapyna geçmegi has hem kynlaşdyrypdyr. Netijede, b. e. öň 342-nji ýylda parslar bütin Müsüri basyp alýar. Bu üstünliklere garamazdan Artakserks III hem tagt üstünde turan agzalalyklaryň pydasy bolýar. B. e. öň 336-njy ýylda parslaryň Ermenistandaky satraby Kodoman, nesilşalygyň Dariý III adyny kabul edip tagta çykýar.

## §27. B. e. öň VI-IV asyrlarda Pars imperiýasynda ykdysady özgerişler we durmuşy gatnaşyklar

**Ykdysadyýetdäki özgerişler.** Ýurtda önümçiligiň esasy görnüşi oba-hojalygy bolupdyr. Müsür, Wawilon ýaly welaýatlarda köplenç arpa ekipdirler. Palestinada bugdaý, Eýranda hem Siriýada oňat hilli üzüm çakyryny öndüripdirler. Ýurduň köp welaýatlarynda maldarçylyk ösdürilipdir. Esasan hem Eýranyň gündogar welaýatlary çarwadarçylyk bilen meşgul bolup, mallary köpeldipdirler. Midiýa şonuň ýaly Parfiýa oňat atlary bilen şöhratlanypdyrlar. Müsürde hem Wawilonda ekerançylygyň emeli suwaryş ulgamy giň gerime eýe bolupdyr. Uly suwaryş kanallary Merkezi Aziýada hem gurlupdyr. Eýranyň käbir etraplarynda mysal üçin, Persepolyň töweregindäki düzlükleri suw bilen üpjün etmek üçin kanal geçirilipdir, uly gapdal ýaplar çekilipdir.

Patyşalyga ol ýa-da beýleki hyzmatlary bitiren adamlara-da ýer mülki peşgeş berlipdir. Olar şol ýerleriň doly hukukly hojaýynlary bolup, ýeri nesilden nesle geçirip bilipdirler, salgytlardan boşadylypdir. Olara şol ýerlere degişli daýhanlara kazylyk etmäge çenli hukuk berlipdir. Uly mülkleriň eýeleri özbaşdak goşun saklapdyrlar. Mülklerini dolandyrmak üçin bolsa ýörite okuwly, bilimli adamlary belläpdirler. Kazyýetçilik we dolandyryş ulgamyny döredipdirler, hojalygy dolandyrmak üçin hasapçylar, hat ýazýanlary, hazyna emeldarlary we beýleki işgärleri edinipdirler. Iri mülkdarlaryň özleri köplenç uly şäherlerde- Wawilonda, Suzyda we beýleki şäherlerde ýaşapdyrlar.

Ýer bilen birlikde patyşa uly suwaryş kanallaryna hem eýeçilik edipdir. Nippur şäheriniň töweregindäki patyşa degişli kanallary Muraşuň hojalygy kärendesine alyp, öz gezeginde ol hem ownuk ekerançylara kärendesine beripdir.

Pars patyşalaryna Orta Aziýada uly kanal, Siriýada tokaýlar, Müsürdäki Meridowa kölünden tutulýan balykdan girýän girdeji, magdan känleri, şeýle-de seýil baglary we dünýäniň dürli ýerlerinde ýerleşýän köşkler degişli bolupdyr. Patyşa hojalygynyň möçberi barada grek taryhy çeşmelerinde berilýän käbir maglumatlara görä, diňe Persepolda patyşanyň hasabyna her günde 15 000 adam naharlanypdyr.

Ýer eýeçiliginiň ýene bir görnüşi şa tarapyndan esgerlere bölünip berilýän ýerler bolupdyr. Ol ýerlere eýelik edýänler şa goşunynda gulluk etmäge borçly bolupdyrlar. Paý ýerlerde oturdylan esgerler özlerine bölünip berilen ýeri bilelikde işläp bejeripdirler, hasyl ýygnapdyrlar. Gulluk möhleti tamamlanandan soň, olar belli bir möçberde döwlete gulluk borçlary üçin pul hem önüm görnüşinde töleg töläpdirler. Bu bölünip berilen paý ýerlere ýaý, bedew, araba (kolesnisa) ýerleri diýilipdir. Şonuň üçin bu ýerleriň eýeleri harby borçlulygy ýaý atyjy, atly goşunda we ata goşulan arabalarda gulluk etmeli bolupdyrlar.

Pars döwletiniň birnäçe welaýatlary ösen hünärmentçilik merkezleri bolupdyr. Miletde (Kiçi Aziýada) daşary ýurtlara çykarmak üçin küze gap-gaçlar ýasalypdyr. Daşary ýurtlarda uly isleg bildirilýän ýuka matalary dokamaklyk Nawkratisde (Müsürde), Finikiýa senetçileri Sidonda, Tirde we beýleki şäherlerde aýna önümlerini öndüripdirler, bezeg şaýlaryny ýasapdyrlar. Wawilonyň senetçileri bolsa, diňe bir ýurduň içinde satmak üçin däl, eýsem halkara söwdasy üçin hem ýüň matalary öndüripdirler.

B.e.öň VI asyryň 20-nji ýyllardaky gozgalaňlaryň basylyp ýatyrylmagy bilen, ýurda belli bir derejede syýasy asudalyk aralaşýar. Asudalygyň aralaşmagy ýurdyň ykdysady taýdan ýokary göterilmegine mümkinçilik döredipdir. Döwlet tarapyndan halkara kerwen ýollary oňat ýola goýulýar, täze kerwen saraýlar salynýar. Döwlet tarapyndan amal edilen bu işler halklara söwdasynyň janlanmagyna, pul aýlanşygynyň

ösmegine, halklaryň arasynda aragatnaşyklaryň ýola goýulmagyna getirýär.

Gadymy jemgyýetleriň ykdysadyýetinde gul zähmetiniň ähmiýeti uly bolupdyr. Ahemenileriň döwletinde gullar hem iş maly hökmünde emläk hasap edilipdir. Olary satypdyrlar, nesilden-nesle miras galdyrypdyrlar ýa-da sowgat beripdirler. Gullaryň uly bölegi öý hyzmatçysy hökmünde ulanylypdyr. Gul zähmeti şeýle-de oba-hojalykda, gurluşyk işlerinde we patyşanyň daş gazyp alýan känlerinde peýdalanylypdyr. Gullaryň arasynda belli bir möçberde hünärli senetçiler (dokmaçylar, ädikçiler, jaý salýan ussalar we beýlekiler) hem bolupdyr.

Patyşanyň uly hojalyklarynda erkek adamlar, aýallar ýetginjek oglan we gyzlar işläpdirler. Bu hojalykda daýhanlardan hünärmentlerden hem ownuk söwdagärlerden başga-da hakynatutma işçiler gatlagy bolup, olary kurtaş diýip atlandyrypdyrlar. Kurtaşlaryň uly bölegi, şalaryň köşgi ýerleşen Persepolda gurluşyk işlerinde işläpdirler. Olaryň arasynda dürli hünärli (daş ýonyjylar, agaç ussalary, heýkeltaraşlar, demirçi ussalar ş.m.) ussalar bolupdyr. Ýeke Persepol şäheriniň özünde bir wagtyň özünde 4 müňe golaý adam gurluşykda işläpdir. Bu şäheriň gurluşygy 50 ýyllap dowam edipdir.

Kurtaşlaryň köpüsi ýat ýurtlardan (müsürliler, siriýalylar, wawilonlylar we ş.m.) gul edilip, zorluk bilen Pars ýurdyna sürlüp getirilenler bolupdyrlar. Emma olaryň içinde aşaky gatlakdan bolan adamlar hem bolupdyr, olar meýletin, gazanç üçin gelipdirler. Kurtaşlaryň içinde ýerli ilatdan hem bolup, ýylyň dowamynda harby borçlaryny ýerine ýetirmek üçin patyşanyň uly hojalygynda işläpdirler.

Parslaryň öz ýerindäki gullar günbatar satraplyklardaky gullardan käbir aýratynlyklary bilen tapawutlanypdyrlar. Sebäbi parsalarda döwlet döremezinden öň patriarhal gulçylyk bolupdyr, şonuň üçin gul zähmetiniň kän bir ykdysady ähmiýeti bolmandyr. Emma uly Pars döwletiniň döremegi bilen ýönekeý

patriarhal gulçylyk zahmeti hem üýtgäp, olaryň zahmeti oba hojalygynda we senetçilikde peýdalanylypdyr.Ýöne, gul zähmeti giň möçberde diňe patyşanyň hojalygynda we begzadalaryň mülklerinde peýdalanylypdyr.

**Ekerançylygyň we maldarçylygyň ösmegi.** Täze ýurtlary basyp almak bilen Eýran şalary boýun egdirlen ýurtlaryň iň hasylly ýerlerini ilatyň elinden alypdyr. Olary uly mülklere bölüp patyşa maşgalasynyň agzalaryna, pars begleriniň wekillerine, has uly emeldarlara paýlap beripdirler. Ýerleriň bir bölegi parslardan bolan han-beglere peşgeş berlip, olar salgyt tölemekden boşadylypdyr. Şeýle hojalyklaryň ýagdaýyna göz ýetirmäge, müsür satraby Arşamanyň we beýleki pars begzadalarynyň öz hojaýynlaryna iberen hatlary güwä geçýärler. Ol hatlaryň köpüsi mülkleri dolandyrmak baradaky görkezmelerden ybarat durýarlar. Satrap Arşamanyň diňe bir Müsürde uly mülkleri bolman, eýsem onuň Suzydan Müsüre çenli aralykdaky alty ýurtda köp sanly mülkleri bolupdyr. Ol Nippuryň (Wawilonda) etegindäki meýdanlara hem eýeçilik edipdir. Bu ýerlerde onuň hakyna bakdyrýan köp sanly ownuk şahly mallardan ybarat sürüsi bolupdyr. Mysal üçin, b. e. öň 413-nji ýylda ol hojalygy dolandyrýan patyşa emeldarynyň üsti bilen, çopanlara 2381 sany ownuk şahly mallary bakaryna tabşyrylýar. B. e. öň 403-nji ýylda bolsa bir güniň içinde 1333 sany goýuny we geçileri bakaryna berýär. Parslar Wawilonda öz ýurtlary ýaly şeýle ynamly duýupdyrlar. Mysal üçin, Mitridatyň ogly Bagamiri diýen adam Nippuryň ýaşaýjysyna oňat bejerilen däneçilik meýdanlaryny 60 ýyllyk möhleti bilen kärendesine beripdir. Bir wagtyň özünde ol ýaşaýyş jaýlaryny hen kärendesine tabşyrypdyr.

Ekerançylyk üçin ýaramly ýeriň bir bölegi gös-göni şanyň eýeçiliginde bolupdyr. Patyşa ýerleri öňki döwürler bilen deňeşdirlende has artypdyr. Ol ýerler adatça kärendesine berlipdir. Mysal üçin, b. e. öň 420-nji ýylda baglaşylan ylalaşyga-şertnama görä, Nippur şäheriniň golaýynda ýaşaýan

Günorta we Merkezi Wawilonyň işewir adamlaryň işlerini resmileşdirýän Muraşuň hojalygynyň wekili, patyşanyň birnäçe kanalynyň kenarlarynynda ýerleşýän ekin meýdanlaryny dolandyrýan emeldara ýüz tutup, ekin meýdanyny üç ýyllyk kärendesine bermegini haýyş edýär. Kärendeçi her ýylda kärende ýerinden 220 kurru arpa (33 000 liter.), 20 kurru bugdaý, 10 kurru emmer, şeýle-de 1 öküz we 10 goýun bermegi boýun bolýar.

B. e. öň VI-V asyrlarda bu ýerleriniň ykdysady ýagdaýy berk bolupdyr, sebäbi basybalyşlar heniz dowam etdirilipdir, şonuň üçin hem patyşalar öz urşujylary barada aladalanypdyrlar. Paý ýerlerine eýeçilik edän esgerler ýörişde bolýan wagtynda onuň ýeri masgala agzalary tarapyndan işlenilipdir. Başga parahatçylyk ýagdaýlarynda, ýagny döwlete urşujylaryň-esgerleriň gerek däl ýagdaýynda, esgerler döwlete öz paý ýerlerinden gulluk borçlary üçin töleg bermeli edilipdir. Şeýlelik bilen, parslarda kem-kemden harby borçlylyk töleg tölemek bilen çalşyrylypdyr. Aýratyn hem pul tölegi ýönekeý esgerleriň hojalyk ýagdaýyny kynlaşdyrypdyr. Pul tölegini bermek üçin esgerler süýthorlaryň kömegine mätäç bolupdyrlar. Netijede, süýthorlaryň köpüsi esgerleriň gullugy üçin berilýän paý ýerlerini karyzlaryny üzüp bilmänsoňlar ol ýerleri ellerinden alypdyrlar. Esger harby gullugyny dowam etdirýän döwründe, paý ýerini kärendesine berip bilipdir. Emma paý ýerine eýeçilik edýäniň nesilleriniň arasynda ýerleriň paýlanmagy, ol ýerleriň möçberiniň has hem azalmagyna getiripdir, bu bolsa harby gullukçylaryň tozmagyna getiripdir. Şonuň üçin b. e. öň V asyryň ikinji ýarymynda we b. e. ön IV asyrda pars patyşalary ýer paýyny alan esgerlere daýanman, eýsem hakynatutma goşuna daýanmaly bolupdyrlar.

**Pars döwletinde söwdanyň ösmegi.** Pars döwletiniň içinden eriş-argaç bolup geçýän birnäçe möhüm kerwen ýollary bolupdyr. Olar biri-birinden ýüzlerçe kilometr uzaklykda ýerleşýän welaýatlary birleşdiripdir. Şolaryň iň möhümleriniň

biri Şa ýoly diýilip atlandyrylypdyr. Dariý I döwründe gurlan bu ýol Suzy şäherinden başlap, ondan aňryk Persepol we Pasarga şäherlerine we tä Egeý deňziniň kenarlaryna çenli baryp ýetipdir. Beýleki bir söwda ýoly Lidiýadan başlap Kiçi Aziýany kesip Wawilona barypdyr. Uly ähmiýetli söwda ýollarynyň biri-de Wawilon bilen Ekbatany birleşdirip, ondan aňryk Baktriýa we Hindistanyň serhetlerine çenli baryp ýetipdir. Ýollar talaňçylardan hem garakçylardan goralypdyr. Onuň her 20 km. aralygynda duralgalar gurulyp, onda kerwen düşlemäge ýörite saraýlar gurlupdyr.

B. e. öň 518-nji ýylda Dariý I görkezmesi boýunça, heniz faraon Neho II döwründe bolan 84-km Nil derýasy bilen Sues aralygyndaky gämi gatnamasy kesilen kanal täzeden dikeldilýär. Dariý I görkezmesi bilen Skilakyň ýolbaşçylygynda b. e. öň 518-nji ýylda gurnalan ekspedisiýa Hind derýasyndan aşaklygyna Hindi ummanyna çenli ýüzüp ýetýär. Ekspedisiýanyň ondan aňryk Gyzyl deňzine çenli baryp ýetmegi bolsa, söwdanyň mundan beýläk has giňemegi, ösmegi üçin ähmiýeti uly bolupdyr.

Söwdanyň ösmegine pars patyşalygynyň düzümine giren ýurtlaryň tebigi geografiki ýagdaýlary hem ýardam edipdir. Müsür grek şäherlerine däne we mata önümlerini ertipdir, erten harytlarynyň ýerine bolsa, olardan çakyr we zeýtun ýagyny satyn alypdyrlar. Müsür pars ýurdynyň köp welaýatlaryny altyn we pil süňkleri bilen üpjün edipdir. Müsürliler Liwandan kedr agaçlaryny getiripdirler. Kiçi Aziýadan kümüş, Kiprden mis, Tigr derýasynyň ýokary sebitlerinden mis bilen gež (izwest) getirilipdir. Hindistandan altyn, pil süňkini, Arabistandan altyn, Sogdydan lazurit daşlary getirilipdir. Baktriýa ýurdundan Pars döwletine sibir altyny, Balkan Gresiýasyndan bolsa keramika önümleri getirilipdir. Wawilondan galla getirilipdir. Wawilonyň özi bolsa Müsürden mata satyn alypdyr, Kiçi Aziýadan demir we beýleki gazylyp alynýan ýerasty baýlyklar gelipdir. Emma

parslaryň uly döwletinde deňiz söwdasy finikiýa täjirleriniň elinde bolupdyr.

Pars döwletinde gullar özleriniň ýaşaýyş ýagdaýlarynyň agyrlygy üçin ýa-da wagtynda nahar berilmändigi üçin çykyş eden bolmasalar, guramaçylykly gul gozgalaňlary bolmandyr. Onuň esasy sebäbi gul zähmetine esaslnýan uly önümçilik bolmandyr. Ýöne, ybadathanalar we uly işewir emeldarlar ýüzläp gul edinipdirler, emma bu uly hojalyklarda hem gullar kiçiräk toparlar bolup ýa-da ýekelikde işläpdirler.

Emma ýesir alnan gullaryň umumy sany Pars döwletinde az bolmandyr. Gulçylygyň esasy çeşmesi urşlar bolup, harby esgerleri gulçulyga satypdyrlar. Gul bazarynyň iň ulylarynyň biri Wawilonda ýerleşip, onda Müsürden, Baktriýadan we ş.m. ýerlerden ýesir edilip getirilen adamlar satylypdyr. Baktriýada we beýleki ýurtlarda hem ýesir düşenler gul edilip satylypdyr. Müsürde bolsa liwiýaly we kilikiýaly gullar satylypdyr.

**Gadymy Eýranyň dini we medeniýeti.** Pars döwletiniň aňyýetinde zoroastrizm dininiň ähmiýeti uly bolupdyr. Bu dini taglymat ilki Orta Aziýada b. e. öň VII asyrda ýüze çykyp, ony esaslandyran Zaratyştranyň (grekçe Zoroastr) ady bilen atlandyrylypdyr.

Zoroastrizm dini ýüze çykyp tiz wagtdan ýaýrap başlaýar. Ol ilki bilen Midiýa, Parsua we beýleki eýran ýurtlaryna ýaýrapdyr. Zoroastrizm dini heniz Midiýa patyşasy Astiagyň dolandyran döwründe Midiýanyň resmi döwlet dini diýilip yglan edilen bolmaly. Zoroastrizm dininiň ruhanylaryna maglar diýip at beripdirler. Olar midiýalylaryň we parslaryň ähli dini edim-gylymlaryny bilýän, dini adatlary saklaýan ruhanylar hasaplanypdyr.

Parsuanyň özünde halk köpçüligi ozalky tebigat hudaýlaryna Mitra (Gün hudaýy), Anahite (suw hem hasyllyk hudaýy) we beýleki hudaýlara, ýagny ýagtylyga, aýa, ýele we ş. m. sežde edipdirler we uýupdyrlar. Zoroastrizm dini Eýrana b. e. öň VI-V asyrlaryň çatrygynda, Dariý I patyşalyk eden

ýyllarynda. giňden ýaýrap başlapdyr. Pars şalary Zoroastranyň artykmaçlyklaryny göz öňünde tutup, ony resmi din hökmünde kabul etseler-de pars taýpalary ozalky sežde edýän hudaýlaryndan çürt-kesik el çekip bilmändirler. Galyberse-de, b.e.öň VI-IV asyrlarda zoroastrizm dini heniz berk düzgünleşdirlen, kada kanunlary üýtgewsiz bolan (dogmatik) dine öwrülip ýetişmändir. Şonuň üçin, bu dine düşünmegiň dürli görnüşleri bolupdyr.

Gutarnykly dini taglymatyň bolmazlygy pars patyşalarynyň beýleki halklaryň dinlerine hiç hili kembaha garamazlygyna sebap bolupdyr. Mysal üçin, Kambis II basyp alan ýurtlarynda gadymy dini ynançlary, däp-dessurlary dikeltmeklige gol ýapypdyr, özünden öňki patyşanyň döwründe Wawilonyň, Elamyň, Iudeýleriň ýykylan-ýumurlan ybadathanalaryny dikletmegi buýrupdyr. Müsüri basyp alandan soň Kambis II Müsür däbi boýunça faraon bolupdyr. Ol Müsüriň dini baýramçylyklaryna gatnaşyp Saisdaky Heýt hudaýynyň ybadathanasyndaky dini edim-gylymlara gatnaşypdyr, özüni bolsa Saisdaky Heýt hudaýynyň ogly diýip yglan edipdir, Amon we beýleki hudaýlaryň hormatyna buthanalary saldyrypdyr. Pars patyşalary basylyp alnan halklaryň dinlerine aýratyn hormat bilen garapdyrlar, ruhanylaryna ýeňillikleri berlipdirler. Buthanalary salgytdan boşadypdyrlar. Dini baýramçylyklarda zoroastrizm bilen bir hatarda, olara hem şa hazynasyndan serişdeler göýberilipdir. Basylyp alnan halklaryň gelmişekler bilen ysnyşykly gatnaşyklaryny gazanmak maksady bilen, hudaýlaryň ybadathanalarynda patyşanyň adyndan sadakalar berlipdir.

B. e. öň VI asyryň ahyrlarynda V asyryň başlarynda Persepol arhiwiniň maglumatlarynyň şaýatlyk etmeklerine görä Persepolda, Eýranyň Ahura-Mazdy-ýokary hudaýyna (rehimdarlygyň, ýagtylygyň, hakykatyň alamaty) sežde etmek üçin, şeýle-de Elamda we parslaryň beýleki şäherlerindäki eýran hudaýlary bilen birlikde elamlylaryň we wawilonlylaryň

hudaýlary üçin hem patyşanyň ammaryndan azyk (çakyr, goýun, däne we ş. m.) göýberilipdir. Emma hudaýlaryň sanawlarynyň içinde Ahura-Mazdanyň ady ilki tutulýan hem bolsa, onuň adyna göýberilýän çakyr, elamlylaryň bir hudaýy üçin göýberilmeli çakyrdan üç esse az göýberilipdir. Eýran hudaýlarynyň atlary Persepol arhiwiniň beýanlarynda hem elam hudaýlarynyň atlaryndan juda az tutulýar. Şonuň üçin, Eýran hudaýlary üçin berilýän sadakalar boýunça seljerilende hem olaryň hiç hili aýratyn, saýlanan hudaýlar hökmünde garalmandygyna göz ýetirse bolýar. Hatda, b.e.öň IV asyra degişli Kiçi Aziýadan tapylan arameý ýazgylaryndaky wawilon hudaýy Belo bilen eýranlylaryň aýal hudaýy Daýna-mazdaýasniş (“mazdaýasniý dini, ýagny zoroastrizm) bilen nikalaşmagy hem zoroastrizm dininiň heniz gutarnykly dini taglymatynyň bolmanlygy bilen düşündirse bolar.

Emma haçan-da Wawilonda pars agalygyna garşy gozgalaň turanda Kserks bu ýurduň baş Esagiliniň ybadathanasyny ýumrup, ol ýerden Marduk hudaýynyň heýkelini Pars patyşalygyna äkitmegi buýurýar. Ol şeýle-de grekleriň ybadathanasyny hem ýumrupdyr. Kserks bu çäreleri, diňe ýerli hudaýlara ynanýan ilatyň parslara duşmançylykly garaýyşlarynyň öňüni almak maksady bilen geçiripdir. Şondan soň, Kserks Eýranda dini adatlary geçirmekligi merkezleşdirmäge gönükdirilen dini özgertmeleri geçirýär. Şol özgertmeleriň kömegi bilen hem ol zoroastrizm dini tarapyndan ýazgarylan Mitri, Anahity we beýleki gadymy eýran hudaylarynyň ybadathanalaryny ýok etmek isläpdir. Emma onuň bu özgertmesi başa barmandyr. Ýarym asyr geçenden soň, ýokarda görkezilen hudaýlar ýene-de esasy seždе edilýän hudaýlar diýilip ykrar edilipdir.

Pars patyşalary tabyn edilen halklaryň dini ynançlaryny kemsitmedik hem bolsalar, olar ybadathanalaryň güýçlemegine ýol bermezlige ymtylypdyrlar. Müsürde, Wawilonda we Kiçi Aziýada we beýleki ýurtlaryň ybadathanalary döwlet

tarapyndan borçlandyrylypdyr, olar patyşa hojalygynda ulanmak üçin öz gullaryny ibermeli edilipdir.

Pars döwletinde dürli halklaryň etniki garyşmak ýagdaýy bolup geçýär. Şonuň bilen birlikde-de olaryň medeniýetiniň we dinleriniň umumylaşmaklygy hem ýüze çykýar. Gelmişekler ýerleşenlerinden soň, ýurduň jemgyýetçilik we ykdysady durmuşyna goşulşypdyrlar we kem-kemden ýerli halklar bilen garyşyp olaryň dilini, dinini kabul edipdirler. Dowamly etniki garyşmaklyk ylmyň-bilimiň we sungatyń umumylaşmagyna alyp barypdyr. Şeýlelik bilen halklaryň etniki garyşmaklary, ýurtda täze maddy hem ruhy medeniýetiň döremegine getiripdir. Parslar we beýleki Eýran halklary elamlylaryň, wawilonlylaryň, müsürlileriň siwilizasiýalarynyň gazananlaryny özleşdiripdirler we ösdüripdirler. Şeýlelik bilen, olar dünýä medeniýetniň hazynasyny baýlaşdyrypdyrlar.

Parslaryň uly medeni üstünlikleriniň biri-de şine hatynyň elipbiý görnüşiniň döredilmegidir. Parslaryň şine haty 600 belgili Akkad hatyndan tapawutlanyp, elipbiý görnüşine golaýlaşypdyr. Onda bary-ýogy 40 sany belgi bolupdyr. Munuň özi sowat öwrenmegi ýeňilleşdiripdir.

**Gadymy Eýranda binagärçilik gurluşy.** Gadymy Eýranda ymaratçylyk hem şekillendiriş sungaty babatda-da uly üstünlikler gazanylypdyr. Persepolda, Pasargada, Suzy ýaly gadymy pars şäherlerinde saklanyp galan ajaýyp şekiller bilen bezelen ägirt uly köşkleriň galyndylary, pars ymaratçylygynyň ajaýyp nusgasynyň ýadygärlikleri bolup durýar. Olaryň içinde Pasarga şäheri has hem tapawutlanypdyr. Ol 1900 m. deňiz derejesinden ýokarda, giden bir düzlik ýerde ýerleşipdir. Şäheriň maddy medeniýeti hasaplanýan şäher jaýlary beýik depede gurlupdyr. Ol jaýlar has ýagty görkezer ýaly çage bilen suwalypdyr, olar zerlenen ýaly owadan ak mermeri ýatladýarlar. Patyşa köşkleri bolsa seil baglaryň içinde ýerleşipdir.

Pasargada häzirki günlere çenli saklanyp galan ýadygärlikleriň biri, ol hem özüniň ajaýyp owadanlygy bilen adamlary haýran galdyrýan Kir II jaýlanan aramgähidir. Bu ýerde mazara barýan giň ölçegde ýedi sany basgançagy bolan, uzynlygy 3 m, ini 2 m bolan geçelge bar. Dünýäde bu aramgähiň özi ýaly ýa-da oňa meňzeş köp sanly ýadygärlikler bar, şol sanda gadymyýetiň ýedi täsinlikleriniň biri hasaplanan Galikarnasly satrap Kariý Mawsolyň aramgähi hem şolaryň biri hasaplanylýar.

Şeýle şäherleriň ýene biri Persepol şäheridir. Persepol şäheriniň gurluşygy b. e. öň 520-nji ýylda başlanyp tä b. e. öň 450-nji ýyla çenli dowam edipdir. Şäheriň ýeri 135 müň kw/m ýeri tutýar. Bu şäheri gurmak üçin dagyň eteginde emeli galdyrylan depede 12 müň kw/m dag gerişleri goparylyp, ýeri düzlenipdir. Bu şäheriň üç tarapy iki gat çyg kerpiçden berk gala bilen berkidilipdir, onuň gündogar tarapyny bolsa dag gaýasy gorapdyr. Dariniň baýramçylyk köşginiň (Apadama) uly meýlis otagy 3600 kw/m bolup, onuň ýokarsyny we jaýyň diwarynyň üstündäki jähegini (portik), beýikligi 20 metr bolan 72-sany inçe, owadan edilip ýasalan sütünler saklar ýaly edilip goýlupdyr. Bu uly otag Dariniň we Kserkisiň köşkleri bilen birleşdirilipdir. Köşk uly kabul edişlikler üçin hyzmat edipdir. Köşge 110 sany basgançakly-merdiwan geçirilipdir. Bu merdiwan çykalganyň ýüzünde häzirki günlere çenli saklanyp galan köşk işgärleriniň şekilleri, patyşanyň hususy sakçylary, onuň atlylary we arabalary çekilipdir. Merdiwanyň ikinji tarapynda bolsa, döwletiň düzümine girýän 33 halkyň wekilleriniň bergilerini we sowgatlaryny pars patyşasyna berip duran şekilleri görkezilipdir. Bu ýadygärlikler dürli taýpalaryň we halklaryň gylyk häsiýetlerini şekilendirýän hakyky etonografiki muzeý hasaplanylýar. Persepolda beýleki ahemeni patyşalarynyň köşkleri hem ýerleşipdir.

Persepoldan üç kilometr daşlykda Nakşi-Rüstem diýilýän gaýada Dariý I gubury we başga-da birnäçe pars patyşalarynyň

haşamlanan şekilli mazarlary ýerleşdirilipdir. Dariý I döwründe Suzyda hem uly gurluşyk işleri alnyp barylypdyr. Dariniň ýazgylarynda bu köşgi salmak üçin imperiýanyň dürli ýurtlarynyň 12-sinden gurluşyk materiallary getirilipdir, köşgi salan ussalary hem başga ýurtlardan getiripdirler, olar gurluşyk hem-de bezeg işleri bilen meşgul bolupdyrlar. Suzyda salnan köşkleriň biri bara-da Dariý şeýle ýazgylary ýazdyrypdyr: "Gurluşyk ýeri çuň gazyldy, daş bölekleri bilen düzlenip, çyg kerpiç bilen galdyryldy, bularyň hemmesini wawilonlylar etdiler. Liwan daglaryndan kedr agaçlary getirildi. Assiriýa halky ony Wawilona çenli ertdi, ondan aňryk Suza bolsa kariýlar we ionilar ertdiler. Gandhardan we Karmanidan gurluşyk agaçlary getirildi. Bu ýerde bezeg üçin ulanylýan altyn Lidiýadan we Baktriýadan getirildi. Gurluşygy bezemek üçin ulanylýan lazurit we her hili owadan daşlar Sogdydan getirildi. Müsürden kümüş we ebeno agajy, diwary bezemek üçin bezeg daşlary ionidan getirildi. Efiopiýadan, Hindistandan we Arahosiýadan pil süňki getirildi. Gurluşyk üçin işlenip taýýarlanan daşlar Elamdaky Abiradu obasyndan alyndy. Bu ýerde işleýän ussalar, daş ýonujylar ioniýlardan, lidiýalylardan bolan bolsa, altyn işleýän zergärçiler midiýalylardan we müsülilerden ybarat boldy. Agaç işlerini bezeýan ussalar hem müsürlilerden we midiýalylardan getirildi. Bişen kerpiçleri bezeýänler hem wawilonly adamlardan boldylar. Diwarlary bezeýänler midiýaly we müsürli adamlar boldylar". Basylyp alnan halklaryň zähmeti bilen gurulan bu şäherler we ägirt uly köşkler, uly pars döwletiniň güýjüni we kuwwatyny alamatlandyrypdyr.

**Gadymy pars sungaty.** Gadymy pars sungaty elamyň, assiriýalylaryň, müşürlileriň, grekleriň we beýleki halklaryň gadymy çeperçilik sungatlarynyň goşulmaklarynyň netijesinde emele gelipdir. Netijede käbir meňzeşliklerine garamazdan gadymy pars sungatyna içki bütewlik we aýratynlyklar häşiýetlidir, sebäbi bu sungatyň özboluşly taryhy ýagaýy,

özboluşly ideologiýasy we sosial durmuşy onuň ähmiýetini galdyrýar.

Gadymy pars sungatynyň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri-de aýry-aýry hojalyk esbaplaryny, iş gurallaryny ýasamakda uly kämillige ýetmegidir. Olar metaldan tabaklary we dürli wazalary, pil süňkinden ritonlary ýasap olary oňat nagyşlar bilen bezäpdirler. Pars ussalary-zergärleri aýratynam çeperçilik önümçiliginde uly abraý gazanypdyrlar, olar ýasan şaý-sepleriniň ýüzüne öý we ýabany haýwanlaryň (goýunyň, ýolbarsyň, ýekegapanyň we ş. m.) şekillerini çekipdirler. Çeperçilik önümleriň içinde aýratyn hem gymmat baha metallardan ýasalan bezeg şaýlary, lazuritden ýasalan uly bolmadyk heýkeljikler, möhürler, patyşalaryň, gahrymanlaryň, rowaýaty jandarlaryň şekilleri bilen bezelip, olar öz nepisligi, görnüşiniň kämilligi, şekilleriniň özboluşlylygy bilen haýran galdyrypdyr.



Gaplaň şekilli altyndan riton.
B. e. öň V asyr

## §28. Pars imperiýasynyň ýykylmagy. Grek- Baktriýa we Kuşan patyşalyklary

**Aleksandr Makedonskiniň Gündogara ýörişi we Pars imperiýasynyň ýykylmagy.** B. e. öň 338-nji ýylda Makedoniýanyň patyşasy Filipp II Gresiýani Makedoniýa tabyn edýär. Tiz wagtdan Filipp II birleşen grek goşunynyň baş serkerdesi edilip saýlanýar we Gündogara tarap ýörişe taýýarlanyp başlaýar. B e. öň 336-njy ýylda ol 10-müň makedon goşunyny Kiçi Aziýanyň Günbatar.

ÝAKYN WE ORTA GÜNDOGAR b.e.öň VI ASYRYŇ ORTALARYNDA




kenarlaryny basyp almak üçin ugradýar. Emma Filipp şol ýylda dildüwüşijiler tarapyndan öldürilýär, onuň ýerine 20-mi ýaşly ogly Aleksandr patyşa bolýar. Aleksandr parslar bilen boljak uruşyň kyn boljagyna düsünip, oňa örän öňat taýýarlyk gerekdigine göz ýetrip, Kiçi Aziýa iberilen goşuny yzyna çagyrýar. Bu ýagdaý parslara iki ýyllap dem almaga mümkinçilik berýär, emma parslar makedon howpunyň öňüni almak üçin, bu dörän amatly ýagdaýdan hiç hili netije çykarmandyrlar, taýýarlyk işlerini geçirmegi hem başarmandylar.

B.e.öň 334-nji ýylda Isgender Zülkarneýiniň ýolbaşçylygynda Grek-Makedon goşunlary Ahemenileriň döwletiniň üstüne ýöriş edýär. Onuň 30 000 pyýada we 5 000-den ybarat atly goşuny, 160-sany harby gämisi bolupdyr. Ýörişe örän oňat taýýarlyk görülýär, şäherleri almak üçin goşun ýörite gala ýykyjy maşynlar bilen üpjün edilýär. Dariý III goşuny köp esse makedon goşunyndan agdyklyk etse-de, özüniň söweş ukyby taýdan juda pesdi (esasan hem agyr ýaraglanan pyýada goşuny), pars goşunynyň berk gaýtawul berip biläýjek bölegi bolsa, greklerden ybarat hakynatutma goşundy.

Ilkinji çaknyşyk b. e. öň 334-nji ýylda Gellespontyň (häzirki Dardanel geçelegesi) kenarynda Granik derýasynyň aýak ujunda bolup geçýär. Bu söweşde Aleksandr ýeňiji bolýar. Şondan soň ol Kiçi Aziýanyň şäherlerini basyp alýar, şäherleriň içinde diňe Galikarnaş şäheri berk gaýtawul berýär. B. e. öň 333-nji ýylyň tomsunda makedoniýalylar Kilikiýany basyp alýarlar, soňra bolsa parslaryň esasy güýjüniň ýerleşýän ýeri bolan Siriýa çozup girýär. B. e. öň 333-nji ýylyň noýabrynda Kilikiýa bilen Siriýanyň serhedinde ýerleşýän Issanyň eteginde uly söweş bolup geçýär. Bu gandöküşikli söweşde Dariý III aljyrap, söweşiň netijesine garaşman goşunyny we masgalasyny taşlap gaçýar, netijede onuň bütin maşgalasy hem ýesir düşýär. Söweş Aleksandryň ýeňşi bilen tamamlanýar, indi oňa Siriýa girmek we Finikiýanyň kenarlaryna ýetmek üçin ýol doly açylypdy. Finikiýanyň şäherleri Arad, Bibl we Sidon hiç hili garşylyksyz Aleksandra tabyn bolýarlar. Iň güýçli garşylyk görkezen Tir şäheri hem b. e. öň 332-nji ýylda uzak gabawdan soň basylyp alynýar, şäher ýykylyp ilaty bolsa gulçulyga satylýar.

Dariý III ýaraşyk baradaky teklibini kabul etmän, Aleksandr ýörişi dowam etdirmek üçin taýarlyk görüp başlaýar. B. e. öň 332-nji ýylyň güýzünde ol Müsüri basyp alýar, soňra bolsa Siriýa dolanyp gelýär we pars patyşasynyň öz goşuny

bilen garaşyp duran ýerine, ýagny Arbely şäherinden daş bolmadyk Gawgamel diýen ýere ugraýar. B. e. öň 331-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda bu ýerde uly söweş bolup geçýär. Dariý III goşunynyň merkezinde grek hakynatutma goşunlary ýerleşipdir, olaryň garşysynda bolsa makedonlylaryň pyýada goşuny durupdyr. Parslar söweşiň sag ganatynda artykmaçlyk eden soň makedon goşunynyň hatarlaryny bozupdyrlar. Emma esasy söweş Aleksandryň atly goşuny bilen kürsäp giren ýeri-merkezde bolup geçipdir. Parslar öz atly goşunlaryny we pillerini söweşe girizýär, emma Dariý III edil Issedäki ýaly gidip duran söweşi ýeňildi hasap edip ýene-de gaçyp gidýär. Şondan soň diňe grekleriň hakynatutma goşuny söweşi dowam etdiripdir. Aleksandr ýeňiş gazanyp Wawilony basyp alýar. Soňra, b. e. öň 330-njy ýylyň fewral aýynda bolsa, onuň goşuny Suzy şäherine girýär. Tiz wagtdan basybalyjylar pars patyşalarynyň esasy hazynasynyň ýerleşýän ýeri bolan Persepol we Pasarga şaherlerini eýeleýärler.

Dariý özüniň ýakyn adamlary bilen Gündogar Eýranyň Ekbatan şaherine gaçyp barýar, emma bu ýerde Baktriýa satraby Bess tarapyndan tutulyp öldürilýär. Şeýlelik bilen, Ahemeniler döwleti ýaşamagyny bes edýär, onuň ähli mülki bolsa Aleksandryň imperiýasyna goşulýar.

Şeýle ýagdaýda Baktriýanyň satrapy Bess özüni “Aziýanyň hokümdary” (Orta Aziýa manysynda) diýip yglan edýär we Baktriýany, Margianany, Sogdy we Parfiýany öz içine alýan täze döwlet döretmäge synanyşýar. Emma Isgender Zülkarneýniň Orta Aziýa ýörişiniň başlanmagy bilen bu birleşme dargaýar.

**Halk gozgalaňlary. Spitamen.** B.e.öňki 330-njy ýylda Bess hem Aleksandr tarapyndan öldürilýär. Emma grek-makedonlylaryň Orta Aziýa ýörişi uly garşylyga sezewar bolýar. Ýerli begzada, hem harby serkerde Spitameniň ýolbaşçylygynda basybalyjylara garşy halk göreşi başlanýar. Gozgalaň b.e.öň 329njy ýylda başlanýar, Spitamen ep-esli

goşun ýygnaýar, oňa parahat oturan ilat hem goşulýar. Marakanda şäherinde galdyrylan grek goşunlary derbi-dagyn edilýär, galanlary bolsa galanyň berkitmesinde gizlenip, daşyndan kömege garaşmaly bolýarlar. Aleksandr Syrderýadaky gozgalaňy basyp ýatyryp, 3 müň pyýada, 800 sany atly goşuny Marakanda kömege iberýär. Aleksandryň özi bolsa Eshaty Aleksandriýa şäheriniň gurluşygyna başlap, daşy 9 km bolan giňlikde gala salýar. Galada urşa ýaraman galanlary, ýesirleri hem-de ýerli we makedon goşunlaryndan isleg bildirenleri ýerleşdirýär. Arrianyň berýan maglumatyna görä bu uly gala 20 günde salnyp tamamlanypdyr.

Aleksandr başlanan gozgalaňyň möçberine göz ýetirmändir. Spitamen grek-makedon goşunynyň gelmegi bilen Marakanda şäherinden çekilipdir, grekler bolsa gozgalaňçylaryň yzyndan kowupdyrlar, emma amatly wagt gelende Spitamen garşylyklaýyn hüjüme geçipdir, grekler Arrianyň aýtmagyna görä, Zerewşan derýasynyň bir adasyna gaçyp atypdyrlar, emma bu ýerdäki skifler we Spitameniň atly goşuny olary gabap, atyp ýok edipdirler.

Spitamen ýerli halkyň goldamagy bilen ýene-de Marakanda şäherini gabaýar. Haçanda Aleksandr esasy güýçleri bilen gelende Spitamen ýene-de şäheri taşlap gidýär. Aleksandr öň skifler bilen bolan sähra uruşlaryndan netije çykaryp Spitameni yzarlamandyr, emma şäher halkynyň erkek göbeklisini uçdantutma gyrmaga buýruk berýär. Ölüme buýrylan 30 sany şäheriň emeldar begleriniň, ölümden çekinmän aýdym aýdyp ölüme baryşlaryny gören makedonlylar olaryň batyrlygyna haýran galypdyrlar diýip, Kwint Kursiý ýazypdyr. Bu gozgalaň döwründe Grek-Makedonlylar uly ýitgilere sezewar bolýar. Spitameniň ýörite düzülen çozujy toparlary grek-makedon goşunynyň uly ýitgilere sezewar bolmagyna getiripdir. Spitamen basybalyjylara  bir gün hem ynjalyk bermändir.

Aleksandr gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin bar bolan 20 müň goşunyny 5 topara bölüpdir we hem-de Sogdyň içinden geçip gabat gelen adamsyny gyrypdyrlar. Grek taryhçysy Didor Sisiliýskiniň ýazmagyna görä, „Aleksandyr gozgalaň eden sogdylary yzarlap 120 müň adam gyrypdyr“. Netijede bu gyrgynçylykdan soň Aleksandr öz grek-makedon goşunyny saklamak üçin abat şäherler galmansoň, şäherleri dikeltmek we täzeden gurmak üçin öz serkerdeleriniň birine buýruk beripdir.

Bu döwürde Spitamen özüniň 600 atlysy bilen Aleksandryň arka tarapyna Baktriýa geçip grekler bilen gahrymanlarça uruş alyp barypdyr. B. e. öň 328-nji ýylda Spitamen 3-müň goşun bilen ýene-de Sogda ýöriş edýär, söweşde iki tarapdan hem uly ýitgiler çekilýär. Şondan soň Spitamen çöle çekilmekçi bolýar, emma sähra taýpalarynyň serdarlary dönüklik edip onuň kellesini kesipdirler hem-de ony Aleksandra iberipdirler. Olar şeýdip özlerine gelýän howpy aýyrmak isläpdirler. Spitameniň haýynllyk bilen öldürilmegi gozgalaňyň gowşamagyna alyp barýar. Aleksandr Makedonskiý uly kynçylyk bilen gozgalaňy basyp ýatyryar. Şeýlelik bilen b.e.öňki 327-nji ýylda Orta Aziýa ýerleri boýun egdirilýär.

Emma Aleksandr b. e. öň 328-327-nji ýylyň gyşyny Sogdyda geçirmeli bolýar. Aleksandr ýerli baýlary we zoroastrizmiň ruhanylaryny öz tarapyna çekmek üçin, alyp barýan syýasatyny düýpgöter üýtgetmeli bolupdyr. Mysal üçin, b. e. öň 327-nji ýylyň güýzünde daglarda ýerleşýän käbir galalar alnanda, olary goraýan ýerli beglerden bolan Oksiart, Sisimitr we Horieni diňe bir jezalandyrylman, eýsem olaryň hemme baýlyklary hem gaýtarylyp berilipdir. Aleksandr ýerli baý gatlagyň wekillerini, hanlaryny, beglerini pul hem-de derbi-dagyn edilen gozgalaňçylaryň emlägini we ýerlerini paýlamak bilen öz tarapyna çekipdir. Aleksandr ýerli begler bilen garyndaşlyk gatnaşygyny hem açýar, ol Oksiartyň gyzy Roksana öýlenýär.

Şeýlelik bilen, Orta Aziýanyň ýerleri Isgender Zülkarneýniň döwletiniň düzümine goşulýar hem-de parslaryň agalygy Grek-Makedonlylaryň agalygy bilen çalyşylýar. Amyderýanyň sag kenary tutuşlygyna makedonlylar tarapyndan basylyp alynýar. Rowaýata görä, Aleksandr Zerewşan derýasynyň ýokary sebitlerine çenli baryp ýetipdir, onuň şeýledigini şol ýerdäki kölüň adynyň Iskender köli diýilmegi hem güwä geçýär. Diňe Horezm özüniň garaşsyzlygyny saklap bilipdir. B. e. öň 228-227-nji ýyllarda Aleksandr Baktriada gyşlanda, onuň ýanyna Horezm şasy Farasman 1500 atlysy bilen gelip, kolhlara we amazonkalara garşy bile ýöriş etmegi teklip edipdir diýip, grek taryhçysy Arrian ýazýar.

Uruş döwründe örän köp obalar we şäherler weýran bolýar, bütin ýurt ägirt köp adam we maddy heläkçiliklere sezewar edilýär. Bu bolan işler Aleksandr Makedonskiniň ýörişleriniň diňe bir tarapy. Gresiýanyň we Makedoniýanyň Ahemeni patyşalygyndan üstün çykmagy, belli bir derejede ösen guleýeçilik jemgyýetiniň has yza galak sosial-ykdisady gatnaşykly jemgyýetden ýokarydygyny görkezýär. Netijede, Pars patyşalygynyň harabaçylygynda täze döwlet emele gelýär. Aleksandr syýasy, ykdysady we medeni ösüşi boýunça dürli derejelerde durýan welaýatlary grek jemgyýetine ýakynlaşdyrmak maksady bilen, gundogaryň öňki ýokary gatlakdan durýan emeldarlaryny ýurdy dolandymaga çekmek syýasatyna uly üns berýär. Ol şeýle-de söwdanyň ösmegine, gurluşyk işlerini güýçlendirmäge hem uly üns berip başlaýar. Antik taryhçylarynyň ýazmagyna görä, grekler tarapyndan diňe Baktriýada we Sordyda 8-12-ä çenli Aleksandriýa şäherleri salnypdyr. Olaryň içinde: Eshata Aleksandriýasy, Ariý Aleksandriýasy, Oks derýasynyň boýundaky Aleksandriýa (Termeziň töwereginde), Baktriýa şäheriniň ýanyndaky Aleksandriýa, Margiana Aleksandriýasy (häzirki Baýramalynyň ýerinde) we beýleki şäherler esaslandyrylypdyr.

Selewkileriň gündogardaky mülklerinde bu syýasatyň amala aşyrylmagy Selewkiň ogly Antiohyň ady bilen baglydyr. B. e. öň 289-njy ýylda Antioh atasy tarapyndan Ýewfrat derýasyndan gündogarda ýerleşýän satraplyklary dolandyrmak üçin hökümdar edilip bellenilýär. Antioh hojalygy dikeltmeklik çärelerini amala aşyrmak üçin bar yhlasy bilen ýapyşypdyr. Margiana welaýatynyň paýtagty täzeden dikeldilýär we bütin ekerançylyk oazisiniň daşyna uzynlygy 250 km bolan diwar galdyrýar. Köp galalar we şäherler täzeden gurlýar ýa-da täzeden berkidilýär.

Aleksandryň döwründe imperiýanyň gündogar welaýatlaryna grekleri hem makedoniýalylary göçürip getrimeklik syýasaty, Selewkileriň döwründe hem dowam etdirilipdir. Olar bu ýerlerde täze şäherleri esaslandyrypdyrlar. Mysal üçin, Baktriýanyň ýerinde, Amyderýanyň çep kenarynda uly grek binagärçilik görnüşli şäheriň (Aýhanum) harabaçylygynyň üstüniň açylmagy, bu ýerlerde grek medeniýetli şäherleriň gurulandygyndan habar berýär. Şeýlelik bilen, Orta Aziýada harby basybalyşlyklardan we ýumurlyşyklardan soň parahatçylyk aralaşyp ösüş döwri başlanýar.

Muňa garamazdan syýasy häkimiýet Ahemenileriň döwrünäki ýaly Aleksandr tarapyndan girizilen syýasy dolandyryş ulgamy, ýerli halkyň köpüsi üçin ýat bolupdyr. Ýerli ykdysadyýetiň ýokary galmagy bilen, syýasy garaşsyzlyga ymtylmaklyk selewkiler döwründe güýjäp baslapdyr. Selewkiler wagtyň geçmegi bilen Baktriýany täze girdejiniň we harajadyň çeşmesi hökmünde garap, günbatarda alnyp barylýan uruş üçin peýdalanyp başlapdyr. Bu ýagdaý ýerli halklaryň bähbitlerini birleşdiripdir we Orta Aziýada birnäçe garaşsyz döwletleriň döremegine getiripdir.

Emma Aleksandryň ölümi bilen onuň döreden uly döwleti dargaýar, döwlet onuň oruntutarlary-serkerdeleriniň, ýagny özlerini diodohlar diýip atlandyrýanlaryň arasynda paýlaşylýar.

Özara uruşlar uzaga çekýär. B. e. öň 301-nji ýylda Frigiýanyň ýerinde Ipse diýen ýerde bolan gandöküşikli urşyň netijesinde bütin imperiýa üç sany özbaşdak döwletlere: Makedoniýa, Ptolemeýleriň Müsür döwletine we Siriýa-Selewkileriniň döwletine bölünýär. Bu döwletler taryhda ellinistik döwletler diýilip atlandyrylýar.

B. e. öň 305-nji ýylda Orta Aziýa Selewkiler döwletine goşulýar. Onuň ilkinji paýtagty Wawilon şäheri bolupdyr. Bu döwletiň hökümdarlary hem basyp alan ýurtlarynda Aleksandryň syýasatyny ýöredipdirler, olar ýerli emeldarlara daýanyp döwleti dolandyrmaga çalyşypdyrlar.

**Grek-Baktriýa patyşalygy.** Türkmenistanyň günorta we dündogar sebitlerini özüne birikdiren birnäçe döwletler döräpdir. Şolaryň biri Grek-Baktriýa döwletidir. Öň belläp geçişimiz ýaly, b. e. öň 250-nji ýyllarda Baktriýa satraby Diodot özüni garaşsyz hökümdar diýip yglan edýär.

Bu döwlet ilknji döwürlerde selewkilere garşy göreşde Parfiýany goldap çykyş edipdir. Soň-soňlar bu syýasaty Grek-Baktriýa döwletiniň greklerden ybarat ýokary gatlagy goldamandyr. Patyşa Diodotiň oruntutary onuň ogly Diodot II tagta cykmagy täze nesilşalygyň döränligini görkezýär. Emma bu nesilşalyk uzak dowam etmändir. B. e. öň 230-njy ýylda patyşa Diodot II Ýewtidem tarapyndan tagtdan agdarylýar we öldürilýär. Onuň maşgalasynyň hem bary ýok edilýär.

Selewkileriň şasy Antioh III Grek-Baktriýa patyşalygyny tabyn etmek üçin onuň çäklerine aralaşypdyr. Selewkileriň goşuny Ariý (Tejen) derýasyna golaýlap gelende, onuň öňünden Grek-Baktriýa döwletiniň patyşasy Ýewtidemiň ýolbaşçylygyndaky 10 müň esgerden ybarat atly goşun çykýar. B.e.öňki 208-nji ýylda Ariý derýasyndan uzakda bolmadyk ýerde bir şäheriň golaýynda iki goşunyň arasynda gazaply söweş bolýar. Söweş Ýewtidemiň goşunynyň ýeňilmegi bilen tamamlanýar. Ýewtidem az sanly atly goşun bilen özüni zordan ýurdyň paýtagty Bähdi (häzirki Balh) şäherine atypdyr.

Antioh III Bähdi şäherini iki ýyla çenli netijesiz gabandan soň, b.e.öň 206-njy ýylda Ýewtidemiň teklibi boýunça ýaraşyk şertnamasy baglaşylýar. Şertnama görä, Antioh III Grek-Baktriýa patyşalygynyň garaşsyzlygyny ykrar edýär, ýerine bolsa Ýewtidem Antiohyň goşuny üçin azyk önümlerini we söweşiji pilleri bermeli bolupdyr. Antioh Ýewtideme garaşsyzlyk beren hem bolsa, ol tizara Rim imperiýasynyň we Parfiýanyň garşysyna üznüksiz alnyp barlan söweşler netijesinde ymykly gowşaýar. Indi Selewkileriň döwleti Grek-Baktriýa patyşalygy üçin uly bir howp bolmagyny bes edýär.

Ýewtidemiň ogly Demetriniň hökümdarlyk eden ýyllarynda Grek- Baktriýa patyşalygy örän güýçlenipdir hem-de öz çäklerini giňeldipdir. Demetriý Gindiguş daglaryny geçip Hindistanyň Mauriler döwletiniň düzümine giren ýerleriň bir bölegini basyp alýar. Uly üstünlik gazanan Demetriý öz zikgelän pullarynda dabaralarda kellä geýilýän tuwulga (şlem) öz şekilini piliň kellesi görnüşinde çekdiripdir. Teňňelerde täze tabyn edilen halkyň bähbitlerini göz öňünde tutup, ol grek ýazgylary bilen birlikde hindi ýazgylaryny hem ýerleşdiripdir. Emma Baktriýanyň özünde kän bir rahatlyk bolmandyr. B. e. öň 171-nji ýylda, heniz Demetri Hindistanda ýörişde wagty, onuň harby serkerdeleriniň biri Ýewkratid yzynda häkimiýeti basyp alýar.

Ýewkratid Baktriýada berkänden soň Ginduguşyň aňyrsyna uly harby ýöriş geçirýär, netijede ol öz mülküne ýene-de birnäçe täze welaýatlary birikdirýär. Emma bu döwre çenli Grek-Baktriýanyň günbatar serhetlerinde Parfiýa döwleti güýjäp başlaýar. Birnäçe çaknyşyklaryň netijesinde, parfiýalylar üstün çykyp bu döwletiň ýeriniň bir bölegini basyp alýar.

B. e. öň 155-nji ýylda ýörişden gaýdyp gelýän Ýewkratid öz ogly Geliokol tarapyndan öldürilýär hem-de ol öz atasynyň meýdiniň üstünden atly arabasy bilen basalap geçýär. Täze hökümdar Grek-Baktriýanyň iň soňky güýçli patyşalarynyň biri

bolýar. Emma Grek-Baktriýa patyşalygy näçe güýçlense-de, b.e. öňki II asyryň ortalarynda bu patyşalygyň syýasy durmuşynda uly üýtgeşikler bolup geçýär. Netijede döwletiň içinde başlan özara dawalar, irginsiz alnyp barylan uruşlar, ýaňy özbaşdaklygyny gazanan döwletiň ençeme ownuk patyşalyklara bölünmegine getirýär. Döwletiň ownuk hanlyklara bölünmegi Grek- Baktriýa patyşalygynyň demirgazygyndan gelen çarwa ýueçji taýpalaryna ownuk patyşalyklary yzly-yzyna basyp almagyna mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, b.e öňki 140-130-njy ýyllaryň içinde Grek-Baktriýa patyşalygy ýaşamagyny bes edýär. Grek atlary bilen galan ownuk hökümdarlar özleriniň pullaryny çykaran hem bolsalar, olaryň häkimligi diňe ýerli häsiýetde bolupdyr.

Grek-Baktriýa patyşalygynyň çarwa taýpalaryň zor salmaklary bilen we içki özara dawalaryň netijesinde ýykylmagy ýöne ýerden daldi. Şebäbi b. e. öň III-I asyrlarda Aziýanyň gadymy çarwalary öz ösüşiniň täze basgançagyna aýak basypdylar. Bu döwürde has kuwwatly döwlet birleşmeleri emale gelýär. Şeýle syýasy birleşmeleriň biri hem sýunnu birleşmesi bolup, ol Gadymy Hytaý döwletleri üçin iň howply döwlete öwrülýär.

Orta Aziýanyň demirgazygynda we günorta-gündogar Gazagystanda köp babatda sýunnulara ýakyn usunlaryň täze syýasy birleşmesi emele gelýär. Usunlar bir wagtyň özünde 30 müň atly goşuny söweşe çykaryp bilipdirler. Bu birleşmäniň başynda gunmo derjeli hökümdar durupdyr. Gadymy awtorlaryň berýän habarlaryna görä, bu çarwa taýpa bileleşiginiň döwlet dolandyryş ulgamy ýönekeý bolupdyr. Şeýle taýpa bileleşikleriniň arasynda mydama harby çaknyşyklar bolup durupdyr. Mysal üçin, hytaý çeşmelerinde berilşine görä, usunlylar bilen çarwa ýueçjalaryň arasyndaky çaknyşyklaryň netijesinde, çarwa taypalar günorta gysylyp çykarylypdyr we Sogdyň oturymly oazisinyň üstünden geçip, Baktriýa kürsäp urupdyrlar. Bu herekete taýpa toparlarynyň

beýlekileri hem goşulypdyrlar, şol sanda olaryň içinde sak taýpalary hem bolupdyr. Oazislaryň oturymly ýaşaýjylary bilen harby hereket döwründe bolan caknyşyklar tamamlanyp, parahatçylyk aralaşandan soň söwda gatnaşyklary ýola goýlupdyr. Şeýlelik bilen, Grek-Baktriýa patyşalygynyň ýykylmagyna bir tarapdan gadymy çarwa taýpa birleşikleriniň hüjümi bolan bolsa, ikinji tarapdan bu döwletiň öz içki gowşaklygy sebäp bolupdyr.

Baktriýa ýurdunda, grek-makedon agalygy döwründe şäher durmuşynyň yzygiderli ösüşi bolup geçýär. Şonuň üçin, antiki ýazarlar Grek-Baktriýa ýurdyny müň şäherli ýurt diýip atlandyrypdyrlar, hakykatdan hem bu ýurdyň şäherleriniň sany artdyrylyp görkezilen hem bolsa, olarda şaherleriň sanynyň köp bolandygyna göz ýetirse bolýar. Täze şäherlere grek-baktriýa hökümdarlarynyň (Ýewkratideý, Demetriý) atlary dakylypdyr. Oňki şäherleriň merkezleri ep-esli giňelip, uly bolmadyk şäherçeler bolsa uly şäherlere öwrülipdir. Täze şäherler göniburçli salnyp, olaryň daşy her ýerinde gorag diňleri bolan berk galalar bilen gurşalypdyr. Bu daşy galaly şäherler örän ähmiýetli sowda-senetçilik merkezleri bolup hyzmat edipdirler. Şäher ilatynyň köpelmegi bolsa alyş-çalyşyň, söwdanyň ösmegine getiripdir. Söwdanyň ösendigine bolsa, grek-baktriýa teňňeleriniň bu ýerlerden köp tapylmagy hem güwä geçýärler. Baktriýanyň baý ekerançylyk welaýatlardan ybarat köp sanly şäherli, ýokary derejede ösen söwda-senetçilik ýurdyna öwrülmegi, Grek-Baktriýa döwletiniň agalyk eden zamanyndan başlanypdyr.

Şol bir wagtyň özünde bolsa, grek medeniýetiniň mundan beýläk ýaýramagynyň güýçlenmegi bolup geçýär, ol ilki bilen hem merkezi şaherleri öz içine alypdyr. Aýratyn hem binagärçilik gurluşygynda grek täsiri güýçli bolupdyr. Jaýlar köplenç Gresiýadaky Korinf şäheriniň görnüşinde daşdan salnypdyr. Grek-Baktriýa teňňeleriniň arka tarapynda grek hudaýlary (Zewsiň, Poseýdonyň, Apollonyň, Artemidiň) we

grek gahrymanlarynyň şekilleri (Gerakl we başgalar) goýlupdyr. Hatda, hojalykda ulanylýan gap-gaçlary hem grekleriň gap-gaçlary şekilinde ýasalypdyr. Grek-Baktriýa sungatynda gündogar hem antiki rowaýatlardaky gahrymanlaryň edermenlikleri goşulyp görkezilipdir. Mysal üçin, Gerakl hindi-eýran hudaýy hasaplanylýan Wertragna, Apollon-gün hudaýy Mitra bilen bir hudaýlar hasaplanypdyr. Elbetde, Diodot tarapyndan döredilen döwlet ýöne ýerden Grek-Baktriýa döwleti diýilip atlandyrylmandyr. Gündogar bilen Günbataryň medeniýetinde gazanylan üstünlikleriň goşulyp-garyşmagyna Grek-Baktriýa patyşalygynyň döremegi sebäp bolupdyr.

Şeýlelik bilen, 100 ýyldan sähelçe gowrak döwri öz içine alan Grek-Baktriýa patyşalygy Merkezi Aziýanyň gadymy döwrüniň taryhynda uly yz galdyrypdyr. Ol döwlet şol döwürde kämil derejä ýeten grek medeniýetiniň we sungatynyň Gündogar ýurtlaryna ýaýramagy üçin, bu ýerde grekleşen özboluşly sungatyň gülläp ösmegi üçin amatly şert döredipdir. Munuň özi Orta Gündogar ýurtlarynyň, şol sanda Türkmenistanyň ýerinde ýaşan halklaryň medeniýetinde we sungatynda hem saklanyp galypdyr. Soňky ýyllarda arheologlar tarapyndan geçirilen barlaglaryň netijesinde Lebap welaýatynyň Hojambaz, Halaç, Atamyrat, Köýtendag etraplaryň ýerlerinde, b.e.önki III asyryň ikinji we II asyryň ikinji ýarymynda ýaşan ilatyň Grek-Baktriýa patyşalygynyň düzüminde bolandygyny doly anyklandy. Häzirki Köýtendag etrabynyň ýerindäki Mürzebeggalanyň ýerleşen ýerinde, meýdany 4 ga barabar bolan şäher görnüşli ilat ýaşapdyr. Mürzebeggala şol döwürde Günorta-Gündogar Türkmenistanyň Grek-Baktriýa patyşalygynyň düzümine giren ýerleriň merkezi bolup hyzmat eden bolmagy mümkindir. Onuň medeni gatlaklaryndan tapylan däne üwelýän owguçlar, keramiki möhürler, mata dokamakda peýdalanylan gurallaryň bölekleri, aýal hudaýynyň heýkeljikleri muny doly görkezýär.

**Kuşan patyşalygy.** B.e. I asyrynda gadymy Grek-Baktriýa topragynda kem-kemden Gadymy dünýäniň iň uly döwleti- Kuşan imperiýasy döräpdir. Ol özüniň iň güýçli gülläp ösen döwrine çenli Hytaýyň Han imperiýasynyň serhetlerinden Gündogar Eýranyň parfiýa mülklerine çenli ýerleri eýeläpdir we Parfiýa döwletiniň gündogarsynda güýçli





Dalwerzinden (çepdäki) we Halçaýandan (sagdaky) tapylan heýkeller. B. e. öň I asyr- b. e. I asyry

bäsdeş döwletine öwrülipdir. Kuşan siwilizaşiýasy köp halklaryň medeniýetde gazananlaryny kabul edip, dünýä medeniýetiniň taryhynda ýatdan çykmajak yz galdyrypdyr. Emma dünýä belli bu uly döwletiň taryhy doly öwrenilmän, üsti açylman gelindi. Kuşan patyşalygynyň taryhy diňe soňky ýyllarda alymlaryň ünsüni özüne çekip bu döwlet barada, onuň medeniýeti barada köp maglumatlar jemlenip gelinýär.

Kuşan döwletiniň ilki başlarda esasy merkezi Baktriýanyň öz ýerleri bolupdyr. Grek-Baktiriýa döwleti ýykylandan soň bu ýerde uly bolmadyk, ownuk syýasy birleşmeler, şol sanda grek-baktriýa patyşalygyny ýok eden çarwa taýpa serdarlaryna tabyn mülkler emele gelýär. Bu çarwa taýpalar örän tiz wagtyň içinde oturymly ýerli halkyň adatlaryny kabul edýärler. Arheologlar tarapyndan Demirgazyk Owganystandaky Tylladepede üsti açylan begzadalaryň mazaryndan tapylan köp sanly altyndan we kümüşden ýasalan ýadygärlikler sähra taýpalary bilen arabaglanyşygyň bolandygyny görkezýär. Şol sanda bu tapyndylarda Grek-Baktriýanyň çeperçilik medeniýetiniň täsirini hem aýdyň görmek bolýar.

B. e. öň I asyrda Baktriýanyň ýerlerinde täze kanallar çekilip, ekerançylyk oazislary döredilýär, Grek-Baktriýa döwründe amala aşyrylan şäher gurluşyk däbi dowam etdirilip täze şäherler gurulýar. Tiz wagtdan Geraý atly hökümdaryň biri çarwalar bilen ýakyndan gatnaşygyň alamatyny (simwoly) aňladýan özüni atyň üstünde oturan ýaragly esger şekilinde zikgelenen teňňede çekip görkezmegi, bu döwletiň kuwwatynyň artyp başlandygyndan habar berýär. Taryhy maglumatlaryň habar bermegine görä, üsti açylan täzeligiň biri hem bu hökümdaryň özüni kuşanly diýip atlandyrmagydyr. Netijede bolsa, Geraýyň bu uly bolmadyk mülki, onuň oruntutarlary döwründe dünýä derejesindäki uly Kuşan döwletiniň döremegine getiripdir.

B.e. I-II asyrlarynda Kuşan döwleti goňşy döwletler bilen yzygiderli çaknyşyklarda bolupdyr, esasan hem Parfiýa döwleti bilen ýygy-ýygydan çasknyşyklar bolup, iki tarapy hem köp ýitgilere sezewar bolupdyrlar. Ýöne ol çaknyşyklar ullakan bir ýer-ýurt özgerişligine getirmändir.

Her halda hem bu çaknyşyklar ysgyndan düşüp barýan Parfiýa döwletiniň has-da gowşamagyna täsir edipdir. Çarwa ýueçji taýpalary Grek-Baktriýa döwletini basyp alanlaryndan soň, onuň ýerinde 5 sany hanlyklary (Guýşuan, Ansi, Gaöfu, Pudu we Gibin) döredipdirler. B.e.öň I asyryň başlarynda hanlyklaryň arasynda Guýşuanyň täsiri has güýçlenipdir. Geraý hanyň ogly (käbir maglumatlara görä-agtygy) Kujula Kadfiz I Baktriýanyň ýerinde dörän çarwa taýpalaryň uly bolmadyk dört hanlygyny birleşdirmegi başrypdyr. Şeýlelikde, bütin Baktriýa täze hökümdaryň häkimligine birikdirilip ol “patyşalaryň-patyşasy” diýilip yglan edilýär we täze Kuşan imperiýasyny esaslandyrýar. Bu wakalar b. e. öň I asyryň içinde bolandyr diýilip çaklanylýar.

Täze patyşalyk tiz wagtdan hemişeki ýollar bilen günorta, Hindiguş dagyndan günorta tarap ýöriş geçirip, Kadfiz I bu ýerlerde birnäçe welaýatlarda ornaşýar. Kadfiz I döwründe

Kuşan patyşalygynyň merkezi Baktriýa bolup, onuň paýtagty Baktry şäheri bolan bolmagy mümkin. Kuşan döwletiniň mundan beýläk serhetleriniň giňemegi Kadfiz I ogly we oruntutary, uly döwleti esaslandyryjy Kadfiz II döwründe bolup geçýär. Kadfiz II demirgazykda Sogdianany, günortada Hindiguş daglaryndan geçip Kabuly, basyp almak başardýar.

Kuşan döwletiniň gülläp ösen döwründe (b.e. I asyrynyň ahyry-III asyryň başy) onuň düzümine Orta Aziýanyň bir bölegi, häzirki Owganystanyň, Demirgazyk Hindistanyň ýerleri tä Waranasy şäherine çenli goşulypdyr. Netijede Orta Aziýanyň ep-esli bölegini, häzirki Owganystanyň ýerlerini, Päkistanyň uly bölegini we demirgazyk Hindistany özüne birikdiren Kuşan döwleti, dünýäniň iň uly döwletleriniň birine öwrülýär. Ýurduň paýtagty ilkibaşda Sogdianada ýerleşipdir, soňra Bähdi şäheri saýlanyp alnypdyr.

Kadfiz II teňňelerinde unduslaryň hudaýy Şiwiniň öküz bilen duran şekiliniň görkezilmegi, patyşanyň unduizm dinine ýakyn bolandygyny we täze birikdirilen halklaryň arasynda Kuşan patyşalygynyň abraýyny galdyrmaga çalyşandygyndan habar berýär.

Kuşan hökümdarlarynyň içinde iň güýçli patyşalarynyň biri hem Kanişka bolupdyr, ýöne onuň dolandyran ýyllary barlagçylar tarapyndan anyk görkezilmeýär. Kanyşkanyň patyşalyk eden ýyllary b. e. II asyrynyň üçünji çärýegine çenli bolupdyr diýilip çaklanylýar. Onuň dolandyran ýyllarynda döwletiň merkezi hindi ýerlerine süýşüpdir. Kanişkanyň häkimlik eden ýyllarynda döwletiň paýtagty Hindistanyň Puruşapura (häzirki Peşewar) şäherine geçirilipdir. Galyberse-de Kanişka unduizm dinine howandarlyk edipdir. Kanişkanyň çykaran teňňelerinde köp bolmasa-da Budda hudaýynyň şekiliniň görkezilmegi hem onuň induizm dinine ýykgyn edendigine güwä geçýär. Emma Kanişkanyň teňňelerinde köp bolmasa-da köp dürli hudaýlaryň şekilleri berlipdir, olaryň içinde grek hudaýy Geliosiň we Gefestiň, hindi-eýran

hudaýlary Mitra we Wertragna hudaýlarynyň we beýlekileriň suratlary çekilipdir.

B.e. I-II asyrlarynda Kuşan imperiýasy wagtal-wagtal Günbatarda Parfiýa, gündogarda Han imperiýasy bilen çaknyşmaly bolupdyr. Esasan hem göreş I asyryň ahyrynda II asyryň başlarynda Gündogar Türkistanda güýçli bolupdyr. Kuşan goşunlaryna han goşunlarynyň hüjümini togtatmak başardypdyr. Emma ol çaknyşyklar hem uly bir üýtgeşiklere getirmändir. B. e. III asyrynda kuşanlylar Parfiýa döwletiniň ýerinde täze emele gelen Sasanylar döwleti bilen çaknyşyklarda ýeňilýär. Kuşan döwleti IV asyrda täzeden dikelip başlaýar, emma oňa öňki şöhratyny dikeltmek başartmaýar. Kuşan ýerleri IV asyrda çarwa taýpa bolan eftalylar tarapyndan basylyp alynýar. Şondan soň ol döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edýär.

**Kuşan döwletiniň ykdysadyýeti we döwletiň dolandyrylşy.** Kuşanlylar Baktriýanyň ösen suwarymly ekerançylygyna esaslanan oba hojalygyny kabul edipdirler. Bu bolsa gür ilatly ýurduň ýajaýjylarynyň esasy böleginiň şäherlerde ýaşamagyna mümkinçilik döredipdir. Şäherler iki görnüşde bolupdyr. Olaryň bir görnüşi uly bolup, kem-kemden köp asyrlaryň dowamynda emele gelen şäherler bolsa, olaryň ikinji bir görnüşi merkezi häkimiýetiň ýolbaşçylygynda, heniz grek-baktriýalylaryň döwründen başlap gurlan şäherler bolupdyr. Şäherleriň ikinji görnüşiniň has köp bolmagy, kuşanlar döwründe binagärçilik sungatyna uly üns berilendigini görkezýär.

Köne we täze görnüşli kuşan şäherleriniň gurulmagy, gönüden-göni ýollar we kerwen ýollary bilen bagly bolup, şaherleriň giden bir ulgamyny emele getiripdir. Kuşan döwletinde içerki we daşarky söwda güýçli derejede alnyp barylypdyr, söwda Kuşan şäherleriniň özara baglanyşygyny berkidipdir. Söwda gatnaşyklary ilkinji nobatda Rim imperiýasy bilen, aýratyn hem onuň güdogar welaýatlary bilen

güýçli alnyp barylypdyr. Söwda gury ýer bilen, şeýle hem Hindistanyň günbataryndaky söwda portlarynyň üsti bilen alnyp barylypdyr. Gury ýer bilen söwda ýollary demirgazyga, Baktriýa, ondan aňryk bolsa Hytaýa gidipdir. Port şäherlerde günbataryň täjirleri ýerli söwdagärler bilen duşuşypdyrlar, ýerli söwdagärler hem uzak Günbatar ýurtlaryna baryp ýetipdirler. Olar Ortaýer deňzinde iň uly söwda merkezine öwrülen Müsürdäki Aleksandriýa şäherine çenli baryp ýetipdirler.

Bu söwda ýollary boýunça äkidilýän harytlar köp hem dürli-dürli bolupdyr. Rime gymmat bahaly daşlar, pil süňki, şeker we beýleki zerur harytlar iberilipdir. Tüwi we pagtadan edilen önümleriň söwdasy aýratyn ähmiýeti bolupdyr. Hytaýdan ýüpek, gön we beýleki önümler üstiaşyr geçirilipdir. Rimden mata we eşikler getirilipdir, çüýşeden we gymmat bahaly daşlardan ýasalan heýkeller, çakyryň dürli görnüşleri Kuşan döwletiniň ýerlerinden tapylýan köp möçberdäki hazynalarda gyzyldan we kümüşden edilen rim monetasy söwdanyň giň möçberde alnyp barylandygyndan habar berýär. Rim altyny kuşanlylar tarapyndan özleriniň teňňelerini zikgelemek üçin hem peýdalanylypdyr.

Kuşan döwletinde içerki söwdanyň ähmiýeti hem uly bolupdyr. Kuşan şäherleri etekdäki welaýatlary ýokary hilli senetçilik önümleri bilen üpjün edipdirler. Içerki söwda pul aýlanşygynyň ösmegine getiripdir. Kuşan hökümdarlary altyn pullardan başga-da köp möçberde mis pullary hem aýlanşyga göýberipdirler. Olar üstünden geçýän harytlardan hem uly möçberde salgyt alypdyrlar. Taryhy çeşmeleriň berýän maglumatlaryna görä, patyşanyň ygtyýarynda deňiz portlary, gazylyp alynýan gymmat bahaly daş känleri, harytlardan alynýan salgytlar bolupdyr. Begram şäheriniň häkiminiň köşgünde geçirilen gazuw-barlag işleriniň netijesinde uly hazynaň üsti açylyp, onda Rimden, Hindistandan we Hytaýdan gelen harytlardan doldurylypdyr, çak edilişine görä, ol zatlar

diňe şäheriň üstünden geçýän harytlara salynýan salgyrlar bolmaly.

Kuşan döwleti özüniň ösen döwründe başynda “şalaryň şasy” oturan, kähalatlarda onuň şahsyýeti hudaýlaşdyrylýan, merkezleşdirilen döwlet bolupdyr. Kuşan hökümdarlary özlerine ilatyň sežde etmeklerini gazanmaga çalyşypdyrlar, şonuň üçin olar ýörite sejde edilýän ybadathanalary hem salypdyrlar. Döwlet ýolbaşçysy uly döwlet dolandyryş ulgamyndaky, köp derejeli döwlet gullukçylara daýanypdyr. Kuşanlarda beýik satraplar, ýöne satrap, ýerli häkim, “serhet başlygy” we beýleki derejeler bolupdyr. Kuşan döwletinde şaherleri hem patyşanyň ýerli hökümdarlary dolandyrypdyrlar. Daşarky çaknyşyklaryň netijesinde merkezi häkimiýet gowşap, Kuşan döwletinde baý welaýat hökümdarlarynyň ähmiýeti ýokary galypdyr. Netijede welaýat häkimleriniň hereketi uly döwletiň dargamagyna we ýykylmagyna getripdir.

Kuşanlaryň uly döwletiniň sosial düzümini salgyt töleýän oba jemagatlary düzüpdir. Olar oba hojalygynda esasy öndüriji güýç hökmünde çykyş edipdirler. Şeýle-de, ybadathanalara we iri ýer eýelerine degişli merkezleşdirilen hojalyklar hem bolupdyr. Çak edilişine görä, bu hojalyklarda gul zähmetiniň ähmiýeti uly bolupdyr. Umuman kuşan jemgyýetinde adamlary ezmegiň dürli görnüşleri bolupdyr, olarda esasan gul we ýarym gul derejesindäki adamlar işläpdirler.

**Kuşanlylaryň medeniýeti.** Kuşanlarda uzak wagtlap asudalygyň saklanmagy, şäherleriň ösmegi, dünýäniň esasy merkezleri bilen aragatnaşyklaryň ýola goýulmagy kusan döwrüniň özboluşly medeniýetiniň gülläp ösmegine getiripdir. Onuň medeniýetiniň aýratynlyklarynyň biri hem, oba bilen şäherleriň arasynda ýakyndan aragatnaşygyň saklanmagy we oba ýerlerine şäher medeniýetiň ýaýramagy bolupdyr. Baktriýanyň Kuşan döwrüne degişli oba ýerlerinde geçirilen gazuw-barlag işleriniň berýän maglumatlaryna görä, ol obalar özleriniň tutýan möçberi, senetçilik önümleri we ymaratçylyk

gurluşyklary bilen tapawut edýän bolaýmasa, olaryň medeni ösüş derejeleri şäherlileriňkiden kän tapawut etmändir.

Kuşan döwründe buddizm dini Merkezi Aziýa, şol sanda Orta Aziýa ýaýramagy güýçlenipdir. Onuň şeýle tiz ýaýramagy diňe bir kuşan hökümdarlarynyň budda dinine penakärlik etmegi bolman, eýsem Buddizmiň taglymaty ilki bilen ilatyň esasy bölegi bolan şaher halkyna ýakyn hem düşnükli bolmagydyr. Buddizm taglymaty adamlara bolan garaýyşyň täze bir taglymatyny öňe sürýär, ýagny buddizm hemme adamlaryň deňligini wagyz edýär. Bu wagyzlar bolsa buddizm dinine şäher halkynyň ýönekeý ilatynyň hem-de ýokarky dolandyryjy toparlaryň köpçülikleýin girmeklerine we uly dünýä dinine öwrülmegine getiripdir.

Budizm dininiň güýçlenmegi bilen birlikde ýerli halkyň sežde edýän ynançlarynyň we zoroastrizm dininiň gysylyp başlamagyna getiripdir. Şonuň bilen birlikde müdümilik ýanýan ot ybadathanalaryň gurluşygy we öýlerde uly bolmadyk sežde edilýän otaglarda, mukaddes ot (altar) bolar ýaly gurluşyklar amala aşyrylypdyr.

Kuşanlaryň binagärçiliginde, heýkeltaraşlygynda we çeperçilik sungatynda üç sany medeniýetiň alamatlary öz beýanyny tapypdyr. Ilki bilen hem gadymy baktriýa medeniýetiniň binagärçiliginde gazanylan üstünliklerini belläp bolar. Ikinji bir ýetilen üstünlikleriň biri, ol hem grek-makedon agalygy döwründe ornaşan ellin medeniýetiniň ýerli medeniýete goşulmagy, binagärçilik we şekillendiriş sungatynda ýüze çykmagydyr. Sungatyň üçünji bir görnüşi, ol hem buddizmiň gelmegi bilen ymaratçylyk medeniýetiniň ýaýramagydyr. Şeýlelik bilen, Kuşanlylaryň medeniýetinde üç sany: ýerli, ellin we hindi medeniýetleriniň goşulmagy bolup geçiripdir.

Günorta-Gündogar Türkmenistanyň ýerleri Kuşan imperiýasynyň düzümine b.e. II asyryň birinji ýarymynda, ýagny Kanişkanyň hökümdarlyk eden döwründe giripdir diýlip

çaklanýar. Kuşanlaryň agalyk süren döwründen (b.e. II asyrynyň 1-nji ýarymy) başlap, ol ýerleriň ilatynyň ykdysady we medeni durmuşynda uly öňe gidişlikler bolupdyr. Oňa amatly ýerleriň köp mukdarda özleşdirilmegi, ekerançylygyň ösmegi üçin şert döredipdir. B.e. ilkinji asyrlarynda ilat esasan Beşir, Atamyrat, Mürzebeg we Köýtendag sebitlerinde ýaşapdyr. Kuşanlylaryň Turkmenistanyň ýerlerinde agalyk sürendiklerini, bu ýerlerde geçirilen köp sanly barlaglaryň netijesinde tapylan Kuşan teňňeleri hem subut edýärler.

## §29. Parfiýa patyşalygy

**Parfiýa patyşalygynyň döremegi we gülläp ösmegi.** Günorta Türkmenistanyň ýeri gadymyýetiň kuwwatly döwletleriniň biri bolan Parfiýa patyşalygynyň dörän ýeri hasaplanylýar. Parfiýanyň özbaşdak döwlet hökmünde emele gelen döwri b. e. öň 250-nji ýylda Grek-Baktriýanyň Selewkilerden bölünip aýrylan döwri bilen gabat gelýär.

B.e.öň III asyryň ortalarynda selewki patyşalarynyň Baktriýadaky dikmesi Diodot hem-de Parfiýadaky satraby Andragor Selewkilerden bölünip, özlerini özbaşdak hökümdarlar diýip yglan edipdirler. Şeýlelik-de, Baktriýa topragynda Diodotyň ýolbaşçylygynda başynda grekler duran özboluşly Grek-Baktriýa patşalygy emele gelipdir. Parfiýa hökümdary Andragor bolsa häkimligi öz elinde uzak saklap bilmändir. Tizara Türkmenistanyň ýerinde ýaşan dah taýpalarynyň düzümine giren Oh (Tejen ýa-da Etrek) derýasynyň jülgelerinde göçüp gonup ýören parnlar taýpasynyň başda durmagynda Andragora garşy gönükdirilen halk gozgalaňy başlanypdyr. Gozgalaň b.e.öň 247-




nji ýylda parnlaryň serdarlary, doganlar Ärsagyň we Tridatyň ýolbaşçylygynda häkimiýetiň ýerli halkyň eline geçmegi bilen tamamlanypdyr. Şeýlelikde özbaşdak Parfiýa döwleti döräpdir. Ärsak patyşa diýlip yglan edilýär. Emma tiz wagtda ol söweşde wepat bolýar. Ýurdyň patyşalygyna Tridat saýlanypdyr. Parfiýa döwletiniň ilkinji paýtagty häzirki Aşgabadyň golaýynda ýerleşýän Bagyr obasyndaky Nusaý galasy bolupdyr.

Parfiýa döwleti öz ösüşinde kyn ýol geçipdir. Ol gysga wagtyň dowamynda şol döwrüň medeni dünýäsiniň gyra-çetlerindäki kiçi, kän bir göze ilmedik ýurtlygyndan dünýäniň iň güýçli imperiýalarynyň birine öwrülýär. Parfiýa patyşalary

eýýam Ärsagyň döwründen başlap öz ýerlerini giňeltmek, täze ýurtlary basyp almak ugrundaky göreşe girişipdirler. Olar ilki bilen öz goňşusy bolan Girkaniýany (Kaspiniň günorta-gündogar kenarlary) basyp alýar. Parfiýalylaryň bu üstünligi Selewkilere ýaramandyr, sebäbi olar hem Günorta Türkmenistanda öz agalygyny dikeltmek isläpdir. Şoňa görä-de parfiýalylar uzak wagtyň dowamynda selewkileriň garşysyna uruş alyp barmaga mejbur bolýar. Goňşy ýurtlary tabyn etmek üçin bolsa olaryň ilkinji bäsdeşi bolýar. Parfiýalylar ýeňiş gazanyp bilmedik halatlaram selewkilere doly boýun egmändirler. Kähalatlarda selewkileriň agalygyny ykrar etse-de hakykat ýüzünde olar özbaşdaklygyny saklapdyrlar. Parfiýany soňraky hökümdarlary nesilşalygyň adyny, döwleti esaslandyran Ärsagyň ady bilen baglaşdyryp, ony Ärsakylaryň nesilşalygy diýip atlandyrýarlar. Şeýlelik bilen parfiýalylar öz döwletini berkitmäge girişýärler. Ärsakylar täze galalary salyp, öz pullaryny zikgeläp, onuň arka ýüzünde eli peýkamly oturan Ärsagyň şekili (onuň iň oňat görýän parfiýa peýkamy) görkezilipdir.

B. e. öň 209-njy ýylda Antioh III gündogar satraplyklary gaýtaryp almak üçin başlan urşunda, ýaş döwlet özüniň ähli mümkinçiliklerini görkezmegi başarýar. Parfiýa üçin bu göreş bişow tamamlanan hem bolsa, ol özüniň garaşsyzlygyny saklap galýar. Emma Selewki döwletiniň gowşamgy bilen, aýratyn hem Antioh III aradan çykandan soň berkäp başlan Parfiýa özüniň daşary syýasatynda aýgytly hüjüme geçýär.

Döwletiň başynda ärsakylar nesilşalygynyň görnükli wekilleriniň biri Mitridat I (b.e.öň 171-138-nji ýyllar) durýar. Mitridat I döwründe parfiýalylar selewkilerden belli-külli üstün çykypdyrlar. Mitridat I tiz wagtdan Midiýany eýeläp, häkimligini Derýaaralygyna ýetirýär. B.e.öň 141–nji ýylda ol Wawilonyň hem patyşasy diýilip yglan edilýär. Şeýlelik-de, b.e.öň II asyryň 50-nji ýyllarynda Parfiýa selewkileriň Tigr

derýasyna çenli  bolan ýerlerini eýeleýär. Bu bolsa selewkileriň parfiýalylardan gürrüňsiz ýeňlendigini aňladýar.

Emma Parfiýa uly kynçylyklara sezewar bolýar. Grek-Baktriýa patyşalygyny derbi-dagyn eden çarwa taýpalaryň hereketi Parfiýanyň güdogar welaýatlaryna hem aralaşýarlar. Parfiýa hökümdarlary ýurda abanýan täze howpyň öňüni almaga çalyşypdyrlar. Bu agyr uruşda parfiýanyň iki patyşasy heläk bolupdyr. Diňe Mitridat II (b. e. öň 123-87 ýý.) bu howpuň öňüni almaklyk başardýar. Mitridat II Grek-Baktriýa döwletine aralaşan çarwa sak taýpalaryna özüniň bir welaýatyny bölüp bermäge mejbur bolýar. Ol welaýat taryhda “Sakastan”(Seistan) ady bilen bellidir.

Ärsaklar indi hiç kimden çekinmän günbatara tarap hereket edip biljekdiler. Mitridat II bu maksadyna ýetmek üçin aýgytly hereket edip başlaýar. Pafiýalylaryň günbatar babatdaky syýasaty ilki şowly bolýar. Mitridat II ermenileriň tagt dawalaryna goşulan wekilleriniň birini goldap, onuň ýerine ermenilerden epesli ýeri bölüp alýar. Mitridat II häzirki Eýranyň we Derýaaralygynyň ýerlerini özlerine birikdirýär, Parfiýany iň uly döwletleriň birine öwürýär. Mitridat II “patyşalaryň patyşasy” we “beýik” diýen derejäni alýar. Emma Parfiýanyň mundan beýläk günbatara eden hereketi, güýçli Rim imperiýasy bilen çaknyşyga alyp barýar. Mitridat II dolandyran ýyllarynda parfiýalylar Rim serkerdesi Sulla bilen gepleşikleri alyp barypdyrlar. Emma ne-hä Rim, ne-de Parfiýa ylalaşyga gelipdirler.

Bu gapma-garşylyklar b. e. öň I asyryň ortasyna çenli has hem ýitileşýär. Rim bu döwre çenli Kiçi Aziýany we Siriýany eýeleýär, emma olaryň gündogara tarap başlan harby hereketine Parfiýa böwet bolýar. Şonuň üçin Rim ilkinji bolup Parfiýa aýgytly harby zarbany yrmagy meýilleşdirýär.

Şeýlelikde b.e.öň 65-nji ýylda uzaga çeken Parfiýa-Rim urşy başlanýar. Köp wagtlap taraplaryň hiç birine ýeňiş gazanmak başartmandyr. Parfiýa-Rim urşundaky esasy

söweşleriň biri Rim serkerdesi Krass bilen Parfiýa serkerdesi Surenyň arasynda b.e.öňki 53-nji ýylda Derýaaralygynyň demirgazygyndaky Karry şäheriniň golaýynda bolupdyr. Söweş Krassyň goşunynyň derbi-dagyn edilmegi, özüniň bolsa ölümi bilen tamamlanýar. Uruşda rimlileriň uly topary- 10 müň esger parfiýalylara ýesir düşýär we Parfiýanyň gündogar sebitlerine- Margiana welaýatyna sürüp ertipdirler. Bu ýeňis rimlileriň Aziýadaky agalygyny gowşadypdyr, olaryň golastyndaky halklar erkinlige çykmaga ymtylyp başlapdyrlar.

**Plutarhyň Karry söweşi baradaky beýanyndan bölekler**

...Parfiýalylar rimlileri şeýle gopgunlar bilen gorkuzanlaryndan soň, birden harby enjamlaryň örtgülerini sypyyp, duşmanyň alnyndan ok ýaly atylyp çykdylar, özleriniň eginlerinde, başlarynda gözüňi deşip gelýän margian poladyndan ýasalan sowut, tuwulga bardy, atlary misdir demirden taýýarlanylan sowutlydy: …, hemmelerden görmegeý Süren hanyň özi hem geldi. …Parfiýalylar yza çekildiler we aljyraňňylykda her kim bir ýana ýeňse beren kişi bolup rimlilere bildirmezden, dört burç hatary halka alýarlar. Krass ýeňil ýaraglanan nökerlerine duşmanyň üstüne çozmaga buýruk berdi, emma olar sanlyja ädim ätmänkäler bulut ýaly süýşüp ugran peýkamly oklar bilen garşylandylar. …Parfiýalylar bolsa ýaýraşyp, dumly-duşdan diýen ýaly peýkamly ok ýagdyryp başladylar rimliler şeýlebir ýygjam, şeýlebir jebis durdylar welin nyşanadan bilgeşleýin sowa geçeýin diýseň-de, sowa geçer ýaly däldi, parfiýalylar özleriniň dartgynly uly ýaýlaryny gaty-gaty çekip atýardylar… Eýýäm şol wagt rimlileriň ýagdaýy meňki bolsun diýer ýaly däldi: olar hatarda galsalar-da, birsyhly ýaralanýardylar, hüjüme geçmäge synanyşanlarynda bolsa güýçleri deň däldiler, ejiz gelýärdiler…

Karry söweşinden soň Parfiýa patyşalary ýurduň paýtagtyny Tigr derýasynyň çep kenaryndaky Ktesifon şäherine göçüripdirler. Emma Parfiýa hökümdarlaryna bu üstünlikli ýeňişi dowam etdirmeklik başartmandyr. Olar Siriýany, Kiçi Aziýany, Palestinany basyp alýarlar, emma bu welaýatlary saklamak parfiýalylara başartmandyr. Şeýlelikde parfiýalylar Ýewfrat derýasyna çenli rimliler tarapyndan gysylyp çykarylýar. Emma rimlileriň hem b. e. öň 38-nji ýylda Midiýa

ýerlerine eden ýörişi sowsuz gutarypdyr. Tiz wagtdan, rimliler tarapyndan Parfiýada başlan özara uruşlaryň öjükdirilmegi, Parfiýanyň ähli üstünliklerini puja çykarýar. Parfiýanyň tagtyna bolsa rimlileriň öz diýen adamsy çykarylýar. Şyýasy toparlaryň ýurdyň içindäki garşylyklary gowşatmak üçin alyp baran hereketleri, b.e. 11-nji ýylynda kiçi Ärsakylar diýilip atlandyrylýanlaryň wekili bolan Artaban III tagta çykarýar. Parfiýanyň çarwa taýpalary bilen ýakyndan aragatnaşygy bolan Artaban III, parfiýanyň öňden gelýän adatlarynyň ösmegi üçin aýgytly çykyş edýär we dürli böleklerden durýan döwletiň dolandyryş ulgamynyň merkezleşmegini gazanmaga çalyşýar. Derýaaralygynyň we Elamyň iri şäherleriniň dolandyryş ulagamlary çäklendirilýär, parfiýalylaryň golastyndaky mülklerde bolsa parfiýanyň ärsaki nesilşalygynyň wekilleri oturdylýar. Emma, bu geçirilen kiçiräk özgertmeler merkezleşdirilen döwleti döredip bilmändir.

Parfiýa döwletiniň içki gurluşynda gapma-garşylyklar bolup, dürs işleýän döwlet dolandyryş ulgamy bolmandyr. Parfiýa döwleti administratiw taýdan birnäçe kiçiräk welaýatlara, olaram öz nobatynda has kiçi böleklere bölünipdir. Munuň özi ýurduň düzümine giren ägirt uly giňişligi birleşdirýän merkezleşdirilen döwletiň bolandygyny aňlatmandyr. Ýurtda entek garaşsyz şalyklar, özbaşdak grek şäherleri saklanyp galypdyr. Täze tabyn edilen ýerler köplenç häkimlik ediji neberäniň ýa-da beýleki taýpa wekilleriniň garamagyna berlipdir. Bu bolsa bütin syýasy gurluşa zyýan ýetirip, ony gowşadypdyr. Munuň özi Parfiýanyň içki gowşaklygynyň esasy sebäpleriniň biri hasaplanylýar.

Ýurdyň içki bulaşyklary, şol sanda tagt ugrundaky göresler, käbir welaýatlaryň özbaşdaklyga ymtylmaklary b. e. I asyrynyň ahyrlarynda, II asyryň başlarynda Parfiýa döwletiniň gowşamagyna getrýär. Özbaşdaklyk ugrundaky göreşýän welaýatlaryň başynda bolsa, ärsakylaryň köp sanly wekilleri ýa-da başga bir atly-abraýly parfiýa hojalyklarynyň wekilleri

oturypdyr. Parfiýada patyşalyk häkimiýeti Ärsakylar neberesine degişli bolup, patyşany taýpa begleri we ruhanylardan durýan geňeş saýlapdyr. Känalatlarda patyşa tagtyna onuň ogly geçirilmän, eýsem onuň dogany ýa-da daşgyrak garyndaşlarynyň biri goýlupdyr. Taryhy çeşmeleriň berýän maglumatlaryna görä begzadalardan ybarat geňeş tarapyndan patyşa tagtdan düsürilen wagtlaram az bolmandyr.

Girkaniýada bölünip aýrylmak meýli güýçlenýär, olar öz ilçilerini Rime hem iberýärler. Margiýana özbaşdaklygyny yglan edýär, onuň garaşyz hökümdary öz çykaran pulynda Ärsak patyşalary ýaly ”patyşalaryň patyşasy” diýip özüni atlandyrypdyr. II asyryň birinji ýarymynda Rim goşunlary tarapyndan Parfiýa birnaçe gezek zarba urulýar, ilkinji gezek imperator Troýanyň ýolbaşçylygynda, soňra bolsa Adriýanyň ýolbaşçylygynda zarba urulýar. Ermenistan we Derýaaralygy Rimiň welaýatlary diýilip yglan edilýär, Parfiýanyň paýtagty Ktesifon birnäçe gezek rimliler tarapyndan talanýar. Emma Rim hem basyp alan ýerlerini saklamagy başarman, ol ýerlerden el çekýär. II asyryň ikinji ýarymynda parfiýalylar rimlilerden üstün çykmak üçin urşa başlamagy, rimlileriň ýene-de hüjüme geçmeklerine getirýär, netijede bu uruş Ktesifon şäheriniň ýykylmagy bilen tamamlanýar. Emma rimlileriň hem basyp alan etraplaryny elde saklamaga güýçleri ýetmändir. Netijede ýüz ýyldan uzaga çeken rim-pars uruşlarynda, taraplaryň hiç haýsysy hem aýgytly ýeňiş gazanyp bilmändirler.

Rim imperiýasy bilen bolan uruşlarda Parfiýanyň ýeňilmegi ony has hem gowşadýar. Öňki welaýatlar, Parfiýa bakna bolan ownuk patyşalyklar hakykat ýüzünde garaşsyz döwletlere öwrülýärler. Parfiýa patyşalygynda tagt ugrunda dolandyryjy nesilşalygyň wekilleriniň arasynda dowam eden göreş, ýurdy gutarnykly dagynyklyga ertýär. Şeýle ýagdaýda Parfiýa tabyn patyşalyklaryň pars welaýatynyň ýokary göterilmegine getirýär. Ärsakylaryň agalgyny gutarnykly agdarmaklyk Parsyň paýyna düşýär. Ol ýerde häkimiýet ýaňy

emele gelen Sasanylaryň nesilleriniň eline geçipdir. Sasanylar neslinden bolan Artaşyr pars ýerlerini öz eline birikdirmegi üstünlikli tamamlap, III asyryň 20-nji ýyllarynda Artaban V garşysyna göreşe baş bolýar. Birnäçe söweşden soň Artaban V heläk bolýar. Netijede, ýokary häkimlik ugrundaky göreşde Sasanylardan bolan Artaşir üstün çykýar. Ärsakylaryň Parfiýa patyşalygy 224-nji ýylda özbaşdak döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edýär. Onuň ornuny Eýranda dörän Sasanylar döwleti eýeleýär. Iki eýýamyň sepgidinde 470 ýyl ýaşan we öz wagtynda dünýäniň iň uly döwletleriniň birine öwrülen Parfiýa patyşalygynyň dargamagy, diňe Parfiýa-Rim uruşlary sebärli bolman, eýsem imperiýalaryň ýykylmagy taryhy kanunalaýyklykdyr. Sebäbi dürli ýurtlaryň, halklaryň ýerlerini zorluk bilen basyp alyp, bir döwletiň düzüminde şaklap, olary talaýan, ezýän ähli uly döwletleriň soňra dargamagy we ýykylmagy taryhda bolýan kanunalaýyk hadysadyr.

**Parfiýa patyşalygynyň ykdysady ýagdaýy.** Parfiýalylar ekerançylykda bugdaý, arpa, jöwen we süle ýaly dänelik ekinleri, künji we pagta ýaly tehniki ekinleri ekipdirler. B.e.öňki II asyryň ahyrlaryndaky Hytaý ýazuw çeşmelerinde bellenişine görä, parfiýalylar şaly ekýän eken. Gök, bakja önümleri bilen bir hatarda miweli baglary hem ýetişdiripdirler. Üzüm parfiýalylaryň iň köp ekýän miweli baglarynyň biri bolupdyr. Ony Parfiýada, Margianada, Sumbarda ösdürip ýetişdiripdirler. Parfiýa patyşalygy döwründe Günorta-Güngogar we Günbatar Türkmenistanda ekerançylygy ösdürmäge şert döredilipdir. Uly kanallar, suw desgalary gurlupdyr. Olar esasan hem Maşat-Misserian düzlüginde, Etrek derýasynyň boýlarynda köp eken. Parfiýa döwletiniň soňky döwürlerinde Günorta Türkmenistanda suwuň ýetmezçiligi sebäpli suwarymly ýerler azalypdyr we kem-kemden ekerançylygyň ähmiýeti pese gaçypdyr. Parfiýa döwrüniň ilaty iri şahly we gara mallary idetmäge uly üns beripdir. Ol mallar ilatyň ete, süýde, gök önümlerine bolan esasy islegini

kanagatlandyrypdyr. Parfiýalylar düýedarçylyk we gylaýalçylyk bilen-de meşgullanypdyr. Köpetdagyň etekleri dünýä belli Ahal-teke atlarynyň dörän ýerleridir. Düýeler, gylýallar, atlar şol döwrüň adamlarynyň esasy ulag serişdeleri eken.

Ýazuw çeşmelerindäki maglumatlara görä, parfiýada haly dokamak we deri eýelemek hem giňden ýaýrapdyr. Parfiýa halylary Rimde hem belli eken. Häzirki zaman türkmen halylary öz gözbaşyny şol halylardan alyp gaýdýandyr.

Parfiýalylaryň hojalygynda hünärmentçilik we söwda uly orun tutupdyr. Küýzegärçilik, toýundan gap-çanak, hatda nepis sungat onümlerini ýasamak ösüpdir. Dürli metallary gazyp almak ärsakylar döwründe giň gerime eýe bolupdyr. Olar Horasan mermerini, Nişapur pöwrizesini, dag hrustalyny we beýleki gymmat bahaly daşlary gazyp alypdyrlar. Margiana demrine Rimde-de ýokary baha kesilipdir, oňa halkara bazarynda uly isleg bildirilipdir.

Parfiýa döwleti Günorta Türkmenistanyň ýerinde ýerleşýän Girkaniýa, Parfiena, Apawarktikena, Margiýana welaýatlaryny kem-käs ýa-da doly suratda öz içine alypdyr. Parfiýanyň uly döwlet bolmagyna birnäçe ýagdaýlar mümkinçilik beripdir. Munda parfiýanyň tiz hereket edýän peýkamçylardan düzülen atly goşunyň we naýza we galkan bilen ýaraglandyrylan agyr ýaragly goşunyň hem ähmiýeti uly bolupdyr. Emma Parfiýanyň güýçli döwlete öwrülmeginiň esasy sebäpleriniň biri, ol hem Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlarynyň sosial-ykdysady taýdan ösüş derejesine we emele gelen syýasy ýagdaýa bagly bolupdyr. B. e. öň IV-III asyrlarda hemme ýerlerde şäher durmuşy, senetçilik, halkara söwda dowamly ösüş ýagdaýynda bolupdyr. Şol welaýatlaryň üstünden uly gatnawly söwda ýollary geçip, ýurt halkara ähmiýete eýe bolýar. Emma Selewkiler ösüp barýan welaýatlaryň syýasy bütewligini üpjün etmegi başarman, ony Parfiýa döwletine bermeli bolupdyrlar.

Parfiýa hökümeti halkara söwdasyna uly üns beripdir. Ähli ýollaryň geçýän ýerlerini görkezýän ýörite kitapçalar düzülipdir, täjirleriň kerwenlerini goramak üçin ýörite harbylardan gözegçi toparlar döredilidir. Şonuň üçin, parfiýalylar günbatar bilen gündogary baglaşdyrýan söwda ýollaryny öz ellerinde saklamaga çalyşypdyrlar. Parfiýa söwdagärleri Rim bilen özbaşdak söwda etjek bolup çalyşýan hytaýlylara päsgel beripdirler, olar hytaý söwdagärleriniň harytlaryny satyn alyp, günbatara öz kerwenlerini iberipdirler. Parfiýa döwründe içerki söwda hem ösüpdir. Margianada I-III asyrlarda haryt satyn alamak we satmak üçin niýetlenen ownuk mis pullaryň giňden ýaýramagy hem içerki söwdanyň ösendigine şaýatlyk edýär.

Parfiýa döwletiniň gündogar welaýatlarynda şäher durmuşynda hem uly öňe gidişlikler bolup geçýär. Mysal üçin, Parfiýanyň özünde birnäçe uly şäher merkezleri emele gelýär. Olaryň içinde iň bellileriniň biri hem Nusaý şäheri bolup, ondan uzakda bolmadyk patyşa köşgi we uly Ärsakylaryň guburhanalary ýerleşipdir. 4 kw km. ýeri tutýän Margiananyň paýtagty Gäwürgala hem şol döwürde ägirt uly şähere öwrülýär.

“Beýik ýüpek ýoly” adyna eýe bolan gadymy söwda ýollary Hytaýyň, Hindistanyň, Ýewropanyň arasyndaky halkara söwda bilen baglanyşykly bolan, haryt ýükli kerwenleriň gatnawlaryny amala aşyrmakda Parfiýa döwletiniň möhüm ähmiýeti bolupdyr. Hut şonuň özi, halkara söwdanyň harytlaryndan bir böleginiň Parfiýanyň esasy welaýatlaryna ýaýramagyna şert döredipdir. Onuň şeýledigini gazuw-agdaryş işleri geçirilende, dürli ýurtlardan getirilen zatlaryň: pil süňkünden ýasalan önümleriň, ak daşdan ýasalan Müsür gap-çanaklarynyň, Siriýada, Rimde öndürilen aýnalaryň, dürli ýurtlarda zikgelenen teňňeleriň tapylmagy-da tassyklaýar. Parfiýa täjirleri hem gymmat bahaly matalardan, pil süňkünden,

reňkli daşlardan ýasalan çeperçilik önümlerini daşary ýurtlara çykarypdyrlar.

**Parfiýa jemgyýeti we onuň medeniýeti.** Parfiýanyň yzygiderli ösmegi jemgyýetçilik gatnaşyklaryna, synpy gapma-garşylyklaryň ýüze çykmagyna täsir etmän durmandyr. Hojalyklarda gul zähmetiniň ähmiýeti uly bolupdyr. Taryhy çeşmeleriň berýän masglumatlaryna görä, Parfiýada gullaryň möçberi az bolmandyr, galyberse-de gullaryň çagalaram gul bolup galypdyrlar. Gullary ezmekligiň görnüşleri dürli-dürli bolupdyr. Olaryň zähmeti magdan känlerinde, obahojalykda we öý hojalyklarynda ulanylypdyr. Käbir mülklerde işleýän gullaryň sany 500-e çenli ýetipdir. Oba hojalyk işlerinde gullardan başga-da erkin, emma emeldaryň ýerine berkidilen adamlar işläpdir, olar ýetişdiren hasylynyň bir bölegini öz hojalyklaryny kanagatlandyrmak üçin alypdyrlar, hasylyň galan bölegini hojaýyna beripdirler. Ýönekeý jemagat adamlarynyň ýagdaýy hem ýeňil bolmandyr. Olar döwlete uly möçberde salgyt töläpdirler, hepdäniň belli bir günlerini döwletiň ýerinde işläpdirler we olaryň edýän işleri doly gözegçilikde bolupdyr. Ykdysadyýetiň esasy bölegi öz ellerinde bolan parfiýa emeldarlarynyň döwletde tutýan orny we ähmiýeti ýokary bolupdyr. Ägirt uly ýerlere eýelik edýän jemgyýetiň ýokary gatlagyna ärsakylar neberesi ýolbaşçylyk edipdir.

Günorta Türkmenistanyň ýerleri öz döwründe uly abraýa eýe bolan Parfiýa medeniýetiniň mekany bolup, dünýä medeniýetiniň taryhynda aýratyn orny eýeläp, Parfiýa siwilizasiýasynyň ýüze çykmagynda we ösmeginde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Parfiýada grek (ellin) medeniýeti hem-de ýerli medeniýet biri-biri bilen utgaşyp, biri-biriniň ösmegine täsir edipdir. Onuň şeýledigini geçirilen gazuw-barlag işleri wagtynda tapylan ajaýyp ymaratlar we sungat ýadygarlikleri-de aýdyň görkezilýär.

Parfiýa döwründe Täze Nusaý gönüburçly diňleri bolan, (iri çyg kerpiçden) galyň diwarly şäher eken. Onuň günorta

böleginde içinde hökümet dolandyryş binalary, döwletiň galla we çakyr ammarlary aýry-aýry begleriň owadan jaýlary bolan merkez ýerleşipdir. Şäher etegini bolsa bag-bakjaly, üzümli howlylar gurşap alypdyr.

Şol döwürde 15 gektar meýdany tutýan Köne Nusaýyň 43 sany diňli galyň diwary bolupdyr. Onuň arasynda ençeme otagly, dabara toý jaýlary, ybadathanalary, gulluk otaglary bolan uly köşk bolupdyr. Köne Nusaýyň gurluşygy Mitridat I patşalyk eden döwründe amala aşyrylypdyr. Gazuw agdaryş işleri wagtynda resminamalaryň birinden galanyň gadymy ady bolan Mitridatokert (Mitridatkert) – “Mitridat şäheri” diýlip ýazylan ýazgy tapyldy.

Parfiýa döwrüniň iri şäherleriniň biri gadymy Merwdir. Onuň Erkgalasynda we Gäwürgalasynda uly galanyň gurluşyk işleri alnyp barlypdyr. Geçirlen işler netijesinde Erkgalanyň diwarlary we gorag jaýlary ajaýyp berkitmä öwrülipdir. Bu döwürde Antioh I tarapyndan gurdurylan diwarda 100-den gowrak gönüburçly diňler hem salnypdyr. Bu harby injenerçilik çäreler şäherlileriň howpsyzlygyny üpjün etmäge ýardam beripdir. Şeýlelikde, b.e.önki we täze eýýamyň I asyrynda Gäwürgala Merw oazisiniň merkezi bolan ägirt uly şähere öwrülipdir.

**Nusaý ritonlary we ýazuw ýadygärlikleri.** Köne Nusaý galasynda tapylan meşhur şah görnüşli şirmaýy bulgurlar-ritonlar Parfiýa sungatynyň öz döwründe örän ýokary derejede bolandygynyň subutnamasydyr.

Häzire çenli dünýäniň dürli künjeginden tapylan ritonlaryň arasynda öz görnüşiniň kämilligi boýunça-da sünnälenen çeper bezegi boýunça-da Köne Nusaý ritonlarynyň deňi taýy ýokdur. Bu bolsa olary dünýä sungatynyň iňňän ajaýyp nusgalaryň hataryna goşýar. Pil süňkünden ýasalan Nusaý bulgurlary dürli hyýaly jandarlaryň: ganatly adam-öküziň, ganatly adam-atyň (kentawryň), guşuň (grifonyň) şekilleri bilenbezelipdir.







Nusaý. Kentawr aýal bilen (pil süňkinden ýasalan ritonyň aşaky bölegi) Ybadathana Köne  we Parfiýada giň ýaýran ritonyň şekili.  B. e. öň III-II asyrlar.

Olara grek hudaýlarynyň: Zewsiň, Geranyň, Afinynyň, Apollonyň, Poseýdonyň, Gefsetiň suratlary çekilipdir. Ritonlaryň käbirleri altyn çaýylan bürünçden, sap altyndan we bürünçden taýýarlanypdyr. Ritonlaryň käbiriniň göwrümi 1,5-2,5 litre ýetýär. Olar gündelik ulanmak üçin niýetlenmän parfiýa we grek hudaýlarynyň hatyrasyna dini dabaralary amala aşyrylanda ulanypdyrlar. Parfiýa ritonlary takmynan b.e.öň II asyra degişli hasaplanylýar  Parfiýa döwletiniň medeniýetiniň möhüm ugurlarynyň biri-de hatyň-ýazuwyň ýüze çykmagydyr. Gynansak-da şol hatlar bitewi görnüşde bize gelip ýetmändir. Onuň nusgalary ilkinji gezek 1948-nji ýylda Täze Nusaýyň içki

galasynyň günorta böleginde ýerleşen, hökümdaryň köşgi hasaplanan otagyň diwarynyň teýinden tapyldy. Soňra şonuň ýaly ýazgyly küýze döwükleri (ostrakonlar) Köne Nusaý galasynyň demirgazygyndaky ymaratlar toplumyndan hem ýüze çykaryldy. B.e.öň II-I asyrlara degişli şeýle resminamalaryň umumy sany 2,5 müň çemesidir. Edebiýatda bu hatlara "Nusaý arhiwi" diýilýär. Parfiýa haty Mitridat I döwründe girizilipdir. Hat gara syýa bilen küýze döwükleriniň ýüzüne ýazylypdyr. Nusaý resmynamalaryň dili ýerli parfiýa diliniň bir şiwesine degişli bolupdyr. Resminamalaryň aglabasynda döwletiň peýdasyna üzümçilikden alnan salgytlar barasynda gürrüň gidýär. Olarda hasapçylaryň atlary-da görkezilipdir. Soňky ýyllarda Nusaýdan uny, gallany saklamak bilen bagly rasminamalar hem tapyldy.

Parfiýa ussalary mermer daşlaryndan dürli heýkelleri, hudaý derejesinde kabul edilýän (hudaýlaşdyrylan) adamlaryň şekillerini, ownuk bezeg şaýlaryny ýasapdyrlar. Arheologlar Köne Nusaýdan we Täze Nusaýdan, Margianadan milli türkmen medeniýetiniň gözbaşyna degişli onlarça sungat önümlerini topladylar. Şolaryň arasynda Parfiýaly aýallaryň we erkekleriň eşiklerine dakylan dürli möçberli altyn hem-de kümüş tumarlaryň birnäçesi bar.

Parfiýa döwletinde Mitridat I döwründen başlap milli pul çykarylypdyr. Ol pul esasan kümüşden zikgelenipdir. Parfiýada pul birligine "drahma" diýipdirler. Puldaky hatlar irki döwürde grek-makedon ýazuwynda, soňra ýerli Parfiýa hatynda ýazylypdyr. B.e.öňki II asyr bilen I asyryň sepgidinde parfiýa drahmasyna goňşy ýurtlaryň bazarlarynda hyrydar söwdagärler köp bolupdyr.

**Parfiýalylaryň dini garaýyşlary.** Döwletiň ilatynyň köp dürliligi parfiýa zamanynyň medeniýetinde öz beýanyny tapypdyr. Derýaaralygy we onuň goňşy welaýatlarynyň medeniýeti, Parfiýanyň gündogar böleginiň we bütin döwletiň medeniýetinden düýpli tapawut edipdir. Köp asyrlaryň

dowamynda emele gelen Ärsakylar döwletiniň medeniýetinde grek medeniýetiniň täsiri has güýçli duýlupdyr.

Häzirki Aşgabat şäheriniň ýakynyndaky Parfiýa patyşalarynyň Nusaý köşgüniň arheologlar tarapyndan düýpli öwrenilmegi, bu ýerde iki medeniýetiň goşulşyp ösendigini tapyndylarda aýdyňlygy bilen yzarlasa bolýar. Nusaý iri çyg kerpiçden, ýerli medeniýete mahsus, gadymy däpler esasynda gurlan köp otagly, inedördül dabara toý jaýlary, ybadathanalary, gulluk otaglary bolan uly köşk bolupdyr. Üsti açylan köşk arhiwindan tapylan zoroastrizm dinine degişli ýazylan hatlar we zoroastraçylyk senenama (kalendar) olaryň kökünіň çuňňur ýerli häsiýetdedigine güwä geçýär.

Parfiýalylaryň dini düşünjeleri birmeňzeş bolmandyr. Ellinleşen dolandyryjy toparlar grek hudaýlaryna uýupdyrlar. Dini ybadatlary berjaý etmek üçin dürli jaýlar, ybadathanalar salnypdyr.

B. e. öň III-I asyrlarda grek hudaýlarynyň täsiri juda uly bolansoň, parfiýa patyşalary resmi gepleşiklerde özlerini ellinparaz (filellinler) hasaplapdyrlar. Ellinleşmek giňden ýaýrap, ol ilki bilen parfiýanyň köşk işgärlerini we ýokary emeldarlaryny öz içine alypdyr.

Irki döwürlerde ilatyň durmuşynda Aý we Gün keramatly güýçler saýylypdyr. Aýal-hudaýlarynyň-hudaý Enäniň täsiri halkyň durmuşynda has uly bolupdyr. Dini ynançlara görä, ata-babalaryň ruhuna uýmak güýçli bolupdyr. Serkerdeleriň gubrunyň üstüne jaý gurmak däbi durmuşa ornaşypdyr. Parfiýanyň ýokary gatlak wekilleri öz durmuşlarynda, dürli derejede bolan grek hudaylarynyň suratlaryny ornaşdyryp, olary özleriniň ýerli hudaýlaryna meňzedipdirler (mysal üçin, Zews Ahuramazda bilen, Apollon Mitra bilen, Gerakl Artagna bilen bir hasap edilipdir) Şonuň üçin, ellinistik heýkeltaraşçylygyň iň oňat nusgalary esasynda mermerden ýasalan heýkeller, patyşa hazynasynda berk goralyp saklanypdyr. Bu iki medeniýetiň goşulan alamatlaryny, pil

süňkünden ýonlup Nusaýda ýasalan uly şahlaryň-ritonlaryň mysalynda görmek bolýar. Görnüşi boýunça gündogar äheňinde bolsa-da, olar mazmuny boýunça grek adatynda ýasalypdyr. On iki olimpiýa hudaýlarynyň şekilleriniň kabul edilmegi hem onuň aýdyň subutnamasydyr.

Parfiýa sungatynda sežde edilýän hudaýlardan başga-da, olar patyşanyň şahsyýetine uly üns beripdirler. Sungatda patyşany we bütin nesilşalygy hudaýlaşdyrmaklyga aýratyn ähmiýet berlipdir. Emma Parfiýa döwrüniň medeniýetiniň kyn hem köp dürlüligi, bütewi bir medeniýeti döretmäge mümkinçilik bermändir, galyberse-de parfiýa adatlarynyň gowşaklygy, beýleki halklaryň adatydyr däp-dessurlaryna we medeniýetine doly täsir ýetirip bilmändir.

## III Bölümiň netijesi

Eýranyň hem Orta Aziýanyň dürli welaýatlarynyň taryhy ösüşi endigan bolmandyr. Sebitiň bir böleginde irki synpy jemgyýet we döwlet ýüze çykan bolsa, onuň beýleki welaýatlarynda gadymy taýpalar heniz ilkidurmuş gurluşynda ýaşapdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen bolsa, ösüşiň bu endigansyzlygy kem-kemden ýitip gidipdir.

Ekerançylyga we maldarçylyga geçmeklik Eýranda we Orta Aziýada has ir başlanypdyr, ol Mesopotamiýa bilen bir wagtyrakda ýüze çykypdyr. B. e. öň VI-V müňýyllyklarda oturymly ilat Eýranyň we Orta Aziýanyň günorta sebitlerini, ekerançylyk üçin amatly oazisleri özleşdirip başlapdyrlar. B. e. öň IV müňýyllykda Eýranyň günorta- günbatarynda, Elam diýilip atlandyrylýan welaýatda ýaşaýan taýpalar özleriniň ösüşinde ep-esli üstünlik gazanypdyrlar. Bu ýerde suwarymly ekerançylyk, hünärmentçilik, özüniň binagärçilik gurluşy bilen

tapawutlanýan şaher görnüşli oturymly obalar ýüze çykýar. B. e. öň III müňýyllygyň başlaryna çenli bu ýerde irki synpy jemgyýet we döwlet, özboluşly haty-ýazuwy emele gelýär.

B. e. öň III muňýyllykda Elamyň ýerinde uly bolmadyk birnäçe döwletler (Suzy, Anşan we beýlekiler) emele gelýär, olar kähalatlarda wagtlaýynça hem bolsa bir döwletiň düzümine giripdirler. Elam käwagtlarda Derýaaralygyna-Mesopotamiýa (Akkad, Uruň III nesilşalygynyň düzüminde) tabyn bolupdyr, kähalatlarda bolsa, Elam öz häkimligini Günorta Derýaaralygyna ýetiripdir.

Eýranyň galan ýerlerinde we Orta Aziýada, suwarymly ekerançylyk, hünärmentçilik ep-esli ösüpdir. B. e. öň III müňýyllygyň başlarynda bolsa şäher görnüşli oturymly obalar ýüze çykypdyr. Suwyň juda çäkliligine garamazdan bu ýerlerde ýaşan ilat dagdan akýan uly bolmadyk derýajyklary, akarlary ekeraçylyk üçin peýdalanypdyrlar. B. e. öň III müňýyllygyň ahyrlarynda II müňýyllygyň başlarynda Orta Aziýanyň günortasynda, Türkmenistanyň ýerinde Altyndepede irki synpy jemgyýet emele gelýär. Şoňa meňzeş ýagdaýlar sebitiň beýleki welaýatlarynda hem emele gelip başlaýar. Emma b. e. öň II müňyylygyň ortalarynda Marguş siwilizasiýasy ýüze çykýar, emma bu emele gelen merkezleriň köpüsinde II müňýyllygyň ahyrlarynda pese gaçyşlyk bolup geçýär we olar dargaýarlar.

Gadymy Eýranyň we Orta Aziýanyň taryhynda bolup geçen esasy wakalaryň biri-de (b. e. öň II müňýyllygyň ikinji ýarymynda I müňýyllygyň birinji çärýeginde), bu ýerlerik hindieýran dil şahasyna girýän taýpalaryň ýaýramagy bolup geçýär. Bu taýplar hemme ýerlerde ýerli taýpalar bilen goşulyşypdyrlar hem-de öz dillerini olara geçiripdirler. B. e. öň 673-nji ýylda Eýranyň Demirgazyk-Günbatarynda Kaştary tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän eýran dilli midiýa taýpalarynyň uly birleşmesi bolup geçýär. Patyşa Kiaksaryň (b. e. öň 625-585 ýý.) döwründe Midiýa Assiriýany derbi-dagyn edip Lidiýanyň yerinden başlap tä Orta Aziýanyň günorta

welaýatlaryna çenli ägirt uly ýerleri eýeläp uly döwletleriň birine öwrülýär. Orta Aziýanyň oazislerinde oturymly eýran dilli taýpalarynyň içinde hem syýasy birleşmeler (mysal üçin, Baktriýa patyşalygy) bolup geçýär.

Midiýalylara berk merkezleşdirilen döwleti döretmeklik başartmandyr we b. e. öň 550-nji ýylda, olar öň Midiýa döwletiniň düzümine girýän pars taýpalaryna tabyn bolmaly bolupdyrlar. Parslaryň patyşasy Kir II we onuň ogly Kambis bütiň Alynky Aziýany basyp alýarlar hem-de Gadymy Gündogaryň iň uly harby dolandyryş ulgamly döwletini döredýärler. Bu döwletiň döremegi belli bir derejede ýurdyň ykdysadyýetiniň janlanmagyna, ýokary gatlagyň baýlaşmagyna, esasan hem söwda bilen baglanyşykly adamlaryň baýlaşmagyna ýardam edipdir.

B. e. öň III asyrdan başlap b. e. IV asyryna çenli Eýranyň içeri we daşary söwdasynyň ösmegi, pul gatnaşyklarynyň kämilleşmegi, şäher durmuşynda ýokary göterilişiň bolmagy, gündogar we grek adatlarynyň goşulmagy, aýratyn hem bu ýurduň medeniýetinde has aýdyň görünýär. Parfiýa (b. e. öň 250-nji ýyldan- b.e. 224-nji ýyla çenli), özüniň ösen döwründe günorta-gündogar Orta Aziýany, Eýrany we Drerýaaralygyny, şeýle-de Kuşan döwletiniň (b. e. I-IV asyrlary) esasy merkezi bolan Baktriýa bilen birlikde Demirgazyk Günbatar Hindistany özüne birleşdiripdir. B. e. öň I asyrdan başlap Parfiýa Rime garşy uruş hereketlerine çekilýär, sebäbi Parfiýa Rimiň gündogara herketini diňe Derýaaralygy bilen çäklendirip togtadypdyr. Kuşanlylar bolsa Hytaýyň Han döwletiniň Gündogar Türkestana geçirmeli ýörişleriniň öňüni saklapdyr. Gadymy Eýranyň we Orta Aziýanyň ösüsiniň iň soňky basgançaklarynda, dolandyryjy toparlar gullaryň zähmetiniň öndürijiligini ýokarlandyrmak üçin, olary ezmediň dürli ýollaryny gözlemeli bolupdyrlar, ahyrynda bolsa ýurdyň krizise düşmegine we Parfiýanyň, soňra bolsa Kuşan döwletiniň pese gaçmagyna we ýykylmagyna getiripdir.

## Esasy taryhy seneler

### Elam

1. Irki döwlet birleşikleri - B. e. öň III müňýyllygyň başlary.
2. Merkezi Suzy şäheri bolan bütewi garaşsyz öwletiň döredilmegi- B. e.öň XXII asyryň başy.
3. Derýaaralygyna geçirilen harby ýöriş, Wawilonyň basylyp alynmagy- B. e. öň XII.
4. Elamyň uly Assiriýa döwleti bilen alyp baran uruşlary- B. e. öň VIII-VII asyrlar.
5. Parslar tarapyndan Elamyň basylyp alynmagy- B. e. öň 549-njy ýyl.

### Eýran we Orta Aziýa

6. Altyndepe medeniýeti- Takmynan b. e. öň III müňyyllygyň ikinji ýarymy- b. e. öň II müňýyllygyň ortalaryna çenli.
7. Eýran dil toparyna girýän taýpalaryň Eýran ýerlerine we Margiana ýaýramagy.
8. Baktriýa we Margiana oazislerinde irki synpy döwletleriň emele gelmegi- B. e. öň VII-VI asyrlar.
9. Garaşsyz Midiýa patyşalygynyň döremegi- B. e. öň 673-672-nji ýyllar. Kiaksaryň döwleti dolandyrmagy we uly Midiýa döwletiniň döremegi- B. e.öň 625-584-nji ýyllar.
10. Ahemenileriň pars döwletini esaslandyryjy Kir II häkimlik etmegi- B. e. öň 558-530-njy ýyllar.
11. Kiriň Midiýany basyp almagy- B. e. öň 550-nji ýyl.
12. Lidiýa patyşalygynyň basylyp alynmagy- B. e. öň 547-nji ýyl.
13. Orta Aziýanyň basylyp alynmagy- B. e. öň 545-539-njy ýyllar.
14. Wawilonyň eýelenmegi- B. e. öň 539-njy ýyl.

15. Kambis II dolandyran ýyllary we Müsüriň basylyp alynmagy- B. e. öň 530- 522- nji ýyllar.
16. Dariý I patyşalyk eden ýyllary- B. e. öň 522-486-njy ýyllar
17. Ioniý grekleriniň gozgalaňy we grek-pars uruşlary - b. e. öň 500 - 449-njy ýyllar.
18. Müsürde, Midiýada we Kiçi Aziýada parslaryň agalygyna garşy gozgalaňlar- B. e. öň 411-401-nji ýyllar.
19. Grek-makedon goşunlarynyň Gündogara ýörişi we Ahemenileriň döwletiniň synmagy – 334-329-njy ýyllar.
20. Aleksandr Makedonskiniň Orta Aziýany basyp almagy – B. e. öň 329— 327-nji ýyllar.
21. Orta Aziýa Selewkileriň ellin döwletiniň düzüminde döwri – 305-250-nji ýyllar töweregi.
22. Grek – Baktriýa patyşalygy - takmynan b. e. öň 250- b. e. ön II asyryň birinji ýarymy.
23. Parfiýa patyşalygy – B. e. öň 250- b. e. 224-nji ýyllar.
24. Kuşan patyşalygy - B. e. I – IV asyrlary.

# GADYMY HINDISTAN



# IV BÖLÜM
# Gadymy Hindistan

## §27. Tutýan ýeri we ilaty. Taryhynyň döwürleşdirilişi. Çeşmeleri we taryhnamasy

**Tutýan ýeri we ilaty.** Hindistanyň tutýan ägirt uly subtropik ýurdy tebigatyna, topragynyň häsiýetine görä birnäçe zonalara bölünýär. Hindistanyň ýarymçöllük Demirgazyk-Günbatar welaýatlary, gadymy döwürlerde tokaýlar bilen örtülipdir. Hind derýasynyň we onuň şahalarynyň jülgeleri özüniň hasyllylygy bilen tapawutlanypdyr. Şonuň üçin bu ýerlerde ilkinji ekerançylaryň oturymly obalary ýüze çykypdyr.

B. e. öň III müňýyllyklarda Günorta Aziýanyň iň gadymy şäher siwilizasiýasy ýüze çykýar. Hindistanyň demirgazygy we demirgazyk-günbatary Gimalaý daglarynyň dag gerişleri netijesinde Aziýanyň galan böleginden bölünip aýrylandyr. Şonuň üçin, göçüp geleýänlerem, basybalyjylaram, söwda kerwenleri hem, daşary ýurtlylaryň medeni täsiri hem demirgazyk-günbatar böleginiň üsti bilen geçipdir. B. öň II müňýyllykda hindiýewropa taýpalary hasaplanýan ariýlere, b. e. öň I müňýyllykda onuň käbir etraplary pars patyşalaryna, makedonlylaryň grekleriň ýa-da skif (sak) hökümdarlaryna tabyn bolupdyrlar. Biziň eýýamymyzyň başynda bolsa, bu ýerleriň hemmesi Kuşanlaryň uly döwletiniň düzümine goşulypdyr.

Hindi-Gang düzlükleriniň Merkezi bölegi weda edebiýatyni döreden “Ariýleriň mukaddes ýerleri” hasaplanypdyr. Ganga derýasynyň demirgazyk-gündogary, orta we aşaky bölekleriniň ilaty gadymy döwürde esasan balykçylyk, awçylyk we ýönekeý ekerançylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Diňe b. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda, adamlar geçip bolmajak tokaýlaryň içinde ýaşaýyş üçin ýer açyp, ýerleri

özleşdirip başlapdyrlar. Şol müňýyllygyň ikinji ýarymynda Gadymy Hindistanyň syýasy we medeni merkezleri ýerleşipdir.

Uly bolmadyk daglar Hindi-Gang düzlüklerini Dekan ýarym adasyndan bölüp aýyrýar. Bu ýerde synpy jemgyýetçilik gurluşa demirgazyk böleginden has giç geçilipdir. Bu ýerlerde döwletler diňe täze eýýamyň başynda ýüze çykypdyr. Barmasy kyn bolan daglyk we tokaýly ýerlerde bolsa, täze eýýama çenli ilat taýpa gatnaşyklary ýagdaýynda ýaşapdyr.

Şri-Lanka (Seýlon) adasynyň merkezi bölegini tokaý örtüp duran daglar tutup, ol demirgazykdaky düzligi, tokaý agaçlary tutup duran günortadaky peslikden bölüp aýyrýar. Bu iki welaýatlaryň bäsdeşligi, olaryň syýasy taryhyny häsiýetlendirýär. Adalaryň geografiki ýerleşişi, Hindistanyň Günorta kenarlary bilen ýakyndan aragatnaşygyny üpjün edipdir. Täze eýýamyň başynda deňiz gatnawynyň giň gerime eýe bolmagy Günorta-Aziýa, Arabystan, Müsür söwda gatnaşyklaryň ösmegine getiripdir.

Günorta Aziýanyň esasy ilaty häzirki wagtda ýewropa pisint halklara degişlidir, emma Hindistan ýarymadasynyň günorta böleginiň we Şri-Lankyň ilatynyň daşky sypatlaryna görä (reňkleriniň we saçlarynyň garalygy) olar Awstraloid taýpalaryna ýakyndyr. Emma demirgazyk-gündogarda ýaşaýan taýpalaryň käbirleri günorta mongoloid jynsly maşgala degişlidirler.

Häzirki wagtda demirgazykda hindiýewropa dilinde gürleýän (hindi, bengal we beýlekiler), günortada–drawidler, Dekanyň we Demirgazyk-Gündogar Hindistanyň, Günorta-Gündogar Aziýanyň, Tibetiň we Hytaýyň käbir halklarynyň dilleri garyndaş dillerdir. Şri-Lankyň ilatynyň esasy bölegi hindiýewropa (singal) dilinde, az bölegi bolsa drawid (tamil) dilinde gürleýärler.

Hindiýewropa dili (ariýler) Hindistana b. e. öň II müňýyllykda barypdyrlar, netijede singal taýpalary materik Hindistandan b. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda Şri-lanka

adasyna göçüpdirler. Şeýlelik bilen, gadym zamanlardan başlap Günorta Aziýada, şonuň ýaly bütin Gadymy Gündogarda halklaryň gatyşmaklary bolup geçýär

**Hindistanyň gadymy taryhynyň döwürleşdirilişi.** Günorta Aziýanyň taryhyny alymlar birnäçe döwürlere bölüpdirler:

1. **Iň gadymy Hindi siwilizasiýasy** b. e. öň XXIII-XVIII asyrlary öz içine alyp, ol döwür ilkinji şäherleriň we irki döwletleriň ýüze çykmagy bilen häsiýetlendirilýär.

2. **"Weda döwri"** B. e. öň II müňýyllygyň ikinji ýarymynda hindiýewropa taýpasy bolan ariýleriň gelmegi we Hindistanda ornaşan döwri. Bu döwür b. e. öň XIII-VI asyrlary öz içine alýar we "weda" döwri diýilip atlandyrylýar. Bu dowürde mukaddes weda kitabynyň döredilen döwri bolup, onuň ösüşi hem iki basgançakdan durýar. Onuň irki döwri b.e.öň XIII-IX asyrlary öz içine alýar. Bu döwürde Demirgazyk Hindistanda ariýler taýpasynyň gelmegi we ornaşmaklary bolup geçýär. Ikinji giçki döwür b. e. öň VIII-VI asyrlaryny öz içine alýar, bu döwürde sosial hem syýasy gatnaşyklar has ýitileşýär, netijede bolsa Ganga derýasynyň jülgesinde ilkinji döwletler ýüze çykýar.

3. **"Budda döwri"** b. e. öň V-III asyrlar hasaplanylýar. Bu döwürde budda dini ýüze çykyp, ýurda ýaýrap başlaýar. Sosial-ykdysady we syýasy taryhy nukdaý nazardan, bu döwürde ykdysadyýetiň we medeni durmuşyň uly şäherlerde jemlenmegi bolup geçýär, netijede bütin ýurt birleşip uly döwletleriň emele gelýän döwri bolup, tä Maurileriň umumy hindi döwletiniň dörän döwrüne çenli aralygy öz içine alýar.

4. **"Nusgawy döwür" b**. e. öň II asyrdan b. e. V asyryna çenli döwri öz içine alýar. Bu döwür Günorta Aziýanyň sosial-syýasy gurluşynda we medeniýetinde düýpli aýratynlyklaryň kemala gelen döwri hasaplanylýar.

Hindi taryhynda taryhy wakalar edebiýatlarda juda az ýatlanylýar, ýatlanylaýan-da ýarym rowaýaty gahrymanlar

barada beýan edilýär. Senenama- (hroniki) ýazgylar diňe biziň eýýamymyzyň ilkinji asyrlarynda Seýlonyň budda ybadathanasynda alnyp barylypdyr. Emma olarda hem diňe Buddanyň taglymatynyň ýaýradylyşy we ybadathanalaryň özara gatnaşyklary barada maglumatlar jemlenipdir. Emma biziň günlerimize çenli syýasy we hojalyk maglumatlary baradaky döwlet arhiwiniň, şeýle-de hususy arhiw maglumatlaram saklanyp galmandyr. Hemme maglumatlar palma, ýa-da mata bölejiklerine ýazylypdyr, şeýle ýazgylar bolsa Hindistan ýaly yssy we çygly tropiki howaly ýurtda köp wagtlap öçmän, saklanyp galmagy tebigy taýdan mümkin däldi. Şonuň üçin, çak edilişine görä gadymy resmi hatlar bilen birlikde köp sanly edebi eserler hem ýitirilipdir.

B. e. öň III-II müňýyllyklarda Hindi siwilizasiýasyna degişli möhürlerdäki ýazgylar hasap ediläýmese, onda ilkinji ýazuw (epigrafiki) ýadygärlikleri diňe Maurileriň (Aşokiniň ýazgylary b. e.öň III asyry) döwrüne degişlidir. Gadymy hindi ýazuw ýadygärlikleri özüniň dürlüligi bilenem, baý maglumatlary bilen hem tapawutlanmandyrlar. Hökümdarlaryň buýruklary bilen daşyň ýüzine oýulyp ýazylan ýazgylarda bolsa, esasan hökümdarlaryň ruhanylara we ybadathanalara berýän sowgatlary, suw howdanlarynyň gurluşyklary, ýa-da uly möçberde berilýän sadakalar barada bolaýmasa, hat-da harby ýörişler we ýeňişler barada hem juda az agzalyp, başga syýasy wakalar barada hiç zat berilmändir.

Hindi teňňeleri b. e. öň V-IV asyrlarda ýüze çykypdyr, emma olar hem misiň ýa-da kümüşiň bölejikleri görnüşde saklanypdyr. Gadymy hindi taryhy üçin zerur maglumatlar diňe b. e. başynda çykarylan teňňelerde berilýändigini numizmatik alymlar tassyklaýarlar.

Hindistanda gurluşyk materiallary hökmünde agajyň (kerpiç ýa-da daşdan bolman) ulanylmagy, merhumlary jaýlamakda bolsa adamlaryň meýdiniň ýakylmagy, daşdan we bürünçden heýkelleriň ýasalmagynyň bolsa juda giç ýüze çykmagy

arheologiýa ýadygärlikleriniň ep-esli az bolmagyna sebäp bolupdyr. Galyberse-de gadymy hindi taryhynyň yzygiderli öwrenilmeginiň giç başlanmagy (esasan XX asyrda) hem onuň gadymy döwrüniň taryhynyň doly öwrenip tamamlanmagyna mümkinçilik bermeýär. Häzirki günlere çenli hindi arheologiýasynyň esasy wezipesi şaherçeleriň arheologiki gatlaklarynyň yzygiderli öwrenilmegi bolup durýardy. Diňe käbir şäherleriň merkezlerinde, esasan hem gadymy Mohenjo-Daro, Harappa ýaly şäherlerde gazuw-barlag işleri giň möçberlerde geçirilen bolaýmasa, başga şäherlerde uly hem giň möçberde gazuw-barlag işleri geçirilmän gelinýär.

Şeýlelik bilen, Günorta Aziýanyň gadymy halklarynyň edebi mirasynyň giň möçberligine garamazdan, ykdysady we syýasy taryhynyň öwrenilişi, ýeterlik derejede bolmadyk çeşmelere esaslanylyp öwrenilýär. Şonuň üçin, Hindistanyň syýasy taryhyny hem, sosial-ykdysady gatnaşyklaryny hem örän uly taryhy döwürleri we bütin sebiti göz öňünde tutup häsiýetlendirip bolar.

**Taryhy çeşmeleri we taryhnamasy.** Gadymy Hindi dilindäki köp sanly edebiýatlar (sanskrit, pali) häzire çenli induizm we buddizm dinleriniň mukaddes kitaplary hasaplanylýar. Olary asyrlar boýunça, hat-da müňýyllyklaryň dowamynda gorap saklapdyrlar, olary göçüripdirler we düşündiriş beripdirler. Ýakyn Gündogaryň köp döwletlerinden tapawutlylykda, gadymy hindi nusgawy edebiýatynyň ýadygärlikleri arheologlar tarapyndan tapylmady. Olary okamak üçin ýatdan çykarylan ýazuwy öwrenmek, ýitip giden dili dikelltmek meselesi hem bolmady. Ýazuw ýadygälikleriniň esasy bölegi Hindistany öwrenýänleriň ygtyýarynda, sebäbi ýazuw ýadygärlikleriniň köp bölegi ýitirilmän saklanyp gelipdir. Gadymy Hindi ýazuwyny öwrenmekde alymlar esasan gadymy gindi eserleriniň grammatikasyna daýanýarlar, esasan hem b. e. öň IV asyrda ýazylan Panininiň grammatykasyna esaslanýarlar.

Edebi eserler dini senalardan ("Rigweda") we dini dessurlaryň ýerine ýetrilişine düşündiriş kitaplaryndan, epiki poemalardan ("Mahabharata" we "Ramaýana") we beýleki ýygyndylardan ybarat durýar. Jemgyýetçilik gatnaşyklary baradaky çeşmelere dharmanyň dini we ruhy wezipeleri baradaky ("Manunyň kanunlary") atly iş, syýasat baradaky ("Arthaşastra") ýa-da söýgi baradaky ("Kamasutra") ýazylan işler degişlidirler. Emma bu işleriň hiç haýsynyň nirede we haçan ýazylany häzire çenli aýdyň edilmän gelinýär.

**Taryhnamasy.** Günorta Aziýanyň gadymyýetini ylmy taýdan öwrenmeklik XVIII asyryň ahyrlaryndan, haçanda bu ýerleriň ilaty ýewropalylaryň, esasan hem Beýikbritaniýanyň basybalyjylykly syýasatynyň netijesinde basylyp alynmagy bilen başlanýar. 1784-nji ýylda Kalkuttada Aziýa jemgyýetiniň gündogarşynasçylarynyň ilkinji birleşigi esaslandyrylýar. Bu birleşigiň başlygy Uilýam Djons ýewropa indologiasyny esaslandyryjy hasaplanýar. Ol sanskrit diliniň beýleki gadymy diller bilen garyndaş dildigi baradaky pikiri öňe sürýär we patyşa Çandragupt bilen sanskritiň beýanyndaky, Aleksandr Makedonskiniň ýörişleri döwründe grek taryhçylary tarapyndan ýatlanylýan Sandrakottyň bir adam, bir şahsyýetdiginiň üştüni açýär we gadymy hindi senenamasynyň (hronologiýasynyň) düýbüni tutýar.

XVIII asyryň ahyryndaky alymlaryň esasy hyzmaty sanskrit ýadygärlikleriniň iň esasy edebiýatlaryny terjime etmekleridir. Olar: "Manunyň kanunlary", Kalidasyň ady belli "Şakuntala" dramasy, "Bhagawad-rita" atly filosofiki poemalardyr. XVIII asyryň ahyrynda, XIX asyryň başlarynda iňlis indologlarynyň hemmesi diýen ýaly kolonial dolandyryş ulgamynyň wekillerinden bolup, olaryň alyp barýan ähli işleri durmuşy maksatlara gönükdirlipdir. Emma olaryň Gündogaryň medeniýeti bilen ilkinji tanyşmaklary Ýewropalylaryň gündogaryň teatry, poeziýasy, filosofiýasy bilen meşgul bolmaklaryna itergi beripdir. Mysal üçin, I.W. Fýote

“Şakuntala” dramasy bilen tanyşyp, şonuň täsiri bilen hem “Fausta” soňlama ýazypdyr.

Nemes alymlary hem dünýä medeniýetiniň gözbaşyny Hindistandan gözläpdirler. XIX asyryň birinji ýarymynda sanskrit diliniň gadymy pars, latin, gadymy grek we täze dörän esasy ýewropa dilleri bilen garyndaşlygy, ýagny hindiýewropa dil maşgalasynyň ýaşap gelýändigi baradaky taglymat ylmy taýdan (esasan hem F. Bopp tarapyndan ) subut edildi. Gadymy Hindi dini ýadygärliklerini (weda) gadymy Eýran, Orta Aziýanyň “Awesta” dini kitaby, Gomeriň poemasy, gadymy german we gadymy slawýan hekaýalary bilen, öwrenilýän halklaryň däp-dessurlaryny deňeşdirmek ýoly bilen, alymlar olaryň dilini, dinini, rowaýatlaryny we adatlaryny dikeltmäge çalyşypdyrlar.

XIX asyryň ortalaryna çenli gadymy hindi ýadygärliklerini we edebiýatlaryny, esasan hem gadymy weda edebiýatlaryny terjime edip, neşir etmeklikde uly işler amala aşyrylýar. Maks Mýuller (Oksford) tarapyndan esaslandyrylan 50 tomdan ybarat “Gündogaryň mukaddes kitaplary” atly neşir, terjimäniň ylmy ähmiýetini ýitirmän häzire çenli neşir edilip gelinýär. Geçen asyryň 50-70-nji ýyllarynda köp tomlyk sanskrit sözlüginiň Russiýada. çap edilmegi hem (Peterburg ylymlar Akademiýasynyň görkezmegi bilen) uly ähmiýete eýe boldy.

XIX-XX asyrlaryň çatrygyna çenli sanskrit çeşmelerine ýeterlikli tankydy garaýyşlar bolmansoň, onuň käbir ýagdaýlaryna täzeden seredilip geçilýär, ýagny Hindistanda syýasy häkimiýetiň despotik häsiýetliligi, ruhanylaryň – brahmanlaryň häkimliginiň adatdan daşary güýçliligi we ş. m. meselelere seredilýär. Netijede Hindi taryhyna we medeniýetine tankydy taýdan täzeden seredilmegi, buddizm bilen baglanyşykly täze çeşmeleriň ylmy aýlanşyga göýberilmegine getirdi. XIX asyryň ahyrlarynda T. Ris Dewid tarapyndan esaslandyrylan jemgyýetiň budda kitabynyň pali dilindäki beýanlaryny öwrenmek we neşir etmeklik amala

aşyrylýar. Budda edebiýatynyň we foliosofiýasynyň öwrenilmegi bu diniň hindi medeniýetiniň taryhynda tutýan ornunyň ýokarydygy anyklanyldy.

XIX asyryň 80-nji ýyllaryndan XX asyryň 30-njy ýyllaryna çenli aralykda Russiýa hem Budda dinini öwrenmekde dünýä merkezleriniň birine öwrülýär. Rus taryhnamasynda buddizma bolan gyzyklanma ilki bilen Russiýanyň Mongoliýa we Hytaýa ýakynlygy sebäp bolýar. Rus alymlary (F. I. Şerbatskiý we S. F. Oldenburg) Merkezi we Gündogar Aziýa ýerlerine budda dininiň ýaýramagy bilen baglylykda esasy ünsi budda kitabynyň beýanlaryna berýärler. Ilkinji gezek ýewropa ylmynda F. I. Şerbatskiniň we onuň okuwçylarynyň işlerinde budda folosofiýasy we logikasy çuňňur öwrenilip başlanýar.

Hindistany arheologiki taýdan diňe XIX asyryň üçünji çärýeginden we XX asyryň başlaryndan öwrenilip başlanýar. Esasy gazuw-barlag işleri XX asyryň 20-30-njy ýyllaryna degişlidir. Bu döwürde Günorta Aziýada iň gadymy Hindi siwilizasiýasynyň üsti açylýar. Hind derýasynyň jülgesinde geçirilen barlaglar Hindistanyň taryhyny diňe bir müň ýyl öňe süýşürmän, eýsem Gadymy Hindistanyň ariýlardan öňki ilaty baradaky meseläni, şeýle-de onuň medeniýetinde ariý däl medeniýetiň taryhyny öwrenmekligi hem öňe sürdi.

XX asyryň 30-njy ýyllaryndan, esasan hem soňky onýyllyklarda dünýä möçberinde Hindistanyň sosial-ykdysady gatnaşyklaryna uly ähmiýet berilýär. Uruşdan soňky ýyllarda G.F. Iliniň işlerinde Gadymy Hindistanda guleýeçilik gatnaşyklary meselesi goýulýar. Şeýle-de Günorta Aziýanyň häzirki zaman döwletleriniň (Päkistan, Hindistan, Bangladeş, Nepal, Şri-Lank) gadymyýetini öwrenmeklik meselesi hem yzygiderli alnyp barylýar. Ikinji jahan urşundan soň birnäçe uly göwrümli işler (hindi medeniýetiniň taryhy boýunça) Günbatar Ýewropada, ABŞ-da we Ýaponiýada neşir edilýär. Sowet arheologlary tarapyndan Orta Aziýada we Owganystanda geçirilen gazuw-barlag işleriniň netijesinde, bu sebitiň

Hindistan bilen medeni gatnaşyklaryň bolandygy baradaky maglumatlaryň üsti açyldy.

## §31. Hindi siwilizasiýasy (b. e. öň XXIII-XVIII asyrlar)

**Gadymy Hindi siwilizasiýasynyň merkezleri.** Günorta Aziýada iň gadymy siwilizasiýa Hindi siwilizasiýasy diýilýär, sebäbi ol Hind derýasynyň töwereginde, Demirgazyk-Günbatar Hindistanda (esasan häzirki Päkistanyň ýerinde) ýüze çykýar. Ol b.e.öň XXIII-XVIII asyrlar bilen bellenip, gelip çykan döwrüne göra, ol gadymy gündogar siwilisasiýasynyň üçünjisi hasaplanylýar. Ol hem Derýaaralygy (Mesopotamiýa) we Müsür siwilizasiýalary ýaly uly derýanyň boýunda ýerleşipdir. Onuň emele gelişi hem ýokary derejedäki hasyl berýän suwarymly ekerançylygyň ýüze çykmagy bilen bagly bolupdyr.

Hind derýasynyň jülgesiniň medeniýetiniň açylyşy (XX asyryň 20-nji ýyllary) ýaňy-ýakynda bolsa-da, ol dürli sebäplere görä Müsür we Şumer-Akkad döwletleriniň öwrenilişi ýaly öwrenilmändir. Emma bu ýerlerde bürünç den ýasalan gurallaryň ulanylmagam, şäherleriň gurulmagam we hatyň oýlanyp tapylmagam Hind jülgesiniň gadymy ilatyna häsiýetlidir diýip tassyklap bolar. Bu esasy alamatlar siwilizasiýanyň ýüze çykandygyna, ýagny raýat jemgyýetiniň, döwletiň dörändigine güwä geçýär.

Hind derýasynyň jülgesinde b. e. öň III müňýyllykda gurlan şäherleriň üstüniň açylmagy, onlarça ýyllaryň dowamynda ylymda agalyk edip gelýän, ýagny hindi halklaryna medeniýet daşardan, taýýar ýagdaýda gelipdir diýen öňden gelýän taryhy garaýyşy puja çykarýan uly açyşlaryň biridir. Diňe soňky onlarça ýyllaryň arheologiýa gazuw-barlag işleriniň netijesinde, bu sebitiň gadymy siwilizasiýasynyň bolandygy baradaky ylmy garaýyşlary tassyk edýän maglumatlar bilen üsti dolduryldy.

Hind derýasynyň günbataryndaky ýerlerde neolit döwründe, b. e. öň VI (mümkin VII müňýyllykda) müňýyllykda ilat ekerançylyk bilen meşgul bolup başlapdyr. B. e. öň IV müňýyllygyň ahyrlarynda enolitik ekerançylygyň birnäçe görnüşleri ýüze çykýar. Çyg kerpiçden gurlan uly bolmadyk oturymly obalar, ownuk derýalaryň suwy bilen suwarylýan jülgelerde ýerlesipdir. Palçykdan edilen heýkeljikler we keramika önümlerindäki çekilen şekiller adamlaryň hudaý-Enä we öküze sejde edendiklerinden habar berýär.

Demirgazyk-Günbatar Hindistanyň irki ekerançylyk medeniýeti, bu ýerlerden tapylan arheologiki maglumatlar onuň öz töweregindäki welaýatlardan üzňe ýaşamandyrlar, olar uzakdaky Elam ýerleri bilen gatnaşyk saklapdyrlar diýmäge hem mümkinçilik berýär. Esasy bellemeli zatlaryň biri-de, Hind derýasynyň jülgesinde şäher siwilizasiýasynyň ýüze çykmagy ilatyň dürli halklar bilen gatyşyp garyşmaklaryna ýa-da başga halklarýň ösen medeniýetiniň täsiriniň ýetendigine garamazdan, şu sebitde köp müňýyllyklaryň dowamynda ýerli halk tarapyndan döredilen we ösdürilen medeniýet döräpdir diýip aýdyp bolar.

Ilkinji ylmy barlaglar uly şäher merkezleri bolan-Mohenjo-Daro we Harappa (kähalatlarda bütin arheologiýa barlaglaryna Harappa medeniýeti hem diýilýär) şaherlerinde geçirilýär. Soňra kiçiräk ähmiýetli Çanhu-Daro, Kalibangan şäherleriň üsti açylýar. Häzirki döwürde ägirt uly ýerleri öz içine alýan müňlerçe



Çanhu-Darodan tapylan küýze-gap

kilometr demirgazykdan günorta we bir ýarym müň kilometr günbatardan gündogara ýaýrap gidýän Hindi siwilizasiýasynyň ýüzlerçe obalary belli boldy. Olaryň hemmesi Hindi

siwilizasiýasy diýilip atlandyrylýar, sebäbi olaryň esasy merkezleri bu uly derýanyň kenarynda ýerleşipdir.

Mohenjo-Daro, Harappa we Kalibangan ýaly şäherleriň gurluşy iki bölekden meýilleşdirilipdir. Şäheriň bir bölegi emeli galdyrylan beýiklikde salnyp, şäheriň galan diwarlary diş diwarlar bilen bölnüpdir. Bu ýerdäki gala diňi şäheriň dolandyryş edaralary we ybadathana gurluşyklary üçin niýetlenipdir. Mohenjo-Daro galasynda üsti açylan ymarat, alymlaryň çaklamalaryna görä ybadathana ýa-da hökümdaryň köşgi bolmaly. Ondan daş bolmadyk ýerde bolsa dini däp-dessurlar, suwa ýuwunmak ýaly däpleri ýerine ýetirmek üçin suwly howuz ýerleşipdir. (häzirki wagtda howuzlar induslaryň ybadathanasynyň esasy bölegini tutýar). Harappa galasyndan uly däne saklanylýan ammaryň üsti açylýar. Şolar ýaly ammarlar Mohenjo-Daroda hem gurlupdyr. Däne üwelýän ýerde uly bolmadyk otag salnyp, onda bolsa işçiler ýaşapdyrlar.

Mohenjo-Daro şäheri takmynan iki kwadrat kilometr ýeri tutýar, bu ýerde onlarça müň adam ýaşamaga mümkinçilik bolupdyr. Şäheriň ini on metre ýetýän göni köçeleri bolupdyr. Bu köçelerde ýük çekýän arabalar gatnapdyr. Kähalatlarda bolsa dini däp-dessurlar üçin peýdalanylypdyr. Bu köçeler şäheri



Erkek adamynyň heýkeli we tansçy gyz. Mohendjo-Daro

göni kesip birnäçe kwartallara bölüpdir.

Şäheriň esasy bölegi bişen bir ölçegdäki kerpiçlerden gurlupdyr. Jaýlar iki gat bolup, onlarça otaglardan ybarat bolupdyr, olaryň penjireleri howlynyň içine açylypdyr, ol ýerde ojakda nahar bişirlipdir. Barlagçylary geň galdyrýan zatlaryň biri-de şäherde ýaşamak üçin hemme mümkinçilikler döredilipdir. Jaýlaryň köpüsinde ýörite ýuwunylýan otaglar bolupdyr. Hapa suwlary akdyrar ýaly bişen kerpiçden örülen ýaplar çekilip, oýtaklar gazylypdyr. Gadymy dünýäniň beýleki ýurtlaryna garanda Hind derýasynyň jülgesinde dörän şaherlerde gurlan suw akabalary has kämil bolupdyr.

Şäherlerde geçirilen gazuw-barlag işleri, oba hojalygynyň ýagdaýy barada belli bir netije çykarar ýaly (şäheriň ilatynyň belli bir bölegi oba hojalygynda işläpdirler) maglumat bermeýär. Tapylan maglumatlara görä, bu ýerlerde bugdaý, arpa, süle ekilipdir. Mata bölekleriniň galyndysynyň tapylmagy bolsa Aziýa ýurtlarynyň beýleki ýurtlaryna garanda hindiler pagta ekipdirler. Ýaňy ýakynda bolsa, pagta heniz Harappa medeniýeti ýüze çykmazyndan kän öň ekilendigi alymlar tarapynadan anyklanyldy. Gadymy hindiler ýük çekmek üçin öküzleri ulanypdyrlar, öý guşlaryny (towugy) köpeldipdirler.

Edil şonuň ýaly, şäher senetçiligi barada hem doly maglumatlar saklanypdyr. Gurluşyk işlerinde bişen kerpiçleri ulanypdyrlar. Harappa keramikasy özüniň dürlüligi bilen tapawutlanypdyr. Küýze gaplaryndaky şekillerde esasan ösümlik dünýäsi barada maglumat berilýär. Mata dokalýan tara gurallarynyň tapylmagy, mata dokamaklygyň giň gerim alandygyndan habar berýär. Bu ýerden ep-esli möçberde bürünçden, altyndan we kümüşden ýasalan şaý-sepler hem tapylýar. Müsür we Derýaaralygynyň äpet uly heýkeltaraşçylyk sungaty Hindi siwilizasiýasina mahsus däldir. Hindistanyň b. e. öň III-II müňyyllyklaryna degişli saklanyp galan şekiller uly bolmadyk ölçegdäki heýkeljiklerden ybarat durýarlar.

Myşal üçin, Mohenjo- Daronyň iň uly binasyndan tapylan hökümdar-ruhanynyň heýkeli diýilip atlandyrylýan heýkel hem

uly bolmadyk ölçegde ýasalypdyr. Olaryň içinde bürünçden ýasalan ýalaňaç tansçy aýalyň heýkeli hem bar, ol her dürli bezeg şaýlary bilen bezelip ýasalypdyr. Şeýle-de bu ýerlerden köp sanly palçykdan ýasalan ene-hudaýynyň heýkeljikleri öňki döwüriň sejde edilyän hudaýlaryndan kän bir tapawut etmändir. Diýmek, Hindi siwilizasiýasyny döreden halkyň şäher medeniýeti, ilatyň diňe az sanly ýokary gatlagyna degişli bolupdyr. Ilatyň esasy köpçüligi ilkidurmuş jemgyýetiniň adamlarynyň ýaşaýyş derejesine ýakyn ýaşapdyrlar.

Senetçiligiň çeperçilik önümine degişli tapyndylardan gadymy möhürler bolup, olar Derýaaralygynyň silindir görnüşunden tapawutlylykda gönüburçly şekildäki möhürler bolupdyr. Häzire çenli olaryň iki müňden gowragy tapyldy. Bu heýkelleri adamlar doga hökmünde göteren bolmaklaram mumkin, emma möhürler esasan hususy eýeçiligiň ýüze çykandygyndan habar berýär, galyberse-de möhürler onuň eýesiniň wezipesini aňladýan bolmagy hem mümkin. Möhürdäki şekiller köplenç rowaýaty äheňdäki wakalary aňladypdyr.

Mysal üçin, edermen adamynyň gaplaň bilen söweşip durşy, ýa-da agajyň şahasynda çekilen hudaý aýal, erkek hudaý adamynyň ýyrtyjy haýwanlaryň arasynda duran şekilleri görkezilipdir. Mukaddes öküziň aýratyn ýagdaýda naharlanyşy bolsa has giň ýaýran şekilleriň biridir

Harappanyň önümleri Hind derýasynyň jülgesinden uzaklarda hem tapylypdyr. Harappa medeniýetiniň möhürleri we beýleki ýadygärlikleri Derýaaralygyndan, Pars aýlagynyň Bahreý adalaryndan, Eýrandan we Türkmenistandan tapylýar. Diýmek, Mohenjo-Daro we Harappa şäherleri özleriniň gülläp ösen döwürlerinde dünýäniň köp ýurtlary bilen aragatnaşyk saklapdyrlar we Gadymy Gündogar siwilizasiýasy ulgamyna goşulypdyrlar. Harytlaryň käbir görnüşleri (esasan hem gymmat bahaly saý-sepler) hindi şäherlerine suw we gury ýer

söwda ýollary bilen getirilipdir. Söwda işlerinde dellalçylyk giňden ýaýrapdyr.

Içerki söwdanyň ösüşini görkezýän tapyndylaryň biri hem daşdan ýasalan çekim daşlarydyr, ýa-da üsti açylan otaglaryň biri bazar otagy hökmünde ulanylan bolmaly diýilip çaklanylýar. Senetçilik önümleriniň bazar üçin taýýarlanyşy barada aýtmak hem kyn, sebäbi olar barada hiç hili maglumat saklanmandyr. Hind derýasynyň jülgelerinde ýaşaýan ilatyň dini garaýyşlary barada maddy medeniýetiň we sungatyň esasynda käbir netijeleri çykaryp bolar. Möhürlerdäki şekillerde agajyň (agaç hudaýy), haýwanlaryň, asman ýagtylygynyň çekilmegi gadymy adamlarda dini ynançlaryň ýüze çykandygyny subut edýärler. Aýal hudaýynyň heýkeli diniň ekerançylyk häsiýetdedigine güwä geçýär. Hindi ýoglarynyň görnüşinde oturyp, daşynda dört sany ýyrtyjy haýwanlar bilen duran erkek adam-hudaý dünýäniň dört künjeginiň eýesi höküminde görünýär.

Hindi hatyny okamagyň usuly heniz doly öwrenilenak. Onuň kynçylyklarynyň biri-de ýazgylaryň bir dilde ýazylmagy, beýanlaryň bir görnüşde (diňe möhürlerde bolmagy) bolmagydyr. Bar bolan belgilere görä gadymy hindilerde 400-e golaý hat belgileri bolupdyr. Iň gadymy Hindi siwilizasiýasynyň dili drawidleriň diline ýakyn hasaplanylýar. Gadymy hindi ýazuw beýanlaryny okamagyň usulynyň öwrenilmegi, Hindi siwilizasiýasynyň etniki düzümi baradaky meseläniň çözülmegini hem aňsatlaşdyrar.

Harappa medeniýetiniň tapyndylary Hind derýasynyň jülgelrinden uzaklarda, ýagny Derýaaralygyndan, Pars aýlagynyň Bahreý adalaryndan, Eýrandan we Türkmenistanyň ýerlerinden tapylýar. Bu zatlar Mahenjo-Daro we Harappa özleriniň gülläp ösen döwürlerinde daşarky ýurtlar bilen ýakyndan aragatnaşyk saklap gelipdirler we Gadymy Gündogaryň irki siwilizasiýasyna goşulypdyrlar diýmäge mümkinçilik berüýär. Derýaaralygyndan tapylan tapyndylaryň

bir bölegi Hindistandan getirilipdir we olar Şumer-Akkad patyşalygynyň döwri bilen, b. e. öň III müňýyllygyň ahyrky çärýegi we II müňýyllygyň başlary bilen kesgitlenýär.

B. e. öň XVIII asyrda harappa medeniýeti ýaşamagyny bes edýär. Emma bu medeniýet haýsam bolsa bir tebigy betbagytçylygyň esasynda ýitip gitmändir. Arheologlar tarapyndan toplanan köp sanly maglumatlaryň görkezmegine görä, bu gülläp ösen medeniýet kem-kemden pese gaçypdyr. Täzeden gurlan beýik ymaratlar, giňden tutulan köçeler Harappa şaheriniň öňki görnüşini bozupdyr. Daşyndan getirilýän harytlar, senetçilik önümleri we möhürler azalypdyr. Netijede şaherler oturymly ilatly obalar bilen çalyşyp, medeniýet ýitip başlapdyr. Hindi siwilizasiýasynyň ýaýran ýerlerinde Harappa medeniýeti uzak wagtlap saklanan bolaýmasa, olar hem giçki medeniýetler bilen çalyşypdyr. Gadymy Hindi siwilizasiýasynyň ýitip gitmegine şäherleriň pese gaçmagy hem-de Hind derýasynyň jülgesine demirgazyk-günbatardan has yza galan taýpalaryň bosup gelmekleri sebäp bolupdyr. Emma bu taýpalaryň gelmegem harappa medeniýetiniň heläk bolmagynyň esasy sebäbi däldir. Demirgazyk-Günbatar Hindistanyň welaýatlary şol döwre çenli suwarymly ekerançylygy ýokary derejede ulanyp bilmänlikleri, tokaýlaryň bolsa ekerançylyk üçin çapylyp gutarylmagy bu etraplaryň tebigatyny hakyky çölliklere we ýarym çöllüklere öwrülmegine getiripdir. Galyberse-de ýurdyň azajyk böleginde siwilizasiýanyň ösüp, ägirt uly ýerlerde ýaşaýan ilatyň medeni ösüşiniň pes bolmagy, olaryň medeniýetdäki aratapawudynyň uzak wagtlap saklanyp galmagy, bürünç asyrynyň medeniýetiniň giňemegine mumkinçilik bermändir diýip bolar. Emma harappa şäherleriniň ýykylmagynyň esasy sebäpleriniň biri-de taryhy wakalar bilen bagly bolmaly, emma ol barada taryh ylmy hiç zat bilenak.

Hindi siwilizasiýasynyň sosial we syýasy gurluşy barada diňe umumyrak netije çykarsa bolar. Galalaryň we şäherleriň

gurluşy döwlet häkimiýetiniň bolandygyny subut edýär. Önümçiligiň ösüş derjesi, şäherleriň we hatyň-ýazuwyň barlygy jemgyýetde sosial deňsizligiň bolandygyndan habar berýär, emma ýazuw ýadygärlikleriniň bolmazlygy syýasy häkimiýet guramasynyň we adamlary ezmekligiň haýsy görnüsleriniň bolandygyny anyk aýtmaga mümkinçilik berenak.

Emma Hind derýasynyň jülgesinde ýüze çykan şäherleriň gülläp ösen döwri taryhda yz galdyrman durmady. Harappa medeniýeti b. e. öň II müňýyllykda Merkezi Hindistanyň eneolitik medeniýetine, şeýle hem Ganga derýasynyň jülgesindäki taýpalara öz täsirini ýetiripdir. Hindi siwilizasiýasynyň ýadygärlikleri dini ynançlarda we induizm dininiň däp-dessurlarynda belli bir derejede häzire çenli saklanyp gelýär.

## §32. B. e. öň V-III asyrlarda sosial-ykdysady ösüşler Bütewi Hindi döwletiniň döremegi

**Demirgazyk Hindistanda irki döwletleriň emele gelmegi. “Weda zamany” ( b. e. öň XIII –VI asyrlar)** B. e. öň II müňýyllygyň ahyrlarynda - I müňýyllygyň birinji ýarymynda Demirgazyk Hindistanyň taryhynyň esasy çesmesi hindi dini edebiýatlarynyň ýadygärligi bolan weda kitaplarydyr. Olar esasan dini senalaryň, aýdymlaryň, gurban etmegiň görnüşlerinden we mukaddes däp-dessurlaryň geçirlişi barada berilýän giň möçberdäki düşündirişlerden ybarat durýarlar. Wedalar hindiýewropa dil masgalasynyň dilinde düzülipdir (“weda” sözini “bilim”, “paýhas” manysynda düşünmek bolar). Wedalaryň düzülmeginiň özi hindiýewropa taýpalarynyň bu ýerlere gelendiginden habar berýär. Özüniň dili, dini we rowaýatlary boýunça wedalar mukaddes “Awesta” kitabynyň beýany bilen örän meňzeşdirler. Gadymy hindileriň ata-babalary (wedany döredenler) we Türkmenistanyň günorta sebitleri, Eýran ýerleriniň taýpalary bir sebitlerde ýaşap, köp

wagtlap özlerini ýakyn garyndaş taýpalar hasaplapdyrlar. Ylymda bu taýpalar ariýler diýilip atlandyrylýar. Ariý taýpalarynyň b. e. öň II müňýyllygyň ikinji ýarymynda Demirgazyk Hindistana göçüp barmaklary bilen, olar özlerini hindiariýleri diýip, Merkezi Aziýanyň beýleki taýpalaryndan tapawutlandyrmaklyk üçin aýdypdyrlar.

Weda edebiýatynyň möçberiniň juda giň beýan edilmegine garamazdan, ol ýüzlerçe we müňlerçe beýleki eserleri özüne jemlemek bilen, köp asyrlaryň dowamynda nesilden-nesle, dilden-dile geçirlip gelinipdir we has giç döwürde ýazga geçirilipdir. Onuň beýanlaryny hronologiki yzygiderlikde ýerleşdirmek mümkin däldir, ýöne ýüz ýyllyklar “Rigwedalaryň” (Weda senalary) irki bölümleri giçki däp-dessurlar barada berýän düşündirişlerinden gürrüňsiz tapawutlanýar we ony bölýär. Giçki (b. e. öň IX-VI asyrlar) “weda” döwri diýilip atlandyrylýan döwür, sözüň doly manysynda şöhratly ýa-da wasp ediliş döwüri diýip häsiýetlendirip bolar.

“Rigwedanyň” doràn döwründe ariýler heniz öz döwletini döredip bilmändirler. Olaryň ykdysadyýetinde maldarçylygyň ähmiýeti juda uly bolup, esasan hem iri şahly mallary köpeldipdirler. Weda senalaryny ýazanlar hudaýlardan mallaryň köpelmegini dileg edipdirler. Hindi ariýleriniň rowaýatlarynda we miflerinde hudaýlaryň öz duşmanlary bilen urşup, olaryň sansyz-sajaksyz sygyrlaryny alyşlary barada beýan edipdirler. Weda dilinde „uruş“ (gawişti) sözüniň özi “sygyrlary basyp almaklyk“ manyny aňladypdyr.

Ariýler mis we bürünçden ýasalan önümleri ulanypdyrlar, jaýlaryny bolsa gamyşdan ý-da palçykdan gurupdyrlar. Şäherleri olar asla bilmändirler, soňra ýüze çykan “şäherleri” bolsa mallaryň daşynyň goragy hasaplapdyrlar.

Weda döwrüne degişli edebiýatlaryň hemmesinde gutarnyksyz özara dawalar, gan döküsikli uruşlar barada gürrüň berilýär. Olarda uruşýan iki tigirli arabalar (kolesnisalar),

bürünçden ýasalan ýaraglar barada beýan edilmegi, ariýlerde hünärmen senetçileriň, ýarag ýasaýan ussalaryň, şeýle-de agaç ussalaryň barlygyna güwä geçýär. Emma olar köp bolmandyr we diňe ýokary gatlagyň wekillerini harby ýaraglar bilen üpjün edipdirler.

Hindi ariýleriniň Penjap ýerlerine ýaýran wagtlary, olaryň sosial guramalary heniz taýpa durmuşynda saklanypdyr. Her bir taýpanyň başynda radja-harby serdary we ýolbaşçysy bolup, olar uly bolmadyk öz ýakyn garyndaşlaryna daýanypdyrlar. Taýpanyň ýönekeý adamlary ýarag göteripdirler, taýpa degişli meseleleri çözmäge gatnaşypdyr. Taýpanyň doly hukukly "urşujy-halk" diýilip atlandyrylýan toparlaryň arasynda, özara uruşlaryň netijesinde düşen olja paýlaşylypdyr. Irki döwrüň edebiýatlarynda gulçylyk institutynyň bolandygy ýatlanylýar. Gadymy hindi dilinde berilýän "dasa" sözi gul manyny beripdir. Emma erkek adamlardan bolan gullar diňe bir wedalerde däl, eýsem eposlarda hem juda seýrek ýatlanylýar. Köplenç halda gürrüň gul aýallar-gyrnaklar barada gidýär. Olar uruşlarda ýesir alnyp hojalyklarda hyzmatkär hökmünde ulanylypdyr. Hindi aýdymçylary serdarlaryň güýjüni-kuwwatyny we olaryň sahylygyny görkezmek üçin, müňlerçe gul-gyrnaklar olaryň diňleýjileri hökmünde ýanlarynda bolupdyrlar. Gadymy hindi aýdymçylarynyň aýtmaklaryna görä, aýdym aýdylanda köp sanly owadan gyzlary hökümdarlar öz ýoldaşlaryna we ýakyn adamlaryna sowgat beripdirler.

Giçki weda zamanynda Demirgazyk Hindistanyň ykdysadyýetinde, sosial we syýasy gurluşynda uly özgerişler bolup geçýär. Ekerançylykda uly öňe gidişlikler bolýar. Agaç azallaryň kömegi bilen ägirt uly Hindi-Gang düzlügi agdarylyp, ekin ekilip bol hasyl alynýar. Olar ekerançylykda ýer sürmek üçin öküzleri peýdalanypdyrlar. Iri şahly mallary köpeldipdirler. Süýt önümleri bolsa olaryň gündeki iýmiti bolupdyr, baýramçylyk günlerinde mallary gurban beripdirler, esasan hem köp möçberde sygyrlary gurban edipdirler.

Demriň ýüze çykmagy bilen hünärmenler peýkam oklaryny, naýzalary we ýaraglaryň beýleki görnüşlerini ýasapdyrlar. Bu döwrüniň ekerançylary agaçdan we bambuk agajyndan jaýlaryny gurupdyrlar. Jaýlar hojalyklaryň durmuş ýagdaýyna görä gurlupdyr. Ýönekeý obalaryň ýanynda emeldarlaryň owadan, hem haşamly seleňläp duran jaýlary salnypdyr, olaryň daşy garym gazylyp berkidilipdir. Hastunapurda we beýleki ýerlerde geçirilen gazuw-barlag işleriniň netijesinde “Mahabharata” poemasynda mahabatlandyrylyp arşa çykarylýan ýerler hakykatdan hem b. e. öň I müňýyllygyň başlarynda syýasy merkez bolupdyr. Emma örän uly mahabatlandyrylýan epiki gahrymanlar giçki weda döwrüne düýbünden gabat gelenak. Bu ýerlerde begleriň, emeldarlaryň ýaşaýyş-durmuşlary entek juda ýönekeý ýagdaýdadygyny arheologiýa barlaglary subut edýär.

Giçki weda döwrüniň harby serkerdeleri “Rigweda” eýýamyndaky ýaly at goşulan araba bilen söweşipdirler, olaryň yzynda bolsa pyýada goşun söweşe giripdir. Şeýle harby gurama hakykatdan hem weda jemgyýetiniň sosial gurluşyna gabat gelýar, ýagny arabalarda (kolesnisalarda) begler söweşipdir, pyýada goşuny bolsa halk ýygymy düzüpdir.

B. e. öň I müňýyllygyň başlaryna degişli çeşmeleriň habar bermeklerine görä, her taýpanyň öz ýaşaýan welaýaty bolupdyr. Şeýle welaýatlaryň ilatynyň diňe bir garyndaşlyk gatnaşyklarynyň barlygy bilen bagly bolman eýsem, olar ýakyn göňşy ýerler, welaýatlar bolandyklary üçin hem bir serdara we bir hökümdara tabyn bolupdyrlar. Erkin we doly hukukly raýatlar ekerançylar jemagatyny düzüpdirler, olaryň her haýsysy birnäçe obalary birleşdiripdir. Şeýle obalaryň ýaşulysy uly abraýdan peýdalanypdyr, jemagat bähbitli iň esasy meseleler
bolsa bütin halkyň gatnaşmagynda çözüipdirler. Emma oba adamlarynyň belli bir bölegi halk ýygnaklaryna gatnaşmaga, taýpa degişli meseleleri çözmäge hiç hili hukuklary bolmandyr,

sebäbi hukuksyz diýilýän adamlaryň jemagat (obşina) ilaty bilen hiç hili garyndaşlygy bolmandyr, olar soň gelenler, ýa-da göçürilip getirilenler bolupdyrlar.

Sosial deňsizligiň gitdigiçe ösmegi halk köpçüliginiň ýagdaýyny hem barha üýtgedipdir. Oba jemagatynyň hukuklary kem-kemden jemagat ýaşuly
ary, serdarlary tarapyndan çäklendirilipdir, bütin taýpa degişli meseleler indi gönüden-göni jemagat serdarlarynyň we hökümdarlarynyň ygtyýaryna geçipdir. Netijede, hindi jemgyýetinde harby demokratiýa diýilip atlandyrylýan demokratiýanyň agalygy emele gelýär. Bir wagtlar hindi-ariýlaryň "patyşalary" (radjalar) harby ýolbaşçylar, serdarlar bolupdyrlar. Şonuň üçin hem olara serdarlar diýilipdir, sebäbi olar mydama goşunyň öňünde bolupdyrlar. Şeýlelik bilen, hindilerde giçki weda eýýamynda hökümdaryň häkimligi ýüze çykyp, patyşa häkimligi we onuň dolandyryş guramalary emele gelipdir.

Köşk adamlarynyň köpüsi (baş serkerdesinden başlap) patyşanyň garyndaşlary bolupdyrlar. Häkimlige ýetmek üçin, özi bilen deň hukukly, ýagny dünýä inende ýokary kastadan bolan radjalara, özara göreşde hökmany ýagdaýda garyndaşlyk goldawy gerek bolupdyr. Häkimiýet başyna geleniň bolsa halkdan töleg ýygnamaga hukugy bolupdyr. Tölegi hökümdaryň özi, garyndaşlary ýa-da hyzmatkärleri ýygnapdyrlar. Uly sadakalar berilende ilat köp dürli naharlar bilen hezzetlenipdir, serpaýlar paýlanypdyr, bu bolsa ilki bilen hökümdaryň hem emeldarlaryň halk köpçüliginiň içinde abraýyny, şöhratyny ýokary galdyrypdyr.

Gadymy Hindistanda gowşak hökümdarlar wagtlaýynça özünden güýçli hökümdarlara tabyn bolmaly bolupdyr. Şeýlelik bilen, örän giň ýerleri tutýan ilkinji syýasy birikmeler ýüze çykyp, olaryň hökümdarlary özlerini "ýokary" ýa-da "ýeke-täk hökümdar" diýip atlandyrypdyrlar. Emma patyşanyň iň uly ýeňişleriniň biri, ol hem "aty gurban etmeklik" bolupdyr.

Ýörite saýlanyp alnan aty bir ýylyň dowamynda meýdana göýberip, ony ýörite ýaragly adamlar gorap saklapdyrlar. Bir ýylyň dowamynda haýsy hökümdaryň ýerine hudaýoly ediljek bedewyň aýagy bassa, şol patyşanýň ýokary häkimligini ykrar edip, oňa töleg bermeli bolupdyr. Bir ýyl geçip şol bedew sadaka edilenden soň, patyşa "ähli ýerleriň eýesi" hasaplanypdyr. Şeýle dessur, ýagny "aty gurban bermeklik" Hindistanda tä orta asyra çenli saklanyp gelnipdir.

Hindi-ariý taýpalary syýasy bütewligi gazanyp bilmändirler. Ýerli emeldarlaryň bir bölegi we ruhanylar emele gelýan döwletiň agalyk ediji sosial toparlaryna goşulypdyrlar. B. e. öň II müňýyllygyň ahyrlarynda I müňýyllygyň birinji ýarymynda Demirgazyk Hindistanda sosial-syýasy ösüş jemgyýetiň dört sany esasy gatlaklara bölünmegine getiripdir: ruhanylara; harby aristokratiýa; doly hukukly halka-oba jemagatyna; şeýle-de gullary hem goşmak bilen doly hukukly bolmadyk garyplara, aşaky gatlaga bölünipdir. Bu gatlaklaryň her biri özbaşyna bir gatlaga-warna öwrülipdir. Bu nesilden nesle geçirilip gelinýän warna agzalarynyň hukuk derejelerini, olaryň alyp barýan kärleri we dini wezipeleri çözüpdir. Ruhanylaryň we mugallymlaryň borçlary brahmanlaryň üstüne ýüklenipdir. Kşatrilar bolsa söweşijiler bolup häkimlik edipdirler, waýşilaryň wezipesi diňe zahmet çekmeli edilipdir, şudyrlar gatlagy bolsa ýokardakylaryň üçüsine hem hyzmat etmeli edilip bölünipdir. Bu jemgyýetçilik gurluş hindi medeniýetiniň ýaýran ulgamynyň hemmesine degişli bolupdyr.

"Weda eýýamynde" Hindi-Ganga düzlüginde suwarymly ekerançylyk ýaýraýar, jemgyýetiň sosial gatlaklara bölünmeginiň ösmegi bilen warno-kasta gurluşy ýüze çykýar, ahyrynda bolsa irki döwletleriň emele gelmegi hem tamamlanýar. Ariý we ýerli medeniýetiň özara täsirleriniň netijesinde b. e. öň I müňýyllygyň ortalaryna çenli bu ýerlerde gadymy hindi siwilizasiýasy doly emele gelýär.

**B. e. öň II asyrdan b. e. V asyryna çenli Günorta Aziýanyň jemgyýetçilik we syýasy gurluşy.** B. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda Demirgazyk Hindistanyň sosial-ykdysady gatnaşyklarynda we syyasy gurluşynda we medeniýetinde uly özgerişler bolup geçýär. Olar barda arheologiki çeşmelerde, şeýle hem ýazuw we budda eserleriniň beýanlarynda berilýär. Olarda b. e.öň IV-III asyrlaryna gabat gelýan Buddanyň we onuň ýakyn okuwçylarynyň ömürbeýanlary, olaryň däp-dessurlary şeýle-de has irki budda ýadygärlikleri mysal bolup bilerler. Buddizmiň mukaddes kitaby weda edebiýatlaryna garanda, ol Hindistanyň beýleki welaýatlary bilen baglanyşykly boludyr. Buddanyň asly gelip çykyşy häzirki Nepal ýurdundan bolsa-da, onuň syýahatçylygy we geçiren wagyzlary baradaky rowaýatlarda, esasan Demirgazyk-Gündogar Hindistan ýerleri beýan edilýär. Ganga derýasynyň jülgesininiň merkezi böleginde ekerançylygy ösdürmeklik belli bir derejede kynçylyklary döredipdir. Bu ýerinin howasynyň yssy we çygly bolmagy, subtropiki ösümlükleriň ösmegine we ekerançylygy giňeltmäge belli bir derejede kynçylyklary döredipdir. Emma demiriň ýüze çykmagy bilen ekerançylyk ýerlerini açmak, giňeltmek işleri birneme ýeňleşipdir.

Hindi-Ganga düzlüginiň uly bolmadyk böleginde has köp möçberde ygal düşýän ýerleri bar, emma topragyň mes bolmagyna garamazdan bu ýerlerde ekerançylygy ösdürmek, bol hasyl almak üçin adamlar kanallary çekipdirler, suw howdanlaryny we guýulary gazypdyrlar, derýalarda bent gurupdyrlar, netijede bolsa bol hasyl alypdyrlar. Hindistanyň demirgazyk-gündogarynda suwarymly ekerançylyk bolansoň, olaryň esasy ekini şaly bolupdyr. Gadymy hindi dilinde azyk sözüniň düýp mazmuny hem “gaýnadylan tüwi” manysyny beripdir. B. e. öň I müňýyllygyň ortalaryna çenli hindi ekerançylary şalynyň tohumynyň hilini gowlamakda hem uly üstünlikler gazanypdyrlar. Üstesine-de Ganga derýasynyň

julgesiniň topragy aýratyn hasyllygy bilen tapawutlanypdyr. Ol ýerlerden köp möçberde hasyl alnypdyr, bu bolsa ilatyň güýçli derejede köpelmegine getiripdir. B. e. öň V asyrynda, antiki eserlerde heniz Gerodotyň zamanynda hindiler dünýäde iň köp sanly halk diýen düşünje ýüze çykypdyr.

B.e.öň I müňýyllygyň ortalaryna çenli Hindistanyň şäherleri diňe bir strategiki ýerlerde gurulman, eýsem derýanyň amatly ýerlerinde söwdanyň bolaýjak ilatly ýerlerinde salypdyrlar. Hindistanyň taryhynyň bu döwründe haryt-pul gatanşygy giň gerim alyp başlapdyr. Onuň şeýle bolandygyny b. e. öň I muňýyllygyň ortalarynda Hindistanda pul zikgelenmegi hem subut edýär. Emma ol teňňeler juda ýönekeý bolup, metal bölejiklerinden ( kümüşden we misden) ybarat bolup, zikgelenen pulyň hilini görkezýän möhür basylypdyr. Pulyň zikgelenmegi, teňňäniň aýlanşyga göýberilmegi jemgyýetyň mundan beýläk ösmegine ýardam edipdir. Ol bir tarapdan berkidilen uly şäherleriň döremegine getiripdir, ikinji tarapdan jemgyýetde aýratyn adamlaryň elinde baýlygyň toplanmagyna we deňsizligiň mundan beýläk güýçlenmegine getiripdir.

Hindistanyň uly Udjain we Kauşambi oturymly ýerlerinde geçirilen gazuw-barlag işleri, möçberi boýunça 1,5-2,5 kw. kilometri tutupdyr. Olar şol döwre degişli Gadymy Grek şäherleri bilen bir meňzeş ölçegde bolupdyrlar. B. e. öň IV asyryň ahyrlarynda grek Megasfen ilçi hökmünde Çandragupty Mauriniň köşgüne gelende, Hindi paýtagtynyň tutýän giňligine geň galypdyr Ol şäher galasynyň uzynlygyny 30 km hasap edipdir hem-de ýüzlerçe agaçdan diňleriň we onlarça şäher derwezesiniň bardygyny hasaba alypdyr.

Şäherleriň sosial düzümi we olaryň dolandyrys ulgamy baradaky maglumatlar budda rowaýatlarynda saklanyp gelipdir. Olarda täjirleriň birleşigi we senetçii ussalaryň guramalary barada ýatlanylýar. Senetçiler bilen täjirleri birleşdirýän zat diňe bir ykdysady gatnaşyklar bolman, eýsem olaryň däp-

dessurlary, baýramçylyk adatlary hem birleşdiripdir. Olar şäheriň içinde goňşyçylyk jemagatyny döredip, giden bir syrgyny (kwartaly) emele getripdirler. Hünär nesilden nesle geçirilipdir, nika gatnaşyklary hem öz sosial düzüminiň çäginde baglaşylypdyr. Şeýlelik bilen birleşige girýän her bir adam garyndaşlyk gatnaşygynda ýa-da hünär gatnaşygynda bolup uly bir “maşgalany”, topary emele getiripdir. Şeýle birleşigiň ýolbaşçysy şaher dolandyryş edarasynyň wekili bolmak bilen, has täsirli adam bolupdyr we uly abraýdan peýdalanypdyr.

Budda edebiýatlarynda oba ýerleriniň ýagdaýlary, maşgala gatnaşylary barada maglumatlar berilýär. Beýanlarda öý eýesi, obanyň hojaýyny (brahmanlar) barada gürrüň edilýär. Hojalyk her bir maşgalanyň güýji bilen alnyp barylypdyr, olara öý, mallar we beýleki hojalyk esbaplary degişli bolupdyr. Hojalygyň ähli zatlaryna öýiň eýesi, ýagny erkek adamlaryň ýaşulysy hojaýynlyk edipdir, öýlenen ýigit maşgala bolandan soň hem ene-atasynyň ygtyýarynda bolupdyr. Atalary ölenden soň, hemme wagt onuň emlägi tereke edilmändir-bölünmändir, ýagny atasynyň ýerini uly ogly eýeläpdir. Eger-de doganlary atasynyň emlägini bölüşmek isleseler, onda oglanlaryň ulysy emläkden ýene-de bir paý talap etmäge haky bolupdyr. Galyberse-de hindilerde atanyň emlägine diňe onuň ogullary we agtyk ogullary eýelik edip bilipdirler, gyzlary bolsa diňe toý üçin berilýän sowgada eýelik edip bilipdirler. Oglanlaryň enelerine bolan hormaty, sylagy ýokary bolupdyr, emma eneleri hem adamsy ölenden soň, onuň emlägine eýelik etmäge hukugy bolmandyr, öýe diňe erkek adam eýelik edip bilipdir. Aýal adam diňe atasynyň öýünden getiren zatlaryna eýelik edip bilipdir.

Hindi maşgalasynda öten geçenlere hormat goýmak hem uly bolupdyr. Erkek adamlaryň garyndaşlyk gatnaşygy olary birleşdiripdir. Nesilden nesle geçirilip gelinýän maşgala däp-dessurlary berk tertipde saklanyp gelnipdir. Iň zerur meseleler

ganybir garyndaşlaryň ýygnagynda çözülip, ahyrky söz maşgalalara we has abraýly adamlara degişli boupdyr.

Hususy eýeçiligiň ösmegi adamlaryň diňe bir emläk baýlygynyň artmagyna getirmän, eýsem kesekiniň zähmetini ulanmaga, adamlary öz bähbitleri üçin işledip ezmeklige alyp barypdyr. Adamlar üçin hakyky elhençlikleriň biri hem bergidarçylyk bolup, erkin adamlaryň elgarama bolmagyna, olaryň maşgala agzalaryny ýa-da bütin masgalanyň özüni satmaga mejbur bolupdyrlar. Olary diňe jemagatyň (obşina) özara kömek adatlary gorapdyr, onuň hemme ýerlerik ýaýramagyna päsgel beripdir.

Budda hekaýalarynda daýhan maşgalalaryna degişli bolan gullar barada hem köp gezek ýatlanyp geçilmegi, gulçulygyň giň gerim alandygyndan habar berýär. Emma b. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda Demirgazyk Hindistanda esasan öý hojalyklarynda ulanylýan gullar bolupdyr.

Demirgazyk Hindistan döwletleriniň hökümdarlary emele gelen döwlet dolandyryş ulgamynyň emeldarlaryna daýanypdyrlar. Hatda nesilden nesle geçip gelýän begzada emeldarlar hem nesilşalyga ýakyn adamlara ýerlerini bermäge egilşik etmeli bolupdyrlar. Häkimlige kähalatlarda oba ýaşulylary ýa-da "halkdan gelip çykanlar" (waýşew) gelipdirler. Olar öz neberelerine edýän täsiri, abraýy bilen öz gelip çykýan şejerelerini ýoýmaga çenli baryp ýetipdirler, ýagny özlerini gadymy kşatriý patyşalaryndan ýa-da gahrymanlaryndan gelip çykan diýip, subut etmäge çalyşypdyrlar. Edil şonuň ýaly, adamlaryň baýlygy we döwletde tutýan ornunyň ähmiýeti hem ýokary gatlakdan, kastadan gelip çykmakdan pes bolmandyr.

Hökümdarlaryň iň esasy daýanjy hem goşun bolupdyr. Bu döwürde olary ýaraglandyrmaklyk hem başgaça bolupdyr. Ýeňil arablardan düzülen goşun çalyşylypdyr, söweslerde atly goşun has giňden ulanylypdyr, esasan hem pillerden düzülen goşuna üns berilipdir. Goşunyň esasyny patyşanyň ýanynda

döredilen hemişelik bölümler düzüpdir we hemişelik goşuny emele getiripdir. Wagtlaýyn halk ýygymy diňe şäher senetçilik toparlarynyň esasynda döredilipdir, öňden gelýän “halk-goşuny” indi ulanmakdan galypdyr. B. e.öň I müňýyllygyň ortalarynda oba ilaty ýaragsyz bolup, dine döwlet dolandyryş ulgamyny we hakynatutulýan hemişelik goşuny saklamak üçin salgyt tölemäge borçly edilipdir.

**Gadymy Hindi döwletleriniň dolandyryş ulgamy. Umumy Hindi döwletiniň döremegi.** B. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda döwletleriň köpüsi ägirt uly ýerleri eýeläpdirler. Olaryň köpüsinde patyşa nesilşalyklary dolandyrypdyrlar, emma oligarhiýa döwletleri hem bolupdyr, ýagny häkimiýet az sanly baý beglerden ybarat adamlara degişli bolup, olar öz aralarynda döwlet ýolbaşçysyny saýlapdyrlar. Bu agalyk edýän gatlagyň her biri, patyşa derejesi bolan “radja” adyny göteripdir. Bütin döwlet bolsa birnäçe begliklerden ybarat bolan federasiýany emele getiripdir.

Hindistanda oligarhiýa döwletleri ýurdyň çet-gyralarynda emele gelipdir, olar demirgazyk-günbatar çeytinde-Penjapda we demirgazyk-gündogar çetinde, Gimalaý daglaryna ýakyn etraplarda ýerlesipdirler. Iri döwletler 20-ä golaý hasaplanypdyr, emma käbir etraplarda heniz dagynyklyk saklanypdyr. B. e. öň VI asyryň ahyrlarynda Hind derýasynyň jýlgesinde ýaşaýan köp sanly taýpalar we uly bolmadyk döwletler pars patyşasy Dariý I tabyn edilipdir we bu ýerlerde iki sany Gandhar we Hindi satraplyklary döredilipdir. Bu ýagdaý hindilere Ýakyn gündogar ýurtlary we grek dünýäsi bilen gatnaşyk açmaga mümkinçilik beripdir. Emma has kuwwatly döwletler Ahemenileriň gündogar serhetlerine ýakyn sebitlerde ýerleşipdirler. Şeýle döwletler Ganga derýasynyň orta akymlarynda we aşaky akymlarynda ýerleşýän Magadha we Koşala, şeýle-de Ganga bilen Ýamany derýalarynyň arasynda ýerlesýän Watsa paýtagty Kaşambi bilen, Ýamany derýasynyň ýokarky akymynda ýerleşýän paýtagty Udjaina

bolan Awanti döwletleridir. B. e. öň V asyryň syýasy taryhynyň esasyny hem, şu dört döwletiň arasynda agalyk ugrundagy özara göreşler düzüpdir.

Köp ýyllaryň dowamynda iň güýçli döwletler bolan Koşala bilen Magadhanyň arasynda agalyk ugrunda göreş bolup, ol Magadhanyň ýeňmegi bilen tamamlanýar. B. e. öň IV asyryň ortalaryna çenli Magadhanyň Nandlar nesilşalygynyň häkimligi bütin Ganga derýasynyň jülgesine we Hindistanyň demirgazyk bölegine ýaýraýar. Şeýlelik bilen Hindistanda iň güýçli döwlet emele gelýär.

B. e. öň IV asyryň ahyrlarynda Ahemeniler patyşalygyny ýykan Aleksandr Makedonskiniň goşuny Penjabyň ýerlerine kürsäp girýär. Birnäçe taýpalar we döwletler Aleksandra meýletin tabyn bolýarlar, ýa-da güýç bilen basylyp alynýar. Antiki çeşmeleriň berýän maglumatlaryna göra, beg emeldarlardan bolan Sandrokott diýen hindi, Aleksandryň ýanyna gelip gündogara ýörişi dowam etdirmekligi ynandyrmaga çalyşypdyr. Ol Aleksandra Nandlaryň nesilşalygynyň patyşasyny tagtdan agdarmagy maslahat beripdir. Emma mundan beýläk basybalyşlary dowam etdirmeklik Aleksandra başartmandyr. Onuň gosunynda ýörişi dowam etdirmeklige serkerdelerem, esgerlerem garşy çykypdyrlar. Galyberse-de, Aleksandryň goşunlarynyň ýurdyň içine aralaşdyklaryça, olar ýerli halkyň  güýçli garşylygyna duçar bolupdyrlar. Netijede grek-makedon goşunlary Beas derýasyndan yzyna dolanmaga mejbur bolýar. Şondan soň Sandrokott grek-makedonlara garşy turan hereketiň başynda durup, Aleksandr tarapyndan galdyrylan goşuny ýurtdan kowup çykarýar. Ol şeýle-de bu ýagdaýdan peýdalanyp, Magadhynyň patyşasynyň garşysyna üstünlikli göreş alyp barýar. Hakykatdan hem grek taryhçylary tarapyndan ady tutulýan Sandrokott hindi edebiýatyndaky Çandraguptynyň ady bilen doly gabat gelýär. Ol Nand nesilşalygyny ýeňip, gadymy hindi

döwletleriniň içinde iň esaslarynyň biri bolan Maurileriň (b. e. öň 317-180-nji ýyllar) nesilşalygyny esaslandyrýar.

Çandraguptynyň döwletine demirgazyk Hindistanyň Penjap welaýatyndan başlap Bengaliýa çenli ýerler birleşdirilýär. Onuň oruntutarlarynyň dolandyran ýyllarynda bolsa, Maurileriň häkimligi Dekan ýerlerine çenli ýaýrapdyr. Maurileriň döwletiniň gülläp ösen döwri b. e. öň III asyryň ortalarynda, Çandraguptynyň agtygy Aşokiniň dolandyran ýyllarynda bolupdyr. Bu döwrüň esasy çeşmeleri Aşokiniň daşa oýduryp ýazdyran, jemgyýetde özüňi alyp barmak baradaky köp sanly wesiýetlerinden we nesihatnamalardan ybarat durýar. Aşokiniň ýazgylary hökümdaryň özüni nähili alyp barmalydygy, hökümdara tabyn her bir adamynyň öz hökümdaryna meňzejek bolmalydygy ýaly beýanlardan durýar.

Aşokiniň ýazgylarynyň tapylan ýeri, onuň döwletiniň çäklerini kesgitlemäge mumkinçilik berýär. Döwletiň çäkleri Hind derýasynyň gözbasyndan tä Ganga derýasynyň ýokarky akymlaryna çenli we Kabul şäherinden Dekanyň günorta çäklerine çenli ýetipdir. Ýazgylar ýerli dilde we şiwe dillerde düzülmegi



Dört kelleli ýolbars heýkeli. sançi

Hindistanyň halklarynyň köp dürlüligini (eýran dilli we demirgazyk günbatardaky grek koloniýalaryny hem goşmak bilen) anyklamaga mümkinçilik berýär. Maurileriň döwletine goşulan ýurtlar birnäçe uly welaýatlary emele getiripdirler. Olaryň esasylary öňki garaşsyz döwletleriň çäklerinde emele gelipdir. Mysal üçin, demirgazyk günbatar sebitde merkezi Taksil şäheri, Gunbatarda merkezi Udjain şäheri, Gündogar

sebitde Aşoka tarapyndan gazaply uruşlaryň netijesinde basylyp alnan Kalinga ýaly sebitlerden ybarat durupdyr.

Basybalyşlar öňki syýasy gurluşy-da, döwlet dolandyryş ulgamy-da üýtgetmändir. Diňe üç-bäş ýyldan bir gezek Magadhiniň patyşasy ýa-da welaýatlaryň başynda duran şazadalar ýörite emeldarlary iberip, ýerlerde bolýan ýagdaýlara gözegçilik edipdirler. Emma döwletiň merkezi dolandyryş ulgamy nalaçedeýin, dagynyk ýagdaýda bolup güýçli merkezleşdirilen döwlet derejesine ýetip bilmändir. Döwletiň käbir welaýatlarynda ýerli häkimler we oligarhiýa birleşikleri tarapyndan dolandyrmaklyk dowam edipdir. Döwletiň ägirt uly welaýatlarynyň ilaty taýpa gatnaşyklarynda ýaşapdyrlar. Döwlet wekilleri taýpa serdarlary bilen ýakyndan gatnaşyk edip, olary döwlet işlerine hem çekipdirler. Ýurduň syýasy taýdan birleşmegi dürli welaýatlaryň maddy we medeni taýdan ýakynlaşmagyna getiripdir. Bütewilik ýurdyň ykdysady taýdan, esasan hem Merkezi we Günorta Hindistanyň ösmegini tizleşdiripdir.

Nandlaryň we Maurilerň içerki syýasaty barada, olar barada saklanyp galan rowaýatlardan netije çykarsa bolaýar. Olarda Nandlar barada hiç hili oňat pikir ýöredilmeýär, olaryň asly gelip çykyşlary asylzada uruglardan hem hasapedilmän, olaryň juda gysyk hem zabunlygy barada gürrüň berilýär. Maurleriň nesilşalygynyň hökümdarlary barada hem şolar ýaly garaýyşlar giçki beýanlarda hem berilýär. Mysal üçin, Maurileriň döwletinde patyşanyň häkimligi paryndaşlaryndan, has atly-abraýly adamlardan düzülen we döwletiň dolandyryş ulgamynyň ýokary wezipelerinde oturan adamlardan ybarat geňeş topary tarapyndan çäklendirilipdir. Maurilerden bolan iri ýerli patyşalar tanymal aristokaratik maşgalalaryna berilýän ýeňillikleri çaklendiripdirler, kähalatlarda bolsa olary hiç hili şöhraty, tanymallygy bolmadyk ownuk uruglaryň adamlary bilen çalyşypdyrlar. Olar esasy maksady ýurtdaky närazylyklary rehimsiz basyp ýatryp, öz ellerinde döwletiň

malyýa dolanşygyny saklamaga we döwletiň girdejisini artdyrmaga çalyşypdyrlar.

Nandlaryň we Maurileriň şeýle-de beýleki gadymy hindi döwletleriniň alyp baran içerki syýasatynyň aýratylyklarynyň bir-de beýleki dinlere, esasan hem buddizma gol ýapmaklary bolupdyr. Patyşa Aşoka özüniň galdyran ýazgylarynda diňe bir ruhany-brahmanlara sejde etmän, eýsem täze taglymaty wagyz edýänlere hem sejde etmäge halky çagyrypdyr. Patyşanyň nesihat ýazgylarynyň özi buddizmiň täsiri bilen ýazylypdyr. Özüni halkyň atasy diýip yglan edip, ol ähli dini jemgyýetlere hemaýat etjekdigini hem aýdypdyr. Aşoka budda dinini kabul edip, ony Hindistana we beýleki ýurtlara ýaýratmagyň aladasyny edipdir. Onuň ýazgylarynyň esasy mazmuny buddanyň taglymatlaryny ýerine ýetirmeklik bolupdyr. Olar: häkimiýete gürrüňsiz boýun bolmak, adama edep bilen hormat goýmagy başarmak, her bir adamynyň arassa pikirlenmeginiň zerurlygy, günä işlerden daşda durmaklyk we ş.m. ybarat durupdyr. Umumy hindi döwletiniň dolandyryjysy, dünýäni hakykatyň üsti bilen eýelemegi yglan edip, ol Buddanyň taglymatynyň hakykydygyny, Magadhiniň patyşasynyň bolsa howandarlyk edijiligini wagyz etmek üçin, dünýäniň köp ýurtlaryna ýörite adamlary iberipdir. Aşokiniň wesiýetlerinde günbatarda oňa belli bolan iň uzakdaky grek döwletleriniň, ýagny Siriýanyň, Müsüriň, Makedoniýanyň, Korinfyň we Kirenyň hökümdarlaryna habar ýetirer ýaly adamlary iberenligi barada ýazgy galdyrypdyr.

Aşokiniň döwründe Mauriler döwletiniň ideologiki esaslary buddizm dininiň taglymatlary bolupdyr. Muňa garamazdan Aşokiniň güýç-gaýrat bilen bütewi we kuwwatly döwleti döretjek bolup, eden synanyşyklary başa barmandyr. Aşoka ölenden soň Maurileriň döwleti kem-kemden gowşapdyr we dargap başlapdyr.

## §33 „Nusgawy eýýam“. B. e. öň II- b. e. V asyrlarynda Günorta Aziýanyň jemgyýetçilik gurluşy

**Syýasy taryhy.** B. e. öň II asyryň başlarynda Maurileriň iň soňky wekili öz serkerdesi tarapyndan öldürilýär. Şol döwürden başlap köp asyrlaryň dowamynda Hindi döwletinde syýasy taýdan dagynyk bolup, döwlet dargap başlaýar B. e. öň I asyrda bolsa Magadhiniň hökümdarlarynyň öz ýurdundan daşarky ýerlere häkimligi ýaýramandyr.

B. e. öň 187-nji ýylda Maurileriň nesilşalygynyň iň soňky wekili tagtdan agdarylyp, ol harby serkerdeleriň biri tarapyndan öldürilýär we täze Şunga nesilşalygy esaslandyrylýar. Maurileriň döwletiniň ýykylmagyna diňe bir içki gapmagarşylyklar sebäp bolman, eýsem belli bir derejede daşardan salnan howp hem sebäp bolupdyr. B. e. öň II asyryň başyna çenli grek-baktriýalylaryň Hindistana geçiren basybalyjylykly ýörişeri netijesinde Gandhar (Penjab) basylyp alynýar. Grek-baktriýalylaryň yzy bilen b. e. öň I asyrda Hindistana gündogar eýran taýpalary bolan saklar (Hindiler olara şaklar diýipdirler) çozup giripdirler. Bu taýpalara Hindistanyň bütin Demirgazyk Günbatar yerlerini eýelemek başardypdyr. Netijede demirgazyk-günbatarda birnäçe ownuk hindi-sak döwletleri emele gelýär. Sak hökümdarlary uly bolmadyk patyşalyklara eýelik edip, özlerini “beýik” ýa-da “patysalaryň patyşasy” diýip atlandyrypdyrlar.

Täze eýýamyň çatrygynda Hindistanyň Denirgazyk-Günbatar welaýatlary parfiýalylar tarapyndan basylyp alynýar. Hindi-pars patyşalarynyň içinde has abraýly hökümdarlarynyň biri hem Taksil hökümdary Gondofa bolupdyr. Giçkiräk ýüze çykan rowaýatlarda, apostol Foma tarapyndan geçirilen işleriň netijesinde Taksil hristiançylygy kabul edipdir. Şonuň üçin, Hindistanda Fomanyň yzyny eýerijileriň hemmesi ony mukaddes hasaplapdyrlar we oňa uly hormat goýupdyrlar.

Fomanyň hristiançylygy ýaýratmagy barada döredilen rowaýatlarda Hindistanyň Rim imperiýasy bilen ýakyndan alnyp barylan gatnaşyklary beýan edilýär.

Täze eýýamyň ilkinji asyrlarynda Merkezi Aziýada syýasy ähmiýetli döwletiň biri-de Kuşan döwleti bolupdyr. Kuşanlylar Hindistanyň diňe demirgazyk-günbatar böleginde ymykly ornaşypdyrlar, emma kähalatlarda olar öz agalygyny Ganga derýasynyň jülgeleriniň ep-esli bölegine, hatda Pataliputra çenli ýetiripdir.

Kuşanlylaryň dolandyran döwründe Hindistanyň ýerli ilaty köp ýurtlar bilen medeni we ykdysady gatnaşykda bolandyklary barada, arheologlar tarapyndan tapylan köp möçberdäki teňňeler subut edýärler. Bu uly döwletiň ýaşamagy Hindistanyň gündogar Eýran we ellinistik-rim dünýäsi bilen, şeýle-de Hytaýyň Han döwleti bilen özara medeni gatnaşyklaryň ösmegine ýardam edipdir. Kuşan hökümdarlarynyň Günbatar Hindistandaky häkimligi belli bir derejede şertli (nominal) bolupdyr. Bu sebitde ýaşaýan sak taýpalarynyň hökümdarlarynyň - kşatraplarynyň hem özlerini patyşalar diýip atlandyrýan wagtlary seýrek bolmandyr. B. e. başlarynda saklaryň medeniýeti ýerli halklar bilen garyşyp-goşulyşyp gidipdir, olaryň zikgelän teňňeleri hem beýleki dillerde ýazylman diňe hindi dilinde ýazylypdyr. Maurilerden soňky döwürde Hindi-Ganga düzliklerinden günortada birnäçe garaşsyz döwletler emele gelýär. Bu döwletleriň käbirleri özleriniň sosial we syýasy ösüşinde Demirgazykdaky döwletlerden pes bolmandyrlar.

Günorta Hindistanyň gadymy döwri barada arheologiýa tapyndylary ýeterlikli maglumatlary berýär. Tapyndylar b. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda bu ýerlerde demriň giňden ýaýradygyny subut edýärler. Bu welaýatlar has ir wagtdan başlap, deňiz üsti bilen ellinistik-rim dünýäsi bilen söwda gatnaşyklary alyp barypdyr. Heniz Aşokiniň daş ýazgylarynda onuň döwletiniň düzümine girmedik günorta Hindistanyň üç

sany welaýtynyň atlary getirilýär. Şol welaýatlaryň hökümdarlarynyň arasynda yzy üzülmeýän uruşlar barada tamil taýpalaryň nusgawy poeziýasynda hem gürrüň berilýär. Şol maglumtlarda tamillaryň birnäçe gezek Lanka ýurdyna çozup girendikleri barada ýatlanylýar. Seýlonyň taryhy ýazgylarynda bu adanyň demirgazyk bölegini eýelän basybalyjylaryň ýurtdan kowlup çykarylyşy barada maglumatlar saklanypdyr. Emma, Gadymy Hindistanyň günorta sebitiniň syýasy taryhy barada ýeterlikli ýazuw ýadygärlikleri saklanmandyr. Şonuň üçin, Merkezi Aziýanyň beýleki döwletleriniň syýasy taryhynyň beýan edilişi ýaly, Hindistanyň günorta sebitiniň syýasy taryhy doly beýan edilmedikdir.

IV – V asyrlarda Guptalaryň nesilşalygynyň golastynda bolan Magadha täze ýokary göterilişi başdan geçirýär (bu nesilşalygyň hökümdarlarynyň hemmesiniň atlarynyň yzy gupta ady bilen tamamlanypdyr, bütin urugyň ady bolmaga çemeli).Guptalaryň ilkinji hökümdarlarynyň biri IV asyryň başynda Demirgazyk Hindistanyň iň bir güýçli döwleti bilen ýaran bolmaklyk barada ylalaşyk baglaşýar. Bu uly döwleti esaslandyryjy Samudragupta IV asyryň ortalaryna çenli döwleti dolandyrypdyr. Onuň harby edermenligi barada oýulyp daşa ýazlypdyr. Ýazgylarda Samudraguptanyň Demirgazyk Hindistanda dokuz sany hökümdaryň, Dekan ýurdunda bolsa on bäş sany häkimligi ýok edendigi barada gürrüň berilýär. Bu patyşanyň Hindistanyň günorta ýerlerine eden ýörişinde tamillaryň şäheri bolan Kança çenli ýetendigi, demirgazyk sebitlerde bolsa onuň häkimligini Nepal we Assama hökümdarlarynyň ykrar edendikleri baradaky maglumatlar saklanypdyr. Emma ýazgylarda ýokardaky ýerleriň atlary berilen hem bolsa Kuşanlaram, Lanka we Dekan ýurtlaram(günortada gadymy hindi “Dakşina”) bu döwletiň düzümine goşulmandyklaryny soňraky taryhy maglumatlar subut edýär. Ýazgylar belli bir derejede ösdürilip görkezilen hem bolsa, Maurilerden soň Demirgazyk Hindistan ýerleri

ilkinji gezek bir döwlete birleşdirilýär, onuň esasy merkezi bolsa ýene-de Magadha bolýar.

Guptalaryň gülläp ösen döwri Çandragupta II (380-415 ýý.) dolandyran döwrine degişlidir. Emma bu patyşa ölenden soň dargamaklyga bolan ymtylyş güýçlenipdir. Içki özara uruşlaryň netijesinde pese düşen döwlet, daşky hüjümiň öňünde durup bilmändir. V asyryň ahyrlarynda VI asyryň başlarynda Merkezi Aziýadan gun-eftaly taýpalarynyň çozup girmekleri bilen ýurt talanyp, tozdurylýar. Netijede, Demirgazyk Hindistanyň ýerinde ýene-de birnäçe owunjak döwletler emele gelýär, olaryň başynda bolsa ýerli hökümdarlar durupdyrlar we dolandyrypdyrlar.

Gadymy Hindi döwletleriniň syýasy taryhy diňe säw bilen saklanyp galan ýazuw çeşmeleriniň esasynda, esasan hem köp bolmadyk patyşa ýazgylarynyň esasynda beýan edilipdir. Galyberse-de bu ýerlerde syýasy ýagdaýlar hem endigan saklanmandyr. Şonuň üçin amatly ýagdaýlar ýüze çykanda ol ýa-da beýleki patyşa özüne goldaw berjek ýaran tapanda ýa-da güýç toplan ýagdaýynda häkimligi ele alyp bilipdir, emma bu berk bolmadyk hökümdarlar hem häkimlige gelşi ýaly, başga bir syýasy güýçlere häkimligini bermeli bolupdyrlar. Emma syýasy ýagdaýlaryň üýtgemegine garamazdan, öňki uly döwletleri esaslandyran hökümdarlaryň nesilleri uly bolmadyk, öňden gelýän mülklerinde öz häkimliklerini saklap bilipdirler.

**Sosial-ykdysady gatnaşyklar.** B.e.öň I müňýyllygyň ahyrlary we täze eýýamyň ilkinji asyrlary, Gadymy Hindi ykdysadsyýetiniň gülläp ösen döwri bolupdyr. Hindiler ýokary hilli çoýun eretmegiň hötdesinden gelip bilipdirler. Olaryň alan metaly diňe bir goňşy ýurtlarda däl, eýsem Ortaýer deňziniň kenaryndaky ýurtlarda hem tanalypdyr. Metalyň ýokary hilli eredilişi barada patyşa Çandrynyň (Çandragupty II bolmaly) ýüzüne hat ýazdyran demri 1500 ýylyň dowamynda poslamanlygy hem onyñ subutnamasy bolup durýar. Galalar indi agaçdan gurulman kerpiçden ýa-da daşdan gurlupdyr, olar

gala ýykýan ýörite maşynlary döredipdirler. Maurilerden soňky döwürlerde dag gowaklarynda budda ybadathanalary we beýleki ymaratlar, şeýle-de b. e. ilkinji asyrlarynda döredilen köp sanly heýkel ýadygärlikleri ilatyň dini ynançlary barada maglumat berýärler. Şonuň ýaly bu ýadygärlikler senetçi ussalaryň, daş kesijileriň we daş ýonujylaryň çeperçilik sungatynyň, olaryň iş usullarynyň ýokary derejede bolandygyny görkezýär.

Sungat eserleri hökmünde Hindistanda ellin görnüşinde altyndan, kümüşden we misden ýasalan köp sanly teňňeleriň ýüzüne hökümdarlaryň şekilleri we dürli dillerde ýazylan ýazgylar, bu ýerlerde pul aýlanyşygynyň ýokary derejede bolandygyna güwä geçýärler. Güýçli derejede alnyp barylýan söwda ýollary ýurduň iň uly şäherleri bolan Taksili, Mathury, Udjainy, Waranasiny ykdysady taýdan özara baglaşdyrypdyr. Welaýatlaryň käbirleri mysal üçin, Waranas we Mathur şäherleri nah mata öndürmekde şöhratlanypdyrlar, demirgazyk-günbatar etraplary ýüň matalary öndürmekde, wino ýasamakda we bedew atlary ýetişdirmekde, Udjain şäheri gymmat bahaly daşlardan we pil süňkinden öndürilýän önümleri öndürmekde aýratyn tapawutlanypdyrlar. Kuşan döwletiniň döremegi bolsa, Hindistanyň Merkezi Aziýa bilen gatnaşyklarynyň janlanmagyna we ösmegine ýol açypdyr. Kuşan döwletiniň üstünden geçýän Beýik ýüpek ýoly Hytaýy Rim imperiýasynyň düzümine girýän Ortaýer deňziniň ýurtlary bilen baglaşdyrypdyr. Hindiler hem bu uly halkara söwda gatnaşyklaryndan çetde durmandyrlar.

B. e. öň II we I asyrlarda Günbatar we Günorta Hindistana ellinistik Müsür söwdagärleri gelipdirler. Bu ýurtlaryň arasynda deňiz söwda gatnaşyklary giňäpdir. Hindistanyň iň günorta çetlerinde rim söwda gämileri hem aralaşypdyr. Piliniý Starşynyň habar bermegine görä Hindistandan, Hytaýdan we Arabystandan getirilýän harytlar, Rim imperiýasy üçin 100 million sesterse-teňňe durýar diýip belläpdir. Bu maglumatlar

Hindistanyň Rim bilen söwda gatnaşyklarynyň ýokary bolandygyny görkezýär. Bu gatnasyklar Hindistanyň öz gämi gurluşyk ulgamynyň ösmegine hem ýardam edipdir.

Hindistanyň durmuş ýagdaýy barada, diňe saklanyp galan edebi ýadygärlikleriň esasynda umumy netije çykaryp bolar.

Gadymy hindi obalarynyň durmuş-sosial esaslaryny goňşuçylyk jemagaty (obşinasy) düzüpdir. Olaryň ol ýa-da beýleki welaýatlarynda öz aýratynlyklary bar bolaýmasa, diňe gadymy dünýäniň ahyrlarynda Demirgazyk Hindistanyň ösen etraplarynda ýüze çykan oba jemagat guramalarynyň esasynda taryhy çeşmeleri görkezip bolar. Ekerançylyk ýerleri her bir maşgala bölnüp berilip, şol hojalygyň güýji bilen hem hojalyk ýöredilipdir. Paýlaşyga girmeýän ýerlere diňe boş ekerançylyk üçin amatly bolmadyk ýerler şeýle-de sähra ýerleri giripdir. Maşgala başy öz ýerini satyp bilipdir, ýöne ýeri diňe garyndaşlarynyň ýa-da ýerini satýan adamynyň goňşysynyň satyn almaga hukugy bolupdir. Ahli husysy eýeçilikdäki ýerler jemagat ýerlerine goşulypdyr. Ýeri ýa-da öýi satyn alan hojaýyn hem jemagat guramasynyň agzasy bolupdyr. Jemagat guramasy öz agzalaryna jemagat adamlarynyň kömegini berip bilipdir, ýöne jemagat guramasy hem öz agzalaryndan köpçülik üçin ýol, kanal gurmaly bolsa, oba ybadathanasyny saklamak üçin, geçirilýän däp-dessurlar üçin her bir agzanyň goldaw bermegini talap edipdir. Oba jemagatynyň doly hukukly agzalary geçirilýän ähli çärelere gatnaşypdyrlar. Obanyň ýaşaýjylarynyň, esasan hem garyndaşlaryň ýa-da goňşylaryň arasynda ýüze çykan jedelleri taýpa kada-kanunlary esasynda çözüpdirler. Oba ýörite bellenilýän ýaşuly ýolbaşçylyk edipdir, ol döwlet häkimiýetiniň öňünde oba jemagatynyň adyndan wekilçilik edipdir.

Hindi obasynda durmuş derejesi boýunça-da, emläk baýlygy boýunça-da, oba degişli meseleleri çözmekde hem deňlik bolmandyr. Oba jemagatynda ekerançylardan ybarat doly hukukly toparyň azda-kände ähmiýeti bolupdyr. Emma

olar hem mydama oba hojalygy bilen meşgul bolmandyrlar. Oba hojalygynda esasan kärendeçiligiň dürli görnüşi ýaýrapdyr, ýagny batrakçylyk edýän adamlaryň, bergidarlaryň we beýleki elgarama adamlaryň zahmeti giňden peýdalanylypdyr. Obanyň iň aşaky gatlagyny ýersiz adamlar düzüpdir. Jemgyýetiň esasy köpçüligini hyzmat edýän toparlar: kir ýuwyjylar, hasyl ýygnaýjylar şeýle-de oba senetçileri- agaç ussalary, küýzegärler we ş. m. düzüpdirler. Bu hünärmen adamlaryň kärleri nesilden nesle geçirlip hiç wagt üýtgemändir, hat-da olaryň düzümi hem şol bir durmuşy gatlakdan üýtgemän saklanypdyr. Onuñ esasy sebäbi adamlaryň nika gatnaşyklary bilen bagly bolupdyr, ýagny olar haýsy kasta degişli bolsa, şol kasta bilen nikalaşmaklyga ygtyýar berlipdir. Hindilerde kasta agazalary biri-biri bilen garyndaşlyk gatnaşygynda bolupdyrlar. Kasta agzalaryny ykdysady bähbitler, şeýle-de olaryň dini däp-dessurlary, adatlary özara baglanyşdyrypdyr.

Oba ilatynyň özara gatnaşyklary hem kasta basgançaklary esasynda gurnalypdyr. Mysal üçin, oba senetçileri diňe ekerançy kastalar bilen iş salyşyp bilipdirler, ýöne olar ýygylan hasyldan öz paýyny alypdylar. Zähmetiň obalarda şeýle gurnalmagy, olaryň iki taraplaýyn hukuklary we borçlary hindi obalarynyň diňe bir özboluşly berkligini döretmän, eýsem ýokarky kastanyň agalygyny hem doly döredipdir. Ykdysady gatnaşykda her bir oba jemagaty öz-özüni önüm, haryt bilen üpjün edipdir, şonuň üçin olar daşary ýurtlar bilen giň gatnaşyklara mätäç hem bolmandyrlar. Oba bilen gatnaşyk diňe dolandyryş ulgamynyň üsti bilen alnyp barlypdyr. Emma obalaryň arasynda kasta gatnaşyklary saklanypdyr, her kasta welaýat derejesinde öz kastasy bilen berk gatnaşykda bolupdyr.

Gadymy Hindistanda jemgyýetiň dört kasta bölünmeginiň özi olaryň jemgyýertçilik gatnaşyklaryny çözüpdir. Ekerançylaryň ýokary kastasy, hemişe bolşy ýaly özlerini brahmanlara ýa-da kşatriýa degişli hasap edipdirler. Şäherleriň söwda-süýthorçylyk kastalary bolsa özlerini Waýşýamlar diýip

hasaplapdyrlar. Zähmetkeş ilatyň esasy bölegini senetçiler we daýhanlar düzüpdirler, bu toparlar gadymy dünýäniň ahyrlarynda özlerini kastalaryň şudr topary hasap edipdirler. Şudrlardan aşakda ýanaşylmaýanlar diýilip atlandyrylýan kasta bolup, olar iň agyr hem hapa işlerde işläpdirler. Bu toparyň adamlary ýokarky kastalaryň ýanynda görünmekleri ýa-da durmaklary, ýokarky gatlagyň wekillerini masgaralamagy mümkin diýip, olar obalardan çetde ýa-da şaherleriň eteklerinde ýaşapdyrlar.

Dürli hünärmenleriň sosial ýagdaýlary, olaryň jemgyýetde tutýan orny hünärlerine görä, kasta derejesine görä kesgitlenipdir. Myşal üçin, altyn şaý sepleri ýasaýn, ýa-da ýarag ýasaýan hünärment ussalaryň hormaty, ýönekeý jaý salýan demirçi ýa-da tikinçi ussalar bilen deňeşdireniňde ýokary bolupdyr.

Hünärmentçiler bazar üçin işlemän, iş buýrýan adamlar üçin, sargyt üçin işläpdirler. Bu meselede baý söwdagärler köp haryt öndürmegi ussalara tabşyryp, olary daşary ýurtlara çykarypdyrlar we köp girdeji alyp baýlaşypdyrlar hem-de şäher senetçiliginiň, hünärmentçiliginiň ösmegine ýardam edipdirler. Şäher hünärmentçileri ilki bilen syýasy adamlary, köşk işgärlerini, tanymal adamlary, şaher emeldarlaryny üpjün etmek üçin işläpdirler, bu bolsa şäheriň oba bilen haryt aýlanyşygyny çäklendiripdir. Şonuň üçin Hindistanyň içerki söwdasyna garanda daşary ýurtlar bilen alnyp barylýan söwda has güýçli bolupdyr.

Hünärmen ussalar özleriniň kömekçileriniň we şägirtleriniň zähmetinden peýdalanypdyrlar. Emma gullar has agyr hem hapa işleri ýerine ýetripdirler. Has baý täjirler öz işlerini ýöretmek üçin adamlary, alyş-çalyş işleri ýerine ýetirýän söwdagär hünärmenleri hakyna tutup, olara hak ýa-da gazanjynyň bir bölegini tölemekligi wada beripdirler. Gullar öý hojalyklarynda hem ulanylypdyr. Hindilerde gullaryň gul-gyrnak bilen ýaşamaklary gadagan edilmändir, bu bolsa

gullaryň tebigy taýdan sanynyň köpelmegini üpjün edipdir we ýokarky gatlagyň esasy girdeji çeşmesine öwrülipdir. Ýokarky gatlagyň ikinji bir esasy çeşmeleriniň biri-de uruşlar bolup, olar harby ýesirleri we parahat halky gula öwürmek, çagalary satmak bolupdyr.

Gullar hojaýynlaryň hususy eýeçiligi hasaplanypdyr, olary nesilden-nesle geçirmek, satmak, sowgat bermek ýa-da oýun oýnap utdurmak bolupdyr. Guly gulçulykdan azat etmeklik, diňe hojaýynyň özüne bagly bolupdyr. Bu zatlara garamazdan Hindilerde gullaryň emläk edinmäge ygtyýary bolupdyr. Hindileriň “Arthaşastra” eserinde eger-de guluň garyndaşlary bar bolsa, gul eýesi guluň emlägini almaga haky ýokdyr diýilip ýazylypdyr.

Doly hukuksyz gullardan daşgary baknaçylygyň başga görnüşleri hem giňden ýaýrapdyr. Öz bergisini üzmek üçin belli bir wagtyň dowamynda işleýän bergidar hem gul hasaplanypdyr. Gullaryň bu görnüşi bakna döwründe beýleki gullar bilen bile işläpdirler, ýöne doga dünýä inen gullardan tapawutlylykda hojaýyn bu gullary satyp ýa-da agyr işlerde işletmäge mejbur edip bilmändir, sebäbi kasta kanunlary ony gadagan edipdir. Şular ýaly bergidar adamynyň maşgalasy erkin bolupdyr, onuň özi bolsa kasta degişliligini ýitirmän saklapdyr.

B. e. öň II-I asyrlarda Hindistanda hakynatutma zähmet giňden ýaýrapdyr. Hakynatutma işgärleriň köpüsi-günlikçiler we batraklar bolup, olaryň hem sosial-ykdysady ýagdaýy bakna bergidarlaryň we beyleki zähmet çekýänleriň ýagdaýyndan kän bir tapawut etmändir. Olaryň zähmetini ulanmak aýratyn hem iş möwsümleri dörwünde peýdaly bolupdyr. Bu hemişelik hakynatutma zähmet, özleriniň hojalygy bolmadyk iň aşaky kasta degişli bolup, olar üçin diňe bir ykdysady zerurlyk bolman, eýsem olaryň kastalyk borjy hem bolupdyr. Hakynatutma ylalaşyga görä, olar iň hapa işleri ýerine ýetirmeli bolupdyrlar, emma şeýle işlerde bakna,

bergidar adamlary işletmek bolmandyr, sebäbi olar gelip çykyşlary boýunça ýokarky kasta degişli bolupdyrlar.

Gadymy dünýäniň beýleki ýurtlarynda bolşy ýaly, halkyň bir bölegini salgyt töleýän ekerançylar tutýarlar. Hindilerde halkyň bu gatlagy ekinden alýan hasylynyň altydan bir bölegini salgyt tölemeli bolupdyrlar, emma olar mundan daşgary her dürli ýygymlary tölemeli bolupdyrlar. Emma ybadathanalara, brahmanlara, umuman dindar adamlara degişli ýerler salgytlardan boşadylypdyr.

Taryhy çeşmeleriň berýän maglumatlarynda "oba hojaýynlary" diýilip atlandyrylýan adamlar bolup, olara hem töleg ýygnamaklyga hukuk berilipdir. Bu hukuklaryň gelip çykyşy we durmuşa geçirilişi dürli-dürli bolupdyr. Maglumatlarda gadymdan gelýän begzadalaryň ol ýa beýleki ýerlerde agalygy barada aýdylýar. Belli bolşy ýaly synpy jemgyýetiň we döwletiň ýüze çykýan döwründe urug-taýpa serdarlary jemagata degişli baýlyklary öz ellerine almagy başarypdylar. Uly döwletlerde uly ýerlere eýeçilik etmeklik üçin hökümdaryň tassyknamasy hem gerek bolupdyr. Has atly-derejeli, öňden gelýän uly begzadalar maşgalalarynyň eýeçilige bolan hukuklaryny çäklendirmeklik hökümdarlar üçin hem zerur bolupdyr. Emma merkezi häkimiýet olaryň nesilden-nesle geçip gelýän eýeçiligini tassyklasa-da, kähalatlarda ýerli hökümdarlaryň öz welaýatynyň ilatyna täsirini gowşatmak maksady bilen, olary başga welaýatlara geçirmeli hem bolupdyr. Häkimleriň ýerlerini çalyşmak syýasatynda iň girdejili welaýatlara hökümdaryň neberelerine we onuň öz ýakyn adamlaryna berilipdir. Emma olara berilýän ýerler wagtlaýynça bolup, patyşa islendik wagty olary berilen ýerlerinden kesip bilipdir. Ýöne, bu syýasatyň ikinji tarapy hem bolupdyr. Döwlete hyzmaty üçin berilýän ýerleri patyşanyň emeldarlary, şol ýerleri öz mülklerine öwürmäge ymtylypdyrlar. Soňra bolsa, bu hökümdarlar häkimligini berkidip tä doly garaşsyzlygyny alýança göreşipdirler. Ýer

bermeklik syýasaty ahyr soňunda ýurtda häkimiýetiň syýasy taýdan gowşmagyna, soňra bolsa dargap ýykylmagyna getiripdir.

Gagymy dünýänyň ahyrlarynda iri ýer eýeçili has ösüpdir. Köp sanly obalar sowgat bermeklik bilen ýa-da satyn alynmagy bilen ybadathanalaryň we aýratyn brahmanlaryň eýeçiligine geçidir. Obalara has baý bolan söwdagärler hem eýeçilik edipdir. Oba baş bolup ýören emeldarlar hem häkimligi öz ellerinde jemläp, olar hem ownuk ýer eýelerine öwrülipdirler. Jemgyýetde bolup geçýän özgerişler, ilatyň sosial-ykdysady durmuşlarynyň üýtgemegi, ýurdyň feodal ýer eýeçiligine ýa-da irki orta asyr döwrüne geçýandigini görkezýär.

Maurilerden soňky döwri ykdysadyýetiň, şäher hünärmentçiliginiň, söwdanyň we medeniýetiň ösmegi bilen häsiýetlendirip bolar. Özbaşdak döwletler Dekanyň öňki yza galan welýatlarynda, şeýle-de Hindistanyň iň günorta çetlerinde ýüze çykýar. Hindistanyň Gadymy döwrüniň ahyrlaryna çenli emele gelen oba jemgyýetçilik-kasta gurluşy, Hindistanyň orta asyr döwrüniň sosial ösüşiniň esasy bolup hyzmat edipdir.

## §34. Gadymy Hindileriň dini ynançlary we medeniýeti

**Wedi dini.** Hindi halky dünýä medeniýetiniň hazynasyna uly goşant goşan halkdyr. “Rigwedynyň” müňlerçe senasy we soňraky döwrüň edebi ýadygärlikleri ariýleriň dini ynançlary barada baý maglumatlary berýärler. Başga halklaryň rowaýatylary bilen deňeşdirilende, olaryň weda dininiň gadymy hindi-ýewropadan gelip çykandygyna göz ýetirse bolýar. Aýratyn hem gadymy Eýran dini we medeniýeti bilen ýakynlygyny görse bolýar, sebäbi hindi ariý toparlary özleriniň eýran garyndaşlaryndan has giç bölünip aýrylypdylar. Mysal üçin, Hindistanda-da, Eýranda-da Mitre hudaýyna sejde

edýärler, dini baýramçylyklaryň geçirilýän wagtynda bolsa, bu halklaryň ikisi hem somu atly keýip berýän mukaddes içgini içipdirler. Hat-da gadymy hindiler bilen eýranlylaryň käbir rowaýatlary hem umumy bolupdyr.

Weda dininiň mifiki gahrymanlarynyň köpüsi erkek adamlar, emma olaryň içinde aýal adamlar hem bolupdyr (Daň Şapagy, Gije, Ýer we beýlekiler). Ýönekeý sadaka berilende hudaýlar oduň daşyna ýazylan mukaddes otuň üstünde oturdyp, ony hormatly myhman hökmünde nahar we içgiler bilen hormatlaýan Oda ýag guýup, arpa dänelerini bolsa ýanyp duran oda taşlap Agni hudaýyna hudaýlaryň iberen wekili hökmünde tagzym edipdirler. Şeýlelik bilen, berilýän sadaka tüsse bilen bile çykyp hudaýlarayň ýanyna barmaly, hudaýlar nahardan doýanlaryndan soň özlerine hormat goýýan, ýerdäki bendelerine iýer ýaly nahar iberýärler diýip düşünipdirler. Şeýlelik bilen, hudaýlar bilen adamlaryň arasynda aralykçy hyzmatkär ruhanylar bolup, olardan asmanda oturan hudaýlar nahar kabul edipdirler.

Ilki başlarda hemişelik sejde edilyän weda ybadathanlary bolmansoň, weda ariýleri tarapyndan dini dessurlar geçirmek üçin ýörite ortasynda ot ýakylaýan (altarly) jaý salnypdyr. Giçki hindi beýanlarynda şeýle kyn, agirt uly guş şekilinde gurlan jaýyň çyzgysy getirilýär. Şeýle uly otly jaýda (altarly) birnäçe güne çekýän dabaraly sadaka berilipdir, käbir geçirýän dessurlar bir ýyldan hem gowrak dowam edipdir. Bu sadakalarda birnäçe ruhanylaryň giden bir topary gatnaşyp, olaryň her haýsysy aýratyn edilmeli işleri edipdirler. Olaryň her bir hereketi, okaýan dogalary aýratyn güýç bilen okalyp, hudaýlara ýüzlenilipdir. Bu hudaýlara ýüzlenip okalýan dogalaryň maksady hudaýy wasp edip, ondan öz okaýan dogalarynyň ýerine ýetrilmegini haýyş etmek bolupdyr. Bu dilegleriň düýp mazmuny bolsa “Men saňa, senem maňa” diýmegi aňladypdyr.

Uly sadakalary juda baý adamlar berip bilipdirler. Patyşa-halkyň ýaşulysy (radja-latynça “reks”) hudaýlara ýakyn adam hasap edilipdir. Şonuň üçin oňa täç geýdirilýän wagty “Ol siziň biriňiz boldy” (hudaýlaryň biri) diýilip aýdylypdyr, şeý diýmeklik bilen, häkimlik oňa hudaýlar tarapyndan berildi, raýatlaryň hiç biriniň patyşany häkimlikden boşadyp bilmeýändigini aňladypdyr. Patyşa dessurlarynyň esaslarynyň biri hem “patyşanyň güýjüni-kuwwatyny saklamak” bolup, onuň maksady serdaryň garramazlygy, hemişe ýaş bolup galmagy göz öňünde tutulypdyr. Patyşanyň juda garramagy onuň raýatlary üçin has howply diýilip düşünilipdir.



Brahma hudaýy

Ruhanylaryň dini adatlaryny, dessurlaryny brahmanlar ýerine ýetiripdirler, olary amal etmäge bolsa diňe şolaryň hukugy bolupdyr. Brahmanlar gadymdan bäri hiç kime goşulman, aýratyn bir gatlak bolupdyrlar, olaryň haýsy kasta degişlidigi bolsa, olaryň gelip çykyşyna bagly bolupdyr. Giçki weda döwründe ruhanylar aýratyn bir gatlagy-warnany brahmanlary döredipdirler. Olar beýleki warnalardan-kşatriýlardan, waýşýanlardan we şudrlardan ýokarda bolmaga çalyşypdyrlar. Üç warnanyň birinde doly hukukly agzasy bolmak üçin, diňe bir şol warnadan bolup dogulmak däl-de, eýsem brahman – mugallymyň öýünde ýörite okuw geçip, özüniň şol warna bagyşlaýanlygy barada geçirilýän barlagdan hem geçmeli ekenler.

Şol adat geçirilen wagtynda oglanjygyň boýnuna “ikinji gezek dünýä inmegini aňladýan” mukaddes ýüp atylypdyr. Şudrlara bolsa bu adaty geçirmeklik gadagan edilipdir. “Dünýä täzeden inmek” dessury dünýäniň syrlaryna düşünmäge we wedanyň

beýanlaryny okamaga hukuk beripdir. “Ikinji gezek doglanlar” esasan hem brahmanlar bu adatyň dogry we arassa geçirilmegine aýratyn üns beripdirler. Wedanyň beýanlaryny ondan başy çykmaýan adamlara ýetirmek gadagan edilipdir, onuň beýanlarynyň näletlenmezligi üçin, mugallymlar hem öz okuwçylaryna diňe dilden aýdyp öwredipdirler.

Şeýlelik bilen ýaşaýyşyň geçilmeli basgançaklary baradaky taglymat emele gelip, “Ikinji gezek dünä inenleriň” hemmesine, aýratyn hem brahmanlara bu ýoly geçmeklik teklip edilipdir. Okuwçylyk döwri tamamlanandan soň öý durmyşy başlanypdyr. Brahmanlar hünärmen ruhanylar bolmandyrlar, olar diňe sadaka bermegi geçirmäge hukuklary bolupdyr. Brahmanlar boş wagtlary dürli işler bilen meşgullanyp gazanç edip bilipdirler, emma toý tutulan ýagdaýda, täze dogulan çaga doga okalmaly bolanda ýa-da merhum jaýlananda olar amal edilmeli dessurlary geçirmek üçin çagyrlypdyr. Sadaka berilenden soň brahmanlara serpaý-sylag berilipdir, ol serpaýlar brahmanlaryň girdejisiniň ep-esli bölegini tutupdyr. Emma “Ikinji gezek dünýä gelenler” üçin egilmeli işler geçirilenden soň, olardan önüm görnüşinde alynmaly zatlary alypdyrlar.

Durmuşy gatnaşyklaryň ösmegi bilen, köşk brahmanlary edilmeli dessurlary edenlerinden soň iýmek-içmek, geýim-gejim we gymmat bahaly zatlardan başga-da pul hem alypdyrlar. Olar şeýle-de obalardan töleg ýygnamaga hukuk alypdyrlar ýa-da olara ýer berilipdir. Brahmanlar ol ýerlerde kärendeçileri, batraklary ýa-da gullary işletmäge hem hukuk alypdyrlar.

Haçanda brahmanlar garranlaryndan soň, dünýäniň ähli eşretinden mahrum bolmaklyk üçin, öýden gidip tokaýlarda, daglarda ýeke ýaşamaly bolupdyrlar. Olar öz ýaşaýyşlaryny dowam etdirmek üçin, tokaýdaky iýmişleri çöpläpdirler we gedaýçylyk edipdirler. Özleri ejir çekip, adatdan daşgary bilime, güýje eýe bolmaga, ölenden soňra bolsa o dünýäde iň oňat ykbally adamlar bolmaga ymtylypdyrlar..

**Buddizm**. B. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda Hindistanda täze dini akymlar ýüze çykypdyr. Olaryň içinde soňra dünýä dinleriniň birine öwrülen buddizm dini döreýar. Bu din esasan üç sany mukaddeslikden durýar, olar: Buddanyň özi, onuň taglymatlary (dharma) we onuň yzyny eýerijiler jemagaty (sangha) bolupdyr.

Buddizmi esaslandyryjy asly şakýew urugyndan bolan şazada Siddhartha hasaplanylýar. Köp wagtlap sergezdançylyk edenden soň oňa täzeden akyl-paýhas-nur inýär. Siddhartha şol wagt Nur inen (Budda) adam bolýar. Ol sugunlaryň bagynda gadymy Waranasi şäheriniň ýakynynda ilkinji gezek dharma baradaky wagyzlaryny aýdyp, Buddanyň taglymat esaslaryny beýan edipdir. Onuň şöhraty tiz ýaýrapdyr we Buddanyň ömrüniň ahyryna çenli onuň daşyny köp sanly okuwçylary, yzyny eýerijileri gurşap alypdyr.



Buddanyň heýkeli. Gandhar. III asyr

Budda taglymatynyň aýratynlygy, ol hem ýaşaýyşyň diňe ejir çekmekden ybaratdygyny kesgitlemekden ybarat bolupdyr. Ejir çekmeklik diňe bir ölüm bilen baglanyşdyrylman, eýsem täzeden galkynmaga, gaýtadan dünýä inmäge bolan islegiň ýüze çykmagy hasaplanypdyr. Budda ejir çekmegiň sebäbini adamynyň tüýs ýurekden ýaşamaga, baýlyga we täze barlykda oňat ýaşaýyşa ymtylmagy hasap edipdir. Ejir çekmekden halas bolmagyň ýoly bolsa, öz ruhyňa we edebiňe doly eýeçilik etmekdir, şondan soň adamynyň iň soňky maksady nirwana-nurlylyga ýetmek (öçmek) bolup, şondan soň adam öz zynjyryny üzýär we hiç wagt täzeden dogulmaýar.

Budda dininiň tagalymatlary wedi dininden doly tapawutlanypdyr. Eger-de weda berilýän sadaklar maşgalanyň we jemagatyň abadançylygy üçin bolýan bolsa, budda

taglymatlarynda adamynyň şahsyýetini halas etmeklik bolupdyr, ýagny dini tarapdan halas bolmaklyga ündelipdir. Şol bir wagtda hem ylmy edebiýatlarda buddizm dininiň Hudaýy ýok, ol hudaýsyz din diýilip bellenilipdir. Budda beýanlarynda adamlara bu dünýäde hemaýat etmäge adatdan daşary barlygyň-güýjiň bardygy hakynda, birnäçe gezek ýatlanylýanyna garamazdan, buddanyň geçirýän dessurlarynda dörediji Hudaýa hiç hili orun berilmeýär. Hudaýlar hat-da buddanyň wagyzlarynyň diňleýjileri hökmünde görkezilýär. Şonuň üçin, budda dini üçin hudaýlar hiç kime zyýanam, peýda-da edip bilýän hudaýlar däl. Eger-de ruhany-brahmanlar adamlaryň hudaýlar bilen gatnasygynda aralykçy bolup hyzmat edýän bolsalar, irki budda dininiň görkezişi ýaly hiç hili kömekçi bolup bilmez. Adamynyň daşky edimleri peýdasyz, janly öldürip sadaka bermeklik bolsa günä hasap edilýär, sebäbi buddizmde asla janly-janawerlere zyýan etmezlik düşünjesi wagyz edilýär. Emma weda taglymatlaryndaky ýaly buddizmde adamynyň gelip çykyşyna, haýsy taýpadan ýa-da kastadanlygyna uly ähmiýet berilmeýär, olaryň özara gatnaşyklaryna hem päsgel bermeýär. Özüňi halas etmek üçin, budda dini bu pany dünýäniň ähli eşretinden, ýagny ähli emläkden we maşgaladan el çekmekligi ündeýär. Buddanyň yzyny eýerijileri kelleleri syrylgy, melewşe esikde sadaka ýygnamak üçin, elleri küýze gaply şaherden şähere, obadan oba gapy gezip gedaýçylyk edipdirler. Olar özlerini gedaýlar (“bhikşu”) diýip atlandyrypdyrlar. Bu garyp-gedaý adamlar ýylyň dört aýyny, ýagyş möwsüminde daglaryň gowaklarynda geçirip, soňra bolsa olar üçin ybadathanalarda ýörite gurlan otaglarda bolupdyrlar. Bhikşular ruhanylar jemagatyny (sanghu) düzüpdirler. Ybadathanalaryň, oba-da bolsyn ýa-da şaheriň senetçilik-söwda birleşmelerinde (korporasiýasy) bolsun tapawydy ýok, onuň içki gurluşy gadymy hindi ybadathanalarynyň gurluş ulgamyna gabat gelipdir. Has zerur meseleler hemmeleriň ses bermekleri bilen çözülipdir, gündelik

işleri bolsa saýlawly geňeş topary çözüpdir. Çagalar sekiz ýaşdan diňleýjiler hasaplanypdyr, ýigrimi ýaşdan soň olar okuwy tamamlap ruhanylar bolupdyrlar. Olaryň esasy borçlary ybadathana düzgünlerini ýerine ýetirip, olaryň amala aşyrylyşyna gözegçilik edipdirler. Ruhanylaryň ýene bir wezipesi köp sanly dini süreleri gaýtlamak we olary ýat tutmaklyk bolupdyr.

Budda ruhanylary köpçülik bolup toba edipdirler we her bir ruhany öz eden günäsini boýun alyp, özüne berilmeli temmini alypdyrlar. Ruhanylar öz ýaşaýan ýeriniň tämizligi üçin hem işläpdirler, lukmançylyk bilen meşgul bolupdyrlar, çagalary hem okadypdyrlar. Emma olaryň baş wezipesi ýadawsyz türgenleşip, özüňi ruhy taýdan terbiýelemeklik bolupdyr. Şeýlelik bilen, ruhanylar özlerine doly erk etmek derejesine ýetip bilipdirler. Ahyr soňunda bolsa, olar özlerini ruhy taýdan doly azat etmeklige (nirwan ýagdaýyna) çenli ertipdirler.



Budda bilen ýakynlanylyş pursaty- nirwan

Ilki başky buddizmda Budda tagzym etmeklik, ony göz öňüne getrip şekillendirmek däbi bolmandyr. Adamlar Buddany dürli görnüşde göz öňüne getirip oňa sejde edipdirler. Emma şol göz öňüne getirlýän we mukaddes diýilýän zatlar hem gadymy buddizmden has ir dörän zatlar bolupdyr. Mysal üçin, Siddharthanyň bagyň düýbünde otrup pyhamberlige ýeten ýeri halkyň gadymdan sejde edýän bagy bolupdyr, ýa-da patyşa häkimiýetini we Güni aňladýan tegelek buddizmda ylmy taglymatyň alamaty hökmünde hasaplanypdyr. Buddizmiň esasy tagzym edýän ýeri emeli galdyrylan baýryň etegindäki beýik seki bolupdyr. Dindarlar baýryň etegine baryp sejde

edipdirler, sebäbi şol sekä Buddanyň saçynyň gyly we Buddanyň dişi baglanyp goýlupdyr, adamlar şol sekiniň çepinden saga tarap (Günüň aýlanyş ugryna) aýlanyp oňa sejde edipdirler

bolmaklyk.Gandhar. B. e. II-III asyrlary

Ybadathanalara obalardan töleg ýygnamaga ygtyýar berilipdir. Käbir ybadathanalar ýurdyň syýasy durmuşyna goşulýan wagtlary bolupdyr. Kähalatlarda has täsirli ybadatnahalaryň arasynda gandöküşükli çaknyşyklaryň bolmagyna çenli baryp ýetilipdir.

Buddizm üçin adamlaryň gündelik durmuşyndaky hojalyk däp-dessurlarynyň kän bir ähmiýeti bolmandyr, şonuň üçin olar öňkileri ýaly brahmanlara ýüz tutup öňki däp-dessurlaryny ýöredipdirler. Mysal üçin, adamlar brahmanlary nika toýuna, ýa-da merhumy ugratmaga we beýleki geçirilýän çärelere çagyrypdyrlar. Adamlar olardan öz durmuşlarynyň gowlanmagyny, hasylyň bol bolmagyny, mal-garalaryň köpelmegini diläpdirler. Şol bir wagtyň özünde Budda çokunýan dünýewi adamlar özleriniň täzeden dünýä inmekleri üçin, çekmeli jebirlerini ýeňilleşdirmäge ymtylypdyrlar. Şonuň üçin, olar mukaddes ruhanylary maddy taýdan goldap, olaryň dini dogalaryny ýerine ýetripdirler. Emma brahmanlaryň okaýan (Sanskrit) edebiýatynyň beýanlary bilimsiz adamlara düşnüksiz bolupdyr, tersine buddanyň beýanlary ýerli halkyň sözleýiş dilinde ýazylansoň ol her bir adama düşnükli bolupdyr. Buddizmiň täsiri esasan hem şäher adamlarynyň arasynda güýçli bolupdyr.

Buddizma ilki bilen Hindistanyň uly döwletleriň patyşalary penakärlik edipdirler. Emma ikinji tarapdan buddizmiň taglymatlarynda hem dünýä hökümdary baradaky düşünje öňe sürlüp, şol hökümdaryň ýalkanmagy bilen dünýäde adyl patyşalyk gurulmaly eken. Adamlaryň köpçülikleýin buddizmy kabul etmeklerininiň esasy sebäbi, budda dininde adamlara tapawut goýulmandyr, şonuň üçin budda dini wedi dininden

düýpgöter tapawutly bolupdyr. Weda dininde adamlara kasta esasynda orun berlipdir, ýagny adamynyň gelip çykyşyna görä orun berlipdir.

Buddizmiň giňden ýaýramagy, buddizmda täze dini akymlaryň ýüze çykmagyna ýardam edipdir. Ilki başlarda garamaýak adamlaryň buddanyň wagyzlaryny ýerine ýetirmekleri, hakykatçy bolup janly-jandara zyýan ýetirmezligi, ybadathanalara maddy taýdan hemaýat bermegi, olaryň täzeden dogulmagy üçin sogap gazanmagyny üpjün edipdir. Emma doly halas (nirwany) bolmaklygy gazanmak, olar üçin ýetip bolmajak arzuw bolup galypdyr, halas bolmaklyk diňe ruhanylara mahsus bolupdyr. Emma soňra buddizmda täze akymlaryň we mekdepleriň ýüze çykmagy bilen, olaryň käbir akymlary bu pany dünýäden, maşgalasyndan we emläginden el çekmedik garamaýaklaryň hem halas bolmaga, mümkinçiliklerniň bardygyny ykrar edýän wagyzlary geçirip başlapdyrlar. Halas bolmagyň şeýle giň mümkinçiligi ilki bilen garamaýaklaryň gurply adamlaryny özüne çekipdir, olar ruhanylara sahylyk edip, köp möçberde sowgat beripdirler, ýöne özleri budda hereketiniň wagyzçylary bolmakdan daşda durupdyrlar.

Diniň täze taglymatlarynyň biri-de öz ýakyn adamlaryň üçin ejir çekip, özüňi şol ýola bagyş edip, adamlary ejir çekmekden we “täzeden dogulmagyň” zynjyryndan halas bolmagy üçin hemaýat etmeli eken. Şeýlelik bilen, ilki başky budda taglymaty üýtgäp, adamlary halas etjek kömekçi, mukaddes adamlar baradaky garaýyş ýüze çykyp başlapdyr.

Täze akymlaryň ýüze çykmagy bilen Budda baradaky garaýyş hem üýtgeýär, onuň şekili-sypaty döredilýär, buddanyň ybadathanasy gurulýar, onuň hudaýlaşdyrylan şahsyýeti hem ýazylýar, dünýäniň ahyret boljagy baradaky düşünje ýaýrap, halas ediji Buddanyň täzeden geljegi we adamlary halas etjegi baradaky düşünje ýaýraýar.

Buddizm esasan iki sany akyma: ýagny “halas bolmagyň iňçe ýolyna” ýagny “kiçi araba” we “halas bolmagyň giň ýolyna” ýagny “beýik araba” bölünýär. Birinji akym iň gadymy akym bolup, heniz Aşokiniň döwründe Lanka ýurdyna, soňra bolsa Günorta-Gündogar Aziýa ýaýraýar. “Beýik araba” akymy has uly üstünliklere eýe bolýar. Kuşan patyşalarynyň penakärliginde bu din Gündogar Eýrana we Orta Aziýa, soňra Hytaýa, gijiräk bolsa Ýaponiýa, Tibede we Mongoliýa ýaýraýar. Bu ýurtlaryň her haýsynda buddizm öz ýerli ýagdaýyna görä wagyz edilipdir. Şeýlelik bilen Gündogar Aziýada özboluşly dünýä dini bolan buddizm emele gelýär.

**Induizm dini.** Köp sanly Gadymy Hindi halklarynyň dini ynançlarynyň esaslary arhaiki ynanç bolupdyr, ýagny agaçlara, daglara, haýwanlara (ýylana, sygyra, maýmyna, pile) çokunypdyrlar. Induizmde Ene hudaýa sejde etmeklik häzire çenli dowam edip, öz ähmiýetini saklap gelýär. Şol bir wagtyň özünde hemmelerden beýik, hemmäni dörediji, dünýäniň esasy hasaplanýan Hudaý induizmiň häsiýetli tarapydyr. Galan ähli adatdan daşgary dörän güýçler dörediji Hudaýyň özüdir ýa-da onuň hudaýjyklarydyr diýilip düşündirilýär.

Hindileriň köpüsi üçin baş hudaý Wişnu bolup, ol jandarlaryň sypatynda (balyk, pyşbaga) ýa-da adam (gara tenli patyşa we çopan Krişni) görnüşinde bolup bilipdir. Wişnu hudaýynyň şekilinde gelmegi baradaky dini taglymatda, gelip çykyşlary boýunça sejde edilýän birnäçe mukaddeslikleri bir obraza goşmaga mümkinçilik beripdir. Oňa “Ramaýana” poemasynyň baş gahrymany Ramanyň we Buddanyň (buddizmiň täzelenmegi) Wişnu hudaý hökmünde hasaplanylmagy mysal bolup biler. Wişnuny kähalatlarda aždarha ýylanyň üstünde gyşaryp ýatan patyşa täjinde hem göz öňüne getirilipdir.

Induslaryň başga bir topary Baş hudaý diýip Şiwa hudaýyny hasaplap ony tansçy görnüşde göz öňüne getirýärler. Şiwa hudaýynyň ýanynda köplenç mukaddes öküz durýär.

Şeýlelik bilen, gadymy döwürde (häzirki döwürde hem) Hindiler Wişnu hudaýyna we Şiwa hudaýyna sejde edýänlere bölünýärler. Emma bularyň arasynda uly bir tapawut edýän zat ýok, olar diňe şol akyma uýýanlar tarapyndan baş hudaý hasaplanylýar.

Induizm dininde weda kitaplarynyň beýanlary mukaddes hasaplanylýar, emma has ähmiýetlisi diýilip, ummasyz köp mifleri özünde birleşdirýän epiki eserler, ýagny "gadymyýet baradaky rowaýatlar"- puranlar hasaplanýar. Wedylerden tapawutlylykda bu beýanlarda hiç hili gizlin pikirler ýok, olar her bir adam üçin düşnükli. Geçirilen ylmy barlaglar "gadymyýet hakyndaky rowaýatlary", ýagny puranlary köplenç Hindistanyň ariý däl halklarynyň rowaýatlarydygyny subut etdi.

Induizm dininde köplenç ybadathanalara baryp hudaýlara sejde etmeklik has hem giňäpdir. Baýramçylyklarda iň esasy zat hudaýyň şekilini göterip geçmeklik bolupdyr. Gan çykaryp sadaka bermeklik kem-kemden hudaýlara hormat goýmaklyk, ýagny hudaýa gül getirmek, şem ýakyp suw akdyrmaklyk ýaly dessurlar bilen çalyşypdyr. Bu hereketler köplenç saz çalyp tans etmeklik, epiki aýdymlary aýtmaklyk bilen ýerine ýetirilipdir. Ybadathanalarda ruhanylardan başga-da tansçylar we saz çalýanlar we beýleki hyzmatkärler ýaşapdyrlar. Ybadathanalar diňe bir ybadathana gelýän sadakalaryň hasabyna saklanman, eýsem ybadathanalara bölünip berilen ýerlerden girýän girdejiniň hasabyna hem üpjün edilipdir.

Hindi halkynyň däbine görä, induizmde her bir adamynyň çydamly, geçirimli bolmagyny, durmuş haýsy ýol bilen gitse-de obanyň däbi bilen ýöremegi, adam haýsy kasta we maşgala degişli bolsa onuň dini, däbi näme diýse şony hem ýerine ýetirmegi ündelýär.

Induizmiň umumy däbine-dessurlaryna görä jemgyýetçilik gatnaşyklarynda adamlaryň özara pikir alyşmaklary, olaryň durmuşy toparlaryna görä çäklendirilpdir, adamlara başga kastanyň adamlary bilen nikalaşmaklyk gadagan edilipdir, dürli

kastalardan bolanlara bir ýerde nahar edinmeklik, bir kastadan başga bir kasta geçmeklik hem gadan edilipdir. Janly öldürmeklik, esasan hem sygry öldürmeklik agyr günä hasaplanypdyr. Hindilerde nika ýaşyna ýetmedikleriň arasynda nikalaşmaklyk giň ýaýrapdyr ( esasan hem gelinlik ýaşajyk bolsa, ýöräp bilmese öýlenýän ýigit ony odyň daşyndan göterip geçmeli bolupdyr) Dul galan gelinleriň (gyzjagaz durmuşa çykyp, aýallyga ýetmän dul galsa-da) nikalaşmagy ýazgarylypdyr, onuň iň amatly çykalgasy dul galan geliniň öz adamsynyň ýas eşigini geýip özüni otlamak hasaplanypdyr.

Aýratyn maşagalalar ýa-da ýokary kastalara degişli adamlar ýerine ýetrilmeli däpleri ýerine ýetirmän bozsalar olara jezanyň iň agry berilipdir, olar kastadan kowlupdyr. Şebäbi adamynyň höwpsyzlygy we onuň jemgyýetde tutýan orny, onuň haýsy sosial toparlara degişlidigine bagly bolupdyr, kastadan kowulýanlar ýa-ha günäsi geçilmeli ýa-da sosial gatlagyň iň aşaky toparyna zyňylmaly bolupdyr. Kasta düzgünleri induizm dininden başy çykýanlar üçin bolup, ol jemgyýetiň durnuklygyny üpjün edipdir, şeýle adamlar islendik daşky täsire garşy durup bilipdir.

B. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda bolup geçen sosial özgerişler, ýagny hususy eýeçiligiň, şäherleriň we uly döwletleriň güýçli derejede ösmegi, buddizm dininiň ýüze çykmagyna getiripdir. Buddizm Aziýaniň köp ýuirtlaryna ol ýa-da beýleki görnüşde giňden ýaýrapdyr, emma öz ýurdynda wagtyň geçmegi bilen ol induizm dinine ýol bermeli bolupdyr.

**Edebiýat.** Ýokarda bellenip geçilişi ýaly gadymy hindi edebiýatynda dini edebiýatlaryň ýadygärlikleri esasy orny eýeläpdir. Olaryň iň gadymkylary weda edebiýaty bolup, olar giçki döwürde göçürilendigine garaşmazdan, soňra olar halypalardan şägirtlere dilden geçirilip gelnipdir.

Gadymy Hindistanda Weda edebiýaty bilen birlikde, epiki edebiýatlar bolan “Mahabharata” we “Ramaýana” ýüze çykýar. Bu edebiýatlaryň her haýsysy on müňlerçe goşgylary öz içine

alýarlar. “Mahabharatada” Kuru patyşalyk urugyna degişli doganoglanlaryň arasyndaky häkimiýet ugrundaky göreş beýan edilýär. “Ramaýana” kitabynda bolsa, şazada Ramanyň gelinligi Sitini  Lanka ýurdyna alyp giden ägirt uly aždarha bilen uruşy barada gürrüň berilýär. “Mahabharatanyň” ýarsyndan gowragy öz mazmuny bilen gabat gelmeýär. Sebäbi oňa gadymy mifler we rowaýatlar has köp girizilipdir.  Birnäçe asyrlaryň dowamynda, ýagny poemanyň iň soňky redaksiýasyna çenli (Gupta zamanyna çenli), olaryň beýanlary käbir bölümleriň giňeldilmegi we täze bölümleriň döredilmegi bilen has köpelýär. “Mahabharata” we “Ramaýana” eserleri özüniň gutarnykly görnüşinde induizmiň ensiklepediýasina öwrülýär we geljekki şahyrlaryñ we suratçylaryň döretjek gahrymanlary üçin giden bir hazyna bolup durýar.

B. e. öň I müňýyllygyň ikinji ýarymy budda edebiýatynyň dörän döwri hasaplanýar. Onuň käbir taglymat beýanlary heniz Aşokiniň daş ýazgylarynda hem ýatlanylýar, şonuň üçin hem b. e. öň III asyrlarda budda edebiýaty belli bir derejede mukaddesleşdirilipdir. Budda hekaýatlaryna görä b. e. öň I müňýyllykda Lanka ýurdunda bütin dini beýanlar, onlarça pali dilindäki kitaplar Demirgazyk-Gündogar Hindi sözleýiş diline ýakyn dilde, Buddanyň wagyz eden dilinde ýazylyp tamamlanýar. Ilki basky Buddizm baradaky düşünje hem häzire çenli pali diline goşulýan edebiýatlarda berilýän dini taglymatlara esaslanylyp gelinýär. Onuň ýazylmagy Lankanyň dünýä medeniyetine bahasyna ýetip bolmajak goşandyny görkezilýär.

Bu dini taglymatlar “Tipitaka” diýilip atlandyrylyp, ol söz gönüden-göni “Üç sebet” diýmekligi aňladýar. (Gadymy golýazmalar inçejik palma ýapraklaryna ýazylyp ýörite sebetlerde saklanypdyr). “Sebetleriň” birinjisinde  ruhanlaryň we ruhany aýallaryň özlerini alyp barmaklygy baradaky düzgünnamalar girizilipdir. Taryhy we edebiýaty nazaryýetden garanyňda iň esasy eserler ikinji “sebede” girizilipdir. Olar

Buddanyň sözleýiş beýanlarynyň ýygyndylaryndan, onuň ýaşaýyşy baradaky hekaýalardan we ondan öňki ýaşaýyş baradaky beýanlardan durýan eserlerden düzlüpdir. Ahyrky, üçünji "sebet" buddanyň filosofoki we psihologiki beýanlaryndan ybarat bolup, olaryň ybadathanalarda öwrenilmegine uly ähmiýet berilipdir. Buddanyň käbir hekaýalary öz gelip çykyşy boýunça buddadan has irki hekaýalardan ybaratdyr. Buddizmiň beýleki akymlarynyň-mekdepleri "beýik araba"(kolesnisa) doly saklanyp galmandyr. Olaryň käbirleri sanskrit dilinde, köp bölegi bolsa hytaý, ýapon we tibet dillerinden geçirilen terjimeler bolupdyr.

Ylmy edebiýatlardan b. e. öň IV asyrlarda Panin tarapyndan düzülen sanskritiň ýazuw düzgünini (grammatikasyny) ýatlap bolar. Hünärmen alymlaryň ýazmaklaryna görä, bu dil bilimi baradaky ýazgy, dünýä ylmynda tä XIX asyra çenli iň kamil işlenen ýazgy hasaplanylýar.

Gadymy Hindi filosofiýasy hem uly üstünliklere eýe bolupdyr. Filosofiýanyň esasy beýanlary täze eýýamyň I asyrlaryndan belli bolup başlapdyr. Gadymy Hindi filosofiýasynyň esasy maksady tebigat ylymlarynyň gazananlaryny jemlemek bolman, eýsem mukaddes beýanlara we dini tarapdan halas bolmaklyga düşündiriş bermekden ybarat bolupdyr.




Hindistan hazirki zaman hasasp sanlarynyňwatanydyr

Edil sonuň ýaly häsiýete eýe bolan Gadymy Hindi pisihologiýasy hem bir tarapdan din bilen, ikinji tarapdan lukmançylyk bilen baglanyşykly bolupdyr. Hindistan lukmançylyk ylmynda tebigatyň ösümliklerini peýdalanyp adamlary keselden bejermekde uly üstünlik gazanypdyr. Lukmançylyk bilen giňden budda ruhanylary meşgullanypdyrlar. Hindi lukmanlary gadymy dünýänyň

ahyrlarynda we orta asyrlarda dünýä derejesinde uly şöhrata eýe bolupdyrlar.

Tebigat ylymlary böýunça ýörite eserler iki eýýamyň sepgidinde ýüze çykyp başlapdyr. Birnäçe matematikadan we astranomiýadan ýüze çykarylan ylmy pikirler-düşünjeler filosofiýanyň umumy ösüşi esasynda dörän garaýyşlaryň netijesinde ýaýrapdyr. Mysal üçin, dünýä belli Arýabhatta (V asyr), hereketiň dartyş güýji esasynda Ýeriň öz okunyň daşyndan, şeýle-de onuň Günüň daşyndan aýlanýandygy baradaky çaklamasyny öňe sürüpdir. Şeýle hem hindi filosofiýasyndaky "boşluk" düşünjesiniň esasynda matematika ylmyna nolyň girizilmegi matematika ylmynyň ösmeginde uly açyş bolupdyr. Ýewropada, soňra bütin dünýäde ulanylýan matematiki sanlaryň gelip çykan ýeri Hindistan hasaplanylýar, emma soňra bu sanlar araplar tarapyndan alnyp kämilleşdirilipdir we dünýä ýaýrapdyr.

Gadymy Hindi edebiýatynyň gülläp ösen döwri täze eýýamyň ilkinji asyrlaryna degişlidir. Çandragupty II dolandyran ýyllaryna degisli döredijilik işgärleriň biri-de Gadymy Hindistanyň iň görnükli dramaturgy Kalidasy bolupdyr. Onuň saklanyp galan drama eserleriniň hemmesi gahrymançylykly mazmunly temalara bagyşlanypdyr, şeýle-de köşk teatry bilen bagly bolupdyr. Has demokratik häsiýetde ýazylan proza eserleriň biri "Pançatantra" hasaplanylýar. Onuň arap terjimesi "Kalila we Dimna" ady bilen bellidir. Bu edebiýatyň ýazylyşy we onuň gurluşy orta asyrlarda uly üstünlik gazanypdyr we köp sanly milli eserlere ("Müň bir gije", "Dekameron") öz täsirini ýetripdir.

**Gadymy Hindistanyň binagärçilik sungaty we sungatynyň ösüşi.** Hindistanda kerpiçden we daşdan gurluşyk işleri maurilerden soňky döwürde başlanypdyr. Saklanyp galan ýadygärlikleriň köpüsi ilki bilen buddizm bilen bagly bolupdyr. Olaryň içinde iň ulylarynyň biri-de Günbatar Hindistanda gowakda gurlan ybadathanadyr. Bu ybadathana gaýanyň

ýüzünde oýlup gurulýar, onuň içiniň tutýan meýdany 500 kw/m. barabardyr, jaýyň içinden beýikligi bolsa 15 metre barabardyr.

Açyk ýerde gurlan binalardan iň bellileriniň biri Sançi şäherinde ýerleşipdir. Bu ýerde beýik baýryň üştünde uly bir budda ybadathanasy gurlupdyr. Bu ybadathananyň hem-de onuň ýanynda salnan myhmanhananyň az-owlak ýeri häzirki günlere çenli saklanyp galypdyr.

Sançniň iň gözel ýerleriniň biri b. e. öň II-I asyrlarada gurlan uly seki belentligi bolup, onuň dört tarapy daşdan kesilip we nagyşlanyp ýasalan derwezesi bolupdyr, olar budda rowaýatlarynda berilýän sahnalar bilen bezelipdir. Daşdan ýasalan uly seki beýikligi budda binagärçiliginiň ösen ýadygärligi hasaplanylýar. Lankada gurlan iň uly seki beýikligi bolsa, özüniň tutýän ýeri boýunça Müsür piramidalary bilen deňeşdirip bolar.

Gadymy Hindi heýkelleriniň ýadygärlikleriniň biri hem Aşokiniň sütünleri bolup, onda Aşokiniň ýazgylary oýlup ýazdyrylypdyr. Sütünleriň hemmesi Waranasiniň eteginden alnan daşlardan taýýarlanypdyr we oňat ýonulyp Maurileriň iň uzakdaky welaýatlaryna iberilipdir. Kolonnany bezeýän şirleriň-ýolbarslaryň heýkelleri pars sungatynyň, şonuň ýaly grek sungatynyň hem täsiriniň esasynda ýasalandygyny görmek bolýar. Sebäbi hindi ussalary daşdan heýkel ýasamagy heniz öwrenmändirler.



Binagärçilik. Sançidaky sekiniň umumy görnüşi

Maurilerden soňky döwürde ýerli heýkeltaraşlar hem döräpdir. Olaryň içinde iň bellileri Gandhary mekdebi (demirgazyk-günbatar Hindistan), Mathury (Demirgazyk Hindistanyň merkezi bölegi) we Dekanyň welaýatlarynyň biri bolupdyr. Gandhar mekdebiniň gülläp ösen döwri täze eýýamyň ilkinji asyrlaryna degişli bolup, ol ellin we rim sungatynyň täsirinde emele gelipdir. Hindistanyň demirgazyk-Gandhar sungaty Kuşan döwründen başlap, Merkezi we Gündogaar Aziýa budda sungatyna täsir edip başlapdyr. Hindi şekillendiriş sungaty bilen has-da Mathury we Dekanyň mekdepleri ýakyndan baglanyşyklydyr. Orta asyr induizm sungaty diňe bir Hindistanda däl, eýsem Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynda hem ýokardaky ady tutulan sungatyň esasynda ösüpdir we baýlaşypdyr.

Dünýä belli hindi şekillendiriş sungaty Günbatar Hindistanda-Adjantda ýerleşendir. Adjantyň gowak buthanasy we ybadathanasy maurilerden soň müňýylyň dowamynda döredilipdir. Olaryň käbiriniň diwarlary buddanyň hekaýalary esasynda çekilipdir. Adjantyň şekillendiriş sungaty bilen meňzeş gelýän suratlar Şri-Lankda hem ýerleşipdir.

Maurilerden soňky döwürde Günorta Aziýada döwletleriň gülläp ösmegi, dünýewi edebiýatynyň ýadygärlikleri bolan-dramanyň, poeziýanň we prozanyň, şeýle-de binagärçiligiň we şekillendiriş sungatynyň ösmegine ýardam edipdir. Umuman b. e. öň I müňýyllygyň ortalary (Demirgazyk Hindistanda Guptalaryň zamany) Günorta Aziýanyň medeni ösüşiniň netijesiniň jemlenýän döwri hasaplanýar.

## IV Bölümiň netijesi

Hindistanda gadymy siwilizasiýanyň ojaklary b. e. öňki III müňýyllykda Hind derýasynyň töwereginde emele gelip başlapdyr. Onuň ýokary derejede bolandygyny bolsa, saklanyp galan gadymy şäherleriň harabaçylyklary, bürünç önümleriniň galyndylary, hat-ýazuw, kämil sungat ýadygärlikleri subut

edýärler. Jemgyýetde deňsizligiň ýüze çykmagy, medeniýetiň ösmegi bolsa ýokary hasyl berýän Müsürde we Derýaaralygyndaky ýaly suwarymly ekerançylyk bilen bagly bolupdyr. Emma olardan tapawutlylykda Hindistanda dörän irki synpy jemgyýetler we döwletler yzygiderli bolmandyr. Hindileriň öňki Harappa we Mohenjo-Daro siwilizasiýalary bolsa b.e. öň II müňýyllygyň içinde ýitip gidipdirler we ilkidurmuş basgançagynda ýaşaýan halklara öz ornuny beripdirler.

Urug-taýpa gatnaşyklarynyň täzeden dargap başlamagy, hindi-ýewropa taýpalarynyň Penjap ýerlerine ýaýrap başalan döwründen başlanypdyr. Bu halklaryň göçhä-göçligi b. e. öň II müňýyllygyň ikinji ýarymynda başlanyp, ol halklaryň täze etniki goşulmaklarynyň başy hasaplanylýar. Rigwedyde beýan edilýän jemgyýeti we medeniýeti diňe Gadymy Eýranyň ariý taýpalarynda meňzeşligiň bolandygyny görmek bolýar.

Demirgazyk Hindistanda b. e. öň I müňýylygyň birinji ýarymynda ariýler bilen ýerli däp-dessurlaryň garyşmagy netijesinde gadymy hindi medeniýeti emele gelýär. Hindi-Gango düzlüklerindäki ekerançylyk ilatyň ýaşaýşynda durmuşy we syýasy bölünişikleriň-dagynyklygyň bolup geçmegi, warn-kasta gurluşynyň we döwletleriň ýüze çykmagyna getirýär.

Demir gurallaryň ulanyp başlanmagy, giň möçberde bütin Ganga jülgesinden başlap tä Bengal aýlagyna çenli özleşdirilmegine getirýär. Netijede, Gadymy Hindistanyň ykdysady, syýasy we medeni merkeziniň ýürduň gündogar sebitlerine geçmegine getirdi. Beýleki ýurtlarda bolşy ýaly, b. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda Hindistanda hem hususy eýeçiligiň ösüşi, senetçiligiň we söwdanyň merkezi bolan şäherleriň gurluşygy başlanýar. Ýakyn we Orta Gündogarda uly Ahemeniler döwletiniň emele gelmegi bilen, Hindistandaky iri döwletleriň arasynda hem syýasy taýdan agalyk etmek ugrunda göreş başlanýar. Aleksandr Makedonskiniň ýörişlerinden soň, Maurileriň Magadhi nesilşalygynyň agalygy

netijesinde Hindistanda ilkinji bütewi bir döwletiň emele gelmegi, ellinizmiň başlanmagy, Aşokiniň döwründe gülläp ösmegi Hytaýda ilkinji Sin imperiýasynyň döremegi bilen gabat gelýär. Hindistanda uly döwletiň dörän döwründe, dünýä dini bolan buddizm dini hem ýüze çykyp ýaýrap başlaýar.

Hindistan b. e. öň I müňyylygyň ortalaryna çenli başga döwletler bilen hiç hili gatnaşygy bolmadyk bolsa, indi Merkezi Aziýanyň taýpalary bilen, soňra Parfiýa, Rim imperiýasy bilen we Hytaýyň Han döwleti bilen ýakyndan gatnaşyklary ýola salýar. Täze eýýamyň ilkinji asyrlarynda Hindistanda syýasy dagynyklyk döwri başlanýar, onuň Demirgazyk ýerleri uly Kuşan döwletiniň düzümine goşulýar. Şeýlelik bilen, Hindistanyň goňşy döwletler bilen gatnaşyklary has hem güýçlenýär.

**Esasy seneler**

1. Demirgazyk-Günbatar Hindistanyň neolitik medeniýeti —B. e. öň V-IV müňýyllyklar.
2. Günorta Aziýada iň gadymy siwilizasiýa – B. e. öň XXIII-XVIII asyrlar.
3. Demirgazyk-Günbatar Hindistana hindiýewropa taýpalarynyň-ariýleriň ýaýramagy. “Rigwedynyň”döredilmegi – B. e. öň XIII-X asyrlar.
4. Hind derýasynyň jülgesiniň özleşdirilmegi – B. e. öň IX-VII asyrlar.
5. Ykdysady gurluşdaky üýtgeşikler. Buddizmiň ýüze çykmagy – B. e. öň VI- V asyrlar.
6. Magadhiniň ýokary galmagy. Paniniň sanskrit gramatikasynyň ýazylmagy- B. e. öň V-IV asyrlar.
7. Maurileriň umumy hindi döwleti - Takmynan b. e. öň 317-180-nji ýyllar.
8. Aşokiniň hökümdarlyk etmegi. Buddizmiň ýaýramagy – Takmynan b. e. öň 264-231-nji ýyllar.

9. Demirgazyk-Günbatar Hindistana grek-baktriýalylaryň, saklaryň, parfiýalylaryň çozup girmekleri. Sançida seki gurluşy – B. e. öň II-I asyrlar. 10. Çandragupty II dolandyrmagy, Guptalaryň döwletiniň gülläp ösmegi. Kalidasynyň dramaturgiýasy – b. e. 380-415-nji ýyllar.

# V BÖLÜM Gadymy Hytaý

## §30. Gadymy Hytaý

**Gadymy Hytaýyň tebigaty we ilaty.** Gadymy Hytaý siwilizasiýasy neolitik medeniýetiň esasynda b. e. öň V-III müňýyllyklarda Huanhe derýasynyň orta akymlarynda ýüze




çykýar. Huanhe derýasynyň jülgesi gadymy hytaýlylaryň etniki umumylygynyň emele gelen ýeri bolup, köp müňýyllyklaryň dowamynda daşky dünýä bilen hiç hili gatnaşygy bolman, dünýä siwilizasiýasynyň ilkinji ýüze çykan ýerleriniň biri

hasaplanylýar. Diňe b. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda gadymy hytaýlylar öz ýerlerini özleşdirip giňeldip başlapdyrlar. Bu ýagdaý kem-kemden günorta, Ýansizy derýasynyň kenarlaryna, soňra bolsa has günorta ýaýrap başlapdyr. Biziň eýýamymyzyň başlaryna çenli Gadymy Hytaý döwleti Huanhe derýasynyň kenarlaryndan çykyp has giň ýerleri eýeleýär.

Huanhe derýasy demirgazykdan günorta 400-1500 metr ýokarda ýerleşýän bütin tokaýlygy kesip geçip, gündogara sowulýar we Bohaý aýlagyna baryp guýýar. Huanhe derýasynyň akymlary soňky müňýyllygyň içinde birnäçe gezek ýolyny üýtgedipdir, edil şonuň ýaly Bohaý aýlagynyň kenarlary hem üýtgäp durupdyr. Birnäçe müňýyl mundan ozal Huanhe derýasynyň bütin jülgesi tokaý agaçlary basyp, hemişe ýagynly bolupdyr. B. e. öň II müňýyllygyň ortalarynda bu ýerlerde ýyl boýy ýagyn ýagýan wagtlary bolupdyr. B. e. öň IV-II müňyyllyklarda Huanhe derýasynyň orta akymlarynda ulyly-kiçili haýwanlar mesgen tutupdyrlar, ol ýerlerde piller, ýekegapanlar, bambuk alakalary höküm sürüpdirler. Bu ýeriniň iň kän agajynyň biri-de bambuk agaçlary bolupdyr.

Huanhe derýasynyň we onuň şahalarynyň boýlarynyň mes toprakly jülgeleri ilatyň ekerançylyk bilen mesgul bolmagyna ýardam edipdir. Şonuň üçin b. e. öň I müňýyllykda ilat köplenç derýanyň akymlarynyň ýakynynda ýerleşipdipler, Emma ekerançylyk bilen meşgul bolmaklyk adamlary derýalaryň boýunda ýaşamaga çekipdir. Derýalaryň joşmagy adamlaryň ýaşaýyşyna mydama howp salyp durupdyr, emma suw joşgunyna garşy göreşmäge olarda mümkinçilik bolmandyr.

Uly özgerişlikler diňe b. e.öň I müňýyllygyň ortalarynda demriň giň derejede ýaýramagy bilen, gadymy hytaýlylara derýa kenarlaryndan daşarky ýerlere çykmaga we täze ýerleri özleşdirmäge mümkinçilik beripdir. Adamlar oturymlyga geçipdirler we häzirki Demirgazyk Hytaý ýerlerini özleşdiripdirler. Neolit we bürünç döwrüne degişli paleoantrapologiki tapyndylar, bu ýerlerde gündogar mongol

pisint adamlaryň agdyklyk edýändigini subut edýärler. Emma Huanhe derýasynyň kenarynda ýaşaýan ilatyň haýsy dilde gürländikleri, taryhy maglumatlaryň ýoklygy sebäpli häzire çenli belli bolman gelýär. Diňe b. e. öň V-IV müňyyllyklarda Ýanşo medeniýetini döreden iň gadymy sinotibetliler bu ýerdäki gadymy paleoaziýaly ilaty gysyp çykaran we olaryň bir bölegi bilen goşulyşan bolmaklary mümkin diýip çaklamak bolar. Edil şonuň ýaly in taýpalarynyň etniki gelip çykyşlary (b. e. öň II müňýyllykda) hem iň gadymy sinotibetlileriň bir böleginiň günortadaky taýpalar bilen goşulmagy netijesinde emele gelen bolmagy hem mümkin. Has günbatar sinotibetlileriň bir topary çžou taýpalarynyň etniki emele gelmeginde esasy orny tutupdyr. B. e. öň I müňýylykda Huanhe derýasynyň orta akymlarynda inler bilen çžoularyň özara goşulmaklary netijesinde gadymy hytaý etniki halky döräpdir. Olaryň emele gelmeginde paleoaziat (demirgazykda) we austroaziat (günorta-gündogarda) dillerinde gürleýän goňşy taýpalaryň goşulmagy hem täsir edipdir.

**Hytaý taryhynda senenamanyň kesgitlenilişi we döwürlere bölünişi.** Gadymy dünýäniň beýleki ýurtlarynda bolşy ýaly Hytaýda hem senenamanyň bütewi bir ulgamy bolmandyr, şonuň üçin anyk senenamasyny bermeklik käbir kynçylyklary döredipdir. Häzirki zaman barlagçylary In döwletiniň ýykylmagyna getiren çžoularyň basybalyşlaryny dürli-dürli ýyllar bilen belleýärler. Taryhçylaryň birleri bu wakany b. e. öň 1122-nji ýyl bilen bellese, beýlekileri b. e. öň 1066-njy, 1050-nji ýa-da 1027-nji ýyllar bilen belläpdirler. Hytaýda Gadymy Hytaý taryhynyň hakyky senenamasy, ýokary hökümdaryň ýurdy dolandyryp başlamagy bilen, has ynamly maglumatlar esasynda b. e. öň 341-nji ýyldan ýöredilip başlapdyr.

B. e. I asyryndan başlap gadymy hytaýlylar ýyl hasabyny ýöretmek üçin öňki günleri atlandyrmak üçin ulanylýan ýörite altmyş çiklli belligi ulanypdyrlar. Bu hasap Hytaýda häzire

çenli ulanyp gelinýär, bu bolsa wagty ölçemekde uly bir ýalňyşlygyň ýüze çykmagynyň öňüni alypdyr. Emma has irki döwürleriň wagt ölçegini, ýylyny anyklamak üçin alymlar täze usullary, ýagny güniň ýa-da aýyň tutulmagy bolan bolsa, şol wagt bilen kesgitläp bilipdirler.

Hytaý taryh ylmynda Hytaýyň gadymy taryhyny döwürlere bölmeklik nesilşalyklar bilen kesgitlenipdir. Mysal üçin, mifiki "bäş imperatorlar" baradaky eýýamden soň "üç nesilşalyklar" (Sýa, Şan-In we Çžou) berilýär. Däbe görä, Çžou eýýamy iki döwre bölünipdir, ýagny Günbatar Çžou ( b. e. öň XI-VIII asyrlara) we Gündogar Çžou ( b. e. öň VIII-III asyrlara ) bölünip Çunsýu we Çžango döwürleri öz içine alypdyr. B. e. öň III asyrda Sin nesilşalygy Han nesilşalygy bilen çalşylypdyr. Han nesilşalygynyň dolandyran döwri hem ikä, ýagny Gündogar we Günbatar döwürlere bölünipdir. Emma häzirki döwrüň alymlaryny nesilşalyklaryň esasyndaky bölünişik kanagatlandyryp bilmeýar. Şonuň üçin hem arheologiýa ylmynyň taryhy döwürlere bölüş uşulyny almaklyk, ýagny jemgyyetiň ösüş basgançaklary esasynda, öndüriji güýçleriň derejesi we zähmet gurallarynyň ösüş derejesi esasynda bölmeklik has laýyk bolar. Şonuň üçin, "üç nesilşalykdan" öň geçen eýýamy neolit döwrüne geçirip, Şan-in döwrüni bolsa bürünç döwri bilen atlandyrmaklyk ylmy taýdan has dogry bolar. Çunsýu (b. e. öň VI-V asyrlar) döwrüniň ahyrlarynda Gadymy Hytaýda demriň ýaýrap başlaýan döwri bolup, demir eýýamy başlanýar.

Hytaý taryhynyň döwürleşdirmekde, biz üçin esasy tutalga jemgyýetiň sosial-ykdysady ösüşi hasaplanylýar, şonuň üçin Gadymy Hytaý taryhyny bäş döwre bölüp bolar. 1. Ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň dargap başlamagy, synpy jemgyýetiň ýüze çykyp b. e. öň II müňyyllykda gadymy döwletleriň emele gelmegi. 2. Gadymy Hytaý b. e. öň VIII-III asyrlarda. 3. Hytaýda ilkinji merkezleşdirilen – Sin ( b. e. öň 221-207 ýý.) döwletiniň döremegi. 4. Han imperiýasynyň (b. e. öň III-I

asyrlar) agalyk süren ýyllary. 5. B. e. I-III asyrlary öz içine alýan Gadymy Hytaý döwri.

**Gadymy Hytaý taryhynyň çeşmeleri.** Barlagçylaryň elinde Gadymy Hytaý taryhyny öwrenmäge ynamly hem köp sanly ýazuw ýadygärlikleri bar. Bu ýadygärlikler dürli mazmunly taryhy eserler bolup, häzirki günlere çenli saklanyp galypdyr. Olar gadymy Hytaý taryhyny öwrenmek üçin ilkinji we esasy çeşmeler bolup durýarlar.

Ýazuw ýadygärlikleriniň içinde b. e. öň VIII-V asyrlaryň taryhy wakalaryny beýan edýän Ly patyşalygy döwründe düzülen “Çunsýu” ýyl ýazgylarydyr. “Çunsýu” ýylýazgysynyň ýazary gadymy hytaý filosofi Konfusiýa degişlidir. Mazmuny boýunça gadymy hytaý taryhy eseri “Şanşu” ( “Şuszin”) ýylýazgylaryna has ýakyn kitapdyr. Onda hökümdarlaryň we onuň ýakyn adamlarynyň sözlän sözleriniň ýazgysy berilipdir. Emma “Şanşunyň” biziň günlerimize çenli saklanyp galan beýanlarynyň diňe bir bölegi hakyky maglumatlar diýilip hasap edilýär, sebäbi olaryň birnäçe bölümleri giçki ýazylan beýanlardan alnypdyr.

B. e. öň I asyrda diňe bir gadymy Hytaýyň däl, eýsem Gadymy Gündogar ýurtlaryň taryhnamasynyň ösüşine hem täsir eden taryhy işler ýüze çykýar. Olaryň içinde "Syma Sýanyň (b. e. öň 145-90 ýý.) “Taryhy ýazgylary” atly işi Hytaýyň iň gadymy döwürden tä b. e. öň I asyra çenli taryhy beýan edilýär. “Taryhy ýazgylar” bäş bölümden ybarat bolup, onuň üç bölümi ömürbeýanlaryň ýazylyş esasynda ýazylypdyr. Birinji bölüm “Esasy ýazgylar” diýilip atlandyrylýar, onda dürli nesilşalyklaryň hökümdarlarynyň amal eden işleri beýan edilýär. Ikinji bölüm “Nesilden nesle eýelik edýän öýiň taryhy” atlandyrylyp, bu bölümde döwlet emeldarlarynyň iň görnüklileriniň ömürbeýanlary berilýär. Üçünji bölüm hem “Ömürbeýanlar” diýilip atlandyrylyp, onda taryhy şahsyýetleriň terjimehallary berilýär. Syma Sýan öz eserine jemgyýetçilik ýaşaýyşynyň aýratyn taraplaryny, medeniýetini,

ylymda gazanylan üstünlikleri öz içine alýan “Traktat” işini, ýyl hasabynyň meselelerini öz içine alýan “Tablisalar” atly eserini goşup beripdir.

Ikinji bir Hytaý taryhçysy Ban Gu (b. e. 32-92 ýý.) “Hanlaryň taryhy” eserini ýazypdyr. Emma Ban Gunyň eseri Hanlaryň diňe Günbatar Han (b.e. öň 206-njy b. e. 25-nji ýyllar aralygy) döwletiniň taryhyny beýan edipdir. Ban Gun hytaý taryhnamasynda “nesilşalyklaryň taryhyny” ýazmaklygyň ugryny esaslandyrýar.



Tuş gaby. Altyn çalynan bürünç

Hytaýyň gadymy taryhyny arheologiki taýdan öwrenmeklik XX asyryň 50-80-nji ýyllarynda giň gerime eýe bolýar. Geçirilen barlaglar gadymy hytaýyň neolitdan başlap tä Han eýýamyna çenli taryhyny gymmatly maglumatlar bilen baýlaşdyrýar. Hytaýyň irki şäheri bolan Eplitouda geçirilen barlaglar bolsa ýüzine hat ýazylan köp sanly bürünçden ýasalan gaplaryň üstüni açdy. Çanşa şäherinden bolsa b. e. öň III asyryna degişli guburhanadan gadymy adamlaryň eşikleri, hojalyk gurallary, bezegler we sungat eserleri şeýle-de tagtajyklara we ýüpek matalara ýazylan ýazgylar tapyldy. Bu tapyndylar hem hytaýyň gadymy taryhyny öwrenmek üçin esasy çeşmelerdyr.

Hytaý jemgyýetiniň Şan-In döwrüne degişli çeşmelerden (b. e. öň XIV-XI asyrlara degişli) täleý ýazgylary diýilýän ýazgylar hem iň zerurlarydyr. Olar ilkinji gezek Hytaý alymlary tarapyndan 1899-njy ýylda açylýar. Gazuw-barlag işleriniň dowamynda Şan-iniň paýtagty Anýandan hem köp möçberde ýazuw ýadygärlikleri tapylýar. Öz mazmuny boýunça täleý ýazgylary Şan-In döwrüniň sosial we syýasy taryhyny beýan

edýärler. Olar Gadymy Hytaý taryhyny öwrenmekde gymmatly çeşmeler bolup durýarlar.

**Hytaý taryhynyň taryhnamasy.** XX asyryň 20-nji ýyllarynyň ahyrlarynda täze taryhy açyşlaryň bolmagy, Hytaýda hakyky taryh ylmynyň hemme taraplaýyn öwrenilmegine we ösmegine mümkinçilik döretdi.

XX asyryň 40-50-nji ýyllarynda hytaý alymlary tarapyndan Gadymy Hytaý taryhyny sosial-ykdysady taýdan öwrenmegiň meseleleri işlenip düzülýär. Emma "medeni rewolýusiýa" wakalary bu barlaglaryň üstünlikli çözülmegini togtadýar. Diňe 70-nji ýyllaryň ahyrlarynda köp sanly çeşmeleriň çap edilmegi, Gadymy Hytaý taryhy boýunça uniwersitetler üçin okuw kitaplarynyň döredilmegi bu işleriň täzeden başlanmagyna ýol açýar.

Hytaý taryhyny ir wagtdan başlap yzygiderli Ýaponiýada öwrenilip başlanýar. Ýaponiýada bu ugurda iň görnükli hünärmenleriň biri-de Kaýdzuka Sigekidir. Ol Gadymy Hytaý döwletiniň emele gelmegi we ösmegi barada düýpli işi ýazýar. Ýapon taryhçylarynyň uly topary Han döwrüniň sosial-ykdysady gatnaşyklary boýunça birnäçe işleri neşir edýärler.

Hytaý taryhy boýunça Ýewropa alymlary hem gyzyklanypdyrlar. Fransuz alymy E.Şawann XX asyryň başynda Syma Sýanyň "Taryhy ýazgylary" işini terjime etmek bilen meşgul bolýar (ol ony tamamlap bilmändir). Ol Hytaýda bolan döwründe Han döwrüniň daş şekilleri (relýefleri) barada ýygnan we öwrenen maglymatlaryny hem çap edýär. Fransuz alymy A. Maspero hem "Gadymy Hytaý" atly taryhy işini neşir edýär. Bu işler hytaý taryhnamasynyň ösmegine uly itergi berýär.

Russiýada hem Gadymy Hytaýy öwrenmeklik XIX asyryň birinji ýarymyndan baslanýar. Onuň başynda görnükli Hytaýy öwreniji N.Ý. Biçurin durupdyr. Rus barlagçysy Gadymy Hytaýyň taryhy boýunça birnäçe taryhy çeşmeleri terjime edip,

olary ylmy aýlanşyga girizýär. Netijede rus alymlaryna Hytaýyň taryhy bilen meşgullaanmaga mümkinçilik döredýär.

Onuň birinji döwri XX asyryň 20-30-njy ýyllaryna degişli bolup, bu döwürde gadymy Hytaýyň jemgyýetçilik gurluşy baradaky jedellerde, gadymy hytaý jemgyýeti baradaky maglumatlar giň möçberde peýdalanylypdyr. Bu işleriň gowşak tarapy ilkinji çeşmelere ýeterlikli düşünilmänligi bolupdyr.

Ikinji döwri (40-50-nji ýyllar) taryhy oçerkleriň döwri diýilip atlandyylýar. Bu döwür Gadymy Hytaý taryhyndan uniwersitetler üçin umumylaşdyrylan ýörite okuw kitaplarynyň ýazylmagy bilen tapawutlanýar. Şol döwürde hem J. W. Simenowskaýa tarapyndan Gadymy Hytaý taryhyny döwürlere bölmeklik hödürlenýär, netijede bu ugurda sazlaşykly iş alyp barmaklyk  ýola goýulýar.

Rus alymlary tarapyndan 60-njy ýyllardan başlap gadymy hytaý jemgyýetini öwrenmekde ep-esli işler edilýär. Bu döwürde Gadymy Hytaýyň aýry-aýry döwürleri boýunça birnäçe monagrafiki işler ýazylýar. Rus taryhçylary aýratyn hem gadymy ýazuw ýadygärliklerini hytaý dilinden rus diline terjime etmeklige girişýärler. Aýratyn hem Syma Sýanyň köp tomlyk “Taryhy ýazgylarynyň” rus diline geçirilmegi, Hytaý taryhyny öwrenmek üçin mundan beýläk hytaýşynas alymlara uly mümkinçilikleri döredipdir.

## §36. Hytaýda gadymy döwletleriň ýüze çykmagy

**Gadymy Hytaý siwilizasiýasynyň neolitik başlangyçlary.** Gadymy Hytaý siwilizasiyasy neolitik medeniýetiň esasynda b. e. öň V-III müňýyllyklarda Huanhe derýasynyň orta akymlarynda ýüze çykypdyr. Olaryň iň gadymkylarynyň biri hem Ýanşao medeniýetidir. Ýanşao taýpalary Huanhe derýasynyň şahalarynyň biriniň jülgesinde ýerleşip, soňra bolsa günbatar we gündogar taraplara ýaýrapdyrlar, olar uly bolmadyk oturumly ýerlerde, derýa boýlaryna ýakyn ýerlerde

ýaşapdyrlar. Olar itleri we doňuzlary köpeldipdirler. Ýanşaolylar küýzegärçilikde ökde ussa bolupdyrlar, küýzäni ýörite peçlerde bişirip açyk reňkler bilen reňkläpdirler.

B. e. öň III müňýyllygyň ikinji ýarymynda ýanşao medeniýetiniň ýaýramagynda ep-esli öňe gidişlikler bolýar. Reňklenen keramika önümleri kem-kemden ýitip gidýär, onuň ýerini ýörite kürelerde bişirilen çal we gara gap-gaçlar eýeleýär. Bu görnüşli medeniýet  Lunşan medeniýeti atlandyrylyp, ekerançylygyň mundan beýläk ösmegi bilen häsiýetlendirilýär. Daşdan ýasalýan gurallar kämilleşdirilýär, esasan hem has öndürijilikli bolar ýaly pyçaklaryň we oraklaryň dürli görnüşleri ýasalypdyr. Sosial gatnaşyklarda hem özgerişler bolýar. Ilkinji gezek lunşanlaryň mazarlaryndan tapylan ýadygärliklerde deňsizligiň ýüze çykandygynyň alamatlarynyň üsti açylýar.

**B. e. öň II müňýyllykda syýasy taryhy baradaky rowaýatlar.** Biziň günlerimize gelip ýeten “gadymyýýetiň iň kämil hökümdarlary” baradaky rowaýatlara görä, Asman astyndaky döwleti akyldar Ýao dolandyrypdyr. Ol garrandan soň özüniň ornuna örän edenli hem güýçli Şunýany belläpdir. Bu hökümdaryň dolandyran döwründe, Asman astyndaky döwleti suw basar ýaly ýagyn iberilipmiş. Şunýan adamlary suwdan halas etjek adama häkimligi berjekdigini yglan edipdir. Bu işi ýerine ýetirmeklik beýik Ýuýua başardypdyr. Ol derýalaryň akymyny çuňaldypdyr, şondan soň suw deňizlere akypdyr. Şeýdip Ýuýu hökümdar bolupdyr. Ýuýuyň ýerini adata görä başga bir edenli, adamlara özüni aldyran adam geçmän, eýsem Ýuýuyň ogly Si geçipdir. Şundan soň Asman asty döwletinde ýokary häkimlik nesilden nesle, atadan ogla geçmeklik düzgüni girizilipdir. Bu rowaýata görä gadymy Hytaýda saýlawly wezipeleriň, esasan hem hökümdaryň wezipesiniň nesilden nesle geçirilmegi belli bir derejede taryhy wakalarda şöhlelendirilipdir. Si, Beýik Ýuýuň ogly gadymy Sýa Hytaý nesilşalygyny esaslandyran ilkinji hökümdar

hasaplanylýar. Syma Sýanyň “Taryhy ýazgylarynda” bu nesilşalygyň hökümdarlarynyň atlary yzygiderlikde berilýär. Emma ynamly ýazuw çeşmeleriniň ýetmezligi, bu döwürde gadymy Hytaý jemgyýetiniň nähili jemgyýetdigini kesgitlemäge mümkinçilik berenak.

Rowaýata görä, Sýa nesilşalygyň iň soňky hökümdary özüniň gazaplylygy bilen tapawutlanypdyr, şonuň üçin hem oňa tabyn bolan taýpa serdarlarynyň gozgalaň turuzmaklaryna getiripdir. Bu taýpalaryň biriniň serdary- şan (Tan atly) hökümdaryň garşysyna gozgalaň turuzyp ony tagtdan agdarýar we Asman astyndaky patyşalygy öz häkimligine birikdirýär. (Ony Çen Tan, ýagny “Tan dörediji” diýip adyny tutupdyrlar). Ol täze Şan nesilşalygyň ilkinji hökümdary bolup, b. e. öň XVII asyrda ol In nesilşalygy adyny alýar.

Syma Sýanyň berýan maglumatlaryna görä şan taýpasy Orta hytaý düzlüginde ondan-oňa birnäçe gezek süýşüpdirler. Şanlylaryň iň soňky ýerini üýtgeden döwri Pan Gen hökümdaryň döwründe b. e. öň XIV asyrda bolup geçýär. Şanyň tutýan ýerleri häzirki Anýan etrabynyň ýerinde bolupdyr. Bu ýerde ýurdyň paýtagty edilen Beýik Şan şäheri esasandyrylýar. Şan-Iniň ikinji döwri diýilip hasaplanylýan b. e.öň XIV-XI asyrlaryň taryhy barada, biziň döwrimize çenli diňe bir arheologiki maglumatlar gelip ýetmän, eýsem köp sanly epigrafiki çeşmeler hem gelip ýetipdir.

**B. e. ň II müňýyllykda öndüriji güýçleriň ösmegi.** Şan-In döwrüniň maddy medeniýetiniň köp sypatlary, olaryň b. e. öň III müňýyllykda Huanhe derýasynyň kenarlarynda ýaşan neolitik taýpalar bilen ganybir baglanyşygynyň bolandygyny görkezýär. Meňzeşlikler In bilen Lunşanyň keramika önümlerinde-de az däl. Birnäçe asyrlaryň dowamynda ekerançylygy alyp barmakda we obahojalyk gurallaryny ýasamakda hem uly bir özgerişler bolmandyr. B. e. öň II müňýyllygyň ikinji ýarymynda Şan-Inlileriň ekerançylykda ýer agdarýan esasy guraly agaçdan ýasalan iki dişli taýak bolupdyr.

Emma Şan-Inlileriň zamanynda ýetilen üstünlikleriň esasylary: önümçilikde bürünjiň ulanyp baslanmagy, şäherleriň döremegi we hatyň-ýazuwyň ýüze çykmagydyr.

Häzirki wagtda iň gadymy bürünç öndürilýän ýerler (b. e. öň II müňýyllygyň birinji ýarymyna degişli) Erlitou otrumly ýerlerdir. Giçki In döwründe adamlar magdan känlerinden misi köp almaklygyň ugryny bilipdirler. Adamlar mis bilen galaýyny eredip bürünç almagy başarypdyrlar, onuň üçin ýokary hilli toýundan ýörite gaplary ýasapdyrlar. Emma şol döwrüň ýetilen tehniki üstünlikleri, jemgyýetiň esasy önümçiligi bolan ekerançylygyň ösmegine hiç hili täsiri ýetmändir. In zamanynda bürünç esasan iki ýagdaýda ulanylypdyr, birinjiden ondan ýarag ýasalypdyr, ikinjiden däp-dessurlarda gurban edip sadaka berlende gerek boljak küýzeleri ýasamak üçin peýdalanylypdyr.

In döwründe palçykdan diwar galdyrylypdyr, diwarlar uly oturumly obalaryň-senetçileriň jemlenen ýeriniň daşy bilen aýlanypdyr. Irki in döwrüniň paýtagyt şäheriniň daşynyň diwarynyň düýbüniň galyňlygy 6 metre çenli ýetirilipdir. Şeýle galyňlykdaky şäher diwarlary harby söweşler wagtynda ilaty ygtybarly gorap bilipdir. Anýan şäheriniň golaýnda, in patyşalygynyň paýtagtynda geçirilen gazuw-barlag işleri, bu şäheriň ýerinde köp sanly laýdan galdyrylan köşkleriň we ybadathanalaryň gurulanlygynyň üstüni açdy. Bu kuwwatly binalar palçykdan salnan sütünler bilen berkidilip, ol sütünleriň düýbi daş ýa-da bürünç bilen berkidilipdir. Geçirilen kanallar bolsa güýçli ýagyn ýaganda, ýa-da sil gelende suwy akdyrmak üçin peýdalanylypdyr. Şäher diwarynyň çäginde- metal eredýän, süňk kesýän, keramika gap-gaçlary ýasaýan we ş. m. ussahanalar ýerleşipdir.

Şeýlelik bilen, köp sanly hünärmentçilik önümçiligi ýüze çykyp, hünärmentçilik ekerançylykdan bölünip aýrylýar.

Ahyrynda bolsa, hatyň-ýazuwyň ýüze çykmagy bilen jemgyýet ösüşiň täze döwrüne aýak basýar. In ýazuwynyň biziň

döwrümize çenli gelip ýetenleri Gündogar Aziýanyň iň gadymy ýazuw ýadygärlikleri hasaplanylýar. Ol ýazgylar süňklere ýada pyşbaganyň gapaklaryna ýazylypdyr. Emma in zamanynda ýasyja tagtajyklara hat ýazmaklyk hem giňden ýaýrapdyr. In hökümdarynyň köşgünde ýörite "szose"("hat ýazmak üçin ýasyja agaçlary taýýarlaýmak) wezipesi bolupdyr. B. e. öň XIV-XI asyrlara degişli ýazuw belgilerini okamagyň üstüniň açylmagy netijesinde in jemgyýetiniň köp taraplarynyň üsti açylyp başlanýar.

**In eýýamynyň jemgyýeti we döwleti.** Köp görnüşli çeşmeliň öwrenilmegi netijesinde, gadymy Hytaý jemgyýetiniň juda çylşyrymly sosial gurluşyna göz ýetirse bolýar. B. e. öň XIV-XI asyrlarynda jemgyýetiň durmuşy taýdan gatlaklara bölünmegi we synpy gatnaşyklaryň emele gelmegini inleriň adam jaýlamak däpleri hem subut edýär. Inlerde azyndan merhumy jaýlamagyň dört görnüşini belläp bolar, olar daşky görnüşleri bilen, ýagny tutýan ölçegi, ondaky gurallar we ş.m. zatlar bilen has tapawutlanypdyrlar.

Birinji görnüşine Anýanyň ýanyndaky has uly mazarlarda geçirilen gazuw-barlag işleri, mazaryň merkezi böleginiň tutýan möçberi 400-500 kw/m. barabar bolup, onuň çuňlygy 10 metre ýetirilipdir. Ol ýerde daşky mazar ýerleşdirilip, onuň içinde ýene bir mazar goýlupdyr. Mazarda merhum bilen birlikde bürünçden ýasalan gaplar, altyndan ýasalan bezegler, ýaraglar, saz gurallary, ak toýundan ýasalan gaplar goýlupdyr. Mazarlaryň käbirlerinde ata tirkelen arabalar hem gabat gelýär. Şu hili mazarlarda merhumdan başga-da köp sanly adam süňkleri hem gabat gelýär, olar merhumyň hyzmatkärleri ýa-da köşk adamlary bolup, zorluk bilen merhumyň ýanynda jaýlanan bolmaly.

Mazarlaryň ikinji görnüşiniň ölçegi ortaça 20-25 kw/m. bolup, olaryň çuňlugy 5-7 metre ýetipdir. Bu mazarlarda adam süňkleri ýok, emma olaryň ýanynda goýulan goşlar juda baý

hem özüniň dürliligi bilen tapawutlanýarlar. Şu hili mazarlarda bürünçden gaplar, her hili bezegler, ýaraglar goýlupdyr.

Mazarlaryň üçünji görnüşi darajyk gazylyp, merhum oňa zordan ýerleşdirilipdir. Olaryň ýanynda bolsa palçykdan gödensi, timarlanmadyk gaplar, ýa-da zähmet gurallary goýlupdyr. Mazarlaryň dördünji görnüşi jaýlaryň diwarlarynyň aşagynda ýerleşdirilen mazarlardan ybarat bolup, olar uly mazarlaryň ýanynda jaýlanman, olaryň töwereginde, daş ýüzünde ýerleşdirilipdir. Bu mazarlardan tapylan adamlaryň skletlerine görä we olaryň ýerleşdirilişine görä netije çykarylsa, onda bu mazarlarda zorluk bilen öldürilen adamlaryň meýdi, kellesi kesilen ýa-da diriligine gömülen adamlar jaýlanypdyr diýip aýtsa bolar.

Mazarlaryň birinji görnüşinde In hökümdarlary ýa-da olaryň ýakyn garyndaşlary jaýlanypdyr. Olaryň jaýlanyşynda şumerleriň Ur patyşalarynyň mazarlary bilen meňzeşlikler köpdir. Bu mazarlar hökümdarlaryň ilatyň esasy köpçüligine garşy goýulandygyny açyk görkezýär. Baý adamlaryň mazarlary In jemgyýetiniň agalyk edýän gatlagynyň mazarlary bolup, olar özleriniň baýlygyna, jemgyýetde tutýan ornuna, gelip çykyşlaryna görä jaýlanypdyrlar. Özüniň ýönekeýligi boýunça, mazarlarda goýulýan esbaplara görä, şeýle-de mazarlaryň ölçegi boýunça üsti açylan mazarlar erkin jemagat adamlaryna degişli bolupdyr. Iň soňky –dördünji görnüşli mazarlarda bolsa günlükçiler, ýönekeý hyzmatkärler we hukuklary bolmadyk, hat-da gullarça hem bolmadyk adamlar jaýlanypdyr.

Gadymy Hytaý durmuşynda agalyk edýän düşünjeleriň esaslarynyň biri-de “döwletde iň esasy iş gurban etmeklik bilen uruşdyr” diýipdirler. Bularyň ikisi hem in ýazgylarynda ýeterlikli beýan edilipdir. Islendik harby ýörişiň netijesi onuň alyp gelen ýesirleri bilen ölçelipdir. Ýeňiji serkerde dolanyp gelende ýesirleriň giden bir sürisi bilen Beýik Şan şäherine dabaraly ýagdaýda giripdir. Ýörite bilgiç  ýesirleriň soňky

ykbaly bilen baglylykda birnäçe soraglary beripdir. Ol ilki bilen näçe sany ýesir getirildi, haçan, nähili ýagdaýda we onuň geçip giden ata-babalarynyň haýsysy üçin ýesirlerden gurban bermelidigini anyklamaly eken. Dini dabaralaryň geçirilýän wagty ata-babalary üçin bir wagtyň özünde ýüzlerçe adamlary gurban edipdirler. Gurban bermekligiň hem birnäçe görnüşleri bolupdyr, ýagny ýesiriň kellesini kesmeklik, suwa gark etmeklik ýa-da otda ýakmaklyk dessurlary bolupdyr. Bu däp Hytaýda has irki arhaýiki döwürde, ýagny irki synpy jemgyýetde giňden ýaýrapdyr. Heniz ýesir düşen erkek adamlaryň zähmetiniň ähmiýetsiz döwri, olary diri goýmaklygyň özleri üçin howplydygyny bilip, ýesirleriň hemmesini gurban edipdirler. Bürünç ýa-da agaç tagtajyklardaky ýazgylaryň köp wagtlap öwrenilmegi, olardaky beýanlarda adamlaryň heniz durmuşy gatlaklara bölünmändigini görkezýar.

Inleriň syýasy bütewiligini aňladýan alamat, ol hem hökümdar-wan bolupdyr. Onuň çäklendirilmedik häkimligi bolupdyr. In wanlary hemişe adamlaryň içinde özlerini ýeke-täk-Men diýip hasap edipdir. Ol öz ýurdunda islendik adama buýruk berip bilipdir. Wanlaryň özleri koplenç duşman taýplara garşy harby ýörişlere ýölbaşçylyk edipdirler. Eger-de taýpalar wanyň häkimligini ykrar etse, ol taýpalaryň serdaryny dereje bilen sylaglap, olar in birleşigininiň agzalygyna kabul edilipdir. Şondan soň bu taýpa wanyň goldawyna, penakärlik etmegine ynanyp bilipdir. Wandan dereje alan taýpa serdarlary Beýik Şan Şäherine gelip durmaly eken, tölegini iberip, gerek bolan ýagdaýynda öz goşunyny hem iberip durmaly bolupdyr. Wan şeýle-de döwletiň ýokary ruhanysy bolupdyr.

B. e. öň XIII asyryň ikinji ýarymynda wan U Di hökümdaryň dolandyran döwründe In döwletiniň kuwwatly wagty bolupdyr. Onuň döwründe Beýik Şan Şäherinde täze köşkler we ybadathanalar gurlupdyr. U Din In döwletiniň ýerini

ep-esli giňeldipdir. Ol iň kuwwatly hökümdarlaryň biri bolupdyr.

U Din ölenden soň In döwleti gowşap başlapdyr. Inleriň iň soňky hökümdary ýazuw ýadygärliklerinde ahlak taýdan bozuk hökümdar hökmünde görkezilýär. Bu maglumatlar b. e. öň XI asyryň üçünji çärýegine degişli bolup, wakalary tekrarlamaga we taryhy taýdan aklamaga çalyşylandygyny görkezýär. Bu taryhy beýanlar çžoularyň basybalyşlarynyň taryhnamasy hasaplanylýar.

**Çžou döwletiniň döremegi.** Çžou taýpalary baradaky ilkinji maglumatlar In hökümdary U Diniň dolandyran döwründäki epigrafiki ýadygärliklerde berilýär. Bu döwürde çžou taýpalary inleriň syýasy täsirinde bolup, olara tabyn edilen ýerde ýaşapdyrlar. Çžoularyň güýçlenmeginiň ilkinji sebäbi in hökümdary resmi taýdan bu taýpanyň serdaryna we onuň ogluna “çžoularyň hou” (hökümdara garaşly) derejäni beripdir. Şu döwre degişli ilkinji maglumatlarda bolsa, In bilen Çžouyň harby çaknyşyklary barada habar berilýär.

Kem-kemden çžoularyň ýolbaşçylygynda ýurdyň günbatar welaýatlarynda ýerleşen taýplaryň güýçli birleşmesi emele gelip başlaýar. Gündogara tarap harby ýörişi geçirip, U-wan (Urşujy hökümdar) b. e. öň 1027-nji ýylda in goşunlaryny derbi-dagyn edýär. Çžoulylar tiz wagtyň içinde inleriň medeniýetini kabul edýärler, olardan metal eretmegi, bürünç almagy öwrenýärler, basybalyşlyklrdan öň çžoular bürünjiň nähili metaldygyny hem bilmändirler. Indi olar in ussalaryny öz taraplaryna çekipdirler, şonuň üçin çžoularyň ýasan ýaraglary, gap-gaçlary, metaldan ýasalan bezegleri hem inleriň önümlerinden kän tapawut etmändir. Çžoular inlerden goşunda esasy zarba urujy söweş arabalaryny ýasamagy öwrenipdirler. Huanhe derýasynyň boýlarynda, gyrymsy tokaýlarda ýeňil atly arabalaryň öňüni hiç bir zat baglap bilmändir. Bu arabalarda üç esger: arabaçy, arabany sürüji, peýkam oky bilen duşmany

atýan peýkamçy bolupdyr, şeýle-de ýakyn hem orta aralykda söweşýän, naýza bilen uruşýan naýzaçy esgerler bolupdyr.

Çžoular inleriň hat-ýazuwyny hem alypdyrlar. Maglumatlaryň berýän habaryna görä çžoularyň öz haty hem bolupdyr, emma kämilleşmedik bolansan olar inleriň hatyny kabul edipdirler. B. e. öň XI-IX asyrlara degişli çžoularyň epigrafiki ýadygärlikleri inleriň ieroglifikasy esasynda ýazylypdyr, diňe soňra olar azowlak kämilleşdirilipdir.

Inler gutarnykly derbi-dagyn edilenden soň çžoulylar “mülk bermeklik” barada birnäçe çäreleri geçiripdirler. Onuň mazmunyna görä U-wanyň garyndaşlary we ýokary gatlagyň birnäçeleriniň wekilleri, ýerleri onuň ilaty bilen bile alypdyrlar, hem-de alnan mülküň möçberine görä, olar hökümdardan myrasdüşer mulkdar derejesini alypdyrlar. Bulardan başga-da inleriň golasytnada bolan, emma çžoularyň inler bilen uruşýan döwründe çžoulara goldaw beren taýpa serdarlaryna hem mülkler berilipdir. B. e. öň XI asyrda öň bar bolup wan tarapyndan ykrar edilen we täze döredilen mülkleriň umumy sany 200-300-e ýetipdir.

Umuman çžoularyň basybalyşlary döwlet dolanşuk ulgamynda uly bir özgerişlere getirmändir.

**B. e. öň X-VIII asyrlarda sosial-ykdysady gatnaşyklar.** Çžou döwletiniň ähli erkin ilaty bäş sany durmuşy gatlaklara bölünýär. Olar biri-birinden özleriniň gelip çykyş derejeleri esasynda tapawutlanypdyrlar. Gadymy Hytaýda bu mesele, beýleki gadymy gündogar jemgyýetlerine garanda has anyk kesgitlenilip görkezilipdir. Iň ýokarky basgançagy eýeleýän topar hökümdaryň despotik şahsyýety bilen aňladylyp, “adamlaryň içinde ýeke-täk” diýilýän adat esasynda ýöräp, çžou wanlary özlerini şeýle atlandyrmagy dowam etdiripdirler. Ikinji topar myrasdar mülkdarlar(çžuhoular) hasaplanyp, oňa mülkleri nesilden nesle geçip gelýän çžou begleri giripdirler. Üçünji topara urug-taýpa serdarlary giripdirler, olara dafu diýipdirler, olar hem ilatyň esasy bölegini tutup, çžuhoularyň

nesilden nesle geçip gelýän mülk myrasdarlary hasaplanylypdyr. Dördünji topary şiler-uly maşgalalaryň hojalyk başy düzüpdir, olar dürli urug-taýpalaryna (szua) giripdirler. Bäşinji toparyň düzümi ýönekeý ilatdan ybarat durupdyr.

Çžou döwletinde adamlaryň daşky görnüşi, geýinşi, sypaty şol adamynyň haýsy topra degişlidigini, onuň durmuş derejesini kesgitläpdir. “Adamynyň geýýän eşigi onuň derejesine bagly bolupdyr, baýlygy peýdaly ulanmak hem onuň alan sylag-serpaýlaryna, onuň  möçberine, durmuş derejesine görä berilýär diýilip, çžou çeşmelerinde ýazylypdyr. Şonuň üçin adamynyň içýän içgisi bilen iýmiti hem dürli bolupdyr, eşikleriniň reňki, mallarynyň we gullarynyň sany boýunça adamynyň durmuşy, maddy ýagdaýy, jemgyýetdäki orny kesgitlenipdir. Käbir adamlara gaýyk, araba münmek we öý esbaplaryny edinmegi gadagan edýän maglumatlar, gadymy Hytaý ýazgylarynda saklanypdyr. Adamyň ýaşap ýören döwründe kellä geýilýän börükleri-de, eşikleri-de, onuň ýeriniň möçberi-de, ýaşaýan jaýlarynyň ölçegi-de, ony tertibe salmaklykda hem tapawut saklanypdyr. Çžou döwletiniň adat kanunlarynda adam ölenden soň içki we daşky öýüniň ölçeginde hem tapawut saklanypdyr.

Ilatyň gatlaklara bölünmegi olaryň  diňe bir durmuşynda, iýmitinde ýa-da eşiklerinde bolman, eýsem olaryň jaý gurmaklarynda hem berk dereje ölçegi goýlupdyr. “…Wanyň köşgüniň üstüne atylýan pürsleriň ýonulyşy, ýylmanyşy, jaýyň daş bilen örülişine çenli düzgünleşdirilipdr; jaýyň pürsini diňe Çžuhounyň köşgünde ýonmak we ýylmamak bolýan eken; Dafunyň jaýynda pürsi diňe ýonmak” bolýan eken. Edil şonuň ýaly iýmitde hem tapawut saklanypdyr. Wan öküziň, goýnuň we doňuzyň eti bilen iýmitlenmäge haky bolupdyr, Çžuhou-diňe sygyr etini, dafular diňe doňuz etini, şiler diňe balyk bilen oňmaly ekenler. Emma ýönekeý adamlara asla et iýmek gadagan edilipdir.

Jemgyýetiň ýokarky gatlagyna degişliler üçin, onuň dogulyşy barada hem dereje girizilipdir: onda, adamynyň atasy kim, maşgalada ogullarynyň näçinjisi bolup dogulan. Düzgüne görä maşgalanyň uly ogly öz atasynyň derejesini saklap bilipdir, ondan galan oglanlary bolsa, bir basgançak aşaky derejä düşürilipdir.

Wan hususy eýeçilikde iň ýokarky adam hasaplanypdyr, sebäbi hemme adamlar wanyň hyzmatkärleri hasaplanypdyr. Şonuň üçin "wan çžuhou öz hyzmatkäri hasaplapdyr, çžuhou daflary, daflar bolsa şileri öz hyzmatkärleri hasaplapdyrlar". Mysal üçin, Asman asty döwletde ähli ýerleriň eýesi wan çžuohunyň ýokary emeldarlary, döwletiň ýerinden bir bölek ýer berilip, oňa mülkdar edilipdir. Çžuhou hem öz gezeginde, daflara öz ýerleriniň bir bölegine eýelik etmeklik hukugyny beripdir. Daflaryň özleri ýer işlemändirler we ol ýerleri şileriň eýeçiligine beripdirler. Şeýlelik bilen, ähli ýerler ýönekeý garamaýak adamlar tarapyndan işlenipdir. Despotik hökümdar ähli ýerleriň ýeke-täk eýesi bolup, beýleki durmuşy gatlaklaryň ýere bolan eýeçiligi bolmandyr, şonuň üçin häzirki zaman garaýyşynda çžou jemgyýetinde hususy eýeçilik bolmandyr.

## §37. Gadymy Hytaý b. e. öň VIII-III asyrlarda

**Ortahytaý düzlüginde etniki syýasy ýagdaý.** B. e. öň VIII asyryň başlarynda, çžoularyň Huanhe derýasynyň ýokarky akymyndaky etraplarda ýaşaýan žunlar taýpasy bilen çaknyşyklary has güýçlenipdir. Žunlar öz gelip çykyşlary boýunça çžoular bilen garyndaş bolupdyrlar, emma olar öz ýaşaýş ýagdaýlary we hojalygy alyp baryşlary boýunça tapawutlanypdyrlar. Aýgytly çaknyşyklar ýarym çarwa žunlar taýpasy bilen Ýu-wanyň (b. e. öň 781-771 ýý.) dolandyran ýyllarynda bolup geçýär.

B. e. öň 770-nji ýylda ýurdyň paýtagty gündogara, ýagny häzirki Loýan etrabyna geçirilýär. Şol sebäpli, b. e. öň VIII-III asyrlary Gündogar Çžou döwleti diýilip atlandyrýarlar.

B. e.öň VIII asyrda gadymy hytaý çeşmelerinde çarwa di taýpalary birleşip, has kuwwatlanyp uly güýje öwrülýärler, hem-de goňşy taýpalara garşy, esasan hem Huanhe derýasynyň demirgazygyndaky çžuhoularyň mülklerini çapawullap başlaýarlar. B. e. öň VII asyryň başlarynda diler günorta, Huanhe derýasynyň çep kenarynyň orta akymlaryna göçüp başlaýarlar. Soňra bolsa diler Huanhe derýasyny böwsüp, çžuhoularyň mülküne, olaryň paýtagtynyň töweregine çozýarlar.

Şondan soň diler has güýçlenip, olary iň güýçli patyşalyklar hem ykrar etmäge mejbur bolýarlar. Birnäçe hökümdarlar diler bilen ýaran bolmaga, käbirleri bolsa olary öz duşmanlarynyň garşysyna peýdalanmaga çalyşypdyrlar. Mysal üçin, b. e.öň 636-njy ýylda çžoularyň hökümdary Sýan-wan dileri Çžen patyşalygynyň üstüne çozmaga yrmaga çalyşypdyr, emma diler Çženiň tarapynda durup, wanyň goşunlaryny derbi-dagyn edipdirler, wan bolsa wagtlaýynça paýtagty taşlap gaçyp gitmäge mejbur bolýar.

Gadymy Hytaý ilatynyň goňşy halklar bilen gatnaşyklarynýň derejesi barada, taryhy çeşmelerde maglumatlar saklanyp galypdyr. B. e. öň VIII-VII asyrlarda gadymy hytaýlylar özlerini huasýalar bilen (ýa-da çžusýa) bir halkdygyny görkezjek bolup, “warwarlara” garşy göreşipdirler. Huanhe derýasynyň orta akymynda ýerleşýän patyşalyklaryň ilaty garyndaşlyk gatnaşyklary bilen özara baglanyşykly bolupdyrlar. Şonuň üçin, olaryň haýsy hem bolsa biri çžou wanyna garşy çykyş etse, ol huasýa bolman galmandyr. Edil şonuň ýaly “warwarlar” bilen syýasy ýaran bolmaklygy hem olaryň şeýledigini aňlatmandyr. Huasýa bilen “warwarlaryň arasyndaky tapawudy b. e. öň VII asyryň görnükli işgäri Guan-Çžunyň sözlerine görä: “Warwarlar-olar şagallar we

möjeklerdir, olara hiç hili egilşik edilmeli däldir. Çžusýalar-olar garyndaşlardyr, olary agyr günde gözden salmaly däldir!" diýip, olaryň tapawudyny has aýdyň görkezipdir.

Paýtagt gündogra geçirililenden soň wanyň häkimligi gözgörtele gowşap başlapdyr, bu bolsa olaryň mülkleriniň kem-kemden özbaşdak bolmaklaryna alyp barypdyr. Çžou hökümdarynyň mülkleri birden azalýar, onuň bir bölegini goňşy patysalyklar bolan Çžen, Szin we beýlekiler tarapyndan talanan bolsa, onuň käbir etraplary Çu patyşalygy tarapyndan basylyp alynýar. Şeýlelikde wanyň gaznasy boşaýar, öňki gelýän tölegleriň yzygiderli gelmegi bolsa kesilýär. Ahyrynda, Çzou hökümdary aradan çykypdyr, tagt myrasdarynyň adat, däp-dessur boýunça wany jaýlamaga gaznasynda hiç hili serişde galmandyr, şonuň üçin merhum wany jaýlamaklygy 7-ýyl soňa goýupdyrlar.

Çžou hökümdarlarynyň gowşamagyna b. e. öň VII-VI asyrlarda bolup geçen içki agzalalyklar hem sebäp bolupdyr. Wan kähalatlarda häkimligiň nesilden nesle adat boýunça geçmeginiň bozulýan wagtlary, ýurdy tertibe salmaga güýji ýetmänsoň, ol özüne tabyn çžuhoulara kömek sorap ýüz tutmaga mejbur bolýan wagtlary hem az bolmandyr.

Çarwa taýpalaryň Ortahytaý düzlügine çozup girmekleri, wan bilen oňa tabyn hökümdarlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň üýtgemegi, häkimligiň gowşamagy b. e. öň VII asyrda ýüze çykan syýasy ýagdaýlar, döwrüň ykbalynyň gutarnykly çözülmegine alyp getirýär. Netijede, has iri çžuhoularyň biri üstün çykyp, galanlaryny özüne tabyn edýär. Şu maksada ýetmek üçin ýökary galan hökümdar ilki bilen hemmeleriň wana hormat goýmagyny gazanmaly bolupdyr, hem-de "warwarlar tarapyndan abanýan howpy gaýtarmak" üçin, hemme taýpalaryň güýjüniň birleşmegini gazanmaly bolupdyr.

**Gadymy Hytaýda häkimlik ugrundaky göreş.** Ilkinji gadymy hytaý patyşalyklarynyň içinde Ortahytaý düzlüginde, Huanhe derýasynyň aşaky akymlarynda öňe saýlanan patyşalyk

Si bolupdyr. Si hökümdary resmi taýdan b. e. öň 650-nji ýylda hökümdarlaryň (çžuhou) gurultaýynda baş hökümdar diýilip ykrar edilýär.

Si hökümdary aradan çykandan soň Si patyşalygy baş patyşalyk hukugyndan kesilýär. Baş patşalyk derejesini uly patyşalyk bolan Szin eýeleýär. Szin patyşalygynyň iň kuwwatly ýyllary Wen-gunyň (b. e. öň 636-628-nji ýý.) dolandyran ýyllary bolupdyr.

Wen-gunyň özboluşly ykbaly bar. Onuň ejesi žun taýpasyndan bolupdyr Ýaş Wen-gun doganlary bilen bäsleşip öz patyşalygyny taşlap, çarwa dileriň arasyna gaçyp barýar we olaryň arasynda köp ýyllaryny geçirýär. Şeýlelikde, gadymy hytaý birleşen patyşalygynyň başyna, öz gelip çykyşy we terbiýelenişi boýunça, huasýa bolman, eýsem "warwar" geçýär. Wen-gun geljekgi nesliň ýadynda şeýle hem galypdyr. "Ol ýaramaz matadan tikilen köýnekde, goýnuň derisinden tikilen possunda, gylyjyny bolsa ýönekeý guşak bilen baglap gezipdir, emma ol öz häkimligini dört deňiziň arasyndaky ýerlere ýetiripdir"diýilip, taryhy çeşmelerde ýatlanylýar.

B. e. öň VII asyryň ahyrlarynda çarwa dileriň arasynda bölünişik başlanýar. Bu bolsa Szinleriň goşulmagyna bahana bolýar. B. e. öň 594-nji ýylyň ýazynda 8 günlik bolan uruşda dileriň esasy güýçleri derbi-dagyn edilýär. Ýesir düşen çarwalaryň bir bölegi szinleriň goşunyna goşulýar, bir bölegi bolsa gula öwrülýär. Şeýlelik bilen çarwalaryň Huanhe derýasynyň ep-esli ýerinde, çzoularyň paýtagtynyň ýakynynda agalyk etmekleriniň sonuna çykylýar. Indi Szin bilen Çularyň günorta patyşalygynyň arasyndaky bäsdeşlik b. e. öň VII-VI asyryň syýasy taryhynda esasy orny eýeleýär. Öz ýerini Ýanszy we Huanhe derýalarynayň aralygyndaky owunjak patyşalyklaryň hasabyna giňeldip, Çular Ortahytaý düzlügundäki esasy myrasdar mülkdarlaryň durmuşyna gatyşyp başlaýar. B. e.öň VII asyryň ahyrynda Çu hökümdary wan derejesini kabul edýär. Bu bolsa baş patyşalyk ugrunda göreşip

gelýän patyşalyklara garşy açyk göreşi aňladýardy. Çularyň wany Çžouyň baş derejeligini ykrar etmeýän agalyk ediji derejä eýe bolýar. Çular Szin patyşalygyny derbi-dagyn edip, gadymy hytaý patysalyklaryna öz hökümini ýöredip baslaýr. Szinlilere b. e. öň 575-nji ýylda, çärýek asyrdan soň öz bäsdeşlerinden üstün çykmaklyk başardýär.

B. e. öň V asyryň başlarynda öň syýasy waklara gatnaşmadyk, Ýanszy derýasynyň aşaky akymlarynda ornaşan U we Ýue patyşalyklarynyň arasynda häkimlik ugrundaky göreş güýjeýär. Bu ýerleriň ilatynyň esasy köpçüligi “huasýa adamlaryndan” köp derejede tapawutlanypdyrlar. Ularyň we Ýueleriň ilaty öz bedenlerini iňňe bilen her hili bezegleri çekipdirler (tatiriwka) we saçlaryny gysgajyk edip kesipdirler, şeýtmeklik olary gadymy hytaýlylardan tapawutlandyrypdyr. Szin hökümdary çular bilen göreşde goşmaça güýç edinmek üçin U hökümdary bilen ýaran bolýar, olara öz harby maslahatçylaryny ugradýar. Emma şondan soň hem Uyň ilaty olar bilen gury ýerde söweşenden suwda söweşenlerini kem görmän, öz arabalaryny (kolesnisalaryny) suwa sürüpdirler. B. e. öň 493-nji ýylda Uyň hökümdary ýeleri ýeňip, demirgazyga tarap birnäçe ýöriş geçirýär. U hökümdary Su goşunyndan üstün çykyp, Lulary we Sunlary derbi-dagyn edýär we b. e. öň 482-nji ýylda Uyň baş patyşalyk diýilip ykrar etdilmegini gazanýar. Şondan 10 ýyl geçenden soň Ýue öz garşydaşlaryny ýeňip, demirgazykdaky patyşayklaryň köpüsini özüne tabyn edýär. Ýueniň agalygy Çunsýu döwründe tamamlanýar; Şzin patyşalygynyň üç sany Çžao, Weý, Han (b. e. öň 403 ý.) özbaşdak patyşalyklara bölünmegi bilen, gadymy hytaý taryhynyň Çžango (“Uruşýan patyşalyklar”) döwri başlanýar.

**Jemgyýetde durmuşy-ykdysady öňe gidişlikler.** Çžango eýýamy Gadymy Hytaýda güýçli durmusy sarsgynlaryň, jemgyýetyň ýaşaýyşynda düýpli özgerisleriň bolan döwridir. Öndüriji güýçleriň ösmegi, demriň ýaýramagy, ýer agdarmakda kämil gurallaryň ýüze çykmagy, öküziň ekerançylykda güýç

hökmünde ulanylmagy we suwaryş ulgamynyň ösmegi onuň şeýle bolmagynyň esasy sebäpleri bolupdyr. Demir baradaky ilkinji maglumatlar b. e. öň VI asyryň ahyrlarynda gadymy hytaý beýanlarynda berilipdir. “Szoçzuan” ýyl ýazgysynyň habar bemegine görä, Szin patyşalygynda b. e. öň 513-nji ýylda kanun beýanlaryny goýmak üçin demirden gap ýasalypdyr. Has irki demirden ýasalan arheologiki gurallar b. e. öň V asyra degişlidir. B. e. öň IV asyrda bolsa ekerançylykda demirden ýasalan gurallar giňden ulanylyp başlapdyr.

Ekerançylykda öküzleriň ulanylmagy, zähmet öndürijiligini çalt ýokarlandyrypdyr. “Mallar öň ybadathanalarda gurban etmek üçin peýdalanylan bolsa, indi olar ekin meýdanlarynda işledilýär” diýip, gadymy hytaý eseriniň awtory öküziň öndüriji güýçde ähmiýetini belläpdir. Eger-de öňler suw ulgamynda geçirilýän işler diňe suw joşgunynyň öňüni almak üçin geçirilen bolsa, indi ekerançylyk ýerleriniň giňemegi bilen kanallar emeli suwaryş üçin çekilipdir.



Çunsýu döwrüne degişli mazardan tapylan söweş arabalary

B. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda ýere bolan eýeçiligiň täze görnüşleri emele gelip başlapdyr. Hususy eýeçiligiň ýüze çykmagy bilen öňki ýere bolan eýeçilik ulgamy ýatyrlyp, ýeri satyp, satyn almak ýoly bilen adamlar ýersiz galdyrylypdyr. Şunuň esasynda b. e. öň VI asyrda käbir gadymy hytaý patyşalyklarynda salgytlar, öndürilen önüm görnüşinde berilmän, indi salgydyň täze görnüşi, ýagny ýer salgydyna geçilipdir. Syma Sýanyň maglumatlaryna görä, özleşdirilýän ýeriň möçberine görä ilkinji gezek ýer salgydy b. e. öň 594-nji

ýylda Lu patyşalygynda girizilipdir. Soňra şeýle salgytlary Çu we Çžen patyşalyklarynda hem alyp başlapdyrlar.

Hil taýdan hünärmentçilikde-de, söwda-da uly özgerişler bolup geçýär. Çžoular jemgyýetinde b. e. öň I müňýyllygyň baslarynda senetçiler ýönekeý adamlar toparyna goşulypdyrlar. Edil şol ýagdaýa alyş-çalyş bilen meşgullanýan adamlar hem eýe bolupdyrlar. Bu hünärler nesilden nesle geçip gelipdir. “Senetçiniň çagalary senetçi, söwdagäriň çagalary söwdagär, ekerançynyň çagasy ekerançy” bolup galypdyrlar. Demir gurallaryň ýaýramagy, senetçileriň önümleriniň ähmiýetini ýokary galdyrypdyr, käbir hünärment ussalaryň durmuş ýagdaýlarynyň ýokary galmagyna ýardam edipdir. Bu ýagdaýlar senetçilikde we söwda işlerinde, giň möçberde gullaryň zähmetini öndüriji güýç hökmünde ulanmaga ýardam beripdir. Netijede, aşaky gatlaga goşulýan birnäçe senetçileriň we söwdagärleriň, hakykat ýüzünde käbir emeldarlardan has gurply bolmaklaryna getiripdir. Şeýlelik bilen ozaldan gelýän durmuş ulgamynyň düzgünleri bozlup başlaýar.

**B. e. öň VI-III asyrlarda Gadymy Hytaýda aňyýet (ideologiýa) göreşi.** “Emeldar begzada, emma garyp bolup” Asman astyndaky döwleti nähili ýol, nähili usul bilen dolandyryp bolar? diýen sorag, şol döwrüň köp akyldarlaryny pikirlendiripdir. Bu meseläni çözmegiň ýollarynyň dürli-dürli bolmagy hem birnäçe filosofiki mekdepleriň ýüze çykmagyna, döremegine getripdir.

B. e. öň VI asyrlardan başlap, Gadymy Hytaýda filosofiki pikirler ýüze çykyp ösüp başlaýar. Gadymy Hytaý filosoflaryny diňe bir tebigatyň kanunalaýyklygy gyzyklandyrman, eýsem durmuşy-syýasy we durmuşy-etiki meseleleri hem gyzyklandyrypdyr. Şonuň üçin jemgyyet bilen adamlaryň özara gatnaşyklarynyň esasy baglanyşyklaryny ýüze çykarmagy dünýäniň akyldarlaryndan talap edilmegi ýöne ýerden däldi. B. e. öň VI-V asyrlarda bu meseleleri çözmekde, Hytaýda esasan iki sany filosofiki mekdebiň taglymatlarynda, ýagny

konfusiýaçylyk bilen moistleriň arasynda uly tapawudyň bardygy anyklanylýar.

Konfusiýaýaçylyk taglymatyň ýüze çykmagy, diňe bir Gadymy Hytaý aňyýetinde dal, eysem Gündogar Aziýanyň goňşy ýurtlarynyň aňyýet taryhynyň ösmeginde uly ähmiýeti bolupdyr. Konfusiýanyň (b. e. öň Kun Sýu, 551-479 ýý.) ahlak-syýasy taglymatlarynda "rehimdar adam" merkezi mesele bolup durýär. Konfusiýaçylyk üçin baý adamlaryň, bähbit gözleýan, baýlyga kowalaşýanlaryň garaýyşlary ýatdyr. Olara ahlak we borç meselelerini garşy goýup, Konfusiý geçmişiň mahabatlandyrylan döwrüne (tertiplerine) gelmegi öňe sürýär. Gadymy filosofiň garaýyşlaryndaky esasy gapma-garşylyklar solardan hem durýar. Konfusiýaçýlyk düşünjede başgalara rehimdar, hemaýatçy, adalatly (žen), wepadar (çžun), ululara bolan hormat (sýau), adamlaryň özara gatnaşyklaryndaky düzgünleri berjaý etmek (li) ýaly umumy adamzada mahsus gymmatlyklary öňe sürýär. Diňe öz bähbidiňe ymtylmaly dälde hakykata düşünmäge çalyşmagy öňe sürýär (ýönekeý nahar bilen, suw içip oňmaklyk, ýataňda kelläň aşagyna tirsegiňi goýup ýatmak bagytly bolmaklyk dälmi! Beg bolup haram ýol bilen baýlyk edinmek meň üçin buga öwrülip barýan bulutdan başga zat däl) diýip ol ýazýar. Öwrenmek, öwreneniňi bolsa mydam gaýtalap ýörmek hem bagytlylykdyr, diýip ýazsa-da Konfusiýa şol bir wagtyň özünde bolsa geşmişe, ata-babalaň ýaşaýyş durmuşyna dolanyp gelmäge çagyrýar.

Konfusiýa syýasy meseleleri çözende hem döwlet gurluşy bilen maşgala gatnaşygynyň gurluşynda aýratyn bir tapawut goýmaýar. Maşgala agzalarynyň özara gatnaşygyny döwlet gurluşynda ulanmak-da hem, gelýän tertibiň üýtgewsizdigini, ýagny "hökümdar –hökümdar bolmaly, adamlar bolsa onuň raýatlary bolup galmalydyr, ata- atadyr, ogul - oguldyr diýen düşünjeden ugur alyp, Konfusiý olaryň üýtgewsiz galmalydygy baradaky pikiri öňe sürýär.

Emma bu gapmagarşylykly gadymy hytaý jemgyýetynyň meselelerini ikinji bir hytaý akyldary Mo-szy (Mo-Di, b. e. öň V-IV asyrlaryň çatrygy) başgarak çözmäge çalyşýar. Ähli durmuşy horluklar, onuň pikiri boýunça kofusiýançylar tarapayndan wagyz edilýän düşünjäniň umumylaşdyrylmagyndan gelip çykýar diýip, ol belleýär. “Häzirki wagtda, patyşalyklaryň hökümdarlary diňe öz patyşalygyna bolan söýgüni bilýärler, beýleki patyşalyklary bolsa halamaýarlar… Häzirki wagtda maşgala başy hem diňe öz maşgalasyny söýýär, beýleki maşgalalary halamaýarlar…Eger-de adamlaryň arasynda iki taraplaýyn söýgi bolmasa, onda olaryň arasynda gürrüňsiz biri-birine bolan ýigrenç ýüze çykar”. Şonuň üçin, Mo Di Asman astynda hemme zatlary tertibe saljak “ählumuy söýgi” baradaky pikiri öňe sürýär.

Mo Di jemgyýetiň ähli agzasynyň maşgala-garyndaşlyk umumylygyna garşy çykýar, ýagny ol wezipeleriň we ýeňillikleriň myras geçirilmegine düýbünden garşy çykyp ony tankyt edýär. Mo Di “akyldarlara hormat goýmagy” öňe sürüp, myrasdüşer begzadalaryň üstünden düşmegiň peýdaly boljakdygyna ynanýar, ol şonda “ilkibaşdan aşaky derejedäki adam galdyrylsa ol beg bolar, ozalbaşdan garyp-gedaý adam hem beýgelip göterilse ol hem baý bolar” diýen ýörelgeden ugur alýar.

Şol bir wagt-da medeniýete uly ähmiýet berýän konfusiýaçylardan tapawutlylykda, Mo Di medeniýet diňe adamyny eşik, azyk we jaý bilen üpjün etmek üçin gerek, olardan artyk adamlary kanagatlandyrýan zatlar hökman däldir, olar diňe zyýandyr diýip, ol tassyklaýar. Şonuň üçin, Mo Di adamlary maddy baýlyklary döretmekden daşlaşdyrýan, güýmeýän aýdym-sazy gadagan etmegi teklip edýär.

Moistleriň käbir taglymatlaryny b. e. öň IV-III asyr filosoflary kabul edip, “legistleriň” mekdebini döredipdirler. Eger-de konfusiýaçylar adamlaryň özara gatnaşyklaryny tertibe

salýan durmuş-etniki ýagdaýlarynyň gowlanmagynda görseler, legistler onuň esasy çözgüdini kanunda görüpdirler (bu filosofok mekdebiň ady hem şondan gelip şykýar). Diňe kanun adamlary sylaglap ýa-da günäkärläp biler, diňe kanun ýurdy tertibe salyp, bulaşyklaryň öňüni almaga ukyýplydyr diýip, legistler tassyklaýarlar. Legistler kanuny her bir zadyň açary-guraly hasaplaýarlar, şonuň bilen senetçi-ussa öz önümlerini öndürýär. Kanun ilki bilen halky hökümdaryň häkimligine tabyn etmek üçin gerek.

Kanuny ulanmagyň ahyrky maksady, hökümdaryň çäksiz häkimligini üpjün etmekdedir diýip, legistler tassyklapdyrlar.



Konfusiý we Lao-szy. Daşa çekilen şekil.
B. e. öň II asyr

Eger-de konfusiýaçylar geçmişiň arassa tertibine gelmäge çagyran bolsalar, moistler we legistler kem-kemden jemgyýetyň we döwletiň köne ulgamyny ýumurmaga çagyrypdyrlar. Daolar mekdebiniň wekilleri bu meselede aýratyn, özboluşly ýagdaýy eýeläpdirler. Bu filisofiýa mekdebini esaslandyryjy Lao-szy hasaplanýar, emma ol barada ynandyryjy maglumatlar ýeterlikli däldir. Daoizmi esaslandyryjy Lao-szy konfusiýanyň döwürdeşi bolup, ol “Dao we de baradaky traktatyň” (“Daodeszin”) awtory diýilip hasaplanylýar. Bu taglymaty eýerijiler dünýäde hemme zat haýsam bolsa, adamlaryň isleglerinden daşgary bir “ýol” (dao) hereket edýär diýip hasaplapdyrlar. Şonuň üçin, döwlet dolandyrlanda ýalňyşlyk göýbermezligiň iň amatly usuly, öňden kesgitlenen taryhy wakalara hökümdaryň goşulman “hereketsiz” oturmagydyr diýip, daosistler pikir ýöredipdirler.

**Şan Ýanyň özgertmeleri.** B. e. öň IV asyrda gadymy hytaý patyşalyklarynyň köpüsinde durmuşy—syýasy özgerişler geçirilip, olaryň esasy maksady öz möwrütini geçiren jemgyýetçilik gatnaşyklary gutarnykly ýok etmeklige garşy gönükdirilipdir. Bu özgerişleri geçirijiler legistler mekdebiniň wekilleri bolupdyrlar. Olaryň köpüsi durmuşy meseleleri çözmekde, diňe bir öz garaýyşlaryny ylmy taýdan öňe sürmek bolman, eýsem durmuşa geçirmegiň usullaryny işläp düzmäge çalyşypdyrlar.

Sin patyşalygynda özgerişleri amala aşyran Şan-Ýan barada köp sanly maglumatlar, esasan hem Syma Siýanyň "Taryhy ýazgylarynda" we Şan Ýanyňky hasaplanýan "Şanyň hökümdarynyň kitaby" traktadynda saklanypdyr. Gadymy Hytaý patyşalyklarynyň içinde Sin Hytaýyň iň günbatar sebitlerinde ýerleşip, köp wagtlap Ortahytaý düzlüginde baş patyşalyk bolmaga ymtylmadyk döwletdir. Sin ykdysady taýdan gowşak patyşalyk bolup, onuň o diýen güýçli goşuny hem bolmandyr. Şonuň üçin onuň hökümdary döwletiň kuwwatynyň artmagyna getirjek, Şan Ýan tarapyndan hödürlenen özgertmeleri kabul edýär we b. e. öň 539-njy ýylda Şan Ýan tarapyndan taýýarlanan özgerişleri, durmuşa geçirmek üçin ilkinji perman çykarýar. Özgertmelerde döwleti, jemgyýeti bökdeýän esasy meselelere degilipdir. Olarda: 1) ýurduň özara baglanyşykly ilatyny "bäşlik" we "onluk" maşgalalara bölünýän täze dolandyryş ulgamy girizmegi; 2) Ene-atalary bilen bir öýde ýaşap ýören, ikiden köp uly ogullary bolan adamlara temmi bermegi; 3) Gan almaklygy gadan etmegi we harby gullukda bitiren hyzmatlary üçin ýeňillikleri bermegi; 4) Ekerançylyk we dokmaçylyk bilen meşgullanýanlara hemaýat bermegi; 5) Harby gullukda hiç hili hyzmaty bolmadyk myrasdüşer beglere berilýän ýeňillikleri kesmekligi göz öňünde tutulypdyr.

Siniň ikinji bir özgertmeleri b. e. öň 350-nji ýyla degişlidir. Bu döwürde Şan-Ýanyň Sin döwletinde ýurdy adminisratiw

taýdan welaýatlara bölmek boýunça özgerişler geçirilýär; Özgerişlere görä, Sin patyşalygynyň ýaşaýjylaryna ýeri erkin satmaga we satyn almaga ygtyýar berilýär; şeýle-de ýurtda ýeke-täk bir ölçeg we ýeke-täk agram birligi girizilýär.

Ýeri satmak we satyn almaklyga ygtyýar berilmegi, myrasdüşer beglere berilýän ýeňillikleriň ýatyrylmagy, uly maşgalalaryň zorluk bilen bölünmegi, dolandyryş ulgamynda ýurdy welaýatlara bölmeklik ýaly gecirilen özgertmeler, aňyrdan gelýän köne sosial-durmuşy basgançaga-ierarhiýa aýgytly urgy bolýar. Bularyň ýerine Şan Ýan dereje (rang) ulgamyny girizýär, onda myrasdüşer beglere myras hukugy esasynda dereje berilmän, eýsem döwletiň öňünde harby gullugykda bitiren işleri üçin dereje bermeklik girizilýär. Soňra, wagtyň geçmegi bilen derejäni pul berip almaklyk hem girizilipdir.

Şan Ýan bu özgertmeleri üçin başyny gurban eden hem bolsa, onuň özgertmeleri durmuşa geçirilipdir. Özgertmeler Sin patyşalygynyň diňe bir kuwwatlanmagyna we Gadymy Hytaý döwletleriniň içinde öňde baryjy döwlete öwrülmegine ýardam etmän, eýsem bütin gadymyhytaý jemgyýetiniň ösmeginde hem uly ähmiýete eýe bolýar.

Şan Ýanyň özgertmeleri jemgyýetiň islegini, onuň yzygiderli, endygan ösmegine ýardam edýär. Ol esasan hem köneden gelýän myrasdüşer begleriň kuwwatyny syndyryp, olara uly zarba urýar. Şeýle-de, mundan beýläk baýlyga eýe bolan jemgyýetiň islendik agzasy, jemgyýetde döwlet wezipelerine ýetmäge mümkincilik alýar. B. e. öň IV asyryň özgertmeleri hususy eýeçiligiň we haryt-pul gatnaşyklarynyň mundan beýläk ösmegine uly badalga bolýar. Oba hojalygynda esasy köpçüligini ekerançylar eýeläp, olar hem bu özgertmelerden soň ownuk ýer eýelerine öwrülipdirler. Şan Ýanyň özgertmeleri gulçulygyň ösmegine hem itergi beripdir.

## §38. Hytaýda ilkinji merkezleşdirilen döwlet- Sin imperiýasy (b. e. öň 221-207 ýý.)

**Gadymy Hytaý patyşalyklarynyň birleşmeginiň sebäpleri. Ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi.** B. e. öň IV asyrda kem-kemden bütewi gadymy hytaý döwletiniň döremegi üçin syýasy-ykdysady mümkinçilikler emele gelip başlaýar. Ýurduň içindäki agzalalyklary ýeňip geçip, bütewi hytaý döwletini döretmegiň we bir hökümdaryň golastyna birleşmekligiň zerurlygy ýüze çykýar.

Gadymy hytaýda ownuk patyşalyklaryň birleşmekleri üçin, haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi, aýry-aýry patyşalyklaryň arasynda hojalyk baglanyşygynyň ýola goýulmagy ilkinji mümkinçilikleri döredipdir.

B. e. öň IV-III asyrlarda hususy eýeçiligiň we haryt hojalyklarynyň ösüşini aňladýan metaldan teňňeler giňden ýaýrap başlaýar. Şunuň bilen birlik-de serhetleri käbir patyşalyklar bilen çäkleşmedik birnäçe has uly sebitlerde özakymyna teňňeleri zikgelemeklik ýüze çykyp başlaýar. Emma patyşalyklaryň arasynda gümrükhanalaryň girizilmegi bolsa aýry-aýry patyşalyklaryň arasynda söwda gatnaşyklarynyň ösmegini bökdäpdir.

Syýasy dagynyklygy ýeňip geçmekligiň esasy sebäpleriniň biri-de gadymy hytaýlylaryň etniki birleşmeleri bolupdyr. Netijede b. e. öň VII-VI asyrlarda Ortahytaý düzlügunde ornaşan “wagşy” taýpalarynyň ýerli halklar bilen goşulyşmaklary huasýa taýpalarynyň pikirlenmeklerine, olaryň eýeläp otran ýerleriniň Asman astynyň merkezinde ýerleşýändigine gözlerini ýetirmeklerine getirýär. Şeýle pikir ýöretmeklik gadymyýetde köp halklarda giňden ýaýrapdyr; Gadymy Hytaýda bu pikiriň daşynda dünýäniň dört künjeginiň “wagşylary” ýaşaýan “Orta patyşalyk” baradaky garaýyşyň-konsepsiýanyň ýüze çykmagyna getiripdir. Çžango döwrüniň

başynda  Çu, Sin, Ýan ýaly patysalyklar heniz “Ortalyk” patyşalyklara goşulmandyrlar. Emma gadymy hytaýlylaryň etniki birleşmesiniň güýçlenmegi, olaryň medeniýetinde hem umumylygyň emele gelmegine getirýär we Gadymy Hytaýyň esasy patyşalyklaryna ýaýraýar. Şeýlelikde bolsa, köp sanly şiwe dilleriniň saklanmagyna garamazdan gadymy hytaý edebi dili emele gelýär.

Gadymy hytaý patyşalyklarynyň birleşmegi, şol döwriň syýasy ýagdaýy talap edipdir we amala aşyrylypdyr. Ownuk patyşalyklaryň bir-birini duşman hasaplap, ýok etmäge bolan meýilleri mundan beýläk güýçlenipdir. Şeýlelikde özara uruşlaryň netijesinde garaşsyz patyşalyklar azalyp, iri patyşalyklar emele gelip başlaýar. Öz goňşusynyň garşysyna göreşde goşmaça güýç edinmek üçin, ýurdy birleşdirmekde baş bolmaga synanyşýan hökümdarlaryň köpüsi uzakda ýerleşýän patyşalyklary özlerine ýaran edinmäge çalyşypdyrlar. Şeýlelikde “ýokardan aşak” Çžao we Çu harby bileleşigi hem-de “keseligine” Sin we Si bileleşigi emele gelýär. B.e. öň 288-nji ýylda gazanylan ylalaşyga görä, Sin we Si hökümdarlary öz duşmanlaryndan üstün çykanlaryndan soň, Hytaýy özaralarynda paýlaşmagy meýilleşdiripdirler. Sin hökümdary “Günbataryň imperatory” Si bolsa “Gündogaryň imperatory“ bolmaly diýilip ylalaşyk gazanylypdyr.

Birnäçe wagtlap Çu patyşalygy uly üstünlikleri gazanýar. Ol birnäçe ownuk  we orta patyşalyklary (Ýue, Ju we beýlekileri) derbi-dagyn edip, öz ýerlerini ep-esli giňeldýär. B. e. öň 246-njy ýylda Sin patyşalygynyň tagtyna 13 ýaşly In Çžen geçýär. B. e. öň 238-nji ýylda ol dildüwüşikleriň hemmesini basyp ýatrýar we öz häkimligini berkidýär. Tiz wagtdan soň In Çžen öz goňşularynyň garşysyna aýgytly harby hereketlere başlaýar. B. e. öň 230-njy ýylda Sin patyşalygy Han patyşalygyny ýeňilişe sezewar edip, onuň ähli ýerlerini basyp alýar. B. e. öň 228-221-nji ýyllarda bolsa, beýleki patyşalyklar (

Çžao, Weý, Çu, Si, Ýan.) hem derbi-dagyn edilýär. B. e. öň 221-nji ýyla çenli ýurdy birleşdirmeklik doly tamamlanýar.

**Merkezleşdirilen döwletiň emele gelmegi. Sin imperiýasy.** In Çžen “Ilkinji imperator Sin Şihuan” derejesini kabul edip, Sin nesilşalygyny esaslandyrýar. Hem-de dabaraly ýagdaýda “Biziň nesillerimiz özlerini yzygiderli tagt myrasdüşeri-Erşi (“Ikinji”), Sanşi (“Üçünji”), tä on müňlerçe nesiller tükenüksiz dowam etdirerler” diýip , In Çžen yglan edýär.

Emma Sin Şihuana bu arzuwna ýetmek miýesser etmeýär: onuň döreden imperiýasy bary ýogy 14 ýyl ýaşap, halk gozgalaňynyň netijesinde ýykylýar. Muňa garamazdan on-on bäş ýyl ýaşan Sin imperiýasy Hytaý taryhynda uly bir eýýamy tutýar. Sebäbi şol döwürde döredilen merkezleşdirilen despotik döwlet, soňraky Hytaýyň gadymy we orta asyr imperatorçylyk döwletleriniň esaslary bolup hyzmat edipdir.

Alty sany patyşalygy derbi-dagyn edip, ýurdyň ýerlerini birleşdirmeklik bütewi döwletiň döredilmeginiň diňe ilkinji ädimi bolýar. Sin Şihuanyň bu ugurda geçiren çäreleri ilki bilen ýurdyň syýasy we ykdysady dagynyklygynyň soňuna çykmaklyga gönükdirilipdi, şonuň üçin bu çäreleriň Hytaý taryhynda tutýan orny uly bolupdy.

Ilki bilen ýurt 36 sany iri welaýatlara bölünip, olar öňki geografiki ýerleşişine gabat gelmez ýaly, öňki patyşalyklaryň çäkleri bilen birleşmez ýaly geçirlýär. Her welaýat etraplara, öz gezeginde olar hem jemagatlardan durýan obalara bölünýärler.

Welaýatlaryň başynda imperatorlar tarapyndan bellenilýän häkimler oturupdyrlar. Her bir ýerli häkimleriň ýanynda welaýat dolandyryş edarasy döredilip, oňa merkezi dolandyryş ulgamyna tabyn edilen emeldarlar girizilipdir. Welaýatlarda ikinji derejeli, wezipeli adam goşun serkerdesi bolupdyr, onuň esgerleri welaýatyň ýerlerinde ýerleşipdir. Harby serkerdäniň iş haky hem welaýat häkiminiň iş haky ýaly bolup, onuň wezipesiniň ýokary derejeligini görkezipdir. Welaýat häkimleri

etrap häkimlerini we olaryň orunbasarlaryny belläpdirler. Döwletiň aşaky dolandyryş ulgamynyň häkimligi, saýlawly ýaşulular geňeşine degişli bolupdyr. Şeýlelik bilen, Sin imperiýasynda täze dolandyryş ulgamy döredilip, jemagat dolandyryş ulgamy hem saklanypdyr.

Nesilşalygyň doly hukukly hökümdary imperator bolupdyr. Diňe imperator iň ýokary derejede özüni “Biz” diýip atlandyryp bilipdir. Imperatoryň ähli permanlarynyň amala aşyrylmagyna gönüden-göni jogap berýän iki sany maslahatçylary bolupdyr. Maslahatçylara merkezi dolandyryş edaralary tabyn edilipdir.

Harby ulgama imperiýanyň ähli goşunynyň serkerde başysy ýolbaşçylyk edipdir. Oňa welaýat harby edaralarynyň serkerdeleri tabyn edilipdir. Şeýle-de merkezi döwlet dolandyryş ulgamynda kazyýet we maliýa edaralary bolupdyr. Merkezi döwlet edarasynda imperatora we onuň maşgalasyna hyzmat edýän ýörite edara işläpdir.

Aýratyn edaralaryň emeldarlary döwlet arhiwiniň saklanylyşyna gözegçilik edipdir, şeýle-de welaýatlaryň üstünden gözegçilik edilipdir. Şolaryň üsti bilen imperator ýerli dolandyryş edaralarynyň işgärleriniň öz işlerini näderejede ýerine ýetrişlerine gözegçilik edip bilipdir.



Sin-Şi-huanyň palçykdan ýasalan esgerleriniň gonamçylygy üstüniň açylan

Döwlet dolan dyryş ulgamynda özgerişleri geçirmek bilen, Sin Şihuan döwleti berkitmek üçin başga-da birnäçe çäreleri geçirýär. Olaryň içinde ýurt boýunça ýeke-täk bir kanunyň girizilmegidir. Sin döwrüniň jenaýat hakyndaky kanunlarynyň esasynda (günäkäriň geljekde tertip-düzgüni bozmajaklygyna

kimem bolsa biri jogap bermeli, howandarlyk etmeli” diýen düzgün ýatyrylypdyr. Bu kanun ilkinji gezek heniz Şan Ýan tarapyndan amala aşyrylypdyr. Emma Sin imperiýasynda jogap beriji-howandarlyk wezipesi “bäşlik” ya-da “onluk toparyna” ýüklenmän, eýsem maşgala agzalarynyň üstüne ýüklenipdir. Onda, “Eger-de maşgalanyň bir agzasy jenaýat etse onda bütin maşgala günäkärlige çekilýär” diýilip ýazylypdyr. Şeýlelikde, Sin imperiýasynda garyndaşlaryň biriniň günäsi üçin, bütin bir maşgala döwlet gulçulygyna öwrülmeli bolupdyr. Emma howandarlyk etmeklik wezipesi diňe garamaýak adamlara degişli bolupdyr.

Adamlary günäsi üçin jezalandymaklyk baradaky düzgün juda elhenç jezalar bolup, olar Şan Ýanyň kanunlaryndan alnypdyr. Ölüm jezasynyň dürli görnüşleri ulanylypdyr: günäkäri dörde parçalamak, ikä bölmek, kellesini almak, bogup öldürmek, diriligine gömmek, gazanda gaýnatmak, endamyna temen kakmak ýaly aýlganç jezalar ulanylypdyr. Ölüm jezasy gylýal ogurlany üçin hem berlipdir. Bulardan başga-da ýeňil jezalar hem ulanylypdyr: dizçanagyny aýrmak, burnuny kesmek, biçmek, dabanynyň aşagyna urmak, şeýle hem günäkärleneni sürgün hem edip bilipdirler.

Sin Şihuan özüniň dolandyran ilkinji ýyllarynda pul, ölçeg, agram biriligi baradaky özgertmelerini geçiripdir. Ol şeýle hem hat-ýazuwda özgerişleri girizipdir. Ýeke-täk ölçeg we agram ulgamynyň girizilmegi ilki bilen ilata salgyt salmak üçin gerek bolupdyr. Pul özgetmesi hem şol maksat bilen geçirilipdir, sinlere degişli däl pullaryň hemme görnüşleri aýlanşykdan aýrylypdyr. Sin Şihuanyň bu çäreleri ýurdyň hemme welaýatlary bilen hemişelik ykdysady gatnaşyklara bökdenç berýän ähli päsgelçilikleri ýok edipdir.

**Sin Şihuanyň daşary syýasaty.** B. e. öň V asyryň ahyrlarynda IV asyryň başlarynda häzirki Içerki Mongoliýanyň tokaý-sähra zolagynda gadymy hytaýlylaryň sýunnu diýip atlandyrýan çarwa taýpalary birleşip başlapdyrlar. Içki

özgerişleri tamamlap Sin Şihuan sýunnulara garşy harby herekete başlaýar. B. e. öň 215-nji ýylda 300-müň goşun bilen sýunnulara garşy urşa başlap ol uly ýeňiş gazanýar. Bir ýyldan soň sin goşunlaryna Huanhe derýasynyň demirgazyk kenarlarynda berkemeklik başardýar. Bu ýörişleriň netijesinde Çžao patyşalygy tarapyndan gurlan köne diwaryň ugry bilen serhet dikeldilýär. Şondan soň Sin Şihuan çarwalaryň çozuşyndan serhediň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin, Beýik diwary galdyrmak barada karar kabul edýär. Ol täze birikdirilen ýerlere ýurdyň içki etraplarynyň ýaşaýjylaryny göçürip getirýär. Beýik diwaryň boýunda 44 sany täze etraplary döredýär. Köp ýyllardan soň, bu ýerlerik syýahat etmäge gelen Syma Syýan bu Beýik diwarda bolupdyr. Ol garamaýak adamlar tarapyndan gurulan bu ägirt uly gurluşyga haýran galyp: “Daglary ýykypdyrlar, jülgeleri gömüpdirler, diwar salmak üçin göni ýollary açypdyrlar. Olar ýönekeý adamlaryň zähmetine gör nähili arzanjak baha beripdirler!”diýip, ol ýazypdyr.

Sýunnulara garşy baslanan ýöriş üstünlikli tamamlanandan soň imperator günorta-gündogar deňiz sebitlerinde ýaşaýan ýue taýpalaryna garşy basybalyjylykly urşa başlamagy karar edýär. B. e. öň 214-nji yylda başlanan uruş ummasyz uly gaýratlylygy we köp mukdarda harajat talap edipdir. Urşuň başynda sin goşunlary uly ýeňilşiklere sezewar bolýär. Sin esgerleri tropiki tokoýlarda gitmeli ugurlaryny hem kesgitläp bilmändirler, ýerli ýaşaýjylar yzyny üzmän olaryň üstüne çozupdyrlar, goşun ýokanç kesel bilen keselläpdir, şeýlelikde “üç ýyl urşuň dowamynda sin esgerleri mydama howp astynda bolupdyrlar”.

Sin Şihuan uruş üçin goşmaça goşun jemlemeli bolupdyr. Basybalyjylaryň goşuny ägirt uly ýitgileriň netijesinde dag gerişlerinden geçipdirler we ýue-Nanýue (Namwet) we Aulak döwletleriniň ýerlerini basyp alypdyrlar. Basylyp alnan ýerlerde bolsa täze welaýatlary döredipdirler. Emma bu ýerleriň

imperiýa birleşdirilmegi, doly garaşly bolmadyk (nominal) ýagdaýda bolupdyr

**B. e. öň III asyryň ahyrynda durmuşy hem syýasy gapma-garşylyklaryň ýitileşmegi we halk uruşlary.** B. e. öň 227-nji ýylda haçan-da geljekgi Sin Şihuan, alty patyşalygy basybalmagy meýilleşdirýän wagty onuň janyna kast edilýär, emma tötänlilikde bagt guşy uçup, oňa ölmän galmaklyk başardýar. Ýurt birleşdirilip üç ýyl geçenden soň, b. e. öň 218-nji yylda onuň janyna ýene-de kast edilýär, emma ol ýene-de halas bolýar. Sin Şihuanyň janyna b. e. öň 216-njy ýylda hem kast edilýär. Şonuň üçin ol ömrüniň ahyrlaryna çenli öz adamlaryna müňkür bolup geçipdir. B. e. öň 212-nji ýyldan başlap ol özüniň köp sanly köşkleriniň hiç birinde-de uzak bolmandyr, mydama öz bolýan ýerini üýtgedipdir, ony hat-da köşgüň ýokary emeldarlaryna hem duýdurmandyr. Şihuan özünden närazy bolanlary rehimsizlik bilen jezalandyrypdyr, ol konfusiýaçylary ýurtda topalkaňçylygy wagyz etmekde aýyplap, olaryň 400-ni diriligine gömdüripdir.



Keramikadan edilen köşk goraýjy esger.

Goňşulary bilen alnyp barylýan uruşlar, äpet uly gurluşyklar (şol sanda köp möçberdäki imperatoryň köşkleri) gaznanyň boşamagyna we goşmaça girdejini tapmaga hökümdary mejbur edipdir. Sin Şihuanyň döwründe daýhanlara salynýan salgytlar birden artdyrylypdyr; olara ýer salgydy hasylyň 2/3 bölegine çenli köpeldilipdir. Galyberse-de daýhan maşgalalarynyň ýetişen çagalary ulanandan soň goşunda gulluk etmäge ýa-da Beýik diwar gurluşygyna gitmeli bolupdyrlar. Şonuň üçin daýhan maşgalada ogul bolanyndan

bolmanyny kem görmändir. Emma döwletiň alyp barýan syýasatyndan närazy bolan halky, heniz geçmişdäki tertibi dikeltmekden el çekmedik hukuklary çäklendirilen mirasdüşer emeldarlarlaryň wekilleri peýdalanmaga ymtylyp başlapdyrlar. B. e. öň 210-njy ýylda Sin Şihuanyň ölümi bolsa bu bişen krizisi tizleşdiripdir.

Sin imperiýasyny ilkinji sarsdyran itergileriň biri hem garyplaryň gozgalaňy bolupdyr. Çu patyşalygynyň ýaşaýjylary gozgalaňa başlap “Beýik Çu dikelderis!” diýen şygary öňe sürüpdirler. Şäherleri yzly yzyna basyp alyp, olar sin emeldarlaryndan öç alypdyrlar. Gozgalaňçylaryň tarapyna hökümetiň goşun bölümleri hem geçip başlapdyr. Ýerli jemagat ýaşululary gozgalaňçylaryň biriniň ýolbaşçysyny patyşa saýlapdyrlar. Şunuň bilen halk urşunyň birinji döwri (b.e. öň 209-208 ýý.) tamamlanýar.



Beýik Hytaý dywary

Urşuň ikinji döwründe gozgalaňçylaryň sosial düzüminde hem we olaryň ýolbaşçylarynyň düzüminde hem belli bir derejede üýtgeşikler bolup geçýär. Gozgalaňcylara ýolbaşçylyk etmäge gozgalaňa goşulan köne mirasdüşer emeldarlar geçip

başalapdyr, olar öňki düzgünleri dikeltmek üçin halkyň çykyşyny peýdalanmaga çalyşypdyrlar.

Sinlere garşy hereket edýän goşunyň bir bölegine ownuk emeldarlardan bolan Lýu Ban ýolbaşçylyk edip başlaýar B. e. öň 207-nji ýylda onuň goşuny imperiýanyň paýtagtyna-Sýanýana barýan esasy geçelgeleri eýeleýär, soňra bolsa hökümet goşunyny derbi-dagyn edip paýtagty basyp alýar.

**Çu bilen Hanyň arasyndaky göreş**. Sinlere garşy turan gozgalaň üsrünlikli tamamlanypdyr. Onuň ýerleri iri gozgalaňçy goşun bölümleriniň serdarlary tarapyndan eýelenipdir. Lýu Ban "Hanyň wany" derejäni kabul edýär, ikinji bir gozgalaňçy goşun bölüminiň ýolbaşçýsy bolsa "Çunyň wany" derejäni kabul edýär. Emma bu iki ýaranlaryň arasynda tiz wagtdan gazaply uruş başlanýar.

Ilki başlarda Sýan Ýuýyň goşuny onuň duşmanynyň goşunyndan ep-esli köp bolupdyr. Emma Lýu Ban halk köpçüligini öz tarapyna çekmek üçin, ýerli beglere we emeldarlara uly hormat goýup başlapdyr, emma ol goşunda berk tertip düzgüni girizip, halka azar berip zorluk edenleri berk jezalandyrypdyr, eden-etdiliklere ýol bermändir. Emma Lýu Banyň duşmany Sýan Ýuý onuň tersine, diňe bir ýesir düşen esgerleri birehimlik bilen jezalandyrman, eýsem garşylyk görkezen şäherleriň ilatyny hem berk jezalandyrypdyr. Şeýlelikde, Lýu Banyň tarapyna gozgalaňçy goşun bölümleriniň serkerdeleri geçip başlapdyrlar. B .e. öň 202-nji ýylyň ýanwarynda Lýu Ban aýgytly ýeňiş gazanýar.

Lýu Ban täze Han nesilşalygy döwletiniň dörändigini yglan edýär, özi bolsa imperator Gao- szu derejäni kabul edýär. Hytaý taryh ylmynda bu nesilşalygyň döreýişi iki hili senelenýär, birinjisi Lýu Banyň "Çuyň wanyndan" üstün çykan 202-nji ýyl bilen, ikinjisi bolsa b. e. öň 206-njy ýyl bilen senelenýär, ýagny Lýu Banyň "Hanyň wany" derejäni alan ýyly bilen senelenýär. Umuman Sin imperiýasynyň ýykylmagy bilen ýurdyň az

wagtlyk dagynyk döwri tamamlanýar. Şeýlelik bilen Gadymy Hytaýyň ýerinde Han imperiýasy emele gelýär.

## §39. Han imperiýasy b. e. öň III-b. e. I asyrlarynda

**Ilkinji han imperatorlarynyň içerki syýasaty.** Gao-szuyň yza goýulmasyz işleriniň biri-de ýurdyň ykdysadyýetini dikeltmeklik bolupdyr. Sin Şihuanyň alyp baran uruşlary, gozgalaňlar we sin häkimleriniň jeza beriji goşun bölümleriniň hereketi, ahyrynda bolsa tagt üstünde alnyp barylan bäş ýyllyk tozduryjy uruşlar, ýurdyň hojalygyna uly zyýan ýetiripdi. Suw ulgamlary weýran edilipdi, iň hasylly etraplar işlenilmän, ekin meýdanlary azalypdy. Ýüz müňlerçe ilat uruş bilen heläk bolupdy, ondan hem köp ilat bu bulaşyk ýagdaýdan sypmak üçin hojalyklaryny taşlap tokaýlara gaçyp gidipdiler. Gao-szu Sýuýn şäherinden geçende geň galyp: “Inhä saňa welaýat!” Men ýurdyň hemme ýerlerinde boldym, emma diňe Loýanda köp adam gördüm!” diýip, ol ýazypdyr. Ýöne şol wagtlar Sýuýda hem bary ýogy 5 müň hojalyk bar eken, emma bu uruşlardan öň ol şäherde 30 müň hojalyk ýaşaýar eken.

Bu ýagdaýdan çykmagyň ýeke-täk ýoluny Gao-szu aşaky gatlaga egilşik edip, olaryň salgytlaryny ýeňletmeklikde görýär. Täze imperator özüniň ilkinji beren permanlarynda welýat merkezine özi bilen bile gelen we şu ýerlerde galmak isleýän esgerlere ýer bölüp bermegi we 12 ýyllap zähmet borçlulykdan boşatmaklygy girizýär. Zähmet borçlulykdan täze çagalary bolan maşgalalar hem boşadylypdyr. Öz şäherlerini we obalaryny taşlap giden ýaşaýjylaryň hem ýerleri we jaýlary gaýtarylyp berilipdir. Ýer salgydy hem has azaldylypdyr, indi adamlar hasylyň 1/15-den bir bölegini bermäge borçly edilipdir. Gao-szunyň oruntutarlary döwründe hem ýer salgydy öňkisi ýaly saklanypdyr, tebigy betbagytçylyklar bolan ýagdaýynda bolsa (syl alsa) salgyt asla alynmandyr.

B. e. öň II asyryň ilkinji onýyllyklarynda esasy meseleleriň ýene biri, ol hem ýurdy dolandyrmaklyk meselesi bolupdyr. Gao-szu bütewi döwletiň başynda bolmagy arzuw edip, agdarylan Sin imperiýasynyň dolandyryş ulgamyny doly ornaşdyrasy gelmändir. Oňki patyşalyklaryň ýerlerinde ornaşan has uly harby serkerdeleriň ýedisine wan derejesini beripdir, olaryň iz ýany bilen Gao-szunyň egindeşleriniň 130-na hemişelik myras ýarleri berlip, olar hou diýilip atlandyrylypdyr. Şeýlelik bilen Sin imperiýasy tarapyndan döredilen welaýatlar we etraplar imperiýanyň ýerleriniň bir böleginde dikeldilipdir. Gao-szu birnäçe ylalaşyklara gidip Sinlara garşy göreşen harby serkerdeleriň arasyndaky gapma-garşylyklary gowşadypdyr we ýurdyň bütewiligini saklamagy gazanypdyr. Bir tarapdan Sinler tarapyndan döredilen merkezi döwlet ulgamy dikeldilýär, ikinji tarapdan her bir myrasdar mülk eýeleriniň ýerleri bütin ýurdyň ýeriniň ýarsyna çenli tutup, olaryň öz ýerli dolandyryş edaralary bolupdyr. Wanlar (baş ministrden öňňesini ) ýerli emeldarlary aýryp hem belläp bilipdirler, halkdan salgyt ýygnamaga hukuklary bolupdyr, borçlaryň islendik görnüşini öz isleglerine görä girizip bilipdirler.

Gao-szu (b. e. öň 195 ý.) ölenden soň, ýurtda myrasdýşer mülklerde özbaşdaklyga ymtylmaklyk ýüze çykýar we içerki ýagdaýy has hem bulaşdyrýarlar. “Ýurdyň ýagdaýy aýagy çyşyp ýogynlygy kebzesiniň ýogynlygyndan geçipdir, barmaklary çişip bili ýaly bolupdyr. Olar bilen gymyldar ýaly däl, sebäbi her bir hereket çydamsyz derejede agyry döredýär. Eger-de häzir wagt ýitirilip, bejerilmese, kesel beterlär, onsoň iň ökde lukman hem oňa hiç zat edip bilmez” diýip, ýurdyň ýagdaýyny gözi bilen gören ýazypdyr.

Wanlaryň içinde U patyşalygynyň hökümdary Lýu Bi tapawutlanypdyr. Onuň mülkinde elliden gowrak şäherler bolupdyr, ol öz pulyny zikgeläpdir, deňiz kenarynda bolsa onuň baý duz känleri bolupdyr. Lýu Bi halkyň goldawyny almak üçin, öz patyşalygynda ähli salgytlary ýatyrýar. B. e. öň 154-nji

ýylda beýleki mirasdüşer hökümdarlaryň altysy bilen birleşip, 200 müň goşun bilen ýurdyň paýtagtyna garşy ýörişe ugraýar.

Emma özbaşdaklyga ymtylan “Ýedi wanlaryň toplaňy” doly ýeňilmekleri bilen tamamlanýar. Han imperatory amatly mümkinçilikden peýdalanyp, patyşalyklaryň hökümdarlaryny ýerlerde emeldarlary bellemeklik we goşun edinmeklik hukuklaryndan kesýär. Emma döwletiň dolandyryş ulgamyny merkezleşdirmekligi, ondaki iki ulgamy ýatyrmaklyk diňe U-diniň (b. e. öň 140-87ýý.) dolandyran döwründe amala aşyrylýar. Bu döwür Han imperiýasynyň gülläp ösen döwri bolupdyr.

**“U-diniň Altyn asyry”.** Myrasdüşer emeldarlaryň meselesini gutarnykly çözmek üçin, U-di wanlary we houlary bellemekligiň täze düzgünini girizýär. Mundan beýläk miras mülki maşgalanyň uly ogluna bermeklik ýatyrlýar, ony ogullaryň hemmesiniň arasynda paýlamaklyk girizilýär. Bu bolsa özüniň oňyn netijelerini beripdir. Indi myras ýerleriniň möçberi has kiçelip, wanlar öňki uly häkimlik mümkinçiliklerinden kesilipdir. Şonuň üçin olaryň owunjak patyşalyklarnyň saklanyp galmagy imperiýa üçun hiç hili howp salanakdy.

U-di bir wagtyň özünde döwlet dolandyryş ulgamyny merkezleşdirýän birnäçe özgerişleri hem geçirýär. Ol Sin Şihuan döwründe girizilen we Hanlaryň dolandyran ýyllarynyň başynda ýatyrlan edaralaryň işlerine gözegçilik edýän ulgamy dikeldýär. Olaryň esasy wezipesi welaýat emeldarlarynyň üstünden gözegçilik etmekden ybaratdy. Emma wezipelere ýolbaşçy bellemeklik ulgamynda ep-esli täzelikler girizilmeli bolupdyr. Welaýat hökümdarlarynyň wezipesine, ýerli edaralara emeldarlary bellemek üçin, ýerli häkimlerden has ukyply adamlary yzygiderli hödürläp durmaly bolupdyr.

U-di paýtagtda ýörite döwlet dolandyryş edaralaryň işgärlerini taýýarlaýan akademiýany döredýär. Özgertmeler döwletiň iň ýokary wezipede işleýän işgärleriň wezipelerine

hem degipdir. Birinji maslahatçynyň hukugy çäklendirilipdir. Imperatoryň täzeden dikeldilen gözegçilik ulgamy hut U-diniň özüne berilipdir, bu bolsa oňa ýerdäki ýagdaýlara we döwlet edaralarynyň beýleki şahalaryna gözegçilik etmäge doly mümkinçilik beripdir.

U-di tarapyndan geçirilen çäreler merkezleşdirilen häkimligiň döremegine getiripdi, ol çäreler döwletiň ideologiýasyny işläp düzmek üçin hem ähmiýetli ulydy. Bu öne ädilen ädimi konfusiýa mekdebiniň görnükli wekili bolan Dun-Çzun-şu şeýle häsiýetlendirýär: "Häzirki wagtda alymlar dürli-dürli wagyz işlerini geçirýärler, emma adamlar olaryň taglymatyna dürli-dürli düşünipdirler. Ýüz cany akyldaryň ylmy usullary hem bir meňzeş däl, olaryň taglymat baradaky pikirleri hem meňzeş däl, imperatorda hem bütewiligi gollar ýaly hiç zat ýok" diýip belläpdir. Konfusiýanyň taglymatynda beýan edilen "alty sungatyna" gabat gelmeýän her bir taglymat ortadan aýrylmalydyr. Garşy gidýän her bir pikir hem ýok edilmelidir. Diňe şondan soň dolandyryş ulgamy bütewi bolup, kanunlar düşnükli bolar, adamlar bolsa onsaň nämeleri etmeli, nämeleri etmeli däldigine düşünerler" diýip, konfusiýaçy düsündiripdir.

Konfusiýaçylaryň taglymatyny döwlet ideologiýasy hökmünde kabul edilmegi, ilkinji han imperatorlarynyň syýasatyndan el çekmekligi aňladýardy. Emma Han döwrüniň konfusiýaçylary hem bu taglymaty esaslandyryjynyň döwründen has tapawutlanypdyr. Du-Çžun-şu we onyň tarapdarlary legizm akymynyň käbir düzgünlerini, ilki bilen hem olaryň döwleti dolandyrmakda kanunlaryň ähmiýeti baradaki düzgünini kabul edipdirler. Muňa garamazdan imperiýanyň içeri we daşary syýasaty meselesinde, konfusiýaçylar bilen legistleriň dünýä garaýyşlary öňküsi ýaly tapawutlanypdyr. Konfusiýaçylar U-dini başga ýerleri basyp almak syýasatyndan saklamaga çalyşypdyrlar. "Wagşylar" hiç haçan hakyky tabyn raýatlar bolup bilmezler, olaryň ýerleri

bolsa özleşdirmek üçin ýaramly däldir diýip, olary düşündirmäge çalyşpdyrlar. Emma konfusiýaçylaryň bu pikirleri imperatory ynandyryp bilmändir. Şondan soň ýurduň içinde rahatlygy dikeldip, U-di mundan beýläk nazaryny öz döwletiniň daşyndaky ýerlere dikipdir.

**Merkezi Aziýanyň çarwalary we sýunnular döwletiniň döremegi.** B. e. öň I müňýyllygyň ortalarynda gadymy hytaýlylaryň etniki ýerleriniň demirgazygyndaky sähra zolagynda, Huanhe derýasynyň boýunda "hunnular" ýa-da "sýunnular", ýa-da türkmenleriň gadymy ata-babalary bolan oguzlar-hunlar diýilýän taýpalarda etniki bütewilik emele gelýär. Sýunnularyň-hunlaryň hojalyk durmuşynyň esasy çarwa maldarçylyk bolup, örän giň ýerlerde, öz mallary bilen göçüp-gonup ýören sýunnularyň-oguzlaryň özboluşly maddy medeniýetiniň ýüze çykmagyna getiripdir.

B. e. öň I müňýyllygyň ortalaryna çenli gadymy hytaýlylara düýbünden ýat bolan, hunlaryň eşiklerindäki üýtgeşikleriň biri-de, at minende aňsatlyk bilen miner ýaly olaryň häzirki zaman türkmenleriniň gyýma balagy görnüşde özboluşly balagy bolupdyr. Hunlaryň ýaşaýan jaýlary sökülýän öýler (gara öýler) bolup, olar hem mallaryň ýüňünden edilen keçeler bilen örtülipdir. Olaryň iýmitleri bolsa esasan gaýnadylýan et we süýtden edilýän turşy içgi-düýe çaly bolupdyr. Emma jemgyýetde deňsizligiň ösüp başlamagy we çarwa baýlaryň ýüze çykmagy, hunlaryň özlerinde öndürilmeýän käbir zatlara işleg ýüze çykyp başlaýar. Bu ýagdaý çarwa hunlary (sýunnularyň) Huanhe derýasynyň ekerançy ilaty bilen alyş-çalyş etmeklerine getiripdir. Kähalatlarda bu alyş-çalyşlar parahatçylykly häsiýetde bolan bolsa-da, köplenç talaňçylykly we harby çozuş häsiýetinde bolupdyr.

B. e. öň III asyrda çarwa hun-sýunnu birleşigi emele gelip, ol ýönekeý döwlet görnüşine eýe bolup başlaýar. Onuň başynda hökümdar-şanýuý otrup, şol wagta çenli olarda häkimlik

nesilden nesle geçip başlapdyr. Şanýuýa belli bir ýerlere eýeçilik edýän begleriň 24-si tabyn bolupdyrlar. Hunlarda erkek adamlar hökman harby gullugy geçirmäge borçly eken. Şanýuýuň goşuny diňe atly goşundan ybarat düzülip, hytaýlylaryň agyr ýaraglanan pyýada goşunyndan köp tarapdan artykmaç bolupdyr. Hunlar açyk hem aýgytly söweşleri geçirmändirler, duşmana garaşylmadyk ýerden zarba urup, tizlik bilen ýesirleri we beýleki ele düşen zatlary alyp duşmandan gizlenip bilipdirler.

Han imperiýasynyň döremegi, hunlarda gadymy hytaý imperiýasynyň garşysyna durup biljek, güýçli çarwa taýpalarynyň Hun döwletini esaslandyran Mete hanyň (Maodunyň) şanýunlyga geçmegi bilen gabat gelipdir. B. e. öň 200-nji ýylda Gao-szu Mete hanyň üstüne çozmaga synanşyk edýär, emma ol gabawa düşüp, zordan ýesir düşmän halas bolýar. Han imperatory özlerini peseldýän "ýaran we garyndaşlyk ylalaşygyny" baglaşmaga mejbur bolýar. Olar hunlara köp möçberde töleg töläp, atly-abraýly hytaý begzadalarynyň gyzlaryny hun şanýuýna aýallyga berip çarwalaryň çapawulçylygyndan halas bolupdyrlar.

**B. e. öň II-I asyrlarda Han imperiýasynyň daşary syýasaty.** Öz häkimligini berkidip U-di bu ýagdaýdan gutarnykly dynmagy meýilleşdirýär. Ol ýörite atly gosun bölümlerini döredýär hem-de ony hunlara garşy göreşde esasy güýje öwürýär. U-di harby daýanç ýerleri hökmünde "serhet welaýatlaryny" ulanyp, hunlara garşy aýgytly herekete başlaýar. Bu döwürde, uruş alyp barmaklygyň häsiýeti hem kem-kemden üýtgäpdir, olar ilki başlarda goranyşa geçmeklik usulyny öwrenen bolsalar, indi täze-täze ýerleri basyp almaga başlapdyrlar.

Hunlara garşy harby hereketiň başlanmagy bilen, ilkinji gezek Hanyň "Günbatar ülkäniň" (şol wagtlar häzirki Sinszýan we Orta Aziýa ýerleri şeýle atlandyrylypdyr) ýurtlary bilen çaknyşyklary hem başlanypdyr.

Hunlar bilen uruşmaga taýýarlanyp U-di b. e. öň 139-njy ýylda öz ilçisi Çžan-Sýanýany hunlar tarapyndan derbi-dagyn edilen we günbatara göçen massagetleri tapmagy tabşyrýar. Çžan Sýan 13 ýyldan soň, özüne tabşyrylan işi ýerine ýetirmän ýurduna dolanyp gelýär. Emma onuň syýahatynyň ähmiýeti uly bolýar. Çžan Sýanyň üsti bilen, gadymy hytaýlylar şol wagta çenli näbelli bolan ýurtlar: Baktriýa, Parfiýa, Fergana we Orta Aziýanyň beýleki döwletleri barada zerur maglumatlary alypdyrlar.

Çžan Sýanýanyň ikinji syýahaty döwründe bolsa, Han imperiýasy şol döwletleriň köpüsi bilen diplomatyk gatnaşyklary ýola goýýar. Bu gatnaşyklaryň diňe bir syýasy taýdan ähmiýeti bolman, eýsem halklaryň medeniýetde ýeten üstünlikleri bilen tanyşmaklary üçin hem ähmiýeti uly bolýar. Şu döwürden başlap Hytaýa öň näbelli bolan obahojalyk ekinleri (üzüm, bakça, ýorunja tohumlary), saz gurallary, hojalyk gurallary ertilipdir. Soňra bolsa Hytaýyň günbatar tarapyndan-Hindistandan buddizm dini hem aralaşyp başlaýar.

Çarwalara garşy göreşde, hytaýlylar hunlaryň duýdansyz çozuş tälimlerini doly ele alypdyrlar hem-de söweşlerde ulanypdyrlar. B. e. öň 127-119-njy ýyllardaky harby çaknyşyklar han goşunlaryna ilkinji ýeňişleri getripdir.

Han imperatory U-di günorta-gündogar deňiz kenarynda ýaşaýan Yue taýpalarynyň özara dawalaryny peýdlanyp b. e. 111-nji ýylynda olara garşy harby ýöriş geçirýär. Netijede bolsa U-di ýeňiş gazanýar we olaryň ýerleriniň köp bölegini basyp alýar.

Hanlaryň günbatarda ýeriniň giňemeginiň esasy sebäbi, Hindistana ýol açmak bilen bagly bolupdyr. Çžan Sýan "Günbatar sebite" geçiren syýahaty döwründe, ilkinji gezek bu sebitde uly hem baý döwletiň bardygyny görýär. Täjirleriň beren gürrüňlerinden, ol Hindi döwletiniň günorta-günbatar sebitinde wagşy halklaryň ýaşaýandyklaryna göz ýetirýär. B. e. öň IV-III asyrlarda bu ýerlerde birnäçe uly taýpa birleşmeleri

bolup geçipdir. Olaryň içinde iň irki döwlet birleşmesi bolan Dýan has ähmiýetlisi bolupdyr. B. e. öň 130-njy we 111-nji ýyllarda U-di iki gezek “günorta günbatar wagşylara” garşy ýöriş etmäge synanýar. U-di Hindistana ýol tapmadyk hem bolsa, Han imperiýasyna uly ýerleri birleşdiripdir.

Hanlaryň gurnan harby ýörişleriniň biri-de U-diniň döwründe Koreýa ýarymadasyna geçirilen ýörişlerdir. B. e. öň 109-njy ýylda Han Çoson döwletine iki tarapdan zarba urýar: goşunlaryň bir bölegi Lýaondun ýarymadasynyň üsti bilen, ikinjisi bolsa Bohaý aýlagynyň üsti bilen geçirilipdir. U-di basyp alan ýerlerinde han welaýatlaryny döredipdir.

B. e. öň II ayryň ikinji ýarymynda Han döwleti öz serhetlerini ep-esli giňeldýär. Şeýlelik bilen, Han imperiýasy Parfiýa we Rim bilen bir hatarda gadymy dünýäniň iň güýçli döwletleriniň birine öwrülýär.

**Imperiýada syýasy krizisiň başlanmagy.** Goňşular bilen, esasan hem hunlar bilen uzak wagtlap alnyp barylan uruşlar, ýurdyň ykdysady ýagdaýyna düýpli täsirini ýetirýär. Goşunyň üstüni yzygiderli dolup durmaklyk, jemgyýetiň önümçilik ulgamynda, esasan hem ekerançylykda işleýän adamlaryň ünsüni önümçülikden daşlaşdyrypdyr. Şonuň üçin, b. e. öň II asyryň ahyryna çenli üstünlikli basybalyşlardan gelýän oljalar, imperatoryň gaznasynyň üstüni dolup duran hem bolsa, indi urşa çykýan harajaty tapmaklyk aňsat bolmandyr, ekerançylykda işläýjek adamlar bolsa goşunda gulluk edipdirler.

Goşmaça girdeji çeşmesini döretmek üçin U-di b. e. öň 120-nji ýylda duzy gazyp almaklygy we demir önümlerini öndürmekligi döwletiň öz üstüne ýükleýän kanuny (döwlet monopoliýasy) girizýär. Duz galla bilen bir hatarda jemgyýetiň giň köpçüligi tarapyndan köp harç edilýän zerur önüm hasaplanypdyr; Edil şonuň ýaly ekerançylykda demir gurallaryň giňden ulanyp başlanmagy, demre bolan islegiň artmagyna getiripdir. Şonuň üçin, duz känleri we metal

kärhanalary ep-esli girdeji beripdir. Döwlet monopoliýasynyň girizilmegi bilen imperiýanyň köp welaýatlarynda bu kärhanalary baý täjirlere we senetçilere berýän ýörite ederalar döredilipdir. Çig mallary gazyp almak üçin onuň ähli çykgajylaryny potratçy öz üstüne alypdyr, döwlet bolsa olary gerek bolan gurallar bilen üpjün edipdir we taýýar edilen önümleri berk bellenen nyrhdan satyn almaga borçly edilipdir. Bu monopoliýa döwletiň gaznasyna, ep-esli girdeji beripdir. Emma döwlet monopoliýasynyň döredilmegi demir önümleriniň görnüşlerine we hiline zyýan edipdir. Şol sebäpli döwlet monopoliýasy girizilenden soň, köp sanly döwlet işgärleri bu düzgüniň garşysyna çykypdyrlar. B. e. öň 81-nji ýylda bu mesele merkezi häkimlikde esasy çözülmeli meseläniň birine öwrülýär, netijede bolsa önümçülige bolan, şol sanda b. e. öň 98-nji ýylda wino bolan monopoliýa ýatyrylýar.

U-diniň dolandyran ilkinji on ýyllyklarynyň içinde geçiren syýasatynyň biri-de, täze basylyp alnan ýerlerde harby obalaryň döredilmegi bolupdyr. Esgerler serhetlerde gulluk edýän wagtynda ekerançylyk bilen meşgul bolup, özlerini azyk bilen üpjün etmeli bolupdyrlar. Şeýle oturymly obalarda (Edzineýgol derýassynyň boýunda) geçirilen gazuw-barlag işleri wagtynda tapylan ýazgylarda, esgerleriň başyna düşen kynçylyklar barada maglumatlar berilýär. “Bu ýerleriň howasy juda yssy, dumly-daşymyz çägelik, gyşyna bolsa gaty sowuk” diýip olar ýazypdyrlar.

B. e. öň 89-njy ýylda ýurduň uzak günbatarynda täze harby obalary döretmek meselesine garalypdyr. Bu mesele boýunça U-diniň çap eden permanlarynda, onuň ýarym asyrlap geçiren işleriniň netijesi berilipdir. Ol harby obalary döretmeklik barada hödürlenen teklibi gaýtarypdyr. U-di özüniň basybalyjylykly syýasatynyň hiç hili netije bermändigini, uruşlaryň diňe döwleti ýadadandygyny boýun alypdyr. Şonuň üçin ol döwlete “dinç bermekligiň” zerdygyny belläp, mundan

beýläk hunlara garşy harby hereketleri etmejekdigini we “öňki hereketleri üçin hem çüňňur gynanýandygyny” belläpdir.

Şeýlelik bilen, Han imperiýasy özüniň syýasy we ykdysady ösüşiniň çür depesine ýetýär, emma b. e. öň I müňýyllygyň ikinji ýarymynda, ol ýene-de cüňňur krizise düşýär. Öz döwrüniň syýasy we ykdysady ýagdaýyna baha beren Syma Sýan U-diniň dolandyran ilkinji ýyllarynda “paýtagtyň we ýerleriň ammarlary galladan doldyryldy”, emma ol özüniň yza gaýtaryp bolmajak pese düşmeklik döwrüne hem aýak basypdy diýip ýazýar. Soňra ol “ýurdyň yzygiderli uruşlardan bizar-peti çykypdy, adamlary bialaçlyk gurşap aldy, ammarlar boşap galyp, öz çykdajylaryny üpjün edip bilenakdy” diýip ol belläpdir. Syma Sýan taryhy wakalaryň gaýtalanýandygyndan ugur alyp: “Her bir zat özüniň ýetjek derejesine ýetenden soň pese gaçyp başlaýar, onuň üýtgemekligi bolsa ikiuçsyzdyr” diýip ýazypdyr.

**Biziň eýýammyzyň başlarynda Hytaýyň durmuş-ykdysagy gatnaşyklary.** Han jemgyýetiniň ýokary gatlagyny derejeli emeldarlar düzýärdi. Han zamanynda begzada emeldarlaryň 20-ä çenli döwlet derejeleri bolupdyr. Olaryň on dokuzynjy we ýigriminji derejelerine eýe bolanlar, öz bähbitleri üçin belli bir möçberdäki öýlerden salgyt ýygnamaga hukuklary bolupdyr. Dokuzynjy we has ýokary derejelere eýe bolan emeldarlar käbir ýeňilliklerden peýdalanypdyrlar, olar käbir borçlardan hem boşadylypdyr. Beglik derejeleri imperator tarapyndan bitiren hyzmatlary üçin berlipdir (b. e. öň 18-nji ýylda soňky her bir beglik derejesi üçin 1000 teňňe bermeklik girizilipdir, ondan öň derejäniň bahasy galla bilen hasaplaşylypdyr), ony satyn alamaga hem ygtyýar berlipdir.

Iň köp sanly hem çylşyrymly gatlagyň biri-de erkin garamaýak adamlar bolupdyr. Olar ilki bilen öndüriji-ekerançylardan düzülipdir. B. e. öň III-I asyrlarda bu gatlagyň içinde hem bölünişik bolup geçýär, oňa ownuk we orta senetçiler şeýle-de söwdagärler goşulypdyr.

Han jemgyýetinde gullar aýratyn orny eýeläpdir. Hususy gullar bilen birlikde döwlet gullary hem bolupdyr. Eger-de hususy gullaryň esasy çeşmesi, bergi üçin özüni ýa-da çagalaryny gulçulyga satan garamaýak adamlar bolan bolsa, döwlet gullary etmişleri üçin ýazgarylan adamlar bolupdyrlar. Han döwletiniň kanunlaryna görä, günäkär adam üçin onuň "aýaly, çagalary  gula öwrülip", olara tagma basylýar eken. Han döwletinde gulyň çagalary hem gul hasaplanylypdyr.

Emma han jemgyýetinde bir durmuşy-sosial gatlakdan ikinji bir gatlaga aňsatlyk bilen geçip bolupdyr. Gurplanan garamaýak adam, amatly ýagdaýda beglik derejäni satyn almaga hukugy bolupdyr, hatda ýokarky gatlagyň düzümine hem goşulyp bilipdir. Han döwletinde imperatoryň närazylygyny döreden ýokarky gatlagyň wekilleri, ähli garyndaşlary bilen gulçulyga geçirilip bilnipdir. Edil şonuň ýaly gulyň hem erkinlige çykmaga mümkinçiligi bolupdyr, bu bolsa oňa baýlyk edinmäge we beglik derejesine geçmäge ýol açypdyr. Oňa mysal edip hanyň görnükli serkerdesi Weý Siny we onuň aýal doganyny alyp bolar. Olaryň ejesi gyrnak bolupdyr. Weý Sin harby edermenligi üçin beglik derejesini alypdyr; onuň aýal dogany U-diniň gyrnak öýüne düşüp, soňra patyşa aýaly bolup impratorlygy alypdyr. Weý Siniň ikinji aýal dogany serkerdäniň ejesi bolup, ol hem ýokary beglik derejesini alypdyr; onuň üçinji aýal dogany bolsa köşk emeldarlarynyň birine äre çykypdyr.

B. e. öň II-I asyrlarda Gadymy Hytaýda gullaryň umumy sany barada belli bir maglumat ýok, emma gullar barada taryhy çeşmelerde gürrüň kän berilýär. Maglumatlaryň habar bermegine görä, U-diniň döwründe baý täjirleriň onlarça müň hususy gullary ellerinden alnypdyr. Käbir baý adamlaryn ýüzlerçe gullary bolupdyr. Mysal üçin, Cžan An-şi diýen adamynyň 700 guly bolup, olaryň arkasyndan ol uly baýlyk edinipdir.

B. e. öň I asyrda gul satmaklyk, guly satyn almaklyk giň möçberde ýaýrapdyr. “Häzirki wagtda gul bazarlary bolup, olar mallar bilen bir agyla salnyp, ol ýerlerde gullary satypdyrlar” diýilip, çeşmelerde habar berilýär. Gullary satyn almak we satmaklyk üçin ýörite ylalaşyk baglaşylyp, resmileşdirilipdir. Guly satyn alýan adam barada b. e. öňki 59-njy ýyla degişli şeýle ýazgylaryň beýany saklanyp galypdyr. Onda: “Şen-szýueniň dolandyran üçünji ýylynyň, ilkinji aýynyň 15-nji gününde Wan Szy-ýuan Szy-çžun welaýatynyň adamsy, Ançžiliniň Çendu etrabyndan, heniz onuň äri bar wagty alnan Býan-lýao guly Ýan Hoý diýen aýaldan satyn aldy. Onuň bahasy 15-müň teňňä gepleşildi. Gul aşakdaky ähli görkezilen işleri gepsiz-gürrüňsiz ýerine ýetirmeli… Eger-de gul gulak asmadyk ýagdaýynda, oňa ýüz gamçy urulmalydyr...” diýilip, ýazgy bilen resmileşdirilipdir.

Bu döwürde gullaryň bahasy juda ýokary bolupdyr. Garran Býan-lýao 15 müň teňňä satyldy; ýaş gulyň bahasy hem şonça bolupdyr. Uly ýaşly aýal gul 20 müň teňňe bolsa, uly ýaşly erkek gul 40 müň teňňä satylypdyr. (Atyň bahasy şol döwürde 4 müň teňňä, öküzi 1,5-dan 4 müň teňňä çenli satyn alyp bolupdyr).

Han imperiýasynda salgydyň iki görnüşi, ýagny ýer we jan salgydy bolupdyr. Han döwletiniň ilkinji ýyllarynda ýer salgydynyň aşak düşürilmegi ýurdyň ykdysadyýetini dikeltmekde ähmiýeti uly bolupdyr. Emma b. e. öň I asyrda ýagdaýlar üýtgeýär. Ýerleriň kem-kemden iri ýer eýeleriniň ellerinde jemlenmegi, ýer salgydynyň pes bolmagy ilki bilen baý, iri ýer eýeleri üçin bähbitli bolupdyr. Emma, ýönekeý ekerançylaryň gerdenine düşýän jan başyna salynýan salgyt bolsa, barha ýokary galdyrylypdyr. Ýer salgydyndan daşgary jan başyna hem saldyt girizilipdir, salgyt däne bilen tölenmän pul bilen tölenipdir. Jan başyna salynýan salgyt imperiýaniň 7 ýaşdan başlap 56-ty ýaşa çenli ähli ilaty tölemeli bolupdyr. Emma U-diniň dolandyran döwründe üç ýaşan çagalardan hem

salgyt ýygnalypdyr. Ilatyň has garyp gatlagy üçin bu ýagdaý juda çydamsyz ýagdaý bolupdyr. Garamaýak ilat diňe bir salgytlary tölemän, eýsem 20 ýaşdan tä 56 ýaşa çenli harby gullugy we zähmet borçlulygy ýerine ýetirmeli bolupdyr. Emeldarlar we begler bu borçlardan boşadylypdyr, olar bu borçlardan boşamak üçin pul harajat etmek bilen boşapdyrlar. Kimiň ýeterlikli harajady bolmasa, zähmet borçlulyk olaryň hojalyklarynyň dargamagyna alyp barypdyr.

Ownuk ýer eýeleriniň arasynda deňsizligiň güýçlenmegi, daýhanlaryň ep-esli böleginiň ýersiz galmaklaryna getiripdir. Öz ýerini elden gideren daýhan, has amatsyz ýagdaýda, iri ýer eýelerinden kärendesine ýer almaga mejbur bolupdyr: Han eýýamynda kärende tölegi hasylyň ýarsyny tutupdyr. Hakynatutma zähmet barha giň ýaýrap başlapdyr. Dargan ekerançy daýhanlar iri ýer eýelerine gul derejesinde garaşly bolup galypdyrlar. Emma hemme ýerleriň iri ýer eýeleriniň ellerinde jemlenmegi güýçlenipdir. Dun Çžun-şu imperator U-diýe beren hasabatynda, ýere hususy eýeçiligi çaklendirmegi, artykmaç ýerleri bolsa az ýerli adamlara bermegi, şeýdip ýerleriň aýratyn adamlaryň elinde jemlenmeginiň öňüni almagy maslahat beripdir. Bu teklipler soňra hem köp gezek berlipdir. B. e.
öňki 6-njy ýylda hususy eýeçilige we gullara çaklendirme girizmeklik teklip edilipdir. Hususy ýerleriň iň ahyrky möçberi bir adama 30 sin (1 sin - 4, 7 ga)berlipdir; ýönekeý adamlarda gullaryň sany 30, emeldar beglerde 100, iň ýokarky aristokratik gatlakda bolsa 200-den geçirmezligi girizmeklik teklip edilipdir. Emma bu maksatnama durmuşa geçirilmän galýar, sebäbi ol iň iri ýereýeleriniň garşylygyna duçar bolupdyr. B. e. I asyrynyň başyna çenli iri ýereýeçiligi sosial meseleleriň biri bolmagyna galypdyr.

## §40. B. e. I-III asyrlarynda Gadymy Hytaý

**B. e. I asyrynda sosial gapmagarşylyklaryň ýitileşmegi we halk gozgalaňlary.** B. e. öň I asyryň ahyrlarynda ýurtda durmuşy garşylyklar birden ýitileşýär. Han imperiýasynda käbir etraplarynda ilkinji gezek daýhan gozgalaňlary başlanypdyr. Birnäçe müne ýetýän talaňçy toparlar etrap şäherlerine çozupdyrlar, ýarag ammarlary basyp alyp, emeldar begleri öldüripdirler

Imperiýada içki krizisiň güýçlenmegi bilen imperatoryň aýal tarapdan garyndaşy Wan Man b. e. 9-njy ýylynda imperator tagtyny basyp alyp, täze nesilşalygy yglan edýär. Iz ýany bilen ol birnäçe özgertmeleri geçirýär, olaryň iň esaslarynyň biri-de ýer we gullar baradaky özgerişler bolupdyr.

Ýerleriň aýratyn adamlaryň elinde toplanmagy we daýhan hojalyklarynyň daramagy netijesinde ýüze çykan gapmagarşylygy çözmek maksady bilen, Wan Man ähli ýerleri imperatoryň hususy eýeçiligi diýip yglan edýär, şeýlelik bilen, ýeri satmak we satyn almak gadagan edilýär. Wan Manyň buýrugyna görä, hamala gadymy wagtda “kolodez ýerleri” (jemagat ýerleri ýaly) bolupdyr, şonuň üçin şol düzgün imperiýanyň hemme ýerlerinde girizilýär diýilip, buýruk yglan edilýär. Buýrukda, şol ýerlerden her bir maşgala hojalygy özüne zerur, uly bolmadyk ýer paýyna eýeçilik etmeli diýilip görkezilipdir. Gul satmaklyk hem gadan edilýär. Imperatoryň görkezmelerine görä, “adam satmak we satyn almak adam ruhyna garşy gelýär, ol Asman bilen Ýeriň girizen adatyny bozýar, adamynyň adamkärçilik derejesini masgaralaýar… Mundan beýläk gullar hususy garaşly diýilip atlandyrylýar; olary satmak gadagan edilýär” diýilip görkezilipdir.

Emma Wan Manyň özgertmeleri öz döwrüniň iň zerur meselelerini çözmäge gönükdirilendigine garamazdan, ilkibaşdan uly päsgelçiliklere duçar bolup, ol amala

aşyrylmandyr. Wan Manyň bu taslamasy ýurdyň hakyky ýagdaýyny göz öňünde tutmadyk, howaýy bir zat bolupdyr. Şebäbi 500 ýylyň dowamynda gadymy hytaý jemgyýeti tarapyndan geçilen ýoly, bir permanyň-kanunyň kömegi bilen ýatyryp, b. e. I asyrynda konfusiýaçylar tarapyndan mahabatlandyrylan Çžou eýýamynyň döwrüne gaýdyp gelmeklik mümkin däldi.

Özgertmeler başlanandan üç ýyldan soň Wan Man güýçli garşylyk görkezen iri ýereýelerine egilşik etmäge, ýeri we gullary satmak we satyn almaklyga ygtyýar bermäge mejbur bolýär. Emma bu egilşikler onuň gowşap başlan häkimligini berkidip biljek däldi. Emeldarlaryň eden-etdiliklerinden we ýurdyň ykdysady ýagdaýynyň pese gaçmagy bilen, Wan Manyň garşysyna halk köpçüliginiň çykyşy başlanypdyr.

B. e. 14-nji ýylynda bolan tebigy heläkçilikler: Ilki bilen henize çenli ýurtda bolmadyk gurakçylyk, soňra galan ekinleriň hem soňuna çykan çekirtgelik ýyly imperiýanyň syýasy ýagdaýyny has hem ýitileşdiripdir. Ýurtda açlyk başlanypdyr, ýurdyň käbir etraplarynda aç ilat köpçülikleýin bir döwüm çörek üçin baş göteripdir. Netijede bolsa daýhan gozgalaňlary hem baslanypdyr.

B. e. 18-nji ýylynda Fan Çun diýen näbelli bir adam Şandunda (Taýşan welaýaty) aç daýhan toparyna baş bolup gozgalaňa başlapdyr, tiz wagtdan ol güýçlenip birnäçe uly goşun bölümlerden ybarat goşuna öwrülip “gyzylgaşlylar” adyny alypdyr. Fan Çun berk tertip-düzgün girizipdir, özbaşdak adam öldürýänlere ölüm jezasy girizilipdir. Adam birini ýaralan bolsa ýa-da zeper ýetiren bolsa ol adama töleg tölemeli bolupdyr. Şeýlelik bilen, Fan Çunyň daýhanlardan ybarat uly goşuny- armiýasy birnäçe welaýatlaryň hakyky eýeleri bolupdyrlar.

Wan Man “gyzylgaşlylaryň” gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin b. e. 22 –nji ýylynda ýüzmýňlik goşuny ibermäge mejbur bolýar. Emma aýgytly söweşleriň birinde hökümet goşuny

derbi-dagyn edilýär. Şondan soň “gyzylgaşlylaryň” goşuny Huanhe derýasynyň orta akymlaryny hem basyp alýar, netijede olaryň hereket edýän etraplary has hem giňeýär.

Şol wagtlarda ýurdyň günorta sebitlerinde halk gozgalaňynyň ikinji bir ojagy ýüze çykypdyr. Gozgalaňçylar Lýuýlinşan (häzirki Hubeý welaýaty) daglarynda ornaşypdyrlar, şonuň üçin olary “Lýuýlin goşuny”, ýagny “gök tokaýyň goşuny” diýip atlandyrypdyrlar. Gozgalaňçylar 23 –nji ýylda Wan Manyň gösunyndan üstün çykyp, günbatara süýşüp başlapdyr. Tiz wagtdan paýtagt basylyp alynýar, Wan Man bolsa tutulyp öldürilýär.

B. e. 24-nji ýylynda “gök tokaý” gozgalaňçylarynyň ýolbaşçylarynyň biri Lýu Sýuan özüni imperator diýip yglan edýär we Çanýanda ornaşýar. Şol wagtlar “gyzylgaşlylaryň” goşuny hem paýtagty eýelemek üçin süýşüp başlýar. 25-nji ýylda “gyzylgaşlylar Çanýany basyp alýarlar, Lýu Sýuan özüni heläkleýär. Şol wagtlar “gök tokaylylaryň goşunynyň” serkerdesi Lýu Sýu hem goşunyny paýtagata tarap sürüpdir. “Gyzylgaşlylar” paýtagty taşlap, Şanduna dolanmaga mejbur bolupdyrlar. Ýolda olar Lýu Sýunyň adamlary tarapyndan gabalýar we uly ýitgä sezewar edilýär. Fan Çun we onyň egindeşleri söweşde wepat bolýarlar. Şol 25-nji ýylda Lýu Sýu özüni imperator diýip yglan edýär we ýurdyň paýtagtyny gündogara, Loýana geçirýär. Şeýlelikde, Giçki ýa-da Gündogar Han nesilşalygy diýilän döwlet emele gelýär.

**I - II asyrlarda Gündogar Han döwletiniň içerki syýasaty.** Daýhan gozgalaňlarynyň netijesinde häkimiýet başyna gelen hökümdarlar, iň bolmanda ilki baslarda halka egilşik etmäge-salgydy azaldyp, zähmet borçlylygy ýeňletmäge mejbur bolupdyrlar. Egilşikleriň netijesinde döwletiň ykdysadyýetiniň esasy bolan ekerançylygyň dikeldilmegi we öndüriji güýçleriň ösmegi gazanylypdyr. Gündogar Han imperiýasynyň ilkinji imperatory Lýu Sýu öz patyşalygyny

Guan U-di derejäni kabul edip, iki ýüz ýyl mundan öň Gao-szyny ýatlatýan çäreleri geçirip başlaýar.

Guan U-diniň (25-57 ýý.) dolandyran döwründe köne kanallar dikeldilip täze kanallar çekilipdir, bu çäreler hasyllygyň artmagyna we öň özleşdirilmedik ýerleri özleşdirmäge mümkinçilik beripdir. Ýurdyň günortasynda henize çenli tökaýlary otlap ýer açan bolsalar, indi öküz mallara ýer agdarýan demir gurallary dakyp ekin ekipdirler.

I-II asyrlarda ýurdyň ykdysadyýetynde bolan täzelikleriň biri hem, Ýanszy derýasynyň boýuny özleşdirmeklik bolupdyr. Guan U-diniň dolandyran ýyllary, gulçylygy azaltmaga gönükdirilen ençeme çäreleriň geçirilmegi bilen hem tapawutlanypdyr. 31-nji ýylda Guan U-diniň permanyna görä Han döwletinde gula öwrülen adamlaryň hemmesi erkin diýilip yglan edilýär. Şol permana görä, gula öz isleglerine görä öňki hojayynda galmaga ýa-da gitmäge ygtyýar berilipdir. Eger-de gul eýesi oňa päsgel berse, onda ol “adamlary gulçylyga satmak baradaky kanun” esasynda jogapkärçilige çekilipdir. 37-nji ýylda bolsa, geçen bäş ýylyň dowamynda gulçylyga satylan gullaryň hemmesi azatlyga göýberilipdir.

Çykarylan kanunlaryň beýanlaryndan görnüşine görä, şol wagtlarda adamlary gulçylyga satmagy gadagan edýän kanun iş ýüzünde amala aşyrylypdyr. Mundan başga-da Guan U-diniň döwründe öz gullaryna tagma basan gul eýeleri hem jogapkärçilige çekilipdir, şeýlelikde tagmaly gullar hem boşadylyp garamaýak adamlara öwrülipdirler. 35-nji ýylda erkin adamyny ýaralan gula ölüm jezasyny bermeklik baradaky öňden gelýän kanun hem ýatyrylypdyr.

Heniz, b. e. öň II asyrda Dun Çžun-şu, gul eýelerine öz isleglerine görä gullaryny öldürmekligi gadagan edýän kanuny teklip edipdi. Şol teklip biziň eýýamymyzyň 35-nji ýylynda Guan U-diniň kanunyny esasynda kabul edilipdir we durmuşa geçirilipdir.

**Han imperiýasynyň daşary syýasaty.** Han imperiýasynyň Gündogar nesilsalygynyň dolandyran ilkinji döwründe, goňşy döwletler bilen kesilen gatnaşyklar dikeldilen hem bolsa, ýene-de ol gatnaşyklaryň arasy üzülipdir. I asyryň başynda Sinszýanyň ýerinde ýerleşen köp döwletleriň sýunnularyň syýasy täsirine düşmegi bilen, ýurduň ykdysadyýeti üçin uly ähmiýeti bolan "Günbatar sebitler" bilen alnyp barlan söwda gatnaşyklary hem doly diýen ýaly kesilýär.

I asyryň ortalarynda sýynnular içki gapmagarşylyklaryň ýüze çykmagy bilen iki bölege bölnüpdir. Günorta sýunnular Han imperiýasynyň häkimligini ykrar edipdirler, emma demirgazyk sýunnular olara erjel garşylyk görkezmegi başarypdyrlar.

73-nji ýylda demirgazyk sýunnulara uly zarba urulýar, netijede bolsa olaryň "Günbatar sebitiň" döwletlerine täsiri gowşadylýar. Şu döwürden hem Han döwletiniň syýasatçylarynyň biri bolan Ban Çaonyň "Günbatar sebitde" harby we diplomatik hereketi başlanýar. Ban Çao han imperiýasyna tabyn bolan welaýatlara häkim edilip bellenenden soň, ol Merkezi Aziýanyň uly döwletleri bilen aragatnaşyklary ýola goýýar. Ban Çao öz diýen adamsyny ilçiler bilen Rime ugradýar. Emma bu sapar netijesiz tamamlanýar. Parfiýalylar Han imperiýasy bilen Rimiň arasynda göniden-göni söwda gatnaşyklarynyň bolanyny islemändirler, şol sebäpli ilçiler Pars aýlagyndan ýüzüp gitmekligiň juda kyn, agyr boljakdygy bilen olary gorkuzypdyrlar hem ynandyrypdyrlar.

I-II asyrlarda Han imperiýasynyň Parfiýa bilen söwda we diplomatik gatnaşyklary bolupdyr. Parfiýa esasy söwda ýollaryna eýe bolup, ol Hytaýyň Günbatar ýurtlary bilen alyp barýan söwda gatnaşyklarynda aralykçy- dellalçy bolup çykyş edipdir. Parfiýanyň üsti bilen Rime hytaý harytlary, esasan hem ýüpek ertilipdir. Ärsakylaryň ýurdundan (gadymy hytaýlylar parfiýany şeýle atlandyrypdyrlar), Han imperiýasynyň paýtagty Loýana gelýän täjirler hem az bolmandyr.

Demirgazyk sýunnular derbi-dagyn edilse-de, Han imperiýasy üçin hiç hili netije bermändir. Ýyl ýazgyçynyň sözlerine görä, “olaryň nirä gidenlikleri hem belli däl” (hakykatdan hem sýunnular I asyryň ahyrlarynda günbatar taraplara süýşüp, finn-ugor taýpalary bilen garyşyp, gunny ady bilen Ýewropa baryp ýetýärler), şeýlelikde sýunnularyň ýerleri sýabi taýpalary tarapyndan eýelenýär. Olar mongollaryň aňyrsy bolup, imperiýanyň serhet ýakalaryna tozduryjy çozuşlary geçiripdirler. II asyryň ortalarynda imperiýanyň demirgazyk welaýatlary sýanbiýleriň hökümdarynyň mülklerine goşulýar. Sýanbiler Han imperiýasynyň günbatar serhetlerine hem çozuşlary geçirip durupdyrlar.

II asyrda ýurdyň demirgazyk-günbatar çäklerinde täze bir howply duşman ýüze çykýar. Olar Sýan taýpalary bolup, ilki başlarda Huanhe derýasy bilen Kokunor kölüniň aralygynda ýaşapdyrlar, soňra bolsa gündogara süýşüp başlapdyrlar. Sýanylar han welaýatlarynyň birnäçesiniň üstüne çozup, 140-njy ýylda Çanýanyň eteklerini otlaýaralar. Çýanlar bilen alnyp barylan uruşlar juda agyr bolup, ol onlarça ýyllara çekipdir. Diňe II asyryň altmyşynjy ýyllarynda, haçanda sýanlaryň uly böleginiň imperiýanyň içki welaýatlaryna göçürilmegi netijesinde harby herketlerde düýpli öwrülişik başlanypdyr.

**I-II asyrlarda demografiki we etniki özgerişler.** Biziň döwrümize gelip ýeten iň irki Han imperiýasynda b. e. 2-nji ýylynda geçirilen ilat ýazuwyna görä onuň ilaty 60 milliona ýetipdir. Esasan hem ilatyň iň gür ýeri Ortahytaý düzlügi bolupyr (onuň ilatynyň gürlügi häzirki döwre ýakyn barypdyr). Şol bir wagtda Fuszýan welaýatynda we Guýçžouyň köp böleginde gadymy hytaýlylar asla bolmandyrlar, bu ýerlerde öz gadymy medeniýetini saklap gelýän ýerli taýpalar ýaşapdyrlar. Imperiýanyň ilaty bu ýerlerde diňe bir sany boýunça däl, eýsem dürliligi bilen hem ornaşdyrylypdyr. Galyberse-de “Serhet welaýatlarynyň” döredilmegi bilen, täze birleşdirilen ýerlere gadymy hytaý ilatynyň ep-esli bölegi göçürlip getirlipdir. Olar

bu ýerlerde esasan döwlet dolandyryş edaralarynyň ýanlarynda ýerleşdirilipdir. Emma Han imperiýasynyň agalygyny ykrar edip, onuň düzümine goşulan ýerlerde serhet goşunlary ýerleşdirilen bolaýmasa, gadymy hytaý ilaty bu ýerlere göçürilip getirilmändir.

I asyryň başlaryna çenli ýurdyň ilaty düýpli azalan hem bolsa, onuň ilaty Günbatar Han imperiýasynyň ahyrlaryndaky derejä diňe II asyrda ýetipdir. 140-nji ýyldaky ilat ýazuwynyň maglumatlary, imperiýanyň demografiki gurluşynda ep-esli öňe gidişlikleriň bolandygyny görkezýär. Birinjiden, ýurdyň demirgazyk-günbatar welaýatlarynyň ilaty 6,5 milliona çenli, demirgazyk-gündogar welaýatlarynyň ilaty bolsa 11 milliona çenli azalypdyr. Şol bir wagtda Ýanszy derýasynyň boýunda ýaşaýan ilat bolsa 9 milliona çenli köpelipdir. Ikinjiden, geçen 1,5 asyryň dowamynda gadymy hytaýlylaryň 2 milliony ýaşan Syçuanyň we Ýunanyň demirgazyk etraplarynyň ilatynyň bir welaýatdan ikinji bir welaýata göçmegi güýçlenipdir. Hunan welaýatyny Guandun bilen birleşdiýän ýerleriň gadymy hytaý ilatynyň gürlüligi hem ep-esli ýokarlanypdyr.

Imperiýanyň günorta welaýatlarynda gadymy hytaýlylaryň sanynyň köpelmegi, olaryň ýerli ilata medeni täsiriniň güýçlenmegi bilen amala aşypdyr. Şol bir wagtyň özünde gadymy hytaýlylar hem ýerli ilatyň medeniýetiniň käbir taraplaryny kabul edipdirler.

Emma imperiýanyň demirgazyk etraplarynda ýagdaýlar başgarak bolupdyr. Gündogar Han hökümdarlary öz demirgazyk goňşylary bolan çarwa taýpalara garşy, ýagny han häkimligini ykrar eden käbir taýpa toparlara garşy serhet ýakalaryna göçürmeklik syýasaty ulanylypdyr.

Günorta sýunnular Han häkimligini ykrar edenlerinden soň, daşardan çozuş bolanda serhedi goramak maksady bilen olaryň uly toparyny serhet welaýatlaryna göçüripdirler. II asyrda bolsa sýunnylar bu welaýatlaryň esasy köpçüligini düzüpdirler.

Sýunnylaryň we Sýanlaryň ilatynyň köpelmegi imperiýanyň demirgazyk welaýatlarynyň ilatynyň “wagşylaşmagynyň” başy bolupdyr. III asyryň ahyrlarynda, hat-da öňki 1 million ilatly paýtagt şäheri bolan Çanýanyň töwereklerinde ilatyň ýarysy sýunnular we çýanlar bolupdyrlar. Huanhe derýasynyň ulgamynda ýaşaýan gadymy hytaýlylaryň, kem-kemden çarwa taýpalary bilen goşuluşmagy netijesinde (assimilirlenmegi), Han imperiýasynyň bu böleginde ýaşaýan ilatyň ýaşaýyş durmuşynyň, olaryň adatlarynyň üýtgemeginde öz beýanyny tapypdyr. Şeýlelik bilen, II-III asyrlar ýurdyň demirgazyk ýerlerini çarwa taýpalaryň eýelemegi üçin taýýarlyk döwri bolup, netijede Hytaýyň ikä, ýagny üç ýüz ýyl dowam eden Demirgazyk we Günorta döwletlere bölünmegine alyp barypdyr.

**I-II asyrlarda durmuşy gatnaşyklar.** I – II asyrlarda has iri ýereýeleriniň we dargan ownuk ýereýeçiliginiň giň gerim almagy dowam ediýär. Erkin daýhanlaryň arasynda hem baýlaşan ýereýeleriniň ýüze çykmagy, özüniň sosial netijeleri bolupdyr. Döwlet imperiýanyň esasy ykdysady güýji we salgyt tölegçileri bolan daýhanlary öz gözegçiliginden giderip başlaýar. Düýnki hususyýetçiler bolsa iri ýereýelerine gitdigiçe garaşly bolup galypdyrlar.

Häkimiýet basyna gelen Guan U-di, salgyt töleýjileriň öýme-öý sanawyny geçirmäge başlaýar. Bu çäre, hereket edýän güýçli ýereýelerine garşy gönükdirilipdir, kärendeçileri döwlet gözegçiligine almaklyk iri ýereýelerini ykdysady taýdan gowşadyp, döwlet häkimiýetini bolsa güýçlendiripdir. Kärendeçilik gatnaşyklary b. e. öň III-I asyrlarda güýçli gerim alan hem bolsa, ol ilki başda “erkin” häsiýetde bolupdyr. Kärendeçi ýer eýesine kärende tölegini töläpdir, emma ol onuň hukuk statusyna hiç hili täsir etmändir; onuň şahsy erkinligi saklanyp galypdyr, döwlete jan salgydyny töläpdir we zähmet borçlaryny ýerine ýetripdir. Emma b. e. öňki I asyryň ahyrlarynda, esasan hem täze eýýamyň ilkinji asyrlarynda

ýagdaýlar düýpgöter üýtgäp başlaýar. Ýer eýeleri kärendeçileri "gizlemäge" çalyşyp, olara döwlet gaznasyna salgydy töletmejek bolup, dürli ýollar bilen päsgel beripdirler. Munyň esasynda kärendeçiniň sosial ýagdaýy üýtgäp, olar ýereýelerine şahsy garaşly bolup galypdyrlar. Şahsy garaşlylyk gatnaşygynyň emele gelmegi, Han Hytaýynda iri ýereýeleriň birleşen topary bilen bagly bolmagy sebäp bolupdyr. Sebäbi iri ýereýeleriniň birleşen toparynyň ýolbaşçysy, köplenç iň baý maşgalanyň hojalyk başy bolup, ol öz garyndaşlaryna adat boýunça hökman penakärlik etmeli bolupdyr. Şonuň üçin, ýer eýesi garyp düşüp kärendeçilik edýän garyndaşynyň has hem garaşlylygyny berkitmäge çalyşypdyr.

Bu göreşde hemişe kem-kemden güýçli ýeňýär. 280-nji ýylda döwlet iri ýereýeleriniň, garaşly daýhanlara bolan hukugyny ykrar etmäge mejbur bolupdyr.

Iri ýer eýeleriniň güýçlenmegi bilen, Han hytaýynda täze mülk (pomeste) eýeçiligi ýüze çykýar. Bu emele gelen mülkleri gündogar han imperiýasyny esaslandyryjynyň babasy bolan (ene tarapyndan), iri ýer eýesi Fan Çunyň mysalynda häsiýetlendirip bolar. Fanyň maşgalasy 300 sin (1500 ga) ýakyn ýere eýeçilik edipdir, onuň ähly baýlygy bolsa ýüz müňlerçe teňňe bahalanypdyr. Bu ýere iş şeýle oňat gurnalypdyr, çykdajylar bir ýyldan özüni ödäpdir. Gallaçylyk bilen birlikde ol tut agajyny we lak alynýan agaçlary köpeldip, mal saklap, balykçylygy ösdüripdir. Netijede, hojalyk islendik zat bilen özüni kanagatlandyryp bilipdir. Mülk eýesi üç arka nesli birleşdirýän maşgalanyň ýaşulysy hasaplanypdyr. Adat maşgalanyň kiçi agzalarynyň gepsiz-gürrüňsiz ýaşula boýun bolmagyny talap edipdir, şonuň üçin "çagalary we agtyklary her gün ertir we agşam gelip, hojaýyna bolan hormatlaryny düýduryp gitmeli bolupdyrlar". "Gyzylgaşlylaryň" gozgalaňy döwründe Fanyň mülki gozgalaň geçip gutarynça garaşmak üçin berkidilen uly bir gala öwrülipdir.

Bu uly mülkiň gündelik ýaşaýyşyny, durmuşyny II asyryň awtory Suý Şi öz eserinde beýan edipdir. Onuň sözlerine görä mülkde diňe bir galla öndürilmän, eýsem gökçülik (sogan, sarymsak, kädi we şm) we iýmiş agaçlaryny ösdürip ýetişdiripdirler. Ýazyna hemme aýallar tut ýapraklaryny ýygmak we ýüpek almak bilen meşgul bolupdyrlar. Soňra gyrnaklar pileden sapak alyp, mata dokap, olary reňkläp eşik tikipdirler. Naharçynyň gözegçiliginde olar wino, uksus, ajy souslary ýasapdyrlar, iýmişleri guradyp kişde edipdirler. Ýylyň dürli wagtlarynda mülkiň ýerlerinden lukmançylyk otlaryny ýygnapdyrlar. Ýer sürüji uly mallar we zähmet gurallary mülkdara degişli bolupdyr. Mülk hojaýyny diňe bir gerekli zatlar bilen üpjün etmän, eýsem uly maşgalanyň kiçi agzalaryna hemaýat etmäge hem mümkinçilik beripdir, bu bolsa olaryň hojaýyna garaşlylygyny has hem berkidipdir. Halyberse-de mülkdaryň daşyndan howp abananda goranmak üçin hususy harby goşun bölümi hem bolupdyr. Olar yzygiderli türgenleşik işlerini geçiripdirler, gullugyň ikinji aýynda "garaşylmadyk ýagdaýlar" üçin ýarag atmany öwrenipdirler, üçinji aýynda mülkiň daşky dywarynda, "ýaz erbet gelende bede ogurlygy bolmazlygy üçin" dikeldiş işlerini geçiripdirler, dokuzynjy aýynda "garamaýak ilatyň hüjümini yzyna gaýtarmak üçin" taýýarlyk işlerini geçiripdirler.

**"Sarydaňylylaryň" gozgalaňy we Han imperiýasynyň ýykylmagy.** "kuwwatly hojalygyň"" güýçlenmegi bilen baglylykda, II asyrda köşkde syýasy göreş ýitileşipdir. "Alymlar" adyny alan jemgyýetçilik toparlarynyň biri, köşk emeldarlaryny konfusiýaçylyk jähtden tankytlapdyrlar. Köşk emeldarlary tarapyndan öjükdirilen imperator Lin-di, "alymlaryň" iň güýçlilerini tutmak barada büýruk berýär. Tutha-tutluklar başlanyp, konfusiýaçylaryň akademiýasynyň okuwçylarynyň 100-den gowrady öldürilýär, "alymlaryň" toparyna azda-kände goşulanlara bolsa, döwlet işlerinde işlemek gadagan edilýär. Diňe 184-nji ýylda, haçanda

“sarydaňylylaryň” gozgalaňy başlanda, imperator Lin-di günäkärlenen alymlaryň hemmesini boşatmak barada günä geçişlik yglan edýär.

II asyrda Han imperiýasynda sosial ykdysady pese gaçyşlyk döwründe, daýhan köpçiligi diňe daoylaryň taglymatyndan goldaw tapypdyrlar. I_II asyrlarda daoizm filosofiki akym hökmünde ýüze çykyp, kem-kemden dini-mistiki garaýyş ulgamyna düşýär. Ýurdyň dürli welaýatlarynda gizlin dini akymlar-sektalar ýüze çykýar, olar tiz wagtyň içinde “Beýik adalat jemgyýetiniň” boljakdygy baradaky wagyzlaryny geçirip başlaýarlar. Bu dini toparlaryň içinde iň güýçlileriniň biriniň ýolbaşçysy, “beýik akyldar we rehimdar mugallym” adyny alan Çžan Szýao bolupdyr. Ol halk lukmançylygyň mümkinçiliklerindan peýdalanyp adamlaryň içinde tebipçilik edipdir, şonuň üçin ol garyp ilatyň içinde uly abraý alypdyr. Çžan Szýaonyň tarapdarlary “gök asman eýýam öli, onuň ýerine sary asman gelmeli” diýip wagyz edipdirler. Han zamanynda ýyl hasaby altmyş çikl hasaby bilen ýöredilipdir, indiki sikl bolsa Lin-diniň dolandyryp başlan 17-nji ýylyndan (184 ý.) başlanmaly diýipdirler. Şoňa çenli taýýarlanylýan gozgalaň hem doly taýýarlanyp gutarypdyr.

184-nji ýylda imperiýanyň dürli künjeklerinde gozgalaňlar başlanypdyr. Gozgalaňçylar kellelerini sary daňy bilen daňypdyrlar (halk hereketiniň “sarydaňylylar” ady hem şondan gelip çykypdyr). Gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin 40 müňden ybarat goşun iýberilýär, gozgalaň derbi-dagyn edilýär, oňa iri ýereýeleriniň goşun bölümleri hem kömek edipdirler. Çžan Szýan ölenden soň (184-nji ýylyň güýzi) gozgalaň bir merkezden ýolbaşçylyk etmekden kesilipdir. 184-nji ýylyň oktýabrynda Guanszunda (häzirki Hebeý welaýaty) gozgalaň ýeňilýär. Şondan soň gozgalaňçylardan öç alynyp, 80 müň adam heläk edilipdir.

Hozgalaňyň esasy güýjiniň derbi-dagyn edilmegine garamazdan 185-nji ýylda gozgalaň ýene-de täze güýç bilen

başlanypdyr. Döredilen “Gara daglar” atly goşun Huanhe derýassynyň demirgazyk kenarlarynda, paýtagta ýakyn ýerde özlerine berkitme ýer edinipdirler. Emma käbir toparlar gozgalaňçylaryň ýolbaşçylary bilen ylalaşman, gozgalaňdan bölünip aýratynlykda hereket edipdirler. Şol sebäpli hökümet goşuny olary aýry-aýrylykda derbi-dagyn edipdir. Agyr ýitgilere garamazdan gozgalaň ýene-de 20 ýyllap, tä 207-nji ýyla çenli ýurtda gozgalaňçylaryň çykyşy kesilmändir. Gozgalaňlar basylyp ýatyrylypdyr, emma gozgalaňçylaryň uran zarbasyndan Han imperiýasy hem aýňalyp bilmändir.

189-njy yylda imperator Lin-di aradan çykandan soň, paýtagtda häkimiýeti aljak bolýan topar tarapyndan dildüwişik gurnalýar. Dildüwişijileriň ýolbaşçylarynyň biri Ýuan Şaonyň garşysyna Dun Çžo çykypdyr. Ol Lin-diniň kiçi ýaşly ogluny tagta çykarýar we ýurdyň paýtagtyny Çanýana geçirip, soňra häkimiýeti öz eline alýar. 192-nji ýylda Dun Çžo öldürilýär. Şondan soň “şarydaňylylaryň” gozgalaňy basylyp ýatyrylýan döwrüne çenli, öňe saýlanan harby serkerdeleriň arasynda, häkimiýet ugrunda gazaply uruşlar başlanýar. Özara uruşlar bütewi imperiýanyň dargamagyna getirýär. III asyrda imperiýanyň ýerinde üç sany özbaşdak döwletler: Weý, Şu we U ýaly döwletler emele gelýär, olar Hytaýyň taryhynda Üçpatyşalyk döwri diýilip atlandyrylýar. Şeýlelik bilen, Gadymy Hytaýda II-III asyrlarda täze feodal jemgyýeti ýüze çykyp, irki orta asyrlar döwri başlanýar.

## §41. Gadymy Hytaýyň medeniýeti

**Rowaýatlar we din.** Häzirki wagtda biz gadymy hytaý rowaýatlary barada diňe b. e. öň VI asyra degişli ýadygärlikleriň esasynda beýan edip bileris. Öz mazmuny boýunça bu ýadygärlikler birnäçe toparlara bölünýärler. Mifiki rowaýatlara görä tebigatyň we adamynyň gelip çykyşy barada iki sany garaýyş öňe sürülýär. Ikinji garaýyş, ähli zatlarda

özgerişler bolupdyr diyip çaklanýar. Şol garaýyşa görä, adam Nýuý Wa atly aýalyň laýyndan-palçygyndan ýasalypmyş, emma şol rowaýatyň başga bir beýanyna görä, Nýuý Wanyň özi maddalara we janly zatlara öwrülip, dünýäni hemme zatlar bilen dolduranmyş.

Köp sanly rowaýatlar tebigy betbagytçylyklara we olardan adamlary halas eden gahrymanlara bagyşlanypdyr. Betbagytçylyklaryň esasan iki görnüşi bolup olar- dünýäni suw almaklyga we gurakçylyga bagyşlanypdyr. Rowaýatlarda adamlaryň hojalyklaryny suwyň basmagyny, adamlary jezalandyrmak üçin Asmanyň iberýän sütemi-jebiri diýilip düşünilipdir. Gurakçylyk bolsa, ekin meýdanlarynyň ýanyp küle öwrülmegi we adamlaryň heläk bolmagyna howp salýan, on sany güniň bir wagtyň özünde dogmagynyň netijesi hasaplanypdyr. Rowaýatda adamlary suwyň basmagyndan Beýik Ýuý, gurakçylykdan bolsa öz peýkamyndan ok atyp artykmaç günleri aýran Atyjy I halas edipmiş.

Gadymy gahrymanlar baradaky rowaýatlarda gadymy hytaýlylaryň öz gahrymanlaryny tapmaga ymtylyşlary görkezilipdir. Mysal üçin, olaryň içinde ilkinji bolup ot almaklygy kim öwredipdir, kim ilkinji gezek gamyşdan küme ýasamagy öwrenipdir, aw etmegi we balyk tutmagy kim ilkinji bolup oýlap tapypdyr; ilkinji bolup kim ekerançylyk gurallaryny ýasamagy öwrenip, adamlara däneden çörek edip, ony iýmegi öwredipdir we ş.m. Gadymy hytaýlylar bu medeni gahrymanlary ýarym adam-ýarym haýwan: göwresi ýylan ýa-da kellesi öküz hökmünde göz öňüne getripdirler. Diýmek, gadymy hytaýlylarda hem beýleki halklaryňky ýaly öňanlarynyň bolup, olary öz rowaýatlarynda bermäge çalyşypdyrlar.

Rowaýatlarda adamlaryň ilkinji ata-enesi kim bolandygy baradaky rowaýatlar, beýanlaryň aýratyn bir toplumyny emele getiripdir. Olaryň hemmesi hem arassa eneden döräpmişler. Mysal üçin, inleriň ilki enesi Owadan ýelekli mukaddes Guşuň

ýumurtgasyny atdanlykda ýudanmyş, ýa-da ilkinji çžousyň ejesi Apet bir uly zadyň aýak yzyna basanmyş we ş. m. Rowaýatlarda berilýän maglumatlarda, adam diňe ene tarapyndan döräpdir, “adamlar diňe enelerini bilip, atalaryny bilmändirler” diýen düşünje berilýär.

Inleriň o dünýe baradaky garaýyşlary, edil Asman astynda ýokary häkimligiň wana degişliligi ýaly, asmanda hemme zat Beýik hudaý Die tabyn edilip görkezilýär. Di ýeke-täk güýçli, ol adamlara gowylyk edýär, olary jezalandyrýaram, ol adamlara hasylam berýär, gurakçylygam, ýagynam, ýelem şoňa bagly. Diniň daşyndaky ýakyn “hyzmatkärleri”, waniň geçip gidenleri. Wanyň ata-babalary Diniň her hili tabşyryklaryny ýerine ýetirýärmişler, olar şeýle-de wanyň kömek sorap, ýüz tutýan haýyşlaryny Beýik Diýe ýetirýärmişler. Şonuň üçin wan öz atababalaryna sadaka berip (gurban edip) Beýik hudaýyň ýalkamagyny, onuň goldawyny alýarmyş. Wanyň esasy wezipesi döwletiň ýokary ruhanysy hökmünde, adamlar bilen hudaýlar dünýäsiniň arasynda aralykçy bolup hyzmat etmek hem-de öz öten-geçenleri bilen habarlaşmak bolupdyr.

Konfusiýaçylyk taglymatyň ýüze çykmagy we onyň ýaýramagy, bir tarapdan ata-babalara uýmaklygy ýokary galdyrýan bolsa, ikinji tarapdan Asman hudaýy Diýe bolan ynamyň gowşamagyna ýardam edipdir.

II-III asyrlarda Hytaýa buddizm dini aralaşýar, rowaýata görä ilkinji budda kitaby (sutra) Hytaýa ak atyň üstünde getirilipdir; onuň hormatyna Loýanyň töwereginde, häzirki günlere çenli saklanyp galan buddanyň “Ak atly ybadathanasy” gurlupdyr. Sutryň hytaý dilinde terjimesi we buddizmiň Hytaýa ýaýramagy IV-VI asyrlara degişlidir.

**Ýazuwyň ýüze çykmagy.** Iň irki gadymy hytaý ýazuw ýadygärligi Inleriň b. e. öň XIV-XI asyrlara degişli täleý garalýan ýzuw ýadygärligidir. Ýazuwyň bu ulgamdaky görnüşi has ir çykan bolmaly. Şebäbi in hatlary bilen häzirki hytaý ieroglifikasynyň arasynda düýpli bir tapawyt ýok diýen

ýalydyr. Inler häzirki hytaýlylar ýaly diliň ol ýa-da beýleki belliklerini, olaryň ähmiýetine görä ulanypdyrlar. Inleriň hatynyň belgileriniň köpüsi ideogramma- haýsam bolsa bir zadyň şekili çekilen görnüşde bolupdyr. Bulardan başga-da in hatynda bellik alamatlarynyň başga görnüşdäkileri, ýagny häzirki zaman hytaý ieroglifikasy görnüşindäki belgileri hem ulanylypdyr: şeýle belligiň bir görnüşi okmaklygy görkezipdir, beýlekisi bolsa, onuň mazmuna ýakyn bolan ähmiýetni aňladypdyr.

Inleriň hat bellikleri häzirki hytaý ieoroglifiksyndan aýratynlygyny görkezip biljek üç sany aýratynlyklar bilen häsiýetlendirip bolar. Birinjiden, her bir ýonekeý bellik, haýsam bolsa hiç zada bölünmeýän bir zady şekillendiripdir. Ikinjiden, ýazylanda şol bir belligiň köp sanly görnüşi bolupdyr. Üçünjiden, bellikleriň setirleriniň gidýän ugurlarynyň kesgitlenilişi gutarnykly görnüşe gelmändir.

Inleriň hatyny kabul edip alan çžoularyň döwründe, ýagny b.e. öň I müňýyllykda hem in hatynyň ösüşi togtamandyr. Düýpli üýtgeşmeler diňe b. e. I we II asyrlarynda bolup geçýär. Bu döwürde ýerli ieroglifikanyň bellikleriniň tertibe getirilmegi bilen, olary ýazmaklygyň täze usuly ýüze çykýar. Bu döwrüň ieroglifikasy ilkinji hatlardan doly diýen ýaly tapawutlanypdyr. Han döwrüniň haty bolsa, häzirki döwrüň hatyndan hiç hili tapawut edenak.

Hat bellikleriniň kämilleşmegi onuň ýazylaýan materialyna görä ösüpdir. Gadymy Hytaýda uzyn hem ýuka agaç ýa-da bambuk tagtajyklaryna ýazylyp, soňra ýüp ýa-da teletin bilen birleşdirilipdir. Hat tuş bilen çotgajyklarda ýazylypdyr, ýalňyşlyk göýberilen ýagdaýynda olary metal pyçajyklar bilen arassalapdyrlar (şonuň üçin hem ýazuw esbaplary “pyçak we çotga” diýilip atlandyrylypdyr). B. e. öň I müňýyllgyň ortalaryndan başlap gadymy hytaýlylar ýüpek matalara hem ýazyp başlapdyrlar (şeýle ”ýüpek” kitaplaryň görnüşleri hanlaryň guburlaryndan tapylýar). Täze eýýamyň

başlarynda Hytaýda kagyz oýlanyp tapylyp, ol ulanylmaga girizilipdir. Täze eýýamyň ilkinji asyrlarynda kagyz ähli öňki hat ýazylýan esbaplary gysyp çykarypdyr.

**Gadymy Hytaý edebiýaty.** Iň gadymy goşgy bilen ýazylan eserleriň biziň döwrümize gelip ýetenleri b. e. öňki XI-VI asyrlara degişli, bürünç küýzelerine ýazylan ýazgylardyr. Olaryň beýanlary "Şisizin" ýazgylaryna gaty meňzeşdirler.

"Şisizin" gadymy hytaý poeziýasynyň altyn hazynasy hasaplanylýar. Bu ýadygärlik dört sany topara (Patyşalaryň gylyklary". "Kiçi odalar", "Beýik odalar" we "Gimnler") bölünip, 305 sany goşgy eserleri özünde jemleýär. "Şisiziniň" birinji bölümine girzilen liriki halk aýdymlary özüniň tüýs ýurekden çykýanlygy, ýürekden turýanlygy bilen haýran galdyrýar. Ikinji we üçünji bölümlere girizilen eserler ýazylyş aýratynlyklary bilen tapawutlanýarlar. Olaryň köpüsiniň temasy hökümdara gulluk etmeklige, harby ýörişlere, meýlislere we gurban etmeklige bagyşlanypdyr. Dördünji bölümde dabaraly ybadathana aýdymlary aýtmaklyga, öten-geçenlere we geçen hökümdarlara bagyşlanan aýdymlar jemlenipdir.

"Şisiziniň" ýoly b. e. öň IV asyryň poeziýa awtorlary tarapyndan kabul edilip, daş tumbalaryna ýazylan ýazgy görnüşinde biziň günlerimize gelip ýetipdir. Olar deprek şekilinde bolansaň, olardaky ýazgylar hem "daş depreklerdäki beýanlar" diýilip atlandyrylypdyr.

Çžango eýýamy gadymy hytaý medeniýetiniň has çalt ösen döwri bolupdyr. B.e. öň IV asyrda Çu patyşalygynda öz ýaşan jemgyýetiniň gapmagarşylyklaryny has aýdyň beýan eden, görnükli şahyr Sýuý Ýuanýa ýaşapdyr hem döredipdir. Onuň şahyrlygynyň täsiri, ýazylyş görnüşiniň kämilligi bilen Gadymy Hytaýda tapawutlanypdyr.

Halk poeziýasynda han döwrüniň şahyrlarynyň döredijiligi hem görkezilipdir. Öz eserleri bilen has belli şahyrlaryň biri Syma Sýan-žu bolupdyr. Onuň eserleri Syma Sýan tarapyndan şahyryň öz ömürbeýanyna goşulypdyr.

**Gadymy Hytaýyň sungaty.** Gadymy hytaý poeziýasy aýdym-sazyň aýrylmaz bir bölegi bolupdyr. Şaz, poeziýa, tans medeniýeti konfusiýaçylar adamlaryň özara gatnaşyklarynyň esasylarynyň biri hasap edipdirler. “Sözler aldap bilerler, adamlar jögülik edip bilerler, diňe saz ýalan sözlemäge ukyply däldir” diýip, gadymy hytaýlylar sazyň durmuşdaky wezipesini kesgitläpdirler.

Gadymy hytaý saz gurallary esasan üç sany topara: kirişli, üflenip we urlup çalynýan gurallara bölünipdirler. Saz gurallarynyň bu ady tutulanlary han döwründe hem ýürekden çykýan sazlary çalmak üçin ulanylypdyr. Biziň eýýamymyzyň I we II asyrlarynda bular bilen birlik-de düýbünden täze saz gurallary, esasan hem goňşy halklaryň saz gurallary ýaýrap başlapdyr. Olaryň köpüsi Hytaýa Orta Aziýadan düşüpdir.

Gadymy Hytaýda binagärçilik sungaty hem özboluşlylygy bilen tapawutlanypdyr, olar esasan hem han döwrüniň köşk we ymaratçylyk gurluşynda ýüze çykypdyr.

Gadymy hytaýda jaýlary onuň dywarlary düzmän, eýsem jaýyň ýokarsynda direg pürsler bolup, olar üçegiň esasy agramyny öz üstüne alypdyr.



Çanýandaky han köşgi. B. e. öň II-I asyrlar

Direg pürsler we olary birleşdirýän tagtalar bolmasa, jaý asla bolup bilmez-ony gadymy hytaý ýazgylarynda şeýlerak mysal bilen deňeşdirilipdir: “Siz Çžen patyşalygy üçin edil üçekdäki tagta kimin, eger-de tagta gaçaýsa, onda jaý ýumurlar” diýip, patyşanyň emeldarlarynyň biri köşk işgärine aýdypdyr. Şeýle diýmek bilen adamlar patyşanyň daýanjy bolup durýan wepaly adamlaryny, jaýyň esasy diregi bolan üçek diregleri bilen denäpdirler. Jaý birneme ýokary galdyrylan ýerde-sekide gurlupdyr, şondan hem gadymy hytaý dilinde

“köşke galmak”, “köşkden düşmek” ýaly halk içinde aýdylýan sözler gelip çykypdyr. Jaýlaryň diwarlary eýlenen laýdan salnypdyr (gurluşykda kerpiç b. e. öň II-I asyrlarynda ulanlyp başlapdyr). Jaýyň üçegi ýukarak bişen, zolakly kerpiçler (çerepisalar) bilen ýapylypdyr. Han imperiýasynyň döwründe jaýlaryň öň ýüzini her hili tegelek kerpiçler-çerepiçalar bilen ýa-da bagyt, baýlyk, üstünlik ýaly sözler bilen arzuwlanýan ieroglifiki ýazgylar bilen bezäpdirler.

Gadymy dünýäniň uly şäherleriniň biri-de, han imperiýasynyň paýtagt şäheri bolan Çaýan şäheridir. Ol binagärçilikde iň göreldeli, owadan  şaherleriň biri bolupdyr. Şäheriň daşyna 12 derwezeli gala salnypdyr. Onuň iň beýik jaýlarynyň biri imperatoryň jaýy bolupdyr. Köşk otaglary bir ýerik jemlenilmän, eýsem, paýtagtyň hemme ýerlerinde ýerleşipdir. Garamaýak adamlardan çekinmez ýaly, imperator we onuň egindeşleri we maşgalalary üsti ýapyk geçelgeleriň we asma ýollaryň üsti bilen, bir köşkden ikinji bir köşge geçip bilipdirler. Köşgiň ýakynynda dolandyryş ulgamynyň sary reňk bilen reňklenen edarasy ýerleşipdir (han zamanynda gyzyl reňk imperatoryň alamaty-simwoly bolupdyr). Şol wagtlar sary reňk imperatoryň resmi bolýan ýeri hasaplanypdyr. Bu jaýlaryň hemmesi, şol sanda baý şäherlileriň jaýlary hem iki gatdan ybrat bolupdyr.

“Itleri we atlary şekillendirmek kyn, sebäbi adamlar olary mydama görüp ýörler we oňat bilýärler, şonuň üçin olaryň şekilinde meňzeşlik ýitirilse ony şol wagt adamlar duýýarlar. Emma ruhy şekillendirmek has ýeňil, olary görüp bolanak, şonuň üçin olaryň suratyny çekmeklik hem has ýeňil diýip, hytaý filosfi tekrarlapdyr. Emma onuň döwürdeşleri köplenç itleri, atlary şola sanda ruhlary hem çekipdirler, ol barada guburhanalardan tapylan köp sanly üsti açylan şekiller we daş dywarlara çekilen şekiller subut edýärler. Bu şekillendiriş sungat eserleri giçki döwürlere degişli hem bolsa, olar Çžan zamanynyň sungatyna esaslanýarlar.

Esasan hem Han imperatorlarynyň döwründe portret çekmek sungatynyň ösendigini belläp bolar. Suratçylygyň bu görnüşi 1957-nji ýylda Loýanyň ýanynda Han guburhanasyndan tapylypdyr. Onda b. e. öňki III asyra degişli özara uruşlaryň gidýän döwründe, geljekgi han nesilşalygyny esaslandyryjynyň, onuň bäsdeşi tarapyndan aldawa salnyp tora düşirlişi we onuň egindeşleri tarapyndan halas edilşi baradaky tragyky ýagdaý şekillendirlipdir.

Näbelli suratçy tarapyndan meýlise gatnaşýanlaryň her haýsynyň şekili berlipdir. Olaryň biri barada Syma Sýan özüniň "Taryhy ýazgylarynda": "Onuň bitren işine garanyňda ol uzyn boýly, edenli erkek adam bolmaly diýip hasap etdim. Haçanda, men onyň şekilini görenimde, meniň gözüme nämeler göründi. Daş görnüşine we ýüz şekiline seredeniňde ol örän owadan zenana meňzeýär!" diýip ýazypdyr.

Han döwrüniň ady belli suratçylarynyň birnäçesiniň atlary, köp sanly ýazuw ýadygärliklerinde saklanyp galypdyr. Olaryň biri barada şeýle gürrün berilýär, ol surat çekende dine bir adamynyň ýüz keşbiniň gözelligini däl, eýsem ol adamynyň ýaşyny hem görkezip bilipdir. Imperator suratça öz ýesir gyrnaklarynyň suratyny çekmegi buýrupdyr we olaryň içinde suratda has özüne çekijileri mynasyp hasaplaýanlaryny saklaýar eken. Gyrnaklaryň kä-birleri suratçyny satyn alyp, onuň suratyny az-owlak şekilsiz edip görkezmekligi haýyş edýär ekenler. Şonuň üçin imperator hiç wagt olaryň ýüzüni hem görmändir, imperator gyrnaklaryň birini hunlaryň (sýunnularyň) şanýuýuna gymmat bahaly sowgatlary ibermeli bolanda, gyrnaklaryň birini-Çzao-szýuny hem ibermegi karar edipdir. Toý kerweni ugramazyndan öň Çžao-szýun gelni imperator kabul edipdir. Imperator bu gelniň ähli gyrnaklarynyň içinde iň owadan, görnükli gelindigini bilip galypdyr. Gahary gelen imperator gyrnagyň hakyky sypatyny çekmänligi üçin suratçyny ölüme buýrupdyr.

**Tebigat bilimleriniň ösüşi.** Çžango zamanynyň ylmy-bilimleriniň ösüşi, esasan hem matematika ylmynyň ösüşi Gadymy Hytaýyň medeniýetiniň ýokary derejede ösendigine güwä geçýär.

B. e. öňki II asyrda "Dokuz kitapdan ybarat Matematika" barada düzülen traktat, Ewklidiň "Başlangyç" eseri ýaly matematika ylmynda, alymlaryň geçen nesilleri tarapyndan jemlenen ylmyň-bilmiň netijesi bolupdyr. Bu eserde droblar bilen işlemegiň düzgünleri, Pifagoryň teoremasy, gönüburçly üçburçlyklary ulanmak, deňlemäniň ulgamyny çözmek we başgalar girzilipdir. "Dokuz kitapdan ybarat matematika" ýer ölçeýänler, astranomlar, emeldarlar we başgalar üçin ýörelge kitaby bolupdyr. Gadymy Hytaýyň taryhyny öwrenýänler üçin, bu kitap diňe bir ylmy taýdan ähmiýetli bolman, eysem onda han döwründäki dürli öndürilen harytlaryň bahalarynyň, ekerançylyk ulgamynda hasylyň öndürilişiniň görkezijileri barada hem maglumatlar saklanypdyr.

Gadymy Hytaýda has ösen ugurlaryň biri-de lukmançylyk ulgamy bolupdyr. B. e. öňki IV-III asyrlarda Gadymy Hytaý lukmanlary lukmançylyk ulgamynda iňňe sançmak usulyny giňden ulanypdyrlar. B. e. öňki II asyra degişli han guburhanasyndan tapylan lukmançylyk eserleriniň golýazmasy has hem gymmatly çeşmeleriň biridir. Lukmanlar bu eserlerde bejeriş gimnastikasyna, ot basyp bejermek usulyna degişli gollanma, dürli görnüşli dermanlaryň sanawyny özünde jemleýän ýygyndyny beripdirler. Munda 280-sany 52 keseli bejermek üçin görkezmeleri (olaryň içinde üşütme, nerwilerdäki bozulmalar, ingiler, aýal we çaga kesellerini we ş. m.) öz içine alypdyr. Eseriň içinde birnäçe jadygöýleriň kesel bejeriş usullary hem teklip edilipdir. Mysal üçin, çişgin-rak keselini bejermek üçin her aýyň ahyryndaky günleriň birinde çişginiň üstünden köne sübse bilen ýedi gezek geçmelidigi, soňra subsäni bir guýa zyňmalydygy görkezilipdir. Emma han

döwrüniň has giçki lukmançylyk eserlerinde jadygöýleriň kesel bejeriş usuly barada hiç zat ýatlanylmaýar.

## V Bölümiň netijesi

Uzak Gündogar ýurtlarynyň gadymy gündogaryň taryhynda möhüm ähmiýeti bardyr. Gadymy Hytaýda irki synpy jemegyýetler we döwletler Alynky Aziýanyň Gündogar siwilizasiýalaryndan birneme gijiräk ýüze çykýar. Emma şoňa garamazdan döwlet ýüze çykandan soň, olar örän çaltlyk bilen ösüp Gadymy Hytaý ykdysadyýetini, özleriniň örän täsin jemgyýetçilik-syýasy we medeni ulgamy döredipdirler.

Gadymy Gündogar döwletleri, Gündogar Aziýanyň ýerinde b. e. öň II-I müňýyllyklarda ýüze çykdy. Urug-taýpa gatnaşyklarynyň dargap başlan döwründe Huanhe derýasynyň boýunda gadymy Hytaý jemgyýeti we döwleti emele gelip, ol asyrlaryň dowamynda Gadymy Gündogaryň beýleki siwilizasiýalary bilen hiç hili gatnaşygy bolman ösýär. Bu ýagdaý gadymy Hytaý jemgyýetiniň we medeniýetiniň özboluşly, köp görnüşli anyk ulgamyny emele getiripdir.

Gadymy Hytaýyň sosial-ykdysady ösüşiniň esasy aýratynlygynyň biri-de, Huanhe derýasynyň akymyny kadalaşdyrmaklyk bolup, onuň ekerançylyk etraplarynyň serhetleriniň köp sanly çarwa maldarlar üçin açyk bolmagy, Hytaýyň käbir etraplarynyň aýratynlygy syýasy we medeni taýdan bäşdeşlik etmeklerine iýmit bolup hyzmat edipdir. Bu aýratynlyklar merkezleşdirilen döwletiň emele gelmegine päsgel beripdir, şol bir wagtda bolsa merkezleşdirmeklikde alnyp barylýan göreşiň zabun görnüşleriniň döremegine getiripdir.

Gadymy Hytaýyň we beýleki Gadymy Gündogar döwletleriniň şol döwürde ýüze çykan gündogar siwilizasiýalaryndan ähmiýetini has uly edilip görkezilse, onda ol taryhy jähtden ýalňyş bolardy. Öňki eýýamyň soňky

asyrlaryndan başlap, Han imperiýasy Gadymy Gündogaryň günbatar ýurtlary bilen has ýakyndan gatnaşyklary açyp başlaýar. Orta Aziýa we Ýakyn Gündogara Beýik ýüpek ýol arkaly gadymy hytaý ýüpek matalary, hytaý kagyzy, lakdan ýasalan önümler getirlipdir. Gadymy hytaýlylar parfiýa we siriýa täjirleriniň üsti bilen Alynky Aziýada ýasalýan aýna we aýna önümleri bilen tanyşypdyrlar. Hytaýlylar Hindileriň buddizm dinini Orta Aziýadan kabul edip, onyň Koreýa we Ýaponiýa ýaýramagyna ýardam edipdir.

Gadymy Hytaýyň özboluşly ýazuwy, baý mazmunly edebiýaty, örän aýdyň we inçeden döredilen sungaty, Gündogar Aziyanyň goňşy halklarynyň medeniýetiniň ösmeginde möhüm orny eýeleýär. Şol bir wagt-da gadymy hytaý medeniýetiniň ýüze çykmagynda, beýleki goňşy döwletleriň we halklaryň medeniýetniň täsiri hem az bolmandyr. Olar Uzak Gündogaryň Gadymy halklarynyň medeniýetde ýeten derejeleriniň köp tarapalaryny kabul edip, olary döredijilikli özleşdiripdirler.

Häzirki hytaýlylaryň, koreýleriň, ýaponlaryň, wetnamlylaryň gadymy ata-babalary bilen bir hatarda, Aziýanyň gadymy halklary hem dünýä medeniýetiniň ösmegine öz goşantlaryny goşup, biziň eýýamymyzyň başyndaky asyrlarda, dünýäniň etniki kartasyndan düşüp gidipdirler. Olara gadymy hunlary (sýunnulary) goşup bolar. Hunlar Gadymy Gündogar Aziýada köp asyrlaryň dowamynda diňe bir syýasy durmuşda täsirli güýç bolup durman, eýsem medeniýetiň ösmeginde hem köp halklara öz täsirini ýetirip bilipdirler.

## Esasy seneler

1. Neolitik Ýanşo medeniýeti – B. e. öň V-III müňyylyklar.
2. Şan-In döwri, irki synpy jemgyýretiň we döwletiň ýüze çykmagy – b. e. öň XVII-XI asyrlar.
3. Döwletiň paýtagty Şan şäheriniň esaslandyrylymagy. In hatlarynyň ýüze çykmagy – B. e. öň XIV asyrda.

4. Günbatar Çžou zamany, emläk baýlygy ulgamynyň agalyk etmegi – B. e. öň XI-VIII asyrlar.
5. Paýtagty Loýan şäheri bolan Gündogar Çžou nesilşalygynyň dolandyrmagy, syýasy dagynyklyk – B. e. öň VIII-III asyrlar.
6. Demirden zähmet gurallarynyň ýaýramagy we sosial-ykdysady
gurluşdaky öňe gidişlikler. Konfusiýanyň ömür beýany - B. e. öň VI-V asyrlar.
7. Sin patyşalygynda Şan Ýanyň özgertmeleri. Ýere we gulçylyga hususy eýeçiligiň ösmegi – B. e. öň 359-350-nji ýyllar.
8. Umumy Hytaý Sin nesilşalygy, merkezleşdirilen imperiýanyň döredilmegi. Sin- Şihuanyň özgertmeleri. Beýik Hytaý dywarynyň gurluşygynyň başlanmagy – B. e. öň 221-207-nji ýyllar.
9. Günbatar Han nesilşalygynyň dolandyrmagy – B. e. öň 206 - b. e. 8-nji ýyly.
10. Imperator U-diniň dolandyrmagy. Han Imperiýasynyň “Altyn asyry”. “Günbatar sebit” ýurtlaryna syýhatçylaryň ugradylmagy. Syma Sýanyň “Taryhy ýazgylarynyň” düzülmegi - b. e. öň 140-87-nji ýyllar.
11. Imperator Wan Manyň döwleti dolandyrmagy we durmuşy özgerişleri geçirmäge bolan synanyşyk – b. e. 9-23-nji yyllary.
12. “Gyzyl gaşlylaryň” gozgalaňy – 18-25-nji yyllar.
13. Giçki Han nesilşalygynyň (Günbatar) dolandyrmagy. Parfiýa bilen
durnukly aragatnaşyklaryň ýola goýulmagy we Rim imperiýasy bilen
diplomatik gatnaşyklary ýola goýmaga bolan synanyşyk. Hytaýda buddizm
dininiň ýaýrap başlamagy – b. e. 25-220-nji ýyllary.
14. “Sary daňylylaryň” halk gazgalaňy. Hytaý imperiýasynyň üç patyşalyga

bölünmegi we Hytaýyň taryhynda feodal döwrüniň başlanmagy –184-
207-nji ýyllar.

## EDEBIÝATLAR

### Gadymy Gündogaryň taryhyndan umumy häsiýetdäki kitaplar


1.Авдиев В.И. История Древнего Востока. – М., 1953, 1970.
2.Васильев Л.С. История Древнего Востока. В 2-х т. – М., 1993. т.1.
3.Древние цивилизации. /под.общ.ред. Г.М.Бонгард-Левин. – М., 1989.
4.История Древнего Востока. Под ред.В.И.Кузищина. 1-ое изд. – М., 1979.
5.История Древнего Востока. Материалы по истиографии. Под ред.В.И.Кузищина, А.А.Вигасина. – М., 1991.
6.История Древнего Востока. Т.1. Ранняя древность. Т.2.Расцвет древних обществ. Т.3. Упадок древних обществ. Под ред.И.М.Дьяконова, И.С.Свенцицкой, В.Д.Нероновой. – М., 1982 (1-е изд.), 1983 (2-е изд.), 1989 (3-е изд.).
7.Источниковедение истории Древнего Востока. Под ред.В.И.Кузищина. – М., 1984.
8.Матье М.Е., Афанесьева В.К., Дьяконов И.М., Луконин В.Г. Искусство Древнего Востока. – М., 1968. («Памятники мирового искусства»).
9.Хрестоматия по истории Древнего Востока. / под ред. М.А.Коростовцева, И.С.Кацнельсона, В.И.Кузищина. Т.1-2. – М., 1980.

10. Всемирная история. Т.1. – М., 1955.; Т.2.–М., 1956
.
11.Заблоцка Ю. История Ближнего Востока в древности. (От первых поселений до персидского завоевания). – М., 1989.
12. История Древнего Востока; Восток в древности. – М., 1997.
13.История Древнего Востока; Зарождение древнейших классовых обществ и первые очаги рабовладельческой цивилизации. Ч.1; Месопотамия. – М., 1983; Передняя Азия. Египет. Ч.2. – М., 1988.
14. Конрад Н.И. Запад и Восток. – М., 1972.
15. Междугосударственные отношения и дипломатия на Древном
Востоке. Т.1-2. – М., 1987.
16 Авдиев В.И. История Древнего Востока. В 3-х изданиях. – М., 1948
(1-е изд); 1953 (2-е изд.); 1970 (3-е изд.).

**Gadymy Gündogaryň taryhynyň çeşmeleri**

17. Кощеленко Г.А. Греческий полис на Эллинистическом Востоке. –
М., 1979.
18. Dьяконов И.М. Общественный и государственный строй древнего двуречья. –
М. 1959.
19. Сергеев В.Р. История древней Греции. – Л., 1961.
21. Хрестоматия по истории Древнего Востока. / Сост.и комм. А.А.Вигасина. – М., 1997.
22. Авеста. / Пер.I. Стеблина-Каменского. – М., 1993.
23. Бичурин Н.Я. Иакинф. Собрание сведений о народах обитавших в Средней
Азии в древние времена. – М.-Л., 1950. Т.1-2.; – М.-Л., 1953. Т.3.

24. История и культура древней Индии. Тексты сост.А.А.Вигасин. – М., 1990.
25. Махабхарата. /пер.В.И.Кальянова и др. Т.1-5, 7-8. – М.-Л. СПБ, 1950-1992.
26. Ригведа: Избранные гимны. / Пер.Т.Я.Елизаренковой. – М., 1977.
27. Сыма Сян. Исторические Записки (Ши цзи). / Пер.и комм. Р.В.Вяткина. Т.1-7. – М., 1972-1996.

## III. Esasy edebiýatlar

28. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
29.Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
30. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
31. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
32. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2007.
33.Türkmenistanyň Prezidenti Gurnaguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
34. Türkmenistanyň Prezidenti G.M.Berdimuhammedowyň XIX Halk Maslahatynda sözlän sözi. // Miras. N1, 2007.
35. Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynyň mejlisi. //Watan, 2007, 31-nji mart.

36. “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda”Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany. // Türkmenistan, 2007, 16-njy fewral.
37. “Bilim – terbiýeçilik edralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda”Türkmenistanyň Prezidentiniň karary. //Türkmenistan, 2007, 5-nji mart.
38.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Umumymilli “Galkynyş” Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlisinde sözlän sözi. - Aşgabat, 2007.
39. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama.- Aşgabat, 2001.
40. Saparmyrat Tűrkmenbaşy. Ruhnama. –Aşgabat, 2004.

**Halkara ylmy maslahatlaryň nutuklarynyň gysgaça beýanlary:**

41. Nusaý dünýä medeni ösüşiniň gadymy ojagydyr. Aşgabat, 1995.
42. Medeni miras-dünýä medeni we ruhy galkynyşlarynyň taryhyny öwrenmegiň çeşmesi. Aşgabat, 2008.
43. Gadymy Jeýtun medeniýetiniň irki ekerançylyk medeniýetiniň ojagydyr. Aşgabat, 2009.
44. Türkmenistan- dünýä jahankeşdeleriniň nazarynda. Aşgabat, 2009.
45. Esenow B. Gadymy dünýä taryhy. Umumy okuwlaryň ýazgysy. –Aşgabat, 2009.
46.Türkmenistanyň taryhy. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. Aşgabat, 1995.
47. Тарн В. Эллинистическая цвилизация. –М., 1949.
48. Ковалев С. И. История древнего рима. –М., 1964.
49. История древнего Мира. Под. ред. Крушкол Ю. С. – М., 1971.
50. История Древней Греции. Под ред. В.И.Кузищина. – М., 1986.

51. Мищулин А. В. Спартак. – М., 1950.
52. Машкин Н. А. История древнего Рима. –М., 1956.
53. Нечай Ф. М. Образование Римского государство. – Минск, 1972.
54. История древнего востока. Под. ред.Кузищина В. И. – М., 1988.
55. Средняя Азия в эпоху камня и бронзы. Отв.ред. В.М.Массон. – М.-Л., 1966.

**Gadymy Gündogaryň taryhy boýunça antiki çeşmeler**

56. Арриан. Поход Александра. /Пер. М.Е.Сергиенко. – М., 1963. (Литературные памятники. Переиздание с сокращенным научным аппаратом. – М., 1993.)
57. Геродот. История в девяти книгах. Пер. Г.А.Стратоновского. – М.-Л., 1972. (Памятники исторической мысли. 1993.).
58. Квинт Курсий Руф. История Александра Македонского: С приложением сочинение Диодора, Юстина, Плутарха об Александре. /под.ред. А.В.Баженова. – Ташкент, 1940.
59. Ксенофонт. Анабазис. /Пер.и комм. М.И.Максимов. – М.-Л., 1951. («Литературные памятники». – М., 1994.).
60. Ксенофонт. Греческого история (Пер. С.Й.Лурье). – СПб., 1993.
61. Пьянков И.В. Средняя Азия в известиях античного историка Ктесия. Душенбе, 1975.
62. Страбон. География в 17 книгах. / Пер. Г.А.Страновкого. – М., 1964. (Памятники исторической мысли. и репр. 1994).

**Gadymy Gündogaryň arheologiýasy**

63. Бадер Н.О. Древнейшие земледельцы Северной Месопотамии. – М., 1989.

64. Горелик М.В. Оружие Древнего Востока: IV тысячелетие – IV в. do н.э. – М., 1993.
65. Кинк Н.А. Восточное Средиземноморье в древнейшую эпоху. – М., 1970.
66. Масон В.М. Экономика и социальной строй древних обществ (в свете данных археологии.) – М., 1976.
67. Меллрт Дж. Древнейшие цивилизации ближнего Востока. – М., 1982.

**Gündogar halklarynyň dili we etniki taryhy**

68. Абаев В.Е. К вопрос о прародине и древнейших миграциях индоиранских племён. Древний Восток и античный мир. – М., 1972.
69. Бонгард-Левин Г.М. Некоторые проблемы этнокультурной истории народов Индостана в III-I тысячелетиях до н.э. / Узловые проблемы истории Индии.
М., 1981.
70. Бонгард-Левин Г.М., Грантовский Е.А. От Скифы до Индии. Древние арии: мифы и история. 2-ое изд. – М., 1984.
71. Грантовский Е.А. Откуда пришли индоарии, - М., 1994.

**Okuw kitaplary we grammatikadan oçerkler**

72. Иванов В.В. Хеттский язык. – М., 1963.
73. Петровский Н.С. Египетский язык. – Л., 1958.
74. Канева И.Т. Шумерский язык. – СПб., 1996.
75. Яхонтов С.Э. Древне-китайский язык. – М., 1995.
76. Истрин В.И. Возникновение I развитие письма. – М., 1965.
77. Васильев Л.С. История религий Востока. – М., 1988.

## Dini garaýyşly edebiýatlar


78. Антонова Э.В. Очерки культуры ранних земледельцев
Передней и Средней Азии.
79. Опыт реконструкции мировосприятия. – М., 1984.
80. Антонова Э.В. Обряды и верование первобытных земледельцев Востока. М., 1990.


## Gadymy Gündogaryň aýry-aýry sebitleri boýunça durmuş-ykdysady, syýasy we medeni taryhy.

## Müsür we Nubiýa


81. Беляев О.Д. Общественные отношения в Египте эпохи
Среднего царства. – М., 1978.
82. Картер Г. Гробница Тутанхамона. – М., 1959.
83. Культура древнего Египта. – М., 1964.
84. Кинк Н. Египет до фараонов. – М., 1976.


## Alynky Aziýa
## Derýaaralygy (Mesopotamiýa)


85. Белецкий М. Забытый мир шумеров. – М., 1980.
86. Белявский В.А. Вавилон легендарный и Вавилон исторический. М., 1971.
87. Дандамаев М.А. Рабство в Вавилонии VII-IV вв. до н.э. – М., 1974.
88. Кленгел-Брандт Е. Вавилонская башня: Легенда и история. М., 1991.
89. Крамер С.Н. История начинается в Шумере. – М., 1992.
90. Садаев Д.Ч. История древней Ассирии. – М., 1979.

## Demirgazyk Derýaaralygy, Kiçi Aziýa, Finikiýa, Karfagen we Zakawkazýe

91. Аветисян Г.М. Государство Митанни (Военно-политическая история XVII-XIII вв. до н.э.). – Ереван, 1984.
92. Вильхельм Г. Древний город хурриты: Очерки истории и культуры. – М., 1992.
93. Герни О.Р. Хетты. – М., 1987.
94. Гиоргадзе Г.Г. Вопросы общественного строя хеттов. – Тбилиси, 1991.
95. Довгяло Г.И. К возникновению царской власти и хеттов. Минск, 1965.
96. Сиркин Ю.Ш. Возникновение Карфагенской державу. – М.-Л., 1963.
97. Шифман И.Ш. Финикийские мореходы. – М., 1965.
98. Шифман И.Ш. Возникновение Карфагенской державу. – М.-Л., 1963.

## Eýran we Merkezi Aziýa

99. Алиев И. История Мидии. – Баку, 1960.
100. Гафуров Б.Г. Кушанская эпоха и мировая цивилизация. – М., 1968.
101. Дандамаев М.А. Иран при первых Ахеменидах. – М., 1963.
102. Дандамаев М.А. Политическая история Ахеменидской державу. –М., 1985.
103. Дьяконов И.М. История Мидии с Древнейших времён до конца VI век до н.э. – М., 1956.
104. Зеймал Е.В. Амударьинский клад. – Д., 1979.
105. Из истории древних культов Средней Азии: Христианство. – Ташкент, 1994.
106. Кошеленко Г.А. Культура Парфии. – М., 1966.
107. Кошеленко Г.А. Родина парфян. – М., 1977.
108. Луконин В.Г. Древний и раннесредневековый

Иран:
Очерки истории культуры. – М., 1987.
109. Масон В.М. Средняя Азия и Древний Восток. – М.-Л., 1966.
110. Масон В.М. Поселение Джейтун: Проблемы становления производящей экономики. – Д., 1971.
111. Масон В.М. Алтын-депе. – Л., 1981.
112. Новиков С.В. Юго-западный Иран античное время. – М., 1989.
113. Хинс В. Государство Элам. – М., 1979.
114. Пичикян И.Р. Культура Бактрии: Ахеменидский и эллинистический периоды. – М., 1991.
115. Pugаченкова Г.А. Искусство Бактрии эпохи Кушан. – М., 1979.
116. Сарианиди В.И. Древние земледельцы Афганистана. – М., 1977.
117. Сарианиди В.И. Маргуш: древосточное царство в старой дельте реки Мургаб. – Ашгабад, 2002.
118. Сарианиди В.И. Гонурдепе: город царей и богов.- Ашгабад, 2005.
119. Толстов С.П. Древний Хорезм. – М., 1948.
120. Толстов С.П. По древним дельтам Окса и Яскарта. – М., 1962.
121. Фрай Р. Наследие Ирана. – М., 1971.
122. Граков Б.Н. Скифы. – М., 1971.
120. Грантовский Е.А. Ранняя история племён Средней Азии. – М., 1970.
123. Погребова М.Н., Раевский Д.С. Ранние скифы и Древний Восток. – М., 1992.

## Hindistan

124. Бонгард-Левин Г.М. Индия в эпоху Маурьев. – М., 1972.
125. Культура Древней Индии. – М., 1975.
126. Бонгард-Левин Г.М., Ильин Г.Ф. Индия в древности. – М., 1985.
127. Бонгард-Левин Г.М. Древнеиндийская цивилизация. 2-ое изд. – М.,1993.
128. Тюляев С.И. Искусство Индии: III тысячелетие до н.э. VII в. н.э. – М., 1988.
129. Эрман В.Г. Очерк истории ведийской литературы. – М., 1980.

## Hytaý

130. Васильев Л.С. Аграрные отношения и община в Древнем Китае (XI-VII вв. до н.э.). – М., 1961.
131. Васильев Л.С. Проблемы генезиса китайской цивилизации. – М., 1983.
132. Кроль Ю.Л. Сыма Цян – историк. – М., 1970.
133. Кучера С. Древнейшая и древняя история Китая: Древнекаменный век. – М., 1996.
134. Малявин В.В. Гибель древней империи. – М., 1983.
135. Переломов Л.Н. Империя Цинь – первое централизованное государство в Китае (221-202 гг. до н.э.). – М., 1962.
136. Переломов Л.С. Конфуцианство и легизм в политической истории Китая. – М., 1981.
137. Переломов Л.С. Конфуций: жизнь, учение, судьба. – М., 1993.
138. Синицын Е.П. Бан Гу – историк Древнего Китая. – М., 1975.

139. Смолин Г.Л. Источниковедение древней истории Китая. – Л., 1987.

## MAZMUNY

# Gadymy Gündogaryň taryhy barada düşünje

## GIRIŞ

1. Gadymy dünýä taryhy ählumumy taryhynyň
bir bölegidir.................................................................3-11
2. Gadymy Gündogaryň taryhy
çeşmeleri we taryhnamasy...............................................11-18

## I BŐLÜM. GADYMY MÜSÜR

§1. Gadymy Müsüriň taryhyna giriş……………...................19-30
§2. Müsür b. e. öň IV müňýyllygyň ahyrynda we III
müňýyllykda. Merkezleşen döwletiň döremegi……..…...30-39
§3. Müsür Orta patyşalyk döwründe (b.e. öň XXIII-XXI
asyr)...................................................................................39-46
§4. Müsür Taze patyşalyk döwründe (b.e. öň XVI-XI as.).46-52
§5. Dini özgertmeleriň ýüze çykmagynyň sebäpleri.
Amenhotep IV (Ehnaton)……………………………….52-56
§6. Müsür Täze we Giçki patyşalyk döwründe……............56-62
§7. Gadymy Müsüriň medeniýeti…………………………62-74

I Bölümiň netijesi we taryny seneleri…................74-75

## II BÖLÜM. GADYMY ALYNKY AZIÝA

§8. Gadymy Derýaaralygyň taryhyna giriş……………......76-87
§9. Derýaaralygy b. e. öň III müňýyllykda. Ilkinji
siwilizasiýanyň ýüze çykmagy. Şumer we Akkad…....... 87-96
§10. Derýaaralygy b. e. öň II müňýyllykda
Wawilonyň ýokary galmagy………..……….........96-104
§11. Assiriýa Gadymy we Orta Assiriýa döwründe.…104-108

§12. Uly Assiriýa (harby) döwleti b. e. öň I müňýyllygyň
1-nji ýarymynda……………………........………......108-116

§13. Derýaaralygy Täze Wawilon şalygy döwründe............116-123
§14. Derýaaralygynyň gadymy halklarynyň medeniýeti123-130
§15. Kiçi Aziýa gadymy döwürde……………………..…130-141
§16. Siriýa, Finikiýa, Palestina gadymy döwürde...…...141-151
§17. Palestina b. e. öň I müňýyllykda………………...151-155
§18. Ortaýer deňziniň Gündogar ýerleri üçin Assiriýa, Wawilon we Pars döwletleriniň alyp baran uruşlary…..155-161
§19. Karfagen b. e. öň IX-III asyrlarda. Finikiýa kolonýalaryndan uly Karfagen döwletine çenli.............161-166
§20. Wan patyşalygy (Urartu)………………………........166-176

II Bölümiň netijesi we taryhy seneleri..…..........176-178

# III BÖLÜM. GADYMY ORTA WE MERKEZI AZIÝA DŐWLETLERI

§21. Iň dagymy taýpalar. Altyndepe
we Marguş siwilizasiýalary....…..................................180-195
§22. Eýran we Orta Aziýa b. e. öň
II-I müňýyllygyň sepgidinde…...................................195-200
§23. Gadymy Elam……………………………....….200-206
§24. B. e. öň VIII-VI asyrlarda Midiýa paryşalygy…....206-211
§25. B. e. öň VI-IV asyrlarda parslaryň Ahmeni döwleti.
Kir II we Dariý I……………………………......212-224
§26. Uly Pars döwleti b. e. öň V-IV asyrlarda.
Grek-Pars uruşlary……….……………………………224-230
§27.B. e. öň VI-IV asyrlarda Pars imperiýasynda
Ykdysady özgerişler we durmyşy gatnaşyklar………...230-237
§28. Pars imperiýasynyň ýykylmagy.
Grek-Baktriýa we Kuşan patyşalyklary…………237-249
§29. Parfiýa patyşalygy………………………………..249-257

III Böümiň netijesi we taryhy seneleri………..257-260

## IV BŐLŰM GADYMY HINDISTAN

§30. Hindistanyň tebigy gografiki ýagdaýy we ilaty.
Çeşmeleri we taryhnamasy……………………...261-265
§31. Hindi siwilizasiýasy (b. e. öň
XXIII-XVIII asyrlar)…………………………….....265-270
§32. B. e. öň V-III asyrlarda sosial-ykdysady ösüşler.
Bütewi Hindi döwletiniň döremegi……………..270-278
§33. B. e. on II asyrdan b. e. V asyryna çenli Günorta
Aziýanyň jemgyýetçilik we syýasy gurluşy…….278-285
§34. Gadymy Hindileriň dini
ynançlary we medeniýeti…..…………………….285-294

IV Bölümiň netijesi we taryhy seneleri…...294-296

## V Bölüm
## Gadymy Hytaý

§35. Gadymy Hytaýyň tebigaty we ilaty. Senenamasy we Gadymy Hytaýyň taryhynyň döwürleri. Çeşmeleri we taryhnamasy...........................................................296-301
§36. Hytaýda gadymy döwletleriň emele gelmegi.
Şan-In we Çžou…………………................... .....301-307
§37. Gadymy Hytaý b. e. öň VIII-III asyrlarda..………...307-314
§38. Hytaýda ilkinji merkezleşdirilen döwletiň
döremegi. Sin imperiýasy (b. e. öň 221-207 ýý.)....314-319
§39. Han imperiýasy b. e. öň III - b. e. I asyrlarynda….319-327
§40. Gadymy Hytaý b. e. I--III asyrlarynda ……….......327-334
§41. Gadymy Hytaý medeniýeti……………..……….......334-339
V bölümiň netijesi we taryhy seneleri.....................339-341
Edebiýat...............................................................342-347